**B. Basarow**

# PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 378 + 616. 89
B 29

**Basarow B.**

B 29 **Pedagogik psihologiýa.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Okuw kitaby çaga paýhasynyň dürli ýaş kesimlerindäki esasy psihologik aýratynlyklarynyň häsiýetnamasyna hem-de ösýän şahsyýete bilim we terbiýe bermegi bu aýratynlyklara laýyklykda guramagyň usulyýetine we usullaryna bagyşlanýar. Kitap psihologik ösüşiň çaga ýaşynyň çagalyk, ýetginjeklik, jahyllyk we kämillik döwürlerindäki kanunalaýyklyklaryny we kada-normatiwlerini, esasy ýaş meselelerini, ösüşiň çaklanylýan krizisini – çökgünligini we ondan çykmagyň usullaryny, terbiýe prosesiniň strategiýalaryny bilmegiň häzirki zaman hünärmenleriň giň toparyna – psihologlara, pedagoglara, lukmanlara, sosial işgärlere, medeniýet işgärlerine we ş. m. zerurlygy nazarlanylyp taýýarlanyldy.

Okuw kitaby Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri bilen bir hatarda, ýörite orta we hünärmen mekdeplerinde okatmagyň we terbiýäniň nazaryýeti hem-de amalyýeti bilen bagly dersleriň okadylyşyna üstýetirijilikli ulanylmaga niýetlenilýär. Şeýle-de ata-eneler, psihologiýanyň we pedagogikanyň meseleleri bilen ähli gyzyklanýanlar kitapdan özlerini gyzyklandyrýan sowallaryň çözgüdine degişli gözükdirmeleri alyp bilerler.

TDKP № 310, 2017 KBK 88.4 ýa 73

© Basarow B., 2017



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow okgunly ösýän jemgyýetiň talaplarynyň işjeň hötdesinden gelýän, dünýä ülňülerine laýyk hünärmenleri taýýarlaýan ylym we bilim merkezleriniň bitewi ulgamyny esaslandyrmak boýunça öňde durýan wezipeleri amala aşyrmak, saýlan hünärine wepaly, maksadaokgunly mugallymlary taýýarlamak maksady bilen täze ýokary okuw mekdeplerini açmak, olary täze okuw maksatnamalary, okuw kitaplary, gollanmalary bilen üpjün etmek barada irginsiz alada edýär. Ol özüniň çykyslarynda, ýazan işlerinde, gol çekýän resminamalarynda okuw-terbiýeçilik işini kämilleşdirmek, ylym-bilim ulgamyny dunýä derejesine ýetirmek meselelerine aýratyn üns berýär. Ýurt Baştutanynyň adalatly belleýşi ýaly, «Türkmenistanda bilim ulgamy – munuň özi ýöne bir ykdysadyýetiň möhüm pudagy bolmak bilen çäklenmeýär. Bu – biziň çagalarymyzdyr, biziň ýaşlarymyzdyr, biziň mugallymlarymyzdyr. Dürli nesilleriň we ykballaryň iňňän çylşyrymly baglanyşygydyr»[*].

Häzirki döwürde Milli Liderimiziň tagallalary bilen ylmy derňewleriň ösüşine giň ýol açylyp, ony hemmetaraplaýyn ýaýbaňlandyrmak döwletiň ösüşiniň esasy ýörelgesine öwrülýär. Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Eşretli hem bagtyýar durmuşyň gözbaşy ylmyň we bilimiň kämilleşmegi bilen aýrylmaz baglydyr. Türkmenistanyň milli ylym we bilim ulgamy dünýäniň ylym we bilim ulgamy bilen sazlaşykly ösýän, asyrlaryň dowamynda ata-babalarymyzyň paýhasyna ýugrulan aň-düşünje, ruhy-ahlak, dünýägaraýyş, pelsepe gymmatlyklaryny özünde jemleýän ýörelgä eýedir»[**]

Ähli döwürlerde bolşy ýaly, türkmen jemgyýetiniň bagtyýarlyk eýýamynda hem ösýän şahsyýeti hemmetaraplaýyn kemala getirmek üçin olara hünär boýunça berilýän her bir bilimiň çuňňur esaslandyrylan psihologik we pedagogik binýady bolmalydyr. Bu talap her bir

---

[*] *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A., 2014, 12 s.

[**] Şol ýerde.

ýaş menzilinde paýhasy dürli hil özgermelerine eýe bolýan ösýän şahsyýetiň okuw-terbiýeçilik işini guramakda has-da aýgytlaýjydyr. Çaga – bu kiçeldilen uly adam däl-de, diňe özüne mahsus isleg-matlaby, duýgy we höwesi hem-de dünýäni kabul edişi, dünýägaraýşy bolan gurluşdyr. Başlangyç synpyň ahyryndaky çaga mundan üç-dört ýyl ozalky her 10-12 minutdan sapaga dyngy berilmese düşünmäge kynçylyk çekýän çagadan tapawutlydyr. Bir, ýarym ýyl mundan ozal ulularyň tabşyrygyny asuda kabul edýän başlangyç synply çagadan tapawutlylykda, özüni uly adam saýmaklyk duýgusy möwç urýan ýetginjegiň-de diňe öz ýaş döwrüne laýyk özüni alyp barşy bardyr. Başga bir tarapdan, dürli synplarda ýüze çykýan psihologik özboluşlyklaryň şol bir wagtda edil şonuň ýaly anatomik-biologik, neýrofiziologik özboluşlyklar bilen utgaşýandygy nazarlanylsa, meseläniň näderejede çylşyrymlaşýandygyny göz öňüne getirmek kyn däldir. Şeýle özboluşlylyklar ösýän şahsyýetiň okuw-terbiýeçilik işiniň guralyşynda ulgamlaýyn nazarlanylanda bu tutumda bellibir netijeleriň gazanylmagyna ygtybarly şert döreýär. Hut şonuň üçin-de çaganyň psihiki ösüşiniň ýaş aýratynlyklarynyň umumy kanunalaýyklaryny bilmeklik mekdepde işlejek her bir talybyň hünär taýýarlygynyň hökmany düzüjisine öwrülýär.

# I BAP
# ÝAŞ AÝRATYNLYGY WE PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝANYŇ TARYHYNDAN

## I. 1. Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň predmeti

Psihologiýa ylmynyň şahasy hökmünde ýaş aýratynlygy psihologiýasy adamyň psihikasynyň dürli ýaş kesimlerindäki dinamikasyny, psihiki hadysalaryň ontogenezini we ösýän şahsyýetiň psihologik sypatlaryny öwrenýär. Çagalaryň psihologiýasy, kiçi mekdep ýaşlylaryň psihologiýasy, ýetginjekleriň psihologiýasy, irki jahyllygyň psihologiýasy, uly adamlaryň psihologiýasy, gerantopsihologiýa ýaş aýratynlygy psihologiýasynyň bölümleridir. Ýaş psihologiýasy psihiki hadysalaryň ýaş aýratynlyklaryny, bilimi özleşdirmegiň ýaş mümkinçiliklerini, şahsyýetiň ösüşiniň aýgytlaýjy faktorlaryny we ş. m. seljerýär. Psihologiýanyň bu şahasy pedagogik psihologiýa bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Pedagogik psihologiýa dersiniň maksady okatmagyň we terbiýäniň psihologik kanunalaýyklyklaryny öwrenmekden ybaratdyr. Psihologiýanyň bu ugry okatmak prosesini dolandyrmagyň psihologik meselelerini öwrenýär, akyl ýetiriş hadysalarynyň kemala gelşini derňeýär, akyl ösüşiniň ähtibar kriterilerini – şertlerini esaslandyrýar we okatmak prosesinde netijeli akyl ösüşini gazanmagyň şertlerini kesgitleýär, mugallym bilen okaýanlaryň, şeýle-de okaýan şahsyýetleriň özara gatnaşyklary meselesine seredýär. Bular bilen bir hatarda, pedagogik psihologiýa okaýanlara şahsy çemeleşmek bilen baglanyşykly meseleleri öwrenýär.

Ýaş aýratynlygy bilen pedagogik psihologiýanyň birligi olaryň öwrenýän obýektiniň umumylygy bilen baglydyr. Şeýle obýekt – *çaga, ýetginjek, jahyl* bolup, olar ýaş ösüşiniň dinamikasynda öwrenilende ýaş aýratynlyk psihologiýasynyň obýektini düzýän bolsa, haçanda olar mugallymyň maksada gönükdirilen täsirinde okaýan we terbiýelenýän jähtden seredilende, pedagogik psihologiýanyň obýekti bolýar. Ýaş aýratynlygy psihologiýasynda, ýokarda bellenilişi ýaly, *mekdebe çenli, kiçi mekdep ýaşlylaryň, ýetginjekleriň we jahyllygyň*

*psihologiýasy* seljerilýär. *Okatmagyň psihologiýasy, terbiýäniň psihologiýasy, mugallymyň psihologiýasy* bolsa pedagogik psihologiýanyň bölümlerini düzýär. Okatmagyň we ösüşiň meselelerine bagyşlanan bölüm ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýa deň derejede degişlidir. Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýa bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr: bir tarapdan, çaga okadylyşyň we terbiýäniň prosesinde seredilip, şol bir wagtda okatmak w terbiýe bu prosesiň obýekti bolan çagadan üzňelikde seljerilip bilinmeýär.

**Ýaş aýratynlygy psihologiýasynyň kemala gelşiniň gysga taryhyndan.** Psihologiýanyň özbaşdak ylym hökmünde ýüze çykmagy bilen, ylmyň ýörite ugry görnüşinde bolmasa-da, ýaş aýratynlygy psihologiýanyň aýry-aýry meseleleri psihologlaryň nazary derňewleriniň mazmunynda öz beýanyny tapýar. Bu derňewler, esasan, psihiki ösüşiň hereketlendiriji güýji hökmünde nesil faktorlarynyň ýa-da gurşaw faktorlarynyň ähmiýetini ileri tutmak bilen bagly – biogenetik we sosiogenetik ugurlaryň usulyýet ugrukmasynyň çäginde galýardy. Daşary ýurt psihologiýasynda ýaş aýratynlygy psihologiýasynyň meseleleri A.Binäniň, S.Holluň, E.Meýmanyň, W.Preýeriň, M.Montessoriniň, D.Selliniň, E.Klaparediň, W.Şterniň, A.Gezelliň, has soňky döwürlerde bolsa E.Eriksonyň we beýlekileriň işlerinde seredilýär. Watan psihologiýasynda şeýle meseleler N.N.Blonskiniň, D.B.Elkoniniň, L.I.Božowiçiň, P.Ý.Galperiniň, W.W.Dawydowyň, A.W.Zapoložesiň, L.W.Zankowyň, G.S.Kostýugyň, L.N.Landanyň, A.N.Leontýewiň, N.A.Mençinskaýanyň, N.F.Talyzinanyň, L.S.Wygotskiniň we beýlekileriň işlerinde nazary-eksperimental we amaly jähtden seljerilýär.

Kitabyň degişli bölümlerinde aýry-aýry daşary ýurtly psihologlaryň ýaş aýratynlygy psihologýasyna degişli işlerine seredilýänligi üçin, biz bu ýerde watan psihologiýasynda bu ugruň esaslandyrylmagyna önjeýli goşandy bilen taryha giren A. S. Makarenkonyň we L. S. Wygotskiniň işlerinde gysgaça durup geçýäris. A. Makarenkonyň ylmy nazaryýetinde şahsyýetiň ösüşiniň psihologiýasy köp taraplaýyn derňelýär (şahsyýetiň we kollektiwiň özara gatnaşygy, şahsyýetiň ösüşiniň perspektiw (geljegi nazarlaýan) ugurlary, şahsyýetiň motiwasiýa ulgamynyň kemala getirilişi, gylygyň kemala gelşi we beýlekiler). Makarenko kollektiwe ýokary guramaçylykly

şahsyýetleriň maksada gönükdirilen toplumy hökmünde seredýär. Ol bu barada: «Guramaçylygyň bar ýerinde kollektiwiň organlary bar, ol ýerde wekilçilikli adamlaryň guramasy, kollektiwiň ynam bildirenleri bar, ýoldaşyň ýoldaşa gatnaşygy dostluk, söýgi, goňşuçylyk meselesi däl-de, jogapkärçilikli özara tabynlygyň meselesidir»[*] diýip belleýär. Makarenkonyň meseläni şeýle goýşy şahsyýetiň kollektiwdäki ornuny özgerdip, oňa düýpli kemala getiriji täsir etmäge mümkinçilik beripdir. Ünsi çekýän zat, şeýle ýagdaýda terbiýelenýän çaga özüniň terbiýe obýekti bolup durýandygyny bilmeýär (parallel täsir etmek düzgüni).

Makarenko şahsyýetiň sypatlaryny öwrenmäge uly ähmiýet beripdir. Onuň üçin terbiýe prosesiniň maksady her bir aýratyn adam üçin taslamada esaslandyrylýan şahsyýetiň sypatlary, gylygyň aýratynlyklary we olaryň ösüş ugurlarydyr. Pedagogyň umumy topluma birleşdirýän sypatlarynyň sanawy («adamyň kollektiwde özüni duýşy, onuň kollektiwleýin baglanyşyklarynyň we reaksiýalarynyň häsiýeti, onuň tertipliligi, herekete we özüni togtatmaga taýýarlygy, salyhatlylyga (takta) we oriýentirlenmäge ukyplylygy, prinsipiallyk-özdiýenlilik we geljege emosional ymtylmasy»[**]) kämil adamyň düýpli sypatlarynyň çuňňur psihologik seljermesini häsiýetlendirýär.

Makarenko şahsyýetiň motiwasiýa ulgamyny, onuň jemgyýet ähmiýetli sypatlarynyň kemala getirilişiniň mehanizmlerini çuňňur seljerýär. Bu derňewde islegleriň kemala getirilişine we ösüşine aýgytlaýjy orun berilýär. Awtoryň belleýşine görä: «... terbiýe işiniň çuňňur manysy adamyň isleglerini seçmek we terbiýelemek, olary şahsyýeti mundan beýläk kämilleşmäge göreşmäge ugrukdyrýan ahlak belentligine götermekden ybaratdyr»[***]. Makarenkonyň işlerinde adamyň şahsyýetiniň ösüşiniň hereketlendiriji güýçlerini öwrenmegiň giň we ulgamlaýyn maksatnamasy esaslandyrylyp, onda aýgytlaýjy orun ahlak sypatlaryny terbiýelemeklige degişli edilýär.

Makarenkonyň işlerinde watan psihologiýasynda ilkinji gezek diýen ýaly adamyň şahsyýetini onuň zähmet işinde kemala getiriliş tutumynda seljermegiň mümkinçiligi esaslandyrylýar. Şeýle seljermäniň gymmatly tarapy şahsyýetiň psihologik derňewinde barlag geçirýäniň

---

[*] *Макаренко А.С.* Соч., т. V. – М., 1958, с. 210.

[**] *МакаренкоА.С.* Görkezilen iş, c. 106.

[***] *Макаренко А.С.* Книга для родителей. – Соч., т. IV. – М., 1951, с. 39.

işjeň däl, diňe synlaýjy orundan işjeň orna süýşýänligidir. Awtoryň ynanjyna görä: «Terbiýelenýän şahsyýete akyl ýetirmek ony biparh öwrenmek prosesinde däl-de, diňe onuň bilen guralýan bilelikdäki işde we oňa işjeň kömek bermekde gazanylmalydyr. Terbiýeçi terbiýelenýäne öwrenilişiň däl-de, terbiýäniň obýekti hökmünde seretmelidir»*.

**L.S.Wygotskiniň ýokary psihiki funksiýalaryň ösüş taglymaty.** Awtor bu taglymaty XX asyryň 20-30-njy ýyllarynda esaslandyrýar.

Wygotskiý filosofiýanyň klassyklarynyň adamyň önümçilik prosesinde guralyň kömegi bilen tebigy güýçleri özgertmek bilen, hut özüniň-de özgerýändigi ideýasyndan ugur alyp, gural ulanmagyň adamda beýleki janly gurluşlardan tapawutlylykda täze özüňi alyp baryş nusgasyny döredýändigi pikirini öňe sürýär. (Ýeri gelende bellesek, awtoryň bu ideýasy soňky döwürlerde ýüze çykan semiotika – belgiler hakyndaky ylmyň esasy çeşmesine öwrülýär). Bu tapawut adamyň işiniň aralaşdyrylan häsiýeti bilen baglanyşyklydyr. Aralaşdyrylma adamyň edil öz daşky işinde *gural* ulanyşy ýaly, öz içki psihiki işinde *belgileri* (söz, san we ş. m.) ulanmagy mynasybetli mümkin bolýar. Guralyň belgi bilen *meňzeşligi* olaryň aralaşdyrylan işi amala aşyrmaga mümkinçilik berýänligindedir. Gural bilen belginiň *tapawudy* olaryň gönükdirilmesiniň aýry-başgalygyndadyr. Gural daşa gönükdirilen bolup, ol obýektde özgertme döretmeli, adamyň daşky işiniň serişdesi hökmünde tebigaty özleşdirmäge, ony adamyň islegine tabyn etmäge niýetlenendir. Belgi *içe* gönükdirilendir: obýektde hiç hili özgertme döretmezden ol adamyň özüni alyp barşyna täsir edýär. Tebigaty özleşdirmek bilen özüňi alyp barşa eýelik etmek özara baglydyr, adamyň tebigaty özgertmesi onuň hut öz tebigatyny özgerdýär. Belgileri ulanmak (kömekçi serişdeleri), ýagny aralaşdyrylan işe geçmeklik, adamyň tutuş psihiki işini özgerdýär (edil gural ulanmagyň tebigy işi özgerdişi ýaly) we psihiki işjeňligiň mümkinçiligini çäksiz güýçlendirýär we giňeldýär.

Adamyň ösüşi şeýle serişdeleri (gurallary hem-de belgileri) özleşdirmek, ele almak prosesinde amala aşýar. Hut şonuň üçin-de *okatmak çaganyň ýaşaýyş-durmuşyny guramagyň ähli ulgamynda merkezi orun eýeläp, onuň psihiki ösüşini kesgitleýär.* Diýmek, psihikanyň

* *Макаренко А.С.* Методика организации воспитательного процесса. Соч., т. V, с. 91.

ösüşi bizi geçen nesilleriň tejribesi bilen tanyşdyrýan belgi serişdeleriniň özleşdirilýän sosial gurşawyndan we okatmakdan üzňelikde seredilip bilinmeýär. Medeni ösüşiň umumy genetiki kanunyny Wygotskiý şeýle kesgitleýär: «... çaganyň medeni ösüşinde islendik psihiki funksiýa ssenada iki gezek, iki jähetde peýda bolýar, ilki sosial, soňra psihologik jähetde, ilki *interpsihiki* (psihika ara) kategoriýa hökmünde adamlaryň arasynda, soňra *intrapsihiki* (psihika içi) kategoriýa hökmünde çaganyň içki dünýäsinde döreýär»[*] «Her bir ýokary psihiki funksiýa deslapda sosial funksiýa bolýandygy üçin ol öz ösüşinde hökmany ýagdaýda daşky tapgyryň üstünden geçýär»[**].

Awtor öz pikirini çaganyň sözleýşiniň ösüşinde möhüm rol oýnaýan we ýokary özüňi alyp barşyň ähli görnüşleriniň köp derejede gadymy esasy bolan görkeziji yşarat hereketiniň gelip çykyşynyň mysalynda aýdyňlaşdyrýar. Ilkibaşda görkeziji yşarat predmete gönükdirilen şowsuz garbamak hereketidir (el predmete uzap, ýöne oňa ýetmän howada saklanyp galýar). Golaýdaky uly adam bu yşaraty çaganyň özüni gyzyklandyrýan zady görkezmegi manyda aňlaýar. Şeýlelikde, bu gymyldy-hereket şowsuz garbamak hereketi bolmagyndan beýlekiler üçin görkeziji yşarata öwrülýär, olar bolsa oňa görkeziji manyny berýär. Yşarat *belgä*, garbamak bolsa *görkezijä* öwrülýär. Diňe şundan soňra çaga öz hereketine görkeziji hökmünde seredip başlaýar. Beýlekiler üçin yşarat (belgi) özüň üçin yşarata (belgä) öwrülýär. Şeýlelikde, çaga öz yşarat hereketini has soň aňlaýar. Onuň çaga üçin manysy ilki obýektiw ýagdaý, soňra bolsa ony gurşaýan adamlar arkaly döredilýär. Hut şeýle kanunalaýyklygy Wygotskiý çaganyň sözleýşiniň kemala gelşinde yzarlaýar. Söz zatlara gatnaşygy aňladýar (birinji dereje). Söz bilen zadyň arasyndaky bu obýektiw baglanyşygy ulular funksional jähtden çaga bilen aragatnaşyk guramagyň serişdesi hökmünde ulanýar (ikinji dereje). Söz çaganyň özi üçin hem aňlanylan bolýar (üçünji dereje). Şu ýagdaýda söz ilki başgalara täsir etmek serişdesi bolmagyndan öz hususy özüňi alyp barşy dolandyrmagyň serişdesine öwrülýär.

Şeýlelikde, genetiki jähtden ähli psihiki funksiýalaryň esasynda adamlaryň sosial gatnaşyklary durýar. Wygotskiý ýokary psihiki

---

[*] *Выготский Л. С.* Собр. соч. т. 3. – М., 1983, с. 197-198.

[**] Şol ýerde, 197 s.

funksiýalaryň ilki adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar görnüşinde döreýändigini, diňe şondan soňra şahsyýetiň psihiki funksiýalary hökmünde ýüze çykýandygyny görkezýär. Meselem, göräýmäge, pikir ýöretme, delillendirme, subutnama genetiki jähtden çekişmäniň (pikirleriň çaknyşmagyndan döredilýän) öňünden gelýän ýaly bolsa-da, Wygotskiniň düşündirişinde çekişme pikir ýöretmäni döredýär. *Şahsyýetiň kemala geliş prosesi – şahsyýetiň şu durkunyň özüniň beýlekilere teklip edýän durkunyň üsti bilen kemala gelmegidir.*

Daşky belgiler özüňi alyp barşyň ösüşiniň serişdesi hökmünde çaganyň zehin ulgamynyň ösüşinde şikes bolan ýagdaýynda ony anyklamakda hem möhüm serişde bolup hyzmat edýär. Akyl ösüşi şikesli çagalar, eger-de belgileri ulanyp bilýän bolsa, şikesiň öwezini dolmak mümkinçiligi saklanýar we ösüşe umyt bolýar. Tersine, belgileri ulanmaklyk togtan ýa-da kemala getirilmedik bolsa, bu ýagdaýda akyl ösüşi haýallaýar ýa-da togtaýar.

## I. 2. Häzirki zaman ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň gysga häsiýetnamasy*

**Okatmagyň we terbiýaniň esasy psihologik taglymatlary.** Watan psihologiýasynda ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýa paýhas ylmynyň iň bir ulgamlaýyn işlenen ugrudyr. B.G.Ananýew, L.I.Božowiç, W.W.Dawydow, T.W.Dragunowa, D.B.Elkonin, W.S Muhina, N.I.Nepomnýaşaýa, D.I.Feldşteýn, A.I.Şerbakowa we beýlekiler ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýany özleriniň binýady işleri bilen baýlaşdyran alymlardyr.

Şahsyýetiň öz işiniň üsti bilen hem-de belgilerden duryan bilim-düşünjeleri özleşdirmek arkaly adamzadyň maddy we ruhy medeniýetiniň predmetlerinde ornaşdyrylan tejribesini işjeň häsiýetde özleşdirýändigi nazaryýeti watan psihologiýasynyň möhüm taglymatlarynyň esasynda durýar.

Psihiki ösüşiň sosial tejribäni özleşdirmek we ony döretmek prosesinde amala aşyrylýandygy ideýasy diňe bir okatmagyň psihologiýasy däl, eýsem terbiýäniň psihologiýasy üçin-de aýgytlaýjydyr. Ýaş ösdürimiň şahsyýetiniň kemala gelşi bir tarapdan, terbiýe täsiri

*Bellesek, daşary ýurt psihologiýasynda psihologiýanyň bu şahalary ylmyň bitewi däl-de, aýry-başga ugurlaryny düzýär.

bilen onuň içki dünýäsini, şahsy ornuny maksadalaýyk özgertmek, ikinji tarapdan, onuň hususy iş-gatnaşyk bitirmeleriniň esasynda amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda terbiýelenýäniň öz hususy işjeňligi, ugurtapyjylygy boýunça amal edýän tutumy deslapky aňlanylan maksat goýmanyň esasynda ýa-da ilki işjeň hereket, soňra onuň hertaraplaýyn aňlanylmagy häsiýetde (ýokardaky görkeziji yşarat hereketinde bolşy ýaly) bolup biler.

Şahsyýetiň pozisiýasy – eýeleýän orny işiň motiwleriniň toplumy bolup, ondaky adamyň terbiýäniň täsirinde kemala gelýän islegleri, onuň ideallary (matlaby), bahalandyryşy we öz-özüni bahalandyryşy ýüze çykmak bilen, olar şahsyýeti dürli daşky täsirlerden garaşsyz, özbaşdak iş-gatnaşyga ukyply edýär.

Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň watan psihologiýasynda esaslandyrylan nazaryýetleriniň biri *akyl hereketleriniň tapgyrlaýyn kemala getiriliş* taglymatydyr. Ol XX asyryň 50-nji ýyllarynda P.Ý.Galperiniň işlerinde kemala gelýär.

Bilim-düşünjeleri *hereketleriň bellibir ulgamyny ýerine ýetirmek netijesinde almaklyk* akyl hereketlerini tapgyrlaýyn kemala getirmek taglymatynyň esasy ideýasyny düzýär. Adam pikirlenme işini tebigatdan taýýar görnüşde almaýar, ol pikir ýöretmäni öwrenýär, pikirlenme operasiýalaryny özleşdirýär. Bu tutumy başarjaň dolandyrmak, pikirlenme işiniň diňe netijelerine däl, eýsem onuň kemala getirilişiniň gidişine gözegçilik etmek mugallymyň esasy wezipesidir.

P.Ý.Galperin, N.F.Talyzyna we olaryň kärdeşleri aňyň we işiň birligi düzgünine esaslanyp, bilim özleşdirmeklige bellibir hereketleri ýerine ýetirmegiň we özleşdirmegiň netijesinde amala aşýan proses – hadysa hökmünde seredýärler. Bu nukdaýnazardan, psihiki işiň başlangyç görnüşi daşky dünýäniň obýektlerini özgerdýän maddy, daşky, real işdir. Içki, psihiki, pikirlenme işiniň täze tärleri diňe daşky, maddy iş tapgyryny (real predmetler bilen işlemeklik) ýa-da maddylaşdyrylan iş tapgyryny (modeller bilen işlemeklik) geçmek arkaly özleşdirilýär. Taýajyklarda sanamaklyk işiň maddy görnüşiniň mysalydyr. Hereketiň real predmetlerde ýa-da shemalarda, çyzgylarda amala aşyrylmagy okuwçylara (we mugallyma) hereketiň düzümine girýän her bir operasiýa takyk gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Indiki sesli sözleýiş tapgyrydyr: okuwçy operasiýanyň gidişini sesli sözleýişde düşündirýär.

Hereket daşky görnüşden içki hereket görnüşe geçýär. Ahyrky tapgyrda hereket içki jähetde amala aşyrylýar: bu pikirlenmede bilim-düşünjeler bilen işlemekdir. Mugallym özleşdirilişiň her bir tapgyryna gözeçilik edýär we düşünmezlige, ýalňyşma duşanda okuwçyny hereketiň we düşünjeleriň kemala getirilişiniň has irki tapgyrlaryna dolamagy we degişli ýumşuň özleşdirilmegini gazanyp bilýär.

Özleşdirmäniň gidişi we hili *akyl ýetiriş işiniň oriýentirleniş bölegi* arkaly kesgitlenilýär. Akyl ýetiriş işiniň oriýentirleniji bölegi bu okuwçynyň hereketi ýerine ýetirende ugrukma alýan obýektiw şertleriniň toplumydyr. Akyl hereketleriniň tapgyrlaýyn kemala getirilişi taglymatynyň nukdaýnazaryndan, meselem, jemleme pikirlenme işiniň möhüm tarapy hökmünde diňe işiň oriýentirleýiş esasyna girýän häsiýetler boýunça kemala gelýär. Diňe şeýle häsiýetler ýeke-täk ähmiýetli bolup, galanlary hatda okuwçynyň iş salşan ähli obýektlerine mahsus bolsa-da, hasaba alynmaýar.

Watan psihologiýasynda N.A.Mençinskaýa, G. S. Kostýuk we beýlekileriň işlerinde okuwçylaryň materialy özleşdirmeginiň olaryň akyl ýetiriş işiniň gurluşyna bagly bolýandygy ýüze çykarylýar. Onuň gurluşy bolsa öz gezeginde okatmagyň usuly arkaly kesgitlenilýär. Başgaça aýdanyňda, okuwçylaryň bilimi özleşdirmeginiň we pikirlenmesiniň ösüşiniň okatmagyň häsiýetine, onuň mazmunyna we usullaryna baglylygy açylyp görkezilýär. Haçanda, okuwçylar mugallymyň ýolbaşçylygynda özleşdirilýän düşünjeleriň häsiýetlerini we ýumuşlaryň täze görnüşleriniň çözüliş usullaryny özbaşdak agtaranlarynda, okadylyşda has ýokary netijelelik ýüze çykýar. Okatmak prosesinde interiorizasiýadan (akyl prosesleriniň psihikanyň içindäki ornundan) eksteriorizasiýa (akyl prosesleriniň içki orundan daşky ýüze çykyşa geçirilmegi) geçmäge, akyl işiniň jemleýji häsiýetli tärlerini döretmäge şertler döredilende, bilim-düşünje özleşdirmek ýokary netijelilikde bolýar (bu bilim-düşünjeler aýdyň-hereket ýumuşlarynyň çözülişinde ulanylanda ýüze çykýar).

Eýsem pikirlenme okuwçylaryň okadylyş prosesinde eger-de akyl ýumuşlaryny özbaşdak çözmek, problema situasiýasyndan (ýagdaýyndan) özbaşdak baş alyp çykmak başarnygy nazarlanylanda, kemala gelýärmi? D.B.Elkonin we W.W.Dawydow öz barlaglarynda meseläni şeýle goýdular. Awtorlar öz esaslandyrýan çaklamasynda okaýanyň özbaşdak pikirlenip bilmezliginiň sebäbini akyl işine döre-

dijiliksiz usulyň girizilýändigi bilen baglanyşdyrýarlar: kiçi mekdep ýaşlylaryň jemlemäniň formal-logiki tärleri bilen ýaraglandyrylýandygy seýrek bolmaýar. Başlangyç mekdep köp ýyllaryň dowamynda jemlemäni takyklykdan, bölekleýinlikden formal umumylyga, meňzeşlige geçmek usulynda amal etmeklige eýerip geldi. Netijede, çagada abstrakt – sowa pikirlenme döremedi ýa-da bu ukybyň kemala gelşi okatmagyň mekdep usullary mynasybetli däl-de, tötänleýin boldy. Okatmagy düýpgöter başga usulda gurap, başga netijeleri almak mümkin. Takyk düşünjeleri diňe bölekleýinlikden umumylyga geçmek ýörelgesinde däl, eýesem umumylykdan bölekleýinlige geçmek ugrukmasynda hem kemala getirip bolýar.

Bu pikir ýöretmeden ugur alnyp, okuw derslerini okuwçylarda abstraksiýany özleşdirmek we mundan beýläk takyk hadysalar seljerilende ylmy düşünjelere daýanmak başarnygy kemala geler ýaly görnüşde guramaklyga synanyşyk edildi. Başgaça aýdanyňda, çagalara pikir hereketini umumylykdan bölekleýinlige gönükdirmegi öwretmek usulyýeti saýlanylyp, onuň üçin matematika we ene dili boýunça bu düzgüni şöhlelendirýän ýörite okuw maksatnamalary işlenilip düzüldi.

Mälim bolşy ýaly, adatça kiçi mekdep ýaşlylar ilki sanlaryň natural hatarlary bilen tanyşdyrylýardy. Bu hatar umumy matematiki obýekt bolan ululyk hadysasynyň aýratyn görnüşidir. Bilermen-psihologlar şeýle çaklamany öňe sürdüler: çaga ilki umumy häsiýetde bolan «ululyk» düşünjesi bilen tanyşdyrylyp, soňra onuň ýüze çykyşynyň bölekleýin ýagdaýlaryna geçilse bolmazmy? Şeýle düşünjäni kemala getirmek üçin öwrenilýän obýektlerde içki mazmuny açyp, ony daşa çykarmaly, predmetiň içki häsiýetlerini haýsydyr bir modelde berkidip, predmetiň mukdar parametrlerini görkezmeli; meselem, okuwçylar bilen predmetiň uzynlygynyň, agramynyň nämedigini anyklamaly, predmetleriň deňliginiň nämedigine göz ýetirmeli, hullasy, ululyklaryň arasyndaky özara gatnaşygy görkezmeli. Şeýlelikde, «san» düşünjesi girizilmezden ozal, çagalar pedmetleriň arasyndaky gatnaşyklar bilen tanyşýarlar, real predmetler bilen iş salyşýarlar, olarda ululygyň parametrlerini (agram, göwrüm, uzynlyk, meýdan we ş. m.) ýüze çykarýarlar; olar öwrenilýän bu bitirmeleri aýry-aýry parametrleri boýunça deňeşdirip, deňlik ýa-da deňdällik gatnaşygy ($a = b; a > b$) ýazmak arkaly amal edýärler. Harp simwolikasyny ulanmak predmetlerden sowlup, ululyklary akyl jähtden seretmäge

mümkinçilik berýär. Şeýlelikde, kiçi mekdep ýaşlylar entek natural sanlaryň hatary bilen tanyşmankalar matematika degişli bolan öwrülmek, öwrülmezlek, tranzitiwlik, monotonlyk (birsydyrgynlyk) we ş. m. hadysalaryny özleşdirip, bu bolsa deňlemelere geçmäge mümkinçilik berýär (I synpyň birinji ýarym ýyllygynda)*

Barlaglar ululyk düşünjesiniň esasy häsiýetlerini şöhlelendirýän harp simwolikasynyň, formulalaryň birinji synplylara entek sanlar bilen tanyşmankalar elýeterdigini görkezdi. Okadylyşyň şeýle guralyşynda çagalarda abstrakt (sowa) pikirlenmäni, akyl ukyplaryny kemala getirmäge, soňky okuw materiallaryny (ilkinji nobatda sanlar hataryny) aňly-düşünjeli özleşdirmäge adatdakydan has ir taýýarlyk döreýär, bilesigelijilik ýokarlanýar.

Çagalary ene dilinden okatmaklyk hem hut şeýle nusgada amala aşyrylýar. Okuwçylara sözüň formasy we manysynyň arasyndaky funksional baglanyşyk açylyp görkezilýär; çagalar lingwistik seljermede umumylykdan takyklyga geçmek görnüşinde hereket edip, diliň asyl manysyna göz ýetirýärler we şonuň üçin soň-soňlar grammatikany we stilistikany ýeňil hem-de ygtybar özleşdirýärler.

**Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň derňew usullary.** Psihologiýa ylmynyň şahasy bolmak bilen ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýa psihologik maglumatlary almagyň esasy iki usulyny – syn etme we tejribe-eksperimenti özünde jemleýär.

Başga bir tarapdan, psihologik-pedagogik derňewiň özboluşlylygy bu görkezilen usullaryň ulanylyşynda aýratyn özgertmeleri döredýär. Meselem, syn etme usuly ýaş aýratynlygy psihologiýasynda çaganyň psihiki ösüşine şaýatlyk edýän hadysalary gündelik ýazgylar görnüşinde belläp almak häsiýetine eýe bolýar. Köp bölegi çap edilen «eneleriň gündelikleri» munuň adaty mysallarydyr. Belli fransuz psihology A.Wallon şeýle ýazýar: «Ylmyň dürli ugurlarynda tejribe-eksperiment ýönekeý syn etmäni gysyp çykarýan bolsa, psihologiýanyň abyrsyz bölümlerinde syn etmäniň orny aýgytlaýjy bolup galýar ... Çagalar psihologiýasy, irki çagalygyň psihologiýasy ýeke-täk diýen ýaly syn etmä esaslanýar»**.

Soňky ýyllarda ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýada psihologik eksperimentiň roly düýpli ýokarlanýar. Psihologik-pedagogik

---

* Bu barlag maglumatlary öňki ýedi ýaşly birinji synplylara degişlilikde esaslandyrylandyr.

** *Валлон А.* Психическое развитие ребёнка. – М., 1967, с. 24.

derňewde laboratoriýa eksperimentiniň ulanylyşynyň ýygylygy çagany öwrenmekde ähmiýeti taýsyz bolan tebigy eksperimentden pesdir.

Okuw-terbiýeçilik işiniň gidişinde amala aşyrylýan tebigy eksperiment okuwçylaryň akyl ýetiriş işini, kemala gelýän şahsyýetiň aýratynlyklaryny we şahsyýetara gatnaşyklaryny sosial guramaçylykly we tebigy ýerlere golaý, maksatnamalaýyn özgerdilýän şertlerde öwrenmäge mümkinçilik berýär. Watan pedagogik psihologiýasy üçin tebigy eksperimentiň aýratyn görnüşi bolan kemala getiriji (öwrediji) eksperiment örän möhümdir. Bu ýerde synag edilýänleriň psihiki işiniň özgermesi derňew alyp barýanyň (mugallymyň ornunda çykyş edýän) synalýana (okuwça) işjeň täsiri netijesinde yzarlanylýar. Ýeri gelende bellenilse, abstrakt (sowa) düşünjeleriň kiçi mekdep ýaş döwründe özleşdirilip bilinýändigine şaýatlyk edýän ähli maglumatlar köpsanly öwrediji eksperimentleriň netijesinde alnandyr.

Psihologik-pedagogik maglumatlary almagyň aýratyn bir täri ekizler usuly atlandyrylýar. Onda syn etme we eksperimentiň şertlerinde bir öýjügiň ikä bölünmeginden dörän ekizleriň (gomozigot) psihiki ösüşi deňeşdirilýär. Şeýle derňewde ekizleriň nesil binýadynyň meňzeşliginden ugur alnyp, gurşaw faktorlarynyň we terbiýe täsirleriniň olarda döredýän özboluşlyklary ýüze çykarylýar.

Çaganyň psihiki ösüşini öwrenmegi keseleýin kesim usulynda hem amala aşyrmak mümkin. Derňew alyp barýan bu usulda psihikanyň kemala getirilişiniň häzirki pursadynyň aýratynlyklary barada maglumat almaga çalyşýar. Birnäçe gezek gaýtalanýan şeýle kesimler köp sanly synag edilýänler barada maglumat alamaga mümkinçilik berýär. Kähalatlarda şol bir synag edilýän uzak wagtyň dowamynda (käwagtlar birnäçe ýylyň dowamynda) psihologlar tarapyndan öwrenilip, onuň psihikasynda döreýän düýpli özgermeler yzygider bellenilip alynýar. Şeýle derňew uzynlaýyn (longitýud) derňew atlandyrylýar.

Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýa syn etmäniň we eksperimentiň hem-de olaryň özgerdilen görnüşlerini (söhbet, işiň önümlerini seljermek, testler we ş. m.) öz içine alýan takyk derňew usullarynyň örän köp görnüşlerini ulanýar. Takyk psihologik usullarynyň baýlygy we dürlüligi häzirki zaman ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýasynyň öňünde duryan çylşyrymly nazary we amaly ähmiýetli meselelerini çözmegi üpjün edýär.

# II BAP
# PSIHIKI ÖSÜŞ WE OKATMAK

## II. 1. Psihiki ösüşiň şertleri

**Ösüş – çaganyň jemgyýetçilik-taryhy tejribäni özleşdirmegi hökmünde.** Adamyň we haýwanlaryň psihikasy hemişe ösüş ýagdaýynda bolýar. Ýöne ösüşiň häsiýeti we mazmuny haýwanat dünýäsinde we adamda hil jähtden tapawutlydyr. Adamyň we haýwanlaryň psihiki funksiýalary gelip çykyşy we gurluşy jähtden düýpgöter aýry-başgadyr. Haýwanlaryň psihikasynyň ösüşiniň esasy mehanizmi nesil üsti döreýän biologik berkidilen tejribäni geçirmekdir. Onuň esasynda haýwanlaryň daşky gurşawa indiwidual uýgunlaşmasy amala aşyrylýar. Adamyň psihiki funksiýalarynyň özboluşlylygy olaryň çaganyň jemgyýetçilik-taryhy tejribäni özleşdirmegi prosesinde ösýänligidir. Çaga adamzat dünýäsinde dogulýar we ýaşaýar, ol ilkibaşdan adamyň döreden we ulanýan predmetleriniň, ynsan gatnaşyklarynyň arasynda. Bu zatdyr gatnaşyklarda jemgyýetçilik amalyýetiniň tejribesi berkidilen. Çaganyň ösüşi bu tejribäni özleşdirmek prosesidir. Bu proses hemişe ulular tarapyndan gözegçilikde, ýagny okadylyşda (sözüň giň manysynda) amala aşyrylýar.

Adamyň psihiki işi özüniň ýokary görnüşlerinde aralaşdyrylan häsiýetde bolýar. Adamlar eýýäm gadymyýetde zähmet işinde, okatmakda we ş. m. aýratyn predmetleri, şertli şekillendirmeleri, belgileri bellibir maglumatlary haýsydyr bir zada ornaşdyrmak we biri-birlerine hem-de nesillere geçirmek üçin ulanypdyrlar. Belgiler we sözleýiş adamlaryň işini we okatmak prosesini aralaşdyrýar. Şunuň bilen baglylykda, bu serişdeleriň döreýşi we ösüşi, şol sanda medeniýetiň ösüşi, ilkinji nobatda, psihikanyň taryhy ösüşini häsiýetlendirýär. Bu serişdeleri özleşdirmek, edinmek bolsa indiwidual ösüşi kesgitleýär. Çaga adamzat taryhynda gazanylan tejribäni özleşdirýär. Pikirlenme, ýat, çaganyň kabul edişi, esasan, sözleýşiň, işiň bellibir usullarynyň, bilim-düşünjeleriň özleşdirilmegi mynasybetli dörändir.

Adamzadyň taryhynda diňe işi amala aşyrmagyň usullary däl, eýsem bu serişdeleri, jemgyýetçilik tejribäni indiki nesillere geçirmegiň aýratyn ýoly ösüpdir we çylşyrymlaşypdyr. Bu özboluşly ýol

okatmakdyr. Ol jemgyýetçilik tejribäni geçirmegiň gönükdirilen we guramaçylykly täridir. Şeýlelikde, okatmak çaganyň psihiki ösüşi prosesinde aýgytlaýjy rol oýnaýar.

**Psihikanyň ösüşiniň biologik şertleri.** Bellenilişi ýaly, adamyň psihiki ösüşiniň esasy aýratynlyklaryny biologik kanunlar, neslegeçijilik bilen düşündirmeklik nazary jähtden nädogry bolup, ol amalyýetde uly kynçylyklara getirýär: mugallym bu ýagdaýda ilkibaşdan işjeň däl – passiw orna süýşürilýär. Ylmy ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýa adamyň psihiki ösüşiniň kanunlarynyň sosial esasda dörändigi, ösüş prosesiniň çaganyň ýaşaýyş şertleri we terbiýe arkaly kesgitlenýändigi garaýşyndan ugur alýar.

Eýsem bu ýagdaýda çaganyň psihiki ösüşinde biologik şertleriň, neslegeçijiligiň, neýrofiziologik aýratynlyklaryň roly nämeden ybarat?

Adamyň psihiki işi örän çylşyrymly gurluşdyr. Onuň aýratynlyklary, ilkinji nobatda, çaganyň ýaşaýyş-durmuşy we terbiýesi arkaly döredilendir. Söz – logiki ýat, düşünjeli pikirlenme, predmetleýin kabul ediş we beýleki ýokary, diňe ynsana mahsus psihiki funksiýalar nesil-biologik gurluşda berkidilmeýär we nesil üsti geçirilmeýär. Bu bolsa olary taryhy ösüşiň gidişinde özgertmäge we kämilleşdirmäge mümkinçilik döredýär.

Adamyň psihiki işiniň ýaşaýyş-durmuşyň gidişinde kemala gelýän (pikirlenme, sözleýiş) we has ýönekeý tebigy funksiýalaryny (meselem, nerw işiniň oýanma we tormozlanma-togtadylma prosesleriniň aýratynlyklary we özara utgaşmasy) tapawutlandyrmak mümkin. Psihiki iş özüniň köp sanly beýleki düzüjileri bilen bir hatarda bu ýönekeý funksiýalary-da özünde jemleýär. Meselem, adamyň saz ukyplarynyň we sesiň belentligini seljerýän eşidişiniň, matematiki pikirlenmesiniň we giňişligi analiz we sintezlemek funksiýasynyň arasynda baglanyşygyň bardygy mälimdir. Üşükler (zadatkalar) atlandyrylýan ýönekeý tebigy gurluşlar adamyň has çylşyrymly, daşky şertleriň täsirinde kemala gelýän funksiýalarynyň düzümine girýär.

Kähalatlarda, ýönekeý funksiýalaryň kemter ösen ýa-da bozulan ýagdaýlarynda, soňkular özüniň binýadynda döreýän çylşyrymly psihiki işiň mazmunyny we hereketlenişini kesgitläp başlaýar. Meselem, kelle beýniniň gabygynyň ýeňse-gapdal zolagynyň şikeslenmegi ha-

saplamak başarnygynyň bozulmagyna (akalkuliýa) getirýär. Kadaly ösüş şertlerinde bellibir üşükler psihiki işiň ösüşiniň diňe bir şerti bolmagynda galyp, olar ösüşi gös-göni kesgitlemeýär. Hatda, ýönekeý funksiýalaryň hut özleriniň ýörite guralan täsirleriň netijesinde ösýändigi subut edilendir. Meselem, psihologlar sesiň belentligini seljerýän eşidişi kemala getirmegiň ýoluny tapdylar. Beýni bozulmalary bolan nähoşlaryň ýokary psihiki işini (sözleýşi, pikirlenme proseslerini) kompensator (öwezdolunma) – dikeldiji işiň netijesinde özgertmek boýunça toplanan baý tejribe çylşyrymly psihiki iş bilen ýönekeý funksiýalaryň arasynda çeýe, aralaşdyrylan gatnaşygyň bardygyna şaýatlyk edýär (A. R. Luriýa we onuň şägirtleri).

Beýniniň nesil üsti geçýän hereketleniş aýratynlyklarynyň biri ýokary nerw ulgamynyň tipi hasaplanylýar. Ol nerw prosesleriniň güýjüni, çeýeligini we deňagramlylygyny häsiýetlendirýär. Ýöne ösüşiň psihologik we fiziologik aýratynlyklarynyň özara gatnaşygynyň bu görnüşi-de çaganyň şahsyýetiniň gurluşynyň we onuň ösüş prosesiniň has çylşyrymly ulgamyna goşulýar we köp derejede şonuň bilen hem kesgitlenýär. Meselem, nerw prosesleriniň ýokary çeýeligi bir şertlerde bölekleýin häsiýetde pikir ýöretmäniň, işiň tärini özgertmegiň esasyny düzýän bolsa, başga bir şertlerde çaganyň ünsüniň çalt sowulmagyna, ýüzugralygyna ýardam edip bilýär. Ýeri gelende bellesek, psihologlar soňky ýyllarda altruizm, emosional durnuklylyk, ekstrawersiýa ýaly sypatlaryň nesil üsti geçýändigi dogrusynda ynandyryjy subutnamalary getirýärler (B. Basarow, 2015).

Diýmek, fiziologik, ýönekeý, nesil üsti geçýän funksiýalar psihiki ösüşiň käbir taraplaryna täsir edýär. Ýöne olaryň ähmiýeti aýgytlaýjy däldir. Ösüş prosesiniň mazmuny we mehanizmleri köp sanly şertleriň toplumy arkaly kesgitlenýär. Okatmak we terbiýe olaryň arasynda iň aýgytlaýjysydyr.

## II. 2. Okatmak we terbiýe prosesinde çagalaryň psihiki ösüşiniň esasy ugurlary

Adamyň psihiki ösüşiniň sosial-jemgyýetçilik esasda döreýändigine düşünmeklik ösüş prosesini bilim-düşünjeleriň we endikleriň ýönekeý toplanmagyna syrykdyrylýandygyny aňlatmaýar. Adamyň

psihiki ösüşiniň sosial tebigatyny nazarlamak, bu tutumyň çylşyrymlylygyna we köptaraplaýynlygyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Ösüş diňe şeýle nazarlanyşda beden kemallanmasy ýa-da aýry-aýry funksiýalaryň möçber ulalmasy görnüşinde däl-de, adamyň bitewi ösüşi, ýagny onuň şahsyýetiniň ösüşi görnüşinde ýüze çykýar.

**Okatmagyň mazmuny we psihiki ösüş.** Okatmak prosesinde çagalaryň ösüşiniň esasy we kesgitleýji tarapy bilim-düşünjeleriň we işiň tärleriniň çylşyrymlaşmagydyr. Okatmagyň mazmunyny, ýagny çagalara geçirilýän bilim-düşünjeleri we işiň usullaryny özgertmek arkaly çaganyň ösüşini düýpli özgertmek bolýandygy ýörite derňewlerde subut edilendir.

Köp sanly derňewlerde (L.A.Wenger, P.Ý.Galperin, D.B.Elkonin, W.W.Dawydow) okatmagyň mazmunyna ýörite serişdeleri (sensor (duýma) ösüşde formalaryň, reňkleriň etalonlary, matematika öwredilende ölçegler, dürli modeller we shemalar) girizmeklik intellektual-zehin ösüşiň öňler absolýut we üýtgewsiz hasaplanýan tapgyrlarynyň düýpgöter üýtgemegine getirýändigi dogrusynda maglumatlar alyndy. Meselem, şweýsar psihology Ž. Piaže öz geçiren derňewleriniň esasynda ýaşy ýedi-sekizden aşak bolan çagalara san bilen işlemeklik elýeter däl diýen netijä gelýär. Piažäniň ýüze çykaran «mukdaryň saklanmazlygy» hadysasy çagalaryň bu aýratynlygynyň ekspimental subutnamasy hasaplanylýardy. Eksperimentde iki sany birmeňzeş çüýşe gaba deň möçberde suw guýulýar. Soňra çaganyň gözüniň öňünde bir gapdaky suw beýleki has inçe we uzyn gaba guýulýar. Suwuň beýiklik derejesinden ugur alýan çaga suwuň köpelendigini aýdýar. Soňky derňewler, eger-de ölçeg hereketi öwredilse, bu hadysanyň, hatda bäş ýaşly çagalarda ýeňlip geçilýändigini görkezdi.

Piaže logiki operasiýalar diňe 11-12 ýaşa golaý ösýän hasaplan bolsa, eger-de ýerine ýetirmegiň ýörite serişdeleri girizilse, olaryň eýýäm mekdebe çenli ýaşly çagalara elýeter bolýandygy anyklanyldy. Meselem, haçanda alty-ýedi ýaşly çagalara predmetleri bellibir alamaty boýunça birleşdirmek üçin nusga-etalon ulanmak öwredilende, bu ýagdaý çagalarda görnüşlere bölmek-klassifikasiýa operasiýasynyň mehanizmlerini we tapgyrlaryny düýpli özgertdi. Derňewleriň görkezişine görä, kiçi mekdep ýaşly, kähalatlarda bolsa mekdebe çenli ýaşly çagalar predmetleriň okuw dersleriniň hususy

ylmy mazmunyny özleşdirmäge ukyply bolýarlar. Ylmy düşünjeleri özleşdirmek çagalarda pikirlenmäniň ösüşini düýpli özgerdýär.

Şeýlelikde, okatmakda çagalar bellibir ýumuşlary we olaryň çözüliş usullaryny özleşdirýärler. Ýumuşlaryň has giň toplumyny çözmek mümkinçiligi usulyň jemlenme derejesine bagly bolup, dürli jemlenme derejesi bolan usullar bolsa özüniň gurluşy, strukturasy boýunça tapawutlanýar. Meselem, I synpda köp sanly çagalar arifmetik ýumuşlary aýdyň hereketlere ugrugyp işleýärler we ondan gös-göni arifmetik herekete geçýärler. Meselem, «Okuwçy dostuna üç galam berdi, özünde bolsa bäş galam galdy. Onda näçe galam bolupdyr?» mazmundaky ýumşy çözmekde çagalar aýyrmak hereketini ulanýar (sebäbi hut şu hereket olarda öwrendikli häsiýetde «berdi», «galdy» sözleri bilen baglanyşýar). Çagalar arifmetik hereketiň jemlenen manysyna düşünmeýärler. Düşünmezligiň sebäbi arifmetik ýumuşlaryň jemlenen usulynyň çylşyrymly gurluşynyň bardygy bilen düşündirilýär; bu gurluş «deňlik-deň dällik», «bölek-bitewülik» gatnaşyklary we arifmetik hereketi özünde jemleýär. Jemlenen usul öwredilen çagalar göni we ters ýumuşlary ýeňil çözýärler. Umumy usul özleşdirilende zähmet we hünärmen okuwlarynda hem has ýokary netijeleriň gazanylýandygy anyklanyldy.

Şeýlelikde, okatmagyň mazmuny, çagalaryň özleşdirýän iş usullarynyň we bilim-düşünjeleriniň aýratynlyklary, okatmakda bellibir yzygiderlilik, çagalaryň ösüşiniň esasy taraplarynyň birini häsiýetlendirýär.

**Usullary we bilim-düşünjeleri ulanmagyň psihologik mehanizmleriniň ösüşi.** Şol bir usullar işiň umumy tipini kesgitläp, olar çagalar tarapyndan dürli netijelilikde ulanylyp bilinýär. Netijelilik takyk işi ýerine ýetirmegiň esasyny düzýän psihologik mehanizmleriň aýratynlyklaryna baglydyr. Psihologik derňewleriň görkezişine görä, bu mehanizmler aýry-aýry okuw derslerine özboluşly bolan operasiýalara we gatnaşyklara syrykdyrylmaýar, olar jemleýji häsiýetde bolýar. D.N.Bogoýawlenskiý, Ý.N.Kabanowa-Meller, N.A.Mençinskaýa we beýleki psihologlar akyl işiniň jemlenen tärleriniň (abstraksiýalaryň, deňeşdirmeleriň, analiziň, sinteziň) çagalaryň akyl ösüşiniň umumy prosesindäki ähmiýetini görkezdiler. Meselem, arifmetik ýumuşlar çözülende «bölek we bitewülik» gatnaşygyny ulanmak üçin çaga bu gatnaşyk baradaky umumy düşünjäni ýumşuň takyk şertleri bilen

baglanyşdyrmaly bolýar we bu şertlerde şu gatnaşyga laýyk gelýän elementleri (okuwçyda bar bolan galamlar bitewülik bolsa, onuň özünde galan we dostuna beren galamlary böleklerdir) ýüze çykarmaly bolýar. Göräýmäge, bu zatlar öz-özünden amala aşyrylýar we onuň esasynda hiç hili aýratyn hereketler ýok. Hakykatda, bu beýle däl. Çözüliş usuly ulanylanda häzirki usuly we özleşdirilen düşünjeleri bularyň ulanylýan takyk ýumşy bilen baglanyşdyrmaly. Okuwçylara şeýle utgaşdyrmanyň has ýokary görnüşlerini, meselem, takyk we abstrakt düşünjeleri baglanyşdyrmak başarnygyny öwretmeli.

Çözüliş usullaryny ulanmagyň we bilim-düşünjeleriň esasynda durýan psihologik mehanizmleriň ösüşiniň tipi we derejesi şol bir okuwçyda ol dürli işleri amal edende, hatda dürli okuw derslerinde birmeňzeş bolýar. Meselem, materialyň takyk mazmunyna ugrugyp, abstrakt umumylaşdyrylan gatnaşyklary ýüze çykarmakda kynçylyk çekýän çagalar bu kynçylygy matematikada, fizikada, taryhda we edebiýatda ýüze çykarýarlar. Edil şonuň ýaly-da, formalizme ýykgynlylyk, materialyň takyk aýratynlyklaryny ünssüz galdyryp, abstrakt shemalara ýüz urmaklyk hem çagalaryň işiniň dürli görnüşlerinde ýüze çykyp bilýär.

Görnüşi ýaly, usullary ulanmagyň we düşünjeleriň esasynda durýan jemleýji psihologik mehanizmler çagalaryň ösüşiniň möhüm tarapyny düzýär.

**Şahsyýetiň umumy sypatlarynyň ösüşi.** Ösüş prosesinde diňe bir bilim-düşünjeler we hereket usullary özgermän, psihiki ösüş çaganyň tutuş paýhas durkuny, ýagny onuň şahsyýetiniň umumy sypatlarynyň üýtgemegini we çylşyrymlaşmagyny öz içine alýar. Bu tutumda çaganyň psihiki işiniň dürli taraplary düýpli özgermelere sezewar bolýar, täze motiwler we höwes-gyzyklanmalar kemala gelýär. Bu özgermeleriň has umumy we aýgytlaýjy görnüşleri hökmünde: 1) çaganyň şahsy gönükdirilmesiniň umumy sypatlaryny, 2) onuň işiniň psihologik gurluşynyň aýratynlyklaryny we 3) aňyň mehanizmleriniň umumy derejesini görkezmek bolar.

**1. Şahsy gönükdirilmäniň ösüşi.** Düşnüklilik üçin bellesek, şahsyýetiň gönükdirilmesi motiwleriň, gatnaşyklaryň toplumyny öz içine alýar. Ösüş prosesinde çagalarda we ýetginjeklerde kemala gelýän motiwleriň köpdürlüliginde olaryň özüni alyp barşynyň esasy

aýratynlyklaryny kesgitleýän baş gönükdirilmesini ýüze çykarmak mümkindir. Çagalaryň bir toparynda okuw gönükdirilmesi aýgytlaýjy bolýar: olar üçin oňat okamak, mugallymyň talaplaryny berjaý etmek wajyp bolýar, olary okuw ýetişigi örän aladalandyrýar. Şeýle gönükdirilme kähalatlarda köp derejede formal häsiýetde bolýar. Beýleki çagalara akyl ýetiriş gönükdirilmesi häsiýetli bolýar. Olar ýumuşlary çözmegi, täze düşünjeleri özleşdirmegi halaýar. Ýöne okuwçylar ähli derslere höwesli ýapyşmaýarlar. Şeýle çagalar üçin alynýan baha däl-de, dersiň akyl ýetiriş ähmiýeti we edýän işleriniň gyzyklylygy wajyp bolýar. Köp sanly çagalar üçin töweregindäkiler bilen özara gatnaşyklar has ähmiýetli bolýar. Bu çagalaryň özüni alyp barşy kollektiwde, deň-duşlary, ulular bilen özara gatnaşyklarynda bellibir orun eýelemek boýunça kesgitlenýär. Kiçi mekdep ýaşlylar üçin kähalatlarda öňki, entek mekdebe çenli ýaş döwründäki öwrendikli özüni alyp barşy we gatnaşyklary ähmiýetli bolýar. Ýetginjeklik ýaşynda şahsy gönükdirilmäniň beýleki tipleri bilen bir hatarda özüňi ykrar etdirmek we öz şahsyýetiňi kemala getirmek hem-de geljekki işe gönükdirilme hem häsiýetlidir.

Esasy şahsy gönükdirilme çagalaryň psihiki ösüşiniň beýleki köp möhüm taraplaryny kesgitleýär. Meselem, akyl ýetiriş gönükdirilmesi bolan çagalar daşky barlygyň zatlary we hadysalary barada düşünjeler almaga ymtylýarlar, aňynda bilim-düşünjeleri almagyň usullaryny berkidýärler. Şol bir wagtda, bu okuwçylar hereketleri, endikleri höwessiz diýen ýaly özleşdirýärler, çagalar işde netijelilik gazanmaga hemişe aladalanmaýar (aýratyn-da, amaly ýumuşlar ýerine ýetirilende). Okuw gönükdirilmeli çagalar okuw ýumuşlaryny, aýry-aýry operasiýalary endigan amal edýän-de bolsa, olarda öwrendikli, şablon boýunça işlemäge ýykgynlyk döreýär, täze (entek özleşdirilmedik nusga boýunça) ýumuşlary çözmegiň umumy usulyny özbaşdak ýüze çykarmakda kynçylyk çekýärler. Beýleki adamlar bilen özara gatnaşygyň ähmiýetini ileri tutýan çagalar bu gönükdirilmäni dürli hili amala aşyryp bilýär. Meselem, çagalaryň bir topary synpda birinji okuwçy bolmaga ymtylsa, beýlekileri özüniň garagol, «garakeçeli», «synp wäşisi» we ş. m. orunlarda bolmaklygy doly kanagatlandyrýar.

Umumy gönükdirilme çagalaryň mekdep durmuşyny we olarda bilim-düşünjeleriň, özüňi alyp baryş usullarynyň kemala gelşiniň

aýratynlyklaryny kesgitleýär. Şonuň üçin şahsy gönükdirilmäni nazarlamaklyk netijeli okadylyşy (bilim-düşünjeleri we usullary özleşdirmegiň) we terbiýäni (şahsyýetiň ösüşiniň) amala aşyrmagyň ilkinji we zerur şertidir.

Gönükdirilme okuwçynyň şahsyýetiniň tipini müdimilik kesgitleýän durugyşan we üýtgewsiz sypat däldir. Ýaş ösdügiçe okuwçylaryň şahsyýetiniň tipi özgerip bilýär. Meselem, kiçi mekdep ýaşlylarda kem-kemden okuw işiniň ähmiýeti ýokarlanýar, IV synpa golaý bolsa gurşawdakylar bilen gatnaşyklaryň ahmiýeti artýar.

**2. Işiň psihologik gurluşynyň ösüşi.** Islendik iş birnäçe elementleri özünde jemleýär. Olaryň ählisi işiň gurluşyny häsiýetlendirýär. Işiň psihologik gurluşynda adatça *motiw* – şu işiň nämäniň bähbidine amal edilýändigi, *maksat* – iş ýerine ýetirilende nämäniň alynjakdygy dogrusyndaky düşünje, göz öňüne getirme, şu önümi almak üçin zerur operasiýalar we usullar, *obýekt* – özgerdilmesi zerur netijä getirýän material ýaly düzüjiler ýüze çykarylýar. Meselem, okuwçylar çagalar bagynyň körpelerine sowgat üçin arça oýnawaçlaryny ýasaýarlar. Bu işiň motiwi dürli çagalar üçin dürli hili bolup biler. Olaryň bir bölegi ony körpeleri şatlandyrmak üçin, belekileri ulularyň talabyny berjaý etmek üçin, üçünji bir topara bolsa oýnawaçlary ýasamagyň prosesi lezzet berýär. Maksat – arça üçin oýnawaçlar ýasamak. Obýekt – oýnawaçlaryň ýasalýan materialy. Operasiýalar – zerur önümi almak üçin ýerine ýetirilmeli takyk hereketler (kagyzy kesmek, surat bilen bezemek, ýelmemek we ş. m.). Bu işde çagalar özlerini dürli hili alyp barýarlar. Olaryň bir bölegi haýsy oýnawaçlary ýasajakdygyny kesgitläp (maksat), oňa laýyklykda material saýlaýarlar, ähli zerur operasiýalary ýerine ýetirip, niýetlenen önümi alýarlar. Beýlekiler maksady unudýar we maşyn ýa-da öý ýasap başlaýarlar. Çagalaryň bir bölegi şu pursatda elindäki ýa-da öň iş salşan materialyna ugrukýar. Meselem, I synp okuwçysy kagyzdan piljagaz ýasamak kararyna gelýär, ýöne stoluň üstünde pamyk ýatansoň ondan şarjagazlary tokgalap ugraýarlar. «Näme edýäň?» diýen sowala «Bilemok, näme başartsa» diýip, jogap berýär. Iki şardan ol gar adamyny ýasaýar, soňra galamlara gözi düşüp, onuň goltugyna taýak gysdyrýar, galamlardan ýoljagaz, sanka (typýan arabany) döredip: «Çagalar gar adamyny ýasap, gar arabasynda typýarlar» diýýär. Bu ýerde diňe bir işiň takyk maksady

(piljagaz ýasamak) däl, eýsem onuň has umumy maksady (arça üçin oýnawaçlar ýasamak) hem ýitirilýär.

Maksadyň motiw bilen baglanyşygy işde aýgytlaýjydyr. Işiň maksada gönükdirilenligi çaganyň ösüşinde kem-kemden kemala gelýär. Meselem, üç ýaşly çagalar entek öz hereketlerini öňünden nazarlanylan maksada laýyklykda gurap bilmeýär, olar maksady çalt ýitirýärler. Bäş–ýedi ýaşly çagalarda bolsa hereket köp derejede öňündäki material, iş-hereketiň geçýän ýagdaýynyň aýratynlygy boýunça kesgitlenýär. Meselem, haçanda olar kubiklerden öý ýasanlarynda olaryň hereketi haýsy kubikleriň (forma, reňk) öňünde ýatanlygyna bagly bolup, seýrek ýagdaýda gurluşygyň öňden oýlanylan meýilnamasyna bagly bolýar. Çaganyň mekdebe çenli ýaşynyň ahyrynda onuň işinde geljekki önüm – netije barada düşünje – göz öňüne getirme aýgytlaýjy orna eýe bolýar. Ýöne bu ähli çagalarda bolmaýar. Mekdebe gelýän çagalaryň köpüsinde maksada gönükdirilenligiň, guramaçylygyň, özerkliligiň ösüş derejesi pes bolup, bu bolsa olaryň üstünlikli okamagyny kynlaşdyrýar.

Kiçi mekdep ýaşyň ahyrynda okuwçylaryň köpüsinde işiň maksady bilen motiwiniň arasynda baglanyşygy erkli häsiýetde döretmek başarnygy kemala gelýär. Işi ýerine ýetirmegiň umumy mazmuny üýtgände, çagalar takyk maksady özgerdýär, öz hereketlerini üýtgedip guraýar. Muňa şeýle eksperimentde göz ýetirmek mümkin. I – IV synp okuwçylaryna kubikleri we beýleki materialy ulanyp şäher gurmak tabşyrylýar. Umumy ýumuş özgerdilýär: bir ýagdaýda çagalar girdenekleriň we pilmahmytlaryň (äpet adamlaryň) ýaşajak şäherini gurmaly bolýar; beýleki gezekde olara şäheriň ýaşaýjylarynyň diňe gyzyl we gök reňkleri saýgarýandygy aýdylýar; üçünji gezek şäheri uçýan ýaşaýjylar üçin gurmaly bolýar. I we II synp okuwçylarynyň köpüsi ähli ýagdaýda gurluşygyň görnüşini we olary amala aşyrmagyň takyk usullaryny düýpli özgertmeýärler. III we aýratyn-da, IV synp okuwçylary dürli ýumuş ýagdaýlarynda maksady we öz hereketlerini özgerdýärler.

Ýaşyň ulalmagy bilen öz işiňi meýilleşdirmek we öz meýilnamaňy amala aşyrmak başarnygy ösýär. Bu aýratynlyklaryň ählisi okuw işinde ýüze çykýar. Çagalaryň bir bölegi okuw tabşyryklaryny ýerine ýetirenlerinde diňe ýumşuň elementlerine ugrugyp, olary özara baglanyşdyrmaýar; ýerine ýetiriş usullaryny özleriniň ýumşa tutuş

düşünişine, onuň beýleki okuw materialy bilen baglanyşygyna we ş. m. laýyklykda saýlaýar. Şeýlelikde, işiň psihologik gurluşynyň ösüş prosesinde çagalaryň umumy özüni alyp barşynyň aýratynlyklary (maksada gönükdirilenlik, guramaçylyk, özerklilik) ösýär hem-de hususy okuw işiniň gurluşy özgerýär.

**3. Aňyň mehanizmleriniň ösüşi.** Aňyň ösüş prosesinde çaganyň barlygy şöhlelendirmeginiň mazmuny, gurluşy we mehanizmleri özgerýär. Bu onuň pikirlenme işiniň özgermeginde hem ýüze çykýar. Meselem, mekdebe çenli ýaşly çaga, esasan, bitewi ýagdaýlary (situasiýalary) we zatlaryň daşky sypatlaryny şöhlelendirmek häsiýetli bolup, soňrak çagalar zatlaryň funksiýalaryny, soňra olaryň gurluşyny we ş. m. ýüze çykaryp başlaýarlar. Kem-kemden düşünjeler we düşünjeleriň ulgamy kemala gelýär.

Çaganyň pikirlenmesiniň ösüşiniň bu dürli derejeleri düşünjeleri deňeşdirmek ýumşy ýerine ýetirilende ýüze çykýar. Meselem, çagalar daş we ýumurtga näme bilen tapawutlanýar diýen sowala şeýle jogap berýärler: «Daş daşarda, şäherde bolýar, ýumurtga dükanda satylýar» (çaganyň takyk pursatlaýyn tejribesiniň esasynda deňeşdirme); «Ýumurtga ak, içi sary, daşy ak, çal reňkli bolýar» (daşky sypatlary ýüze çykarmak); «Ýumurtga towukdan alynýar, daşlaryň özi tebigatda döreýär» (gelip çykyş alamaty); «Ikisem zat – predmet, ýöne daş iýilmeýär, ýumurtga iýilýär» (urugy (rodowoý) we görnüşi (widowoý) düşünjeleri ulanmak). Şeýlelikde, şol bir obýektiw mazmuny çagalar dürli hili şöhlelendirýär. Olar bu mazmunyň dürli taraplaryny we sypatlaryny ýüze çykarýarlar. Diýmek, çaganyň aňynyň obýektiw mazmuny özgerýär.

Çaganyň aňynyň we pikirlenmesiniň ösüş derejesi näçe ýokary bolsa, olaryň ulanýan we özleşdirýän düşünjeleri özüniň alamatlarynyň baýlygy we çylşyrymlylygy bilen tapawutlanýar. Munuň sebäbi aňyň diňe zatlaryň daşky häsiýetlerini mehaniki şöhlelendirmän, onda gaýtadan işlenilmäniň amala aşyrylýandygy, çaganyň öň ýüze çykaran dürli mazmunlarynyň baglanyşdyrylýandygy bilen düşündirilýär. Şonuň üçin aňyň ösüşiniň möhüm görkezijileriniň biri – çaganyň dürli sypatlary bir bitewi zatda – predmetde baglanyşdyrmak, sintezlemek ukybydyr. Meselem, çagalara dörtden ýedä çenli sypatlar (çalt, ýaşyl, uzyn, gaty) sanalyp, bu sypatlaryň ählisini özün-

de jemleýän zatdyr predmetleri aýtmaklyk soralýar. Görlüp oturylsa, dürli çagalar (I – VII synplaryň okuwçylary) bu ýumşy dürli hili çözýärler. Olaryň bir bölegi ähli görkezilen sypatlary nazarlap bilýän bolsa (görkezilen sypatlara degişlilikde olar «otly», «ýylan» diýip jogap berýärler), beýlekileri sypatlaryň diňe bir bölegini göz öňünde tutýar («sogan», «ýaprak» ýaly jogaplary agzaýarlar). Käbir çagalar, hatda iki sypaty-da birleşdirip bilmän, diňe bir sypaty nazarda tutup jogap berýärler (öwrendikli assosiasiýatiw baglanyşyk boýunça «ýaşyl arça», «gaty daş», «uzyn ýüp» we ş. m.).

Ýaş ýokarlandygyça çagalaryň bir bitewülige birleşdirýän diňe sypatlarynyň sany däl, eýsem sintezlenýän sypatlaryň häsiýeti hem özgerýär. Uly mekdebe çenli ýaşlylar we I synpyň okuwçylary, esasan, aýdyň, takyk sypatlary baglanyşdyryp bilýärler. II – III synplarda abstrakt – sowa sypatlary sintezlemek mümkinçiligi ýokarlanýar. Diňe ösüşiň ýokary derejelerinde (onda-da dürli çagalarda birmeňzeş bolmadyk) abstrakt we takyk sypatlary sintezlemek ukyby döreýär. Derňewleriň görkezişine görä, abstrakt, nazary we takyk sypatlary seljermek we olary bir bitewi mazmuna baglanyşdyrmak başarnygy pikirlenme işiniň netijeliligi, döredijilik ýumuşlaryny özbaşdak çözmek mümkinçiligi bilen özara bagly bolýar.

Aňyň ösüşiniň möhüm kriterisi – şerti refleksiýanyň derejesidir. Refleksiýa bu adamyň birbada işläp, pikirlenip, şol bir wagtda hem özüniň nähili işleýändigini, pikirlenýändigini aňlamagydyr; refleksiýa mynasybetli çaga özüniň predmetler bilen hereketini bu hereketleri amal etmegine parallellikde aňlaýar we iň esasysy – ol özüni, öz «menini» aňlaýar. Öz «menini» aňlamaklyk çaganyň şahsyýetiniň dürli taraplarynyň ösüşini aralaşdyrýan esasy mehanizme öwrülýär.

Şeýlelikde, çaganyň ösüşiniň bitewi prosesinde üç esasy tarapy ýüze çykarmak mümkin: 1) okatmak prosesinde bilim-düşünjeleriň we işiň usullarynyň ösüşi; 2) özleşdirilen usullary ulanmagyň psihologik mehanizmleriniň ösüşi; 3) şahsyýetiň umumy sypatlarynyň ösüşi (gönükdirilmesiniň, işiň psihologik gurluşynyň, aňyň we pikirlenmäniň). Ösüşiň görkezilen ugurlarynyň her biriniň özüniň özboluşly aýratynlyklary bolup, hakykatda, bu ugurlar özara baglanyşykly we diňe olaryň ählisi bilelikde psihiki ösüş atlandyrylýan şahsyýetiň özgerýän prosesini döredýär.

## II. 3. Okatmak prosesinde çagalaryň ösüşiniň pedagogik şertleri we kanunalaýyklyklary

Psihologik hadysalaryň ösüşiniň we kemala gelşiniň umumy kanunalaýyklyklaryny we çaganyň ösüşiniň ýokarda ýüze çykarylan üç tarapynyň her birine häsiýetli bolan özboluşly aýratynlyklary tapawutlandyrmak mümkin.

**Şahsyýetiň işjeňligi psihiki ösüşiň şerti hökmünde.** Çagada täze psihologik gurluşlaryň döreýşiniň hökmany ýagdaýda çaganyň hut öz hususy işjeňligi bilen bagly bolýanlygy şeýle umumy kanunalaýyklyklaryň biridir. Okatmakda ol ýa-da beýleki täzelik, hatda daşdan gönükdirilýän-de bolsa (meselem, usul görnüşinde), hökmany ýagdaýda işiň mazmunyna girizilip, bu işi özgertmek bilen bagly bolmaly.

Şol bir materialy özleşdirmeklik dürli hili amala aşyrylyp, çaganyň ösüş derejesine baglylykda dürli pedagogik şertleri talap edýär. Çaga özleşdiriş prosesinde öz gönükdirilmesiniň, aňynyň we işiniň özüne mahsus aýratynlyklary bolan şahsyýet hökmünde öňe çykýar. Şahsyýetiň esasy taraplarynyň ösüşi özleşdiriş mehanizmleriniň özgerişini döredip, ol okatmagyň usullarynda öz şöhlelenmesini tapmalydyr. Meselem, çagalaryň häzirki ýaşyna häsiýetli bolan şahsyýetiň esasy gönükdirilmesiniň aýratynlyklary göz öňünde tutulmalydyr. Mälim bolşy ýaly, mekdebe çenli ýaşda köp sanly möhüm psihologik täzelikler oýun işiniň esasynda döreýär. Şonuň üçin sapaklar bu ýerde, köplenç, didaktiki oýun görnüşinde guralyp, onda çaga täze bilim-düşünjeleri we usullary özleşdirende onuň işjeňligi has ýokary derejede ýüze çykýar.

Kiçi mekdep ýaşynda täze mazmuny özleşdirmeklik okuw işiniň ähmiýetliligi hem-de akyl ýetiriş höwesleriniň ýokarlanmagy bilen ýakyndan bagly bolýar. Çaganyň okuw işini özünde okuwa gönükdirilmäni, özüňe gözegçilik etmek (öz bilim-düşünjäňi, öz başarnygyňy) we öz hususy gazanmalaryňy bahalandyrmak başarnygyny jemlär ýaly görnüşde guramak möhümdir. Okuw prosesinde çaga üçin täzelige akyl ýetirmek has ähmiýetli, gyzykly bolmalydyr. Soňa baka okuw işiniň özi has giň motiwler arkaly meýillendirilip başlanýar (meselem, jemgyýetçilik motiwleri, öz şahsyýetiňi kämilleşdirmäge gönükdirilme we ş. m.). Okuw işinde haçanda, çagalaryň şol bir ýaş

ýa-da indiwidual-tipologik toparyna häsiýetli gönükdirilme we motiwasiýanyň tipi nazarlanylanda, onuň has üstünlikli gidýändigini öňdebaryjy pedagogik tejribe bireýýäm subut etdi. Okuw işiniň okuwçy üçin şahsy ähmiýetliliginiň onuň netijeliliginiň baş şerti bolýandygyny N.F.Dobryniniň we onuň şägirtleriniň işleri görkezdi.

Psihiki hadysalaryň subýektiň işi esasynda kemala gelýändigi olaryň ösüşiniň umumy kanunalaýyklygydyr. Bu işiň ulularyň kömegi we ýolbaşçylygynda guralmagy möhümdir. Täzelik çaganyň işine gapdaldan girizilip, daşky iş görnüşinde guralýar. Daşky iş kem-kemden içki, psihiki işe öwrülýär (bu prosesiň tapgyrlary we olary dolandyrmagyň aýratynlyklary P.Ý.Galperin tarapyndan öwrenilendir). Ýöne bu tutumda bilim-düşünjeleriň (sözüň takyk we giň manysynda) okaýan şahsyýetiň hut özüniň, örän çäkli bolsa-da, öz ýanyndan maksat goýmak, onuň laýyklygyny işiň gidişinde barlamagy we yzygider düzetmeler girizmegi häsiýetde hem kemala getirilýändigi unudylmaly däldir. Bu prosesi, bellibir şertlilikde, çaganyň hususy içki psihiki işiniň daşky, synlanylýan işe öwrülmegi atlandyrmak bolar. Okuw işiniň hut şu içki tarapy, onuň takyklygy ýa-da nätakyklygy okadylyşda garaşylýanyndan has ýokary ýa-da pes depgininiň bolýandygyny köp derejede düşündirýär.

Diýmek, motiwasiýa ulgamynyň ösüşi, aňyň, pikirlenmäniň we işiň ösüşi täze psihologik gurluşlaryň, hadysalaryň kemala gelşini kesgitleýän we aralaşdyrýan esasy içki şertdir.

**Bilim-düşünjeleriň ösüşiniň, olary ulanmagyň mehanizmleriniň we şahsyýetiň umumy sypatlarynyň ösüşiniň pedagogik şertleri.** Okatmak prosesinde çagalaryň ösüşiniň umumy kanunalaýyklyklaryndan başga-da, çaganyň psihiki ösüşiniň dürli taraplary üçin özboluşly bolan takyk pedagogik şertleriň-de nazarlanylmalydygy subut edilendir. Okatmak prosesinde okuwçylar dürli derslerde bilim-düşünjeleri we hereketiň usullaryny özleşdirýärler. Okamakda çagalar tutuş adamzadyň we ylmyň geçen ýoluny gaýtalamaýar. Bilim-düşünjeler we hereketiň usullary çagalaryň öňünde täzeden açylmaýar, olar daşdan girizilýär we özleşdirilýär. Täze hereketler, täze usul okadylyşa hökmany ýagdaýda özboluşly ýumuş bilen baglanyşyklykda girizilýär we olar şu ýumşy çözmegiň serişdesi bolýar. Çagalar täze ýumşuň öňki ýerine ýetirilenden aýratynlyklaryna we

täze hereketiň ýumşuň çözüliş serişdesi hökmündäki aýratynlyklaryna düşünmelidirler. Diňe şeýle ýagdaýda täze hereketleriň özleşdirilişi, aýratyn-da, belgili operasiýalaryň özleşdirilişi aňlanylan, manysyna ýetilen bolýar.

Täze mazmuny okadylyşa girizmegiň iň bir netijeli usuly şol mazmuny çaga üçin ýörite bellemek we modelleşdirmäniň üsti bilen berkitmek bolýandygyny köp sanly psihologik we pedagogik derňewler görkezýär. Ol şeýle ýagdaýda jemleýji-abstrakt görnüşde özleşdirilip, soňra takyk şertlerde ulanylýar. Okadylyşyň şeýle ýoly, aýratyn-da, takyk predmetlerde gös-göni «göze ilmeýän» mazmun özleşdirilende, ýagny nazary, hususy ylmy bilim-düşünjeler özleşdirilende örän möhümdir.

Usullaryň we bilim-düşünjeleriň okuwçylaryň takyk işinde netijeli ulanmagyny üpjün edýän psihologik mehanizmleriň kemala gelşi we ösüşi başga pedagogik şertlerde amala aşyrylýar. Usullardan tapawutlylykda işiň bu düzüjilerini edil jemleýji hereket ýaly çagalara taýýar görnüşde geçirip bolmaýar. Olar takyk material bilen amala aşyrylýan hereketleriň prosesinde kem-kemden kemala gelýär. Ýörite gönükmeleriň kömegi bilen bilim-düşünjeleri we hereketleriň usullaryny ulanmagyň ýokary derejelerini üpjün edýän akyl hereketlerini kemala getirmek mümkindir.

Maksada gönükdirilenlik, guramaçylyk, özerklilik (ýagny işiň gurluşynyň has ýokary derejeleri) ýaly şahsyýetiň umumy sypatlaryny kemala getirmek we ösdürmek hem aýratyn şertleri talap edýär. Çagalaryň öz işini guramagyň serişdelerini özleşdirmegi zerurdyr. Olara onuň bellibir tapgyrlaryny ýüze çykarmak öwredilýär: meýilleşdirmek, taýýarlamak, amala aşyrmak, gözegçilik we bahalandyrmak. Ilkibaşda, aýratyn-da, uly mekdebe çenli ýaşlylarda we kiçi mekdep ýaşlylarda işiň bu tapgyrlarynyň her biriniň amal edilişini bellemek peýdalydyr. Çagalar, köplenç, meýilleşdirmäni, gözegçiligi we bahalandyrmany ulanmaýarlar. Şonuň üçin olaryň amal edilişini hemişe, ilki mugallymyň göni görkezmesi we gözegçiligi arkaly, soňra daşky belgiler arkaly daşdan goldamak zerurdyr. Işi ýerine ýetirmekde çagalar onuň tapgyrlarynyň şekillendirilen shemasyna daýanyp bilýärler we diňe kem-kemden öz işini guramagyň içki serişdelerine geçýärler. Maksada gönükdirilenligi kemala getirmeklik çaganyň şahsyýetiniň dürli ta-

raplaryna täsiri bolan çylşyrymly prosesdir. Bir tarapdan, çagalara öz amal edýän aýry-aýry hereketlerini maksat, geljekki önüm, işiň talap edilýän netijesi bilen baglanyşdyrmagy, maksadyň, ýumşuň özgerişine laýyklykda hereketleri özgertmegi öwretmeli bolýar. Beýleki tarapdan, çagalardan diňe bir netijäni almagy, işi soňuna çenli ýetirmegi, goýlan talaplary nazarlamagy talap etmän, eýsem alnan önümi çaga üçin aýratyn belläp, ony niýetlenen maksadyň, ýumşuň nukdaýnazaryndan seljermeli, oňat netije görkezen çagalary atlandyrmaly. Şeýle ýagdaýda çaga üçin baha şu işdäki gazanmalary seljermek bilen bagly bolup, onuň üçin formal-resmi borjy berjaý etmek häsiýetde bolmaly däldir.

Şahsyýetiň gönükdirilmesiniň (meselem, akyl ýetirişe ugrugýan) kemala getirilişi şu işiň özboluşlylygyny we onuň öz «meniň» hakyndaky düşünje bilen baglanyşygyny ýüze çykarmagy göz öňünde tutýar; bu bolsa çaganyň şahsyýetini şu işi amal etmek bilen baglanyşykly bahalandyrmagyň üsti bilen gazanylýar.

Şeýlelikde, çaganyň ösüş prosesini onuň haýsydyr bir tarapyny özgertmek boýunça häsiýetlendirmek mümkin däldir, bu çylşyrymly we köptaraplaýyn tutumdyr. Hut şonuň üçin-de, psihologik ösüşiň dürli taraplaryny üpjün edýän pedagogik şertler düýpgöter aýry-başgadyr.

## II. 4. Ýaş ösüşini döwürleşdirmek

**Ýaşyň umumy häsiýetnamasy.** Eýsem, ýaş ýa-da ösüşiň ýaş tapgyry näme? Bu sowala jogap adamyň psihiki ösüşiniň tebigatyna düşünmeklige umumy çemeleşmä bagly bolýar. Bu babatda bar bolan garaýyşlaryň biri ýaş tapgyrlarynyň üýtgewsizligini ykrar edýär. Ýaş barada şeýle garaýyş psihiki ösüşe tebigy biologik hadysa hökmünde düşünmek bilen baglydyr. Bu babatdaky gapma-garşylykly garaýyş ýaş düşünjesini inkär etmekden ugur alýar. Bu ýagdaýda ösüşe bilim-düşünjeleriň we endikleriň ýönekeý toplanmagy görnüşinde seredilýär.

Watan psihologiýasynda ýaş döwürleriniň taryhy häsiýeti düzgüni ulgam dörediji esas bolýar. Taryhy ösüş prosesinde çaganyň ösýän umumy sosial şertleri, okatmagyň mazmuny we usullary taryhy ösüş prosesinde özgerýär we bu özgerişler kanunalaýyklykda ösüşiň ýaş tapgyrlarynyň üýtgemegine täsir edýär.

Her bir ýaş psihiki ösüşiň hil jähtden aýratyn tapgyry bolup, bu tutumda döreýän özgermeler özüniň jemleýji görnüşinde çaganyň

şahsyýetiniň gurluşynyň şu tapgyrdaky ösüşiniň özboluşlylygyny döredýär. Ýaş ösüşiň otnositel kesgitli döwrüdir. Onuň ähmiýeti ösüşiň umumy kesimindäki orny bilen kesgitlenýär we onda ösüşiň umumy kanunlary her gezekde hil taýdan özboluşly görnüşde ýüze çykýar. Bir ýaş basganҫagyndan beýlekä geçilende öňki döwürlerde bolmadyk täze gurluşlar döreýär, ösüşiň öz depgini üýtgedilip guralýar we özgerýär.

Ýaşyň aýratynlyklary köp şertleriň toplumy boýunça kesgitlenýär. Bu şertleriň hatarynda çaga onuň ýaşaýşynyň şu tapgyrynda bildirilýän talaplar we gurşawdakylar bilen gatnaşygynyň mazmuny, onuň özleşdirýän bilim-düşünjeleriniň we işiniň görnüşi hem-de bu bilim-düşünjeleri özleşdirmegiň usullary durýar. Ýaşyň özboluşlylygyny kesgitleýän şertleriň toplumyna çaganyň fiziki ösüşiniň dürli taraplarynyň aýratynlyklary hem goşulýar (meselem, irki ýaşda bellibir morfologik gurluşlaryň kemala gelmegi, ýetginjeklik ýaşynda bedeniň özgermesiniň aýratynlygy we ş. m.).

Ýaşyň aýratynlygyny kesgitleýän daşky şertler çaga gös-göni täsir etmeýär. Gurşawyň şol bir elementleri her bir çaga onuň içki dünýäsinde öň kemala gelen psihologik sypatlaryň haýsy görnüşleriniň üstüne «düşýänligine» baglylykda täsir edýär. Şeýle daşky we içki şertleriň toplumy ýaşyň özboluşlylygyny kesgitleýär, olaryň arasyndaky gatnaşygyň üýtgemegi bolsa ýaşyň indiki tapgyrlaryna geçilmeginiň zerurlygyny we aýratynlygyny döredýär.

Şeýlelikde, ýaş durmuş şertleriniň aýratynlyklary, çaga onuň ösüşiniň häzirki tapgyrynda bildirilýän talaplar, onuň gurşawdakylar bilen gatnaşyklarynyň özboluşlylygy, çaganyň şahsyýetiniň psihologik gurluşynyň ösüş derejesi, onuň düşünjeleriniň we pikirlenmesiniň ösüş derejesi, bellibir fiziologik aýratynlyklaryň toplumy bilen kesgitlenýär.

**Ösüşiň ýaş döwürleriniň çalyşmagynyň esasy mehanizmleri.** Ýaş döwri gurşawdakylar bilen gatnaşyklaryň ösüş derejesiniň we bilim-düşünjeleriň, usullaryň, ukyplaryň ösüş derejesiniň arasyndaky baglanyşyk boýunça kesgitlenýär. Geçirilen derňewler ösüşiň bu iki dürli taraplarynyň arasyndaky gatnaşygyň indiki ýaş tapgyrlaryna geçmegiň möhüm içki esasy «hereketlendirji güýji» bolýandygyny görkezdi. Meselem, irki çagalyk döwründe çaganyň daşky barlyk bilen baglanyşygy onuň ulular bilen gatnaşygy arkaly aralaşdyrylýar. Hut şeýle gatnaşyklar ulgamy esasynda çaga bellibir endikleri özleşdirýär, onda düşünjeleriň ýönekeý derejeleri kemala gelýär, ulular bilen aragatnaşyk

guraýşy baýlaşýar, sözleýşi ösýär we ş. m. Bularyň ählisi çaganyň özbaşdak hereket etmek mümkinçilginiň giňelmegine esas döredýär, şunuň bilen baglylykda gurşawdakylar bilen gatnaşygynyň usullarynyň özgermegine getirýär. Soňky bolsa öz gezeginde psihiki ösüşiň mundan beýläkki ugrukmasynyň şertlerini özgerdýär (meselem, çaga indi barlyga özüniň göni işiniň üsti bilen akyl ýetirýär).

Meňzeş ýagdaý (ýöne düýpgöter başga derejede) ýetginjeklik ýaşynda ýüze çykýar; ösüşin mundan ozalky gazanmalarynyň toplumy we çaganyň ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegi, çaganyň gurşawdakylar bilen özara gatnaşyklarynyň mazmundyr usullaryny, oňa ulular tarapyndan gatnaşyklaryň görnüşini özgertmek zerurlygyny döredýär.

Haçanda özgeren gatnaşyklar terbiýe prosesinde nazarlanylman, gurşawdakylar bilen özara gatnaşyklaryň täze dörän we öňki tapgyrlara häsiýetli usullary bilen çagalaryň bu döwrüň dowamynda ösen mümkinçilikleriniň arasynda gabat gelmezlik döränden, ösüşin çökgünlik (krizis) döwri ýüze çykýar.

Gurşawdaky adamlar bilen özara gatnaşyk usullarynyň we çaganyň islendik psihiki işiniň derejesiniň arasyndaky gatnaşygyň iki tarapdan ösýändigi okuw-terbiýeçilik işinde nazarlanylmalydyr. Meselem, çaganyň işiniň mümkinçilikleriniň giňelmegi, isleginiň özgermegi onuň gurşawyndakylar bilen gatnaşygynyň ähli ulgamyny özgertmek zerurlygyny döredýär. Gatnaşyklaryň täze ulgamynyň özi bolsa çaganyň işiniň mundan beýläkki ösüşine esas bolýar.

Geçen asyryň 50-60-njy ýyllarynda başlangyç bilimiň şertlerinde, bir tarapdan, çaganyň gatnaşyklarynyň ösüş derejesi bilen bu derejäniň esasynda döredilen motiwleriň we beýleki tarapdan, işiň mazmunynyň hem-de usullarynyň arasyndaky bellibir gabat gelmezlik hadysasy ýüze çykdy. Çagalaryň mekdebe eýýäm ösen (ýönekeý görnüşde bolsa-da) akyl ýetiriş motiwleri, okuwa işjeň höwesi bilen gelýändigi aýan boldy. Okatmagyň mekdepde ulanylýan esasy mazmuny we usullary çagalaryň akyl ýetiriş gönükdirilmesine laýyk gelmedi. Okatmaklyk çaganyň isleg-höwesine laýyk däl we olar tarapyndan içki jähetde aňlanylmadyk, sap tehniki häsiýetli gönükmelere esaslanyp, ýönekeý pikirlenmäni talap edýärdi. Bu bolsa çagada şu wagta çenli kemala gelen motiwasiýa gatnaşyklaryna we mümkinçiliklere laýyk däldi. Netijede, akyl ýetiriş, köplenç bolsa, okuw işine höwes peselip, kähalatlarda düýpgöter ýitýärdi. Öň bellenilişi ýaly,

bu ýagdaý watan psihologlary we pedagoglary tarapyndan aňlanylyp, okatmagyň mazmunyna we gurluşyna düýpli özgertmeler girizilmek arkaly köp derejede ýeňlip geçildi.

Çaganyň ýaşaýyş şertleriniň, terbiýäniň we okatmagyň görnüşleriniň özgermegi ösüşiň ýaş döwürleriniň çalyşmagyny kesgitleýän möhüm şertidir.

Çagalar bagyndaky öwrediji sapaklar, mekdepdäki taýýarlyk işleri mekdebe çenli ýaşlaryň çäklerini we mazmunyny düýpli özgertdi. Psihologik-pedagogik derňewleriň tejribesi we has kämil maksatnamalarda okatmagyň netijeleri, okuw prosesini ýörite guramak, okatmagyň mazmunyny we usullaryny kämilleşdirmek ýaly üýtgetmeleriň kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň ýaş aýratynlyklarynyň özgermesine getirýändigini görkezdi. Şeýle çagalarda pikirlenme işiniň başlangyç nazary görnüşleri ösýär, okuw işiniň has ýokary derejeleri gazanylýar. Şonuň üçin soňky döwürlerde ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýada ýaş tapgyrlaryny döwürleşdirmegiň pedagogik kriterilere – şertlere esaslanýan ýörelgesi ulanylýar. Şoňa laýyklykda: mekdebe çenli ýaş – irki çagalyk, kiçi, orta we uly mekdebe çenli döwürler tapawutlandyrylýar.

Garaşsyz ýurdumyzda 12 ýyllyk umumy orta bilime geçilmegi bilen çaganyň ösüşiniň aşakdaky ýaş tapgyrlary tapawutlandyrylýar:

Irki ýaş – 1 – 3;

Mekdebe çenli ýaş – 3 – 6;

Kiçi mekdep ýaş – 6 – 10;

Orta mekdep ýaş – 10 – 16;

Uly mekdep ýaş – 16 – 18;

Mekdebe çenli bilim (1 – 6 ýaşa çenli).

Bakja toparynda 1 – 3 ýaşly, bag toparynda 3 ýaşdan 6 ýaşa çenli çagalar terbiýe we bilim alýar.

Başlangyç bilim (1 – 4-nji synplar). Okatmagyň möhleti – 4 ýyl.

Esasy orta bilim (5 – 10-njy synplar). Okatmagyň möhleti – 6 ýyl.

Umumy orta bilim (11 – 12-nji synplar). Okatmagyň möhleti – 2 ýyl.

Umumy orta bilim hökmanydyr.*

Şu ýerde çaga dünýä ineninden onuň mekdebi tamamlaýan ýyllaryny öz içine alýan fiziki ýaş görnüşlere bölüniş nusgasyny getir-

*Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň Konsepsiýasy. – A., 2013, 22, 23-25 sah.

mek ýerliklidir. Bu döwürleşdirmäniň artykmaçlygy onuň çaganyň daşky synlamada göze ilýän özüni alyp baryş nusgalary bilen bir hatarda onuň potensial mümkinçiliklerini-de (içki, entek doly herekete gelmedik) nazarlaýandygy bilen baglydyr.

1. *Bäbeklik:* doglanyndan bir ýaşa çenli.
2. *Irki çagalyk:* bir ýaşdan üç ýaşa çenli.
3. *Kiçi we orta mekedebe çenli ýaş:* üç ýaşdan dört-bäş ýaşa çenli.
4. *Uly mekdebe çenli ýaş:* dört-bäş ýaşdan alty-ýedi ýaşa çenli.
5. *Kiçi mekdep ýaşy:* alty-ýedi ýaşdan on-on bir ýaşa çenli.
6. *Ýetginjeklik ýaşy:* on-on bir ýaşdan on üç-on dört ýaşa çenli.
7. *Irki jahyllyk ýaşy:* on üç-on dört ýaşdan on alty-on ýedi ýaşa çenli.

Bu ýaş döwürleriniň her biriniň öz aýratynlyklary we çäkleri bolup, olara çaganyň ösüşini synlamakda, onuň psihologiýasyny we özüni alyp barşyny seljermekde göz ýetirmek bolýar. Her bir psihologik ýaş çagalar bilen aragatnaşyk guramagyň öz stilini, okatmagyň we terbiýäniň aýratyn tärlerini ulanmagy talap edýär.

Seljerilen nusgalaryň jemleýji pikiri hökmünde bellenilse, bir tarapdan, umumy ýaş häsiýetnamalarynyň ortalaşdyrylýandygy, pedagogik işde çagalaryň ýaş aýratynlyklary bilen bir hatarda, indiwidual aýratynlyklarynyň-da nazarlanylýandygy bellenilmelidir. Olar çagalaryň şol bir ýaş kesiminde düýpgöter tapawutly bolup bilýär.

Sany boýunça köp bolmasa-da, çaganyň psihiki ösüşini döwürleşdirmegiň nusgalary daşary ýurtly psihologlaryň işlerinde hem duş gelýär. Bu babatda E.Erikson tarapyndan öz epigenetik taglymatynyň ideýasynda esaslandyrylan psihikanyň tapgyrlaýyn ösüşiniň nusgasy üns bererlikdir.

**Psihiki-sosial ösüşiň sekiz döwri**

| T/b | Döwürler | Ýaşy | Psihiki-sosial krizis | Güýçli tarapy |
|---|---|---|---|---|
| 1 | Oral-sensor | 0 – 1 ýaş | Özüne ynanç – özüne ynanmazlyk | Umyt |
| 2 | Muskul-anal | 1 – 3 ýaş | Awtonomiýa – utanç we şübhelilik | Erkiň güýji |
| 3 | Lokomotor-genital | 3 – 6 ýaş | Ugurtapyjylyk – günäkärlik duýgusy | Maksat |
| 4 | Latent (gizlin) | 6 – 12 ýaş | Zähmetsöýerlik – özüňe kembaha garamak | Başçykaryjylyk |

*Dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| 5 | Ýetginjeklik | 12 – 19 ýaş | Ego öz-özünelik – rollaryň garyşmagy | Wepalylyk |
| 6 | Irki kämillik | 20 – 25 ýaş | Pynhanlyk – ýekelik, gabawlylyk | Söýgi |
| 7 | Orta kämillik | 26 – 64 ýaş | Öndürijilik – durgunlyk | Alada |
| 8 | Giçki kämillik | 65 – ölüm | Ego – birleşme | Pähimlilik |

Bahalandyrylyş jähtden seredilende her bir psihiki-sosial krizis oňyn we oňyn däl düzüjileri özünde jemleýär. Psihiki-sosial krizisleriň ýöne hut şu tapgyrda çözülmezligi-de mümkindir. Indiwiduma häsiýetli özüni alyp baryş nusgasy bu ýumuşlaryň ahyr netijede nähili usulda çözülýändigi ýa-da krizisiň nähili ýeňlip geçilýändigi bilen döredilýär. Eger konflikt – dartgynly ylalaşyksyzlyk oňyn çözülse (ýagny, mundan öňki döwürde ego täze oňyn sypatar bilen baýlaşsa), indi ego özüne täze oňyn düzüjini (meselem, özeni ynanjy we awtonomiýany) saýlaýar, bu bolsa şahsyýetiň mundan beýläkki sagdyn ösüşini kepillendirýär. Tersine, eger konflikt çözülmän galsa ýa-da kanagatlanarsyz çözülse, ösýän ego zyýan ýetirilýär we oňa oňyn däl düzüji (meselem, özeni ynamsyzlyk, utanç we şübhelilik) goşulýar. Egonyň her bir döwürde täze sypatlara eýe bolýanlygy onuň içki konfliktlere ýa-da özgerýän şertlere duýgurlygyny peseltmeýär. Esasy mesele adamyň her bir krizisi dogry çözüp, nobatdaky döwre has uýgunlaşan we kämil şahsyýet hökmünde baryp bilmegidir.

Epigenezis düzgünine laýyklykda her bir döwür özüniň öňüsyrasyndaky psihososial konfliktleri çözmeklige we integrirlemeklige (bitewüleşdirmeklige) esaslanýar. Eriksonyň pikiriçe, ähli krizisler ol ýa-da beýleki derejede ösüşiň başlangyç derejesinde hem bolup, ösüşiň gidişinde olaryň her biriniň ýüze çykmagy üçin oňaýly wagt kesimi bardyr.

Eriksonyň düşündirişinde sanalan sekiz döwür adamyň ösüşiniň uniwersal aýratynlygy hasaplanýan-da bolsa, her bir döwre mahsus meseleleriň çözüliş usullarynda medeni aýratynlyklaryň hem bolýandygy bellenilýär.

# III BAP
# MEKDEBE ÇENLI ÝAŞYŇ ÖŇÜSYRASY WE MEKDEBE ÇENLI ÝAŞ DÖWRÜNIŇ PSIHOLOGIK AÝRATYNLYKLARY

## III. 1. Körpelik ýaşynda psihiki ösüşiň taýýarlyklary we aýratynlyklary

Bäbek (doglanyndan bir-iki aý aralygy). Bäbek haýwanlaryň köp böleginiň çagasyndan has nalajedeýin dogulýar. Ol özüňi alyp barşyň şertsiz reflektor görnüşiniň, daşky gurşawa uýgunlaşmagyň çäkli gaznasyny özünde jemleýär. Oňa dürli fiziologik funksiýalaryň geçişini dolandyrýan refleksler: emmek refleksi, goranyş we ugrukma refleksleri, şeýle-de birnäçe ýörite hereket refleksleri bolan garbamak we daýanç refleksleri, päsgelçilikden sowulmak refleksleri we ş. m. degişlidir. Olaryň ählisi oňurga beýni we gabygasty nerw merkezleri arkaly dolandyrylyp, çaganyň edil duýma organlary ýaly dogluş pursadyna çenli ýeterlik derejede kemala gelýärler. Daşky täsirleriň esasy köplügine çaga eliň, aýagyň aýyl-saýylsyz (differensirlenmedik) gymyldylary bilen jogap berýär. Beýniniň uly ýarymşarlarynyň gabygy entek doly kemala gelmedik bolýar: nerw öýjükleri şahalanmadyk diýen ýaly, geçiriji ýollar goraýjy mielin gabygy bilen örtülmedik görnüşde bolýar. Bu oýanma prosesiniň giň ýaýraňlygyny döredýär we şertli reflekleriň döremegini kynlaşdyrýar. Özüňi alyp barşyň dogabitdi görnüşleriniň köpüsiniň bolmazlygy çaganyň ejizligini däl-de, güýjüni häsiýetlendirýär: ol täze tejribäni, özüňi alyp barşyň täze, diňe adama mahsus nusgalaryny özleşdirmegiň çäksiz diýen ýaly mümkinçiligini özünde saklaýar.

Bäbeklik döwründe beýniniň kadaly kemala gelmeginiň zerur şerti analizatorlaryň işjeň hereketlenmegidir. Eger-de çaga sensor (duýma) gabawlygy (daşky täsirleriň ýeterlik mukdarynyň bolmazlygy) ýagdaýyna düşse, onuň ösüşi üzül-kesil haýallaýar. Analizatorlaryň işiniň somatiki (beden) hereketlerden has çalt kemala gelmegi bäbegiň ösüşiniň özboluşly aýratynlygydyr (ýokary analizatorlar bolan görşüň we eşidişiň hereketleri aýratyn güýçli depginde kemala gelýär). Munuň esasynda oriýentirleýji (ugrukdyrjy) refleks ösýär we dürli şertli

reflektor baglanyşyklar döreýär. Eýýäm ýaşaýşyň ilkinji on gününde köp sanly bäbeklerde emdirilme ýagdaýyna şertli refleks ýüze çykýar. Birinji iki aýda şertli refleksler ähli analizatorlarda döräp bilýär.

Oriýentirleýji (ugrukdyrjy) refleksiň ösüşi görüş we eşidiş dykgatlylygynyň döremeginde ýüze çykyp, şol wagtda ýüzugra we kadasyz hereketler togtadylýar. Dogluşyň ilkinji günlerinde bäbegiň uky we oýalyk ýagdaýlarynyň aýyl-saýyllygy entek az tapawutlanýan bolsa, bu döwrüň ahyrynda olar aýry-başgalanýar, oýalyk has mazmunly, işjeň häsiýete eýe bolýar. Döreýän psihiki işjeňlik ýüzugra-impulsiw hereket işjeňliginiň togtadylmagynda ýüze çykýar.

Iki-üç aýa golaý döwürde çagada ululara reaksiýa döretmegiň aýratyn görnüşleri döreýär. Bäbek uly adama özüniň daşky dünýä bilen ýüzbe-ýüzlüginde zerur araçy, isleglериniň kanagatlandyrylmagynyň çeşmesi hökmünde garaýar. Kem-kemden uly adamyň peýda bolmagyna çagada özboluşly emosional-hereket reaksiýasy döräp, ol janlanma kompleksi (toplumy) atlandyrylýar. Bu kompleks elleriň we aýaklaryň möwçli hereketlerinde ýüze çykýar. Çaga öz üstüne eglen adamda görejini dykgatly jemleýär, oňa ýylgyrýar. Janlanma kompleksiniň döremegi bäbeklik döwrüniň tamamlanmagy we körpeligiň başlanmagy hasaplanylýar.

**Körpe we uly adam** (körpeligiň çägi bir-iki aýlykdan bir ýaşa çenli). Käbir psihologlar çaga sosial gurluşy bolmadyk, öz üzňe dünýäsinde ýaşaýan gurluş hökmünde seretmekçi bolýarlar. Şonuň üçin bäbekde doglan badyna döreýän agyny olar çaganyň özi üçin keseki bolan barlygyň öňündäki gorkusy hasaplaýarlar. Meselem, şahsyýetiň kliniki psihologiýasyny esaslandyryjylaryň biri bolan Z. Freýd çaganyň enäniň bedeninden aýrylandaky sesini öňki oňaýly ýaşaýşynyň küýsegi bolýandygyny belleýär. Awtoryň pikiriçe, şu pursatdan başlap çaganyň instinktiw isleglериniň we jemgyýetdäki durmuş talaplarynyň arasynda hemişelik konflikt-ylalaşyksyz dartgynlyk döreýär.

Freýdiň bu ideýasy belli psiholog Ž. Piažäniň irki işlerine täsir edýär. Piažäniň düşündirişine görä, çaga doglandan iki ýaşa çenli barlykdan üzňe bolýar: onuň içki dünýäsi öz isleglerini real-hakyky dünýäde däl-de, öz hususy hyýalynda, göz öňüne getirmelerinde, düýş görme duýgularynda kanagatlandyrmagyň dogabitdi ukyby bilen çäklenýär.

Freýdiň we Piažäniň getirilen pikirleriniň birtaraplaýynlygy köp sanly psihologlar tarapyndan bellenildi. Fransuz psihology A. Wallon çaganyň ilkinji agyly sesini öňde garaşýan howpdan howatyrlanmak motiwasiýasynda düşündirmekligi hakykata laýyk däl hasaplaýar. Piažäniň çaga psihikasynyň ilkibaşdan üzňelikde bolýandygy baradaky pikiri öz döwründe L. S. Wygotskiý we soň-soňlar beýleki watan psihologlary tarapyndan hem tankytlanylýar.

Körpäniň ýaşaýşynyň dolulygyna ululara garaşlydygyny köp sanly derňewler görkezýär. Ulular çaganyň organiki isleglerini kanagatlandyrýar: iýmitlendirýär, ýuwundyrýar, onuň bedenini iýmitlenişe oňaýly ugra öwürýär. Uly adam çaganyň işjeň psihiki ýaşaýşa bolan islegi barada hem aladalanýar: özüni ulular eline alanlarynda çaganyň gymyldy-hereketleri has işjeňleşýär. Ulynyň kömegi bilen giňişlikde gezim edip, çaga köp sanly zatlary görmäge mümkinçilik alýar, olaryň biri-birlerine degişlilikde süýşmegini yzarlaýar, bu bolsa onuň duýma – sensor tejribesini kemala getirýär. Eşidiş we syzyş täsirleri-de ulynyň aladasy boýunça kemallanýar. Başgaça aýdylanda, çaganyň ýaşaýyş-durmuşynyň guralyşynda we hereketlenişinde göze ilýän ýa-da ilmeýän görnüşde uly adam gatnaşýar.

Uly adam çaganyň predmet dünýäsi bilen aragatnaşygynda araçy bolýar. Ulular özüni synlaýan wagtynda çaga, köplenç, predmetleri hereketlendirmek bilen meşgul bolup, ulular ýanynda ýok bolanda onuň bu höwesi ýitýär. Çaganyň uly adam bilen aragatnaşygynyň esasy görnüşi bolan bilelikdäki işde çaga işjeňligi ulularyň hereketleri bilen höweslendirilýär we çaga uly adamy bilelikdäki hereketlere çagyrýar. Çaganyň sosial reaksiýalary körpelik ýaşynyň bütin dowamynda ösýär. Oýa wagtynda çaga hemişe ulular bilen aragatnaşyga goşulmaga taýýar bolýar.

Aragatnaşygyň çäginde sözleýşe ilkinji taýýarlyklar döreýär. Eýýäm ikinji aýda wüjürdiniň ilkinji alamatlary ýüze çykyp, soň-soňlar onda öýkünmäniň üsti bilen ene diliň fonemalary döreýär. Birinji ýylyň ahyrynda körpe käbir sözlere düşünip başlaýar. Şeýle düşünmeklige çaganyň agzalan predmete tarap kellesini öwürmeginde ýa-da ulynyň aýdýan hereketini ýerine ýetirmeginde göz ýetirmek bolýar. Şol bir wagtda çaga ilkinji sözleri gürläp ugraýar. Şeýlelikde, ulular bilen aragatnaşygynda, bir tarapdan, çaganyň islegleri ösýän bolsa (olaryň arasynda aragatnaşyga bolan isleg – emosional küýseg aýratyn ähmiýete eýedir), başga bir tarapdan, olary kanagatlandyrmak mümkinçiligi döreýär.

Çaganyň ýaşaýyş-durmuşyny ilki kemallanýan, soňra bolsa terbiýelenýän we okadylýan mazmunda göz öňüne getirmek nädogrudyr. Çagada özüňi alyp barşyň adama mahsus ähli görnüşleri, ähli psihiki häsiýetler we ukyplar ulularyň irki çagalykda ýöremegi, predmetler bilen iş salyşmagy, görmegi, eşitmegi, synlamagy, tanamagy, ýada ornaşdyrmagy öwretmegi mynasybetli döreýär, kemala gelýär. Irki çagalykda okatmagyň, köplenç, ýörite maksat boýunça däl-de, özakymlaýyn bolýandygy düşnüklidir.

Bellibir sebäplere görä adamzat gurşawyndan üzňe düşen adam çagasy öz ösüşinde ynsan mümkinçilikleriniň derejesine ýetip bilmeýär. Diňe sosial gurşawyň täsiri we ýörite öwredilişiň netijesinde çagadan adam hökmünde duýýan we pikirlenýän şahsyýet kemala gelýär. Uly adam bu ýagdaýda çaganyň we tutuş adamzat jemgyýetiniň özara gatnaşygyny aralaşdyrýan gurluş bolýar. Adamlaryň arasynda ýaşap, olardan yzygygider täze-täze maglumatlary almagynda, çagada akyl ýetirişe kem-kemden möwjeýän ymtylyş döreýär. Körpäniň oriýentirleýji –ugrukdyryjy refleksi bilesigelijilige öwrülýär. Çaganyň höwesi tutuş gurşawa gönükdirilýär. Çaga bilesigelijiligi hiç hili «bähbit aramasyz», organiki islegleri gös-göni kanagatlandyrmak bilen bagly däl hadysadyr.

**Körpäniň psihiki ösüşi.** Hereketleriň ösüşinde we psihiki prosesleriň we sypatlaryň kemala gelşinde çaga bir ýaşyň dowamynda uly üstünlikler gazanýar. Ol kellesini tutmagy, oturmagy, emedeklemegi öwrenýär, galyberse-de wertikal durmagy we birnäçe ädimler ätmegi özleşdirýär. Çaga özüni gyzyklandyrýan üýtgeşik predmete öwrülýär, oňa elini uzadýar, garbap almaga synanyşýar. Ilkibaşda bu hereketleriň ýeterlik sazlaşygy bolmaýar: körpe, köplenç, ýalňyşýar, eli predmetden sowa geçýär. Ýöne hereketler kem-kemden garbalýan predmetleriň ýerleşişine, möçberine, formasyna gabatlaşdyrylyp takyklanýar. Şeýle häsiýetli hereket işjeňligi uly ähmiýete eýe bolýar. Şol mynasybetli çaga birnäçe zerur hereket endiklerini özleşdirýär. Mundan başga-da, predmetleriň häsiýetlerine amaly uýgunlaşmaklyk bu häsiýetleriň görüş kabul edişinde ýüze çykarylyp başlanmagyna getirýär. Eger-de çaga ilkibaşda el hereketlerini predmetleriň häsiýetlerine köpsanly synanyşyklar arkaly uýgunlaşdyryp, daşky oriýentirleýji – ugrukdyryjy hereketleri edýän bolsa, soňra bu ugrukdyryjy hereketler görüş kabul ediş jähtine geçýär (interiorizirlenýär).

Garbamak hereketiniň kemala gelmegi netijesinde predmetler bilen ýönekeý manipulýasiýa döreýär we ösýär: salgamak, urgy etmek, zyňmak we ş. m. Şeýle hereketleri amala aşyrmakda çaga zatlaryň köp sanly häsiýetleri bilen tanyşýar. Geldi-geçer, özgerýän täsirleriň arkasyndan çaga üçin ondan garaşsyz ýagdaýda bolýan hemişelik predmetleriň dünýäsi açylyp başlaýar. Kabul ediş predmetlige we konstantlyga (hemişelik) eýe bolýar.

Körpelik ýaşynyň dowamynda çaganyň psihiki işjeňliginiň häsiýeti özgerýär. Işi niýet boýunça amal etmäge ýykgynlyk döreýär. Çagada tötänleýin hereketleri ýerine ýetirmäge ähli mümkinçilik döreýär. Bu hereketler amal edilmezinden ozal, göz öňüne getirilmedik hem bolsa, körpe hereketi özerkli gaýtalamaga ukyply bolýar. Bu bolsa oňa bu hereket bilen baglanyşykly daşky gurşawdaky özgermäni görmäge mümkinçilik berýär.

Ulularyň köp sanly hereketlerini gaýtalamak bilen çagalar körpelik ýaşynyň ahyrynda ýokary öýkünjeňlik ýüze çykarýar.

Niýetli hereketler we öýkünmeklik intellektiň işjeň ösýändigine şaýatlyk edýär. Hakykatdan-da, çagalaryň predmetler bilen erkli hereket edip (olara urgy etmek, salgamak, towlamak) başlamagy bilen, ulularyň ýönekeý hereketlerine öýkünmekde bellibir üstünlik gazananlaryndan soňra, çagalaryň hereketinde pikirlenmäniň ýönekeý ýüze çykmalaryny görmek bolýar. Çaga üçin manipulirlemek prosesiniň hut özünde problema situasiýasy (mesele ýagdaýy) döräp, ol ony ýene-de manipulirleme arkaly çözmäge çalyşýar. Başgaça aýdylanda, predmet manipulirlemesinde ýönekeý problema situasiýalary çözülýär. Şeýlelikde, çaga özüniň we kesekiniň hereketlerine öýkünip, pikirlenmäni hereket etmekde öwrenýär.

## III. 2. Irki çagalyk ýaş döwrüniň häsiýetnamasy

**Irki çagalygyň möhüm gazanmalary** (bir ýaşdan üç ýaşa çenli). Ontogenezde adamyň psihikasy ösüşde deň wagt aralygynda dürli «uzaklyklary» geçýär. Ilkinji üç ýylda çaganyň psihikasy hil taýdan uly özgermelere sezewar bolýar. Şonuň üçin adamyň psihiki ösüşiniň doglanyndan kämil ýaşa çenli aralykdaky ýolunyň ortasynyň nirededigi dogrusynda pikir eden psihologlaryň köpüsi ony üç ýaşa degişli edýärler.

Üç ýaşly körpe öz-özüne hyzmat etmäge ukyply, gurşawyndaky adamlar bilen özara gatnaşyga goşulmagy başarýar. Ol aragatnaşygyň diňe bir sözleýiş görnüşlerini däl, özüňi alyp barşyň ýönekeý görnüşlerini-de özleşdirýär. Üç ýaşly çaga ýeterlik derejede işjeň, daşyndakylara düşnükli, özbaşdak.

Çaganyň psihikasynyň bir ýaşdan üç ýaşa çenli ösüşi birnäçe şertlere baglydyr.

Çaganyň psihiki ösüşine onuň dik ýöremegi özleşdirmegi ýokary derejede täsir edýär. Körpelik ýaşynyň ahyrynda çaga ilkinji ädimleri ädip başlaýar. Wertikal ýagdaýda hereket etmek onuň üçin kyn iş. Kiçijik aýaklar uly dartgynlyk bilen basylýar. Ýöremegiň programmasy entek kemala gelmänligi üçin çaga hemişe deňagramlygyny ýitirýär. Eýsem ýykylmak gorkusyny ýeňip, bu ilkinji ädimleri ätmäge özünde güýç döretmäge gaýta-gaýta ymtylyşa ony näme mejbur edýär? Hereketlenýän aýaklardan we ellerden, ýagyrnydan we tutuş bedenden döreýän muskul duýgusy bu babatda möhüm stimuldyr. Öz bedeniňe eýelik etmek duýgusy çaga üçin özboluşly öz-özüni ruhlandyryja öwrülýär. Çaganyň ýöremek niýetini arzuwlanýan maksada ýetmek mümkinçiligi, şeýle-de ulularyň gatnaşmasy we makullamasy hem goldaýar. Ilkinji ýygra ädimlerden tiz wagtdan soňra sazlaşykly dik durup ýöremäge ukyp kemala gelýär. Ikinji ýylynda çaga özüniň ýöreýşine päsgelçiligi işjeň häsiýetde agtarýar. Kynçylyklar we olaryň ýeňlip geçilmegi çagada oňyn emosional duýgulary döredýär.

Ýöremek ukyby fiziki gazanma bolsa-da, ol psihologik netijelere getirýär. Ýöremek ukyby mynasybetli çaga daşky dünýä bilen erkin we özbaşdak aragatnaşykda bolmak eýýamyna girişýär. Ýöremegi özleşdirmek giňişlikde oriýentirlenmek ukybyny ösdürýär. Muskul duýgusy predmetiň aradaşlygyny, giňişlikde ýerleşişini kesgitlemegiň esasy bolýar. Bu görşüň, hereketi duýmagyň we syzyşyň bilelikdäki funksiýasy arkaly gazanylýar. Ýöremegi özleşdirmek bilen çaga özüniň akyl ýetirişiniň obýektine öwrülýän zatlaryň gerimini giňeldýär. Onda ata-eneler tarapyndan öň zerur hasaplanylmadyk dürli predmetler bilen manipulýasiýa etmäge ukyplylyk döreýär. Predmetleriň käbiri çaganyň barlag işiniň täze usullarynyň ösüşine ýardam edýär, olar körpä zatlaryň mundan öň mälim bolmadyk häsiýetlerini we olaryň arasyndaky baglanyşyklary açýar.

Çaganyň psihiki ösüşine predmet hereketleriniň ösüşi köp derejede täsir edýär. Körpelik ýaşyna mahsus manipulýatiw iş irki çagalykda predmet işi bilen çalşyrylýar. Predmet hereketleriniň ösüşi predmetler bilen iş salyşmagyň jemgyýetde kabul edilen usullaryny özleşdirmek bilen baglydyr. Adam üçin predmetleriň berkidilen, hemişelik ähmiýeti bardyr. Haýwanlardan tapawutlylykda adamlar zatlaryň hemişelik dünýäsinde ýaşaýar. Mälim bolşy ýaly, maýmyn hem kürüşgeden içip bilýär. Ýöne haýwanlar üçin predmetleriň ähmiýeti pursatlaýyndyr: eger-de suw kürüşgä guýulsa, maýmyn ony kürüşgeden içýär, bedrede bolsa bedreden, eger-de poluň üstünde bolsa, poldan içýär. Çaga ululardan predmetleriň adamyň işi bilen berkidilen hemişelik ähmiýetine, niýetlenişine oriýentirlenmegi öwrenýär. Çagany gurşaýan predmet dünýäsi – gap-gaç, egin-eşik, mebel – adamlaryň ýaşaýyş-durmuşynda kesgitli ähmiýete eýedir. Çaga irki çagalykda zatlaryň ähmiýetdir niýetlenişine akyl ýetirýär.

Predmetiň berkidilen mazmuny çaga öz-özünden açylmaýar. Ol sandygyň gapysyny sansyz gezek açyp-ýapsa-da, edil şonuň ýaly, çemçe bilen poly ursa-da, şeýle işjeňlik ony predmetleriň niýetlenmesi bilen tanyşdyrmaýar. Predmetleriň funksional häsiýetleri körpä ulularyň terbiýeleýji we öwrediji täsiriniň üsti bilen açylýar. Çaga dürli predmetler bilen edilýän hereketleriň dürli derejedäki erkinliginiň bolýandygyna göz ýetirýär. Käbir predmetler özleriniň häsiýeti boýunça kesgitli hereket usulyny talap edýär (muňa baglanyşdyrylýan hereketler degişli bolýar: gapyrjaklary gapagy bilen ýapmak, piramida halkalaryny gazyjaga ildirmek, matrýoşkalary biri-birine geýdirmek we ş. m.). Beýleki predmetlerde hereket usuly olaryň jemgyýetçilik niýetlenişi bilen berkidilen bolýar; bular predmet – gurallardyr (çemçe, galam, çekiç). Baglanyşdyrylan häsiýetli we gural hereketlerini özleşdirmeklik çaganyň psihiki ösüşine düýpli täsir edýär. Irki ýaşda çaganyň özleşdirýän predmetleriniň – gurallarynyň sanynyň onçakly köp bolmazlygy düýpli ýetmezçilik däldir. Mesele sanda däl-de, hut predmetleriň çagada her bir täze predmetde onuň özboluşly niýetlenmesini agtarmaga gönükdirilmäni kemala getirýänligindedir.

Irki çagalyk ýaşyň ahyrynda (üç ýaşda) işiň täze görnüşleri döräp başlaýar. Olar bu ýaş döwrüniň çäginden daşarda ýaýraň görnüşe eýe bolýar we kem-kemden psihiki ösüşi kesgitläp başlaýar. Bular

oýun we işiň öndürijilikli görnüşleridir (surat çekmek, plastilinden zat döretmek, konstruirlemek). Işiň bu görnüşleriniň geljek üçin ähmiýetini nazarlamak we entek irki çagalyk wagtynda olaryň kemala gelmegi üçin şertleri döretmek zerurdyr.

Predmet işinde alnan täsirler çaganyň sözleýşiniň ösüşine esas bolup hyzmat edýär. Diňe, haçanda sözüň arkasynda real dünýäniň obrazy – keşbi duranda, bu sözüň özleşdirilişi üstünlikli gidýär. Sözleýşiň özleşdirilişi, baryp körpelikde döreýän aragatnaşyga bolan islegiň mundan beýläkki ösüşi bilen bagly bolýar. Söz arkaly aragatnaşyk, haçanda, çagadan kommunikasiýa (aragatnaşyk guramaga) ukyby talap edilende, ulular ony aýyl-saýyl gürlemäge we öz pikirini sözlerde mümkingadar aýdyň aňlatmaga mejbur edende döreýär. Eger-de ulular çagany gürletmezden onuň islegini kanagatlandyrmaga ymtylýan bolsa, onda sözleýşiň ösmegine stimul bolmaýar. Irki çagalyk döwri sözleýşiň ösmegi üçin senzitiw (duýgur) döwür hasaplanylýar: hut şu döwürde sözleýşi özleşdirmek ýokary netijelilikde amala aşyrylýar. Eger-de çaga haýsydyr bir sebäbe görä bu ýyllarda sözleýşiň ösmegi üçin zerur şertlerden mahrum bolsa, ýitirileniň soň-soňlar öwezini dolmak örän kyn bolýar. Şonuň üçin iki-üç ýaşlarda çaganyň sözleýşiniň ösüşi bilen aýratyn aladalanylmalydyr.

Çaga eýýäm irki ýaşda ulular bilen bilelikdäki işinde gürlenýän sözler bilen olaryň arkasynda durýan real barlygyň zatlarynyň arasyndaky baglanyşygy aňlap başlaýar. Sözleri olaryň aňladýan predmetlerine we hereketlerine baglanyşdyrmak başarnygy birbada döremeýär. Uly adamyň sözleýşini we öz hereketleriňi baglanyşdyrmagyň hem uzak wagtlaýyn ösüşi bolup, ol ýaşaýşyň ilkinji ýyllarynda kemala gelýär. Üçünji ýylda körpede ulularyň sözleýşine düşünmek hil taýdan özgerýär. Çaga bu döwürde diňe bir aýry-aýry sözlere düşünmek, predmet hereketlerini ýerine ýetirmek bilen çäklenmän, ulularyň görkezmesini (instruksiýasyny) berjaý edýär. Körpe ulularyň islendik sözleýşini, şol sanda özüne gös-göni gönükdirilmedik gürrüňini höwes bilen diňläp başlaýar. Ulularyň çaga bilen aragatnaşygynyň gös-göni ýüzbe-ýüzlüginiň çäginden daşa çykýan aýtgylary diňlemek we düşünmek çaganyň möhüm gazanmasydyr. Ol çaga sözleýşi barlygyň özüne gös-göni elýeter bolmadyk zolagyna akyl ýetirmegiň serişdesi hökmünde ulanmaga mümkinçilik döredýär.

Irki çagalyk ýaşy çaganyň işjeň sözleýşiniň kemala gelýän döwrüdir. Çaga bir ýarym ýaşa çenli 30-40 sözden 100 söze çenli sözi özleşdirýär, ýöne olary seýrek ulanýar. Onuň işjeňligi entek örän pes. Bir ýarym ýaşda çaganyň sözleýşi özleşdirmeginde düýpli özgeriş ýüze çykýar. Körpe ugurtapyjy bolýar. Ol predmetleriň atlandyrylmagyny üznüksiz talap edip başlaýar, sözleýşiň ösüşiniň depgini ýokarlanýar. Ikinji ýaşyň ahyrynda çaga 300-e golaý sözi, üçünji ýylyň ahyrynda bolsa 1500 sözi ulanýar.

Sözleýşiň ösüşi ene diliň ses tarapyny we grammatik gurluşyny özleşdirmegi göz öňünde tutýar. Eger-de çaga ilki sözleýşi sözleriň umumy ritm-melodik gurluşyny tutmak arkaly kabul edýän bolsa, eýýäm ikinji ýaşyň ahyrynda onda ene diliň ähli sözleriniň fonematik kabul edilişi kemala gelýär. Şunuň esasynda işjeň sözlük we sözleri dogry aýtmaklyk özleşdirilýär.

Grammatik gurluşy özleşdirmegiň öz ösüş döwürleri bolýar. Bir ýaşdan iki ýaş aralygyndaky birinji döwür amorf söz-köklerden durýan sözlemleriň döwrüdir. Bu döwürde bir sözli we iki sözli sözlemler ýüze çykarylýar. Çaganyň sözleýşi uly adamyňka az meňzeşlikde bolýar: çaga uly adamlaryň adatça ulanmaýan sözlerini ulanýar. Şeýle sözleýiş awtonom atlandyrylýar. Sözleýşiň ösüşi kadaly bolanda awtonom sözleýiş çalt aradan aýrylýar. Diliň grammatik gurluşynyň ösüşiniň ikinji döwri üç ýaşa çenli dowam edýär. Çaganyň sözleýşi maksadalaýyk häsiýete eýe bolýar we oňa predmet dünýäsinde köp sanly gatnaşyklara düşünýändigini aňlatmaga mümkinçilik berýär. Çaga üç ýaşa golaý köp sanly düşüm goşulmalaryny özleşdirýär. Predmet gatnaşyklaryny aňladýan sözleýiş formalaryny özleşdirmeklik çaganyň işiniň häsiýeti bilen düşündirilýär; onuň prosesinde predmetleri ulanmagyň usullarynyň özleşdirilişi amala aşyrylýar. Çaga real predmet gatnaşyklaryny şöhlelendirýän grammatik mazmunlaryň baglanyşygyna ir oriýentirlenip başlaýar. Meselem, çaga «çüý uzyn», «daş agyr» sözleriň dogry ulanylyşyny özleşdirip, predmetiň yzyndaky sözüň sypat manysyny aňşyrýar we ony ähli zatlara stereotip häsiýetde geçirýär: «çemçe uzyn», «çörek agyr», «şokolad uzyn» we ş. m. Sözleýiş amalyýetinde bu stereotip ýeňlip geçilýär we söz utgaşmalarynyň dogry ulanylyşy ýüze çykýar. Ene diliň grammatik formalaryny özleşdirmek çagada dili duýmaklyk ukybyny ösdürýär. Körpe sözlemde sözleri kadaly saz-

laşdyrýar. Irki çagalygyň dowamynda çaga ene dilini özleşdirmekde onuň esasy sintaktik konstruksiýalaryny, grammatik formalaryny we seslerini özleşdirmek bilen ýoňsuz iş edýär.

Işjeň sözleýşiň kemala gelmegi çaganyň tutuş psihiki ösüşiniň esasy bolup hyzmat edýär.

**Irki çagalykda çaganyň akyl ösüşi.** Irki çagalygyň başynda çaga daşky predmetleriň häsiýetlerini kabul edip, olaryň arasyndaky ýönekeý baglanyşygy aňşyrýar we olary ulanyp başlaýar. Bu predmet işiniň, oýnuň ýönekeý görnüşleriniň, surat çekmegiň we sözleýşiň özleşdirilmegi bilen baglanyşyklykda amala aşýan akyl işiniň mundan beýläkki ösüşine taýýarlyk döredýär. Kabul ediş hereketleriniň we pikirlenme hereketleriniň kemala gelýän täze görnüşleri irki çagalykda çaganyň akyl ösüşiniň esasyny düzýär.

Kabul ediş predmet işinde döreýän baglanyşdyryjy hereketleriň hasabyna ösýär. Çaga haçanda predmetleri olaryň formalaryna, ululygyna, reňkine laýyklykda saýlanda, onda daşky oriýentirleýji hereketler kemala gelýär. Daşky oriýentirleýji hereketleri üstünlikli özleşdirmek çaganyň haýsy predmetler bilen manipulirleýändigine bagly bolýar. Şu ýaşdaky çagalara niýetlenen oýunjaklaryň esasy bölegininiň gurluşynda olary biri-birine baglanyşdyrmak zerurlygy goýlan ýaly bolýar (matrýoşkalar, gapyrjaklar, mozaika we ş. m.). Şeýle oýunjaklar awtodidaktiki, ýagny öziöwrediji atlandyrylýar.

Daşky oriýentirleýji hereketleriň kömegi bilen predmetleriň häsiýetlerini baglanyşdyrmakdan, deňeşdirmekden çaga predmetleriň häsiýetlerini görüş arkaly baglanyşdyrmaklyga geçýär. Kabul ediş hereketleriniň täze tipi kemala gelýär.

Görüş kabul edişi bilen bir hatarda irki çagalykda eşidiş kabul edişi hem ösýär. Aýratyn-da, fonematik eşidiş zarply ösýär. Ikinji ýylyň ahyrynda çagalar, adatça, ene diliň ähli fonemalaryny kabul edýär. Ýöne fonematik eşidişiň kämilleşmegi soňraky ýyllarda hem dowam edýär.

Çaganyň pikirlenmesiniň ösüşi, birinjiden, çaganyň öz işine (pikirlenmäniň esasynda onuň duýma tejribesi durýar) we ikinjiden, hereket usullaryny öwredýän we predmetleriň jemleýji adyny berýän ulularyň täsirine bagly bolýar. Predmetler bilen amaly hereketler çalt-çaltdan çaganyň takyk ýagdaýda döreýän ýumuşlary çözmegine

getirýär. Hereketde tebigy öwrediliş döreýär: predmete täsir etmek bilen çaga bir hereketleriň şowly, beýlekileriň bolsa şowsuzlygyna göz ýetirýär. Öňki hereketiň tejribesi soňkuda şöhlelenýär. Pikirlenme predmet ýumşuny çözmegiň prosesinde amala aşyrylýar we aýdyň hereket häsiýetde bolýar.

Şahsy amaly tejribe näçe ähmiýetli bolsa-da, çaganyň pikirlenmesiniň ösüşinde sosial gurşawyň täsiri aýgytlaýjydyr. Özüniň intellektual çözgütlerinde çaga hemişe uly adama oriýentirlenýär. Ulularyň predmetler bilen edýän hereketlerini synlamakda çaga amaly predmet işiň adama mahsus görnüşlerini özleşdirýär. Predmetler bilen hereketlerinde çaga dürli predmetleriň meňzeş görnüşde ulanylyp bilinýändigini özi üçin açýar. Şeýle açyşlar diňe birmeňzeş (haýsydyr bir alamatlary boýunça) predmetleriň jemlenilmegine däl, işiň tejribesiniň hem jemlenilmegine getirýär.

Pikirlenmäniň ösmegi üçin gurallaýyn hereketler aýratyn möhümdir. Gural çaganyň predmet dünýäsine täsirini aralaşdyrýar. Gural dürli ýagdaýlarda we dürli predmetlere degişlilikde ulanylyp, jemlenilmäniň ilkinji göterijisi bolýar.

Pikirlenmäniň çaganyň ösüşiniň dürli tapgyrlaryndaky hil taýdan özgermesi onuň amaly predmet işiniň adama mahsus formalaryny özleşdirmegine hem-de çaganyň kem-kemden adamyň sözleýşine gatnaşdyrylmagyna bagly bolýar. Iň uly tejribäni çaga ulular bilen sözüsti aragatnaşyga goşulýandygy mynasybetli kabul edýär. Çaga adamzat tarapyndan esaslandyrylan düşünjeleri, pikirlenme usullaryny özleşdirýär. Ululara öýkünip, ol pikir ýöretmäni we pikir jemlemäni dogry guramagy öwrenýär. Aýdylyşy ýaly, keseki tejribäniň taýýar görnüşleri çaga irki döwürlerden iş hem-de söz bilen teklip edilýär.

Irki çagalyk ýaşda uly adamyň sözi aýdyň-hereket pikirlenmesiniň ösmegine ýardam edip bilýär. Uly adam ol ýa-da beýleki pursatlaýyn ýumşuň çözüliş usulyny çaga diňe hereket bilen däl, söz bilen hem ýaňzydyp bilýär. Meselem, eger körpe gapyrjagy ýatalganyň (krowadyň) gözeneginden çekip almaga dyzanda, onuň hereketiniň netijesizdigine göz ýetirýän uly adam: «Gapyrjagy öwürseň ol geçer» diýip, çagada zerur hereketi döredip bilýär.

Çaga irki çagalykda işi ýerine ýetirýän wagtynda aýtgylar aýdyp bilýär. Emma birinji tapgyrda sözleýiş göýä garaşsyz hadysa ýaly

görünýär: çaganyň özüni alyp barşynda bu ýagdaýda işiň sözleýiş we intellektual görnüşlerini ýüze çykarmak bolýar. Soň-soňlar bu işler birleşýär we sözleýiş pikirlenmesini emele getirýär.

Üçünji ýylda çaganyň akyl ösüşinde möhüm ilerleme bolup, ol mundan beýläk işiň täze, has çylşyrymly görnüşlerini özleşdirmekde aýgytlaýjy bolýar: aňyň belgileme (ýa-da simwolik) funksiýasy kemala gelip başlaýar. Onuň manysy bir obýekti beýlekiniň orun çalyşmasy hökmünde ulanmakdan ybaratdyr. Şeýle ýagdaýda predmetler bilen hereketler olaryň özleri bilen däl-de, olaryň çalşyrylyjylary bilen amala aşyrylýar.

Dürli belgileri we olaryň ulgamyny ulanmaklyk adamyň psihikasynyň iň bir häsiýetli aýratynlygydyr. Belgileriň islendik görnüşi (dil, matematiki simwolika, dünýäni suratlarda, saz melodiýalarynda şekillendirýän sungat we ş. m.) adamlaryň arasyndaky aragatnaşyga hyzmat edýär we predmetleri we hadysalary belgileýär, aňladýar. Irki ýaşda belgi funksiýasy ilki amaly iş bilen baglanyşykda ösýär we diňe soň-soňlar söz ulanyş ulgamyna geçirilýär.

**Çaga we uly adam.** Ululara gatnaşyk ontogenezde çagada bada-bat diýen ýaly ýüze çykyp, onuň öz deň-duşlary bilen gatnaşyklary gijräk döreýär.

Ilkibaşda çaga ula gös-göni garaşlylykda bolýar. Çaga eýýäm körpelik ýaşyndan uludan erjellik bilen oňyn gatnaşyklary gazanyp ugraýar. Çaga ulular bilen oňyn häsiýetli özara gatnaşykda bolanda onuň işjeňligi iň ýokary derejede bolýar.

Deň-duşlar bilen özara gatnaşygyň häsiýeti köp derejede çaganyň ulular bilen özara gatnaşygyna bagly bolýar. Eger-de uly adam çaga duýgy-emosional gatnaşyklaryň oňyn usullaryny üpjün edýän bolsa, çaga onuň aladasyny duýýar we deň-duşlary bilen hem işjeň aragatnaşyga goşulýar. Çaga tutuş dünýäni söýýär, ol beýlekileriň şowsuzlygyna duýgudaşlyk bildirmäge, şatlygyna şatlanmaga taýýar; şeýle duýgusy bolan deň-duşlary bilen aragatnaşyga meýilli bolýar we olara degişlilikde özara gatnaşygyň ýerlikli usullaryny agtarýar.

Ulularyň şeýle aladasy we çaganyň hususy ugurtapyjylygy bolmasa, çaganyň sosial işjeňligi üzül-kesil peselýär, ýitýär. Ol ähli erbetligi oňlamaýar. Edil öňküleri ýaly onuň çagalar bilen oýnasy gelmeýär, olardan kesekileşýär, ulular onuň işjeňliginiň hemişelik güýçlendirijisi bolýar.

Çaganyň ululardan göni garaşlylygynyň ýerliginde, onuň bilen oňyn gatnaşyklarynda ilkinji düzgünleriň özleşdirilmegi amala aşyrylýar. Has ýaýraň görnüşde bu proses irki çagalykda, çaga haçanda sosial kadalaryň ýönekeý toplumyny özleşdirmäge ukyply bolanda başlanýar. Bu kadalar ýada ornaşdyrylýar, özleşdirilýär we gündelik durmuşyň ahli ýagdaýlarynda özüňi alyp barşa gollanma bolýar.

Haçanda çaga predmetleriň ulanylyş düzgünlerini özleşdirip başlanda, ol psihologik jähetde hemişelik zatlaryň dünýäsine girýär. Hut şu ýerden hem ol özüniň sosial ösüşiniň hakyky taryhyny başlaýar. Predmetler indi bellibir niýetlenmesi we ulanylyş usuly bolan zatlar hökmünde onuň öňünde durýar. Predmetleriň adaty durmuşda jemgyýet tarapyndan berkidilen hemişelik niýetlenmesiniň bardygy çaga öwredilýär. Adaty däl – ekstremal ýagdaýda predmetiň ähmiýetiniň üýtgäp bilýändigi kiçi çaga entek aýdylmaýar. Çaga deslap predmetiň hakyky niýetlenmesine göz ýetirýär. Ol kesgitli ulanylyş usuly bolan predmetleriň bardygyna akyl ýetirýär (geýim-gejim, gural, gap-gaç, mebel). Ulanylyş usullarynyň bozulmagy özüňi alyp barşyň düzgünleriniň bozulmagy hökmünde seredilýär. Diýmek, haçanda çaga psihologik jähtden predmet işine gönügende, onuň sosial ösüşi hemişelik zatlaryň dünýäsindäki we bu zatlar boýunça adamlar bilen özara gatnaşyklar dünýäsindäki ýönekeý özüňi alyp baryş normalarynyň özleşdirilişine syrygýar. Irki ýaşda çaga teklip edilýän normalar birmazmunly we kesgitlidir. Olar düzgünleriň ulgamy ýa-da düzgünleriň özara hereketi görnüşinde çaga habar berilmeýär. Düzgünler körpe problema situasiýalaryny (mesele ýagdaýlaryny) hemişe birmazmunly işlär ýaly teklip edilýär. Munuň adaty durmuş şertlerinde mümkin bolýandygynyň sebäbi çaganyň göz ýetirýän ilkinji düzgünleriniň oňa gös-göni zerur bolýandygy bilen baglydyr (sabyn bilen el ýuwulýandygy, kürüşgeden içilýändigi, çemçe bilen iýmitiň agza eltilýändigi we ş. m. biziň üçin adaty hakykat bolsa-da, entek çaga üçin hakykat däldir). Uly adam bu düzgünleri dülüsti aňladyşda we real durmuş ýagdaýlarynda hemişe birmazmunly teklip edýär, ol düzgünleriň göterijisi, predmetler bilen özüňi alyp baryşda nusga bolýar. Düzgün hut şonuň üçin ulularyň duýgy-emosional makullamasynyň ýerliginde çaganyň içki psihiki dünýäsine geçýär (interiozirlenýär) we çaganyň özüni alyp barşyny kesgitleýän mazmuna öwrülýär.

**Çaga şahsyýetiniň kemala gelşiniň başlangyç tapgyry.** Irki çagalykda çaganyň we ulynyň arasyndaky bilelikdäki iş ýokary depginde ösýär. Aragatnaşykda uly adam kommunikasiýa (maglumat alyşmak) ýolbaşçylygy öz üstüne alýar. Ol özara düşünişmegi guraýar. Predmet işinde uly adam arkalaşygyň häsiýetini kesgitleýär.

Bu döwürde çagalar töweregindäki predmetleriň atlaryny bilmäge çalyşýar. Ululara eýerip, çaga öz adyny olaryň atlandyryşy ýaly tutýar. Ikinji ýylyň ahyrynda özüni adyň boýunça tutmagy ol at çalyşmasy – «men» bilen çalyşýar. «Men» ulgamy irki çagalygyň ahyrynda döreýän merkezi gurluşdyr (L.I. Božowiç). Körpe özüni uludan aýry-başgalamagy öwrenýär we özüne özbaşdak «men» hökmünde garap başlaýar; başgaça aýdanyňda onda öz-özüňi aňlaýşyň başlangyç görnüşleri döreýär. Sözleýişde çaga indi özüni üýtgewsiz gurluş görnüşinde tapawutlandyrýar, öz hereketlerini bolsa geldi-geçer häsiýetlendirýär: «Häzir Aman otyr, indi Aman ylgaýar, indi Aman ýykyldy». Çaga öz hereketlerini özünden aýyrmagy öwrenýär.

Ösüşdäki üstünlikler körpäniň tutuş özüni alyp barşyny hil taýdan özgerdýär. Ulynyň roly öňküler ýaly aýgytlaýjy bolsa-da, özüniň amaly durmuşynyň çäkli ulgamynda we özüniň uly bolmadyk mümkinçilikleriniň çäginde çaga ulularyň kömegini alman hereket etmäge çalyşýar. Täze meýiller çaganyň işjeňligini güýçlendirýär («Özüm etjek») we ulular bilen özara gatnaşyklaryň täze görnüşleriniň döremegine getirýär. Bu döwür öwrülişikli döwür atlandyrylýar («üç ýaşyň çökgünligi – krizisi»): özüniň keçjallygy bilen çydamsyz ýagdaý döredýän çaga bilen özara gatnaşygynda ulular kynçylyk çekip başlaýar.

Üç ýaşlylaryň krizisi çaganyň ulular bilen özara gatnaşygynyň ösüşinde obýektiw häsiýetde bolýan hadysadyr. Çagada öz isleglerini özbaşdak kanagatlandyrmaga ýykgynlylyk döräp, uly adam bolsa gatnaşyklaryň köne tipini saklaýar we çaganyň işjeňligini çäklendirýär. Kadaly, dogry ösýän çaga öňki gatnaşyklara garşylyk görkezýär. Ol ynjyklyk görkezýär, ähli zady tersine edýär, ulularyň talaplaryna oňyn däl gatnaşygyny her ädimde ýüze çykarýar. Şeýle özüňi alyp baryş hemme adamlara ýaýradylmaýar: çaganyň negatiwizmi diňe onuň erkinligine ýol bermeýänlere degişlilikde döreýär. Eger-de ulular çaganyň özbaşdaklygyny pähimli goldasalar, özara gatnaşykdaky kynçylyklar ýeňlip geçilýär.

Üç ýaşyň krizisi geldi-geçer hadysa bolup, ýöne onuň bilen baglanyşykly täze gurluş – özüňi gurşawdakylardan aýry-başgalamak, özüňi beýleki adamlar bilen deňeşdirmek çaganyň psihiki ösüşinde möhüm ädimdir.

Ulular ýaly bolmaga ymtylyşyň doly çözülişi diňe oýun görnüşinde mümkin bolýar (diňe oýunda çaga dükana gidip, nahar taýýarlap, raketada äleme uçup we ş. m. bilýär). Şonuň üçin üç ýaşyň krizisi çaganyň oýun işine geçmegi arakaly çözülýär.

## III. 3. Mekdebe çenli ýaş döwründe çaganyň psihologik ösüşiniň aýratynlyklary

Mekdebe çenli çagalykda (üç ýaşdan alty-ýedi ýaşa çenli) bedeniň kemallanmagy ýokary depginde dowam edýär. Umumy ösüş bilen bir hatarda beden agzalarynyň we dokumalarynyň anatomik we funksional kemala gelşi bolup geçýär. Beden süňkleriniň berkemegi, beden etiniň agramynyň artmagy, dem alyş organlarynyň we gan aýlanyşynyň ösüşi uly ähmiýete eýe bolýar. Beýniniň agramy 1110 gramdan 1350 grama çenli ulalýar. Uly ýarymşarlaryň gabygynyň dolandyryjy roly, onuň gabygasty merkezlere gözegçiligi güýçlenýär. Şertli reflesleriň döreýşiniň tizligi artýar, aýratyn-da, ikinji signal ulgamy çalt ösýär.

Fiziki ösüş çaganyň ýokary özbaşdaklygyna, terbiýe we okatmak prosesinde onuň jemgyýetçilik tejribesiniň täze görnüşlerini özleşdirmegine zerur şertleri döredýär.

Mekdebe çenli ýaşda çaganyň ösüşiniň sosial situasiýasynyň (ýagdaýynyň) täze görnüşi döreýär. Mekdebe çenli ýaşlynyň töweregindäki adamlaryň arasyndaky eýeleýän orny irki çagalyk ýaşyndaky çaganyňkydan düýpli tapawutlanýar. Çagada ýönekeý borçlaryň toplumy döreýär. Çaganyň ulular bilen baglanyşygy täze-täze görnüşlere eýe bolýar: bilelikdäki iş ulularyň görkezmelerini özbaşdak ýerine ýetirmek bilen çalyşýar; çagany bellibir maksatnama boýunça yzygider okatmak ilkinji gezek mümkin bolýar we bu maksatnamany amal etmek çaga aňynyň özleşdiriş derejesine bagly bolýar.

Deň-duşlar bilen bellibir özara gatnaşyklaryň döremegi, «çagalaryň jemgyýetiniň» kemala gelmegi mekdebe çenli ýaşyň düýpli

aýratynlygydyr. Mekdebe çenli ýaşlynyň beýleki adamlara degişlilikdäki hususy içki orny (pozisiýasy) öz «meniňi» we öz hereketleriňi kem-kemden ýokary derejede aňlamak, ulularyň dünýäsine, olaryň işine we özara gatnaşyklaryna güýçli höwes bilen utgaşýar.

Mekdebe çenli ýaşlynyň ösüşiniň sosial situasiýasynyň aýratynlyklary oňa häsiýetli bolan işiň görnüşlerinde, ilkinji nobatda sýužet-rollaýyn (ýordum-rollaýyn) oýunda ýüze çykýar. Ulularyň dünýäsine goşulmaga ymtylyşyň çagada munuň üçin zerur bilim-düşünjeleriň we başarnyklaryň ýoklugy bilen utgaşýanlygy üçin çaga bu dünýäni özüne elýeter oýun görnüşinde özleşdirýär. Mekdebe çenli ýaşlylaryň ösüşi üçin aýratyn oňaýly şertleri mekdebe çenli jemgyýetçilik terbiýe ulgamy döredýär. Mekdebe çenli edaralarda çagalary okatmagyň maksatnamasy amala aşyrylýar, olaryň bilelikdäki işiniň ilkinji görnüşleri döreýär, jemgyýetçilik pikir kemala gelýär. Ýörite barlaglaryň görkezişine görä, çagalar baglarynda terbiýelenen çagalaryň psihiki ösüşiniň umumy derejesi we mekdepde okadylmaga taýýarlyk derejesi bu edaralara gatnamadyklaryňkydan has ýokary bolýar.

**Mekdebe çenli ýaşly çaganyň işiniň esasy görnüşleri.** Öň aýdylyşy ýaly, mekdebe çenli ýaşda işiň esasy görnüşi oýundyr. Oýnuň bu ýaşda aýgytlaýjy ähmiýeti häzirki zaman çagasynyň bu ýaşda köp wagtyny gyzykly oýunlarda geçirýändigi üçin däl-de, onuň ulularyň işine örän az goşulýandygy we zähmet işine düýpgöter diýen ýaly gatnaşmaýanlygy sebäplidir. Oýun çaganyň psihikasynda hil özgertmelerini döredýär, ýagny mekdep ýyllarynda kesgitleýji boljak okuw işiniň esaslary kemala gelýär.

Çaganyň durmuşa ymtylmasy entek ulular bilen bilelikdäki zähmet esasynda kanagatlandyrylyp bilinmeýär. Bu islegi çagalar oýunda kanagatlandyryp başlaýarlar. Oýunda olar diňe bir zähmet durmuşyny däl, eýsem öz üstüne ulularyň roluny almak bilen sosial gatnaşyklary-da dikeldýärler. Çaganyň jemgyýetdäki şeýle aýratyn orny çaganyň ulularyň durmuşyna goşulyşynyň özboluşly görnüşi bolan rollaýyn oýnuň döremeginiň esasyny düzýär. Oýunda adamlaryň arasynda bolýan gatnaşyklar çaga üçin ilkinji gezek açylýar, ol her bir işe gatnaşmagyň adamdan bellibir borçlary berjaý etmegi talap edýändigine we özüne bellibir hukuklary berýändigine düşünýär. Meselem, alyjynyň roluny ýerine ýetirende çaga satyn almaga niýetleýän

zadyny endigan synlamaga, edilýän hyzmat barada bellik etmäge hukuklydygyna, ýöne dükandan çykmanka alan zatlary üçin töleg etmelidigine akyl ýetirýär. Ýordumlaýyn (sýužet) oýunda roly ýerine ýetirmeklik roluň özüňe ýükleýän borçlaryny göz öňüne tutmak oýuna beýleki gatnaşyjylara degişlilikde hukuklary amala aşyrmak bilen baglanyşykly bolýar. Bellibir rollary yzygider ýerine ýetirmeklik oýnaýan çagalarda tertipliligi döredýär. Bilelikdäki işde olar öz hereketlerini ylalaşykly sazlamagy öwrenýärler. Çagalar toparynyň beýleki agzalary bilen şeýle real özara gatnaşyklar diňe kollektiwiň bähbidini ileri tutmak sypatlaryny kemala getirmän, çaganyň öz-özüni aňlaýşyny ýokary derejä göterýär. Deň-duşlara, kollektiwiň kemala gelip ugran pikirine oriýentirlenmek, çagada sosial duýgulary kemala getirýär: özbaşdaklyk, toparyň yzyna eýermek, duýgudaşlyga ukyplylyk we ş. m.

Şeýlelikde, eger oýnuň sýužeti (ýordumy) çaga iş we ulularyň özara gatnaşyklary bilen tanyşmaga mümkinçilik berse, real özara gatnaşyklar oňa çagalaryň oýunlarynda bolýan dürli ýagdaýlarda özüňi kadaly alyp barmak başarnygyny öwredýär. Her bir çaga oýnuň umumy ýagdaýyna (situasiýasyna), çagalaryň şu toparynyň talaplaryna we öz şahsy ukyplaryna laýyklykda özüni alyp barmagy öwrenýär. Özüňi alyp barşy saýlamaklyk çagalaryň umumy düzümine we öz hususy mümkinçilikleriňi bahalandyrmaga bagly bolýar. Çagalaryň biri öňbaşçy bolmagy söýse, başga birleri kölegede saklanmagy makul bilýär. Oýunda eýelenýän orun entek çaganyň işjeň dällik çägini kesgitlemeýär.

Mekdebe çenli ýaşly çagalaryň deň-duşlary bilen özara hereket prosesinde olarda ösýän özüňi ykrar etdirmek islegi deň-duşlar toparynda hemmeler üçin ähmiýetli orna dalaş etmekde ýüze çykýar. Dalaş sosial işjeňligiň tebigy görnüşi, şahsyýetiň kadaly ösüşiniň şertidir. Ýöne bu hadysany daşdan synlamak kyndyr, sebäbi çaga ähmiýetli orna dalaşyny aýratyn, özi üçin amatly şertlerde ýüze çykarýar.

Deň-duşlary bilen bilelikdäki oýunda çagada özüni beýleki adamlara ykrar etdirmek islegi ýüze çykýar. Haçanda bu isleg oýunda at-abraýly (statusly) rola dalaş etmekde ýüze çykanda, ýeňiji bilen özüňi birleşdirmek (identifikasiýa) çylşyrymlaşýar. Çaga sosial we dalaş edýän gurluş hökmünde ykrar edilene duýgudaşlykly guwan-

maklyk, ýeňijiniň şatlygyna begenmeklik çylşyrymly bolýar. Adatça dartgynly rollar paýlanylanda we oýna rollar eýýäm paýlanandan soňra goşulmak pursadynda ýokary derejä ýetýär. Özüňi ykrar etdirmek islegi we duýgudaşlyga ukyplylyk bilelikdäki iş bilen meşgul deň-duşlaryň toparyndaky gatnaşyklar boýunça döredilýär. Aýdylanlar çagalaryň oýnaýan toparyny sosial gatnaşyklaryň özboluşly mekdebi görnüşinde düşünmäge mümkinçilik berýär, bu gatnaşyklarda özüňi alyp barşyň sosial görnüşleri hemişe modelirlenýär (nusgalaşdyrylýar) we berkidilýär. Oýnamak bilen çagalar ynsana mahsus arkalaşyk ukyplaryny öwrenýär.

Çaga oýunda real predmeti oýunjak ýa-da tötänleýin zat bilen çalşyrmak mümkinçiligine göz ýetirýär. Real predmetleri çalşyrmagy ol ululardan öwrenýär. Mekdebe çenli ýaşly çaga daşjagaz bilen çöregi, taýajyk bilen adamy çalşyryp bilýär. Ol diňe bir predmeti beýlekiler bilen çalşyrman, predmetleri, haýwanlary we beýleki adamlary öz şahsy bilen çalşyryp bilýär. Meselem, çaga tüpeň atýar we öldürilen hasaplanylýan möjege derek özi ýykylýar, hyýalda döredilen otlyny sürýär we özi oňa derek sygyrýar we tizligi ýokarlandyrýar.

Şeýlelikde, oýun bu tapgyrda simwoliki häsiýete eýe bolýar. Simwoliki oýun, çaganyň simwollary ulanmagy onuň psihikasynyň ösüşinde aýgytlaýjy pursatdyr. Simwollary ulanmak, bir obýekti beýleki bilen çalşyrmak, sosial belgileri mundan beýläk özleşdirmegi üpjün edýän gazanylyşdyr. Simwoliki funksiýanyň ösmegi mynasybetli çagada zatlary klassifikasiýa edýän (görnüşlere bölýän) kabul ediş kemala gelýär, intellektiň mazmun tarapy we adama mahsus beýleki ukyplary özgerýär. Ýöne predmetleriň bir görnüşini beýlekiler bilen çalşyrmagyň entek çaga oýnunda ähli zadyň ähli zat bolup bilýändigini aňlatmaýanlygy üns bererlikdir. Çaga orun tutujy predmetleriň häsiýetlerine oriýentirlenýär. Meselem, «dükan» oýnuny oýnamak üçin materiallary ýygnap, mekdebe çenli ýaşly çaga haçanda ak kerpiç – buzgaýmagy, gyzyl silindir – kolbasany, ýaşyl plastmassa tegelejikler – almany we ş. m. çalşyranda kanagat tapýar. Oýunjak tüpeň zerur ýagdaýda – adama, gapyrjak – öýe öwrülip bilýär. Şeýle we şuňa meňzeş öwrülmeler formanyň, reňkiň ýa-da funksional aýratynlyklaryň meňzeşligi boýunça döredilýär. Çaga predmete at berenden soňra onuň öňki adyna däl-de, täze adyna laýyklykda hereket

edip başlaýar. Eger taýak ýaraga öwrülen bolsa – ondan atylýar, ata öwrülen bolsa – çapylýar, eger gämä öwrülen bolsa – onda ýüzülýär we kenara ýanalýar.

Oýun işi erkli ünsüň we erkli ýada ornaşdyrmanyň ösüşine ýardam edýär. Çagalar oýun şertlerinde laboratoriýa tejribesi ýagdaýyndan has dykgatly bolýar we oňat ýada ornaşdyrýar. Ünsi jemlemek, ýada ornaşdyrmak we hakyda getirmek aňlanylýan maksat hökmünde oýunda has ir we ýeňil ýüze çykýar. Oýnuň şertleri gatnaşyjylardan oýna girizilen predmetlerde, edilýän hereketleriň we sýužetiň – ýordumyň mazmunynda ünsi jemlemegi talap edýär.

Eger-de çaga oýun situasiýasynyň (ýagdaýynyň) özünden talap edýän zadyna ünsli bolmasa, oýnuň şertlerini ýatda saklamasa, deň-duşlary ony oýundan çykarýar. Aragatnaşyga, emosional-duýgy höweslendirilmä isleg çagalary maksadagönükdirilmeli ünslülige we ýada ornaşdyrmaga mejbur edýär.

Oýun sözleýşiň ösüşine has güýçli täsir edýär. Oýun ýagdaýy (situasiýasy) oňa goşulýan her bir çagadan kommunikasiýa – aragatnaşyk guramaga bellibir ukyplary talap edýär. Eger-de çaga oýnuň gidişi barada öz pikirini düşnükli aýdyp bilmese, eger-de ol oýundaky ýoldaşlarynyň sözüsti görkezmelerine düşünmese, deň-duşlary oňa nägilelik bildirip başlaýar. Şeýle ýagdaýda döreýän emosional-duýgy oňaýsyzlyk sözleýşiň ösüşini ugrukdyrýar. Psihologik edebiýatda deň-duşlary bilen aragatnaşykda bolmak mümkinçiliginden mahrum bolan iki oglanyň – ekizleriň psihiki ösüşiniň kadasyzlygy beýan edilýär. Bu ekizleriň biri-biri bilen aragatnaşygynda diňe olaryň özlerine düşnükli bolan awtonom sözleýiş kemala gelipdir. Ekizler diňe bellibir wagt aralygynda aýrylyşdyrylyp, dürli çaga kollektiwlerine goşulanlaryndan soňra çagalarda kadaly sözüsti aragatnaşygyň ukyplary döräpdir.

Sözleýiş intellektual ösüşe uly täsir edýär: çaga oýunda predmetleri we hereketleri jemlemegi, sözüň jemleýji manysyny ulanmagy we ş. m. öwrenýär. Oýun situasiýasyna (ýagdaýyna) goşulmaklyk çaganyň akyl işiniň dürli görnüşleriniň şertidir. Çaga predmetiň öz hakyky adyny däl-de (onuň hakyky adyny oňat bilýän-de bolsa), oňa oýnuň şu pursadynda zerur bolýan predmetiň adyny berýän wagtynda ol predmet manipulirlemesinden göz öňüne getirmede pikirlen-

mä geçýär. Bu ýagdaýda saýlanyp alnan zat, birinjiden, göz öňünde tutulýan predmet baradaky pikire daýanç, ikinjiden bolsa, bu predmet bilen real hereketler üçin daýanja öwrülýär. Şeýlelikde, oýunda pikir giňişliginde hereketlenmek ukyby ösüp başlaýar. Ilkibaşda pikir giňişliginde hereketlenmek diňe real predmetlere daýanmakda geçýär. Çaga täze atlandyran predmetleri bilen real hereketlerden kem-kemden içki, hakyky akyl hereketlere geçýär. Oýun hereketleriniň gysgalmagy we jemlenmegi akyl hereketlerine geçmegiň esasyny düzýär.

Rollaýyn oýunlar psihiki işiň beýleki görnüşleriniň ösüşi üçin hem ähmiýetli bolýar. Meselem, hyýal diňe oýun şertlerinde we onuň täsirinde ösüp başlaýar.

Mekdebe çenli ýaşyň dowamynda oýnuň mazmuny hil taýdan özgerýär. Kiçi mekdebe çenli ýaşlylaryň oýnunyň esasy mazmuny oýun predmetleri arkaly ulularyň real predmetleri bilen hereketlerini gaýtadan dikeltmek häsiýetinde bolýar. Meselem, üç ýaşly çagalar stoluň üstüni tämizleýär, poly süpürýär, çöregi kesýär, aýakgaby arassalaýar we ş. m. Hereketleri gaýtadan dikeltmek kiçi mekdebe çenli ýaşlynyň oýnunyň esasy mazmunyny düzýär. Çagalar bu döwürde, esasan, ýekelikde oýnaýar. Hatda olar oýun materialy ýa-da uly adam tarapyndan ýörite topara birleşdirilse-de, bu barybir bilelikdäki iş däl-de, biri-biriniň ýanynda oýnamak bolýar. Çagalar biri-birleriniň işine az üns berýärler we her kim öz predmeti bilen asuda oýnaýar.

Uly mekdebe çenli ýaşlylarda oýun köp derejede başgaça geçýär. Eger-de körpeler ulylardan kabul edilen aýry-aýry hereketleri ýerine ýetirende entek bu hereketlere laýyk rollary öz üstüne almaýan bolsa, uly ýaşly çagalar bu ýagdaýda haýsydyr bir roly oýnap başlaýar. Meselem, eger-de iki-üç ýaşly çaga gurjagy yraýan bolsa, ol enäniň roluny öz üstüne almaýar we bu ýagdaýda oňa daşyndakylar: «Sen kim?» diýip sorasa, ol öz adyny aýdýar. Bäş-alty ýaşly çaga bolsa «eje» diýýär. Bu ýaşda çaga bu hereketleri diňe hereket üçin ýerine ýetirmän, eýsem hereketler rola goşulýar. Indi ýaýraň, gaýtalanýan hereketler bolmaýar. Çaganyň ýerine ýetirýän hereketleri köp derejede jemlenen häsiýete eýe bolýar. Oýnuň ösüşiniň bu tapgyrynda çagany adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar gyzyklandyryp başlaýar. Hereketler indi gatnaşyklaryň ýaýbaňlanmagy üçin serişde bolýar. Entek oýnuň başynda çagalar kimiň kim bolmalydygyny şertleşýärler. Bu

ýagdaýda, öň bellenilişi ýaly, sosial rollar özleşdirilýär. Çagalaryň oýny çaga bolmak üçin oýnaýan wagty-da seýrek bolmaýar. Şeýle ýagdaýlarda olar özleriniň adam gatnaşyklary ulgamyndaky ornuny oňat aňlaýarlar, öz ýetmezçiligine we güýjüne göz ýetirýärler.

Ulular bilen real gatnaşyklarynda çaganyň diňe bir çaga bolmak däl, eýsem onuň roluny oýnamaga mümkinçiligi bolýar. Soňky ýagdaýda ol ulularyň resmi häkimiýeti bolsa-da olary öz islegine görä dolandyryp bilýär. Meselem, çaga ulularyň üns merkezinde bolmak, öz islegine ýetmek üçin özüniň «çagalygyndan» peýdalanyp bilýär. Çaga ejizligi täsirli güýje öwrülýär we çaga ony ulanmagy öwrenýär.

Durmuş tejribesiniň ýoklugy we köp zatlary çalt öwrenmäge ymtylmasy çagada ýokary derejedäki çemeçilligi – maksimallyga ýykgynlygy döredýär. «Bu bolup bilýär», «bu asla bolup bilmeýär», «bu gowy», «bu erbet» we ş. m. çaga bahalandyryşynyň giň ýaýran görnüşleridir. Bu ýerden düzgüne söýgi döreýär. Düzgüne tabynlyk uly mekdebe çenli ýaşlylaryň oýnunyň mazmunynda esasy orna geçýär. Özüňi çäklendirmek, gatnaşyklarda tertiplilik aýgytlaýjy bolýar. Oýunda çagalar öz hereketlerini beýlekileriňkä ýeňillik bilen sazlaşdyrýar, öz üstüne alan rolunyň mazmynyna girýändigi üçin olar biri-birlerine tabyn bolýarlar we eglişik edýärler. Rollaýyn özara tabynlyk we öz hereketleriňi ylalaşdyrmak öz deň-duşlaryňdan kimdir birine dowamly höwesiň döremegi bilen gabatlaşýar. Oýun indi işjeň aragatnaşyk üçin sebäp we serişdä öwrülýär. Beýleki çaga bilen bilelikde hereket etmeklik aragatnaşygyň sosial endikleri bolmasa ýeňil düşmeýär. Gatnaşygy ýola goýmak we deň-duşuň özüne hemdemlige meýlini ýitirmezlik üçin çaga özara düşünişmegiň ýollaryny agtarýar. Gatnaşyklardaky käbir «kellegöçgünlikler», oýundaky partnýory çalt-çaltdan çalşyrmak çaganyň adamlaryň gatnaşyklaryny özleşdirmäge ymtylmasy bilen düşündirilýär. Çaga täze-täze ülpetlik gatnaşyklaryny döredip, tanyş deň-duşlar toparynda bellibir erkinlik berýän özüňi alyp baryş formalaryny özi üçin açýar.

Mekdebe çenli ýaşlynyň psihiki ösüşinde oýun bilen bir hatarda öndüriji iş (surat çekmek, plastilindir palçykdan ýelmemek, konstruirlemek) düýpli rol oýnaýar. Bu işleriň her biri öňden nazarlanylan sypatlary bolan bellibir önüm almaga (suraty, ýasalyşy) gönükdirilen bolýar. Çagadan, hatda işiň prosesi şu pursatda özüni gyzyklandyrmaýan hem bolsa, nazarlanylan niýeti yzygider amal etmek, önü-

mi döretmek talap edilýär. Kiçi mekdebe çenli ýaşlylaryň entek öz hereketlerini şeýle talaplara tabyn edip bilmeýändigi düşnüklidir. Ilki-ilkiler olary işiň netijesi däl-de, işiň gidiş prosesi (kubikleriň üsti-üstüne goýluşy, palçygyň formasynyň özgermegi, galamyň kagyzda yz galdyryşy) özüne çekýär. Netije almaga gönükdirilme kem-kemden işiň özleşdirilişiniň gidişinde döreýär. Şeýle gönükdirilmäniň döremeginde çaga hereketleriň zerur daşky, amaly we içki, psihiki görnüşlerini özleşdirýär, onda estetiki duýgular we döredijilik ukyplary kemala gelýär.

Çagalaryň çekýän suraty psihologlaryň ünsüni çekýär. Mekdebe çenli ýaşlylaryň suratlary özboluşly aýratynlyklary bilen tapawutlanýar: olar shema häsiýetli (adam birnäçe çyzyklar bilen şekillendirilýär), olarda predmetleriň ululyk boýunça özara dogry utgaşmalary bozulýar (gül öýden uly bolup bilýär) we şeýle-de giňişlik gatnaşyklary berjaý edilmän, kähalatlarda predmet birbada birnäçe tarapdan şekillendirilýär we ş. m. Bu aýratynlyklar bellibir derejede çagalaryň suratlarynyň, köplenç, oýnuň ýa-da gyzykly wakalar baradaky aýtgylaryň elementi bolýandygy bilen düşündirilýär. Şekillendirmede häsiýetlendirilmedik zatlaryň sözler ýa-da yşarat hereketleri arkaly üsti ýetirilýär. Başga bir tarapdan, çaganyň ulanýan şekillendiriş serişdeleriniň çäkliligi-de öz täsirini ýetirýär. Ýöne şol bir wagtda şekillendirilişiň aýratynlyklarynda çaganyň kabul edişiniň we pikirlenmesiniň häsiýetli özboluşlyklary hem ýüze çykýar. Munuň şeýledigine çaganyň öz deň-duşlarynyň çeken suratyny ýeňillik bilen tanamagy, ulularyň bolsa ony aňşyrmakda kynçylyk çekýändigi şaýatlyk edýär. Surat çekmek öwredilende çagalarda şekillendirilýän predmetleri ünsli we yzygider barlamak, olaryň häsiýetli alamatlaryny ýüze çykarmak başarnygy terbiýelenip, çagalar zerur tehniki endikler bilen ýaraglandyrylanda, mekdebe çenli ýaşda hem predmetleriň takyk suratlandyrylmagyny gazanmak bolýar. Şeýle okadylyş maksada gönükdirilen kabul edişiň we pikirlenme operasiýalarynyň ösmegine ýardam edýär. Çaga öz iş meýilnamasynyň ornaşmagyna zerur serişdeleri alýar we onuň döredijilik ukyplary ösüşe gerim alýar.

Mekdebe çenli ýaşly çagalar aýry-aýry zähmet ýumuşlaryny-da ýerine ýetirmegi öwrenýärler. Bu ýerde zähmeti entek işiň özbaşdak görnüşi atlandyrmak ir hem bolsa, şeýle ýumuşlar ýerine ýetirilende

zähmetiň ösen görnüşlerine häsiýetli bolan birnäçe psihologik sypatlar döreýär. Olaryň esasylary öz işiňi jemgyýetçilik motiwlerine tabyn etmek, bu işiň beýleki adamlara getirýän peýdasyndan ugur almakdyr. Netijede, mekdebe çenli ýaşly çaga okuw işiniň elementlerini özleşdirýär. Öwrenmek ol ýa-da beýleki görnüşde çagalaryň islendik işine mahsusdyr. Ýöne öwrenmeklik çaganyň özi üçin haçanda maksady haýsydyr bir täzeligi öwrenmek bolýan okuw ýumşy dörände aýratyn işe öwrülýär. Okuw ýumuşlaryny ýüze çykarmak diňe mekdebe çenli ýaşyň ahyrynda döreýär. Şunuň bilen baglylykda, ululary ünsli diňlemek we görkezmelerini berjaý etmek başarnygy ýüze çykýar, ýumuşlaryň ýerine ýetiriliş usulyna höwes kemala gelýär, öz-özüňe gözegçilik etmegiň deslapky başarnyklary döreýär. Okuw işi çaganyň psihikasyna, ilkinji nobatda, özerklilige, onuň psihiki prosesleriniň (kabul ediş, üns, ýat, pikirlenme) dolandyryjylygyna örän ýokary talaplary bildirýär we şunlukda, degişli psihiki sypatlaryň kemala gelmegine ýardam edýär.

**Mekdebe çenli ýaşda duýmanyň ösüşi.** Mekdebe çenli ýaş çagada duýmanyň ýoňsuz baýlaşmagynyň we sazlaşygynyň, kabul edişiň we pikirlenmäniň hususy adama mahsus görnüşleriniň özleşdirilişiniň, hyýalyň güýçli ösüşiniň, erkli ünsüň we logiki ýadyň elementleriniň döreýşiniň bolup geçýän döwrüdir.

Üç ýaşdan alty-ýedi ýaşa çenli görüş, eşidiş, deri-hereket duýgurlygynyň bosagalary düýpli peselýär. Görüşiň ýitiligi, reňkleriň öwüşginlerini tapawutlandyrmagyň inçeligi ýokarlanýar, fonema we ses belentligini eşidiş ösýär, el işjeň syzyşyň organyna öwrülýär. Ýöne bu özgermeler öz-özünden bolmaýar. Ol çaganyň kabul edişiniň barlygyň predmetlerini we hadysalaryny, olaryň dürli häsiýetlerini we gatnaşyklaryny barlamaga gönükdirilen täze hereketlerini özleşdirmeginiň netijesidir. Kabul edişiň hereketleri işiň predmetleriň we hadysalaryň häsiýetlerini ýüze çykarmagy we nazarlamagy talap edýän görnüşlerini özleşdirmek bilen baglylykda kemala gelýär. Formalary, ululyklary, reňki görüşüsti kabul edişiň ösüşine işiň netijeli görnüşleri (ýelmemek, surat çekmek, konstruirlemek) aýratyn ähmiýetli bolýar. Syzyş kabul edişi palçykdan ýelmemek, el zähmeti prosesinde, fonematik eşidiş sözüsti aragatnaşykda, ses belentligini eşitmek saz sapaklarynda ösýär.

Mekdebe çenli ýaşda kabul edişiň ösmegi üçin çagalaryň sensor (duýma) etalonlaryny özleşdirmegi aýratyn ähmiýetlidir. Sensor etalonlar – predmetleriň adamzat tarapyndan ýüze çykarylan häsiýetleriniň aýyl-saýyl we özara baglanyşykly nusgalarydyr: reňkleriň spektrleriniň, geometrik formalaryň, saz sesleriniň, diliň fonemalarynyň we ş. m. ulgamy. Sensor etalonlary çagalar kabul edişiň hereketlerini ýerine ýetirenlerinde ulanýarlar, olar barlanylýan predmetleriň aýratynlygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýän özboluşly ölçeg nusgasy bolýar.

Mekdebe çenli ýaşyň ahyryna çenli çagada entek umumy kabul edilen etalonlar doly kemala gelmeýär. Onuň kabul edişiniň ölçegi hökmünde oňat tanyş predmetleriň takyk häsiýetleri baradaky düşünje – göz öňüne getirmeler hyzmat edýär. Munuň şeýledigi çaganyň predmetleriň häsiýetlerine berýän söz aňlatmalarynda ýüze çykýar. Meselem, üçburçluk formany kesgitläp çaga oňa: «edil öý ýaly», «edil jaýyň depesi ýaly» diýýär; tegelegi kesgitläp: «top ýaly», owal forma: «hyýar ýaly», gyzyl reňke: «ülje ýaly» we ş. m. diýýär. Etalonlaryň umumy kabul edilen ulgamlaryny özleşdirmeklik kabul edişi «ynsanlaşdyrýar», çaga dünýäni jemgyýetçilik tejribesiniň prizmasynyň üsti bilen kabul etmäge mümkinçilik berýär. Eger-de etalonlaryň ulgamy bilen çaga ýörite tanyşdyrylmasa, ol etalonlary özakymlaýyn, işiň dürli görnüşlerini, esasan, öndüriji görnüşlerini ýerine ýetirende özleşdirýär. Ulanylýan material (reňkli galamlar, reňkler, mozaikalar, gurluşyk kubikleri) reňkleriň we formalaryň, ululyklaryň toplumynyň esasy nusgalaryny özünde saklaýar. Çaga predmeti şekillendirýär, nusgalary olaryň häsiýetli aýratynlyklaryna laýyklykda kombinirläp, onuň modelini gurýar. Şeýle amaly modelirleme görüş jähtden modelirlemä geçmegiň başlangyç nokady bolýar.

Kabul edişiň ösüşi ýörite guralan sensor (duýma) terbiýäniň şertlerinde has netijelidir. Surat çekmegi öwretmekde, saz sapaklarynda, didaktiki oýunlaryň prosesinde mekdebe çenli ýaşlylar sensor etalonlaryň ulgamlary bilen meýilnamalaýyn tanyşdyrylýar, predmetleri derňemegiň tärleri, olaryň häsiýetlerini özleşdirilen etalonlar bilen deňeşdirmek öwredilýär. Bu bolsa çaganyň kabul edişiniň doly, takyk we aýyl-saýyl bolmagyna getirýär.

Kabul edişiň ösüşiniň aýratyn bir ugry çeper eserleri estetiki kabul etmegi kemala getirmekdir. Şekillendirilen zady dogry kabul

etmek üçin çaga şekiliň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmagy başarmalydyr. Ol jemgyýetde kemala gelen grafiki we žiwopis kadalaryny özleşdirmelidir. Şeýle edilmese, çaga köçeden barýan çagalaryň perspektiwaly şekillendirilen (golaýdaky zatlar uly, alysdakylar kiçi görnüşde çekilen) suratyna seredip: «Bu uly oglan, bu kiçi, bu bolsa gurjak» diýýär. Ol ak kagyzyň ýerliginde reňklenen kölegesiz şekile höwesli garap, bir tarapyna kölegesi uzaýan suratlary bolsa halaman gapdala süýşürýär; kölegäni hapa, palçyk hökmünde bahalandyrýar. Şekilleri dogry okamak, çekilen predmetleri we figuralary diňe sanamak däl, eýsem sýužeti – ýordumy aňşyrmak başarnygy mekdebe çenli ýaşyň dowamynda ululary ýolbaşçylygynda suratlary synlamak amalyýetiniň täsirinde kemala gelýär. Suraty synlamak we düşünmek şekilleri kabul etmek bilen bagly ýüze çykýan estetiki duýgularyň döremegine taýýarlykdyr. Şeýle duýgular ilki bilen reňke we onuň utgaşmalaryna degişlilikde, biraz soňrak bolsa suratyň ritmine we beýleki kompozisiýa aýratynlyklaryna degişlilikde döreýär. Bu ýagdaýda synlanylýan suratlaryň hili möhüm ähmiýete eýe bolýar. Olar mümkingadar ýönekeý we dekoratiw bolmalydyr.

Çagalaryň sazy we onuň bilen bagly estetiki duýgulara ukyby suratlaryň kabul edilişinden pes derejede öwrenilendir. Çagalaryň mekdebe çenli ýaşda saz eserlerini estetiki kabul etmäge ukyplydygy subut edilendir; bu ukypda saz duýgulary, esasan, eseriň tembri we ritmi bilen kesgitlenýär. Alty-ýedi ýaşa golaý döwürde çagalar melodiýany gaýtadan dikeldip başlaýarlar we esasy zat – oňa estetiki baha berip bilýärler («ýaraýar», «ýaramaýar» görnüşde). Sazy yzygider diňlemäge, daşdakylardan oňa çuňňur emosional reaksiýa döretmegi öwrenmäge mümkinçilik bar ýerinde, çagalarda saz ukyplary ir ýüze çykýar.

**Mekdebe çenli ýaşlylaryň intellektual ösüşi.** Kabul edişiň kämilleşmegi bilen ýakyn baglylykda çaganyň pikirlenmesi ösýär. Eger-de irki çagalykda pikirlenme predmet işleriniň (köplenç, gurally işiň) prosesinde amala aşyrylýan bolsa, mekdebe çenli ýaşly çagada ol amaly hereketleriň öňünden gelýär. Bu çaganyň öz öňki tejribesinde dörän hereket usulyny beýleki, ýöne birinji bilen meňzeş däl ýagdaýlara geçirmegi öwrenmegi mynasybetli bolýar.

Mekdebe çenli ýaşda çaga durmuş ýumuşlaryny üç usulda çözüp bilýär: aýdyň hereket, aýdyň obraz (keşp) we düşünjelere esaslanýan

logiki pikir ýöretme boýunça. Çaga näçe ýaş boldugyça, ol amaly synaglardan çalt peýdalanýar, uly boldugyça bolsa, aýdyň-obraz we soňra logiki usullara ýüzlenýär.

Çaganyň pikirlenmesiniň ösüşiniň esasynda akyl hereketleriniň kemala gelşi ýatýar. Bu kemala gelşiň başlangyç nokady material predmetler bilen amala aşrylýan real hereketlerdir. Şeýle hereketlerden çaga real ýüzbe-ýüz bolunýan material predmetler bilen amala aşyrylýan içki düýrlenen (jemlenen) hereketlere geçýär we ahyrda real predmetler göz öňüne getirmeler we düşünjeler bilen çalşyrylan doly içki jähtden amal edilýän herekete geçýär. Şeýlelikde, daşky hereketleriň interiorizasiýasy (içki, psihiki giňişlige geçmegi) arkaly pikirlenmäniň aýdyň-obraz we logiki-düşünje görnüşleri döreýär.

Pikirlenmäniň ösüşiniň ýokary tapgyrlarynda (logiki görnüşlerinde) akyl hereketleri içki sözleýişde amala aşyrylýar, dürli belgi ulgamlary ulanylýar. Ýöne mekdebe çenli ýaşlynyň pikirlenmesi sözüň takyk manysyndaky belgileri däl-de, obrazlar (keşp) bilen hereketlenýär, olar bolsa bir ýagdaýda takyk predmetleri şöhlelendirýän häsiýetde bolsa, başga bir ýagdaýda bellibir derejede jemlenen we shemalaşdyrylan bolýar. Çaga ýumşuň çözülişini predmetler ýa-da olaryň orun tutujylary (şertli belgiler) bilen amal edilýän ýaýraň hereketler hökmünde göz öňüne getirýär.

Ž.Piažäniň tejribelerinde iki ýaşdan ýedi ýaş aralygynda ýumşuň akyl jähetde çözülişiniň takyk akyl eksperimenti hökmünde geçip bilýändigi görkezilýär. Awtor çaga pikirlenmesiniň özboluşly aýratynlygy hökmünde onda yzadolanyjylygyň (haýsydyr bir özgerdilmäni yzarlap, ony akylda «ters tarapa» amal edip, deslapky ýagdaýy gaýtadan dikeltmek mümkinçiligi) ýoklugyny we aýdyň situasiýanyň (ýagdaýyň) ýumşuň çözülişiniň gidişine täsir etmegini görkezýär. Kabul edişiň obrazy entek gowşak, durnuksyz göz öňüne getirmeden güýçli gelýär.

Emma, çaganyň obrazly pikirlenmesi bellibir ýagdaýlarda maksadalaýyk däl we ýalňyşlara getirýän-de bolsa, ol daşky dünýä akyl ýetirmegiň güýçli serişdesi bolýar we çaga zatlar we hadysalar barada jemleýji göz öňüne getirmeleri döretmäge mümkinçilik berýär. Bu mekdebe çenli okadylyş prosesinde doly derejede ýüze çykýar.

Ýeri gelende çaganyň intellektual ösüşiniň Ž.Piaže tarapyndan esaslandyrylan tapgyrlaryny beýen etmek ýerliklidir. Ž.Piaže

çagalaryň intellektual ösüşiniň dört tapgyryny ýüze çykarýar: 1. Sensomotor tapgyry – çaganyň doglanyndan 18 – 24 aýa çenli; 2. Operasionallykdan öňki tapgyr – 18 – 24 aýdan 7 ýaşa çenli; 3. Takyk operasiýalaryň tapgyry – 7 ýaşdan 12 ýaşa çenli; 4. Formal operasiýalar tapgyry – 12 ýaşdan soňra. Bu tapgyrlaryň geçilişiniň tizliginde çagalarda bellibir indiwidual aýratynlyklaryň bolýandygy üçin tapgyrlaryň çäkleri golaýlaşdyrylan görnüşde kesgitlenýär.

Sensomotor tapgyrynyň ahyrynda çaga, diňe nesil üsti gurluşa tabynlykdan ýönekeý simwoliki hereketlere ukyply subýekte öwrülýär. Operasionallykdan öňki tapgyryň esasy häsiýetnamasy simwollaryň, şol sanda sözleriň ulanylyp başlanmagydyr. Çaga olary, ilkinji nobatda, oýunda, öýkünmek prosesinde ulanýar. Bu tapgyrda entek oňa özüniň näme synlaýandygyny beýlekileriň nähili kabul edýändigini göz öňüne getirmek örän kyn bolýar. Ýöne, haçanda, degişli ýumşy adamlaryň real gatnaşyklaryny özünde jemleýän takyk situasiýada çözmeli bolanda, çagalar, takmynan, üç ýaşlaryndan başlap, onuň hötdesinden gelýär; şeýle ýagdaýda çaga çözülişiň tapylan düzgünini abstrakt, sözüsti görnüşde aňlatmaly bolanda kynçylyk çekýär. Şonuň üçin çaganyň şu ýagdaýdaky çekýän kynçylyklaryny sözleýşiň ýeterlik ösmändigi bilen düşündirmäge esas döreýär.

Takyk operasiýalar tapgyrynda çaga logiki düzgünlere laýyklykda amal edilýän çeýe we yzaöwrülijiligi bolan operasiýalary ýerine ýetirmek ukybyny ýüze çykarýar. Bu derejä ýeten çagalar eýýäm ýerine ýetirilýän hereketlere logiki düşündirişler berip bilýär, bir nukdaýnazardan beýlekä geçmäge ukyply, öz bahalandyrmalarynda has obýektiw bolýar. Olar möçberiň saklanmagy (Piažäniň fenomeni) bilen bagly ýumuşlary ýeňil çözýärler. Çagalar aşakdaky görnüşde aňladylýan iki möhüm logiki düzgüne intuitiw düşünmegi başarýarlar:

Eger-de $A = B$ we $B = C$, onda $A = C;\ A + B = B + A$

Intellektual ösüşiň bu tapgyrynyň beýleki möhüm häsiýetnamasy obýekti bellibir ölçeýän sypat boýunça (meselem, agramy ýa-da ululygy boýunça) ranžirlemek (derejeleýin hataryny döretmek) ukybyň döreýänligidir. Ž.Piažäniň taglymatynda bu ukyp seriýa-

laşdyrma atlandyrylýar. Çaga indi gatnaşyklary aňladýan köp sanly adalgalara düşünýär: kiçi, gysga, ýeňil, ýokary we ş. m.; obýektleriň absolýut däl-de, otnositel sypatlaryny, ýagny, obýektde beýleki obýektlere gatnaşykda ýüze çykýan sypatlary häsýetlendirýär. Bu ýaşdaky çagalar predmetleri synplara birleşdirýär, olardan synpasty görnüşleri ýüze çykarýar, olary söz bilen aňladýar. Şol bir wagtda, 12 ýaşa çenli çagalar entek abstrakt düşünjeleri ulanyp pikir ýöredip, öz pikirlerinde çaklama ýa-da hyýalda döredilýän wakalara daýanyp bilmeýärler.

12 ýaşdan başlanyp, adamyň durmuşynyň bütin dowamynda dowam edýän formal operasiýalar tapgyrynda indiwid hakyky düşünjeleri özleşdirýär, pikirlenmede çeýelik, akyl operasiýalarynyň we pikir ýöretmäniň yzaöwrülijiligini ýüze çykarýar. Bu tapgyryň häsiýetli alamaty hakyky abstrakt düşünjeleri ulanyp pikir ýöretmek ukybydyr. Tapgyryň başga bir düýpli sypaty ýumşy çözmegiň ulgamlaýyn agtarylyşy bolup, onda çözülişiň dürli nusgalary yzygider synagdan geçirilýär, her bir nusganyň netijeliligi bahalandyrylýar we deňeşdirilýär.

Mekdebe çenli ýaşda pikirlenmäniň söz-logiki görnüşleriniň ösüşi sözleýşiň we amaly hereketleriň özara gatnaşygynyň özgermesi bilen baglydyr. Kiçi mekdebe çenli ýaşlylarda amaly ýumşy çözmek prosesindäki aýtgylar degişli hereketleriň yzyndan gelýär (göýä olara netije döredýän ýaly). Indiki tapgyrda sözleýiş hereketi öňünden şöhlelendirip, meýilleşdiriji funksiýany ýerine ýetirip başlaýar. Bu bolsa çaga ýumşy çözmekde görüş meýdanynyň çäginden daşa çykýan many baglanyşyklary aňşyrmaga we ulanmaga mümkinçilik berýär. Amaly tejribe toplamak bilen çaga sözde meýilleşdirmeden kem-kemden takyk ýumuşlary doly ýagdaýda sözüsti pikirlenmede çözmäge geçýär. Haçanda, çaga ýumşa düşünende, özüne elýeter faktlary synlamaga daýanyp bilende, onuň pikir ýöretmesi yzygider we logiki jähtden dogry bolýar. Meselem, suwly legene goýberilen dürli predmetleriň «özüni nähili alyp barýandygyny» synlaýan mekdebe çenli ýaşlylar agaç zatlaryň ýüzýändigi, metal zatlaryň bolsa çümýändigi barada dogry netijä gelýärler.

Mekdebe çenli ýaşlylaryň sözüsti pikir ýöretmeleri olaryň abstrakt düşünjeler arkaly pikir edýändigini aňlatmaýar. L.S.Wygotskiý

çagada sözüň manysynyň şol bir sözleriň uly adamlardaky manysyndan düýpli tapawutlanýandygyny görkezýär (ýüzugra bellesek, bu pikir öz döwründe filosof Gegel tarapyndan hem bellenilýär). Şeýle tapawutlylyk sözüň arkasynda durýan jemlemäniň hem formasyna, hem-de mazmunyna degişlidir. Forma nukdaýnazardan bu jemlemeler, esasan, obraz häsiýetli bolup, olaryň mazmuny bolsa predmetiň umumy we düýpli alamatlaryny şöhlelendirýän pikir hökmünde «uly» düşünjelere kem-kemden golaýlaşýar. Mekdebe çenli ýaşlynyň pikirlenmesi kompleks (toplum) we «düşünje öňi» gurluş boýunça hereket edýär we bu hadysalarda obýektler özleriniň düýpli, hatda umumy sypatlar esasynda-da hemişe özara birleşdirilmeýär. Alty ýaşly gyzjagaza köp sanly suratlardan haýwanlaryň şekillendirilenlerini saýlamak tabşyrylýar. Çaganyň pikir ýöretmesi aşakdaky görnüşde geçýär: «At – haýwan» – «Näme üçin şeýle pikir edýärsiň?» – «Ol ot iýýär we adamlary daşaýar ...», «Aýy – haýwan» – «Näme üçin?» – «Ol tokaýda ýaşaýar. Ol gyşyk aýak ... Pil hem haýwan. Ol Afrikada ýaşaýar ... Tilki hem haýwan. Ol towşanlary tutýar ...» bu alty ýaşly çaganyň sözüsti pikir ýöretmesidir.

Ýöne sözleýiş çaga jemlemelerine ýönekeý üstýetirilme däldir. Söz jemgyýetçilik tejribäniň bölejigidir. Ol çaganyň pikirlenme işini bellibir görnüşde gönükdirýär, kem-kemden ýokary, hakyky düşünje görnüşleriniň özleşdirilmegine getirmek bilen onuň jemlemelerini kemala getirýär.

Mekdebe çenli ýaşlylaryň pikirlenmesiniň ösüşi işiň dürli görnüşlerinde amala aşýar. Bu babatda oýun aýratyn ähmiýete eýedir. Öň bellenilişi ýaly, ilkinji gezek oýunda simwolika, predmetleriň biriniň beýlekisi bilen çalşyrylmagy ýüze çykýar. Oýundaky çalşyrylmalar çalşyrylmanyň beýleki görnüşleriniň özleşdirilmeginiň başlangyç pursadydyr (real predmetleri olaryň material ýa-da göz öňüne getirilýän şekilleri, modeller we ahyr netijede belgiler bilen çalşyrmak).

Işiň öndüriji görnüşlerinde hereketleriň sözde meýilleşdirilişi döreýär, maksada gönükdirilen pikir ýöretmeleriň esasy goýulýar.

Pikirlenmäniň kemala gelmeginde okatmaklyga aýgytly orun degişlidir. Soňky ýyllarda geçirilen barlaglar mekdebe çenli ýaşlylaryň pikirlenmesiniň öňler diňe ýaşyň alamaty hasapalanylýan köp sanly aýratynlyklarynyň, hakykatda, çagalaryň ýaşaýşynyň we işiniň

aýratyn şertleri bilen düşündirilýändigini we mekdebe çenli ýaşlylary okatmagyň mazmunyny we usullaryny özgertmek arkaly üýtgedip bolýandygyny görkezdi. Meselem, çaga pikirlenmesiniň bölekleýinligi, onuň şu aýratyn ýagdaýa baglananlygy, haçanda çaga aýry-aýry predmetler we olaryň häsiýetleri bilen däl-de, barlygyň hadysalarynyň umumy baglanyşyklary we kanunalaýyklyklary bilen tanyşdyrylanda aradan aýrylýar we öz ornuny pikir ýöretmäniň jemlenen formalaryna berýär. Bäş-alty ýaşly çagalar jisimiň birnäçe umumy fiziki häsiýetleri, haýwanlaryň beden gurluşynyň olaryň ýaşaýyş şertlerine baglylygy, bitewüligiň we bölekleriň özara utgaşmagy, birlik we köplük we ş. m. baradaky düşünjeleri ýeňil özleşdirýärler we bu düşünjeleri öz pikirlenme işinde ulanýarlar. Okatmagyň bellibir görnüşlerinde (akyl hereketlerini tapgyrlaýyn kemala getirmekde) mekdebe çenli ýaşlylar logiki pikirlenmäniň takyk mazmunly düşünjelerini we usullaryny özleşdirýärler.

Mekdebe çenli ýaşda düşünjeleri we logiki operasiýalary kemala getirmegiň mümkindigi, şeýle kemala getirilişiň çagalaryň akyl terbiýesiniň esasy maksadyna öwrülmelidigini aňlatmaýar. Mekdebe çenli ýaşlylarda pikirlenmäniň aýdyň-obraz görnüşine ýokary duýgurlygyň döreýändigi we onuň islendik döredijilik işiniň aýrylmaz bölegini düzýändigi sebäpli çaganyň geljekki durmuşyna uly ähmiýetiniň bolýandygy nazarlanylyp, pikirlenmäniň şu görnüşini hertaraplaýyn ösdürmek akyl terbiýäniň esasy maksady bolmalydyr.

Mekdebe çenli ýaşda pikirlenmäniň ösüşi pikirlenme işiniň usullaryny kämilleşdirmek, akyl hereketleriniň täze tiplerini döretmek bilen çäklenmeýär. Çagalaryň çözýän ýumuşlarynyň möçberini özgertmek we giňeltmek, pikirlenmäniň mazmunyny baýlaşdyrmak hem örän möhümdir. Mekdebe çenli ýaşda çaga diňe bir amaly däl, eýsem bilim-düşünjeleri özleşdirmäge gönükdirilen aýratyn akyl ýetiriş ýumuşlary bilen hem ýüzbe-ýüz bolýar. Şeýle ýumuşlaryň udel agramy kem-kemden artýar. Akyl hereketleriniň ýokary tipleri hut akyl ýetiriş işjeňliginiň çäginde kemala gelýär.

Mekdebe çenli ýaşly çaganyň ýaşaýyş-durmuşyny synlanyňda onuň hyýalynyň baýdygyna göz ýetirmek bolýar. Çaga göýä birbada real dünýäde we özüniň hyýal dünýäsinde ýaşaýan ýaly görünýär; bu onuň oýunlarynda, suratlarynda erteki düzüşinde we ş. m. ýüze çykýar.

Şundan ugur alan käbir bilermenler hyýaly çagalara mahsus ähli oýunlaryň çeşmesi hasaplapdyr. Ýöne has çuňlaşdyrylan derňewler hyýalyň ösüşiniň işiň oýun, şekillendiriş we beýleki görnüşleriniň çeşmesi däl-de, olary özleşdirmegiň netijesi bolýandygyny görkezdi. Hyýalyň başlangyç görnüşleri örän garyp we diňe işi amal etmegiň gidişinde döreýär. Diňe mekdebe çenli ýaşyň dowamynda hyýal otnositel özbaşdaklyga eýe bolýar. Çagada hyýalyň obrazlary örän ýiti, aýdyň, emosional işjeň, ýöne ýeterlik dolandyrylyşa tabyn däldir. Hyýalyň ösüşiniň esasy ugry ony kem-kemden aňlanylan niýete tabyn etmek, bellibir maksatlary ornaşdyrmagyň serişdesine öwürmekdir.

Mekdebe çenli çagalyk erksiz ünsüň we ýadyň agdyklyk edýän ýaşydyr. Çaga, esasan, özünde gyzyklanma döredýän zatlara ünsli bolýar, emosiýalaryny işjeňleşdirýär we ünsüni oýarýan hem-de «öz-özünden ýatda galýan» zady ýatda saklaýar. Aýdyň obrazlar sözüsti pikir ýöretmelere seredilende ýeňil ýada ornaşdyrylýar, hatda tekst ýada ornaşdyrylanda hem ritm we rifma onuň mazmunyna seredilende uly ähmiýete eýe bolýar. Ýöne, aýdylanlar mekdebe çenli ýaşly çaganyň erkli ünse we maksada gönükdirilen ýada ornaşdyrma asla ukypsyzlygyny aňlatmaýar. Mekdebe çenli ýaşyň ahyrynda ünsi uzak wagtlap erkli dolandyrmak mümkinçiligi kemala gelýär, söz-logiki ýat ösýär we ýedi ýaşa çenli obrazly ýada ornaşdyrma bilen deňleşýär. Bu çaganyň işiniň umumy çylşyrymlaşmagy, aýratyn-da, sapaklarda yzygider okatmak bilen bagly bolýar. Mnemiki (ýat) hereketleriniň ýörite görnüşiniň döremegi ýadyň ösüşinde öwrülişikli pursat bolup, olarda çaga öz öňünde ýada ornaşdyrmak maksadyny goýýar we degişli usullary ulanyp başlaýar (ýat tutmak üçin sözleri birnäçe gezek gaýtalaýar).

Akyl ýetiriş hereketleriniň ähli görnüşleriniň kämilleşmegi çaganyň sözleýşiniň ösüşine daýanýar. Söz çaganyň özleşdirýän sensor etalonlaryny berkidýär, göz öňüne getirmeleriň we düşünjeleriň göterijisi hökmünde logiki pikir ýöretmelere mümkinçilik döredýär. Sözleýiş hyýalyň işini gönükdirýär, ünsüň we ýadyň öňünde ýumuş goýýar, olara özerklilik elementini girizýär, ýada ornaşdyrma aňlanylanlyk berýär. Sözleýşiň üsti bilen çaga adamzadyň gazanan jemleýji tejribesi, şol sanda psihiki işiň hut özi geçirilýär.

Çaga mekdebe çenli ýaşyň başynda ene dilini amaly tarapdan bilýär. Ýöne onuň sözleýşi pursatlaýyn, şu takyk ýagdaýyň çäginden

daşda düşnüksiz bolýar. Sözleýiş entek çaganyň öz hususy hereketlerini örän çäkli derejede dolandyrýar. Çaga sözleýiş hadysalaryna düşünmeýär, sözleri olaryň aňladýan predmetlerinden aýryp bilmeýär. Mekdebe çenli ýaşyň ahyrynda sözlük baýlaşýar we sözleýşiň grammatik gurluşynyň mundan beýläk kämilleşmegi bolup geçýär; pursatlaýyn sözleýişden onuň takyk ýagdaýdan daşda hem düşnükli bolan kontekstleýin (ýerligi bolan) görnüşine geçilýär; özüňi alyp baryşda psihiki hereketleriň ähli görnüşleriniň amala aşyrylyşynda sözleýşiň dolandyryjy funksiýasy üzül-kesil ýokarlanýar, söz-logiki pikirlemäniň esasyna öwrülýän içki söleýiş kemala gelýär. Laýyk okadylyşda çagalar sözleýşiň söz düzümini we sözüň ses düzümini aňlap başlaýarlar we sözleýiş hadysalaryna barlygyň aýratyn hadysalary hökmünde gatnaşykda bolýar.

Sözleýşi özleşdirmezden, mekdebe çenli ýaşlynyň kadaly psihiki ösüşi mümkin däl hem bolsa, psihiki hadysalary sözleýiş döredýär diýmek bolmaz. Psihiki hadysalar işiň dürli görnüşlerine sözleýşiň gatnaşmagynda, terbiýäniň we okatmagyň aýgytlaýjy täsirinde kemala gelýär.

**Emosional-erk ulgamynyň we şahsyýetiň sypatlarynyň kemala gelşi.** Çaganyň şahsyýetiniň eýýäm mekdebe çenli ýaşda real döräp başlaýandygy ylmy psihologiýada aýgytlaýjydyr. Çaga şahsyýetiniň kemala gelşi emosional-erk ulgamynyň, höwesleriň we özüňi alyp barşyň motiwleriniň kemala gelşi bilen ýakyndan baglydyr. Bu öz gezeginde sosial gurşaw we ilkinji nobatda, ösüşiň häzirki tapgyryna häsiýetli bolan çaganyň uly adam bilen gatnaşyklarynyň amala aşyrylyşy bilen kesgitlenýär.

Irki çagalykda çagada uly adamyň roluna we onuň täsirine, öz-özüne düşünmeklik hem ýokdur. Takyk ýagdaýda körpe uly bilen bilelikdäki takyk işe goşulýar. Uly adam bu ýagdaýda merkezi orunda bolýar, çaga bolsa gös-göni hereket etmekde özünden ulynyň talap edýän zadyny bitirýär ýa-da bitirmeýär. Bu ýerde gulak asmaklyk meselesi, «etmelimi ýa-da etmeli dälmi» sowalyň oýlanylmasy, motiwleriň göreşi ýok. Çaga ýüzugra – impulsiw hereket edýär.

Eýýäm mekdebe çenli ýaşyň başynda çaga bilen ulynyň arasynda düýpgöter täze özara gatnaşyklar döreýär. Çaga özüni uludan aýryp başlaýar. «Men isleýärin» diýmek bilen, ol öz höwesini aňlaýar.

Ol «Bu men» diýip, öz fotografiýa portretini görkezýär. Uly adamdan aýrylmak, özüni özbaşdak adam hökmünde tapawutlandyrmak bilen, çaga öz işini we ulynyň işini haýsydyr bir aýry-başga hadysa görnüşinde ýüze çykarýar. Çaga uludan göýä çekilýär we ony öýkünmek üçin nusga hökmünde saýlaýar we «uly ýaly» hereket etmäge ymtylýar. Hususy özüňi alyp barşyňy ulynyň nusgasy boýunça ugrukdyrmakda keminden iki höwes «näme bolsa bolar» häsiýetde ýüzugra hereket etmek we nusga boýunça, ulynyň talaplaryna laýyklykda hereket etmek) çaknyşýandygy üçin ol hereketleriň özerkliligini kemala getirýär. Özüňi alyp barşyň nusgalaryny özleşdirmek jemgyýetçilik normalaryna laýyklykda guralýan hereketlere getirýär. Mekdebe çenli ýaşda ilkinji estetiki instansiýalar döreýär, özüňi alyp barşyň şahsy özüňi alyp baryş atlandyrylýan täze görnüşi peýda bolýar.

Bu ýerde çagalaryň psihiki ösüşinde E. Erikson tarapyndan görkezilýän ata-ene we çaganyň arasynda döreýän bir psihososial özara gatnaşygy görkezmek ýerliklidir. Eriksonyň garaýşynda, eger-de çaganyň özbaşdak hereketini, awtonom özüni alyp barşyny, öz-özüne gözegçiligini ösdürmäge rugsat edilmeýän ýagdaýynda onda öz-özüne gönükdirilen utanç duýgusy döreýär. Utanç, haçanda, çaganyň özüniň edip biläýjek zadyny ata-eneler haýdan-haý, gaharly we çydamsyzlyk bilen olara derek edenlerinde ýa-da, tersine, ata-eneler çagalaryndan entek olaryň özleriniň başaryp bilmejek zadyny bitirmeklerine garaşýan ýagdaýynda ýüze çykýar. Şeýle çagalar özlerine ynamly we gurşawy bilen ylalaşyklykda bolmaklyga derek daşyndakylar özüne şübheli garaýyşda bolýandyr öýdýärler ýa-da özlerini örän betbagt hasaplaýarlar. Olaryň erkiniň güýji gowşak bolup, özünden üsserleriň we ezýänleriň öňünde müzzerýärler. Netijede, olarda özüňe ynamsyzlyk, kemsinmeklik we erksizlik ýaly sypatlar kemala gelýär. Eger-de ata-eneler çaga bilen gatnaşygynda psihologik başçykaryjylyk boýunça çaganyň awtonom özüni alyp barşyny gözegçilikli goldasalar, onda çagada ynamlylyk duýgusyny köp derejede berkidýär.*

Ylmy psihologiýa şahsyýetiň hakyky kemala gelşini mekdebe çenli ýaşda döreýän we ösýän motiwleriň özaratabynlygy bilen baglanyşdyrýar. Mekdebe çenli ýaşlynyň işi aýry-aýry, biri-biri bilen bagly bolmadyk motiwler bilen däl-de, olaryň iýerarhiki (özarata-

---

* *Basarow B.* Şahsyýetiň psihologiýasy. – A., 2015, 141-142 s.

byn) ulgamy bilen meýillendirilýär; eger birinji ýagdaýda motiwler, ýygy-ýygydan çalyşýan, bir-birini berkidýän ýa-da özara konflikte – barlyşyksyzlyga girýän bolsa, ikinjide – motiwleriň özaratabynlyk ýagdaýynda esasy we durnukly meýiller kem-kemden esasy ähmiýete eýe bolýar we bölekleýin, pursatlaýyn meýilleri özüne tabyn edýär. Motiwleri özara tabynlamak duýgy jähtden oňyn däl gatnaşyklary aňly ýeňip geçmek we emosional ýakymly maksady amala aşyrmaga niýetlenen erki güýjetmeklik bilen bagly bolýar. Çaga ir döwürden haýsydyr iki höwesiň birini ileri tutmaklyk kyn bolanda içki barlyşyksyzlygy syzyp başlaýar. Ahlak konflikti – dartgynlygy dörände, çaganyň ýaýdanmagy, köplenç, golaý, ýetilmesi ýeňil maksada ugrukdyrýan pursatlaýyn höwesiň ýeňşi bilen tamamlanýar. Çagalar ulaldygyça, ýakymly, ýöne maksady däl hereketlerden sowlup, zerur hereketi bitirmegiň ýeňil hötdesinden gelýärler. Duýgy ýüzugralygy agdyklyk edýän affektiw hereketler azalyp, jemgyýetçilik mazmunly motiwler has ähmýetli bolup başlaýar.

Mekdebe çenli ýaşyň dowamynda täze-täze motiwler peýda bolýar. Motiw hökmünde işdäki üstünlik ýa-da şowsuzlyk, işiň özüniň mazmuny we ş. m. hyzmat edip bilýär. Döreýän motiwler biri-birine parallellik görnüşinde däl-de, dürli gatnaşyklara goşulýar. Terbiýäniň takyk şertlerine baglylykda aýgytlaýjy motiw öz derejäňi bilmeklik, jemgyýetçilik ähmiýetli motiw ýa-da işiň mazmunyna höweslenme motiwi bolup bilýär. Çagalar ulaldygyça olar, esasan, ol ýa-da beýleki hereketiň töwerekdäkileriň gözüniň öňünde nähili ähmiýete eýedigine oriýentirlenip başlaýarlar.

Mekdebe çenli ýaşlynyň adamlaryň gatnaşyklaryndaky täze orny oňa uly özbaşdaklyk berýär. Ululardan çekilip, çaga öz deň-duşlary bilen işjeň özara gatnaşyga girýär. Bu özara gatnaşyklar oýunda amala aşyrylýar. Çaga öz üstüne rol alýar we şol mynasybetli bellibir hereketleri ýerine ýetirmäge, özüňi alyp barşyň kesgitli düzgünlerine tabyn bolmaga borçly bolýar. Bu hereketler öz-özünelikde onuň üçin ýakymly däl bolup, başga bir ýagdaýlarda ýerine ýetirilmän ýa-da kynlyk bilen ýerine ýetirilip hem bilinýär. Oýnuň çaganyň erkini kemala getirmekdäki ähmiýeti oýundaky özüne ýeten roly onuň jemgyýetçilik we ahlak borçlaryna laýyklykda ýerine ýetirmegi öwrenýändigi bilen baglydyr. Meselem, özüne dükançynyň roluny alan bäş ýaşly gyzja-

gaz özüniň satýan kökesini iýmeýär. Okuwçylaryň roluny oýnaýan çagalar şol bir harplary uzak wagtlap we erjel göçürmäge ukyply bolýar. Oýun işi çaganyň erki güýjetmegine many berýär. Oýun motiwasiýasynda ýumuşlar has netijeli amal edilýär. Oýun ýagdaýynda çaga öz hereketlerini dolandyrmak ýeňil düşýär, meselem, garawulyň roly oýnalanda gymyldysyz durmaklyk bu rolda esasy bolýandygy üçin çaga uzak wagtlap şeýle görnüşde saklanyp bilýär.

Çaganyň erkli sypatlarynyň ösüşine oýundan başga-da işiň öndüriji gönüşleri düýpli täsir edýär. Surat çekmek, konstruirlemek, applikasiýa işleriniň içinde önüm döretmäge gönükdirilen öndüriji maksat peýda bolýar. Kubikleri ýygnap başlap, çaga diň (başnýa) gurmak konstruktiw maksady goýsa, kagyz we galam alyp, towşanjygyň suratyny çekmek ýaly şekillendiriş maksady goýýar. Çaganyň goýýan öndüriji maksatlary ilki-ilkiler örän durnuksyzdyr. Diň ýasap başlap, birdenkä gämi ýasajakdygyny aýdýar. Oglanjygyň suratyny çekip başlan ýaş suratkeş birden kagyz we galamy taşlaýar-da, oýnamaga gidýändigini duýdurýar. Diňe kollektiwleýin iş, ýaryş şertlerinde («Göreli bakaly, kim diň gurmagy başarýar?», «Kim oglanjygy gowy çekip biler?») öndüriji maksatlar uzakwagtlaýyn saklanýar we işiň netijesini kesgitleýär.

Zähmet ýumuşlaryny ýerine ýetirmegiň erkli sypatlaryň ösüşine uly ähmiýeti bardyr. Bu şertlerde çaganyň özüni alyp barşy ahlak mazmunly motiwler arkaly guralýar. Meselem, haçanda, çagalara baýdajyklary özi üçin we körpelere sowgat üçin ýasamaklyk teklip edilende, dürli motiwleriň çaganyň işini dürli hili guraýandygy ýüze çykypdyr. Ikinji ýagdaýda çagalar ýumşy uzak wagtlap ýerine ýetiripdirler, olaryň köpüsi işi ahyryna çenli we ýokary hilde amal edipdirler. Diýmek, zähmetiň jemgyýetçilik motiwleri – beýleki adama nämedir bir peýdaly zat etmek – örän ir döräp başlaýar. Çaga özüniň edýän zadynyň zerurlygyny we jemgyýetçilik ähmiýetini näderejede aýdyň göz öňüne getirse, onuň işi şonça-da maksadaokgunly bolýar. Meselem, çaga körpäniň sowgat alan baýdajygy bilen nähili ýörejekdigini oňat göz öňüne getirip bilýär. Eger-de, ýumşy özgerdip, çagalara baýdajygy öz ejeleri üçin ýasamak teklip edilse, zähmet işiniň öndürijiligi düýpli peselýär. Çaga ejesiniň baýdajygy näme etjekdigini göz öňüne getirip bilmeýär we iş onuň üçin gyzygyny ýitirýär. Şeýlelikde, aýdyň zähmet motiwi mekdebe çenli ýaşlynyň erkiniň ösüşi üçin şert bolýar.

Mekdebe çenli ýaşdaky çaga diňe bir öndüriji maksatlary (diň gurmak), jemgyýet ähmiýetli zähmet motiwleri (körpeler üçin baýdajyklary ýasamak) goldanyp däl-de, eýsem öz işini özleşdirilen ahlak kadalaryna ugrugyp amal edýär. Öz-özüni alyp barşyny nämäniň gowy, nämäniň erbetdigi barada düşünjesine ugrukdyrmaga çalyşýar. Motiwleriň iýerarhiýasynyň (özara tabynlygynyň) ösmegi bilen çaga motiwleriň özara göreşini duýmakda karara gelip, soňra has ýokary motiwiň bähbidine ondan ýüz öwrüp başlaýar. Motiwleriň ulgamynda haýsy meýliň aýgytlaýjy bolýandygy çaganyň şahsyýetini kesgitleýär.

Irki ýaşda çagalar öz hereketlerini ulularyň göni görkezmesi boýunça amala aşyrýar. Olar öz hususy höweslerini seýrek çäklendirýär. Körpeler özleri üçin näme ýakymly we artyk azap talap etmeýän bolsa şony edýär. Obýektiw jähtden oňyn hereketleri edip (ejesiniň şypbygyny getirmek, garry mamasyna suw alyp bermek), çagalar olaryň hakyky peýdasy barada oýlanmaýar, beýleki adamlara degişlilikde öz borjuny aňlamaýar. Borç duýgusy ulularyň çaganyň edýän hereketine berýän bahasynyň täsirinde ösýär. Bu bahanyň esasynda çagalarda nämäniň gowy we nämäniň erbetdigini tapawutlandyrmak ösüp başlaýar. Ilki bilen olar beýleki çagalaryň hereketlerini bahalandyrmagy öwrenýär. Giçki döwürde çagalar diňe deň-duşlarynyň däl, eýsem öz hususy hereketlerini-de bahalandyrmaga ukyply bolýar. Şeýlelikde, özüňi bahalandyrma ösýär.

Özüňi bahalandyrmaga ukyplylyk çagany gurşawdakylar bilen aragatnaşygynda ugrukdyrýar, oriýentirleýär. Meselem, çagalar keçjallygyň adalatsyz we her edip özüniňkini gögertjek bolmaga ymtylyşdygyny magat aňlap bilýärler. Öz keçjallygyny olar adatça isleýän zadyny almaga umyt edýän adamyna gönükdirýär (şonuň üçin olar ulular bellik edende: «Men saňa diýip aglamok. Men mamama diýip aglaýaryn. Sen aýryl» diýip jogap berip bilýär).

Özüňi bahalandyrma çaganyň aňly işiniň has çylşyrymly önümidir. Çagalar ulular bilen diňe bir öz daşky hereketleriniň bahanasy bilen däl, eýsem içki ýagdaýlar, duýgular sebäpli hem aragatnaşyga ymtylýar. Öz hususy duýgularyňa düşünmeklik sesli aýtgylaryň üsti bilen we olaryň ähmiýetini özi üçin aňlamak arkaly döreýär. Çaga indi diňe şatlanmak, utanmak, öýkelemek bilen çäklenmän: «Men şat», «Meniň üçin utanç», «Meniň üçin gynançly» diýýär. Ol özüniň nähili duýgulary syzýanyny aňlaýar.

Özüňi bahalandyrmagyň we özüňi aňlamagyň ösüşi mekdebe çenli ýaşyň möhüm psihologik täzelikleriniň biridir. Özüňi aňlamakda çaganyň jemgyýetçilik gatnaşyklaryndaky öz ornuna düşünmegi şöhlelenýär, amaly hereketler ulgamynda öz mümkinçiliklerini bahalandyrmak we öz hususy içki durmuşyňa ünsüň oýanmagy ýüze çykýar. Özüňi aňlamak indiwidi özboluşly şahsyýete öwürýär.

**Mekdep okuwyna psihologik taýýarlygyň kemala gelmegi.** Çaganyň mekdebe gelmegi bilen onuň ýaşaýşynyň düýpgöter täze tapgyry başlanýar. Şonuň üçin ol bu tapgyra ýeterlik taýýarlanylmalydyr. Ilkinji nobatda, çaga özüne diňe bir täze hukuklary däl, üstüne ýeňil bolmadyk borçnamalary ýükleýän saldamly işi ýerine ýetirmäge taýýar bolmaly. Kiçi mekdep ýaşly töweregindäkileriň özüniň okuw sapaklaryna hormat goýmagyna bil baglap bilýär we hut özi-de mugallymyň ýumuşlaryny yzygider ýerine ýetirmäge, şu pursatda isläp-islemezligine garamazdan, özüni mekdebiň düzgünlerine laýyklykda alyp barmaga borçly bolýar.

Alty-ýedi ýaşa ýetýän çagalaryň köpüsi okuwçynyň ornuna ymtylýarlar, ýöne bu ornuň nämedigine ähli ýagdaýlarda aýdyň göz ýetirip bilmeýärler. Kähalatlarda olar üçin ýagdaýyň diňe daşky tarapy ýakymly bolýar: portfel edinmek, özüni uly hasaplamak, baha almak we ş. m. Okuwçynyň ornuna hakyky taýýar çagany mekdep özüniň daşky alamatlary boýunça däl-de, täze bilim-düşünjeleri özleşdirmek mümkinçiligi bilen gyzyklandyrýar. Başgaça aýdanyňda, bu ýeterlik derejede ösen akyl ýetiriş höwesli çagadyr. Diňe şeýle esasda çagalar öz mekdep borçlaryna ýeterlik jogapkärçilikli gatnaşykda bolup bilýär. Ýöne okuwçy bolmaklyga höwes we okuwa jogapkärli gatnaşyk ýeterlik däldir: bu höwese, gatnaşyga pursatlaýyn meýilleri tabyn etmegi, sapakda ünsli bolmaga özüňi mejbur etmegi, kähalatlarda ýürege düşgünç düzgünleri öwrenmegi, kyn ýumşuň çözülişini erjel oýlanmagy başarmaly. Başgaça aýdanyňda, geljekki okuwça öz hereketlerini erkli dolandyrmak, ony öz akyl ýetiriş işi bilen okuw ýumuşlaryny çözmäge gönükdirmek zerurdyr. Bu haçanda bölekleýin meýilleri has ähmiýetli, durnukly maksatlara we niýetlere tabyn etmäge mümkinçilik berýän motiwleriň iýerarhiki – özara tabyn ulgamy döränd mümkin bolýar.

Häzirki zaman mekdebi okadylyşy tarpdan başlamaýar. Ol çagalaryň I synpa ýeterlik düşünjeleriň we endikleriň toplumy, esasy kabul edişiň we pikirlenmäniň ösen görnüşleri bilen gelmegine bil baglaýar. Ösen kabul ediş we pikirlenme çaga öwrenilýän predmetleri we hadysalary yzygider synlamaga, olaryň düýpli aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga, pikir ýöretmäge we netijä gelmäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa çaganyň akyl ösüşiniň derejesine bellibir talaplary bildirýär: çaganyň kabul edişiniň meýilnamaly we seljeriji häsiýeti, özleşdirilýän materiala nazary garaýyşlary, pikirlenmäniň jemlenen formalary we esasy logiki operasiýalary, söz-logiki ýada ornaşdyrmasy bolmaly. Mundan başga-da, ol okuw işi boýunça başlangyç başarnyklary özünde jemlemeli (ünsi diňe netijä däl-de, okuw ýumuşlaryny ýerine ýetirmek usulyna, öz-özüňe gözegçilik etmäge we ş. m. gönükdirmek).

Mekdebe gelende çaga bada-bat umumy jogapkärli iş bilen meşgul bolýan öz deň-duşlarynyň toparyna düşýär. Bu iş mekdep toparyny çagalar bagynyň toparyndan düýpli tapawutlandyrýar. Okuwçylaryň özara gatnaşyklary çagalar bagyndakydan başga esasda guralýar, çaganyň synpdaky orny başga kriteriler – şertler bilen kesgitlenýär. Şeýle kriteriý okuw işindäki üstünlik bilen baglydyr. Şeýle şertlerde kollektiwe goşulmak üçin çaga beýleki çagalar bilen özara gatnaşyk guramagyň çeýe usullaryny, ösen ýoldaşlyk duýgusyny özünde jemlemelidir.

Görnüşi ýaly, çaganyň mekdebe psihologik taýýarlygy bu, haýsy tarapyndan alnanda-da, çaganyň mundan ozalky psihiki ösüşiniň, onuň maşgalada we çagalar bagynda terbiýelenilişiniň tutuş ulgamynyň netijesidir. Üstünlikli okadylyş üçin zerur psihologik sypatlar bada-bat döremeýär. Olar kem-kemden, sözüň göni manysynda çaganyň doglan pursadyndan kemala gelýär. Bu sypatlaryň kemala gelşinde oýun, surat çekmek, konstruirlemek we ş. m. ýaly işleriň ähmiýeti aýgytlaýjydyr. Hut şu işlerde özüňi alyp barşyň jemgyýetçilik motiwleri döreýär, olaryň iýerarhiýasy – özara tabynlygy ýüze çykýar, kabul edişiň we pikirlenmäniň hereketleri kemala gelýär we kämilleşýär, çagalaryň arasynda özara gatnaşyklar ösýär. Bular öz-özünden däl-de, çagalaryň işine ulular tarapyndan hemişe ýolbaşçylyk edilende, olara jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň tejribesi, zerur bilim-düşünjeler

geçirilende we endikler döredilende mümkin bolýar. Käbir sypatlar mekdebe çenli ýaşlyny diňe ýörite guralýan sapaklarda yzygider okatmakda döredilip bilinýär. Bular okuw işine degişlilikdäki ýönekeý başarnyklar, akyl ýetiriş prosesindäki öndürijiligiň zerur derejesidir.

Çaganyň mekdebe psihologik taýýarlygynda çagalar bagynyň ýokary toparlaryndaky alnyp barylýan ýörite terbiýeçilik işiniň-de ähmiýeti ýokarydyr. Ýöne şeýle terbiýe çaga tiz kömek bermäge synanyşyk häsiýetde däl-de, psihiki ösüşde mundan ozalky ähli gazanylmalara daýanmalydyr. Çaganyň ýada ornaşdyrmasyna bölek-büçek maglumatlaryň toplumy bilen aşa agram salmak ýa-da okamagyň we hasaplamanyň endiklerini diňe daşky özüňi alyp baryşda mehaniki döretjek bolmak diňe zyýanlydyr. Haçanda, çagalar jemlenen we ulgamlaşdyrylan bilim-düşünjeleri alanda, haçanda olara barlygyň täze ugurlarynda oriýentirlenmegiň tärleri öwredilende (zatlaryň mukdar gatnaşyklary barada, diliň ses gurluşy barada) we endikleriň şeýle giň esasda özleşdirilişi guralanda netije düýpgöter başga bolýar. Şeýle okadylyşyň prosesinde çagalarda geljekde islendik bilim-düşünjäni aňly özleşdirmäge mümkinçilik berýän barlyga nazary çemeleşmäniň zerur başlangyçlary döredilýär.

# IV BAP
# KIÇI MEKDEP ÝAŞYNDA PSIHIKI ÖSÜŞ

## IV. 1. Çaganyň mekdep durmuşynyň başlangyç döwürleriniň aýratynlyklary

Häzirki döwürde dünýäniň ýurtlarynyň esasy köplüginde okatmak we terbiýe ulgamynda kiçi mekdep ýaşy çaganyň alty ýaşyndan dokuz-on ýaş aralygyny öz içine alýar (mekdebiň I – IV synplary). Çaganyň ýaşaýyş-durmuşynyň aýratyn bir döwri hökmünde ol golaý geçmişde ýüze çykdy. Meselem, mekdepde asla okamadyk çagalarda bu döwür ýokdur. Ol, başga bir tarapdan, başlangyç mekdep bilim almagyň ilkinji we soňky derejesi bolan çagalarda hem bolmaýar. Kiçi mekdep ýaş döwrüniň döreýşi ykdysady taýdan ösen ýurtlarda bilim berşiň hökmany ählumumy doly däl we doly bilim ulgamynyň ýüze çykmagy bilen baglydyr.

Orta bilimiň sosial wezipeleri we mazmuny entek gutarnykly esaslandyrylan däldir. Şonuň üçin kiçi mekdep ýaşynyň hronologik (ýaş dowamlylygy) jähetini we psihologik aýratynlyklaryny-da gutarnykly we üýtgewsiz hasaplamak bolmaz. Ylmy nukdaýnazardan, häzirlikçe, bu ýaşyň otnositel durnukly we häsiýetli aýratynlyklary dogrusynda gürrüň etmek bolar. Onuň çaganyň psihologik ösüşindäki roly başlangyç bilimiň ösýän şahsyýete bakjadan orta mekdebiň ahyryna çenli jemgyýetçilik terbiýesini bermegiň taryhy kemala gelen ulgamyndaky maksadynyň we ähmiýetiniň özgerişine laýyklykda üýtgäp bilýär.

Alty ýaşdan dokuz ýaşa çenli döwrüň düýpli häsiýetli aýratynlygy bu ýaşda mekdebe çenli ýaşlynyň mekdep okuwçysy bolýanlygydyr. Bu çaganyň özünde mekdebe çenli ýaşyň sypatlaryny okuwçynyň aýratynlyklary bilen utgaşdyrýan geçiş döwrüdir. Bu sypatlar onuň özüni alyp barşynda we aňynda çylşyrymly, kähalatlarda bolsa gapma-garşylykly utgaşmalar görnüşinde baglanyşýar. Her bir geçiş döwri ýaly bu ýaş ösüşiň gizlin mümkinçiliklerine baý bolup, olary wagtynda ýüze çykarmak we goldamak möhümdir. Şahsyýetiň köp sanly psihiki sypatlarynyň binýady, esasan, kiçi mekdep ýaşynda goýulýar. Hut şonuň üçin bilermenleriň ünsi kiçi mekdep ýaşlylaryň

ösüşiniň rezerwlerini (entek herekete gelmedik mümkinçiliklerini) ýüze çykarmaga gönükdirilendir. Bu rezerwleri ulanmak çagalary mundan beýläkki okuw we zähmet işine üstünlikli taýýarlamaga mümkinçilik berer.

**Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň anatomik-fiziologik aýratynlyklary.** Bu ýaşda bedeniň ähli agzalarynda we dokumalarynda düýpli özgermeler bolup geçýär. Oňurganyň ähli egremleri (boýun, döş we bil) kemela gelýär. Emma skeletiň süňkleşmegi entek tamamlanmanlygy üçin ol örän çeýe; şeýle çeýelik bir tarapdan kadaly fiziki terbiýä we sportuň köp görnüşleri bilen meşgullanmaga mümkinçilik açýan bolsa, ikinji tarapdan, oňyn däl netijeleriň ähtimallygyny özünde saklaýar (fiziki ösüşe kadaly şertleriň ýok wagtynda). Şonuň üçin körpäniň oturýan mebeliniň oňa möçber taýdan laýyklygy, partanyň, stoluň arkasynda dogry oturtmak çaganyň kadaly fiziki ösüşi, göwresini tutuşy, mundan beýläkki ähli işe ukyplylygynyň möhüm şertidir.

Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň muskullary we saçuzynlary berkäp, olaryň göwrümi ulalýar, umumy muskul güýji artýar. Uly muskullar maýdalardan ir ösýär. Şonuň üçin çagalar güýçli we salgawly hereketlere has ukyply bolup, olara takyklygy talap edýän çylşyrymly, ownuk hereketleri ýerine ýetirmek kyn bolýar. Eliň barmak süňkleriniň süňkleşmegi 9-11 ýaşa, eliň aýasynyňky bolsa 10-12 ýaşa golaý tamamlanýar. Eger-de şu ýagdaý nazarlanylsa, näme üçin kiçi mekdep ýaşlynyň ýazuw ýumuşlarynyň hötdesinden kynlyk bilen gelýändigine düşünmek bolar. Onuň eliniň aýasy çalt ýadaýar, ýazuw işini çalt we uzak wagtlap ýerine ýetirip bilmeýär. Kiçi ýaşly okuwçylara, aýratynda, I–II synpdakylara ýazuw ýumuşlaryny köp tabşyrmak maslahat berilmeýär. Käbir çagalaryň erbet ýerine ýetiren ýazuw işlerini gaýtadan göçürmek arkaly düzetjek bolmagy, köplenç, netijäni gowulandyrmaýar.

Kiçi ýaşly okuwçylarda ýüregiň myşsasy depginli ösýär we gan bilen oňat üpjün edilýär. Kellä barýan arteriýalaryň uly diametri mynasybetli kelle beýnä ýeterlik gan baryp, bu öz gezeginde onuň işe ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Ýedi ýaşdan soňra kelle beýniniň agramy has artýar. Aýratyn-da, onuň adamyň psihiki işiniň ýokary we çylşyrymly funksiýalaryny kemala getirmekde uly rol oýnaýan maňlaý bölümleri ulalýar.

Oýanma we tormozlanma prosesleriniň özara gatnaşygy özgerýär. Tormozlanma (özüňi saklamagyň, özüňe gözegçiligiň esasy) mekdebe çenli ýaşlylara seredende has göze ilýän bolýar. Ýöne şeýle-de bolsa, oýanma ýykgynlylyk entek örän ýokary, bu ýagdaý kiçi mekdep ýaşlynyň bir ýerde dowamly asuda oturyp bilmeýändigini düşündirýär. Paýhasly tertiplilik, ululary talaplarynyň yzygiderliligi çagalarda oýanmanyň we tormozlanmanyň kadaly özara gatnaşygyny kemala getirmegiň daşky zerur şertleridir. Näme-de bolsa, 6-7 ýaşa golaý olaryň umumy sazlaşyklylygy tertiplilige, bir ýerde asuda oturmaklyga we çydamlylyga mekdebiň bildirýän talaplaryna laýyk bolýar.

Şeýlelikde, kiçi mekdep ýaşynda, mekdebe çenli ýaşlylara seredende skelet-myşsa ulgamy düýpli berkeýär, ýürek-gan damar işi durnuklaşýar, nerw oýanma we tormozlanma prosesleri ýokary deňagramlylyga eýe bolýar. Bularyň ählisiniň möhümliligi, mekdep durmuşynyň çagadan diňe bir akyl işjeňligini däl, eýsem uly fiziki çydamlylygy talap edýän okuw işiniň başlangyjy bolup durýanlygy bilen baglydyr.

**Çaganyň mekdebe gelmegi bilen bagly psihologik özgermeler.** Bellenilişi ýaly, çaganyň psihiki ösüşiniň her bir döwrüne işiň aýgytlaýjy görnüşi häsiýetli bolýar. Meselem, mekdebe çenli çagalyga oýun işi aýgytlaýjy bolýar. Bu ýaşdaky çagalar eýýäm okaýan we elýeter zähmet bilen meşgullanýan-da bolsalar, olaryň tutuş durkuny kesgitleýän hadysa rolly oýunlar we olaryň dürli görnüşleridir. Oýunda jemgyýetçilik bahalandyryşyna ymtylyş döreýär, hyýal we simwolikany ulanmak başarnygy ösýär. Bularyň ählisi çaganyň mekdebe taýýarlygynyň esasy pursatlary bolup hyzmat edýär.

Alty ýaşly çaga mekdebe gelenden, ol eýýäm okuwçy. Şu pursatdan başlap oýun onuň durmuşynda möhüm orun eýelemegini dowam edýän-de bolsa, ol kem-kemden öz aýgytlaýjy roluny ýitirýär. Kiçi mekdep ýaşly üçin aýgytlaýjy iş onuň özüni alyp barşynyň motiwlerini düýpli özgerdýän, akyl ýetiriş we ahlak güýçleriniň ösüşiniň täze çeşmelerini açýan okuw işidir. Şeýle özgerme prosesiniň birnäçe tapgyrlary bardyr.

Bu babatda çaganyň mekdep durmuşynyň täze şertlerine deslapky girişýän döwri has aýratyn göze ilýär. Çagalaryň köpüsi muňa psihologik jähtden taýýar bolýar. Olar öýden we çagalar bagyndan ta-

6. Sargyt № 820

pawutly üýtgeşik bir zady görmäge mekdebe uly şatlyk bilen gidýär. Çaganyň bu içki pozisiýasy – orny iki jähtden ähmiýetlidir. Birinjiden, çaganyň mekdep durmuşynyň ähmiýetli täzeligini öňünden syzmagy, mugallymyň synpda özüňi alyp barmagyň düzgünleri, ýoldaşlaryň bilen gatnaşyklaryň kadalary, gün tertibi baradaky talaplaryny çalt kabul etmäge kömek edýär. Bu talaplary çaga jemgyýet ähmiýetli we hökmany zat görnüşinde kabul edýär. Tejribeli mugallymlara mälim bir ýagdaý psihologik taýdan makullanylmaga mynasypdyr: çaganyň synpda bolýan ilkinji gününden oňa okuwçynyň sapaklarda, öýde we jemgyýetçilik ýerlerinde özüni alyp barşynyň düzgünleri aýdyň we birmazmunly düşündirilmelidir. Täze ornuň, borç we hukuklaryň öňki döwürdäkiden tapawudy çaga bada-bat görkezilmelidir. Täze düzgünleriň we kadalaryň gyşarnyksyz berjaý edilmegini talap etmeklik, birinji synplylara artykmaç kynçylyk däl-de, mekdebe taýýarlanylan çagalaryň hususy gönükdirilmelerine laýyk gelýän, olaryň durmuşyny guramagyň zerur şertidir. Bu talaplar kesgitli bolmadyk ýagdaýynda çagalar öz durmuşynyň täze tapgyrynyň özboluşlylygyny duýup bilmeýär we olaryň mekdebe höwesi gaçýar.

Çaganyň içki pozisiýasynyň ikinji tarapy onuň bilim-başarnyklary özleşdirmäge umumy oňyn gatnaşygy bilen baglydyr. Entek mekdepden öň olar oýundaky roluny (uçarman, aşpez, sürüji) hakykatda edinmek üçin okamalydygyna düşünýärler. Bu ýagdaýda çaga entek geljekde talap ediljek bilim-düşünjeleriň hakyky düzümini göz öňüne getirip bilmeýär. Onda bu bilim-düşünjelere peýda-ähmiýet gatnaşygy bolmaýar. Ol bilim-düşünjeleriň hut özüne jemgyýetçilik ähmiýeti we gymmaty bolan hadysa hökmünde gatnaşykda bolýar. Hut şu gatnaşykda hem çagada bilesigelijilik, gurşawa nazary höwes döreýär. Bu höwes okuwa esasy taýýarlyk hökmünde, çaganyň mekdepden öňki durmuşynyň ähli mazmuny (ýaýraň oýun işini özünde jemleýän) bilen kemala gelýär.

Başlangyç döwürde okuwçy entek okuw dersleriniň mazmuny bilen hakyky tanyş däl. Onda entek okuw materialynyň hut özüne akyl ýetiriş höwesleri ýok. Şeýle höwesler diňe matematikanyň, grammatikanyň we beýleki dersleriň özleşdirilip başlanmagy bilen kemala gelýär. Näme-de bolsa, çaga ilkinji sapaklardan başlap degişli maglumatlary özleşdirýär. Onuň okuw işi, umuman, bilim-düşünjä bolan höwese daýanýar. Höwesiň bölekleýin ýüze çykyşy bu ýagdaýda ma-

tematikada ýa-da grammatikada bolup bilýär. Mugallymlar bu höwesi ilkinji sapaklarda işjeň ulanýarlar. Şu höwes mynasybetli çaga üçin sanlaryň yzygiderliligi, harplaryň tertibi we ş. m. ýaly sowa – abstrakt obýektler baradaky maglumatlar zerur we möhüm bolýar.

Mekdep okuwynyň başynda çaganyň bilim-düşünjäniň gymmatyny intuitiw (duýgy üsti syzma) kabul edişini goldamak we ösdürmek zerurdyr; ýöne şeýle ösdüriliş soň-soňlar çaganyň intuisiýasyna bil baglanylyp däl-de, matematikanyň, grammatikanyň we beýleki dersleriň garaşylmadyk hem-de gyzykly ýüze çykmalaryny oňa açyp görkezmek arkaly amala aşyrylmalydyr. Bu çagalarda okuw işiniň esasyny düzýän hakyky akyl ýetiriş höweslerini kemala getirmäge mümkinçilik berýär.

Jemlenilip aýdylanda, mekdep durmuşynyň birinji tapgyrynyň häsiýetli aýratynlygy hökmünde mugallym tarapyndan goýulýan, synpda we öýde çaganyň iş-gatnaşyklaryny dolandyrýan täze talaplara onuň tabyn bolmagyny we onda okuw dersleriniň hut özüniň mazmunyna höwesiň döremegini görkezmek bolar. Bu tapgyry çaganyň kynçylyksyz geçmegi onuň mekdep sapaklaryna oňat taýýarlygyna şaýatlyk edýär. Ýöne şeýle taýýarlyk 6 ýaşlylaryň ählisinde bolmaýar. Olaryň köpüsi ilkibaşda bellibir kynçylyklara sezewar bolýar we mekdep durmuşyna birbada goşulyp bilmeýär.

**Birinji synplylaryň ýüzbe-ýüz bolýan kynçylyklarynyň esasy görnüşleri.** Şeýle kynçylyklaryň aýratyn köp duşýanlary aşakdakylardyr.

Olaryň birinjisi täze mekdep režiminiň aýratynlyklary bilen baglydyr (wagtynda ukudan oýanmak we turmak, sapaklary goýbermezlik, ähli sapaklarda asuda oturmak, öýe berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek we ş. m.). Çagada zerur endikler bolmasa, onda adatdan daşary ýadawlyk, okuw sapaklarynda ýumuşlaryň ýerine ýetirilmezligi, düzgünleriň berjaý edilmezligi ýaly oňyn däl hadysalar ýüze çykýar. Alty ýaşlylaryň köpüsi psihofiziologik tarapdan degişli endikleriň kemala getirilmegine taýýarlykly bolýar. Mugallymyň we ata-enenäniň çaganyň durmuşyna bildirilýän talaplary düşnükli we aýdyň beýan etmegi, olaryň berjaý edilişini yzygider gözegçilikde saklamagy, çagalaryň indiwidual aýratynlyklaryny nazarlap, höweslendirme we çäklendirme çärelerini görmegi zerurdyr.

Birinji synplylaryň uçraýan kynçylyklarynyň ikinji görnüşi onuň mugallym, synpdaş ýoldaşlary bilen we maşgaladaky özara gatnaşyklarynyň häsiýeti bilen baglylykda ýüze çykýar. Mugallym çagalara mähirli, aladaçyl gatnaşykda bolýan-da bolsa, ol öz resmi orny boýunça abraýly (awtoritetli) we talapgär adam bolup, bellibir özüni alyp baryş düzgünlerini öňde goýýar we çagalaryň olardan boýun gaçyrmagynyň öňüni alýar. Ol çagalaryň işini hemişe bahalandyrýar. Onuň resmi orny şeýle bolansoň çagalar onuň öňünde ýygralyk duýýar. Şonuň netijesinde çagalaryň käbirleri mekdepde adatdan daşary ýygra, beýlekileri bolsa badyhowa bolýar (öýde olar düýpgöter başga bolup bilýär). Birinji synp okuwçysy täze gurşawda özüni ýitirýär, çagalar bilen bada-bat tanşyp bilmeýär, özüni ýeke duýýar.

Tejribeli mugallym ähli çagalara birmeňzeş talap bildirýän-de bolsa, ol bu talaplary dürli çagalaryň berjaý edişiniň indiwidual aýratynlyklaryny ünsli synlaýar. Şeýle etmeklik çagalaryň daşky özüni alyp barşynyň «arkasynda» durýan psihiki dünýäsini synlamaga we olaryň hakyky psihologik sypatlaryna düşünmäge kömek edýär. Çagalary diňe şeýle ýörite öwrenmegiň esasynda ähli birinji synplylarda salyhatly özüňi alyp barşyň endiklerini terbiýelemäge, okuw sapaklarynyň umumy depginini berjaý etmäge, mugallymyň belliklerine berilýän jogaplarda işewürlik döretmäge mümkinçilik berýän täsir edişiň takyk usuly saýlanylýar. Bularyň ählisi ahyr netijede mugallyma we onuň hereketlerine ynanjy terbiýelemäge syrygýar.

Haçanda, mugallym ähli çagalara birmeňzeş talapkär gatnaşykda bolup, gowşaklaryň žähmetsöýerligini höweslendirýän, güýçlüleriň bolsa özlerine aşa göwnüýetijiligine bellik edýän görnüşde hereket edende, okuwçylaryň synpdaky özara gatnaşyklary kadaly bolýar. Bu synpyň kollektiwleýin işi üçin oňat psihologik fon (ýerlik) döredýär. Mugallym çagalaryň höwesleriniň umumylygy (olar markalary toplaýar, gurjak teatry bilen gyzyklanýarlar), ýaşaýyş şertleriniň umumylygy (bir jaýda ýaşaýarlar, bir partada oturýarlar ) boýunça we ş. m. dostlugyny goldaýar. Çaganyň mekdepde bolýan ilkinji aýlarynda terbiýeçilik işiniň möhüm maksady: çagada mekdebiň, synpyň onuň üçin keseki topar däl-de, deň-duşlaryň, kiçi we uly ýoldaşlaryň hoşniýetli we duýgur kollektiwi bolýandygy duýgusyny döretmekdir.

Mekdebe gatnap başlamak bilen çaganyň maşgaladaky ýagdaýy özgerýär. Onda täze borçlar we hukuklar peýda bolýar (meselem, okuwça öýe berlen ýumuşlary ýerine ýetirmek üçin aýratyn ýer we wagt döredip, onuň gün tertibiniň režimini nazarda tutmaly bolýar). Tejribeleriň görkezişine görä, maşgalalaryň köpüsinde okuwçynyň bu hukuklary düşünmeklik bilen kabul edilýär we doly kanagatlandyrylýar. Kähalatlarda şeýle ýagdaý hem bolýar: ulularyň «mekdep zähmetkeşiniň» möhümini bada-bat kanagatlandyrmaga taýýardygyny duýan çagalar maşgalada özüniň merkezi orunda bolýan ýaşaýyş düzgünini gögertjek bolup ugraýar. Bu bolsa özboluşly okuwçy egoizminiň ýüze çykmagyna getirip bilýär. Şonuň üçin maşgalada çaga edilýän üns-alada oňa beýleki agzalaryň-da möhümligini, onuňkydan pes bolmadyk höwesdir aladalarynyň bardygyny görkezmek, düşündirmek bilen utgaşdyrylmalydyr. Çaga bulary nazarlamaly we öz mekdep aladalaryny maşgala işleriniň umumy akymynda aýratyn ileri tutmaly däldir.

Kynçylyklaryň üçünji görnüşini köpsanly birinji synplylar okuw ýylynyň ortasynda duýup başlaýar. Ilkibaşda olar mekdebe sapak başlamazyndan has öň ylgap, islendik ýumuşdyr gönükmäni höwes bilen çözmäge başlaýarlar, mugallymyň bahasyna buýsanýar: bu olaryň bilim-düşünjeleri özleşdirmäge umumy taýýarlygynyň netijesinde döreýär. Ýöne okadylyş I synpda, adatça, çagalara taýýar düşünjeleri we kesgitlemeleri teklip etmek, okuwçylaryň bolsa olary ýat tutup, zerur ýagdaýlarda ulanmagyna niýetlenen häsiýetde guralýardy. Okuwçynyň bu bilim-düşünjelere islegi ýörite seredilmeýärdi. Şeýle şertlerde çaganyň intellektual agtaryşlary çäkli bolup, akyl ýetiriş özbaşdaklygy düýpli peselýär. Şunuň ýaly sapaklarda okuw materialynyň hut mazmunyna bolan höwes gowşak bolýar. Okuwçy mekdebiň daşky özüne çekiji alamatlaryna öwrenişip, onda okuwa deslapky ymtylyş köp derejede ýitýär we biperwaýlyk, göwnüçökgünlik ýüze çykýar. Mugallymlar bu ýagdaýy okuw materialyna daşky özüne çekijilik girizmek arkaly ýeňip geçmäge synanyşýar. Ýöne bu usulyň täsiri gysgawagtlaýyn bolýar.

Okuwçynyň okuwdan «doýgunlygynyň» öňüni almagyň ygtybarly usuly sapaklarda çylşyrymly okuw-akyl ýetiriş ýumuşlaryny ulanyp, çagany problema situasiýalary (mesele ýagdaýlary) bilen ýüzbe-ýüz

etmekdir; problema situasiýasyny ýumşa öwürmek arkaly çözgüt tapmak bolsa, okuwçyny degişli düşünjeleri özleşdirmäge ugrukdyrýar. Bu mysaly görnüşde şeýle amala aşyrylýar. Matematika dersinde san düşünjesi uly ähmiýete eýe bolýar. Ol çagalara birinji synpda teklip edilýär. San düşünjesi bilen tanyşmak usuly şeýle bolýar: çagalaryň öňünde birnäçe predmetleri ululygy ýa-da mukdary boýunça deňeşdirmek ýumşy goýulýar. Ýumşy göni çözmeklige meseläniň şerti boýunça rugsat edilmeýär. Birinji synplylar şeýle ýumuşlary işlemegiň umumy usulyny agtarmaly bolýar. Birnäçe gezek synanyşyklardan soňra çagalar mugallymyň kömegi bilen şeýle ýagdaýda ölçeg etmegiň, hasaplamanyň we sanyň zerurdygyna göz ýetirýärler. Şulary ulanmak arkaly ululyklary aralaşdyrylan görnüşde deňeşdirmek mümkin bolýar. Soňra çagalar ölçemäni we hasaplamany öwrenýär, san düşünjesiniň mazmunyny özleşdirýär. Şeýle ýörite anyklamaklyk (degişli düşünjeleriň näderejede zerurdygyny we olaryň gelip çykyşynyň nähilidigini) okuwçylarda, tejribeleriň görkezişine görä, durmuşy ýumuşlaryň çözülişiniň hususy matematiki usullaryna, bu okuw dersleriniň okuw sapaklaryna akyl ýetiriş höwesini kemala getirmäge kömek edýär.

Ene diliniň okadylyşy hem şeýle nusgada guralmalydyr. Ulanylýan nusga, ilkinji nobatda, çagalara sözleýiş aragatnaşygynyň bellibir morfologik-sintaktik serişdeleriniň zerurlygyny we olary ulanmagyň kanunalaýyklyklaryny açyp görkezmelidir. Zähmet okuwy sapagynda okuwçylarda öňde durýan işi meýilleşdirmegiň tärlerine we usullaryna, öz predmet hereketleriňi aňly dolandyrmagyň şertlerini öwrenmeklige höwes döretmelidir.

Çagalaryň öňünde öz çözülişiniň ýollaryny we serişdelerini işjeň ýüze çykarmagy talap edýän ýumuşlaryň ulgamyny goýmaklyk, ilkibaşdan birinji synplylary intellektual agtaryşlara ugrukdyrýar, olaryň öňünde ýaýraň pikir ýöretmeleriň we pikir jemlemeleriň esasynda hereketiň tapylan usullaryny esaslandyrmagyň zerurlygyny açýar. Şeýle işjeň pikir işi mynasybetli çagalar zerur bilim-düşünjeleri we başarnyklary aňly özleşdirip bilýär. Bu iş çagalary özüne çekýär we mugallym tarapyndan dogry ýolbaşçylyk edilende, olara elýeter bolýar. Hut şonuň üçin okadylyşyň ilkinji aýlarynda okuwçylardan ol ýa-da beýleki maglumatlary olaryň zerurlygyna we ulanylyş şert-

lerine düşünmezden, ýat tutmagy talap etmek zyýanlydyr. Elbetde, birinji synplylar köp zady berk ýada ornaşdyryp bilýärler. Okadylyşyň göni we däşky täsirliligi bu ýagdaýda gazanylsa-da, okuwçylaryň okuw materialyna akyl ýetiriş höwesiniň kemala getirilişi gözegçilikden sypýar. Şeýle höwesiň bolmazlygy mundan beýläkki ähli okuw işine oňyn däl täsir edýär.

Görnüşi ýaly, mekdep durmuşyna deslapky girişde çagada düýpli psihologik özgerme bolup geçýär. Ol täze režimiň birnäçe möhüm endiklerini özleşdirýär, mugallym we deň-duşlary bilen ynançly gatnaşyklary döredýär. Okuw materialynyň mazmunyna dörän höwesiň esasynda onda okamaklyga oňyn gatnaşyk berkeýär. Bu höwesleriň mundan beýläkki ösüşi we kiçi mekdep ýaşlylaryň okuwa gatnaşygynyň dinamikasy olarda okuw işini kemala getirmek prosesine bagly bolýar. Şonuň üçin pedagogik psihologiýa üçin bu işiň gurluşy we onuň aýry-aýry düzüm bölekleriniň aýratynlyklary aýratyn ähmiýetlidir.

## IV. 2. Kiçi mekdep ýaşly okuwçynyň okuw işiniň gurluşy

Bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler ata-eneler we deň-duşlar bilen aragatnaşykda, oýunda, kitap okamakda we ş. m. özleşdirilýär. Adam zähmet prosesinde uly tejribe gazanýar. Eýsem okuw işinde amala aşyrylýan özleşdirilişiň özboluşlylygy nämeden ybarat? Ýada salsak, özleşdirilişiň ýaýraň amala aşyrylmagyna şertler diňe mekdepde, çagalara ylymlaryň esaslarynyň öwredilişinde we olarda ylmy dünýägaraýşyň kemala getirilişinde döredilýär. Okuw işiniň mazmunynyň özboluşly aýratynlyklary bardyr: onuň esasy bölegini ylmy düşünjeler, ylmyň kanunlary we olara esaslanýan amaly ýumuşlary çözmegiň umumy usullary düzýär. Işiň beýleki görnüşlerinde özleşdiriş hadysasy goşmaça önüm hökmünde bolýar. Meselem, oýunda çaga öz üstüne alan ol ýa-da beýleki roly oňat ýerine ýetirmäge ymtylýar. Bu ýagdaýda özüňi alyp baryş kadalaryny özleşdirmek diňe esasy ymtylmanyň kanagatlandyrylmagyna utgaşýar. Zähmet işiniň esasy maksady zatlary öndürmekdir. Endikleri baýlaşdyrmak bu ýerde möhüm, ýöne işiň goşmaça netijesi hökmünde bolýar. Diňe okuw işinde ylmy düşünjeleri we olara degişli başarnyklary özleşdirmek işiň baş maksady we esasy netijesidir.

**Okuw işiniň kesgitli gurluşy bardyr.** Onuň esasy düzüjilerine: 1) okuw situasiýalary (ýa-da ýumuşlar), 2) okuw hereketleri, 3) gözegçilik – kontrol, 4) baha degişlidir.

**Okuw situasiýalarynyň aýratynlyklary.** Okuw situasiýalaryna birnäçe aýratynlyklar mahsusdyr. Birinjiden, okuwçylar bu ýerde düşünjeleriň häsiýetlerini ýüze çykarmagyň umumy usullaryny ýa-da takyk amaly ýumuşlaryň bellibir toparyny çözmegi özleşdirýärler (düşünjeleriň häsiýetlerini ýüze çykarmak takyk ýumuşlary çözmegiň aýratyn görnüşi-tipi hökmünde bolýandygy üçin mundan beýläk gürrüň diňe ýumuşlary çözmek hakynda gider). Ikinjiden, bu usullaryň nusgalaryny gaýtadan dikeltmeklik okuw işiniň esasy maksady hökmünde bolýar. Takyk-amaly ýumuşlaryň göni durmuşy mazmuny bolýar we olary çözmeklik edil şol derejede ähmiýetli durmuş ähmiýetli netijelere getirýär. Şeýle ýumuşlara mysal hökmünde sesli aýtgy (diktowka) boýunça hat ýazmak (ýazgynyň orfografik dogrulygy talap edilýär), matematiki tekst ýumşunda jogaplary agtarmak (haýsydyr bir önümçilik situasiýasyna laýyk zerur hasaplamalar), kagyzdan ýasawlar etmek (arça bezegi üçin gapyrjajygyň zerurlygy) we ş. m. görkezmek bolar. Şular ýaly köpdürli ýumuşlary çözmegi ol ýa-da beýleki ugurdan (grammatik, matematiki, amaly) bolan aýratyn ýumşuň üstünde işlemegiň uzakwagtlaýyn tejribesiniň netijesinde öwrenmek bolýar. Şunlukda, şeýle ýumuşlaryň şertlerine oriýentirlenmegiň tärleri barada maglumatlar kem-kemden toplanýar. Ýöne okuw situasiýalarynyň içinde takyk-amaly ýumuşlary çözmegiň başarnygy başgaça özleşdirilýär. Mugallym kiçi mekdep ýaşlyny ýumuşlaryň şu toparyndaky takyk-amaly ýumuşlaryň ählisiniň umumy çözüliş usulyny agtarmak zerurlygynyň öňünde goýýar. Soňra çagalar mugallymyň ýolbaşçylygynda bu usuly tapýar we kemala getirýär. Onuň aýry-aýry operasiýalaryny gaýtadan dikeltmek we bu usuly ulanmak boýunça şertleriň ulgamyny özleşdirmek okuwçylaryň işiniň indiki tapgyryny düzýär. Soň-soňlar degişli takyk-amaly ýumuşlar bilen ýüzbe-ýüz bolanlarynda, çagalar bada-bat olaryň özleşdirilen umumy çözüliş usulyny ulanmak bilen deslap okuw situasiýalary şertlerinde kemala getirilen başarnygy ýüze çykarýar.

Sesli aýtgy boýunça hat ýazmagyň öňüsyrasyndaky işde çagalar sözleriň düzümini we ondaky harplaryň utgaşmasynyň kanunalaýyk-

lyklaryny öwrenýär, dürs ýazuwa umumy talaplary kemala getirýär. Matematika boýunça tekstleýin ýumuşlary çözmegiň öňüsyrasynda ululyklaryň umumy häsiýetlerini we garaşlylyklaryny, tekstde olary ýüze çykarmagyň tärlerini we matematiki hereketleriň kömegi bilen olary beýan etmegiň usullary öwrenilýär.

Bu ýagdaýlaryň ählisinde çagalar okuw situasiýalarynyň içinde işlemek bilen olar onda, bir tarapdan, şu materialy özleşdirmegiň motiwlerini (sözleriň düzümini ýa-da ululyklaryň garaşlylygyny näme üçin öwrenmeli), ikinji tarapdan, şu topara degişli takyk ýumuşlary çözmegiň umumy usullarynyň nusgasyny alýar. Şeýle ýörite ýüze çykarylan umumy usullaryň nusgalaryny gaýtadan dikeltmeklik okuw işini özleşdirilişiň beýleki görnüşlerinden tapawutlandyrýar. Bu iş takyk-amaly ýumuşlary çözmegiň we düşünjeleri amaly ulanmagyň öňüsyrasynda gelýär. Eger-de çagalar bu usullary ýumuşlary çözmegiň gidiş prosesinde özleşdirseler, onda şeýle özleşdiriş hakyky okuw işi görnüşinde bolmaýar we başga kanunalaýyklyklar boýunça amala aşyrylýar.

Okuw situasiýalarynyň mazmuny we formasy pedagogik psihologiýanyň, didaktikanyň we bölekleýin usullaryň bilelikdäki serişdeleri bilen kesgitlenýär. Derňewleriň görkezişine görä, köp ýagdaýlarda şu topara degişli takyk-amaly ýumuşlaryň çözülişiniň umumy usullaryny nusga görnüşinde tapmak we göz öňüne getirmek örän kyn bolýar. Adaty okadylyş amalyýetinde çagalar, köplenç, okuw situasiýasyna ýörite girizilmeýär. Okuwçylar aýry-aýry takyk ýumuşlary uzak wagtyň dowamynda çözmekde hereketiň umumy usulyny tötänleýin aňşyryp ugraýarlar. Bu ýagdaýda köp sanly we örän haýal ýeňlip geçilýän ýalňyşlar peýda bolup, özleşdirilişiň netijelerinde ýeterlik jemlenilmäniň we aňlanylyşyň bolmaýanlygy üçin ol şu toparyň beýleki ýumuşlaryna kynlyk bilen geçirilýär hem-de köp sanly indiwidual özgermeler (wariasiýalar) ýüze çykýar. Eger-de başarnyk okuw situasiýasynda kemala getirilse, haçanda, okuwçylar we mugallym ýumuşlaryň çözülişiniň umumy usulyny nusga hökmünde öňünden ýüze çykarsa, şeýle kemçilikler bolmaýar. **Şonuň üçin psihologiýanyň esasy talaplarynyň biri başlangyç okadylyşyň guralyşyny maksatnamanyň temalarynyň we bölümleriniň köpüsiniň öwredilişini okuw situasiýalarynyň esasynda guralmagyny**

**gazanmakdyr.** Şeýle edilende, çagalar düşünjeleriň häsiýetlerini ýüze çykarmagyň ýa-da ýumuşlaryň bellibir toparyny çözmegiň umumy usullaryny özleşdirmäge oriýentir – ugrukma alýarlar.

**Okuw hereketleriniň aýratynlyklary.** Çagalaryň okuw situasiýasyndaky işi hereketleriň dürli görnüşlerinden durýar. Olaryň arasynda okuw hereketleri aýratyn orun eýeleýär. Olaryň üsti bilen okuwçy ýumuşlary çözmegiň umumy usullarynyň nusgalaryny we olary ulanmagyň şertlerini kesgitlemegiň umumy tärlerini gaýtadan dikeldýär we özleşdirýär. Bu hereketler predmet we akyl jähtden ýerine ýetirilip bilinýär. Olaryň düzümi birmeňzeş däl. Okuw hereketleriniň biri islendik okuw materialyny özleşdirmek üçin häsiýetli, beýlekileri şol bir okuw materialynyň içinde işlemäge, üçünjisi diňe aýry-aýry bölekleýin nusgalary gaýtadan dikeltmäge ýaramly bolýar. Meselem, okuwçylara berlen nusgalary şekillendirmäge mümkinçilik berýän hereketler her bir dersiň islendik materialy öwrenilende ulanylýar. Öwrenilýän obýekte laýyklykda şeýle şekillendiriş grafiki (shemalar, formulalar), predmet-giňişlik (göwrümli modeller), söz-beýan ediji we ş. m. görnüşde bolup bilýär. Materialy many jähtden topara ýerleşdirmegi özgertmek, onuň many daýanç punktlaryny ýüze çykarmak, onuň logiki shemasyny we meýilnamasyny düzmek ýaly hereketler beýan ediji häsiýetdäki materiallary özleşdirmäge has laýykdyr.

Ol ýa-da beýleki okuw dersiniň her bir binýady – düýpli düşünjeleri özleşdirmäge aýratyn okuw hereketleri laýyk bolýar.

Ýörite derňewleriň görkezişine görä, sözleriň gurluşy we morfemalaryň ähmiýeti baradaky grammatik düşünjeleri maksadalaýyk özleşdirmek üçin kiçi mekdep ýaşlylar birnäçe okuw hereketlerini ýerine ýetirmeli bolýarlar: 1) deslapky sözi özgertmek we onuň wariant görnüşlerini ýa-da ugurdaş sözleri almak, 2) deslapky sözüň manysyny deňeşdirmek we morfemalary ýüze çykarmak, 3) deslapky sözüň görnüşlerini baglanyşdyrmak we morfemalary ýüze çykarmak, 4) şol bir sözüň morfemalarynyň funksional ähmiýetini kesgitlemek we ş. m. Grammatikany öwrenmegiň ilkinji tapgyrlarynda özgertmek we deňeşdirmek hereketleri möhüm bolup, olar çagalara sözüň manysy bilen formasynyň arasyndaky gatnaşygy ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Şeýle okuw hereketlerini özleşdirmezden çagalar görkezilen gatnaşygy we onuň häsiýetlerini aňly ýüze çykaryp, soňra ýaýraň

seljerip bilmeýärler. Çagalaryň ýokarda görkezilen hereketleri ýaramaz özleşdirýändigi mekdep tejribesinde ýygy-ýygydan duşýan hadysadyr. Şonuň netijesinde olaryň sözüň morfologiýasy bilen tanyşlygy grammatikadan öňki, durmuşy derejede galýar. Bu ene diliň grammatikasyny öwrenmegi kynlaşdyrýan esasy sebäpleriň biridir.

San düşünjesini özleşdirende çaga birnäçe okuw hereketleri ýerine ýetirmeli bolýar: 1) predmet hereketi (bir ululygyň beýleki ululyga (ölçeg hökmünde alnan) esseleýin (kratlaýyn) gatnaşygyny kesgitlemek), 2) söz hereketi (ölçegleriň mukdaryny sanamak), 3) akyl hereketi (alnan netijäni ähli ölçeg edilýän obýekte ýaýratmak).

Okatmak prosesinde mugallym umumy we bölekleýin okuw hereketleriň ähli toplumyny aýdyň göz öňüne getirmelidir; çagalar bu hereketleri ýerine ýetirenlerinde ol ýa-da beýleki düşünjeleri ýa-da ýumuşlary çözmegiň usullaryny, okuw dersiniň ol ýa-da beýleki bölümlerini maksadalaýyk özleşdirýärler. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylarda talap edilýän okuw hereketleriň ulgamy ýörite we erjel kemala getirilmelidir. Olar bolmasa, materialyň özleşdirilişi okuw işiniň çäginden daşda amala aşyrylýar, bu bolsa materialyň formal, düşünjeleriň ýa-da ýumuşlaryň çözüliş tärleriniň sap söz häsiýetnamalaryny ýat beklemek görnüşinde özleşdirilmegine getirýär.

Kiçi mekdep ýaşlylaryň okuw materialyny aýdyň göz öňüne getirmelere daýanyp we teksti sözme-söz ýat tutmak boýunça özleşdirmäge ymtylmasy mekdep okuwynda çalt-çaltdan duşýan zatdyr. Ilkibaşda bu zerur okuw hereketlerini ýaýraň ýerine ýetirmekden (meselem, materialy manysy boýunça toparlara birleşdirmek, daýanç punktlaryny ýüze çykarmak) ýeňil we çalt bolýar. Ýöne mugallym çagalaryň hususy okuw işiniň çäginden daşa çykmaga özakymlaýyn ymtylmasynyň öňüni almalydyr we aýratyn okuw situasiýalarynyň içinde materialyň hakyky özleşdirilişini kepillendirýän hereketleri çagalarda yzygider kemala getirmelidir. Ilkibada bu okadylyşyň depginini haýalladýar. Ýöne diňe oňat özleşdirilen okuw hereketleriniň esasynda okuwçylar soň-soňlar dürli dersler boýunça uly göwrümli materialy takyk we doly gaýtadan dikeldip bilýärler. Derňewlerden görnüşi ýaly, aýry-aýry düşünjeleri we ýumuşlary çözmegiň usullaryny özleşdirmekde bolýan düýpli kemçilikler, köplenç, bu düşünjeler we usullar kemala getirilende çagalara ähli zerur okuw hereketleriniň öwredilmändigi bilen baglanyşykly bolýar.

**Gözegçilik (kontrol) hereketiniň aýratynlyklary.** Okuw situasiýasyndaky maksadalaýyk iş gözegçilik hereketiniň-de ýerine ýetirilmegini talap edýär. Çaga öz okuw hereketlerini we olaryň netijelerini teklip edilen nusgalar, bu netijeleriň hilini ýerine ýetirilen okuw hereketleriň derejesi we dolulygy bilen baglanyşdyrmaly bolýar. Gözegçilik mynasybetli okuwçy nusganyň gowşak ýa-da örän gowşak gaýtadan dikeldilişi bilen öz hususy okuw hereketleriniň arasyndaky garaşlylygy aňlanylýan häsiýetde kesgitläp bilýär. Bu kemçilikleri aradan aýyrmak (täze hereketleri ýa-da operasiýalary girizmek, olary endigan ýerine ýetirmek arkaly we ş. m.) özleşdirilişiň netijelerini gowulandyrmaga we olary talap edilýän kadalaryň derejesine ýetirmäge mümkinçilik berýär. Ilkibaşda gözegçiligi guramakda esasy rol mugallyma degişli bolýar. Çagalar kem-kemden öz hereketleriniň netijelerini nusga bilen özbaşdak baglanyşdyryp, netijäniň we nusganyň gabat gelmezligiňiň sebäbini tapýarlar we okuw hereketlerini özgerdip, olary düzedip başlaýarlar. Bu ýagdaýda okuwçylarda özleşdiriş prosesine özleriniň gözegçilik etmekligi kemala gelýär.

Gözegçiligiň görnüşleri dürli-dürlidir. Olaryň iki görnüşi has ähmiýetlidir: 1) hakyky ýerine ýetirilen hereketleriň taýýar netijelerini seljermek (analiz) esasynda gözegçilik, 2) diňe akyl jähetde ýerine ýetirilen hereketleriň çaklanylýan netijeleriniň esasynda gözegçilik. Gözegçiligiň zerurlygyny we ony amal etmegiň tärlerini ilkibaşda mugallym görkezýär. Aýdaly, birinji synply haýsydyr bir harpy ýazdy. Mugallym olary elementlere dargadýar, olaryň käbirleriniň nusga bilen gabat gelmeýändigini çaga görkezýär («Bu bölek ýeterlik tegelenmändir»), gabat gelmezligi okuw hereketleriniň kemçilikleri bilen baglanyşdyrýar («Bu ýerde sen çyzykdan ýeterlik çekilmänsiň, bu ýerde öwrüm nokadyny sypdyrypsyň»). Şeýle iş beýleki sapaklarda hem geçirilýär. Mugallym her bir ýagdaýda çagalaryň netijäni elementlere dargatmagyň shemasyny özleşdirmegi we bu netijeleri nusga hem-de hereketi hakyky ýerine ýetirmegiň aýratynlyklary bilen baglanyşdyrmagy öwrenmeklerini gazanmaga çalyşýar. Mugallymyň gözegçiligiň öz görnüşiniň özgermegi üçin şertleri döretmegi aýratyn ähmiýetlidir: çagalarda diňe akyl jähetde ýerine ýetirilýän hereketleriň mümkingadar netijesini aýdyň göz öňüne getirmek başarnygy kemala getirilmelidir (meselem, seljerme «pikirde» amal edilende häzirki sözüň morfemasynyň düzümi

barada göz öňüne getirilme). Munuň üçin aýratyn okuw işini geçirmek maksadalaýykdyr. Bu işiň prosesinde haýsydyr bir hereketi predmetler, shemalar bilen ýa-da sesli aňladyşda daşky jähetde ýerine ýetirmeklik, onuň ýuwaş seslenme (pyşyrdy) arkaly, soňra bolsa öz-özüň bilen gürleşmek (ilki has ýaýraň, soňra has gysgaldylan) görnüşinde ýerine ýetirilişi bilen çalşyrylýar. Çagalarda hereketiň akyl jähetde ýerine ýetiriliş görnüşiniň bolmagy gözegçiligiň diňe çaklanylýan okuw hereketleriň esasynda amala aşyrylmagyna taýýarlyk döredýär. Bu ýagdaýda okuwçy mümkin bolan netijeleriň edilýän hereketleriň aýratynlyklary bilen bagly bolýandygyny görýär we dogry baglanyşyklary saýlaýar. Şunlukda, ýumuşlary hakyky (diňe akyl giňişliginde däl-de) ýerine ýetirmegiň ýalňyşlary üzül-kesil peselýär (okuwçy «Ýedi ölçe, bir kes» nakyly boýunça hereket edýär).

**Bahalandyrma hereketiniň aýratynlyklary.** Gözegçilik okuw işiniň bahalandyrma düzüjisi bilen hem baglydyr. Ol özleşdirilişiň netijeleriniň okuw situasiýasynyň talaplaryna laýyk gelip ýa-da gelmeýändigini häsiýetlendirýär. Mugallym gözegçiligi hem guraýanlygy üçin ilki-ilkiler bahany, esasan, özi berýär, ýöne çagalarda öz-özüňe gözegçiligiň kemala gelmegine barabarlykda bahalandyrma funksiýasy-da okuwçynyň özüne geçýär. Okuwçylar özlerinde ol ýa-da beýleki ýumuşlary çözmegiň umumy usulynyň bar ýa-da ýoklugyny bellibir takyklykda kesgitlemek başarnygyny özleşdirýärler. Okuw işiniň guralyşy bahalandyrmanyň häsiýetine bagly bolýar. Eger-de baha oňyn bolsa, şu okuw situasiýasynyň möhleti öten bolýar we beýleki materiala geçmegiň mümkindigini aňladýar (baha oňyn däl bolsa, tersine). Oňyn däl bahalandyrma bolanda mugallym öňki okuw situasiýasynyň has bölekleýin wariantlaryny döredýär, bu bolsa okuwça hereketleriň ýa-da ýumuşlary çözmek usullarynyň aýry-aýry granlaryny özleşdirmäge kömek edýär.

Bahalandyrmany mekdep amalyýetinde baha goýmak bilen gatyşdyrýarlar. Bu psihologik nukdaýnazardan hakykata laýyk däldir. Bahalandyrma diňe özleşdirmek ýa-da özleşdirilmezlik hakykatyny äşgär etmän, eýsem özleşdirilmezligiň sebäbini-de görkezýär; bu bolsa okuwçyny kemçilikleri düzetmäge gönükdirýär we netije oňyn bolýança çagany işe meýillendirýär. Bahalandyrmanyň diňe oňyn we oňyn däl häsiýetdäki iki manysy bolýar. Şuňa laýyklykda okuw situa-

siýasy çalşyrylýar ýa-da saklanýar. Baha goýmagyň bolsa birnäçe derejeleýin manysy bardyr (1-den 5-e çenli) we ol, esasan, sintetik häsiýetdedir. Ony okuw situasiýasyndaky aralyk iş üçin we ondaky ähli işiň tamamlanandygy üçin goýýarlar. Baha goýmakda çaganyň yhlasy, sapakdaky tertipliligi we beýleki zatlar şöhlelenýär (dogry jogabyň tötänleýin alnandygy hadysasyna çenli). Baha goýmanyň şeýle häsiýeti okuwçylaryň sapakdaky bitewi işiniň netijelerini beýan etmäge mümkinçilik berýär. Bahalandyrmanyň okuw situasiýasynyň içinde has dar manysy bardyr. Ol işe hil taýdan häsiýetnama bermek bilen (pylan-pylan zatlar bar, emma entek pylan-pylan zatlar ýok), baha goýmak ýaly mukdar deňeşdirilmä eýlýeter derejeleýin häsiýetnamany berip bilmeýär. Baha goýmagyň we bahalandyrmagyň arasyndaky hakyky we çylşyrymly gatnaşyklar geljekki derňewlerde anyklanylmalydyr. Baha goýmagyň bellibir ähmiýetini inkär etmezden, çagalaryň okuw hereketleriniň ýagdaýyny mazmunlaýyn beýan etmegiň serişdesi hökmünde bahalandyrmanyň psihologik mümkinçilikleri has düýpli ulanylmalydyr. Şeýle beýan edilmäniň esasynda kiçi mekdep ýaşlylarda okuw işiniň esasy düzüm böleklerini has maksada gönükdirilmeli kemala getirmek mümkin.

## IV. 3. Okuw işini kemala getirmek

Okuw işiniň prosesi birnäçe umumy kanunalaýyklyklara tabyndyr. Ilki bilen mugallymyň çagalary yzygider okuw situasiýalaryna çekmegi, olar bilen bilelikde degişli okuw hereketlerini hem-de gözegçilik we bahalandyrma hereketlerini tapmagy, aýdyň ýüze çykarmagy zerurdyr. Okuwçylaryň bolsa öz gezeginde okuw situasiýalarynyň manysyny aňlamagy we ähli hereketleri yzygider gaýtadan dikeltmegi möhümdir. Başgaça aýdanyňda, bu ugurdaky kanunalaýyklaryň biriniň manysy kiçi synplarda ilkibaşda okatmak prosesini tutuşlygyna çagalary okuw işiniň esasy düzüjileri bilen ýaýraň tanyş etmek esasynda guramak we çagalary bu düzüjileri işjeň ýerine ýetirmäge çekmekdir.

Çagalary okuw materialyna şeýle ýaýraň we «süýndürilen» görnüşde goşmaklyk käbir mugallymlara artykmaç ýaly görünmegi-de mümkindir. Hakykatda, bu beýle däl. Okuw situasiýasynyň

taýýarlyklaryny (takyk-amaly ýumuşlary çözmegiň kynlygy, olary analiz etmegiň umumy usulyny agtarmagyň zerurlygy) we onuň roluny endigan açmaklyk çagalaryň akyl ýetiriş işjeňliginiň, okuwa höwesiniň ösmegi üçin düýpli şertleriň biri bolup hyzmat edýär.

Çagalara okuw hereketleriniň bellibir yzygiderligini endigan we howlukmazdan açyp görkezip, olaryň arasynda predmet, daşky sözleýiş ýa-da akyl giňişliginde ýerine ýetirilmeli görnüşleri ýüze çykarylmalydyr. Şu ýagdaýda predmet hereketleriniň ýeterlik jemlenijiligi, gysgalygy we özleşdirilenligi bolanda, olaryň akyl hereketi görnüşe geçmegine şertler döretmek möhümdir. Eger-de ýumuşlary ýerine ýetirenlerinde okuwçylar, her näme-de bolsa, ýalňyşlary goýberýän bolsa, bu olara görkezilen okuw hereketleriniň, gözegçiligiň we bahalandyrmanyň doly däldigine ýa-da bu hereketleriň gowşak işlenilendigine şaýatlyk edýär.

I we II synplarda çagalar okuw situasiýalarynda mugallymyň göni daşky görkezmeleri esasynda hereket edýärler. Ýöne II synpyň ahyryndan we III synpda okuw işiniň aýry-aýry düzüm böleklerini çagalaryň öz-özüni dolandyrmak görnüşinde ýerine ýetirýändigini görmek bolýar. Ilki bilen okuwçylar bahalandyrmanyň manysyny we mazmunyny özleşdirýär, ýumuşlary çözmegiň umumy usulyny özleşdirmegiň zerurlygyny aňşyryp başlaýarlar. Entek intuitiw häsiýetde bolsa-da, çagalar ol ýa-da beýleki takyk-amaly ýumuşlary çözenlerinde öz mümkinçiliklerini takyk kesgitläp bilýärler. «Muny men çözüp bilýärin, munuň nähili edilýändigini biz geçipdik»; «Başarman, bu ýumşuň nähili çözülýändigini men entek bilemok» we ş. m. Şeýle aýtgylar özleriniň ýumuşlary çözmegiň usullaryny özleşdirendigi barada takyk bahalandyrmasy bolan okuwçylaryň tipiki jogaplarydyr. Bu okuwçylar öz işleri üçin alýan ol ýa-da beýleki baha goýulmalaryň esasyny özbaşdak kesgitläp bilýärler (şunuň üçin – «5», munuň üçin bolsa – «4» we ş. m.). Dogry bahalandyrma gözegçiligiň derejesi bilen ýakyndan baglydyr. I – II synpyň okuwçylary özleriniň netijelerini mugallymyň, ata-enäniň pikirlerine ýa-da okuw kitabynyň ahyrynda getirilýän jogaplara daýanyp («gabat geldi – gabat gelmedi») tassyklamaga çalyşýar. Eger netije nädogry bolsa, çagalar aljyraýar we ululardan mundan beýläkki görkezmelere garaşýar. Üçünji synplylar bu babatda özlerini başgaça alyp barýarlar: olar göni kömek almaga

howlukmaýar, zerur hereketleri pikirde ýa-da hakyky gaýtalaýarlar we aralyk netijeleriň häsiýeti boýunça öz ýalňyşlarynyň mümkingadar sebäbi barada karara gelýärler: «Men şu hereketi ýerine ýetirmegi ýatdan çykarypdyryn, şonuň üçinem ýalňyş». Çaganyň ýerine ýetirilen ýumuşlarynyň netijelerini edilýän hereketleriň aýratynlyklary bilen özbaşdak deňeşdirip bilmegi onuň okuw işinde öz-özüňe gözegçiligiň deslapky görnüşleriniň kemala gelendigine şaýatlyk edýär.

Öň bellenilişi ýaly, okuw hereketleri öz düzümi boýunça dürli-dürlüdir. Olaryň arasynda öwrenilýän predmetleriň esasy sypatlaryny şekillendirmäge mümkinçilik berýän hereketler (modelirleme hereketleri) aýratyn ähmiýete eýedir.

Olaryň kemala getirilişi çagalary ol ýa-da beýleki material bilen tanyşdyrmagynyň ilkinji ädimlerinden başlap mugallymyň aýratyn aladasy bolýar. Modelirleme başarnygy I – III synplarda, haçanda, gürrüňiň tekstini gysga gaýtadan dikeltmek, beýan etmegiň meýilnamasyny düzmek, ýumşuň şertini gysga ýazmak we ş. m. çagalardan hemişe talap edilende has depginli häsiýete eýe bolýar. Bu ýagdaýda sapakda tekstiň aýry-aýry bölekleriniň baglanyşyklaryny, ululyklaryň gatnaşygyny şekillendirmek üçin grafiki shemalary we harp formulalary ulanmak maksadalaýykdyr. Eger-de soňra okuwçylar öwrenilen materialy beýan etmegiň has täsirli serişdelerini özbaşdak agtaryp başlasalar, bu olaryň hususy okuw işiniň ösüşiniň ýokary derejesinden habar berýär.

Çaganyň okuw situasiýalarynyň ulgamyndaky işi I synpdan başlanýar, ýöne takyk-amaly ýumuşlaryň çözülişiniň öňüsyra ýagdaýy bolýan ýumuşlary öz öňünde özbaşdak goýmak başarnygy onda has soňrak döreýär. Başlangyç okadylyşyň adaty usullary ulanylanda bu başarnygyň kemala getirilişi uly kynçylyklar bilen utgaşýar we kiçi mekdep ýaşlylaryň ählisinde döremeýär. Bu şeýle bolýar: eger okuwçy takyk-amaly ýumuşlaryň toplumyny çözmeli bolanda, ol birinjiden ýalňyşmak-düzetmek usulynda yzygider her bir ýumşy aýry-aýrylykda çözmäge däl-de, olaryň umumy çözüliş usulyny tapmaga ymtylýar; ikinjiden çaga bu usuly diňe bir-iki ýumuşy seljereninden soňra tapýar; olar indi onuň üçin ýumuşlaryň şertleriniň umumy baglanyşyklaryna nazary-teoretiki seretmegiň obýektine öwrülýär. Takyk-amaly ýumuşlary okuw-nazary ýumuşlara öwürmek

başarnygynda okuwçylaryň okuw işiniň ösüşiniň has ýokary derejesi ýüze çykýar.

Hut şu başarnyk hem çagalarda hakyky akyl ýetiriş höwesleriň bardygyna şaýatlyk edýär. Hakykatdan-da, çaga, haçanda, ol ýa-da beýleki takyk we bölekleýin netijäni almaga däl-de, ýumuşlaryň şu tipiniň ähli netijelerini almagyň umumy usulyny tapmaga ymtylýan bolsa, bu onuň öwrenilýän predmetiň düýpli baglanyşyklaryna we gatnaşyklaryna düşünmek höwesinden habar berýär. Şeýle ymtylma okamak höwesiniň we ukybynyň esasynda durýar. Eger-de kiçi mekdep ýaşynda şeýle ymtylma talabalaýyk kemala getirilmese, soň-soňlar ne hyjuw, ne-de borç şatlykly we netijeli okamagyň psihologik çeşmesi bolup bilmeýär. Şeýle çeşme diňe okuw prosesleriň hut özüniň içki mazmunyna düşünmäge ymtylma (lingwistik, matematiki, himiki, taryhy) bolup bilýär. Şunuň ýaly ymtylmanyň döremegi we berkemegi III – IV synp okuwçylarynyň höwesleriniň umumy möçberinde şöhlelenýär. Özleriniň wagtynyň köp bölegini olar indi diňe oýna sarp etmän (ýöne olaryň udel agramy ýokary bolmagynda galýar), syýahatçylar, alymlar, sungat ussatlary hakyndaky edebiýaty ýörite okamaga, ýönekeý abzallary ýa-da gerbarileri we ş. m. taýýarlamaga gönükdirýär. Alynýan maglumatlar, köplenç, ol ýa-da beýleki ders boýunça mekdep maksatnamasynyň çäginden çykýar.

Şeýlelikde, kiçi mekdep ýaşynyň dowamynda okuwçylaryň okuwa gatnaşygynda bellibir dinamika synlanylýar. Ilkibaşda olar okuwa umuman, jemgyýetçilik ähmiýetli iş hökmünde ymtylýarlar. Soňra olary okuw işiniň aýry-aýry tärleri gyzyklandyrýar. Ahyrda, çagalar okuw işiniň içki mazmuny bilen gyzyklanyp, takyk-amaly ýumuşlary okuw-nazary ýumuşlara özbaşdak özgerdip başlaýar. Bu işiň kemala getirilişiniň kanunalaýyklyklaryny derňemek häzirki zaman çagalar we pedagogik psihologiýanyň gaýragoýulmasyz meseleleriniň biridir.

## IV. 4. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň zähmet işiniň psihologik aýratynlyklary

Okuw çaganyň işiniň ýeke-täk görnüşi däldir. Bu babatda zähmet işine aýratyn rol degişli bolup, kiçi mekdep ýaşynda onuň öz-özüňe hyzmat ediş we zat ýasamak görnüşleri bolýar.

Öz-özüňe hyzmat etmegi çagalar baryp mekdebe çenli ýaş döwründe öwrenýär. Kiçi synplarda öz-özüňe hyzmat etmek endik we başarnyklaryny berkitmek we ösdürmek, çagalarda uly adamlaryň zähmetine hormat goýmak duýgusyny döretmegiň, olaryň zähmetiň adamlaryň ýaşaýyş-durmuşyndaky roluna düşünmegini, dowamly fiziki güýç sarp edişe çydamlylygyny gazanmagyň oňaýly psihologik esasydyr. Maşgalada we mekdepde çaganyň öz-özüne hyzmat etmek borjuny duýmagy üçin şertleri döretmek möhümdir. Meselem, arassa we ýakymly bolmak talaby çaganyň öz eşikdir zatlaryny goýýan ýerini özbaşdak (elbetde, elýeter derejede) kadalaşdyrmagyň zerurlygyny duýmagyna şert döredilmek bilen utgaşdyrylmalydyr. Synp şertlerinde çagalara tutuş kollektiw üçin bellibir ähmiýeti bolan ýumuşlary (poly süpürmek, partalary tämizlemek, gülleri suwarmak we ş. m.) yzygider tabşyrmak maksadalaýykdyr; üstesine-de, çaganyň bu işi özüniň ol ýa-da beýleki indiwidual höweslerini, kähalatlarda bolsa ýadawlygyny ýeňip geçmek ýagdaýynda ýerine ýetirmegi has ähmiýetlidir. Öz-özüňe hyzmat edişe çekilýän çagalara talap edijilik we onuň takyk guralmagy, kiçi mekdep ýaşlylarda kollektiwleýin zähmete gatnaşmak, daşdan ýatladylmazdan, oňa öz elýeter goşandyňy goşmaga ymtylma (zähmetsöýerligiň alamatlary hut şu ýagdaýda ýüze çykýar) endigini terbiýelemegiň möhüm şertidir. Kiçi mekdep ýaşlaryndan başlap terbiýelenýän şeýle endik bolmasa, uly ýaşly çagalarda zähmete söýgini terbiýelemek kyn, kählatlarda bolsa mümkin bolmaýar.

Mekdepdäki öz-özüňe hyzmat ediş zähmetiň çagalary bilelikdäki kollektiwleýin işe goşýan görnüşleriniň terbiýeçilik ähmiýeti uludyr. Olar bu ýagdaýda ýoldaşlyk goldawyny we özara kömek bermegi öwrenýärler, kollektiwiň umumy işlerine aňly gatnaşykda bolup, işi öz wagtynda we talabalaýyk ýerine ýetirmek üçin şahsy jogapkärçiligi duýýarlar.

Kiçi mekdep ýaşlylaryň köpüsi zähmet sapagyny söýýärler; zähmet işinde materialy kesmek we ony ýelmemek ýaly hereketlerde öz usullylygyňy görkezmek mümkinçiligi, ýerine ýetirilýän hereketleriň biri-birini çalşyryp durmagy ýaly taraplary çagalarda durnukly gyzyklanma döredýär. Öz eliň bilen zerur we peýdaly zatlary taýýarlamaklyk (zähmet sapagynda ýasalan arça bezeglerini goňşy çagalar

bagynyň körpelerine sowgat bermek mümkinçiligi) ýaş okuwçylarda çuňňur kanagatlanma döredýär. Bularyň ählisi zähmetsöýerligi, bitirilen işe jogapkärçilik duýgusyny terbiýelemäge ýardam edýär. Zatlary elde ýasamak, differensirlenen (aýry-başgalanan) we koordinirlenen (sazlaşdyrylan) hereketleriň ösmegi olara muskul duýgusynyň we görüşiň esasynda gözegçiligi kemala getirmek üçin ähmiýetlidir.

Zähmet sapagynyň ýene-de bir düýpli psihologik täsiri bardyr. Şeýle sapagyň geçiriliş şertleri çagalarda öňde durýan işi meýilleşdirmek, soňra bolsa ony amala aşyrmagyň ýollaryny we serişdelerini tapmak başarnygyny kemala getirmek üçin örän oňaýlydyr. Elbetde, bu başarnyk beýleki sapaklarda hem ösýär, ýöne çaga haýsydyr bir predmeti maksadagönükdirilmeli taýýarlanda, ol has ýaýraň we daşky aňladylyşy bolan talaplaryň ulgamynda hereket edýär. Hatda ýönekeý operasiýa sypdyrylsa ýa-da zerur abzal ulanylmasa, bularyň ählisi işiň netijesinde aýdyň görünýär. Şonuň üçin zähmet sapaklarynda çaga öz hereketleriniň yzygiderliligini öňünden meýilleşdirmek we olaryň amal edilmegi üçin zerur abzallary nazarlamak başarnygyny depginli özleşdirýär.

## IV. 5. Kiçi mekdep ýaşynda döreýän psihologik täzelikler

Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň psihikasynyň ösüşi, esasan, olar üçin aýgytlaýjy bolan okuw işiniň binýadynda amala aşýar. Okuw işine goşulmak bilen çagalar kem-kemden onuň talaplaryna tabyn bolýarlar, bu talaplaryň ýerine ýetirilmegi olarda psihikanyň mekdebe çenli ýaşlylarda bolmadyk täze sypatlarynyň döremegine şert bolýar. Täze sypatlar kiçi mekdep ýaşlylarda okuw işiniň kemala gelşine barabarlykda döreýär we ösýär.

Synpda frontal sapaklary guramak, haçanda, ähli çagalar mugallymy birwagtda diňlände we onuň görkezmelerine eýerenlerinde mümkin bolýar. Şonuň üçin her bir okuwçy öz ünsüni şeýle sapaklaryň talaplaryna laýyklykda dolandyrmagy öwrenýär. Çaga gorkuldaşýan kepderileriň sesini eşidende äpişgä tarap seretmek isleýän-de bolsa, ýumşuň täze çözüliş usulynyň düşündirilişini diňlemegiň zerurdygyny, ony diňe bir diňlemek däl, ertirki barlag işini dogry ýerine ýetirmek üçin täze usulyň ähli detallaryny ýada ornaşdyrmalydygyny

bilýär. Şeýle «zerurlyklary» yzygider berjaý etmek, teklip edilýän nusgalar esasynda öz hereketleriňi dolandyrmak, çagalarda psihiki prosesleriň aýratyn sypaty bolan erkliligiň ösmegine ýardam edýär. Ol hereketleriň maksadyny aňly goýmak we olaryň ýetiliş serişdelerini erkli agtarmak hem-de tapmak, kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçmek başarnygynda ýüze çykýar.

Dürli dersler boýunça ol ýa-da beýleki ýumuşlary ýerine ýetirende çagalar, adatça, olaryň çözülişiniň iň oňat ýollaryny agtarýar, hereketleriň wariantlaryny saýlaýar we deňeşdirýär, olary amal etmegiň tertibini we serişdelerini meýilleşdirýär (şeýle içki psihiki iş zähmet sapaklarynda has aýdyň ýüze çykýar). Çaga şeýle «ädimleri» näçe köp öňünden nazarladygyça we olaryň dürli wariantlaryny näçe endigan deňeşdirdigiçe, ol ýumuşlaryň anyk hereketde çözülişine üstünlikli gözegçilik edip bilýär. Okuw işinde gözegçiligiň we öz-özüňe gözegçiligiň zerurlygy we onuň beýleki aýratynlyklary (meselem, sözüsti hasabaty talap etmek, bahalandyryş) kiçi mekdep ýaşlylarda meýilleşdirme we hereketleri içki psihiki jähetde ýerine ýetirmek ukybynyň kemala gelmegine amatly şert döredýär.

Okuw işiniň möhüm talaplarynyň biri çagalaryň öz aýtgylarynyň we hereketleriniň hakykata laýykdygyny ýaýraň esaslandyryp bilmegi bilen baglydyr. Şeýle esaslandyrmanyň köp tärlerini mugallym görkezýär. Pikir ýöretmäniň nusgalaryny tapawutlandyrmak we olary özbaşdak guramaga synanyşyk, kiçi mekdep ýaşlylarda öz pikirlerine we hereketlerine göýä gapdaldan synlamak başarnygynyň kemala getirilmegini nazarlaýar. Bu başarnyk refleksiýa atlandyrylýan möhüm hadysanyň esasynda durýar. Refleksiýa bu aňlanylýan niýete we işiň şertine laýyklygy nukdaýdan öz pikir ýöretmeleriňi we hereketleriňi obýektiw seljermekdir.

Erklilik, hereketiň içki jäheti we refleksiýa kiçi mekdep ýaşly çaganyň esasy psihologik täzelikleridir. Bular mynasybetli bu ýaşdaky çaganyň psihikasy orta mekdepde mundan beýläk okamaga, ýetginjeklik ýaşyna kadaly geçmäge zerur bolan derejä ýetýär. Käbir kiçi mekdep ýaşlylaryň orta mekdebe taýýar dälligi, esasan, psihiki prosesleriň we okuw işiniň özüniň derejesini kesgitleýän şahsyýetiň şeýle umumy sypatlarynyň we ukyplarynyň kemala getirilmezligi bilen baglydyr.

## IV. 6. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylarda akyl ýetiriş prosesleriniň ösüşi

**Kabul edişiň ösüşi.** Aýry-aýry psihiki prosesleriň ösüşi kiçi mekdep ýaşynyň bütin dowamynda bolup geçýär. Çagalar mekdebe kabul edişiň prosesleriniň ýeterlik ösen derejeleri bilen gelýän-de bolsa (olarda görüşiň we eşidişiň ýokary ýitiligi bolýar, olar dürli formalara we reňklere oňat oriýentirlenýärler), ýöne olaryň okuw işindäki kabul edişi diňe tanamaklyga we formany we reňki atlandyrmaklyga syrykdyrylýar. Birinji synplylarda predmetleriň kabul edilýän häsiýetleriniň we sypatlarynyň hut özleriniň yzygider seljerilmesi bolmaýar. Bu ýagdaý ýörite tejribelerde aýdyň ýüze çykarylandyr. Meselem, I synp okuwçylary suratyny synlap çekmek üçin reňkli golça alýarlar. Çagalar ony çalt synlap, adyny aýdýarlar we soňra, mundan beýläk golça seretmezden, bada-bat onuň suratyny çekmäge synanyşýarlar. Olaryň suratlarynda biri-birinden kähalatlarda görnetin tapawutlanýan dürli möçberdäki we formadaky golçalar bolupdyr. Munuň sebäbi çagalarda formanyň hut özüniň seljeriş serişdesiniň ýoklugy bilen düşündirilýär. Hut şeýle netijeler golçanyň reňkini bermekde hem ýüze çykypdyr. Birinji synplylar degişli reňki tanap, ony atlandyryp, soňra onuň takyk aýratynlyklary bilen düýpgöter gyzyklanmandyrlar. Kabul edişiň tapawutlandyryjylygynyň kemçilikleri beýleki tejribelerde hem ýüze çykarylypdyr.

Çaganyň kabul edilýän predmetleri seljermek we tapawutlandyrmak mümkinçiligi onda zatlaryň aýry-aýry, göni göze ilýän häsiýetlerini duýmak we tapawutlandyrmakdan has çylşyrymly işiň kemala getirilmegi bilen bagly bolýar. Işiň synlama atlandyrylýan bu görnüşi mekdep okuwy prosesinde ýokary depginde döreýär. Okuwçy sapaklarda ol ýa-da beýleki predmetleri we gollanmalary alýar we soňra olary kabul etmek ýumşuny özi ýaýraň kesgitleýär. Şu mynasybetli kabul ediş maksada gönükdirilen bolýar. Mugallym çagalara zatlary we hadysalary synlamagyň ýa-da gulak asmagyň beýleki tärlerini (olaryň häsiýetlerini ýüze çykarmagyň tertibi, eliň we gözüň hereketleriniň marşrutlary we ş. m.), ýüze çykarylan häsiýetleri ýazga geçirmegiň serişdelerini yzygider görkezýär (surat, shema, söz). Çaga soňra bu prosesde esasy zady ikinji derejeliden aýry-başgalamak,

kabul edilýän sypatlaryň iýerarhiýasyny (özara tabynlygyny) döretmek, olary umumylygy boýunça tapawutlandyrmak we ş. m. esasynda kabul ediş işini özbaşdak meýilleşdirip, ony niýete laýyklykda erkli amala aşyryp bilýär. Şeýle kabul ediş akyl ýetiriş işiniň beýleki görnüşleri bilen bitewüleşip (üns, pikirlenme bilen), maksada gönükdirilmeli we erkli synlama görnüşine eýe bolýar. Ösen synlamanyň bolmagy çagada şahsyýetiň aýratyn sypaty bolan synlaýjylygyň bardygyna güwä geçýär. Derňewleriň görkezişine görä, başlangyç okadylyşda bu möhüm sypaty kiçi mekdep ýaşlylaryň ählisinde kemala getirmek mümkin.

**Ünsüň ösüşi.** Mekdebe gelýän çagalarda entek maksada gönükdirilen üns bolmaýar. Olar ünsüni gös-göni gyzykly, ýiti we adaty däl zatlara gönükdirýärler (erksiz üns). Mekdep işiniň şertleri ilkinji günlerden çagadan şu pursatda özünde höwes döredip bilmeýän predmetleri synlamagy we maglumatlary özleşdirmegi talap edýär. Çaga kem-kemden öz ünsüni ýöne bir daşky göze gelimligi bolan zatlara däl-de, zerur zatlara gönükdirmäni we olarda durnukly saklamany öwrenýär. II– III synplarda okuwçylaryň köpüsinde eýýäm erkli üns bolup, ol ony mugallymyň düşündirýän ýa-da kitapda bar bolan islendik materialynda jemläp bilýär. Ünsüň erkliligi, ony ýörite ol ýa-da beýleki ýumşa gönükdirmeklik, kiçi mekdep ýaşlynyň möhüm gazanmasydyr.

Tejribäniň görkezişine görä, erkli ünsi kemala getirmekde okuwçynyň hereketlerini daşdan takyk guramak, ulanylyşy çaga öz aňyny dolandyrmaga mümkinçilik berýän nusgalary teklip etmek, daşky serişdeleri görkezmek uly ähmiýete eýedir. Meselem, fonetik seljermäni maksadagönükdirilmeli ýerine ýetirmekde birinji synplylaryň sesleri we olaryň tertibini berkidýän karton fişkalar ýaly daşky serişdeleri ulanmagy uly rol oýnaýar. Fişkalary ýerleşdirmegiň takyk yzygiderliligi çagalaryň ünsüni guraýar, çylşyrymly, inçe we «uçýan» ses materialy bilen işlemekde olara öz ünsüni jemlemäge kömek edýär.

Çaganyň öz-özüni guramagy ilkibaşda ulular, aýratyn-da, mugallym tarapyndan döredilýän we gönükdirilýän guramaçylygyň netijesidir. Çaganyň mugallymyň goýýan maksadyndan öz goýan ýumuşlarynyň gözegçilikli çözülişine geçmegi, ünsüň ösüşiniň umumy gönükdirilmesini häsiýetlendirýär.

Entek öz-özüňi dolandyrmagyň içki serişdeleriniň ýoklugy sebäpli birinji synplylaryň erkli ünsi durnuksyzdyr. Şonuň üçin tejribeli mugallym sapakda okuw işiniň biri-birini çalşyrýan we çagalary ýadatmaýan dürli görnüşlerine ýüzlenýär (dürli usuldaky sesli (ýazuw üsti däl) hasaplama, ýumuşlary çözmek we netijeleri barlamak, ýazuw üsti hasaplamalaryň täze usullaryny düşündirmek, olary ýerine ýetirmekde türgenleşmek we ş. m.). I – II synp okuwçylarynyň ünsi daşky hereketleri ýerine ýetirenlerinde akyl hereketlerindäkiden has durnuklydyr. Ünsüň bu aýratynlygyny sapakda akyl ýumuşlaryny grafiki shemalary düzmek, surat çekmek, maketleri, applikasiýalary döretmek ýaly işler bilen gezekleşdirmek görnüşinde ulanmak möhümdir. Kiçi mekdep ýaşlylaryň ünsi ýönekeý; ýöne olaryň ünsi birmeňzeş ýumuşlary ýerine ýetirenlerinde, işiň dürli usuldyr tärlerini talap edýän has çylşyrymly tabşyryklary ýerine ýetirendäkisinden köp bölünýär.

Ünsüň ösüşi onuň sygymynyň giňelmegi we hereketleriň dürli görnüşleriniň arasynda paýlamak başarnygy bilen baglydyr. Şonuň üçin okuw ýumuşlary çaga öz hereketlerini ýerine ýetirende ýoldaşlarynyň işine gözegçilik edip biler ýaly görnüşde berilse maksadalaýyk bolar. Meselem, berlen teksti okamak bilen okuwçy beýleki okuwçylaryň özüni alyp barşyny synlamaly bolýar. Ýalňyşanda ol ýoldaşlarynyň oňyn däl reaksiýalaryny görýär we ony özi düzetmäge çalyşýar. Käbir çagalar synpda ünsüni paýlap bilmeýändigi üçin aljyraňly bolýar: bir iş bilen meşgullanyp, beýlekini ünsünden sypdyrýar. Mugallym okuw işiniň dürli görnüşlerini okuwçylar bir wagtda birnäçe hereketlere (ilkibada ýönekeý görnüşleri) gözegçilik etmegi öwrener ýaly, umumy frontal işe taýýarlanar ýaly guramalydyr.

**Ýadyň ösüşi.** Mekdebe gelen alty-ýedi ýaşly çaga, esasan, daşky göze ilijiligi we emosional täsiri bolan wakalary, beýan edilmeleri, hekaýalary ýada ornaşdyrýar. Ýöne mekdep durmuşy ilkibaşdan çagalardan materialy erkli ýada ornaşdyrmagy talap edýär. Okuwçylar gün tertibini, özüňi alyp baryş düzgünini, öý işlerini ýörite ýat bekläp, soňra öz hereketlerinde olary gollanmaly ýa-da sapakda gaýtadan dikeltmegi başarmaly bolýarlar. Çagalarda ýada ornaşdyrmak ýumuşlarynyň hut özüni tapawutlandyrmak kemala gelýär. Olaryň biri materialy sözme-söz ýat beklemegi talap etse, beýlekisini diňe öz sözüň bilen gürrüň bermeli bolýar we ş. m. Kiçi mekdep ýaşlylaryň

ýadynyň netijeliligi olaryň mnemiki-ýada ornaşdyrma ýumşunyň häsiýetine düşünmegine we ýada ornaşdyrmanyň we gaýtadan dikeltmäniň degişli tärlerini özleşdirmegine bagly bolýar.

Çagalar ilkibaşda materialy böleklere bölende (köplenç, many birlikleri bilen gabat gelmeýän) köp gezek gaýtalamak ýaly iň ýönekeý usullary ulanýar. Ýada ornaşdyrmanyň netijelerine gözegçilik etmek diňe tanamak derejesinde bolýar. Meselem, birinji synply tekste seredýär we özünde tanyşlyk duýgusy döreýändigi üçin ony ýada ornaşdyrandyryn öýdýär. Çagalaryň örän az bölegi erkli ýada ornaşdyrmanyň has netijeli tärlerine özbaşdak geçip bilýär. Olaryň köp bölegi bu tärleriň mekdepde we öýde ýörite we uzakwagtlaýyn öwredilmegine mätäç bolýar. Şeýle öwredilişiň bir ugry çagalarda düşünilip ýada ornaşdyrmanyň tärlerini kemala getirmek bilen bagly bolsa (materialy many birliklere bölmek, many esasynda jemlemek, many boýunça deňeşdirmek we ş. m.), ikinjisi wagt boýunça paýlanan gaýtadan dikeltmegiň usullaryny, ýada ornaşdyrmanyň netijelerine gözegçilik etmegiň tärlerini kemala getirmek bilen baglydyr. Materialy many birliklere bölmek täri onuň meýilnamasyny düzmeklige esaslanandyr. Bu täri okuwçylara, haçanda, olar haýsydyr bir kartinanyň (aýratyn-da, göz öňüne getirme boýunça) ýa-da eşidilen hekaýanyň mazmunyny diňe sesli aýdýan döwründe öwretmelidir. Ýüze çykarylýan many birlikleriniň otnositel häsiýetde bolýandygyny çagalara görkezmek möhümdir. Olar bir ýagdaýda uly, beýleki ýagdaýda kiçi bolup bilýär. Şol bir kartinanyň mazmuny barada habar-hekaýa, soňra hekaýa-ýada salma gürrüň bermegiň maksadyna baglylykda dürli birliklere daýanylyp amala aşyrylyp bilinýär.

Ýaýraň we gysga meýilnama düzmek işi I synpyň ikinji ýarymynda, çagalaryň eýýäm okap we ýazyp bilýän döwründe esasy orun tutýar. II – III synplarda bu iş göwrümi boýunça has möçberli matematiki we grammatik tekstleriň materialynda (meselem, üçünji synplylar tekstleri şertleriň çylşyrymly ulgamyny özünde saklaýan matematiki ýumuşlary çözmegiň giňişleýin meýilnamasyny düzýärler) dowam etdirilýär. Indi okuwçylardan diňe bir many birliklerini ýüze çykarmak däl, eýsem materialy logiki toplumlamak, onuň esasy düzüjilerini birleşdirmek we özara tabynlaşdyrmak, posylkalary (deslapky berlen esaslary) we netijeleri bölekleme, aýry-aýry maglumatlary tablisa

birleşdirmek we ş. m. talap edilýär. Şeýle toplumlaşdyrmak tekstiň bir elementlerinden beýlekilerine erkin geçmek we olary biri-birine baglanyşdyrmak başarnygy bilen baglydyr. Toplumlaşdyrmanyň netijelerini ýazmaça meýilnama görnüşinde berkitmek maksadalaýykdyr. Bu meýilnama materialy aňlamagyň yzygider tapgyrlarynyň we onuň bölekleriniň özara tabynlygynyň maddy göterijisi bolup hyzmat edýär. Okuwçylar ilki ýazmaça meýilnama, soňra bolsa ol barada göz öňüne getirmä daýanyp dürli tekstleriň mazmunyny gaýtadan dikeldip bilýärler.

Kiçi mekdep ýaşlylarda gaýtadan dikeltmäniň tärlerini kemala getirmeklik hem ýörite işi talap edýär. Material tutuş özleşdirilmezinden öň, mugallym ilki materialyň aýry-aýry many birliklerini sesli we pikirde gaýtadan dikeltmek mümkinçiligini görkezýär. Uly we çylşyrymly tekstiň aýry-aýry böleklerini gaýtadan dikeltmek bellibir wagt aralyklaryna paýlanylyp bilner (teksti işlenen badyna ýa-da bellibir wagt aralygyndan soňra gaýtalamak). Bu işiň gidişinde mugallym çagalara meýilnamany material gaýtadan dikeldilende ugur tapmaga kömek edýän özboluşly kompas hökmünde ulanmagyň maksadalaýyklygyny görkezýär.

Materialy many jähtden toplumlamak, onuň aýry-aýry böleklerini baglanyşdyrmak, meýilnama düzmek kiçi mekdep ýaşlylarda ilkibaşda erkli ýada oranaşdyrmanyň tärleri hökmünde kemala getirilýär. Ýöne, haçanda çagalar ony oňat özleşdirenlerinde bu tärleriň psihologik roly düýpli özgerýär: olar, başlangyç okadylyşyň ahyrynda we soňky ýyllarda bilim-düşünjeleri özleşdirmek prosesinde çylşyrymly funksiýalary ýerine ýetirýän ösen erksiz ýadyň esasyna öwrülýär.

Okuw işiniň içindäki ösüşinde erksiz we erkli ýada ornaşdyrmanyň özara utgaşmasy dürlüdir. I synpda çagalarda entek materialy aňly işlemegiň we öz-özüňe gözegçiligiň aýratyn tärleri kemala gelmändigi üçin erksiz ýada ornaşdyrmanyň netijeliligi onuň erkli görnüşinden ýokarydyr. Üstesine-de, okuwçylar köpsanly ýumuşlary çözmekde özleri üçin entek endik we ýeňil bolmadyk ýaýraň pikirlenme işini ýerine ýetirýärler. Şonuň üçin bilim-düşünjäniň her bir elementi endigan oýlanylýar (hasaplama işiniň başynda her onlukdan geçilende, hereketiň her bir tapgyrynyň nähili endigan we ünsli ýerine ýetirilýändigi mälimdir). Psihologiýada şeýle kanunalaýyklyk esas-

landyrylandyr: pikirlenme işiniň predmeti we maksady bolup hyzmat edýän zat oňat ýada ornaşdyrylýar. Bu ýagdaýlarda artykmaçlygyň erksiz ýada ornaşdyrmanyň tarapynda bolýandygy düşnüklidir.

Aňly ýada ornaşdyrmanyň we öz-özüňe gözegçiligiň tärleriniň kemala gelmegine barabarlykda erkli ýada ornaşdyrma ikinji synplylarda we üçünji synplylarda köp ýagdaýda erksiz ýada ornaşdyrmadan has netijeli bolýar (üstesine-de matematiki we grammatik hereketleriň ýerine ýetirilişiniň köp usullary bu wagta çenli awtomatlaşan we çagalar üçin endige öwrülen bolýar). Göräýmäge, bu artykmaçlyk soňra hem saklanaýjak ýaly. Emma ýat proseslериniň hut özüniň hil taýdan psihologik özgermesi ýüze çykýar. Materialy logiki işlemegiň oňat kemala getirilen tärlerini okuwçylar onuň düýpli baglanyşyklaryna we gatnaşyklaryna aralaşmak, bu baglanyşyklaryň häsiýetlerini giňişleýin seljermek üçin ulanyp başlaýar; şeýle işde ýada ornaşdyrma göni ýumuş hökmünde ikinji orna geçýär. Ýöne, seljerme prosesinde materialyň esasy düzüm bölekleri, toplumlama we baglanyşdyrma okuwçylaryň hereketleriniň gös-göni predmeti bolýandygy sebäpli, bu ýagdaýda hereketlenýän erksiz ýada ornaşdyrmanyň netijeleri ýokary bolmagynda galýar. Logiki tärlere daýanýan erksiz ýada ornaşdyrmanyň mümkinçilikleri başlangyç bilim berişde hertaraplaýyn ulanylmalydyr. Okatmak prosesinde ýada ornaşdyrmany kämilleşdirmegiň esasy rezerwleri hut şunuň bilen baglydyr.

Kiçi mekdep ýaşynda ýada ornaşdyrmanyň erkli we erksiz görnüşleri öz aralarynda ýakyn özara baglanyşyk we biri-birine öwrüliş mümkinçiligini kepillendirýän hil taýdan özgermelere sezewar bolýar. Ýada ornaşdyrmanyň her bir görnüşini çagalaryň degişli ýagdaýlarda ulanmagy möhümdir (meselem, haýsydyr bir teksti ýat tutmaly bolanda, esasan, erkli ýada ornaşdyrma ulanylýar). Okuw materialynyň maksadalaýyk özleşdirilişini diňe erkli ýada ornaşdyrma üpjün edýär diýmek nädogrudyr. Eger-de, şeýle özleşdiriliş materialyň logiki aňlanylyş serişdelerine daýanýan bolsa, ol erksiz ýada ornaşdyrmanyň kömegi bilen hem amal edilip bilinýär. Okuw materialynyň logiki işlenilişi örän çalt hem ýerine ýetirilip bilinýär, daşdan synlanyňda çaga maglumatlary özüne göýä topragyň suwy çekişi ýaly özüne siňdirýär. Hakykatda, bu proses köpsanly hereketlerden durýar. Olaryň ýerine ýetirilmesi aýratyn özleşdirilişi nazarlaýar, bu bolmasa

okuwçylaryň ýady guramaçylyksyz galýar, çagalar diňe ýörite talap edilýän derňew, toplumlama we baglanyşdyrma hereketlerini ýada ornaşdyrmaga ymtylyp, özleşdirilişiň giň ýerligini ünssüz galdyrýar. Okuw teksti bilen işlemegiň degişli tärlerini kemala getirmek, çagalarda oňat ýada ornaşdyrmany kemala getirmegiň iň bir ygtybarly usulydyr.

I synpdan III synpa çenli okuwçylarda sözüsti aňladylýan maglumatlary ýada ornaşdyrmagyň netijeliligi aýdyň aňladylyşly zatlary ýat beklemegiň netijeliliginden çalt ýokarlanýar; bu çagalarda aňly ýada ornaşdyrmanyň tärleriniň depginli kemala gelmegi bilen düşündirilýär. Şeýle tärler, esasan, söz konstruksiýalarynyň kömegi bilen berkidilýän düýpli gatnaşyklary seljermek bilen bagly bolýar. Şol bir wagtda okuw prosesleri üçin aýdyň obrazlary ýatda saklamak möhümdir. Şonuň üçin erkli we erksiz ýada ornaşdyrmalaryň tärlerini okuw materialynyň söz we aýdyň görnüşlerine degişlilikde kemala getirmek zerurdyr.

**Hyýalyň ösüşi.** Yzygiderli okuw işi çagalarda ýokary akyl ýetiriş hadysalarynyň biri bolan hyýaly ösdürmäge kömek edýär. Mugallymyň we kitabyň kiçi mekdep ýaşlylara geçirýän maglumatlarynyň köpüsi sözüsti beýan etme, kartinalar we shemalar görnüşinde bolýar. Okuwçylar her gezekde özleri üçin barlygyň obrazyny döretmeli bolýarlar (hekaýanyň gahrymanlaryny, geçmişiň wakalaryny, landşaftlary, geometrik figuralaryň giňişlikde ýerleşişini we ş. m.).

Şeýle ukybyň ösüşi esasy iki tapgyry geçýär. Döredilýän obrazlar ilkibaşda real obýekti bellibir golaýlaşmada häsiýetlendirip, onuň detaldyr öwüşginleri garyp bolýar. Bu obrazlarda obýektleriň özgermeleri we hereketleri, olaryň özara baglanyşyklary berilmeýändigi üçin olar statiki-durgun häsiýetde bolýar. Şeýle obrazlary döretmek sözüsti beýan edilişi ýa-da kartinalary talap edýär (üstesine-de, mazmuny boýunça örän takyk bolan). II synpyň ahyrynda, soňra III synpda ikinji tapgyr başlanýar. Ilki bilen obrazdaky sypatlaryň we häsiýetleriň sany köpelýär. Olar obýektiň özüniň hereketlerini we özara baglanyşyklaryny döretmegiň hasabyna doly we takyk bolýar. Birinji synplylar, köplenç, haýsydyr bir hereketlenýän obýektiň başlangyç we ahyrky ýagdaýyny göz öňüne getirýärler. III synpyň okuwçylary obýektiň tekstde göni görkezilen we hereketiň öz häsiýeti boýunça

aňşyrylýan köpsanly aralyk ýagdaýlaryny göz öňüne getirip we şekillendirip bilýärler. Çagalar göni beýan etmezden ýa-da aýratyn takyklamazdan ýatdaky mazmuny ýa-da umumy grafik-shemany gollanyp, barlygyň obrazlaryny döredip bilýärler. Meselem, okuwçylar sapagyň başynda diňlenen hekaýa boýunça uly beýannama ýazyp ýa-da şertleri abstrakt (sowa) grafiki shema görnüşinde berlen matematiki ýumuşlary çözüp bilýärler.

Kiçi mekdep ýaşynda gaýtadan dikeldiji (reproduktiw) hyýal çagalarda ähli mekdep sapaklarynda ösýär. Şeýle ösüş çagalarda, birinjiden, obýektleriň beýan edilmede göni görkezilmedik, ýöne onuň mazmunyndan kanunalaýyk gelip çykýan, ýagny aňşyrylýan ýagdaýlaryny kesgitlemek we şekillendirmek başarnygyny döretmek arkaly döredilýän bolsa, ikinjiden, käbir obýektleriň, olaryň häsiýetleriniň we ýagdaýlarynyň şertlidigine düşünmegi kemala getirmek boýunça gazanylýar (meselem, häzirki waka hakykatda bolanok, ýöne ony «eger bolan bolsa» görnüşde göz öňüne getirip, edil şeýle şertlilikde hem onuň netijesini anyklap bolýar).

Gaýtadan dikeldiji hyýalda barlygyň obrazlary eýýäm täzeden işlenilýär. Çagalar hekaýalaryň ýordum gönükdirilmesini özgerdýär, wakalary geçýän wagty boýunça göz öňüne getirýär, birnäçe obýektleri jemlenen, gysby görnüşde şekillendirýär (muňa köp derejede aňly ýada ornaşdyrmanyň tärleriniň kemala getirilmegi ýardam edýär). Obrazlaryň şeýle özgerdilmegi we kombinasiýalary çaganyň fantaziýa, zatlara öz emosional gatnaşygyny ýüze çykarmaga bolan islegini kanagatlandyrýan-da bolsa, kähalatlarda okuw prosesiniň nukdaýnazaryndan tötänleýin we maksadalaýyk däl görünýär. Şeýle ýagdaýlarda çagalar öz toslamalarynyň şertlidigini aýdyň aňlaýar. Obýektler we olaryň gelip çykyşy baradaky maglumatlaryň özleşdirilmegi bilen obrazlaryň köpsanly täze kombinasiýalary esaslandyrma we logiki subutnama alýar. Şeýlelikde, ýaýraň sözüsti aňladyşda ýa-da gysby intuitiw pikir ýöretme görnüşinde aşaky görnüşdäki esaslandyrma guramak başarnygy kemala gelýär: «Eger şu zatlar edilse, ol hökman ýüze çykaýmaly». Kiçi mekdep ýaşlylaryň haýsydyr bir predmetleriň gelip çykyşynyň we guralyşynyň şertlerini görkezmäge ymtylyşy olarda döredijilikli hyýalyň ösmegi üçin möhüm psihologik taýýarlykdyr.

Haýsydyr bir predmetleri ýasamakda çagalar öz döredijilik nazarlamalaryny amala aşyrmaga mümkinçilik alýandygy üçin döredijilikli hyýala psihologik taýýarlygyň döremeginde zähmet sapaklarynyň ähmiýeti uludyr. Muňa çagalardan şekiliň nazarlanmasyny döretmegi, soňra bolsa ony ornaşdyrmagyň has täsirli serişdelerini agtarmagy talap edýän surat sapaklary hem köp derejede ýardam edýär.

**Pikirlenmäniň ösüşi.** Kiçi mekdep ýaşlylaryň pikirlenmesiniň ösüşinde hem iki esasy tapgyry ýüze çykarmak mümkin. Birinji tapgyrda (ol I we II synplarda okadylyşa gabat gelýär) olaryň pikirlenme işi entek köp derejede mekdebe çenli ýaşlynyň pikirlenmesini ýada salýar. Okuw materialyny seljermek bu ýerde, esasan, aýdyň-hereket jähtden amala aşyrylýar. Çagalar bu ýagdaýda real predmetlere ýa-da olaryň gös-göni orun tutujylaryna, şekillendirmelere daýanýar (şeýle seljerme kähalatlarda amaly-hereket ýa-da duýma üsti diýlip atlandyrylýar).

I we II synp okuwçylary predmetler we situasiýalar (ýagdaýlar) barada, köplenç, olaryň haýsydyr bir bölekleýin, daşky sypatyny nazarlap, birtaraplaýyn pikir ýöredýärler. Çagalaryň pikir jemlemesi kabul edişde alynýan aýdyň esaslara daýanýar. Netijäniň esaslandyrylyşy logiki subutnamalara daýanylyp däl-de, pikir ýöretmäni göni kabul edilýän maglumatlar bilen utgaşdyrmak arkaly amala aşyrylýar. Meselem, mekdep durmuşynyň käbir hadysalaryny synlap, çagalar bellibir netejelere gelip bilýär: «Aýna öz güllerini suwarmady we güller gurady. Şirin gülleri ýygy-ýygydan suwardy we güller oňat ösýär. Güller ter we oňat öser ýaly çalt-çaltdan suwarmaly».

Çagalaryň bu tapgyrda esaslandyrýan jemlemeleri predmetleriň ýiti sypatlarynyň güýçli täsirinde bolup geçýär (olar ulanylyş-utilitar we funksional-hyzmat sypatlarydyr). Bu tapgyrda döreýän jemlemeleriň köpüsi predmetleriň we hadysalaryň daşky ýüzündäki takyk kabul edilýän sypatlara we häsiýetlere esaslanýar. Meselem, şol bir «göz» sözüni ikinji synplylar haçanda onuň manysy takyk bolanda («göz görýär») has üstünlikli ýüze çykaryp, abstrakt mazmunda bolanda («göz-görtele», «mal eýesiniň gözünden suw içer») kynçylyk çekýärler.

Kiçi mekdep ýaşlylara tebigaty öwrenişiň, geografiýanyň we taryhyň elementleri teklip edilende, okuwçylaryň edýän jemlemeleri mümkingadar takyk synlanylmalara, olaryň elementleriň sözüs-

ti beýan edilişi bilen tanyşlygyna esaslanar ýaly görnüşde berilýär. Şeýle material baglanyşdyrylanda çagalar meňzeş daşky sypatlary ýüze çykarýarlar we olary degişli sözler bilen (şäher, dag, uruş we ş. m.) belgileýärler. Bilim-düşünjeleri maksadalaýyk jemlemegiň esasy kriterisi (şerti) hökmünde çaganyň alnan bilim-düşünjelere laýyk gelýän takyk mysallary ýa-da illýustrasiýalary getirip bilmek başarnygy hyzmat edýär. Kiçi mekdep ýaşlylaryň pikirlenmesiniň bu aýratynlyklary başlangyç okadylyşda aýdyňlyk düzgünini giňden ulanmagyň esasyny düzýän şertleriň biridir.

Yzygider okuw işiniň esasynda III synpa golaý kiçi mekdep ýaşlylaryň pikirlenmesiniň häsiýeti özgerýär. Pikirlenmäniň ösüşiniň ikinji tapgyry bu özgermeler bilen baglydyr. Eýýäm I – II synplarda mugallymyň esasy aladasy çagalara özleşdirilýän maglumatlaryň elementleriniň arasyndaky baglanyşyklary görkezmäge gönükdirilýär. Ýyl-ýyldan düşünjeleriň arasyndaky şeýle baglanyşyklary ýa-da utgaşmalary görkezmegi talap edýän ýumuşlaryň göwrümi artýar. III synpa golaý okuwçylar düşünjeleriň aýry-aýry sypatlarynyň arasyndaky urug-görnüş (rodo-widowoý) utgaşmalary, ýagny klassifikasiýany özleşdirýärler (meselem, «stol – at», «kebelek – jandar»). Çagalar ol ýa-da beýleki klassifikasiýany nähili özleşdirendikleri barada ýaýraň pikir ýöretmeler görnüşinde mugallymyň öňünde hemişe hasabat berýärler. Meselem, III synpda mugallymyň «Goşulma näme?» diýen sowalyna okuwçy: «Goşulma sözüň üýtgeýän bölegidir. Goşulma sözlemde sözleri beýleki sözler bilen baglanyşdyrmaga hyzmat edýär» diýip jogap berýär.

Çagalarda «çörek ösümlikleri» düşünjäni kemala getirmek üçin okuw kitabynda sümbülleriň we başga däne başlarynyň suratlary getirilýär, mugallymlar bolsa bu ösümlikleri tebigy keşbinde görkezýär. Çagalar olaryň aýratynlyklaryny bellibir meýilnama boýunça seljerip, ösümlikleri biri-birinden daşky görnüşi boýunça tapawutlandyrmagy öwrenýärler, olaryň nämä niýetlenendigini, ekilýän wagtyny ýada ornaşdyrýarlar; başgaça aýdylanda, däneler baradaky düşünjäni özleşdirýärler. Edil şeýle usulda okuwçylar öý haýwanlary, meýdan, bag, tokaý, klimat barada düşünjeleri özlerinde kemala getirýärler.

Okuwçylaryň predmetleriň we hadysalaryň sypatlary we häsiýetleri baradaky pikir ýöretmeleriniň esasynda, köplenç, aýdyň şekillen-

dirmeler we beýan edilmeler ýatýar. Ýöne şeýle-de bolsa bu pikir ýöretmeler teksti seljermäniň netijesi, onuň aýry-aýry bölekleriniň pikirde baglanyşdyrylmagy, bu böleklerde esasy alamatlaryň ýüze çykarylmasy, olaryň bitewi kartina birleşdirilmegi, galyberse-de, bölekleýinligiň haýsydyr bir täze pikir ýöretmede jemlenilmegi görnüşinde bolýar; täze pikir ýöretme indi öz göni çeşmesinden, esasyndan aýrylan we abstrakt düşünjä öwrülen bolýar. Hut şeýle akyl üsti analitik-sintetik işiň netijesinde: «Güýz we gyşyň gar astyna sepilen çörek ösümlikleri güýzlük bugdaýdyr» mazmundaky abstrakt pikir ýöretme ýa-da jemlenen düşünje alynýar.

Bellibir predmetleri we hadysalary klassifikasiýalaşdyrmak – görnüşlere bölmek başarnygy kiçi mekdep ýaşlylarda hususy akyl işiniň täze çylşyrymly görnüşlerini ösdürýär. Şeýle akyl işi kem-kemden kabul edişden aýry-başgalanýar we okuw materialy bilen işlemegiň öz aýratyn tärleri we usullary bolan otnositel özbaşdak prosesine öwrülýär.

Ikinji tapgyryň ahyrynda okuwçylaryň köp bölegi jemlemäni öň toplanan göz öňüne getirmeleri akyl üsti analiz we sintezlemegiň üsti bilen amala aşyrýar. Mugallymyň giňişleýin düşündirişi we okuw kitaplarynyň hekaýa-makalalary köp ýagdaýda predmet materialy bilen gös-göni ýüzbe-ýüz bolmazdan düşünjeleri özleşdirmäge ýeterlik bolýar. Aýdyňlyk elementi düýpli azaldylan pikir ýöretmeleriň sany artýar we obýektler mümkingadar düýpli baglanyşyklary boýunça häsiýetlendirilýär.

**Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň akyl ösüşiniň rezerwleri dogrusynda.** Mugallymlar hem-de ata-eneler alty-ýedi ýaşly çagalaryň zatlary ýöne synlamak bilen kanagatlanman, olaryň näme üçin şeýledigine, nähili gurlandygyna, näme üçin edilendigine düşünmek isleýändigini duýýar. Mekdebe çenli ýaşlylar hem «näme üçin» sowalyny yzygider berýärler, ýöne olar öz sowalyna alýan islendik jogap bilen kanagatlanýar.

Häzirki zaman kiçi mekdep ýaşly çagalarda ýagdaý başgaça. Ýaşaýyş durmuşyň depginli ösüşi, kitap-žurnallardan, radio-teleýaýlymdan we ululardan alynýan maglumatlaryň möçberliligi mynasybetli, okuwçy tötänleýin, ýüzleý jogaplar bilen ylalaşmaýar we özüniň gurşaw barada göz öňüne getirmeleriniň ösen ulgamyna

laýyk düşündirişi talap edýär. Häzirki döwrüň alty-ýedi ýaşly çagasy mundan öňki ýaşytdaşlaryna seredende düşündirişlere has talapkärdir. Mekdep bu ýagdaýa parhsyz garamaly däldir. Ol çaganyň nazary pikir ýöretmelerini ýüze çykarmaly we ösdürmelidir, gurşawdaky köp zatlaryň ýaşaýyş-hereketlenişiniň sebäbi we şertleri barada oňa kanagatlanarly düşündiriş bermelidir. Şonlukda, takyk-obraz pikirlenme bilen bir hatarda, okuwçylarda kem-kemden, predmetleriň we hadysalaryň sebäbini we esasyny agtarýan, olary düşündirmegi talap edýän abstrakt (sowa) pikirlenmäniň ýönekeý tärlerini terbiýelemelidir.

Psihologlaryň we pedagoglaryň tejribesiniň görkezişine görä, häzirki zaman alty–sekiz ýaşly çagalaryň pikirlenmesi olaryň öňki döwürlerdäki ýaşytdaşlarynyň ölçeg çarçuwasyndan häsiýetlendirilmeli däldir. Onuň hakyky akyl ukyplary öňki çen tutulyşyndan giň we baýdyr. Bilermen-psihologlar ýörite eksperimental edaralarda ol ýa-da beýleki ýaşdaky çagalaryň pikirlenmesini kemala getirmegiň has amatly şertlerini ýüze çykarmak üçin çaganyň akyl ukyplaryny derňeýär. Bu barlaglaryň netijesinde, bellibir şertler döredilende, kiçi mekdep ýaşlylaryň matematika we ene dili boýunça köne maksatnamalara girizilmedik abstrakt nazary materialy üstünlikli özleşdirip bilýändigi anyklanylypdyr. Okadylyşyň guralyşy bu mümkinçilikleri her bir çaganyň hertaraplaýyn intellektual ösüşi üçin işjeň ulanylyp bilner ýaly usulda bolmalydyr.

Başlangyç mekdebiň häzirki hereket edýän maksatnamasy kiçi mekdep ýaşlylaryň hakyky akyl ýetiriş mümkinçiliklerini amaly derejede ulanmakda ilkinji ädimdir. Bu maksatnamalarda berilýän bilim-düşünjeleriň nazary taraplary düýpli çuňlaşdyrylan we giňeldilen bolup, ol hadysalary düşündirmegi, baglanyşyklary ýüze çykarmagy (olary jemlemegi) talap edýär. Bu öz gezeginde, kiçi mekdep ýaşlylarda logiki pikir ýöretmeleriň, abstrakt pikirlenmäniň ýönekeý, emma möhüm tärlerini tebiýeleýär. Täze material çagalara birbada elýeter däl ýaly görünmegi hem mümkin. Ýöne şeýle şübhelenmäniň köp ýagdaýlarda esassyzlygy ýüze çykarylýar. Okadylyş usuly dogry guralyp, mugallymyň ýeterlik tejribeliligi bolanda, çagalar maksatnama materialynyň üstünlikli hötdesinden gelýär. Bu başarnyk olaryň mundan ozalky tutuş durmuş tejribesi bilen taýýarlanylýar.

## IV. 7. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň şahsyýetiniň ösüşi

**Özüňi alyp barşyň ahlak kadalaryny we düzgünlerini özleşdirmek.** Çaganyň ahlak terbiýesi mekdepden kän ozal başlanýar. Ýöne çagalar diňe mekdepde ahlak talaplarynyň takyk we giňişleýin ulgamy bilen ýüzbe-ýüz bolup, bu kadadyr düzgünleriň berjaý edilmegine hemişe we maksadagönükdirilmeli gözegçilik edilýär. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylara özüňi alyp baryş kadalarynyň we düzgünleriniň örän giň möçberi görkezilip, olar bu ýörelgeleri mugallym we ulular bilen özara gatnaşyklarynyň dürli ýagdaýlarynda, ýoldaşlary bilen sapak we arakesmedäki aragatnaşygynda, jemgyýetçilik ýerlerinde bolanlarynda hem-de köçede gollanmaly bolýar. Alty-ýedi ýaşly çagalar bu kadalaryň we düzgünleriň manysyna aýdyň düşünmäge we gündelik iş-gatnaşyklarynda ýerine ýetirmäge psihologik jähtden taýýarlanan bolýar. Ýöne mugallym we beýleki uly adamlar kähalatlarda şeýle taýýarlygy öz wagtynda ulanmaýar. Çaga goýulýan talaplar käwagtlar gereginden artyk «çeýnelip», olaryň hakyky berjaý edilişi terbiýeçiler tarapyndan hemişe yzygider we talabedijilikli barlanmaýar. Çagalarda özüňi alyp barşyň kadalarynyň we düzgünleriniň berjaý edilişi köp derejede ulularyň şähdine (keýpine), döreýän ýagdaýa, öz hususy höwesine baglylygy barada duýgy döreýär. Şeýlelikde, çaganyň ahlak ulgamynyň kadaly kemala gelmegine aýratyn howp salýan düşünje döreýär: özüňi alyp barşyň kadalary we düzgünleri içki zerurlyk boýunça däl-de, formal, haýsydyr bir daşky şertleriň, şol sanda temmi almadan çekinilip berjaý edilýän hadysa hasaplanylýar.

Çagalaryň özüňi alyp barşyň kadalaryny we düzgünlerini hakyky özleşdirmegi, ilkinji nobatda, pedagogda olaryň berjaý edilişine gözegçiligiň oýlanyşykly esaslandyrylan tärleriniň we serişdeleriniň bolmagyny talap edýär. Bu kadalaryň we düzgünleriň takyk kesgitlenilmegi, döwtalap ýerine ýetirilişiň hökmany höweslendirilmegi we edil şonuň ýaly-da ondan boýun gaçyrylmagynyň aýgytly öňüniň alynmagy, kiçi mekdep ýaşlylarda tertipliligi we guramaçylyklygy kemala getirmegiň möhüm şertidir. Şu ýaşda kemala getirilen şeýle ahlak sypatlar şahsyýetiň içki hereketlendiriji güýjüne öwrülýär.

**Kiçi mekdep ýaşlylaryň deň-duşlary we mugallym bilen özara gatnaşyklary.** Bilelikdäki okuw işi prosesinde çagalarda täze özara gatnaşyklar döreýär. Mekdepde geçirilen birnäçe hepdeden soňra

birinji synplylaryň köpüsinde ýygralyk we aljyraňlylyk ýitýär. Çaga öz partadaşynyň özüni alyp barşyny ünsli synlap başlaýar, sulhy alýan we höwesiniň gabatlaşýan synpdaşlary bilen aragatnaşygy guraýar. Oriýentirlenmegiň (ugur almagyň) ilkinji tapgyrlarynda çagalaryň bir böleginde özlerine mahsus bolmadyk sypatlar ýüze çykýar (käbirlerinde adatdan daşary çekinjeňlik, beýlekilerinde ýüzugralyk, başyna gidenlik). Ýöne çagalar bilen özara gatnaşyklaryň ýola goýulmagy bilen her bir okuwçy özüne hakyky mahsus indiwidual aýratynlyklary ýüze çykaryp ugraýar.

Kiçi mekdep ýaşlylaryň özara gatnaşyklarynyň häsiýetli aýratynlygy olarda dostlugyň, köplenç, daşky durmuş şertleriniň we tötänleýin höwesleriniň umumylygyna esaslanýanlygydyr (bir partada oturýarlar, bir öýde ýaşaýarlar, başdan geçirmelere bagyşlanan edebiýat bilen gyzyklanýarlar we ş. m.). Özüni hakyky bahalandyrmagyň şerti hökmünde deň-duşuň pikirine ugrukmaga entek kiçi mekdep ýaşlynyň aňy ýetmeýär. Elbetde, sekiz-dokuz ýaşly çagalar özüniň ezberligine, başçykaryjylygyna, batyrgaýlygyna synpdaşlarynyň berýän bahasyny höwes bilen kabul edýärler we bu baha garaşylýanyna çapraz gelse, örän ruhdan düşýär. Ýöne şeýle ruhdan düşmeklik gysgawagtlaýyn we ony mugallymyň we beýleki ululary berýän bahasy bilen ýeňil özgerdip bolýar. Mugallymyň pikiri kiçi mekdep ýaşlylar üçin aýgytlaýjy we gyşarnyksyzdyr. Çagalar mugallymyň at-abraýyny şertsiz ykrar edýär. Olar mugallyma dürli sebäpler, şol sanda iň bir ýönekeý we içgin, şahsy häsiýetli meseleler boýunça ýüz tutýarlar. Çagalar mugallym bilen öz aladalaryny, duýgularyny, öýdäki wakalary açyk paýlaşýarlar. Öýkelän halatynda hem okuwçy mugallyma ýüz tutýar we mugallym hemmeler üçin ahlak «kazysy» bolýanlygy üçin ony öýkeleden bu ýagdaýy adaty zat hökmünde kabul edýär.

**Kiçi mekdep ýaşly okuwçylarda emosiýalaryň ösüşi.** Özüňi alyp barşyň täze kadalaryny we düzgünlerini özleşdirmek kiçi mekdep ýaşlylaryň emosiýalarynyň aýratynlyklaryny özgerdýär. Bu özgeriş çagalaryň köpüsinde oňyn däl duýgulary döretmeýär we okuwçylar tarapyndan oňyn kabul edilýär. Meselem, olar synpdaşlary bilen täze dostluga şatlanýar, kiçi synplylaryň tabşyryklaryna buýsanýar, mekdepdäki özüňi alyp baryş kadalaryna jogapkärçilikli gatnaşykda bolýar.

Edil beýleki psihiki hadysalar ýaly, okuw işi şertlerinde çagalaryň emosiýalarynyň umumy häsiýeti özgerýär. Okuw işi bilelikdäki hereketlere uly talaplar, aňly-düşünjeli tertiplilik, erkli üns we ýat bilen baglydyr. Bularyň ählisi çaganyň emosional dünýäsine täsir edýär. Kiçi mekdep ýaşynyň dowamynda emosiýalaryň ýüze çykyşynda salyhatlylyk we aňly-düşünjelilik güýçlenýär, emosional ýagdaýlaryň durnuklylygy ýokarlanýar. Kiçi mekdep ýaşlylar indi öz şähdini (keýp ýagdaýyny) dolandyrmagy, hatda ony gizlemegi-de başarýar (bu başarnyk psihiki hadysalaryň şu ýaşda häsiýetli aýratynlygy bolan erklilik sypatynyň kemala gelendigini görkezýär). Mekdebe çenli ýaşlylara hem-de ýetginjeklere seredende kiçi mekdep ýaşlylar has deňagramly bolýarlar. Ýedi-dokuz ýaşly çagalaryň şähdi uzak wagtlaýyn, durnukly şadyýan we hyjuwly bolýar. Şol bir wagtda, käbir çagalarda oňyn däl häsiýetli emosional ýagdaýlar ýüze çykýar. Olaryň esasy sebäbi çaganyň üstünlige ymtylyş derejesi bilen ony kanagatlandyrmaga zerur bolan mümkinçilikleriň biri-birine gabat gelmezligidir. Eger-de, şeýle aýry-başgalyk uzak wagtlaýyn we çaga ony ýeňip geçmäge ýa-da ýumşatmaga serişde tapmasa, oňyn däl duýgular gahar-gazaply aýtgylara we hereketlere geçýär. Şeýle oňyn däl emosional ýagdaýlaryň öňüni almak üçin mugallym terbiýelenýänleriň indiwidual aýratynlyklaryny oňat bilmelidir. Okuw işiniň amala aşyrylyşynda kanagatlanmak, bilesigelijilik we geň galyjylyk ýaly duýgular kemala gelýär.

Bitarap ýurdumyzyň başlangyç biliminiň tutuş mazmuny dostluk-doganlygy, ynsanperwerligi, halkara raýdaşlygy, borç we dogruçyllygy terbiýelemäge gönükdirilendir. Bu duýgularyň ösmeginde synp toparlaryndaky hoşniýetli özara gatnaşyklar, elýeter we giň jemgyýet ähmiýetli zähmet ýumuşlaryny ýerine ýetirmek aýgytly rol oýnaýar. Synpyň okuw we okuwdan daşary işlerinde çagalar ilkinji gezek tabşyrylan ýumşa toparlaýyn jogapkärçilikde bolmak tejribesini özleşdirýär. Bu ýerde olar öz okuw işine hemişelik gözegçiligi duýýar. Olarda aýry-aýry ýumuşlary ýerine ýetirmekde, soňra bolsa ähli mekdep borçlaryny berjaý etmekde şahsy jogapkärçilik duýgusy döreýär.

# V BAP
# ÝETGINJEGIŇ PSIHOLOGIK AÝRATYNLYKLARY

## V. 1. Çaganyň ösüşinde ýetginjeklik döwrüniň orny we ähmiýeti

Ýetginjeklik döwrüniň çägi çagalary orta mekdepde okatmagyň V – VIII synplaryna gabat gelýär we 11-12 ýaşdan 14-15 ýaş aralygyny öz içine alýar. Ýöne çaganyň ýetginjeklik ýaşyna hakyky girmegi bu görkezilen möhletlerden bir ýyl öň ýa-da soň bolup biler.

Ýetginjeklik döwrüniň çaganyň ösüşindäki aýratyn orny onuň «geçiş döwri», «öwrümli döwri», «kyn döwri», «kritiki döwri» ýaly atlandyrylmalarynda şöhlelenme tapýar. Adalgalarda bu ýaşda ýaşaýyş-durmuşyň bir döwründen beýlekä geçilmegi bilen baglylykda bolup geçýän ösüş prosesleriniň çylşyrymlylygy we möhümligi nygtalýar. Çagalykdan ululyga geçmeklik bu döwürdäki fiziki, akyl, ahlak, sosial ösüşiň esasy mazmunyny we özboluşly aýratynlygyny düzýär. Ähli ugurlar boýunça hil taýdan täze gurluşlaryň döremegi bolup geçýär; bedeniň, özüňi aňlaýşyň, ulular we deň-duşlar bilen gatnaşygyň, olar bilen sosial özara hereketleriň usullarynyň, höwesleriniň, akyl ýetiriş we okuw işiniň, özüňi alyp barşy, işi we gatnaşyklary aralaşdyrýan ahlak kadalarynyň mazmunynyň özgermegi netijesinde ululygyň elementleri ýüze çykýar.

Ýetginjegiň şahsyýetiniň ösüşiniň möhüm faktory – onuň bellibir nusgalary we gymmatlyklary özleşdirmäge, ulular we ýoldaşlary bilen maksadalaýyk gatnaşyklary guramaga, galyberse-de, hut özüne gönükdirilen (niýetleri, maksatlary, wezipeleri amala aşyrmak synanyşygy bilen öz şahsyýetiňi we geljegiňi proýektirlemek) uly hususy sosial işjeňligidir.

Ýöne täze gurluşyň döreýşi bellibir wagt dowamlylygynda bolýandygy üçin ol köpsanly şertlere bagly bolýar we ähli ugurlar boýunça deňölçeglilikde geçmän hem bilýär. Bu ýagdaý, bir tarapdan, ýetginjekde «çaga pisintliligiň» we «ula meňzeşligiň» alamatlarynyň utgaşmagyna, başga bir tarapdan, bolsa şol bir pasport ýaşynda uly adamyň dürli taraplarynyň ösüş derejesinde düýpli aýry-başgalygyň bolmagyny kesgitleýär. Bu aýratynlyk häzirki zaman okuwçylarynyň ýaşaýyş-durmuşynda iki dürli pursadyň bolýandygy bilen baglydyr:

1) uly adama öwrülmegi togtadýan pursatlar: çagalaryň diňe okuw bilen meşgul bolup, olaryň köpüsinde başga hemişelik we jogapkärli borçlaryň bolmazlygy; ata-eneleriň köpüsiniň çagalaryny öý hojalygy bilen bagly iş-tabşyryklardan boşatmaga ýykgynlygy, ähli zatda olara derek özleriniň aladalanjak bolmagy;

2) uly adama öwrülmegini işjeňleşdirýän pursatlar: mazmuny boýunça dürli bolan bolan informasiýanyň (maglumatyň) uly akymy; köpsanly ata-eneleriň iş zerarly çagalarynyň ýanynda bolup bilmezligi we onuň netijesinde çagalaryň ir döwürden özbaşdaklygy, ýoldaşlary bilen aragatnaşygynyň depginli ösüşi; fiziki ösüşiň we jyns kemallanmanyň akselerasiýasy (ýokary depginde ösüşi).

Bularyň ählisi uly adama öwrülmegiň şertleriniň ýoňsuz köpdürlüligini we onuň netijesinde bu prosesiň ösüşiniň ol ýa-da beýleki taraplarynda düýpli aýratynlyklary döredýär. Meselem, VI – VII synplarda entek çaga sypatly we höwesli oglanlar hem-de örän ekabyr, eýýäm ulularyň durmuşynyň dürli taraplaryna goşulan ýetginjekler hem bar; bilimini özbaşdak artdyrýan «intellektuallar», şol bir wagtda okuw materialyny özbaşdak özleşdirip bilmeýän okuwçylar-da bar; ýetginjekleriň bir toparynda geljegi nazarlaýan takyk meýilnamalar entek ýok bolsa, beýleki birinde geljekki hünäre aňly-düşünjeli taýýarlyk eýýäm başlanan; gyzlaryň käbirleri diňe moda we oglanlar hakynda oýlanýan bolsa, beýlekilerini bu mesele örän çäkli gyzyklandyrýar; oglanlaryň bir bölegi öýde hakyky kömekçä öwrülen bolsa, beýlekileri aňrybaş läliksiredilip, öý işi babatda ýönekeý başarnyklary-da özleşdirmedik bolýar.

Ýetginjeklerde ululygyň ösüşiniň umumy ugry köpdürli we her bir ugruň birnäçe nusgalary bolup bilýär. Meselem, bir «intellektual» üçin kitaplar we bilim-düşünjeler durmuşda esasy zat bolup, beýleki ähli ugurlarda ol «çaga»; beýleki ýetginjek hem synpyň «intellektualy» bolup, öýde elektronika boýunça makalalary okaýar we radiotehnika bilen gyzyklanýar, ýöne sapakda hiç zat etmän, öz keşbiniň moda laýyk ýa-da dälligi bilen aladalanýar hem-de durmuşyň maksady meselesinden başlap, ökde sertaraş barada gürrüň edip bolýan has uly oglanlar bilen atagatnaşykda bolmaga ymtylýar; üçünji «intellektualy» ululygyň daşky alamatlary az gyzyklandyrýar, ýöne öýde ejesine ygtybarly kömekçi, özünde hakyky erkegiň sypatlaryny terbiýeleýär,

şol bir wagtda gyzlar bilen özüni alyp barşynda olaryň saçyndan çekmek, rejelenen saç darawlaryny bulaşdyrmak ýaly çaga mahsus hereketleri edýär. Bir alamaty boýunça meňzeş bu üç nusgada ululygyň ösüşi dürli görnüşde gidýär we mazmuny boýunça dürli-dürli durmuş gymmatlyklary kemala gelýär: biri üçin ähmiýetli gymmatlyk beýleki üçin biparh bolýar. Şahsyýetiň ahlak sypatlarynyň we sosial gönükdirilmeleriniň kemala getirilişiniň binýadynyň tutulyp, umumy ugrunyň nazarlanylýanlygy ýetginjeklik döwrüniň möhümliligini kesgitleýär. Olaryň kemala getirilişi jahyllyk döwründe dowam edýär.

Ýetginjeklik döwri kyn we öwrülişikli hasaplanylýar. Şeýle bahalandyrma, birinjiden, bu wagtda bolup geçýän, kähalatlarda öňki aýratynlyklaryň, çaganyň höwesleriniň we gatnaşyklarynyň düýpgöter synmagy häsiýetinde bolýan köpsanly hil taýdan özgermeler esasynda döreýär; özgeriş gysga wagtda we garaşylmadyk häsiýetde bolup bilýär we ösüş prosesine böküş alamatyny berýär. Ikinjiden, bolup geçýän özgermeler, bir tarapdan, ýetginjegiň özünde we ikinjiden onuň terbiýelenişinde düýpli subýektiw kynçylyklaryň döremegi bilen utgaşýar: ýetginjek ulularyň täsirine tabyn bolmaýar, onda gulak asmazlygyň, garşylyk görkezmegiň we protestiň dürli görnüşleri döreýär (keçjallyk, gödeklik, negatiwizm, ýüzugralyk, gizlinlik, dymmalyk).

Ýetginjeklik döwründe kynçylykly ösüşin döreýşinde biologik we sosial pursatlaryň orny barada indi onýyllyklaryň dowamynda nazary çekişmeler gidýär. Bu meseläniň möhüm pedagogik ähmiýeti bardyr.

## V. 2. Ýetginjegiň bedeniniň özgerişi

Ýetginjegiň ösüşinde biologik faktor meselesi hut şu ýaşda biologik kämillige geçilýän ýolda çaganyň bedeninde düýpli özgermeleriň bolup geçýänligi bilen baglydyr: fiziki ösüşiň täze tapgyry başlanýar we jyns kemallanma prosesi işjeňleşýär. Bularyň ählisiniň arkasynda bedeniň morfologik we fiziologik prosesleri durýar.

Bedeniň özgermegi endokrin (içki mäzler) ulgamyndaky üýtgeşmelerden başlanýar. Gipofiziň, aýratyn-da, öň böleginiň funksiýasy işjeňleşýär, onuň garmonlary dokumalaryň ösüşini we beýleki möhüm içki mäzleriň (galkan şekilli, jyns, böwregüsti) hereketlenişini stimulirleýär. Olaryň işi ýetginjegiň bedeninde köpsanly özgermeleri, şol sanda olaryň

has göze ilýän görnüşlerini döredýär: boýuň ösüşiniň ýokary depgini we jyns kemallanmasy (jyns agzalarynyň ösmegi we ikilenji jyns alamatlarynyň peýda bolmagy). Bu hadysalar gyzlarda 11 – 13 ýaşda we oglanlarda 13 – 15 ýaşda has işjeň bolýar. Häzirki döwürde, fiziki ösüşiň akselerasiýasy ýüze çykýan wagtynda, käbir gyzlar 10 – 11, oglanlar bolsa 12 – 13 ýaşlarynda jyns kämilliginiň başlangyç tapgyrlarynda bolýarlar.

Göwräniň uzynlygyna ösüşi, agramyň, döş kapasasynyň töwerek sygymynyň artmagy ýetginjeklik ýaşynda fiziki ösüşiň özboluşly pursatlary bolup, ol ösüşdäki böküş adalgada atlandyrylýar. Bular mynasybetli ýetginjegiň keşbi çaganyňky bilen deňeşdirilende özgerýär: göwräniň proporsiýasy ululara häsiýetli bolan görnüşe golaýlaşýar. Kelle süňküniň ýüz böleginiň depginli ösmegi netijesinde ýüzüň keşbi hem üýtgeýär. Ýetginjeklik ýyllarynda oňurga öz ýyllyk ösüşinde göwräniň uzynlygyna ösüş depgininden yza galýar. 14 ýaşa çenli oňurgalaryň aralarynyň entek kentlewük bilen doldurylanlygy sebäpli, göwräniň nädogry tutulyşy, uzak wagtlaýyn dartgynlyklar ýa-da adatdan daşary fiziki ýüklenmeler oňurganyň egrelmesine getirip bilýär. Göwräniň tutulyşyndaky iň köp bozulmalar 11 – 15 ýaşda ýüze çykýar; ýöne hut şu ýaşda hem şeýle bozulmalar soňky döwürlerine seredende ýeňil düzedilýär. 20 – 21 ýaşlarda çatalbanyň süňkleriniň (gyzlarda olaryň içinde jyns organlary ýerleşýär) sepleşmesi tamamlanýar. Ýokary belentlikden bökülende olaryň süýşmegi, belent ökjeli köwüş geýlende çatalbanyň formasynyň özgermegi mümkindir. Bu soň-soňlar çaga dogurmak funksiýasyna oňyn däl täsir edip bilýär.

Myşsalaryň massasynyň we muskul güýjüniň artmagy jyns kemallanmasynyň ahyrynda has depginli bolýar. Oglanlarda muskullaryň ösüşi erkekleriň tipinde, gyzlaryň ýumşak dokumalary aýallara mahsus häsiýetde bolup, bu degişli jynsyň wekillerinde erkegiň we aýalyň keşpleriniň döremegine getirýär; bu hadysanyň tamamlanmagy ýetginjeklik ýaşynyň çäginden daşda bolýar.

Muskul güýjüniň artmagy ýetginjegiň fiziki mümkinçiliklerini giňeldýär. Bu ýagdaý oglanlar tarapyndan aňlanylýar we olaryň her biri üçin uly ähmiýete eýe bolýar. Ýöne ýetginjegiň myşsalary ulularyňkydan çalt ýadaýar we entek uzak wagtlaýyn dartgynlylyga ukypsyz bolýar. Bu sport we fiziki zähmet bilen meşgullanmada nazarlanylmalydyr. Ýöreýiş (motor) apparatynyň özgermegi, köplenç, he-

reketleriň sazlaşygynyň bozulmagy bilen utgaşýar, öz göwräňe eýelik edip bilmezlik döreýär (hereketleriň köplügi, olaryň ýeterlik sazlaşygynyň ýoklugy, umumy tagaşyksyzlyk). Bu ýagdaý ýakymsyz duýgulary, özüňe ynamsyzlygy döredip bilýär. Ýöne 6 – 7 ýaşdan 13 – 14 ýaş aralygy köpsanly hereket sypatlarynyň ösüşi, hereket funksiýalarynyň kämilleşmegi üçin iň bir oňaýly döwürdir. Şonuň üçin sportda ýokary netijeler görkezmek mümkinçiligi artýar.

Dürli organlaryň we dokumalaryň ösüşi ýüregiň işine ýokary talaplary bildirýär. Ýürek hem ösýär, ýöne onuň depgini gan damarlaryňkydan ýokary bolýar. Bu ýürek-gan damar ulgamynyň işinde funksional bozulmalaryň döremegine sebäp bolup bilýär we ýüregiň çalt urmagy, gan basyşynyň ýokarlanmagy, kellagyry, baş aýlanma, çalt ýadamaklyk ýaly alamatlarda ýüze çykýar.

Ýetginjeklik ýaşynda bedeniň içinde işjeň hereketlenýän içki mäzler ulgamyndaky üýtgeşmeler bilen bagly ýiti özgermeler ýüze çykýar (üstesine-de, galkan şekilli we jyns mäzleri madda çalşygynyň katalizatorydyr – işjeňleşdirijisidir). Endokrin we nerw ulgamlary özara funksional bagly bolansoň, ýetginjeklik ýaşynda, bir tarapdan, energiýanyň ýiti ýokarlanmagy, ikinji tarapdan, kesel döredijі täsirlere ýokary duýgurlyk ýüze çykýar. Şonuň üçin akyl we fiziki ýadawlyk, uzakwagtlaýyn nerw dartgynlygy, güýçli oňyn däl duýgy-emosional syzylmalar (gorky, gahar, öýke) endokrin bozulmalarynyň (aýbaşynyň wagtlaýyn togtamagy, gipertireozyň ösmegi (galkan şekilli mäziň işjeňliginiň ýokarlanmagy)) we nerw ulgamynyň funksional bozulmalarynyň döremegine sebäp bolup bilýär. Bu hadysalar galjaňlygyň ýokarlanmagy, togtadyjy mehanizmleriň gowşamagy, ýadawlyk, ünssüzlik, işde öndürijiligiň peselmegi, ukynyň bozulmagy ýaly alamatlarda ýüze çykýar.

Ýetginjeklik ýaşynda endokrin we nerw ulgamynyň işiniň çagalyk döwründäki sazlaşyklygy ýitýär, onuň täze görnüşi bolsa ýaňy döräp ugraýar. Bu özgerme ýetginjegiň içki ýagdaýyna, reaksiýalaryna, şähdine (keýp) täsir edýär we köplenç, onda umumy deňagramsyzlygyň, gaharjaňlygyň, ýüzugralygyň, eselmegiň, hereket işjeňliginiň, yzygider biparhlygyň döremegine esas bolýar. Şeýle ýagdaýlar gyzlarda aýbaşy we onuň öňüsyrasy döwürlerinde ýüze çykýar.

Jyns kemallanmasy we fiziki ösüşdäki üýtgeşmeler täze psihologik hadysalaryň döremegi üçin ähmiýetli bolýar. Birinjiden, ýetginjegiň özi

tarapyndan syzylýan bu özgermeler ony obýektiw jähetde has uly adama golaýladýar we onda bu ýaşda döreýän öz hususy ululygyňy syzmak duýgusynyň çeşmeleriniň biri bolýar (özüniň ululara meňzeşligini göz öňüne getirmek esasynda). Ikinjiden, jyns kemallanmasy beýleki jynsyň wekiline höwesiň ösmegini, täze duýmalaryň, duýgularyň peýda bolmagyny stimulirleýär. Ýetginjegiň täze duýmalara we duýgulara berilmegi, bu duýgularyň onuň durmuşynda eýeleýän orny giň sosial şertler hem-de ýetginjegiň terbiýesiniň we aragatnaşygynyň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär. Diňe ululara niýetlenen kitaplaryň we kinofilmleriň hem oňyn däl täsir etmegi mümkin. Bularyň ählisi hem-de ýoldaşlary bilen söýgi, jyns baradaky gürrüňleri ýetginjekde adamlaryň ýaşaýyş-durmuşynyň pynhan tarapyna, irki jyns gatnaşyklaryna höwesiň döremegine sebäp bolup bilýär. Ilkinji romantiki duýgularyň oýanmagy jetginjekleriň iki jynsynyň wekilleri üçin hem kadaly ýagdaýdyr.

## V. 3. Ýetginjeklik döwründäki «çökgünlik» meselesine nazary çemeleşmeler

Ýetginjegiň bedenindäki düýpli özgermeler uzak wagtyň dowamynda ýetginjegiň aýratynlyklarynyň we bu ýaşdaky ösüşiň kynçylyklarynyň biologik döredilýändigi baradaky dürli nazaryýetlere esas bolup hyzmat etdi. Şeýle düşünje XX asyryň birinji çärýeginde döräp, S.Holl, Z.Freýd ýaly psihologlar *biogenetiki uniwersalizm* atlandyrylýan nazaryýeti esaslandyryjylar boldy. Olar biologik sebäp boýunça döreýändigi üçin çökgünligiň we ýetginjegiň özboluşly aýratynlyklarynyň bolmagyny gutulgysyz we uniwersal hadysa hasaplaýarlar.

XX asyryň 20 – 30-njy ýyllarynda biogenetiki uniwersalizme gapma-garşylykly ugur ösüp başlaýar. Munuň sebäbi dürli ýurtlarda takyk barlaglaryň toplanmagy, olarda ýetginjegiň şahsyýetiniň käbir taraplarynyň onuň sosial degişliligine bagly bolýandygynyň ýüze çykarylmagy bilen bagly boldy. Şeýle nazary ugur watan psihologiýasynda amala aşyrylan käbir derňewlerde (onuň kemala gelýän döwründe) ýüze çykdy. Bu babatda terbiýelenmesi kyn ýetginjekleri terbiýelemek amalyýeti has ähmiýetli boldy. Meselem, A.S.Makarenkonyň terbiýe mekdebinde şeýle ýetginjeklerde gysga wagtyň

içinde kadaly şahsyýetiň özüni alyp barşyny kemala getirmek babatda tejribe toplandy.

Biogenetiki uniwersalizm taglymatyna amerikan antropologlary (etnograflary) tarapyndan uly urgy berilýär. Olar adamda nämäniň «tebigat», nämäniň bolsa «medeniýetdigini», durmuşyň takyk taryhy-jemgyýetçilik şertleri we ösüşi tarapyndan kesgitlenýändigini anyklamak üçin ýönekeý siwilizasiýa atlandyrylýan taýpalary öwrenýärler. Samoa adasynyň ýetginjeklerini öwrenen M.Mid ýetginjeklik ýaşyndaky çökgünligiň we konfliktleriň – ylalaşyksyz dartgynlyklaryň gutulgysyzlygy dogrusyndaky düşünjäniň nädogrulygyny we şeýle oňyn däl hadysalaryň biologik däl-de, sosial esasda döreýändigini subut edýär. M. Mid Samoada ýetginjek gyzlaryň çagalykdan ululyga sazlaşykly, dartgynsyz geçýändigini ýüze çykarýar we olaryň ýaşaýyş şertlerini, terbiýeleniş aýratynlyklaryny we çagalaryň gurşawdakylar bilen gatnaşyklaryny endigan beýan edýär. Gyzlaryň ýetginjeklik ýaş döwrüni Mid olaryň çagalyk we ululyk döwrüne seredende has ýakymly we erkin hasaplaýar. Alym soňra gyzlaryň jyns kämilligine ýetmeginiň, birinjiden, olar üçin aýratyn bir ähmiýetli zat bolmaýandygyny we onuň üns berilmän hem geçilip bilýändigini, ikinjiden, gyzyň durmuşynda dürli ähmiýete eýe bolup bilýändigini görkezýär: bir ýagdaýda jyns kämilligine ýetmek gyzyň uly adamdygyny ykrar etmek we nika dabarasyna taýýarlyk üçin signal bolýar, beýleki bir ýagdaýda bolsa onuň diňe hukuk we borçlary özgerýär.

Antropologlaryň barlaglarynda ýetginjeklik döwrüniň dürli dowamlylykda bolýandygy we birnäçe aý bilen hem çäklenip bilýändigi kesgitlenýär. Şeýle-de psihoanaliz taglymatyna eýerýänleriň uly adama öwrülmekde oglanlarda bolmaly hasaplaýan «edip toplumynyň» hökman däldigi subut edilýär.

Antropolog R.Benedikt çagalykdan ululyga geçmegiň iki görnüşini görkezýär: 1) üznüksiz we 2) çaganyň çagalykda öwrenen zady bilen ulynyň roluny ýerine ýetirmäge zerur bolan özüňi alyp baryş usullarynyň arasynda aýry-başgalygyň bolmagy. Birinji görnüş çagalara we ululara bildirilýän möhüm talaplaryň we kadalaryň meňzeşliginde bolýar. Şeýle ýagdaýda ösüş endigan geçýär, çaga kem-kemden ululara mahsus özüňi alyp baryş usullaryny öwrenýär we ulynyň statusyny ýerine ýetirmäge taýýar bolýar. Ikinji görnüş çagalara we

ululara bildirilýän düýpli talaplaryň aýry-başgalygynda ýüze çykýar (Benedikt we Mid bu görnüşi häzirki zaman amerikan jemgyýetine we senagat taýdan ösen ýurtlara häsiýetli hasaplaýar). Şeýle şertlerde çagalykdan ululyga geçmekde dürli kynçylyklar ýüze çykýar we pasport ýaşy kämillige ýetse-de, çagada ulynyň roluny ýerine ýetirmäge taýýarlykly bolmaýar. Benedikt çagalykdan ululyga geçilýän ýoluň dürli jemgyýetde dürlüdigini we olaryň hiç birini kämillige eltýän «tebigy» ýoda hasaplamak bolmaýandygyny belleýär.

Antropologlaryň derňewleriniň nazary ähmiýeti örän uludyr. Çaganyň ýaşaýşynyň takyk sosial şertleriniň: 1) ýetginjeklik döwrüniň dowamlylygyny; 2) çökgünligiň, konfliktleriň, kynçylyklaryň bolmagyny ýa-da bolmazlygyny; 3) çagalykdan ululyga geçmegiň häsiýetini kesgitleýändigi subut edilendir. Bu derňewlerden ýokarda agzalan biologik uniwersalizme gapma-garşylykly netije gelip çykýar: adamda tebigy gurluş sosial gurluşa garşy goýlup bilinmeýär, çünki adamda tebigylyk sosial mazmunlydyr.

Belli psiholog E. Erikson adamyň durmuşyny ego-nyň psihososial ösüşini aýry-aýry sekiz döwre bölüp, her bir psihososial döwrüň krizis – indiwidumyň durmuşynda öwrülişikli pursat bilen utgaşyp, ol bu döwürde psihologik kämilligiň bellibir derejesine ýetmegiň we indiwiduma bildirilýän talaplaryň netijesinde ýüze çykýar. Başgaça aýdanyňda, durmuş sikliniň sekiz fazasynyň her biri hut şu faza üçin häsiýetli bolan ewolýusion ýumuş bilen, ýagny sosial ösüşde indiwiduma teklip edilýän mesele bilen ýüzbe-ýüz bolýar; ýöne onuň hut şu fazada çözülmezligi-de mümkindir. Indiwiduma häsiýetli özüňi alyp baryş nusgasy bu ýumuşlaryň ahyr netijede nähili usulda çözülýändigi ýa-da krizisiň nähili ýeňlip geçilýändigi bilen döredilýär. Şahsyýetara gatnaşyklaryň ösüşi we giňelmegi ego-nyň funksiýalarynyň her bir döwürde ýokarlanýan ejizligi bilen bagly bolýanlygy üçin konfliktler Eriksonyň taglymatynda möhüm rol oýnaýar. Ol şol bir wagtda krizisiň ýüze çykmagy howp-heläkçiligi däl-de, öwrülişikli pursadyň dörändigini we şonuň bilen baglanyşyklykda, bir tarapdan, güýjüň, ikinji tarapdan, ýeterlik uýgunlaşmanyň ýoklugynyň ontogenetiki çeşmesiniň peýda bolandygyny aňladýar.*

Antropologlar ýetginjeklik ýaşyny çaganyň öz jemgyýetdäki ornuna, özüniň ulularyň jemgyýetçilik durmuşyna goşulmaga barýan

* *Basarow B*. Görkezilen iş. 137 s.

ýoldaky pursat hasaplaýarlar. Bu ideýany ösdürmekde häzirki zaman jemgyýetinde ýetginjegiň ýagdaýyny we çagalykdan ululyga konfliktli – dartgynly geçilişi seljermegi dowam eden K. Lewine (ABŞ) aýratyn orun degişlidir. Ol jemgyýetde ulularyň we çagalaryň bolýandygyny, her birinde özboluşly artykmaçlygyň bardygy sebäpli olaryň aýry-başgalanandygyny hem-de ýetginjeklik ýaşynda çaganyň öz çagalar toparyndan ulularyň toparyna tarap hereketde bolýandygyny belleýär. Ýetginjek ulularyň toparyna geçmäge we ondaky çagalar toparynda bolmadyk artykmaçlyklardan peýdalanmaga ymtylýar. Ýöne entek ulularyň kabul etmändigi üçin ol topar arasyndaky ýagdaýda bolýar. Kynçylyklaryň derejesini we konfliktleriň bolmagyny Lewin çagalaryň toparynyň ulularyň toparyndan göz-görtele tapawutlandyrylýandygy we ýetginjegiň toparara ýagdaýynyň dowamlylygy bilen baglanyşdyrýar. Lewiniň ýetginjegiň «kenara çykmadyk» ideýasy soňky ýyllarda D.Koulmen we beýleki daşary ýurtly psihologlar tarapyndan ösdürilip, olar ýetginjekleriň aýratyn «kiçi medeniýetiniň», ýagny ulularyň jemgyýetinde ýetginjekleriň jemgyýetiniň bardygyny aýdýarlar.

Meşhur psiholog L.S.Wygotskiý kynçylykly ýaş döwürleri öwrenmekde täze meseleleri goýýar: aňda esasy täze gurluşlary we her bir ýaşda çaganyň we gurşawyň arasyndaky gatnaşygyň gaýtalanmaz ulgamyny düzýän ösüşiň sosial situasiýasyny ýüze çykarmalydygyny nygtaýar. Onuň pikiriçe, gatnaşyklaryň şu ulgamynyň özgermegi geçiş ýaşynyň «çökgünliginiň» esasy mazmunyny düzýär.

Şeýlelikde, ýetginjeklik döwrüniň «çökgünligi» baradaky nazary pikiriniň ösüşi bu döwrüň ýüze çykmalarynyň we geçiş aýratynlyklarynyň ýaşaýyş-durmuşynyň takyk şertleri we ýetginjegiň ösüşi, onuň ulular dünýäsindäki jemgyýetçilik orny bilen kesgitlenýändigine şaýatlyk edýän pikir jemlemeleriň toplanmagy bilen baglydyr.

## V. 4. Ýetginjeklik ýaşa geçilende şahsyýetde döreýän merkezi psihologik täzelik

Ýetginjegiň sosial ulalmasynyň ösüşi çaganyň ulularyň jemgyýetiniň doly hukukly agzasy hökmündäki durmuşa taýýarlygynyň döremegidir. Bu proses diňe bir obýektiw däl, eýsem işe, ulularyň özüni alyp barşyndaky gatnaşyklaryna bolan jemgyýetçilik talaplaryny

özleşdirmäge zerur subýektiw taýýarlygyň ösüşini nazarlaýar. Hut şeýle talaplaryň özleşdiriliş prosesinde sosial jähtden ululyga öwrülmeklik ösýär.

Ýetginjeklik döwrüniň başynda çagalar daşky keşbi we özüni alyp barşy boýunça ululara meňzemeýär: olar entek köp wagtyny oýunda geçirýärler, ylgaýarlar, garagollyk edýärler, hereketleri ýüzugra we biçak joşgunly, köpugurlaýyn işjeň we köplenç, kelle göçgünli höwesleri we gyzyklanmalary, sulh almasy we gatnaşyklary durnuksyz, kesekiniň täsirine ýeňil tabyn bolýarlar. Ýöne dowam edýän çagalygyň daşky görnüşiniň arkasynda möhüm täzeligiň kemala gelşi ýatýar: ýetginjekleriň daşky durky köp derejede çaga häsiýetde bolsa-da, olar bilniksiz uly adama öwrülip bilýär. Ululygyň kemala gelşi daşky synlamada onçakly göze ilmeýär. Onuň ýüze çykmalary we alamatlary dürli-dürlüdir. Ululygyň ilkinji alamatlary onuň ösen görnüşlerinden tapawutly bolýar we kähalatlarda ýetginjegiň ulular üçin ýakymsyz täze özüni alyp barşynda ýüze çykyp bilýär. Ýetginjekde kiçi mekdep ýaşlylara seredende, täzeligiň köplügi onuň eýýäm çagalyk bilen hoşlaşýandygyndan habar berýär. Bu täzelik geljege gönükdirilen bolup, hut şol hem depginli ösýär we ýetginjegi terbiýelemekde hut şoňa hem daýanmak zerurdyr. Ýetginjeklik döwründäki täze ugrukmalar bilinmese, terbiýe işi netijeli guralmaýar, bu jogapkärli döwürde şahsyýetiň kemala getirilişi maksada gönükdirilme häsiýetini ýitirýär we özakymlaýyn tutuma öwrülýär.

Ýetginjeklik ýaşyna gadam basýan çaganyň şahsyýetiniň gurluşyndaky düýpli özgermeler özüňi aňlaýşyň ösüşindäki hil ilerlemeler bilen kesgitlenýär we hut şu mynasybetli çaganyň gurşaw bilen öňki gatnaşygy bozulýar. Özüň barada indi çaga däl diýen düşünjäniň döremegi bilen özüni uly duýup başlamak, uly bolmaga we bu orny ykrar etdirmäge ymtylyş ýetginjegiň şahsyýetinde döreýän merkezi we özboluşly täzeligiň mazmunyny düzýär. Bu aýratynlyk özüňi uly duýmak atlandyrylyp, ol mynasybetli ýetginjek özüniň çagalara degişliligini ret edýär; ýöne onda öz ululygyny daşyndakylaryň ykrar etmegine isleg bolsa-da, entek özüni hakyky, doly manyly uly adam hökmünde duýup bilmeýär.

Özüňi uly saýmak duýgusy fiziki ösüşdäki we jyns kemallanmasyndaky özgermeleri aňlamak we bahalandyrmak netijesinde dö-

räp bilýär; bu özgerişler ýetginjek tarapyndan syzylýar we obýektiw jähetde we öz göz öňüne getirmesinde ony uly adam ornuna süýşürýär. Akselerasiýa hadysasy öňki ýyllara seredende, çagada bu täze özüňi duýmagyň we özüňi bahalandyrmagyň has ir döremegine şert döredýär. Özüňi uly saýmagyň beýleki çeşmeleri sosial häsiýetlidir. Şeýle duýgy, haçanda, çaga ulular bilen gatnaşygynda obýektiw jähetde çaga ornunda bolman, zähmet işine gatnaşyp, jemgyýetçilik mazmunly borçlary bolanda ýüze çykyp bilýär. Ulularyň ynamy we irki özbaşdaklyk çagany diňe bir sosial däl, eýsem subýektiw jähetde uly adama öwürýär. Beýik Watançylyk urşy ýyllary muňa köpsanly mysallary berdi. Ýetginjegiň özüni uly saýmak duýgusynyň döreýşiniň we onuň hakyky uly adama öwrülişiniň bu mümkingadar ýoly Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Döwlet guşy» romanynda aýdyň suratlandyrylýar. Uruş döwrüniň ýetginjekleriniň entek jyns kemallanmasyna ýetilmänkä, ulular bilen deň egin çekişip zähmet çekmek hakykaty ýokary çeperçilikde beýan edilýär. Bu duýgy, haçanda, çaga özi üçin ähmiýetli hasaplaýan uly adamy bilen birnäçe sypatlar boýunça özüniň meňzeşligini ýüze çykaran ýagdaýynda hem döräp bilýär (bilim-düşünjelerde, başarnyklarda, güýçde, ezberlikde, batyrgaýlykda we ş. m.); meňzeşlik näçe ýokary bolsa, öz hususy ulylygyňy duýmaga esas şonça-da köp bolýar. Ol çaga deň-derejeli ýoldaş hökmünde garaýan has uly deň-duşlary (çaganyň düşünjesinde) bilen aragatnaşykda bolnanda hem kemala gelýär. Ýetginjek özüni diňe bir töweregindäkiler bilen däl, eýsem özüniň ýakyn geçmişdäki ýagdaýy bilen hem deňeýär, bellibir nusgalara oriýentirlenip (ugrugyp), özünde oňyn özgermeleri ýüze çykarýar.

Özüňi uly saýmak özüňi aňlaýşyň özboluşly täzeligi hökmünde ýetginjegiň özüne, adamlara we dünýä degişlilikdäki täze durmuş pozisiýasyny – ornuny aňladýar, onuň sosial işjeňliginiň özboluşly gönükdirilmesini we mazmunyny, täze ymtylmalarynyň ulgamyny, duýgularyny we emosional-affektiw reaksiýalaryny kesgitleýändigi üçin şahsyýetiň özeni aýratynlygy, onuň gurluş merkezidir. Ýetginjegiň özboluşly sosial işjeňligi ulularyň dünýäsindäki we olaryň gatnaşyklaryndaky kadalary, gymmatlyklary we özüňi alyp baryş usullary özleşdirmäge ýokary kabul edijiliginde ýüze çykýar. Ulularyň we çagalaryň iki dürli topary düzýändigi we dürli borçlarynyň,

hukuklarynyň, artykmaçlyklarynyň we çäklendirilmeleriniň bolýandygy üçin munuň geljekde uly ähmiýeti bolýar. Çagalar üçin esaslandyrylan kadalaryň, düzgünleriň, talaplaryň, çäklendirmeleriň köplüginde ýetginjegiň gulak asmaklyk ahlaklygyna tabynlygy, özbaşdaklygynyň ýoklugy, ululary dünýäsinde olaryň deňhukuksyzlyk we garaşlylyk ýagdaýyny kesgitleýär. Köp zatlar bu dünýäde çaga üçin elýeter däl, köp zat gadagan. Irki döwürlerde çaga jemgyýetiň çagalara bildirýän kadalaryny we talaplaryny özleşdirýär. Bu kadadyr talaplar ulular toparyna geçilende hil taýdan özgerýär. Ýetginjekde özi barada eýýäm çagalygy yzda galdyran adam hökmündäki düşünjäniň döremegi, onuň kadalaryň we gymmatlyklaryň bir görnüşinden beýlekä – çaganyňkydan uly adamyňka geçen mazmundaky ugrukmasyny kesgitleýär.

Ýetginjekde uly adamlara deňleşenlik duýgynyň döränligi onuň ululara daşky taýdan meňzemäge, olaryň iş-gatnaşyklarynyň käbir taraplaryna goşulmaga, olaryň sypatlaryny we başarnyklaryny, hukuklaryny we artykmaçlyklaryny edinmäge ymtylyşynda ýüze çykýar. Onuň üçin bu sypatdyr başarnyklaryň ulyny çagadan aýyl-saýyl tapawutlandyrýan görnüşleri has ähmiýetli bolýar.

## V. 5. Ýetginjegiň we ulynyň özara gatnaşygy

**Täze özara gatnaşyklaryň döreýşi.** Ýetginjegiň täze hukuklara daknyşygy, ilkinji nobatda, ulular bilen gatnaşyklaryň ähli ulgamyna ýaýradylýar. Ýetginjek özüniň ýaňy-ýakynda göwünjeň ýerine ýetiren talaplaryna garşylyk görkezip başlaýar; ol haçanda özüniň özbaşdaklygy çäklendirilip, «çaga ýaly» gözegçilikli höre-köşe bilen gurşalyp, gulak asmaklyk talap edilende, temmi berlende, öz isleg-höwesleri, pikiri goldanmanda we ş. m. öýkeleýär we närazylyk bildirýär. Ýetginjekde özüne göwnüýetijilik duýgusy peýda bolýar, ol özüni çäklendirilmäge, peseldilmäge, özbaşdaklyk hukugyndan mahrum edilmäge degişli däl adam hasaplaýar. Ulular bilen gatnaşyklaryň çagalykda bolan görnüşini (çaganyň olar bilen deňhukukly bolmadyk gatnaşyklaryny şöhlelendirýän) ýetginjek özüniň ululyk derejesi baradaky pikir-düşünjelerine laýyk gelmeýändigi üçin kabul etmeýär. Ulularyň hukuklaryny çäklendirip, hususy hukuklaryny bolsa giňeldýär, özüniň

şahsyýetiniň, adamçylyk mertebesiniň hormatlanylmagyna, özüne ynanylmagyna, özbaşdaklyk berilmegine dalaş edýär we ululary̌n bu garaşmalary, ýagny özleri bilen deňhukuklyga ymtylmasyny ykrar etmeklerini gazanmaga çalyşýar. Ýetginjegiň närazylygynyň we tabyn bolmazlygynyň dürli görnüşleri, özüniň ulular bilen gatnaşyklarynyň öňki tipini täze, ululara mahsus görnüşe özgertmegiň serişdesidir. Ýetginjekde öz ululygyny duýmagyň we bu duýgyny töwerekdäkileriň ykrar etmegine bolan isleg ululary̌n we ýetginjegiň bir-birine bolan gatnaşyklarynda düýpgöter täze hukuk meselesini döredýär.

Ýetginjeklik döwrüniň möhümligi we aýratyn orny hut şu döwürde çaganyň we ulynyň çagalyga häsiýetli görnüşinden hil taýdan täze, uly adamlaryň aragatnaşygyna mahsus gatnaşyga geçýändigi bilen kesgitlenýär. Şeýle geçiş ýetginjegiň we ulynyň sosial özara hereketiniň täze usullarynyň döremegi hökmünde bolýar. Köne usullar kem-kemden täze görnüşler bilen çalşyrylýar, ýöne şol bir wagtda olar entek utgaşykly hereket edýärler. Bu öz gezeginde, hem ulular, hem-de ýetginjek üçin uly kynçylyklary döredýär. Ulular bilen gatnaşyklaryň täze kadalary ýetginjegiň kemala gelýän ahlak dünýägaraýşynyň möhüm mazmunyny düzýär.

Gatnaşyklaryň täze tipine geçmegiň sazlaşykly görnüşi, haçanda, ululary̌n hut özi döwtalaplylyk bilen çykyş edenlerinde ýa-da ýetginjegiň talaplaryny nazarlap, oňa bolan gatnaşygyny özgerdip guranda mümkin bolýar. Munuň möhüm şerti – uluda ýetginjege entek çaga hökmündäki gatnaşygyň bolmazlygydyr. Ýöne birnäçe ýagdaýlar olaryň özara gatnaşygynyň öňki görnüşde galmagyna sebäp bolar: 1) ýetginjegiň jemgyýetçilik ornunyň üýtgemezligi: onuň öňküleri ýaly okuwçy ornunda galmagy; 2) onuň mugallymlar bilen bir hatarda terbiýeçi rolunda bolýan ata-enä maddy taýdan doly garaşlylygy; 3) ulynyň çagany ugrukdyrmak we gözegçilik etmek öwrendikligi (ony, hatda zerurlyk aňlanylanda-da, özgertmek kyndyr); 4) ýetginjekde, esasan-da, başlangyç döwürde, özüni alyp barşynda we keşbinde çaga sypatlarynyň saklanmagy, onda özbaşdak hereket etmek başarnygynyň bolmazlygy. Bularyň ähli̇si ululary̌n ýetginjege entek çaga hökmünde gatnaşykda bolmagyna esas berýär; ol munuň esasynda ýetginjegiň tabyn bolmagyny we gulak asmagyny ýeke-täk ýerlikli gatnaşyk hasaplaýar we onuň hukugyny we özbaşdaklygyny

giňeltmegi maksadalaýyk däl hasaplaýar. Ýöne ulynyň şeýle gatnaşygy diňe bir ýetginjegiň ymtylmalaryna çapraz bolman, eýsem çagalary bu ýaşda – çagalykdan ululyga geçýän döwründe terbiýelemegiň maksatdyr wezipelerine garşy gelýär. Ýetginjegiň sosial kemallanmasynyň ösmegi, ony geljekki durmuşa taýýarlamak üçin jemgyýetçilik zerurlygydyr. Bu çylşyrymly, bellibir wagt dowamlylygyny talap edýän tutum bolup, ol haçanda ýetginjek ululara häsiýetli kadalaryň we talaplaryň ulgamynda hereket edende, ýagny ösýän şahsyýetiň özbaşdaklygyny ýokarlandyrmagyň hökmanylygy aňlanylyp, onuň borç we hukuklary giňeldilen ýagdaýynda mümkin bolýar. Diňe şeýle ýagdaýlarda ýetginjek uly adam ýaly hereket etmegi, pikirlenmegi, dürli ýumuşlary berjaý etmegi, adamlar bilen aragatnaşykda bolmagy öwrenip bilýär. Hut şonuň üçin ýetginjegi terbiýelemek onuň ulular bilen öňki gatnaşyklaryny täze derejä götermegi talap edýär.

**Ýetginjegiň we ulynyň konfliktleriniň– ylylaşyksyz agzalalyklarynyň sebäpleri.** Ýetginjeklik döwrüniň başynda ulularda ýetginjege entek çaga hökmündäki gatnaşyk dowam edende, gapma-garşylyklaryň döremegine getirip bilýän ýagdaý döreýär. Şeýle gatnaşyk, bir tarapdan, terbiýäniň wezipelerine çapraz bolýar we ýetginjegiň sosial kemallanmasyna päsgel berýär; ikinji bir tarapdan, ýetginjegiň öz ululygynyň derejesi baradaky düşünjesine we onuň täze hukuklara dalaş etmegine gapma-garşylykly bolýar. Hut şu gapma-garşylyk hem ulynyň we ýetginjegiň gatnaşygyndaky konfliktleriň we kynçylyklaryň çeşmesi bolýar. Konfliktler we kynçylyklar olaryň ýetginjegiň hukugynyň häsiýeti we özbaşdaklygynyň derejesi baradaky düşünjeleriniň aýry-başgalygy zerarly döreýär.

Eger-de uly ýetginjege öz gatnaşygyny özgertmese, ýetginjegiň özi gatnaşyklaryň täze tipine geçmegiň başlangyjy bolup çykyş edip başlaýar. Ulynyň garşylyk görkezmegi öz gezeginde ýetginjegiň tarapynda gulak asmazlyk we nägilelik bildirmek ýaly garşylykly hereketleri döredýär. Şeýle gapma-garşylykly meýilleriň bolmagy, birek-birege garşylyk görkezmeklik, çaknyşmalaryň ýüze çykmagyna getirýär we ulynyň gatnaşygy üýtgemese, üznüksiz häsiýete eýe bolup, ýetginjegiň negatiwizmi bolsa has-da güýçlenýär. Şeýle ýagdaý saklansa, öňki gatnaşyklaryň özgermegi ýetginjeklik döwrüniň bütin dowamyna uzap bilýär we üznüksiz konflikt häsiýete eýe bolýar. Ýetginjek gulak

asmazlygyň we närazylyk birdirmegiň dürli görnüşleri arkaly uly bilen bolan öňki «çaga» gatnaşygyny syndyrýar we oňa täze, oňyn geljegi kepillendirýän «uly» gatnaşyklary ýöňkeýär. Konflikt uly adam özüniň ýetginjege bolan gatnaşygyny tä özgerdýänçä dowam edip bilýär. Konfliktli gatnaşyklar özüňi alyp barşyň uýgunlaşma häsiýetli görnüşleriniň ösmegine we ýetginjekde gaça durmak meýliniň döremegine ýardam edýär. Kesekileşmek, ulynyň adalatsyzlygyna, onuň özüne düşünmeýändigine we düşünip hem bilmejegine ynanç ýüze çykýar. Şunuň esasynda ulynyň talaplaryny, bahalandyrmalaryny indi aňly-düşünjeli kabul etmezlik döreýär we çaganyň şahsyýetinde ahlak we sosial gönükdirilmeleriniň kemala gelýän bu jogapkärli döwründe ulynyň ýetginjege täsir etmek mümkinçiligini asla ýitirmegi mümkin. Ýetginjek ulularyň gatnaşygyndan näderejede nägile bolsa, oňa şonça-da ýoldaşlary gerek bolýar we olaryň ýetginjege täsiri şonça-da güýçli bolýar.

Konflikt – ylalaşyksyz agzalalyk, ulynyň jetginjeklik döwründe şahsyýetiň ösüşini ykrar etmegi başarmazlygynyň ýa-da islemezliginiň we ýetginjege öz ýanynda orun tapmazlygynyň netijesidir. Ýetginjegiň ulular bilen gatnaşygynda özbaşdaklyk we deňhukuklylyk meselesi olaryň aragatnaşygynda we umuman, ýetginjegi terbiýelemekde iň bir çylşyrymly we ýiti meseledir. Özbaşdaklygyň ýetginjegiň isleg-başarnygyna, oňa bildirilýän jemgyýetçilik talaplara laýyk hem-de ululara ony gönükdirmäge, täsir etmäge mümkinçilik berýän derejesi saýlanylmalydyr.

Ulynyň we ýetginjegiň aragatnaşygyndaky özboluşly kynçylyklar olaryň özara hereketi kadaly guralanda ýüze çykman hem bilýär: özara hormat, ynanç, kömek ýaly kadalara esaslanýan dostlukly, arkalaşykly özara gatnaşyklaryň guralmagy ýetginjek – ulular ulgamyndaky kynçylyklaryň döremeginiň öňüni almagyň ygtybarly serişdesidir. Ýetginjege ulynyň düşünmegi zerurdyr. Olaryň ýaşaýyş-durmuşynyň umumylygy dürli mazmunlar bilen döredilip, arkalaşygy işiň dürli görnüşlerinde ýola goýlup bilinýär; ýöne olaryň ikisi-de deň derejede zerurdyr. Arakalaşyk prosesinde ýetginjegiň we ulynyň sosial özara täsiriniň täze usullary kemala gelip, olaryň ahlak mazmuny ýetginjegiň sosial kämilligini ösdürmegiň wezipesine we ýetginjegiň ulular bilen özara gatnaşyklaryna bildirýän täze talaplary-

na laýyk gelýär. Arkalaşyk ula ýetginjegi dürli işlerde we sapaklarda özüniň kömekçisi we ýoldaşy ornunda goýmaga, özüniň bolsa oňa nusga we dost bolmagyna mümkinçilik berýär. Hut şeýle gatnaşyklar ýetginjege subýektiw jähetde we onuň terbiýesi üçin obýektiw jähetde zerurdyr.

Ulynyň we ýetginjegiň şahsy gatnaşyklaryndaky rowaçlyk, olaryň özara düşünişmegi ýene-de bir jähtden örän möhümdir: ýetginjeklik döwrüniň başynda çaganyň aragatnaşygynyň uly – ýetginjek we onuň ýoldaşlary hem-de deň-duşlary ýaly iki ulgamynyň arasynda çylşyrymly gatnaşyklar üçin şertler döreýär. Munuň sebäbi çaganyň bu iki ulgamda eýeleýän düýpgöter aýry-başga orny bilen baglydyr. Ulular bilen gatnaşyklarynda ol gulak asmaklyk ahlagynda berkidilen, deňhukukly däl orny eýeleýär. Ýoldaşlary, deň-duşlary bilen gatnaşyklarynda ol deň derejelilik ornunda bolýar; bu bir tarapdan, ulynyň ulular dünýäsine we çaganyň olaryň dünýäsindäki geljekki ornuna meňzeş bolsa, başga bir tarapdan, şeýle orun çagalaryň işiň dürli görnüşlerindäki arkalaşygynyň elementleriniň çeşmesidir.

Ž.Piaže oýun işiniň prosesinde çagalaryň kooperasiýasynyň (arkalaşykly birleşmesiniň) ösýändigini görkezýär; şeýle ýagdaýda indiwid özüne beýlekilere deň görnüşde seredip, bu bolsa özara gözegçiligi we düzgünleri berjaý etmäge, kollegiallyga (arkalaşyklyga) we ylalaşyklygyň gazanylmagyna getirýär. Bu ýagdaý Piažä: «Haçanda çaga özüne meňzeşler bilen kooperirlenende, ol eýýäm uly adam» diýmäge esas berýär. Watan psihologlarynyň derňewlerinde, birinjiden, eýýäm III –IV synplarda ýoldaşlyk kadalaryny (kömek, wepalylyk, hormat) berjaý etmegiň ýoldaşyň we dostuň sypatlaryny bahalandyrmakda şert-kriteriý bolýandygy görkezilýär; ikinjiden, çagalaryň baý mazmunly gatnaşyklarynyň giňelmegi we çuňlaşmagy bilen olaryň bu gatnaşyklara bolan talaplarynyň ýokarlanmagynyň arasynda göni baglylyk bolýar (wepalylyk we deňlik kadalarynyň ähmiýeti ýokarlanýar, bularyň ýaýradylýan ýagdaýlarynyň sany artýar). Bu kadalaryň ählisi ulularyň özara gatnaşyklaryndaky düýpli kadalardyr. Hut şonuň üçin-de, çaganyň deňduşlary, ýoldaşlary bilen aragatnaşygy özboluşly funksiýany ýerine ýetirýär: bu gatnaşyklaryň amalyýetinde ulularyň ahlagy özleşdirilýär (şonuň bilen birlikde, çaganyň sosial-ahlak kemallanmagy ösýär), bu ahlagyň esasy mazmuny deňlik we kollegiallyk (arkalaşyklyk) bolup,

ol çaganyň ululara gatnaşygy üçin öňler adaty bolan diňe gulak asmaklyk ahlagynyň gapma-garşylygydyr.

Şeýlelikde, ýetginjeklik ýaşynyň başynda adaty däl ýagdaý döreýär: çaganyň deň-duşlary, aýratyn-da, dostlary bilen gatnaşyklary eýýäm ulularyň deňlik ahlagynyň birnäçe möhüm kadalarynda guralyp, onuň ulular bilen gatnaşyklarynyň özeni gulak asmaklyk häsiýetindäki çaga ahlagy bolmagynda galmagyny dowam edýär. Bu ýagdaý möhüm dowamatlaryň mümkinçiligini özünde jemleýär: 1) arkalaşyk ýetginjegiň şahsyýetiniň ösmegi üçin möhüm serişde hökmünde onuň ýoldaşlary bilen gatnaşyklarynda güýçli depginde ösüp bilýär; 2) ulular bilen däl-de, hut ýoldaşlary bilen aragatnaşykda bolmaklyk ýetginjek üçin subýektiw jähetde has zerur we ähmiýetli bolup, sosial-ahlak kämilliginiň ösüşinde we şahsyýetiň kemala getirilişinde aýgytlaýjy rol oýnap bilýär; 3) ýetginjegiň özleşdiren ulularyň ahlak kadalary, birinjiden, gulak asmaklyk ahlagynyň kadalary bilen çaknyşyp, onuň bilen gapma-garşylykly utgaşyp bilýär, ikinjiden, ýetginjege çaga ahlagy ähmiýetsiz bolýandygy sebäpli, gulak asmaklyk ahlagynyň kadalary ýeňlip geçilip bilinýär.

Bu ýagdaý käbir psihologik nazaryýetlerde giňden ýaýran awtonom çaga ahlagy we onuň ulularyň jemgyýetiniň ahlagy bilen çaknyşmasy meselesine dogry düşünmäge mümkinçilik berýär. Elbetde, awtonom çaga ahlagyny sosiallyga garşy durýan we şonuň üçin ulularyň ahlagy bilen gapma-garşylyga girýän hadysa hasaplamaklyk esassyzdyr. Awtonom çaga ahlagy öz düýp manysynda ulularyň ýoldaşlyk we dostlukly gatnaşyklarynyň ahlagy bolýandygy üçin ol ýokary derejede sosial mazmunlydyr. Ol ulularyň ahlagy bilen däl-de, ulularyň çagalar üçin döreden ahlagy bilen gapma-garşylyga girýär. Ýetginjegiň ulular we ýoldaşlary bilen mekdep-okuw gatnaşyklarynyň ýagdaýy hemişe we ýokary derejede bu iki ahlagyň hut şu şertlerde barlyşyksyzlygy sebäpli çaknyşmak ähtimallygyny özünde saklaýar. Haçanda, uly adam gulak asmaklyk ahlagynyň talaplaryny döredijiniň rolunda bolanda, ýetginjek üçin şu aýratyn adam däl-de, ahlagyň özi ýerliksiz bolýar. Ýetginjekler hut şonuň üçin öz hereketleri çagalaryň özüni alyp baryş düzgünlerine laýyk gelmeýändigi barada bellik edýän nätanyş ulular bilen gödeklige ýol berýär.

A.S. Makarenkonyň terbiýe ulgamy ýetginjeklik ýaşynyň kyn sosial-ahlak meselelerini nusgawy çözmegiň mysalydyr. Bu ulgamyň

üstünligi Makarenkonyň terbiýe nazaryýetiniň we amalyýetiniň birnäçe esaslandyrylmalary bilen baglydyr: ol, birinjiden, her bir ýetginjegi jemgyýete ähmiýetli zähmetiň dürli görnüşlerine goşmak arkaly kollektiwiň we tutuş jemgyýetiň durmuşyna işjeň gatnaşyjynyň ornunda goýdy, ikinjiden, ululary ň we ýetginjekleriň arasyndaky (hem-de ýetginjekleriň öz arasyndaky) ähli gatnaşyklary jemgyýetiň uly adamlarynyň ahlagynyň kadalarynyň esasynda gurady we kollektiwiň durmuşynyň demokratik kadalara esaslanýan guramaçylyk formalaryny esaslandyrdy. Hormat, deňlik, özara kömek we ynanç kadalary Makarenkoda dürli meseleleriň kollektiwleýin maslahatlaşylmasyna ornaşandyr. Şeýle maslahatlaşylma wagtynda ulular we ýetginjekler deň orunda goýlup, çözgüt kabul edilende ol hemmeler üçin kanun bolupdyr. Ony bozmaga ulularyň-da hukugy bolmandyr. Hemmeler üçin ahlak bir bolansoň hiç hili «iki ahlaklylyk» (ululara we çagalara aýry-başgalykda) bolmandyr. Hut şeýle ýagdaýlarda kollektiw uly güýje eýe bolýar we her bir agzanyň terbiýeçisine öwrülýär. Makarenkoda ýetginjekleriň we ulularyň arkalaşygynda dürli maksatlar we wezipeler esaslandyrylyp, köpsanly meseleler çözülip, kollektiwiň ähli işi amala aşyrylypdyr.

A.S. Makarenko ýetginjegiň sosial işjeňligini we jetginjekleriň kollektiwiniň onuň bilen bagly özboluşly islegini örän takyk häsiýetlendirýär: «... biziň çagalar kollektiwimiz haýsydyr bir geljekki durmuşa taýýarlanyş ýaşaýşy bilen ýaşamak islemeýär, ol diňe pedagogik hadysa däl-de, her bir beýleki kollektiw ýaly jemgyýetçilik durmuşynyň doly hukukly hadysasy bolmak isleýär». *Makarenkoda ýetginjekleriň özbaşdaklygy kollektiwleýin we jemgyýete peýdaly şahsy iş görnüşinde bolup, onuň netijesi hemmeler we her bir adam üçin birmeňzeş zerur bolýar. Hut şu hadysa ýetginjekleriň sosial-ahlak kemallanmasyny jemgyýete zerur ugra ösdürmegi üpjün edýär.

Makarenkonyň bimöçber şahsy at-abraýynyň çeşmesi şahsyýete we kollektiwe hormat goýmaklygydyr. Alyslara gönükdirilen maksatlaryň üsti bilen ol çagalaryň durmuşyny şu gün, ertir we geljekde jemgyýete peýdaly, gyzykly, şatlykly etmäge ymtylýar we ýetginjekleriň bu işde özüne kömek etmäge höwesiniň we başarnygynyň bardygyna

---

* *Макаренко А. С.* Из истории коммуны имени Ф.Э. Дзержинского. Соч., т. II. – М., 1951, с. 400.

ynanýar. Ýetginjekleriň häzirki durmuşy geljege gönükdirilen bolup, geljek üçin zerur sosial kämillik häzirki döwürde kemala getirilýär; şeýle kemala getiriliş ýetginjegiň adamlar bilen sosial özara hereketleriniň ululara häsiýetli usullary we tutuş jemgyýete özboluşly bolan sosial-ahlak gymmatlyklaryň esasynda amala aşyrylýar. Bir amerikan psihology tarapyndan ýerliksiz awtoritar atlandyrylan Makarenkonyň terbiýe ulgamy, öz asyl mazmunynda diňe bir ýokary maksatlary mynasybetli däl, eýsem ahlak özeni şahsyýeti hormatlamak bolan demokratik we ynsanperwer terbiýedir. Bu ýetginjege esasy zerur zatdyr.

Şahsyýeti kollektiwde we kollektiwiň üsti bilen terbiýelemek ýetginjegiň sosial-ahlak kemallanmasynyň jemgyýetçilik jähtden dogry we ähmiýetli ugrukmada ösmeginiň hökmany we zerur şertidir. Ýetginjegiň jemgyýete peýdaly işiň dürli görnüşlerinde kollektiwleýin baglanyşyklary we deň-duşlary hem-de ulular bilen arkalaşygy näçe baý boldugyça, ol şonça-da köp jemgyýet ähmiýetli gymmatlyklary özleşdirýär we şahsyýeti şonça-da kämil bolýar.

## V. 6. Uly adama öwrülmek tutumynyň ösüşinde we durmuş gymmatlyklarynyň kemala getirilişinde esasy ugurlar

Uly adama öwrülmek tutumynyň ösüşinde dürli ugurlaryň bolmagy ýetginjegiň deňleşmeli bolýan nusgalaryndaky tapawut bilen kesgitlenýär. Bellibir nusgalara oriýentirlenmeklik köp derejede kemala gelýän durmuş gymmatlyklarynyň mazmunyny, ýetginjegiň şahsyýetini kemala getirmekde umumy ugry kesgitleýär.

**Ululygyň daşky alamatlaryna öýkünmek.** Çagalara seredende bellibir artykmaçlyklary kepillendirýändigi sebäpli, ulularyň salyhatly daşky keşbi we özüni alyp baryş nusgasy ýetginjek üçin ýakymly bolup bilýär. Bu hatarda çilim çekmek, kart oýnamak, spirtli içgileri içmek, üýtgeşik leksikon (goçulyk sözleri), eşigiň we saç darawynyň uly adama niýetlenen modasy, kosmetika, şaý-sepler, dynç alyş usuly, güýmenjeleri, garşylykly jynsyň wekiline hyrydarlyk hereketleri we beýlekileri görkezmek bolar. Çaganyň ululara öýkünmegi özüniň hem-de onuň pikiriçe, daşyndakylaryň gözüniň öňünde ulaldýar. Erkek we aýal ululygynyň şeýle sypatlaryny özünde döretmek, ýet-

ginjek üçin öz hususy ululygyny ýüze çykarmaga we ykrar etdirmäge serişdedir. Ol öýkünmek arkaly özleşdirilýär. Bu ululyga ýetmegiň iň bir ýeňil, hemmä görünýän usulydyr. Ýetginjek üçin öz ululygynyň daşyndakylara aýan bolmagy zerurdyr. Şonuň üçin onuň hut şeýle görnüşi ýetginjeklerde, ilkinji nobatda, ir ýüze çykýar. Ol giňden ýaýran we durnukly, onuň ýerliksizligini çaga düşündirmek kyndyr.

Öz keşbini modanyň nusgalaryna laýyklamaga ymtylma häsiýetde bolýan öz hususy göze gelimliligi barada aladalanmak ýetginjegiň, aýratyn-da, gyzlaryň köp wagtyny alyp bilýär. Käbir ýetginjekler eýýäm V – VI synplarda ýoldaşlarynyň kömegi bilen modaly tanslary öwrenip başlaýar. Ýetginjek oglanlar üçin sulh almaklygyň «çaga» görnüşinde däl-de, «uly adam» görnüşinde bolmagy wajypdyr: duşuşyklar wadalaşylmaly, duýgyňy bildirmek kabul edilen nusgada bolmaly, tansly we içgili agşamlar guralmaly. Şeýle ýagdaýlarda ýetginjek ilkibaşda, köplenç, oňaýsyzlyk duýýar: duşuşykda gürrüň tapylmaýar, özüni nähili alyp barjagyny bilmeýär, ýöne özüňi alyp barşyň bellibir görnüşini berjaý etmek, güýmenç, öz-özünelikde ähmiýetli bolýar. Umuman, çagalar, köplenç, talyplara oriýentirlenýärler, kinoda, teleýaýlymda, köçede görenlerine öýkünýärler. Meşhur (populýar) hasaplanylýan zatlar özleşdirilýär («hemmeler şeýle edýär», «bu moda») we bulara laýyk gelýän nusgalar bahalandyrmanyň we öz-özüňi bahalandyrmanyň kriterisine – şertine öwrülýär. Modalar, tanslar, duşuşyklar wadalaşmak, şadyýan agşamlar bilen gyzyklanmak dürli derejelerde bolup bilýär.

Bu hadysa, köplenç, ýetginjekleriň bellibir toparynyň (aýratyn-da, VII – VIII synplarda) ýaşaýyş-durmuşynyň düýpli mazmunyna öwrülýär. Ýöne öz hususy daşky keşbiňe we beýleki jynsyň wekiline bolan höwes başgaça, ulularyňkyny gaýtalamazlykda hem ýüze çykyp bilýär.

Has uly synpdaşlar ýa-da beýleki çagalar, köplenç, takyk nusgalar bolup hyzmat edýär. Adatça hut şolar ýetginjekleri ulularyň ýaşaýyş-durmuşynyň käbir gadagan taraplaryna ugrukdyrýar we olar üçin özboluşly «mugallym» we «aýdyňlaşdyryjylar» bolýar. Uly ýaşly ýetginjekleriň (VII – VIII synplar) aragatnaşygy haçanda «şadyýan we ýeňil» ýaşaýşyň usulyna öýkünmek esasynda guralanda ol örän howpludyr; hukukçylar şeýle durmuşy «boş wagty geçirmegiň pes medeniýeti» atlandyrýarlar (spirtli içgileri içmek, karta oýnamak,

tans meýdançalaryna gatnamak, bellibir maksatsyz köçelerde gezmek we ş. m.). Şeýle ýagdaýda okuw ýetginjegiň durmuşynda düýpli orun almaýar, akyl ýetiriş höwesleri ýitýär we wagty şadyýan geçirmeklige özboluşly gönükdirilme döreýär. Şeýle wagt geçiriliş üçin puluň zerurlygy kanun bozmalaryň sebäbi bolup bilýär. Bilermenleriň belleýşine görä kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylaryň köpüsinde boş wagty geçirmegiň pes medeniýeti bolýar. Ululygyň ösüşiniň şeýle ugry oňyn däl netijelere getirýär.

Ähli zadyň başlangyjy bolşy ýaly, ýetginjegiň şahsyýetiniň oňyn däl gönükdirilmesiniň ilkinji alamatlary bu döwrüň başlangyjynda ýüze çykyp bilýär. Özlerinde ululygyň has göze ilýän daşky alamatlary bolan çagalar kiçi ýetginjekleriň synpyny, köplenç, heýjana salýar. Olaryň arasynda, köplenç, ýaşyndan has uly görünýänler bolýar. Şeýle ýetginjekler öz synpdaşlarynyň düşünjesinde başgalar bilen deňeşdirilende eýýäm uly we hut şonuň üçin olar özlerine ünsi çekýär. Çagalaryň bir topary olary ýazgarýar, beýlekileri olar bilen deňleşmäge başlaýarlar, olar bilen ýakyn gatnaşyk guramaga çalyşýar. Bu terbiýeçiler üçin duýduryjy signaldyr: özlerini uly saýýanlaryň ýalan kämilligini äşgär etmeli we ýetginjeklerde at-abraýyň we hormatyň mazmuny barada dogry düşünjeleri döretmeli.

**«Hakyky erkek adamyň» sypatlaryna deňleşmek.** Ululygyň ösüşiniň başga bir ugry jetginjek oglanlaryň erkeklik idealynyň bellibir mazmunyna – «hakyky erkek adamyň» sypatlaryna oriýentirlenmek bilen baglydyr. Bu, bir tarapdan, güýç, erk, batyrlyk, gaýduwsyzlyk, çydamlylyk, başga bir tarapdan, dostluga we ýoldaşlyga wepalylyk ýaly sypatlardyr. Köp onýyllyklaryň dowamynda M. Ridiň, F. Kuperiň, A. Dýumanyň, Ž. Werniň romanlaryna, Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlary baradaky, galyberse-de, başdan geçirmelere bagyşlanan eserlere ýetginjekleriň höwesleriniň köremezligi ýöne ýerden däldir. Munuň sebäbi köp derejede şeýle eserleriň gahrymanlarynyň «hakyky erkek adamyň» sypatlarynyň ählisini ýa-da olaryň düýpli bölegini özünde jemleýänligidir. Şeýle gahrymanlar ýetginjeklerde gözigidijilikli guwanç döredýär hem-de öýkünmäge we öz-özüňi terbiýelemäge nusga bolýar.Ýetginjekler şeýle mertebesi bolan atalaryna, doganlaryna, ýakyn tanşyna buýsanýarlar we olara meňzemäge ymtylýar, olaryň häsiýetleri barada guwanç bilen gürrüň berýär.

Oglanlaryň arasynda güýji, batyrgaýlygy, çalasynlygy, sport başarnyklary bilen tapawutlanýan deň-duşlary hem ýetginjek üçin nusga bolup bilýär. Şeýle çagalar aýratyn meşhurlykdan peýdalanýarlar, üstesine-de olar oňat ýoldaş bolsalar, olaryň at-abraýy has-da ýokary bolup bilýär. Gorkaklyk ýiti ýazgarylýar. Özüniň batyrlygyny görkezmek üçin ýetginjek örän töwekgelçilikli, kähalatlarda jemgyýetçilik ähmiýeti oňyn däl hereketlere ýüz urýar. Fiziki güýç ýokary bahalandyrylýar. Synpda ýa-da çagalaryň toparynda güýç derejesiniň ähli oglanlara mälim iýerarhiýasy – özara tabynlygy bolýar. Ýetginjekler özleriniň fiziki ösüşiniň derejesine örän duýgur bolýar. Olar göreşmegi, güýç synanyşmagy gowy görýär. Özara güýç synanyşmalar adatça köpçüligiň gözüniň öňünde guralýar. Käbir çagalaryň uruşganlygy, köplenç, kimdir birinden özüniň üsserligini görkezmek bilen baglydyr. Ýoldaşlarynyň hormatyny gazanmak üçin ýetginjek öz gürrüň berýän gaýduwsyzlygynyň dürli görnüşlerine hususy dahyllylygynyň derejesini has ulaldyp bilýär. Bu ugurdaky ýokary baha ýetginjek üçin örän ähmiýetli bolýar. Ýoldaşlary «ejiz», «gyz ýaly» diýmezligi üçin ýetginjek özüniň nädogry, adalatsyz, rehimsiz hasaplaýan özbaşdak ýa-da topar bolup amala aşyrylýan hereketlerine goşulyp bilýär. Ol öz ýanyndan özüni we ýoldaşlaryny ýazgarsa-da, açyk garşy durmaga töwekgelçilik edip bilmeýär. Ýetginjek oglanlaryň öz «erkeklik abraýy» baradaky hut şu aladasyny düzgün bozujylar (kämillik ýaşyna ýetmedik we uly düzgün bozujylar) jenaýatçylykly maksatlary amala aşyrmakda ulanýar.

Oglanlaryň köp bölegi eýýäm V – VI synplarda dürli maşklar bilen özlerinde güýç we erk sypatlaryny ösdürip ugraýar. Sport öz-özüňi terbiýelemegiň serişdesine öwrülýär. ýedinji-sekizinji synplylary sportuň gaýduwsyz görnüşi hökmünde boks gyzyklandyrýar. Ýetginjekde özüňi alyp barşyňy erkli dolandyrmaga ymtylma, adatça degişli ýagdaýlarda gorkyny ýeňip geçmek hem-de haýsydyr bir zady etmek islemezlik görnüşdäki synanyşyklara syrykdyrylýar. Bularyň birinjisi, esasan, öz güýjüňi, erkiňi, batyrlygyňy synamaga we olary ösdürmek üçin türgenleşdiriji maşklara (kähalatlarda saglyga we ýaşaýşa howply bolan), ikinjisi režimi – düzgüni esaslandyrmaga getirýär. Adatça başlangyç döwürde bolýan şowsuzlyklar ýetginjegiň hyjuwyny peseldip, öz ýetmezçiliklerini ýeňip geçmegiň mümkinçili-

gine ynamsyzlyk döredip bilýär. Şeýle ýagdaýlarda ýetginjek ulynyň kömegine aýratyn mätäç bolýar; uly oňa takyk ýumuşlary ýüze çykarmaga, olary amal etmegiň serişdelerini we bu seýrek hereketleri hemişelik herekete öwürmegiň usullaryny tapmaga ýardam etmeilidir. VII – VIII synplarda ýetginjekleriň käbirleri özüňi terbiýelemegiň bu ýokary derejesine özbaşdak geçýärler. Özüňi terbiýelemeklik dürli häsiýetdäki kem-kemden çylşyrymlaşýan ýumuşlary bolan her günki guramaçylykly işe öwrülýär.

Ýetginjeklik ýaşynda oglanlaryň köpüsinde erkeklik sypaty ulyny, ýoldaşy, özüňi bahalandyrmagyň düýpli kriterisi – şerti bolýar we höwesleriň durnukly toplumyny we söýgüli meşgullanmalary (adatça, sport bilen bagly) kesgitleýän şahsy gymmatlyklaryň özboluşly kategoriýasyna öwrülýär. Dürli ýetginjeklerde bu gymmatlyklaryň beýlekileriň arasyndaky orny dürli we kähalatlarda örän möhüm bolup bilýär. Ýöne ahlak terbiýesi göwnejaý bolmasa ýetginjekde (ýa-da ýetginjekler toparynda) güýç, erk we batyrgaýlyk sypatlary özleriniň sosial-ahlak gönükdirilmesine garaşsyz aşa mahabatladyrylyp bilinýär. Ýetginjek oglanlary terbiýelemegiň möhüm wezipesi olarda erkeklik sypatlary, olaryň ahlak mazmuny barada dogry düşünjäni kemala getirmekdir.

Ýeri gelende bellenilse, köpsanly ýetginjek gyzlar ähli eýýamlarda diýen ýaly erkekleriňki hasaplanýan sypatlary edinmek isleýärler: erklilik, batyrlyk, erjellik, çydamlylyk we ş. m., olar hem edil oglanlar ýaly bu sypatlaryny özlerinde terbiýeleýärler. Aýallyk sypatlary häzirki zaman gyzjagazlary we gyzlary onçakly özüne çekiji däl. Bu aýallaryň jemgyýetçilik durmuşyndaky we maşgaladaky ornunyň özgermegi bilen baglydyr. Jemgyýetçilik ideallaryndaky özgermeler hut şunuň bilen kesgitlenip, olar bolsa öz gezeginde gyzlarda oňyn sypatlar baradaky düşünjeleriň kemala gelmegine täsir edýär. Gyzlaryň idealynyň mazmuny köp derejede onuň terbiýesiniň we aragatnaşygynyň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär.

**Uly adam işde nusga hökmünde.** Mazmuny boýunça gymmatly sosial-ahlak ululygyň ösüşi ulynyň ýetginjek bilen işiň dürli görnüşlerindäki arkalaşygy şertlerinde amala aşyrylýar; ýetginjek bu ýagdaýda ula nusga hökmünde deňleşýär (borçlary ýerine ýetiriji hökmünde we başarnyklary özleşdirmekde) we onuň kömekçisi

ornuny eýeleýär. Ata-ene, mugallym, islendik uly adam ýetginjek üçin nusga bolup bilýär. Bu adatça dürli kynçylyklary başdan geçirýän maşgalalarda ýüze çykýar. Bu ýerde ýetginjegiň kömegi zerur, maşgalanyň ýaşaýyş-durmuşy köp derejede oňa bagly bolýar. Adatça, hojalyk işleriniň köp bölegi, özünden kiçilere seretmek ýetginjegiň gerdenine düşýär. Olara degişlilikde ol ulynyň ornuny eýeleýär. Şeýle şertler ata-eneleriň konfliktleri – agzalalyklary bilen utgaşanda, ýetginjek eýýäm köp derejede ulularyň ýaşaýyş kadalary boýunça ýaşaýar.

Ulularyň ýanynda olar bilen deň zähmet çekmeklik ýetginjekde dürli işleri we borçnamalary ýerine ýetirmekde jogapkärçilik, özbaşdaklyk duýgularyny we ezberligi, beýlekiler baradaky oýlanmak we aladalanmak başarnygyny kemala getirýär. Şeýle sypatlary kemala getirmäge amatly şertler haçanda ýetginjek ulynyň kömekçisi we daýanjy ornunda bolanda döreýär. Ýakyn adamlaryň rowaçlygy, olar barada alada onuň üçin adatdan daşary wajyp bolup, durmuş gymmatlygy häsiýetine eýe bolýar. Bu ahlak ynançlarynyň, özüňi alyp barşyň hususy çygrynyň, geljegi meýilleşdirmegiň ir kemala gelmegine ýardam edýär.

Ýetginjek oglanlaryň köpüsi ulularyň dürli başarnyklaryny özleşdirmäge ymtylýarlar: agaç, demir ussaçylygy, stanokda işlemek, awtoulag, motosikl, traktor sürmek, surat almak, tüpeň atmak, aw etmek, kompas boýunça oriýentirlenmek we ş. m. Gyzlar oglanlardan galmaýar, iş-hünärleriň diňe hususy gyzlara mahsus görnüşleri bien bir hatarda, oglanlara adaty bolan görnüşlerini-de özleşdirýär. Ýetginjeklik döwrüniň başy şeýle başarnyklary öwrenmegiň iň bir oňaýly döwrüdir. Munuň üçin ýetginjegi kömekçiniň hukugynda ulularyň işlerine goşmak zerurdyr. Ýetginjekleriň özleri muňa ymtylýar, işleriň we okadylyşyň mazmuny näçe saldamly bolsa, olar şonça-da ýokary höweslilikde işe goşulýarlar. Ulularyň ynamy ýetginjegi hyjuwlandyrýar, ol ony ödemäge çalyşýar. Gurnaklarda we zähmet sapaklarynda işiň özüne çekijiligi çagalaryň näderejede täzelik öwrenýändigi, ilerleýändigi, öz zähmetiniň netijesini, onuň jemgyýetçilik peýdasyny görýändigi bilen kesgitlenýär.

Ýetginjeklere ulularyň özleriniň möhüm we gyzykly hasaplaýan işlerine we bitirmelerine gatnaşmak has ähmiýetli bolýar. Kiçi ýaşly

ýetginjekler ulynyň kömekçisi rolunda bolmakdan doly kanagatlanýan bolsa, uly ýaşlylara haçanda haýsydyr bir işde gysgawagtlaýyn, işiň bir böleginde bolsa-da, ulyny çalşyryp bilse, näme-de bolsa doly özbaşdak hereket etmeklik aýratyn ýakymly bolýar. Bu ýetginjegi täze ilerlemelere höweslendirýär. Ulular bilen işewür arkalaşykda bolmak uly adama öwrülmegiň oňyn görnüşleriniň ýüze çykmagyna şert döredýär. Şeýle arkalaşyk her bir ýetginjegiň ýaşaýşynyň möhüm we ýakymly mazmunyny düzmelidir. Bu haçanda ýetginjek ulularyň ynamyny duýan, öz zähmetiniň jemgyýetçilik peýdasyny görýän wagtynda mümkin bolýar. Terbiýeçilere ýetginjekde ulynyň kömekçisi ornuny işjeň kemala getirmek, ony hertaraplaýyn goldamak we berkitmek zerurdyr. Şeýle ornuň bolmagy ýetginjekde hakyky sosial-ahlak kemallanmany we şahsyýetiň köpsanly möhüm ahlak sypatlaryny kemala getirmek üçin örän möhümdir.

**Ululygyň akyl ýetiriş işinde ösüşi.** Ululygyň ösmeginde möhüm ugur manyly höwesleriň ösmegi we geljege meýilnamanyň döremegi bilen baglydyr. Ol ýetginjegiň nämedir bir zady bilmäge we hakyky başarmaga bolan ymtylmasyndan gelip çykýar. Bu ymtylma mazmuny mekdep maksatnamasynyň çäginden çykýan akyl ýetiriş işiniň ösüşini höweslendirýär. Şeýle iş ylma, tehnika, sungata, bilimleriň bir ýa-da birnäçe ugurlaryna dahylly bolup bilýär we hünär niýetleri bilen hemişe bagly bolmaýar. Gyzyklanma hyjuw görnüşinde bolanda wagtyň köp bölegi söýgüli sapaklara berilýär (diňe bir boş däl-de, sapaga taýýarlanmaga zerur wagt). Haýsydyr bir sapak bilen gyzyganda, ýetginjek örän işjeň bolýar: zerur kitaplary, materiallary, abzallary agtarýar we dürli usullar bilen olary edinýär. Ýetginjekler okalga yzygider gatnap başlaýar, sergilere we muzeýlere barýar, görkezilýän zatlaryň (ekspozisiýalaryň) bellibir bölegini endigan öwrenýär. Höwesleriň gabat gelmegi esasynda ýoldaşlary bilen gatnaşyklar döreýär. Çagalar dürli meseleleri ara alyp maslahatlaşýarlar, kitaplary, materiallary alyşýar, kyn ýagdaýlarda maslahat we iş bilen kömek edýär. Gyzyklandyrýan maglumatlary ýa-da şowsuzlygyň sebäbini tapmak üçin ýetginjek kitaplara we sprawoçniklere ýüzlenýär. Bu höwesiň we öndüriji işiň ösmeginde möhüm ädimdir: täze bilim-düşünjelere isleg özbaşdak, ýagny bilimi özbaşdak özleşdirmek arkaly kanagatlandyrylýar. Ýetginjegiň özbaşdak işinde döredijilik elementleri bolýar,

ony täzäni döretmegiň gidişi, umuman, akyl ýetiriş prosesi gyzyklandyrýar. Bu ýagdaýda intellektual ösüş depginli gidýär, bilim-düşünjeler çuň we göwrümi boýunça giň bolýar.

Akyl ýetiriş höwesleriniň aýgytly gönükdirilmesi hut ýetginjeklik ýaşynda döreýär. Her bir synpda bilimiň dürli ugurlary boýunça öz hünärmenleri bar, olara synpdaşlary maslahat bilen ýüzlenýär, çekişmelerde emin bolmagyny haýyş edýär. Şeýle ýetginjekleriň bilim-düşünjeleriniň köp bölegi olaryň özbaşdak işiniň netijesi bolýar. Olar bilim-düşünjelere we akyl ýetiriş prosesine şahsy ähmiýetli we zerur hadysa hökmünde garaýar. Birnäçe bäşinji synplylarda eýýäm özbaşdak öwrenmegiň elementleri bolýar. Adatça bular ata-eneleri çagalarynyň akyl ýetiriş höwesleriniň ösüşine we oglunyň ýa-da gyzynyň manyly öwrenmelerine uly üns beren ýetginjeklerdir.

Hut şeýle şertlerde eýýäm kiçi mekdep ýaşynda ýa-da ýetginjekligiň başynda bellibir hünär niýet-meýilleri döreýär (olar mekdep tamamlanýança düýpli özgermeýär), V – VI synplardan başlap bolsa, özüňi geljege taýýarlamak işi başlanýar. Kähalatlarda oýun, özbaşdak bilim özleşdirmegiň we öz-özüňi terbiýelemegiň elementleri özboluşly utgaşýar: haýsydyr bir hünär hakyndaky arzuw, bir tarapdan, rolly oýunlaryň mazmunynda we saýlanylýan rollarda ornaşýar, başga bir tarapdan, ol höwesleriň toplumyny kesgitleýär hem bellibir düşünjeleri, başarnyklary, sypatlary özleşdirmekde stimul bolýar. Meselem, altynjy synplylaryň biriniň deňiz hünäri baradaky arzuwy, bir tarapdan, harby mazmunly oýunlar bilen gyzyklanmasynda, başga bir tarapdan deňiz, deňiz syýahatçylary we gahrymançylykly mazmunly kitaplara höwesiň döremeginde, deňizçä zerur sypatlaryň, başarnyklaryň, düşünjeleriň özleşdirilmegine ymtylmada öz şöhlelenmesini tapypdyr. Gaýduwsyzlyk sypatlary dürli maşklar arkaly we sport bilen meşgul bolmakda terbiýelenipdir; bilim-düşünjeler we başarnyklar VI synpda guramaçylyksyz özleşdirilip, ýöne ýetginjek VII synpda çagalaryň derýa gämiçiligine girmegi meýilleşdirýär we bu maksadyny durmuşa ornaşdyrýar. Ýetginjeklik ýaşynyň ikinji ýarymynda (VII – VIII synplar) hünär hakyndaky arzuwyň ornaşmasynyň çaga görnüşleri ýitýär.

Ýetginjegiň geljekki hünär baradaky düşünjesi näçe kesgitli we durnukly bolsa, bilimleriň «zerur» we «zerur däl», «möhüm»

we «möhüm däl» görnüşlere bölünmegi we olara sarp ediljek wagtlaryň tapawutlandyrylmasy şonça-da ir kesgitlenilýär. Eýýäm käbir altynjy we ýedinji synplylarda «zerur däl» we «möhüm däl» diýlip hasaplanýanlaryň hatarynda ynsanperwer – gumanitar toplumyň dersleri bolup, ýöne oňa derek matematika we fizika mekdep maksatnamasynyň daşyndan özleşdirilýär, ylmy-populýar we ýörite edebiýat okalýar, gurnaklara gatnaşylýar, tehniki enjamlar döredilýär. Umuman, özbaşdak iş bellibir ugur we geljekki hünär işinde zerur boljak mazmuny özleşdirmek boýunça özbaşdak bilim häsiýetinde bolýar. Şonuň üçin häzirki wagtdaky özbaşdak bilim özleşdiriş ýetginjek üçin uly şahsy ähmiýetlidir.

Ýetginjeklik ýaşynda bilim-düşünjeler, olaryň göwrümi we çuňlugy ulyny, ýoldaşy, özüňi bahalandyrmakda düýpli kriteriýa – şerte öwrülýär. Şunuň bilen baglylykda, VII – VIII synplarda ýetginjekleriň bir böleginde medeniýetiň umumy derejesini ýokarlandyrmaga we sungat ulgamyndan – edebiýatdan, sazdan, žiwopisden, teatrdan bilim-düşünjeleri özleşdirmäge ymtylyş döreýär. Şeýle ymtylmalaryň çeşmesi hökmünde, köplenç, degişli ugurdan ýokary baş çykaryjylygy bolan ýoldaşlaryň bilen aragatnaşykda bolmak we şonuň üsti bilen öz kemsowatlylygyňa göz ýetirmek hyzmat edýär. Ilki-ilkiler ýetginjegiň öz-özüni kämilleşdirmek işi wagtal-wagtal, dürli gönükdirilmeli häsiýetde bolýar, ýöne käbirlerinde bu iş eýýäm VIII synpda jahyllyk ýaşyna häsiýetli sypatlara eýe bolýar.

Bilim-düşünjeleri özleşdirmek ähli ýetginjeklerde subýektiw jähetde zerur işe öwrülmeýär. Muňa garamazdan, bilesigelijilik we höweslilik ýetginjegiň esasy sypatydyr. Ol täze, gyzykly, möçberli zady kabul etmäge açykdyr we gubka (porruk) ýaly dürli maglumatlary özüne siňdirýär, ýöne bilesigelijiligiň esasy gönükdirilmesi dürli hili bolup bilýär. Ulularyň ol ýa-da beýleki sebäp boýunça gizleýän zatlary ýetginjekde uly höwes döredýär. Gadagan edilme bilesigelijiligi we işjeňligi togtadýar.

**Ýetginjegiň şahsyýetiniň ösüşinde sungatyň roly.** Ýetginjegiň uly adama öwrülmeginiň ösüşinde çeper edebiýatyň, kinonyň we teleýaýlymyň hyzmaty aýratyndyr. Kino bilen gyzyklanma ýetginjeklere häsiýetli bolup, kitap çagalaryň esasy köplügi üçin subýektiw zerurlyga öwrülýär. Kitap okamak höwesiniň dinamikasy ünsi

çekýär: çagalar üçin niýetlenen eserleriň ornuna ulularyň-da okaýan edebiýaty, soňra bolsa diňe ulular üçin romanlar gelýär. Kinofilmlere we teatr sungatynyň eserlerine höwes hem şeýle ugur boýunça ösýär. Kitap we film diňe obýektiw jähetde däl, eýsem ýetginjekleriň düşünjesinde hem durmuşa we adamlara akyl ýetirmegiň serişdesi hökmünde öňe çykýar. Olaryň ikisi-de ulularyň durmuşynyň dürli taraplaryna we ynsan gatnaşyklary meselelerine aralaşmagyň özboluşly usulydyr. Hut kitaplar we filmler ýetginjege gatnaşyklaryň we duýgularyň çylşyrymlylygyna, olaryň adamyň durmuşyndaky ornuna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Olar ýetginjegiň durmuşynyň çäklerini giňeldýär, ony ruhy taýdan baýlaşdyrýar.

Ýetginjegiň söýgüli gahrymany işjeň, maksada ymtylýan, düýpli, ýeňlip geçilmesi mümkin däl diýen ýaly päsgelçilikleriň hötdesinden gelýän adam. Ýetginjegi tebigatyň güýçleri, dürli kynçylyklar, sütem-zorlugyň dürli görnüşleri bilen bolýan göreş görkezilýän ýordumlar gyzyklandyrýar. Ýaş ulaldygyça ynsan gatnaşyklary, mümkinçilikleri, söýgi meseleleri onuň ünsüni çekýär. Ýetginjege gahrymanlara duýgudaşlyk bildirmek, dürli ýagdaýlara hyýal üsti bilen girmek häsiýetlidir, ol özüni gahrymanyň ornuna goýýar, pikirinde wakalary ýakymly soňlanýan ugra özgerdýär, ýazylmadyk mazmunyň üstüni ýetirýär.

Eseriň mazmuny ýetginjek üçin işjeň hereketiň predmeti bolýar, bu hereket gahrymanlary biri-biri we özüni olar bilen deňeşdirmegi özünde jemleýär. Gahrymanlar bilen deňeşdirmek arkaly ýetginjek özüne akyl ýetirýär, käbir personažlar onuň üçin nusga öwrülýär. Hereketleri biri-birine baglanyşdyrmagyň netijesinde dürli sypatlary bahalandyrmagyň kriterileri – şertleri kemala gelýär. Içki psihiki jähetde eseriň gahrymanlary bilen şeýle hereket etmeklik ýetginjegiň ahlak we emosional ösüşiniň serişdesidir. Kitaplar we kino mynasybetli ol aýratyn görnüşde we aýratyn usulda ulularyň durmuşyna goşulýar, ynsan gatnaşyklarynyň we duýgularynyň özüne entek şu pursatda elýeter bolmadyk tejribesini özleşdirýär. Pikirde özleşdirmek amaly özleşdirilişi öňürtýär.

Barlygyň dürli taraplaryny pikirde özleşdirmeklik arzuwlarda dowam edýär. Olarda ýetginjek öz hususy hereketleri üçin täze hyýaly durmuş ýagdaýlaryny haýsydyr bir görlende, okalanda, eşidilende geň galdyran zatlaryň esasynda döredýär. Hyýaly zat real ýagdaýlar

we gatnaşyklar bilen sepleşip ýa-da olardan üzňe bolup bilýär. Ýetginjek köplenç, özüni eýýäm uly hökmünde göz öňüne getirip geljege ymtylýar. Öz ululygynyň obrazyny döretmek we bu obrazda hereket etmek ýetginjeklik ýaşynyň arzuw etmeleriniň häsiýetli aýratynlygydyr. Arzuwlar daşky keşbe, dürli sypatlara, hünärlere, dostluk we söýgüdäki gatnaşyklara dahylly bolup bilýär. Şeýle arzuwlar tutuşlygyna alnanda häzirki wagtda we geljekde kanagatlanarly ýaşaýyş usulyny we ýetginjegi beýleki adamlara ýakymly görkezýän hususy şahsyýetiň obrazyny sypatlaryň toplumy hökmünde agtarmakdyr. Ol hyýalynda dürli wariantlary dikeldýär, ýöne tutuşlygyna alnanda, gyzykly we manyly ýaşaýyş barada, jemgyýete peýdaly we döredijilikli iş, özüňi görkezmek we ykrar edilmegi hem-de hormaty gazanmak dogrusynda, wepaly dostluk we hakyky söýgi barada arzuw edýär. Onuň fantaziýasy kähalatlarda çäksiz bolýar, hyýala getirilýäniň hakykat däldigi onuň möwç urýan göwün ýüwürtmelerine päsgelçilik döredip bilmeýär. Ähli ýetginjekler arzuw etmegi söýýär. Arzuwy hakykata ornaşdyrmaga ymtylyş öz-özüňi terbiýelemegiň we bilimi özbaşdak özleşdirmegiň döreýşinde amala aşyrylýar; ýöne şeýle ymtylyş öýden gaçyp uly gurluşyklara, Zapolýariýa, deňiz mekdebine we ş. m. gitmek ýaly özboluşly görnüşde ýüze çykyp bilýär. Şeýle etmek bilen ýetginjek geljegi golaýlaşdyryp, oňa şu gün goşulmaga ymtylýar, özüni özbaşdak duýmak, ulularyň aladasyndan gutulmak, dünýäni öz gözüň bilen görmek, ulularyň zähmetine gatnaşmak, peýda getirmek isleýär.

Şeýlelikde, ýetginjekler ulularyň dünýäsine dürli ýollar arkaly goşulýar we olaryň gymmatlyklaryny özleşdirýär. Ululygyň ösüşi birtaraplaýyn ýa-da birbada birnäçe ugurlar boýunça, dürli depginde, dürli usullarda bolup bilýär: bellibir ýörelgede guralan gatnaşyklaryň amalyýetinde, öýkünmek we gös-göni kabul etmek arkaly, öz-özüňi terbiýelemegiň we bilimi özbaşdak özleşdirmegiň üsti bilen, ulular we olaryň durmuşy baradaky düşünjeleri özleşdirmek arkaly amala aşyrylyp bilinýär. Bu prosesleriň ählisi obýektiw jähetde birmeňzeş funksiýany ýerine ýetirýär: olaryň her biriniň içinde maksatlary, işiň gönükdirilmesini we mazmunyny, bahalandyrmanyň we öz-özüňi bahalandyrmanyň kriterilerini kesgitleýän ol ýa-da beýleki gymmatlyklaryň, jemgyýetçilik talaplarynyň, ulularyň durmuşyndan özüňi alyp

baryş usullarynyň özleşdirilişi we şahsy gymmatlyklaryň kemala getirilişi amala aşyrylýar. Ýetginjekde şahsy gymmatlyklaryň bellibir ulgamy döräp başlaýar. Bu ýetginjek üçin dürli sapaklaryň onuň üçin birmeňzeş bolmadyk şahsy ähmiýetiniň bolmagynda (birinji dereјeliden nola çenli), şol bir sapagyň bolsa dürli ýetginjeklerde dürli niýetlenilişiniň bolýandygynda ýüze çykýar. Meselem, biri üçin sport öz-özüňi terbiýelemegiň serişdesi bolsa, başga birine aragatnaşygyň, üçünji üçin bolsa dynç alşyň, göwün açmagyň, başga işiň ýoklugynda meşgullanmaga serişdä öwrülýär.

Ýetginjege ulularyň dünýäsiniň gymmatlyklaryny özleşdirmäge kömek etmek, ony bu dünýä aralaşdyrmak, ilkinji nobatda, çaganyň gös-göni terbiýeçileri bolan ata-enäniň we mugallymlaryň borjudyr. Bolmasa, ýetginjek oňa olaryň kömegine garaşman goşulýar. Oňa ýoldaşlary, dostlary, beýleki uly adamlar kömek edýär. Ýöne şeýle ýagdaýda ulylygyň dürli taraplarynyň ösüşi ata-enäniň we mugallymlaryň gatnaşmazlygynda geçýär. Hut şonuň netijesinde terbiýeçilerde ýetginjek bilen gatnaşygynda VII – VIII synplarda dürli sowallarda garaýyşlaryň aýry-başgalygy zerarly täze meseleler we kynçylyklar döräp bilýär. Şeýle ýagdaýda ulynyň ýetginjegiň öz hususy garaýşyna hukugy ýok diýmegi çaganyň çuňňur göwnüne degýän iň erbet çykalgadyr. Ýetginjegiň nädogry pikir ýöretmesini subutnamalar bilen özgertmelidir; çaganyň birtaraplaýyn garaýşynyň astynda, köplenç, keçjallyk däl-de, durnuksyz pikir, düşünmäge, meseläni aýyl-saýyl etmäge ymtylyş ýatýar. Ýetginjek bilen gürleşmek uludan diňlemek başarnygyny, asudalygy, çydamlylygy, içki mobilizlenmegi talap edýär. Çekişmelere saldamly seretmelidir. Olar ýetginjegiň ahlak-etiki ösüşiniň serişdesidir.

## V. 7. Ýetginjegiň ýoldaşlary bilen aragatnaşygy

Deň-duş çagalaryň deňlik ýagdaýy ýetginjek üçin bu gatnaşyklar ulgamyny aýratyn ähmiýetli edýär: bu ýagdaý ýetginjekde döreýän özüňi uly saýmak duýgusynyň ahlak mazmunyna laýyk gelýär. Ýetginjeklik ýaşynyň başynda ösüşde bolup geçýän özboluşly özgermeler ýetginjeklerde täze islegleriň, ymtylmalaryň, duýgularyň, ulular we ýoldaşlar bilen gatnaşyklara talaplaryň düýpli meňzeşligini kesgit-

leýär. Bu deň-duşlar bilen gatnaşyklaryň çuňluga ösmegine ýardam edýär. Ýetginjeklerde ululara seredende, deň-duşlara has düşnükli we ýakyn gymmatlyklar kemala gelýär. Ulular bilen aragatnaşyk indi deň-duşlar bilen aragatnaşygy doly çalşyryp bilmeýär.

**Ýetginjegiň durmuşynda ýoldaşlar bilen aragatnaşyk.** Kiçi mekdep ýaşlylara seredende, ýetginjekleriň ýoldaşlary, ýaşytdaşlary, synpdaşlary bilen gatnaşygy has çylşyrymly, köpdürli we mazmunlydyr. Ýetginjeklik döwründe ýakynlygy dürli derejede bolan gatnaşyklar döräp, olar ýetginjekler tarapyndan aýyl-saýyl tapawutlandyrylýar: ýöne ýoldaş, ýakyn ýoldaş, şahsy dost. Olar bilen aragatnaşyk okuw işiniň we mekdebiň çäginden çykyp, täze höwesleri, meşgullanmalary, gatnaşyklary öz içine alýar we ýetginjek üçin özbaşdak we örän möhüm ýaşaýyş ulgamyna öwrülýär. Ol dürli wakalardyr başdan geçirmelerden, göreşden we çaknyşmalardan, ýeňişlerden we şowsuzlyklardan, şatlykdyr lapykeçlikden doly bolýar; bular tutuşlygyna ýetginjegiň hereket edýän we pikir ýöredýän, özüniň köp wagtyny we ruhy güýçlerini sarp edýän hakyky durmuşyny düzýär. Ýoldaşlary bilen aragatnaşykda bolmak uly gymmatlyk häsiýetine eýe bolýar we bu gymmatlyk şeýle beýik bolup, okuwy ikinji orna süýşürýär, ýakynlary bilen aragatnaşygyň ähmiýetini düýpli peseldýär. Adatça, muny ilkinji bolup ene duýýar we oglunyň (ýa-da gyzynyň) özünden daşlaşýandygyna, öz durmuşy bilen ýaşaýandygyna, bu barada hiç zat aýtman, öýden ýoldaşlarynyň ýanyna howlugýandygyna göz ýetirýär. Deň-duşlar bilen aragatnaşyklar ýeginjek üçin onuň hususy, şahsy gatnaşyklar ulgamyna öwrülip, ol onda özbaşdak hereket edýär. Ol muňa öz hukugy bar hasaplaýar, öz hukugyny goldaýar we şonuň üçin ulularyň gödek gatyşmagy öýke, ýazgaryş döredýär.

Ýetginjekde, bir tarapdan, deň-duşlar bilen aragatnaşyga we bilelikdäki işe, kollektiwleýin durmuşda ýaşamaga, ýakyn ýoldaşlary, dost tutunmaga ymtylma, başga bir tarapdan, ýoldaşlaryň tarapyndan kabul edilmäge, ykrar edilmäge, hormatlanylmaga höwes has aýdyň ýüze çykýar. Bu möhüm islege öwrülýär. Synpdaşlar bilen gatnaşyklarda rowaçlygyň, ýakyn ýoldaşlaryň, dostuň bolmazlygy ýa-da dostlugyň bozulmagy agyr duýgulary döredýär we şahsy betbagtlyk hökmünde garalýar. Ýetginjek üçin iň hupbatly ýagdaý kollektiwiň, ýoldaşlaryň ýazgarmagy, olaryň aragatnaşykdan gaça durmagy bolup, iň agyr tem-

mi bolsa özüniň açyk ýa-da bilniksiz ret edilmegidir. Ýekelik duýgusy ýetginjek üçin iňňän agyrdyr. Synpdaşlary bilen gatnaşyklarynda rowaçlygyň bolmazlygy ony ýoldaşlardyr dosty mekdebiň çäginden daşda agtarmaga mejbur edýär. Ýetginjek olary tapýan hem bolsa, olar hemişe gowy bolup çykmaýar. Şeýle ýagdaýlaryň nähili meseleleri döredip bilýändigi mugallymlara, terbiýeçilere mälimdir.

Ýetginjegiň ýoldaşlarynyň ünsüni özüne çekmäge, olary gyzyklandyrmaga we kabul etmegini döretmäge ymtylmasy dürli görnüşde ýüze çykyp bilýär: öz hususy sypatlaryňy gös-göni çykarmak ýa-da ulularyň talaplaryna gulak asmazlyk, gülküli hereketler etmek, dürli mazmundaky boljak ýa-da bolmajak zatlar barada gürrüň bermek.

Kiçi ýaşly ýetginjek öz şahsyýetiniň gurluşy boýunça jemgyýet ähmiýetli işlere göwünjeň adamdyr. Çagalara ýaşaýşyň we işiň kollektiwleýin usuly ýaraýar, olar jemgyýetçilik işine ymtylýarlar, ony söýýärler. Şeýle iş ýetginjekleriň aragatnaşygyna manyly esas döredýär, ugurtapyjylygy, işjeňligi, özbaşdaklygy ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Islendik çärede olar synlaýjy däl-de amal ediji bolmaga çalyşýarlar.

**Ýoldaşlaryň gatnaşygyna talaplar.** Ýetginjekleriň şahsy we toparara özara gatnaşyklary, köplenç, ulular bilen gatnaşygyndan garaşsyz we hatda olaryň islegine we täsirine garşylykly häsiýetde guralýar. Bu özara gatnaşyklaryň öz mazmuny we ösüş logikasy bolýar. Eger-de kiçi synplarda çaganyň kollektiwdäki orny, esasan, ýetişige, özüňi alyp barşa we jemgyýetçilik işjeňligine bagly bolsa (başgaça aýdanyňda, çaganyň ulularyň talaplaryny nähili berjaý edişine), ýetginjek üçin beýleki mynasybetler möhüm bolýar: ýoldaşyň we dostuň sypatlary, başçykaryjylyk we düşünjelilik (diňe ýetişik däl-de), batyrgaýlyk, özüňe erk edip bilmeklik. Dürli synplarda (we ýetginjekleriň toparynda) bu mynasybetleriň möhümliliginiň dürli iýerarhiýasy (özara tabynlygy) bolýan hem bolsa, olaryň biri – ýoldaşlyk sypatlary mydama birinji orundadyr. Diňe göze ilmekligi däl-de, ýetginjeklerde hakyky hormaty we ykrar edilmäni gazanmak üçin ilki bilen oňat ýoldaş bolmaly. Şunuň bilen baglylykda, ýetginjeklik ýaşynyň başynda öň meşhur çagalaryň toparynda, köplenç, özgermeler bolýar: birinjiden, öňki at-abraýlar adaty orunlara süýşýär we täzeleri peýda bolýar, ikinjiden, synpyň resmi öňbaşçylary (aktiw) bilen has sylanylýan

we at-abraýly ýetginjekleriň topary, köplenç, aýry-başgalanýar; munuň esasy sebäpleriniň biri mugallymlaryň köp böleginiň synpyň resmi öňbaşçylaryny ýetişigi oňat we tertipli okuwçylardan saýlap, olaryň ýoldaşlyk sypatlaryny nazara almazlygydyr. Synpdaşlar üçin at-abraýy ýokary bolmadyk öňbaşçy toparynyň (aktiwiň) döredilmegi kollektiwi döretmekde düýpli kynçylyklary döredýär. Munuň ikinji bir sebäbi mugallymlarda awtoritar (bir adamyň hökmürowanlygy bolan) ýolbaşçylyk usulynyň saklanmagy we olaryň öňbaşçylarda hem synpdaşlary bilen şeýle aragatnaşyk usulyny terbiýelemegidir. Ululara we ýoldaşlara degişlilikde şahsyýeti we adamçylyk mertebesini sylamaklyk häsiýetindäki birmeňzeş talaplar bildirilýändigi sebäpli bu ýagdaý ýetginjekler üçin düýpgöter ýerliksiz bolýar.

Bu talap ýetginjekleriň ýoldaşlyk kodeksiniň özeni bolup, onuň kadalary dürli çeşmelerden alynýar: ululardan we has uly çagalardan, kitaplardan we kinofilmlerden (olar bu kadalaryň manysyny açmakda we takyklamakda möhüm rol oýnaýar). Ýetginjekleriň ýoldaşlyk kodeksiniň möhüm kadalaryna mertebäni hormatlamak, deňlik, wepalylyk, ýoldaşa kömek, dorgruçyllyk degişlidir. Ýetginjekleriň gurşawynda her bir adamyň ýoldaşa, synpa degişlilikdäki hereketleri ünssüz galdyrylmaýar we bu kadalara laýyk ýa-da laýyk däl görnüşde bahalandyrylýar.

Ýetginjekler şonuň üçin ýoldaşa we topara «dönükligi», wada bozulmany, kömek etmekden ýüz öwrülmegini, egoizmi we gysgançlygy, birinji bolmaga we buýruk bermäge ymtylmany, gedemligi we öz häsiýetiňi mahabatlandyrmany, ýoldaşyň pikirini goldamazlygy, onuň mertebesiniň ýüzebe-ýüz ýa-da arkasyndan sözdür güýç, hile bilen peseldilmegini bilelikde ýazgarýarlar. Şeýle özüňi alyp baryş nusgalary öýkedir çaknyşmalara, konfliktlere getirýär. Ýoldaşyň öz-özüne hormatynyň, öz pikiriniň ýoklugy, öz merebesini peseldýäne gaýtawul berip bilmezligi-de ýazgarylýar, ýalynjaňlar we dürli görnüşdäki «kesmekçiler» ýigrenç döredýär. Bu sypatlaryň gapma-garşylykly görnüşleri ýetginjekde kemala gelýän ahlak idealynyň binýady bolup, ýoldaşyň sypatlaryna we onuň bilen gatnaşyklara talaplary kesgitleýär.

Bu kadalaryň we talaplaryň ululuryň ýoldaşlyk, dostluk we hakyky arkalaşyk ýaly gatnaşyklarynyň kadalary bilen gabat gelýändigi örän

möhümdir. Ýetginjekleriň ýoldaşlyk kodeksiniň ahlak mazmunynyň ulularyň degişli gatnaşyklarynyň kadalary bilen gabat gelmegi mynasybetli, deň-duşlar bilen aragatnaşyk ýetginjegiň sosial-ahlak kemallanmagynyň ösüşiniň aýratyn mekdebidir. Bu aragatnaşyk kollektiwde sosial özara täsiriň ulularyň ahlak kadalaryna esaslanan täze usullaryny özleşdirmegiň amalyýetidir. Şeýle ahlak hut ýoldaşlar bilen gatnaşyklaryň amalyýetinde ilkinji nobatda özleşdirilýär.

Ýetginjegiň deň-duşlarynyň hormatyna we ykrar etmegine ähmiýet bermegi onda deň-duşlaryň özi baradaky pikirine we bahalandyrmagyna aýratyn duýgurlyk döredýär. Ýoldaşlarynyň belligi, nägileligi we öýkesi, onuň ünsüni özüne gönükdirip, bularyň sebäbi barada oýlanmaga, öz ýetmezçiliklerini görmäge we aňlamaga mejbur edýär, oňat gatnaşykda we orunda bolmaga isleg bolsa düzelmäge we bildirilýän talaplary ödemäge meýil döredýär. Ýetginjeklik ýaşynda aragatnaşyk üçin möhüm bolan deň-duşlaryň talaplaryna oriýentirlenmek, olary nazarlamak başarnygy ösýär. Bu gatnaşyklar rowaçlylyk üçin möhümdir. Şeýle başarnygyň bolmazlygy uly ýaşly ýetginjekler tarapyndan çagalyk hökmünde bahalandyrylýar.

Gatnaşyklarda rowaçsyzlygyň sebäbi, köplenç, özüňe aşa baha bermek bolup, bu sypat ýetginjegiň tankydy duýmagyny we ýoldaşlarynyň talaplaryny kabul edijiligini togtadýar. Hut şonuň üçin şeýle sypatly ýetginjek ýoldaşlary üçin ýerliksiz bolýar. Hormatdan peýdalanmaýan we synp tarapyndan ret edilýän ýetginjeklerde özüňi bahalandyryş ýokary bolýar. Ýoldaşlaryň ileri tutýan sypatlary boýunça özüňi bahalandyrmagyň takyk we az-kem peseldilen görnüşiniň bolmagy gatnaşyklaryň rowaçlygyna ýardam edýär. Özüňi bahalandyrmagyň häsiýeti ýoldaşlar bilen gatnaşygyň möhüm düzüjisidir.

Ýekelikde bolýan ýetginjeklerde ýakymsyzlygyň dürli aýratynlyklary bolýan-da bolsa, oňat ýoldaşlyk sypatlarynyň bolmazlygy olaryň ählisini umumylaşdyrýan esasy alamatdyr. Synpdaşlaryň ählisi diýen ýaly şeýle pikirde bolansoň, agzalan kemçiligiň hiç zat bilen öwezi dolunmaýar. Şonuň üçin, hatda bäşlikçi hem ýekelik ýagdaýynda bolup bilýär.

Ýetginjekler tarapyndan hormatlanýan we ykrar edilýän öňbaşçy deň-duşlar işewür aragatnaşykda oňyn sypatlaryň meňzeş görnüşlerini ýüze çykarýar: olar beýleki deň-duş öňbaşça tabyn, ýoldaşlary

bilen bir hatarda durup bilýär, öz borçlaryny nusga alarlyk berjaý edýär, umumy üstünlik barada aladalanýar, kyn ýa-da beýlekiler üçin ýakymsyz işleri birinji bolup başlaýar, ýoldaşlaryna hormat goýýar, zerur wagtda gykylyksyz we igençsiz kömek edýär. Ýoldaşy hormatlamak ýetginjekleriň işewür gatnaşyklary üçin möhüm häsiýetdir. Ýetginjeklere işewür gatnaşyklarda özüňi alyp barşyň kadaly görnüşlerini öwretmek mugallymlaryň işiniň möhüm wezipesi bolmalydyr.

**Ýetginjekleriň dostlugy.** Ýetginjegiň şahsyýetiniň ösüşinde we sosial-ahlak kemallanmasynda ýakyn ýoldaş we dost bilen gatnaşyklara möhüm rol degişlidir. Ýyl geldigiçe bu gatnaşyk oňa has zerur bolýar. Ýetginjek hormatlanýan, at-abraýly, haýsydyr bir zatda öňde bolýan synpdaşlary bilen aragatnaşykda bolmaga we dostluga ymtylýar. Ýoldaşyň dürli taraplary ýetginjegiň ünsüni çekip bilýär: ýoldaşlyk sypatlary, bilim-düşünjeleri, köptaraplaýyn başarjaňlyk, batyrgaýlyk, sport gazanmalary, daşky keşbiň we özüňi alyp barşyň salyhatlylygy, romantiki häsiýetdäki gatnaşyklarda tejribelilik, ulular bilen gatnaşyklaryndaky özbaşdaklyk. Ýetginjegi, köplenç, dürli gapma-garşylykly höwesleri bolan çagalar gyzyklandyrýar we bellibir wagt aralyklarynda onuň aragatnaşykda bolýanlarynyň çägi örän giň, emma durnuksyz bolýar: örän ýakyn, ýöne wagtlaýyn gatnaşyklar döreýär, ýakyn dostuň gözlegi başlanýar. Ähli ýagdaýlarda aragatnaşygyň ýakymlylygy we birek-birege gabat gelmegiň iki görnüşi synagdan geçirilýär: höwesleriň birugurlaýynlygy we şahsy gatnaşyklaryň hilinden kanagatlanmagyň derejesiniň meňzeşligi. Ýoldaşyň ululygy ýetginjek üçin ýakymly bolsa-da, ol özara ýakynlaşmaga päsgelçilik döredýär: uly üçin ekabyrlygy özünden kiçi bilen aragatnaşykda bolmak gyzyksyz bolýar.

Çagalaryň ýakynlaşmagy üçin höwesleriň we gyzykly pişeleriň meňzeşligi, gürrüňleriň özüne çekijiligi örän ähmiýetlidir. Ýetginjek özüne ýaraýan deň-duşuň höweslerinden çalt täsirlenýär we ony öz pişelerine çekmäge çalyşýar. Kähalatlarda ýoldaş bilen aragatnaşykda bolmak şeýle bir özüne çekiji bolup, ýetginjek özüni öň gyzyklandyrmaýan we häzir hem höweslendirmeýän iş bilen meşgullanyp başlaýar. Ýöne wagtyň geçmegi bilen bu iş ony, hakykatdan-da, gyzyklandyryp bilýär. Şonuň üçin ýoldaşlary bilen aragatnaşykda bolmaklyk ýetginjekde täze höwesleriň döremeginiň çeşmesi bolýar.

Biri-birini sulhy alýan çagalar dürli işlerde arkalaşykda bolmaga ymtylýarlar, her birine berlen tabşyrygy, köplenç, bile ýerine ýetirýärler. Bilelikde işlemek başarnygyny ýetginjekler ýokary bahalandyrýar.

Sulhy alan deň-duşunyň artykmaçlygy ýetginjege özüne ýaraýan we ýoldaşlary tarapyndan goldanylýan şeýle sypatlaryň özünde ýoklugyny aňlamaga mejbur edýär. Şu hili, hatda ondan-da gowy bolmaga meýil döreýär. Ýoldaş ýetginjek üçin nusga öwrülýär. Ol oňa ýöne öýkünýär ýa-da özünde bellibir sypatlary ösdürip başlaýar (meselem, fiziki güýji we batyrlygy ýa-da özüňe erk edip bilmegi, wadaňa wepaly bolmagy we ş. m.).

Ýakyn ýoldaşlaryň aragatnaşygynda söhbetler uly orun tutýar. Söhbetler dürli pişelerde, gezelençde ýüze çykýar, sapaga bile taýýarlanmaga päsgel berýär; ýöne ýetginjekleriň pikiriçe, iň gyzykly zat özara gürrüň. Kähalatlarda söhbetler çagalar bile bolanlarynda ähli wagty diýen ýaly eýeläp, olary şondan başga zat baglanyşdyrmaýar. Şeýle dostluk ilkinji gezek ýetginjeklik ýaşynda ýüze çykýar. Ýetginjekler özlerini gyzyklandyrýan maglumatlary alyşýarlar, synpyň durmuşyndan wakalary, synpdaşlaryň hereketlerini, özara gatnaşyklary maslahatlaşýarlar; açyk aýtmaga degişli däl pynhan şahsy meseleler barada gürleşýärler: meýilnamalar, arzuwlar we olaryň durmuşa ornaşdyrylyşy, bilelikdäki etsem-goýsamlar, romantiki sulh almalar we ş. m. ýetginjekleriň «syry» hut şu meselelere we jyns kemallanmasy bilen bagly has pynhan temalara dahylly bolýar.

Möhüm we şahsy hadysa hökmünde aňlanylýan hadysanyň mazmunynyň giňelmegi we çuňlaşmagy, zerur wagty pikir, maslahat alşyp, goldaw we kömek alyp bolýan dost tutunmaklyga bolan ýiti islegi döredýär. Şonuň üçin dostluk gatnaşyklaryna özara açyklyk we düşünişmeklik, ünslülik we aladaçyllyk, duýgudaşlyk we syr saklap bilmeklik ýaly aýratyn talaplar döreýär. Her kim beýlekä iň möhüm we ýürekden gaýdýan duýgusyny açýar, öz içki dünýäsini açýan aragatnaşyk olaryň ikisini-de baýlaşdyrýar, öz kalbyňda bolup geçýän zatlara düşünmäge we aňlamaga mümkinçilik berýär. Hakyky dosty tapmak we onuň üçin hem ýeke-täk dost bolmak her bir ýetginjek oglanyň we gyzyň arzuwy bolýar. Olar dostunyň käbir çagalara sulh almasyna örän gabanjaňlyk garaýyşda bolup, dostlugyna başga kimdir biriniň aralaşmagyny aladaçyl goraýar. Ýöne dostlaşýan jübütiň

her birinde başga-da bellibir ýakynlykdaky ýoldaşlary bolup, ol ýetginjegiň has ysnyşykly aragatnaşykda bolýan çagalaryny düzýär. Bu synpda toparlaryň döremegine we hereketlenmegine esas döredýär. Ýetginjeklik ýaşda olaryň arasynda çylşyrymly we dartgynly gatnaşyklar döräp bilýär.

Ýetginjekleriň dostlugynyň idealy «hemişe hemme bilen ähli zat deň paýlaşylýar» ýörelgede jemlenýär. Bu diňe bir ýoldaşlyk kodeksini we dostlukly gatnaşyklara goşmaça talaplaryň absolýut berjaý edilmegini aňlatman, eýsem biriniň beýlekiniň durmuşynyň ähli taraplaryna goşulmagyny, ähli zatda özara ýardamy we arkalaşygy aňladýar. Ýetginjekler ýoldaş-dosty bilen umumy durmuşa ymtylýarlar. Ýyl geldigiçe «ýürekleriň birligi», içki durmuşyň umumylygy, özara düşünişmeklik, şahsy gymmatlyklaryň, ymtylmalaryň, möhüm meseleler boýunça garaýyşlaryň gabatlaşmagy wajyp bolýar. Şeýle dostlugyň döremegine dürli mazmundaky durmuşy, ahlak, estetiki meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy we kähalatlarda örän ýiti we emosional häsiýete eýe bolýan çekişmeler ýardam edýär. Her bir çaganyň diňe bir öz pikiriniň dogrulygyny subut etmegi we goramagy öwrenmek bilen çäklenmän, onuň nädogrulygyna göz ýetirip bilýändigi üçin şeýle çekişmeler ahlaklygyň ösmegi üçin örän möhümdir. Çekişmeleriň gidişinde we soňraky pikir ýöretmelerde ýetginjekde nukdaýnazar döräp, ol ony öz hususy, şahsy garaýşy hökmünde aňlaýar. Başgaça aýdylanda, ynançlar kemala gelýär. Şunuň bilen bir hatarda, dostlarda dürli meseleler boýunça garaýyşlaryň umumylygy döräp, ol içki golaýlygyň esasyny düzýär.

Haçanda ýetginjeklerde her bir gatnaşyjy üçin umumy we şol bir wagtda her bir adam üçin ähmiýetli hünäre meýil-niýetleri, öz-özüňi terbiýelemek, bilimi özbaşdak özleşdirmek bilen bagly maksatlar we ýumuşlar dörände, gatnaşyklar täze, has ýokary ösüş derejesine göterilýär. Dostlar umumy tagallalar bilen olary durmuşa ornaşdyryp başlaýar: bilim-düşünjeleri, başarnyklary bilelikde özleşdirýärler, dürli sypatlary ösdürýärler, biri-birine kömek edýärler. Bu dostlugyň şahsyýetiň ösüşi üçin iň bir gymmatly görnüşidir. Dostlugyň gapma-garşylykly görnüşi ýetginjekleriň ululygyň daşky alamatlaryna ymtylmagyna, uly adamlaryň wagt geçirmelerine, güýmenjelerine öýkünmegine esaslanýar. Bu ýagdaýda adatça uly ýaşly ýetginjek

esasy orunda bolýar; oňa tabyn bolýan haýsydyr bir wagt aralygynda muňa kaýyl bolýan-da bolsa, soň-soňlar çagalaryň köpüsi ýoldaşynyň diýdimzorlugyna garşy çykýar. Deňsizlige esaslanýan gatnaşyklary ýetginjek hakyky dostluk hasaplamaýar.

Hakyky dostluk birbada örän seýrek döreýär. Adatça onuň öňüsyrasynda agtaryş, şowsuzlyklar, wagtlaýyn gatnaşyklar bolýar. Şeýle tejribäniň esasynda dostuň we dostlugyň şahsy idealy döreýär we kämilleşýär. Gatnaşyklaryň döreýşi ýeňil bolsa-da, olaryň berkemegi we çuňlaşmagy kem-kemleýin bolýar. Munuň üçin sulhuň alşylmasy we höwesleriň gabatlaşmasy ýeterlik däldir. Her kimiň ýoldaşlyk kodeksiniň kadalaryny we dostlugyň talaplaryny berjaý etmegi zerurdyr. Hut şuny berjaý etmek, ýetginjegiň ýoldaşyna indi ýokary we kesgitli talaplary bildirýändigi, özüne bolsa entek olaryň ählisini we hemişe gönükdirmeýändigi üçin, aýratyn-da, başda kyn bolýar. Bu bolsa öýkelemelere, çaknyşmalara, konfliktlere, wagtlaýyn sazlaşyksyzlyga getirýär we hatda gatnaşyklar dargap hem bilýär. Ýetginjekler dostlugy sarpalaýar, ýöne olar örän talapkär we göwne alyjy bolýar. Ýakyn ýoldaşyň dosta öwrülmegi örän pynhan hadysadyr. Ol ýetginjegiň deň-duşy bilen aragatnaşygyndan hususy kanagatlanmasyny aňlamagy bilen we bu aragatnaşygy zerurlyga, islege öwürmegi bilen baglydyr. Bu islegi häzirki wagtda dostundan başga hiç kim kanagatlandyryp bilmeýär. Hut şonuň üçin-de ýetginjegiň dostlugy emosional häsiýetli, şahsy gatnaşyklara degişlilikde köpsanly duýgular bilen aralaşdyrylan bolýar.

Ýakyn ýoldaş, dost bilen gatnaşyklar ýetginjegiň aýratyn oýlanmalarynyň mazmunydyr gönükdirilmesini düzýär. Ol bu gatnaşyklarda we ýoldaşynda nämäniň özüne ýarap ýa-da ýaramaýandygyna düşünmäge çalyşýar, dostuna gatnaşygyny deňeşdirýär, özüni ynjadýan hereketleri ýüze çykarýar, olaryň sebäbine düşünmek isleýär. Öz oýlanmalarynda ýetginjek ýoldaşyny özüne deňeşdirýär. Şeýle oýlanmalaryň we bahalandyrmalaryň gidişinde gatnaşyklardan kanagatlanmazlygyň sebäbi we kimiň günäkärdigi hem-de indi näme etmelidigi barada düşünje döreýär (meselem, «dönüklige» göz ýummak ýa-da dostlugy kesmek). Gatnaşyklaryň ösüşiniň ähli tapgyrlarynda ýetginjekler biri-birlerine degişlilikde örän işjeň hereket edýärler, olary ol ýa-da beýleki ugurlarda guraýarlar.

Ýetginjegiň şeýle aragatnaşygy aýratyn iş bolup, onuň predmeti beýleki adam, işiň mazmuny bolsa özara gatnaşyklary guramak we bu gatnaşyklarda hereket etmekdir. Bu işiň içinde ýetginjegiň beýleki adama we özüne akyl ýetirmegi ýüze çykýar we şeýle akyl ýetirişiň serişdesi ösýär: deňeşdirmek, analizlemek (seljermek) we ýoldaşyň we öz hereketleriňi jemlemek, olaryň ahlak mazmunyny görmek, ony bahalandyrmak başarnygy; ýoldaşyň we özüniň şahsyýeti baradaky düşünjeler baýlaşýar hem-de bahalandyrmak we öz-özüňi bahalandyrmak özgerýär. Şeýle oýlanmalaryň netijesinde diňe bir öz kemçilikleriňi däl, eýsem ýoldaşyň ýetmezçiliklerini düzetmäge gönükdirilen işjeňlik döreýär.

Beýleki adama täsir etmäge ymtylma ýetginjegiň örän möhüm aýratynlygydyr. Hut şu aýratynlykda onuň sosial işjeňligi, deň-duşlary bilen sosial özara täsiriniň aýratyn häsiýeti ýüze çykýar. Ýetginjekleriň öz dostlary we ýakyn ýoldaşlary bilen gatnaşyklarynyň özboluşlylygy olaryň sözüň takyk manysynda biri-birini terbiýeleýänligindedir: her kim beýlekä bellibir talaplaryň ulgamyny teklip edýär we olaryň berjaý edilişine gözegçilik edýär, eger-de olar ýerine ýetirilmese, temmi hökmünde iň bir täsirli serişde – aragatnaşykdan ýüz öwürmeklik ulanylýar. Ýakyn ýoldaşlar we dost bilen aragatnaşygyň şahsyýetiň ösüşi üçin aýratyn ähmiýeti aragatnaşygyň hut uly adamlara mahsus şahsy gatnaşyklaryň kadalaryny özleşdirmekde amalyýet bolýandygy bilen baglydyr. Dostlugyň kadalaryny özleşdirmek çaganyň ýetginjeklik ýaş döwründäki möhüm gazanmasydyr.

**Oglanlaryň we gyzlaryň gatnaşyklarynyň aýratynlyklary.** Ýetginjeklik ýaşda oglanlaryň we gyzlaryň arasyndaky gatnaşyklar düýpli özgermelere sezewar bolýar. Birek-birege höwes, gowy görünmek meýli döreýär we şunuň bilen baglanyşyklykda, öz daşky keşbiňe höwes, özüňde göze gelimliligi döretmek üçin alada ýüze çykýar. Fiziki we jyns ösüşinde gyzlar oglanlardan geçirýärler. V – VI synplarda käbir gyzlar oglanlardan uzyn we uly bolýarlar. Boýuň pesligi oglanlarda ýakymsyz duýgulary döredip, özüňe kembaha garamagyň çeşmesine öwrülip bilýärler. Şeýle duýgy öz synpdaşlaryndan fiziki ösüşde öňe geçen gyzlarda hem bolup bilýär.

Ilkibaşda beýleki jynsa bolan höwes oglanlaryň köpüsinde örän ýaýraň häsiýetde bolýar we kiçi ýaşly ýetginjeklere mahsus bolan

gyzlaryň halamaýan garagolluklaryna ýüz urmakda ýüze çykýar; gyzlar oglanlara nägilelik bildirseler-de, bu hereketleriň motiw-meýillerine düşünýändikleri üçin öýke saklamaýarlar. Soňrak gatnaşyklar özgerýär: çaga ýüzugralygy aradan aýrylýar, ýygralyk, utanjaňlyk ýüze çykýar. Ýetginjekleriň bir böleginde bu göni ýüze çykýan bolsa, beýleki birlerinde ol daşky biperwaýlygyň, beýleki jynsy «ýekirmegiň» astynda gizlenýär. Özüňi alyp baryş ambiwalent – goşa mazmunly bolýar: birek-birege höwes oglanlaryň we gyzlaryň biri-birinden üzňeligi bilen utgaşýar. Ýöne olar döreýän gatnaşyklara, olaryň ösüşine ýokary bilesigelijilik bildirýärler.

V – VI synplarda, aýratyn-da, gyzlarda «kim kime ýaraýar?» sowaly ýüze çykýar. Ýetginjekler öz hususy duýgulary barada adatça diňe dostuna we ýakyn ýoldaşyna aýdýan hem bolsa, bu synpdaşlaryň köpüsine mälim bolýar; olar synlaýjy bolýar, täzelikler boýunça pikir alyşýarlar. Kiçi ýetginjeklik ýaşynda oglanlar bilen gyzlaryň arasynda dostluk seýrek, VII – VIII synplarda bolsa ýygy-ýygydan döreýär we birek-birege bolan sulh örän emosional öwüşginde hem-de durmuşda uly orun eýeläp bilýär. Garşydaş jyns tarapyndan jogapsyz galdyrylýan sulh alma güýçli duýgulary döredýär. Romantiki gatnaşyklar umumy meşgullanmalar we gyzyklanmalar bolanda ýoldaşlyk gatnaşyklar görnüşinde bolýar. Şeýle mazmunly esasyň ýok wagtynda duşuşyklar, gezelençler, kino, seýilgählere barmak we ş.m. bolýar. VII – VIII synplarda ýetginjekleriň gezelenç, duşuşyk toparynyň garyşyk görnüşi döräp ugraýar.

Garşylykly jynsdan bolan deň-duşlaryň wekillerine höwesiň döremegi ýetginjegiň şahsyýetiniň ösüşi üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Sulh alynýan garşydaşa ýokary ünslülik seçijilikli synlaýjylygyň ösüşinde ýüze çykýar: sulh alynýan deň-duşuň özüni alyp barşyndaky, onuň hereketlerindäki, reaksiýalaryndaky, şähtindäki, duýgularyndaky inçe özgermeleri syzmaklyk döreýär. Sulhuň alýan adam bilen aragatnaşykda ýüze çykýan öz hususy psihiki ýagdaýlaryňa hem ünslülik ýüze çykýar. Romantiki sulh alma şahsyýetiň mümkinçiliklerini işjeňleşdirýär, has gowy bolmak, ýakymly bir zat etmek, kömekleşmek, goramak meýlini döredýär. Şeýle höwes öz-özüňi kämilleşdirmegiň motiwleriniň birine öwrülýär.

Şeýlelikde, ýetginjeklik ýaşynda ýoldaşlar bilen aragatnaşyk ýetginjegiň şahsyýetiniň kemala gelmeginde aýgytlaýjy orun eýeleýär.

Ýoldaş ýetginjek üçin nusga öwrülýär, çagalar biri-birlerine işjeň täsir edýärler, biri-birini terbiýeleýärler. Şonuň üçin pedagogik täsiriň düzümine ýetginjegiň diňe işewür özara gatnaşyklary däl, eýsem ýakyn ýoldaşlar, dostlar bilen gatnaşyklary-da girmelidir.

## V. 8. Ýetginjegiň okuw işi

**Okuwa, mugallymlara we okuw derslerine gatnaşyklar.** Mekdep we okuw ýetginjegiň durmuşynda uly orun eýeleýär. Okuwyň möhümliginiň we zerurlygynyň hemmeler tarapyndan aňlanylýandygyna garamazdan, bilim özleşdirmeklige gatnaşyk ýetginjeklerde birmeňzeş däldir. Köpler üçin mekdep deň-duşlar bilen aragatnaşykda bolmaga mümkinçilik döredýändigi üçin ähmiýetli bolup, ýöne okuwyň özi şu sebäpli ikinji orna süýşürilýär. Ýetginjek üçin 45 minutlyk sapak diňe okuw işi däl, eýsem synpdaşlar we mugallymlar bilen ähmiýetli hereketleriň, bahalandyrmalaryň, duýgularyň bolýan pursadydyr. Diňe mugallymyň okuw materialyny örän gyzykly düşündirmegi we ussatlygy sapakda kiçi ýaşly ýetginjegiň ünsüni ýoldaşlaryndan sowup bilýär. Ýoldaşlary bilen aragatnaşyk ýetginjegi okuwa taýýarlanmakdan sowýar, üstesine-de, ýetginjekde şahsy höwesler, gyzykly meşgullanmalar döreýär. Ýetginjegiň köpsanly çeşmelerden özleşdirýän dürli mazmundaky we gyzykly maglumatlary-da mekdepden alynýan bilim-düşünjeler bilen bäsleşýär. Tejribäniň, daşky dünýä we beýleki adamlar bilen baglanyşyklaryň baýlaşmagy, ýetginjegiň okuwa bolan ünsüni gowşadýar. Okuw işi öňkülerden başga şertlerde amala aşýar.

Başlangyçdan orta mekdebe geçýän döwründe çagalar köpsanly alamatlary boýunça tapawutlanýar. Şeýle tapawutlar aşakdaky ugurlarda ýüze çykýar: 1) okuwa degişlilikde örän jogapkär we biperwaý gatnaşykda bolýanlar; 2) umumy ösüşi ýokary derejede we gözýetimi örän çäkli we sözleýşi pes ösüşde bolýanlar; 3) mekdep maksatnamasynyň çäginde esasy dersler boýunça bilim-düşünjeleriň göwrüminde we berkliginde ýokary görkezijili we bilim özleşdirmekde düýpli ýetmezçiligi bolýanlar; 4) okuw materialyny özleşdirmegiň usuly boýunça özbaşdak özleşdirmegi we aňlamagy başarýanlar we özbaşdaklyk endiginiň ýoklugy sebäpli materialy özleşdirişi

sözme-söz ýat tutmak bilen utgaşýanlaryň bolmagy; 5) okuw işinde kynçylyklary ýeňip geçmek başarnygy boýunça örän erjelleriň we kynçylyga uçranda ýa-da işlemek islemese bada-bat töweregindäkilerden kömege garaşýanlaryň bolmagy; 6) höwesleri boýunça ýokary akyl ýetiriş höwesleri we mazmunly meşgullanmalary bolanlar we bu görkezijileri doly diýen ýaly kemala gelmedikler.

Okuw işindäki ýetmezçilikleriň daşky ýüze çykmalary dürli derejelerde bolup bilýär. Eger-de aşaky synplarda olaryň bellibir görnüşleri çagalara kadaly okamaga päsgel bermedik bolsa, V synpda bu ýetmezçilikler gizlinlikden açyk görnüşe geçýär we bilim-düşünjeleri maksadalaýyk özleşdirmekde düýpli päsgelçilige öwrülýär. Olar wagtynda ýeňlip geçilmese, täze, kem-kemden çylşyrymlaşýan materialy özbaşdak özleşdirip bilmezlik ýaly yzadolanyjylyksyz oňyn däl netijelere getirip bilýär. Ýetginjegiň okuwda şowsuzlygynyň ilkinji görkezijisi kiçi synplardaky bilen deňeşdirilende onuň ýetişiginiň üzül-kesil peselmegidir. Munuň sebäbi okuwa oňyn däl gatnaşygyň döremegi, okuw materialyny özleşdirmegiň nädogry usullary we bularyň tebigy netijesi hökmünde bilim-düşünjelerdäki böwşenlik bilen bagly bolup bilýär.

Umumy orta bilim berýän mekdebe geçilende ýetginjegiň okuw işi düýpli çylşyrymlaşýar: bir mugallyma derek indi bäş-alty täze adam peýda bolýar. Olaryň sapagy düşündiriş we soraýyş usullary, okuwçylara gatnaşygy we talap edijiligi birmeňzeş bolmaýar. Üstesine-de olar entek okuwçylary tanamaýar. Mugallymlaryň täze we dürli talaplaryna uýgunlaşmak, adatça tutuş synpa degişlilikde we aýratyn-da, okuw işinde gizlin we aýdyň ýetmezleri bolan okuwçylara kyn bolýar. Okuwçylaryň ders mugallymlary bilen özara gatnaşyklary kiçi synplardaky mugallym bilen bolan gatnaşyklardan başgaça; ders mugallymlary bilen gatnaşyk has ýüzleý we onçakly şahsy däl. Her bir täze mugallym hemişe gyzyklanma döredýär. Haçanda birbada köpsanly hünär ussatlygy, şahsyýetiniň aýratynlyklary, özüni alyp barşy we okuwçylara gatnaşygy dürli mugallymlar peýda bolanlarynda, pedagoglary dürli alamatlary boýunça deňeşdirmek we bahalandyrmak ýüze çykýar. Biriniň ussatlygy beýlekilere tankydy gatnaşygyň döremegine esas bolýar. Şunuň netijesinde, birinjiden, mugallymlara tapawutlandyryşly gatnaşyk döreýär, «söýülýänler» we «söýülmeýänler» ýüze çykarylýar; ikinjiden, beýleki

adama akyl ýetirmegiň serişdeleri ösýär, uly adamyň işini we şahsyýetini bahalandyrmagyň täze kriterileri – şertleri kemala gelýär. Kriterileriň bir topary sapak bermegiň hiline, beýlekisi bolsa mugallymyň ýetginjeklere gatnaşygynyň aýratynlygyna degişli bolýar; ýetginjeklik ýaşynyň başynda mugallymyň çagalar bilen gatnaşygyny maksadalaýyk guramagy başaryp ýa-da başarmazlygy onuň şu synpdaky işiniň kynçylyk derejesini kesgitleýär.

Ýetginjekler ökde we talapkär, ýöne adalatly, hoşniýetli hem-de salyhatly, materialy gyzykly we düşnükli düşündirýän, sapakda işi gurap, oňa okuwçylary çekmegi başarýan hem-de ony hemmeler we her kim üçin netijeli edip bilýän mugallymlary söýýärler. VII – VIII synplarda mugallymyň bilim-düşünjesi, dersi erkin özleşdirişi, okuw kitabyna goşmaça häsiýetli düşünjeleri bermäge ymtylyşy, sapakda «wagty boş geçirmezligi» aýratyn sarpalanýar; çagalaryň özbaşdak pikir ýöretmelerine oňyn däl gatnaşykda bolýan mugallym halanmaýar.

Kiçi ýaşly ýetginjeklerde ýetginjegiň okuw dersine gatnaşygy, ilkinji nobatda, onuň mugallyma gatnaşygyna we alynýan bahalara bagly bolýar. Köplere ýeňil düşýän we üstünlik getirýän zatlar ýaraýar. Şunuň bilen bir hatarda, ýetginjegiň intellektual işjeňligini, özbaşdak hereketi talap edýän, gözýetimi giňeldýän mazmun ony özüne çekýär. Okuw dersleriniň «gyzykly» we «gyzyksyz» görnüşlere bölünmegi köp derejede okadylyşyň hili we ýetginjegiň şahsy höwesleri bilen kesgitlenýär; sapaklaryň «zerur» we «zerur däl» görnüşlere bölünmegi bolsa hünär niýetiniň kemala gelmegi bilen bagly bolýar. Her bir täze ders, uly bölüm hemişe ýetginjeklerde höwes döredýär. Bu höwesiň saklanmagy, ösdürilmegi mugallymyň elinde bolýar. Onuň ussatlygy köp zady kesgitleýär: ýetginjegiň sapakda işlemegi ýa-da öz işi bilen meşgul bolmagy, öý işlerini talabalaýyk taýýarlamagy ýa-da wagtyny boş geçirmegi, materiala düşünmäge we ony bilmäge çalyşmak ýa-da oňyn baha almakda çäklenmek. Mugallym çalşanda bu ýagdaý has-da aýdyň ýüze çykýar: ýalta we «üçlükçi» gysga wagtyň içinde işjeň, ders bilen gyzyklanýan we oňat ýetişýän okuwça öwrülip bilýär ýa-da tersine, ýetginjegiň okuw dersine, sapagy diňlemäge, öýde işlemäge höwesi ýitýär. Mugallymyň çalyşmagy sebäpli, köplenç, tutuş synpyň işi we özüni alyp barşy özgerýär we «kyn synp» bolmagyndan kadaly synpa öwrülip bilýär (ýa-da tersine).

«Okamak» düşünjesiniň mazmuny ýetginjeklik döwründe giňeýär. Munuň sebäbi bilim-düşünjeleri özleşdirmegiň indi, köplenç, mekdep maksatnamasynyň çäginden çykýandygy we özbaşdak we maksada gönükdirilen häsiýetde özleşdirilýändigi bilen bagly bolýar. Ýyl geldigiçe bu gönükdirilenlik ýokarlanýar. Ýöne okuwa we bilim-düşünjelere bolan gatnaşyk dürli okuwçylarda hil taýdan tapawutly bolup bilýär. Bu babatda iki gyraky topary ýüze çykarmak mümkin. Ýetginjekleriň esasy böleginde akyl işine we täze bilim-düşünjeleri we başarnyklary özleşdirmeklige işjeň ymtylma, bellibir derslere we ylmyň pudaklaryna, tehnika ýa-da sungata durnukly höwes bolýar. Käbir ýetginjeklerde bilim-düşünjäniň göwrümi mekdep maksatnamasynda talap edilýäninden has uly bolýar. Şeýle okuwçylar, öz gezeginde, ukyply, ýöne synpda we öýünde erbet işleýän, öndürijilikli akyl ýetirişi, uzakwagtlaýyn we ünsli işlemek başarnygy okuw dersleriniň mazmunyny özleşdirmekde ýüze çykmaýan ýetginjekler toparyna meňzeşdir. Bu ýetginjeklerde şahsyýetiň gymmatly sypatlary mekdep bilimini özleşdirmekde däl-de, mazmuny mekdep maksatnamasynyň çäginden çykýan özbaşdak işde kemala gelýär.

Şahsyýetiň ösüşi üçin amatly şertler haçanda bilim özleşdirmek ýetginjek üçin häzirki döwür we geljek üçin subýektiw jähetde möhüm we zerur bolanda döreýär; şeýle ýagdaýda sapaklaryň dürli görnüşleri akyl ýetiriş we öndüriji-döredijilikli häsiýetli ýumuşlar bilen aralaşdyrylyp, bilimi özbaşdak özleşdirmäge we öz-özüňi kämilleşdirmäge getirýär. Hut ýetginjeklik döwründe okuwyň durmuş perspektiwasynyň we hünär niýet-nazarlanylmasynyň, idealyň we öz-özüňi aňlaýşyň (bilim-düşünjeleriň we medeniýetiň özündäki ýetmezçiliklerini aňlamak görnüşinde) kemala getirilişi bilen bagly täze motiwleri döreýär. Özüňden kanagatlanmazlyk we nazarlanylan zatlary amal etmäge ymtylma ýetginjegiň akyl ýetiriş işjeňliginiň çeşmesine öwrülýär. Onuň özbaşdak işinde alys we golaý maksatlar döräp, olar onuň takyk işini guraýar we gönükdirýär. Okuwyň ýetginjek üçin şahsy manysy döreýär we öz-özüňi sowatlandyryş häsiýetine eýe bolýar. Okuwyň şeýle hil taýdan täze we ýokary görnüşi ýetginjeklik döwründe döreýär we kemala gelip başlaýar.

Ýöne hut ýetginjeklik döwründe okuw mekdepde formal, göz üçin amal edilýän iş häsiýetine eýe bolup bilýär; bu haçanda ýetginjekde

gönükdirilmesi okuwdan daşda bolan güýçli höwesler agdyklyk edip, akyl ýetiriş höwesleri bolsa gowşak ýa-da ýok bolanda, ýagny kemala gelýän şahsy gymmatlyklaryň arasynda bilim özleşdirmeklik düýpli orun almaýan halatynda ýüze çykýar. Mekdepde okuwyň zerurlygyny diňe abstrakt – sowa aňlamaklyk ýetginjegi işe ugrukdyrmak üçin ýeterlik bolmaýar. Göze gelimli orunlarda bolmak motiwleri (meselem, synpda iň oňat okuwçylaryň hatarynda bolmaga çalyşmak we şonuň üsti bilen beýlekilerden başga orny eýelemek) ýokary meýillendiriş güýjüne eýe bolýar. Ýöne özleşdirilýän bilim-düşünjelere höwesiň ýoklugynda okuwda gowy bahany esasy hasaplamak, okuw işiniň dargamagyna getirýär. Okamak gyzyksyz, agyr zähmete öwrülýär, bilim-düşünjeler formal görnüşde bolýar.

**Ýetginjegiň intellektual ösüşi.** Orta synplarda okuwçylar ylymlaryň esaslaryny öwrenmäge we özleşdirmäge girişýär. Çagalaryň öňünde bilim-düşünjeleriň uly göwrümini özleşdirmek wezipesi durýar. Özleşdirilmäge degişli material, bir tarapdan, okuw-akyl ýetiriş we pikirlenme işiniň mundan ozalkydan has ýokary derejesini talap edýär, ikinji bir tarapdan, ol bu hadysalaryň ösdürilmegine gönükdirilen bolýar. Okuwçylar ylmy düşünjeleriň ulgamyny, matematikada, fizikada, himiýada duşýan belgileriň aýratyn toplumyny özleşdirmeli, nazary jähetde pikir ýöretmäni öwrenmeli bolýarlar. Hut şu täze we obýektiw jähetde iň kyn okuw dersleri bilim-düşünjeleri özleşdirmegiň usullaryna täze talaplar bildirýär we intellektiň ýokary derejesi bolan nazary, refleksiw pikirlenmäniň ösüşine gönükdirilýär. Şeýle pikirlenme jahyllyk döwrüne häsiýetli bolup, ýöne ol kiçi ýetginjeklerde ösüp başlaýar.

Nazary pikirlenmäniň özboluşly aýratynlygy onuň gipotetiko-deduktiw (çaklama-deduktiw) häsiýetde, ýagny diňe umumy esaslara daýanyp çaklamalary gurmak we olary barlamak görnüşinde pikir ýöretmäge ukyplylygydyr. Bu derejede ähli pikir ýöretmeler pikir jemlemä çenli sözüsti görnüşde gidýär, onuň mazmuny bolsa adaty söz belgilerindäki aýtgylar ýa-da matematika ýaly ugurda ulanylýan aýratyn belgiler ulgamy bolýar. Ýetginjegiň pikirlenmesiniň ösüşindäki täzelik onuň intellektual ýumuşlara deslapdan pikir üsti çözülişi talap edýän hadysa hökmünde gatnaşykda bolmagydyr. Ýetginjek çagadan tapawutlylykda, ýumşuň seljermesini berlen maglumatlar-

da ähli mümkin bolan gatnaşyklary ýüze çykarmaga synanyşykdan başlaýar, olaryň baglanyşyklary barada dürli çaklamalary döredýär, soňra bu çaklamalary barlaýar. Intellektual ýumuşlary çözmekde çaklamalar – gipotezalar bilen işlemek başarnygy ýetginjegiň barlygy seljermekde möhüm gazanmasydyr. Çaklamalar boýunça pikirlenme ylmy pikir ýöretmäniň özboluşly instrumenti – guralydyr. Pikirlenmäniň ösüşiniň bu derejesiniň özboluşlylygy diňe abstraksiýalaryň ösüşinde bolman, ýetginjegiň ünsüniň, seljermesiniň we bahalandyrmasynyň predmetiniň onuň hususy intellektual operasiýalary bolýanlygyndadyr. Şonuň üçin şeýle pikirlenme refleksiw atlandyrylýar.

Mekdepde ylmy düşünjeleriň özleşdirilmeginiň özi-de okuwçyda nazary pikirlenmäniň kemala gelmegi üçin birnäçe obýektiw şertleri döredýän hem bolsa, ol ähli ýetginjeklerde kemala gelmeýär. Onuň real kemala getirilişi dürli okuwçylarda dürli derejede we hilde bolup bilýär. Nazary pikirlenme diňe bir mekdep bilim-düşünjeleriniň özleşdirilişinde kemala gelmeýär. Umuman, pikirlenmäniň bu derejesine ýetginjegiň öz intellektual operasiýalaryny aňlamagy we olary dolandyrmagy häsiýetlidir. Bu hadysa beýleki psihiki funksiýalar üçin hem häsiýetlidir. Sözleýiş hem gözegçilik edilýän we dolandyrylýan görnüşde bolýar, üstesine-de käbir şahsy ähmiýetli ýagdaýlarda ýetginjekler aýratyn dilewar we dogry gürlemäge çalyşýarlar. Bularyň ählisi kiçi mekdep ýaşlylar bilen deňeşdirilende ýetginjegiň ösüşinde täze we möhüm özgermelerdir.

Matematiki toplumdaky dersleriň materialynyň abstrakt (sowa) düşünje, jemleýji we logiki guralan häsiýeti özüniň deslapky özleşdiriliş döwründe, ýagny mugallym düşündirende ýokary derejedäki intellektual işjeňligi talap edýär. Teoremanyň subut edilişini edil beýik geografik açyşlar ýaly «ýöne diňlemek» bolmaýar. Meselem, geometriýa sapagynda bir minut ünsüň sowulmagy, mundan beýläkki ähli düşündirmeleri aňşyrmazlyga getirip bilýär; düşünmeklik şeýle sapaklarda haçanda materialyň özleşdirilişiniň her bir pursady mundan ozalky pikir ýöretmäniň logikasyna düşünilende we saklanylanda mümkin bolýar. Bolmasa, her bir indiki ädim düşnüksiz bolýar. Sowa-abstarkt, logiki jähtden guralan materialda uzakwagtlaýyn ünsi saklamak başarnygy hut ýetginjeklik ýaşynda ösýär. Ýöne bu başarnyk kem-kemleýin ösýär we ähli okuwçylarda birmeňzeş bolmaýar.

Kabul ediş hadysalarynyň intellektuallaşmagy islendik okuw materialyny, şol sanda onuň aýdyň görnüşini özleşdirmegiň möhüm şertidir: çyzgylary, shemalary, suratlary. Şeýle materiala ýeterlik üns bermezlik we onuň wajyplygyna kembaha garamak giňden ýaýran hadysadyr. Munuň öňüni almalydyr. Meselem, teoremany özleşdirmegiň hili çyzgyny «görmek», ony «okamak» başarnygyna baglydyr. Çyzgyny ýöne ýat tutmak we ony gaýtadan dikeltmek ýeterlik däldir. Diňe onuň bilen işlenilende, haçanda belli baglanyşyklar we garaşlylyklar ýüze çykarylanda ähmiýetli maglumat alyp bolýar. Çyzgynyň kabul edilişi diňe şeýle işde pikir ýöretme bilen aralaşdyrylýar we hil taýdan özgerýär. Islendik material bilen işlenilende, okuw-amaly ýumuşlaryň islendik görnüşi ýerine ýetirilende ýetginjekde pikir ýöretmä gönükdirilmäni döretmek we ösdürmek zerurdyr.

Ylmy düşünjeleri özleşdirmegiň prosesinde we netijesinde pikirlenmäniň täze mazmuny, intellektual işiň täze görnüşleri döredilýär. Nazary düşünjeleriň maksadalaýyk özleşdirilmändiginiň möhüm görkezijisi ýetginjegiň şeýle düşünjeleri talap edýän ýumuşlary çözüp bilmezligidir. Hut geometriýadan, fizikadan we himiýadan ýumuşlary çözmeklik köpsanly okuwçylarda kynçylyk döredýär (aýratyn-da, ilkibaşda): olar maglumatlary sözüsti sözleýşe geçirip bilmeýärler, olarda degişli kanunyň, düzgüniň, teoremanyň ýüze çykyşyny görmeýärler. Bilim-düşünjelerdäki formalizm (manysyna aralaşman, daşky aňlatmasyny ýat tutmak) ylmy düşünjeler özleşdirilende giňden ýaýran hadysadyr. Ol, haçanda, ählumumy aňlatma entek takyk köplüge we dürlülige daýanmaýan halatynda, ýetginjek ählumumylygy takyk ýüze çykmada görmegi öwrenmänkä bolýar.

Ynsanperwer – gumanitar dersler boýunça material özleşdirilende hem okuwçylar ylmy düşünjeleri, faktlaryň klassifikasiýalaryny özleşdirýär, baglanyşyklary we sebäp-netije garaşlylyklary görmegi, gysga häsiýetnamalary düzmegi we ýaýraň beýan etmeleri, netije çykarmagy öwrenýär. Şeýle materialy özleşdirmek matematiki toplumyň derslerine seredeňde onçakly kynçylyk döretmeýär, ýöne ýetginjekleriň köpüsi okuw materialy bilen işlemegiň dogry tärlerini özleşdirmändikleri üçin öý işlerini taýýarlamaga gözöňünde tutulanyndan has köp wagt sarp edýär.

Kiçi ýaşly ýetginjekleriň özbaşdak işiniň iň giňden ýaýran ýetmezçiligi materialy ýada ornaşdyrmaklyga gönükdirilme (düşünmeklige däl-de) we birnäçe gezek gaýtalamanyň üsti bilen ony ýat tutmakdyr. Bu uly zyýan ýetirýär. Ýöne, ýat hut ýetginjeklik döwründe intellektuallaşma gönükdirilmesinde ösýär. Aralaşdyrylan ýada ornaşdyrmanyň tärlerini ulanýan okuwçylaryň sany, şeýle tärleriň ätiýajy artýar we olaryň ulanylyşy has aňlanylan, erkli, maksada gönükdirilen bolýar. Ýada ornaşdyrmanyň tärlerini ulanmak, olaryň özleşdiriliş derejesi bilen ýada ornaşdyrmanyň we gaýtadan dikeltmäniň netijeliliginiň arasynda göni garaşlylyk bolýar.

Oňat ýada ornaşdyrýan we erbet ýada ornaşdyrýan okuwçylar topary mnemiki (ýat) işiň häsiýeti boýunça tapawutlanýarlar. Oňat ýada ornaşdyrýan bäşinji synplylar diňe bir daşky tärleri giňden ulanmakda çäklenmän, ýat beklemegiň birnäçe aralaşdyrylan ýollaryny-da ulanýarlar (assosiasiýalar, daýançlary ýüze çykarmak, many jähtden topara bölmek). Oňat ýada ornaşdyrýan sekizinji synplylara ýada ornaşdyrmanyň hut prosesinde aralaşdyrylan tärleri aňly, niýetli ulanmak, şeýle-de her bir materiala özboluşly tärleri agtarmak häsiýetli bolýar. Materialyň mazmunyny, onuň özboluşlylygyny we içki logikasyny seljermek merkezi orna geçip ugraýar. Ýetginjekleriň bir toparyna ýada ornaşdyrmagyň ýoluny saýlamakda çeýelik häsiýetli bolsa, beýlekiler haýsydyr bir usuly saýlaýar, käbirleri islendik materialy kadalaşdyrmaga we logiki işlemäge çalyşýar. Erbet ýada ornaşdyrýan bäşinji synplylar işde ünsüni jemläp bilmeýärler, olar intellektual jähtden işjeň däl, erbet ýada ornaşdyrýan sekizinji synplylarda bolsa mnemiki (ýat) iş stereotip (özgerişsiz birmeňzeşlik) we çeýe däl häsiýetde bolup, olaryň material bilen işleýşi döredijiliksiz, özboluşlylygy ýokdur. Olaryň ýeke-täk diýen ýaly ulanýan täri birsydyrgyn gaýtalamadyr. Pikirlenme ýada ornaşdyrma göýä gatnaşmaýan ýaly materialy sözme-söz ýat tutmaklyga gönükdirilme sözleýşiň kadaly ösmegi üçin-de uly päsgelçilikdir. Şeýle ýagdaýda pikiri öz sözleriň bilen aňlatmak başarnygy ösmeýär.

Materialy logiki jähtden işlemek ýetginjeklerde, köplenç, özakymlaýyn döreýär. Şeýle başarnyklary kemala getirmek mugallymlaryň ýörite wezipesine öwrülmelidir. Bu başarnyk diňe bir ýetişigi, bilim-düşünjeleriň çuňlugyny we durnuklylygyny ýokar-

landyrmaga zerur bolman, ýetginjegiň intellektiniň we ukyplarynyň mundan beläkki ösmegine mümkinçilik döredýär.

**Geljekki hünäre bolan gatnaşyk.** Ýetginjeklik ýaşy geljek barada çaga arzuwlaryndan saýlanyp, ol dogrusynda öz mümkinçilikleriňi we durmuş ýagdaýlaryňy nazarlap pikir ýöretmegiň we öz niýetleriňi amaly hereketlerde amal etmäge ymtylmanyň döreýän döwrüdir. Hünär niýetleriniň ösüşindäki şeýle öwrülişik ähli ýetginjeklerde bolmaýar; birnäçeleri doly ýagdaýda häzirki döwürde ýaşaýar we geljeki hünär barada az oýlanýar.

Köp zatlar ýetginjekde bellibir hünäre höwes döredip bilýär: öwrenmek, adamlar, kitaplar, kino, teleýaýlym, gezelenç (ekskursiýa). Ýetginjekler köp zatlar bilen gyzyklanýar, köplenç, birbada birnäçe ugra oriýentirlenýär, dürli gurnaklara gatnaşýar. Olar özüne ýaraýan hünäre romantiki öwüşgin berip, köpsanly kynçylyklary ünsden düşürýär, öz mümkinçiliklerine aşa baha berýär. Hünäre höwesiň we işjeň niýetiň kemala gelmegi üçin gurnaklarda täsirli guralan sapaklaryň ähmiýeti uludyr. Şeýle sapaklar ýetginjege öz höweslerini, mümkinçiliklerini, ýetmezçiliklerini aňlamaga kömek edýär. Özüňi işde barlamaklyk arzuwlaryňy amala aşyrmagyň hem-de ökünçleriň öňüni almagyň iň gowy usulydyr.

Ýöne köpsanly ýetginjekler üçin VII we VIII synplarda okalýan döwür geljek barada işjeň pikir ýöretmeleriň döwrüdir. Olaryň bir topary arzuwy herekete geçirmäge çalyşsa, beýlekileri özüni geljegiň dürli wariantlaryna baglanyşdyryp görýär, üçünjisi öz mümkinçilikleriniň hünäriň talaplaryna laýyklygy meselesini çözýär, dördünjisi hünäriň öz göz öňüne getirişine laýyklygyny aýdyňlaşdyrýar. Ýalňyşmak ähtimallygyndan gorky döreýär.

Çagalar höwes bildirýän hünärleri we okuw mekdepleriniň aýratynlygy barada mümkin bolan çeşmeden maglumat toplaýarlar, ýakyn ýoldaşlary bilen dürli meseleler dogrusynda pikir alyşýarlar, synpdaşlarynyň meýilnamalary bilen gyzyklanýar. Olaryň biri sagdyn pikir ýöredip, öz mümkinçiliklerini dogry bahalandyrýar, beýlekileri ukyp-başarnygyna ýokary garaýyşda bolýarlar. Käbir uly ýetginjeklerde düýpli şübhelenmeler döreýär we olar öz öňki arzuwyny çaga göwün ýüwürtmesi hasaplap, ondan ýüz öwürýär (amala aşyrylmasy kyn bolýandygy üçin). Wajyp we häzirki zaman hünärleri, gyzykly

we döredijilikli iş edinmek, hünäriň jemgyýetçilik ähmiýeti, geljekki işiň romantiki häsiýeti özüne çekýär.

Okuwyň tamamlanmagynyň golaýlamagy uly ýetginjekleriň geljek barada oýlanmalaryny işjeňleşdirýär. Olaryň bir toparyny on iki ýyllygy tamamlap, ýokary okuw mekdebine girmek gyzyklandyrsa, beýlekileri üçin ýörite orta hünärmen mekdepleri ähmiýetli bolýar.

## V. 9. Ýetginjeklik ýaşynda öz-özüňi aňlamagyň ösüşi

**Öz-özüňi aňlaýşyň sosial-dolandyryjy funksiýasy.** Çaganyň ýetginjeklik ýaşa gadam basmagy bilen onuň öz-özüňi aňlaýşynyň ösüşinde hil özgermeleri bolup geçýär. Ösüp ugran ululyk duýgusynyň we ulularyň onda ululygy ykrar etmeginiň täsirinde ýetginjekde uly adamyň pozisiýasy – orny kemala gelip başlaýar. Bu orun entek ýetginjegiň durmuşdaky obýektiw ýagdaýyna laýyk däl hem bolsa, onuň döremegi çaganyň subýektiw jähetde öz gurşawyndaky ulular, olaryň gymmatlyklary bilen täze gatnaşyklara goşulandygyny aňladýar. Ýetginjek bu gymmatlyklary işjeň özleşdirýär, olar onuň aňynyň täze mazmunyny düzýär, özüňi alyp barşyň we işiň maksatlary we motiwleri hökmünde, özüňe we beýlekilere talap, bahalandyryşyň we özüňi bahalandyrmagyň kriterisi-şerti görnüşinde hereket edýär. Öz-özüňi aňlaýyş mazmuny boýunça içki psihiki giňişlige geçirilen sosial aňdyr (L. S. Wygotskiý).

Kiçi mekdep ýaşly çagada özüň barada düşünje we öz-özüňi bahalandyryş köp derejede ulularyň, esasan-da, mugallymlaryň we ata-eneleriň bahalandyryşly pikir ýöretmeleri boýunça guralýar. Öz hususy aýratynlyklaryňy bilmäge isleg, özüňe höwes we özüň barada oýlanmalar ýetginjeklik ýaşyndaky çagalaryň häsiýetli aýratynlygydyr. Öz aýratynlyklaryňy we ýetmezçilikleriňi aňlamaga isleg, beýleki adamlaryň bildirýän we öz hususy talaplaryňa jogap bermek, gurşawdakylar bilen gatnaşyklary dolandyrmak zerurlygy esasynda döreýär. Öz şahsyýetini seljermäge ýetginjek özara gatnaşyklary we işi guramaga, häzirki döwürde we geljekde şahsy ähmiýetli gazanmalara ýetmäge serişde hökmünde ýüzlenýär. Özüň barada düşünje muňa şert bolup hyzmat edýär. Özüň barada oýlanmalaryň sosial-dolandyryjy funksiýasy ýetginjegiň ünsüni ilki öz ýetmezçiliklerine

gönükdirmeginde we olary ýeňip geçmek isleginde, soň-soňlar bolsa öz tutuş şahsyýetine ýüzlenmesinde we hususy mümkinçilikleri, artykmaçlyklary barada hasabat bermäge çalyşmagynda ýüze çykýar. Ýetmezçiliklere aýratyn üns bermeklik ýetginjeklik ýaşynyň bütin dowamynda saklanýar; köplerde özüňden nägile bolmaklyk artýar. Ýetginjegiň özi barada oýlanmasy erkli häsiýetde bolýar we içki özbaşdak hadysa öwrülip, ýetginjek tarapyndan kiçi mekdep ýaşly bilen deňeşdirilende zerur we täze gurluş hökmünde bahalandyrylýar.

Deň-duşlaryň toparynda hormatlanýan orny eýelemäge isleg we ýakyn ýoldaşlary, dosty tapmaga ymtylyş, ýetginjekde özi barada oýlanmalaryň döremegine möhüm itergidir. Köplenç, ol ýoldaşlarynyň kimdir biri bilen aragatnaşyklary, ýakymly deň-duşuň aýratynlyklary barada pikir edip, özi barada oýlanyp başlaýar. At-abraýly deň-duşlaryň artykmaçlyklary, ýoldaşlaryň bellikleri we nägilelikleri ýetginjegi özi barada düýpli oýlanmaga, öz hususy ýetmezçiliklerini, özünde ýoldaşlarynyň halaýan sypatlarynyň ýoklugyny görmäge we aňlamaga mejbur edýär. Ol şeýle sypatlary özünde jemleýänlere deňleşip başlaýar. Ýetginjegiň çagalar bilen dostlaşmaga, olaryň göwnüne ýaramaga meýli, olardan pes däl, deň hatarda bolmaga islegi, onuň deň-duşlara deňleşmäge ymtylmasynyň düýpli we giňden ýaýran motiwleridir.

Ýetginjekleriň köpüsi birbada birnäçe adama deňleşýär; öz hususy şahsyýetiň islenilýän keşbi dürli adamlaryň artykmaçlyklaryndan döredilýär: pikirde bir adamdan bir hili sypatlar, beýlekiden başga hili ýa-da birinji bilen meňzeş we ş. m. häsiýetler alynýar. Ýetginjekler ululara, özünden ekabyr çagalara we deň-duşlara (ýoldaşlar, synpdaşlar) deňleşýär; deň-duşlar uly orun tutýar. Nusgalaryň arasynda edebiýat gahrymanlary däl-de, real adamlar agdyklyk edýär. Özüniň deňleşmekçi bolýan adamlarynyň köpsanly artykmaçlyklarynyň we aýratynlyklarynyň arasynda sypatlaryň iki topary esasy orunda bolýar. Olar ahlak sypatlary we gaýduwsyzlyk sypatlarydyr; bularyň birinjisinde ýoldaşlyk sypatlary, ikinjisinde bolsa erklilik sypatlary (bular gyzlaryň-da ünsüni çekýär) esasy orunda bolýar. Bu sypatlar nusgalyk-ulularda we nusgalyk-çagalarda deň derejede ýüze çykarylýar, olar hem kiçi, hem uly ýetginjekler üçin göze gelimli bolýar.

Köpsanly ýetginjekler birbada ululara we deň-duşlara deňleşýär, üstesine-de, olaryň ikisinde-de şol bir ýa-da meňzeş sypatlara deňleşýär. Käbirleri, esasan, özünden ululara we deň-duşlaryna deňleşýär. Ýetginjek üçin özünden uly görünýän deň-duşlarynyň nusga bolmagy möhümdir. Şol mynasybetli şeýle deň-duş – nusga ýetginjegiň sypatlaryny edinmeginiň ýolunda ýetginjek bilen ulynyň arasynda göýä aralyk basgançak bolýar. Özünden has uly görünýän deň-duşa deňleşmek arkaly ýetginjek özüni uly adama golaýlaşdyrýar, oňa ahyrky maksada tarap hereket etmek ýeňil bolýar. Ýetginjekleriň köpüsi deň-duşdan görelde alanyny uly adamdan alanyndan ýeňil görýär. Ýetginjegiň deňleşmekçi bolýan nusgasynyň deň-duş çaga bolmagy örän möhümdir. Şeýle oriýentirlenmede deňeşdirme prosesiniň netijeliligine, şonuň bilen baglylykda öz hususy aýratynlykaryňy aňlamaga we bahalandyrmaga, özüňi terbiýelemäge zerur şertler döreýär; munuň sebäbi ýetginjek üçin özüňi deň-duş bilen deňeşdirmegiň (ululara seredende) we öz hususy ýetmezçilikleriňi, ilerlemeleriňi, üstünlikleriňi görmegiň ýeňil bolýandygy bilen baglydyr. Uly adam ýetilmesi kyn nusga, onuň sypatlary ýetginjeklerde bolmaýan durmuş ýagdaýlarynda we gatnaşyklarynda ýüze çykýar; deň-duş bolsa ýetginjege özüni real mümkinçilikleriniň derejesinde bahalandyrmaga, şeýle mümkinçilikleriň özüniň gös-göni deňleşip biljek çagasynda ornaşandygyny görmäge mümkinçilik berýän ölçegdir. Üstesine-de, nusga-ýoldaş bilen ýetginjek hemişe aragatnaşykda bolýar, özüne ýakymly sypatyň dürli ýüze çykmalaryny görmäge we hatda maslahat görnüşinde nusga-ýoldaşdan göni kömek almaga mümkinçiligi bolýar.

Ýoldaşlar we dostlar bilen aragatnaşykda bolmaklyk, ýetginjekde beýleki adama we özüne akyl ýetirmäge serişdäniň ösmegi, onda özi barada düşünjäniň kemala gelmegi üçin örän wajypdyr. Bu ýerde diňe bir özüňi beýlekiler bilen deňeşdirmek häsiýetdäki hususy synlanylmalar ähmiýetli däldir. Ýetginjeklik döwründe aragatnaşykda bolýan çagalaryň çygrynda (sepinde) möwç urýan özüňi alyp baryş, sypatlar we gatnaşyklar baradaky gürrüňlere çekişmelere esasy funksiýa, degişlidir. Şeýle çekişmedir pikir alyşmalarda ýetginjegiň akyl ýetiriş – bahalandyryş işini beýleki adamlar bilen bilelikde amala aşyrýandygy we bu işiň daşky sözleýiş jähetde ýaýbaňlanýandygy möhümdir.

Pikir alşylma gatnaşylmagy mynasybetli köp zatlar kemala gelýär: ýüze çykarmak, ahlak mazmuny, motiwleri, maksatlary we hereketleriň netijesini deňeşdirmek we bahalandyrmak, bahalandyrmalaryň, pikir ýöretmeleriň, subutnamalaryň dogrulygyny we nädogrulygyny görmek we aňlamak (özüňkileri we beýleki gatnaşyjylaryň) başarnygy döreýär. Bularyň ählisi beýleki adama we özüňe dogry düşünmek we bahalandyrmak üçin zerurdr.

Kiçi mekdep ýaşynyň ahyrynda çagalar okuw işi bilen bagly öz aýratynlyklaryny takyk aňlaýarlar we bahalandyrýarlar. Ýetginjeklik ýaşynda özüň barada düşünje giňeýär we çuňlaşýar, özüň barada pikir ýöretmelerde özbaşdaklyk artýar, ýöne çagalar özüni aňlaýşy we özüni bahalandyryşynyň takyklygy boýunça düýpli tapawutlanýarlar. Köpsanly ýetginjekleriň käbir öz hususy sypatlaryny bahalandyryşy ýokarlandyrylan we üstünlige ymtylyş derejesi real mümkinçiliklerinden ýokary bolýar. Şu sebäpden, kähalatlarda ýetginjekde daşyndakylaryň, meselem, mugallymyň özüne adalatsyz gatnaşykda bolýandygy barada düşünje döreýär. Bu ýagdaý ýetginjege şeýle bolup görünýän ýa-da mugallymyň haýsydyr bir sebäbe görä ýetginjegiň käbir sypatlaryna kembaha garaýandygy üçin bellibir derejede adalatly bolup hem bilýär. Soňky ýagdaý ýetginjekde dartgynlygyň we özboluşly aýratynlyklaryň döremegine getirýär: öýkeleme, şübhelilik, ynanmazlyk, kähalatlarda agressiwlik we hemişe bahalandyryşly pikir ýöretmelere ýokary duýgurlyk döreýär. Ilkinji, ýöne gaýtalanýan şowsuzlyklara ýetginjek, adatça gaharly reaksiýa döredýär, yzygider şowsuzlyklar bolsa onda özüne ynamyň gaçmagyna getirýär. Ýetginjekleriň bir toparynda üstünlige ymtylyş derejesi peselýär, beýlekilerde hökman kynçylyklaryň hötdesinden gelmek, munuň mümkindigini özüňe we «hemmelere» görkezmek meýli ýüze çykýar.

Adatça ýetginjekler ýakyn ýoldaşynyň aýratynlyklary barada öz hususy aýratynlyklaryna seredende, has ýeňil we doly görnüşde gürrüň berýär. Gatnaşyklar näçe ýakyn we aragatnaşygyň mazmun esasy köptaraplaýyn bolsa, ýoldaşyň aýratynlyklaryny bilmek şonça-da çuňdur. Ýetginjekden «Men ony gowy tanamaýaryn: men onuň bilen dostlaşamok!» ýaly aýtgylary eşitmek bolýar. IV – VIII synplaryň okuwçylarynyň köpüsiniň ýoldaşlarynyň özüne gatnaşygyny hem-de beýleki jynsyň wekili tarapyndan gatnaşygy dogry bahalandyryp bil-

meýändigi, ýörite derňewlerde ýüze çykarylandyr (ýöne özüňiň topardaky ornuňy bahalandyryp bilmezlik uly ýaşly okuwçylara hem mahsusdyr).

Ýetginjekde daşyndakylaryň ýokary bahasyna we oňat gatnaşygyna isleg aýdyň ýüze çykýar. Hut şonuň üçin ol özüniň sypatlarynyň we mümkinçilikleriniň, üstünliginiň hem-de şowsuzlygynyň bahalandyrylyşyna örän duýgur bolýar, özüni oňat tarapdan görkezmäge, özi baradaky pikirini ähmiýetli hasaplaýan adamlarynyň makullamasyny gazanmaga çalyşýar. Ýetginjegiň özüni ykrar etdirmek atlandyrylýan meýli örän köp görnüşlerde ýüze çykyp bilýär. Köpsanly çagalarda özüniň başarmaýanlygyny, bilmeýänligini görkezmekden gorkmaklyk ýygralygyň, utanjaňlygyň çeşmesi bolýar.

Özüniň hususy özbaşdaklygy barada aladalanmak ýetginjegiň häsiýetli aýratynlygydyr. Özbaşdaklyga dalaş etmegiň ulgamy ýyl geçdikçe depginli giňeýär. Dalaşgärlik diňe takyk hereketlere we gatnaşyklara däl, eýsem käbir saýlawlara, çözülişlere, pikirlere hem dahylly bolýar. Öýkünmeklik ýetginjekleriň köpüsine mahsus bolsa-da, olar haýsydyr bir nusgany göni gaýtalamagy halamaýar we şeýle hereketi «çagalygyň galyndysy» bahalandyrýar, ony ýoldaşlarynda ýüze çykaryp, onuň özünde bardygyny inkär edýär ýa-da dürli bahanalar bilen göwünsiz boýun alýar. Ýetginjek beýleki adamlaryň pikirinde we öz düşünjesinde öz hususy «menini», bahalandyryşy, pikir ýöretmesi bolan adam hökmünde bolmak isleýär. Öz hususy pikiri ýok ýoldaşyň igenji her kesiň göwnüne degýär. Ýetginjek indi käbir bahalandyrmalary we pikir ýöretmeleri şahsy, hususy garaýşy hökmünde aňlaýar we olar hut şu görnüşde beýleki adamyň – ulynyň, ýoldaşyň pikirine garşy goýlup bilinýär. Ýetginjekleriň çekişmedir dawalarynyň çeşmesi diňe real agzalalyk däl-de, öz pikiriňi gögertmäge ymtylmadyr. Ýetginjeklik ýaşda birnäçe meseleler, ilkinji nobatda, ahlak-etiki meseleler boýunça öz hususy ornuň – pozisiýanyň kemala gelmegi başlanýar.

**Öz-özüňi terbiýelemek.** Kiçi ýaşly ýetginjekler, köplenç, özüne gapdaldan seretmegi, öz hususy özüni alyp barşyny dolandyrmagy başarmaýarlar. Uly ýetginjeklere öz duýgy-emosional reaksiýalaryna we tutuş özüni alyp barşyna erk etmäge ymtylma häsiýetlidir. Köpler eýýäm özüňi saklamaklygyň ösen görnüşini, zerur bolanda hakyky

gatnaşygyňy, pikiriňi, şähdiňi (keýpiňi) gizlemek başarnygyny özlerinde jemleýär. Özüňi alyp baryşda goşa meýilnamalyk döreýär. Ýyl geçdigiçe özüňi guramaklyga ýykgynlylyk güýçlenýär. Dürli sapaklaryň manysy barada oýlanmalar döreýär. Öň bellenilişi ýaly, olar «zerur» we «zerur däl», «möhüm» we «möhüm däl» görnüşde tapawutlandyrylýar. Şeýle tapawutlandyrylyşyň arkasynda kemala gelip ugran şahsy gymmatlyklaryň ulgamy durýar. Wagtyň çalt geçýändigi duýulýar, ony bihuda sarp etmezlige, takyk meýilleşdirmäge ymtylma ýüze çykýar. Emma kabul edilýän çözgütler, köplenç, ýetginjegiň gös-göni meýillerine çaprazlykda bolup, şeýle meýiller üstün gelýär. Ýetginjekde «akyl» we «ýürek», köplenç, sazlaşykda bolmaýar. Köpsanly çagalar özleriniň hususy guramaçylyksyzlygyny erkiň ýoklugy bilen düşündirýär. Erki terbiýelemek ýetginjekleriň köp bölegi üçin birinji derejeli ýumşa öwrülýär. Beýleki sypatlar hem terbiýelenýär.

Ýetginjeklerde öz hususy ilerlemesine gatnaşyk, oňa gözegçilik, ýumuşlaryň amal edilmezligine lapykeçlik, özüňi köteklemek, özüňe tankyt döreýär. Derňewleriň görkezişine görä, VII – IX synp okuwçylarynyň köpüsi öz-özüňi terbiýelemek bilen meşgul bolýarlar. Ol entek hemmelerde yzygider häsiýetde bolmasa-da, onuň döremegi örän wajypdyr. Ýetginjeklik döwründe şahsyýetiň ösüşindäki möhüm täze pursat, ýetginjegiň işiniň predmetiniň onuň hut özüniň bolmagydyr: ol bir zatda özüni saklaýar, beýlekini özgerdýär, üçünjini täzeden döredýär. Ol bellibir nusgalara we takyk şahsy ähmiýetli ýumuşlara we şu günki günüň we geljegiň islegleri bilen bagly maksatlara oriýentirlenip, özüne özi täsir edip başlaýar, özüni özi döredýär. Täze sypatlary edinmek üçin özüňi özgertmäge gönükdirilen şeýle maksada ymtylmanyň we işiň döremegi ýetginjeklik döwrüniň özboluşlylygyny düzýär we şahsyýetiň ösüşinde hil taýdan täze tapgyra geçilmegini aňladýar.

# VI BAP
# IRKI JAHYLLYK DÖWRÜNIŇ PSIHOLOGIÝASY

## VI. 1. Jahyllyk sosial-psihologik hadysa hökmünde

**Jahyllyk düşünjesi we onuň ýaş araçäkleri.** Ýaş psihologiýasynda jahyllyk adatça jyns kämilliginden başlanýan we ululyk döwrüniň ýüze çykmagy bilen tamamlanýan ösüş tapgyry hökmünde kesgitlenýär. Ýöne, görnüşi ýaly, şeýle kesgitlenilişiň birinji araçäginiň fiziologik, ikinjisiniň sosial häsiýetde bolmagy, bu hadysanyň çylşyrymly we köpölçeglidigini görkezýär.

Jahyllygyň köpsanly taglymatlary bardyr. Biologik taglymatlar jahyllygy, ilkinji nobatda, organizmiň ewolýusiýasynyň bellibir tapgyry hökmünde seredip, hut ösüşin biologik prosesiniň ähli beýleki gurluşlary döredýändigini nygtaýar. Psihologik taglymatlar psihiki ewolýusiýanyň kanunalaýyklyklarynda, içki dünýäniň we öz-özüňi aňlaýşyň häsiýetli aýratynlyklarynda ünsi jemleýär. Psihodinamiki taglymatlar jahyllykda psihososial ösüşiň belli tapgyryny görýärler. Görkezilen taglymatlar jahyllyga, esasan, adamyň indiwid we şahsyýet hökmündäki ösüşiniň içki prosesi nukdaýyndan seredýärler. Bu ösüşiň sosial we medeni gurşaw ýaly aýgytlaýjy daşky döredijileri-de nazarlanylmasa, taglymat birtaraplaýyn bolýar. Jahyllygyň sosiologik taglymatlary ony, ilkinji nobatda, sosiallaşmanyň bellibir tapgyry, garaşly çagalykdan uly adamyň özbaşdak we jogapkärli işine geçmeklik görnüşinde kesgitleýärler. Bilermenleriň ünsi adamyň özleşdirmeli sosial rollarynda, onuň gymmatlyk ugrukmalaryny kemala getirmek, zähmet durmuşyna girişmek bilen bagly meselelerde jemlenýär; başgaça aýdylanda, indiwidual-psihologik meseleler sosial meselelerden getirilip çykarylýar.

Watan psihologiýasynda jahyllygyň meselesini toplumlaýyn, sosial-psihologik faktorlary we ösüşiň içki kanunalaýyklaryny nazarlap öwrenilmelidigi ýörelgesinden ugur alynýar. Bu örän kyndyr, çünki psihofiziologik ösüşiň tapgyrlary sosial kemallanmanyň möhleti bilen hemişe gabat gelmeýär. Akselerasiýanyň, fiziki ösüşiň çaltlanmagynyň netijesinde şu günki çagalar doly ösüşe mundan iki-üç ozalky nesillerden ortaça iki ýyl öň ýetýärler. Jyns kämilligi iki ýyl

öň başlanyp, öň hem tamamlanýar. Ikinji derejeli jyns alamatlarynyň döreýşine baglylykda, fiziologlar bu prosesi prepubertat (jyns kämilliginiň öňüsyrasy), pubertat (jyns kämilliginiň döreýän döwri) we postpubertat (jyns kämilligi kemala gelenden soňky döwür) atlandyrylýan üç tapgyra bölýärler; ýaş psihologiýasy ýetginjeklik ýaşy, adatça, başdaky iki tapgyr bilen baglanyşdyrýardy.

Akselerasiýa bilen baglylykda ýetginjeklik ýaşynyň çägi aşak süýşüp, indi ol 14-14,5 ýaşlarda tamamlanýar. Degişlilikde, jahyllyk hem ir başlanýar. Ýöne ösüşiň bu tapgyrynyň takyk mazmuny, ilkinji nobatda, sosial şertler bilen kesgitlenýär. Ýaşlaryň jemgyýetdäki orny, olaryň özleşdirmeli bilim-düşünjeleriniň möçberi we beýleki birnäçe faktorlar bu şertlere bagly bolýar.

Ilkidurmuş häsiýetli jemgyýetleriň köpüsinde ýaş aýratynlyklary gös-göni sosial aýratynlyklar bilen gabatlaşýar; sosiallaşmanyň esasy mehanizmi bir ýaşdaky adamlary birleşdirýän (iň bolmanda erkekleri) ýaş toparlary bolup, her bir şeýle topar diňe özüne mahsus sosial funksiýalary ýerine ýetirýär. Feodal jemgyýetinde sosializasiýa köp derejede ýetginjegi ýa-da jahyly gös-göni ululary işine goşmak arkaly amala aşyrylypdyr (daýhan hojalygynda kömekleşmek, barly adamlaryň eşiklerine serenjam berýän (paž) we rysarlar gatlagynda ýarag göteriji). Mekdep diňe bu amaly funksiýalaryň üstüni ýetirýän bolupdyr. Häzirki zaman jemgyýetinde zähmet we jemgyýetçilik işiniň çylşyrymlaşmagy bilen adamyň işlemän, esasan, okuw bilen meşgul bolýan taýýarlyk döwri köp derejede uzaldy. Bilim berşiň jemgyýetçilik zerur möhleti näçe dowamly bolsa, hakyky sosial kämillik şonça-da giç döreýär. Bu bolsa öz gezeginde jahyllyk döwrüniň uzalmagyna we umuman, ýaş araçäklerinde näbelliligiň döremegine getirýär.

Irki jahyllyk (14,5-17 ýaş) şeýle çylşyrymly döwrüň başlangyjydyr. Eýsem onuň häsiýetli aýratynlyklary nämeden ybarat?

**Fiziki ösüş.** Irki jahyllyk adamyň fiziki ösüşiniň tamamlanýan döwrüdir. Göwräniň uzynlygyna ösüşi ýetginjeklik ýaş bilen deňeşdirilende haýallaýar. Gyzlar doly ösüşe 16 we 17 ýaşlaryň aralygynda (gyşarma goşmak-aýyrmak 13 aý), oglanlar 17 we 18 ýaşlaryň aralygynda (gyşarma goşmak-aýyrmak 10 aý) ýetýärler. Agram artýar, oglanlar gyzlardan öňki ýaşlardaky yza galmasynyň öwezini dolýar-

lar. Muskul güýji örän çalt ösýär: 16 ýaşly oglan bu babatda 12 ýaşlydan tas iki esse üstün gelýär. Ösüş tamamlanandan, takmynan, bir ýyl soňra adam erkegiň kadaly muskul güýjüne ýetýär. Elbetde, köp zat dogry iýmit režimine we beden terbiýe maşklaryna bagly bolýar. Sportuň käbir görnüşlerinde irki jahyllyk ýokary gazanmalaryň döwrüdir.

Jyns ösüşi babatda bu ýaşdaky jahyllaryň we gyzlaryň köp bölegi eýýäm postpubertat döwründe bolýarlar. Käbir düşünjeleriň tersine, jyns kemallanmasynyň möhleti rasa (jynsa) we milli aýratynlyklara hem-de klimata bagly däldir. Ýöne iýmitlenişiň aýratynlygy we beýleki sosial-ykdysady faktorlar oňa täsir edýär. Mundan başga-da, orta statistiki we indiwidual-fiziologik kadanyň gabat gelmeýändigi nazarlanylmalydyr. Käbir adaty adamlar orta statistiki kadany öňürtiläp ýa-da yza galyp ösýärler. Depginiň şeýle gyşarmalaryny patologik ýagdaýlardan tapawutlandyrmak aňsat däldir.

**Ösüşiň sosial situasiýasy.** Jahyl çaga bilen ulynyň arasyndaky orny eýeleýär. Onuň ululara garaşlylygy çaga ornuny häsiýetlendirip, ol jahylyň iş-durmuşynyň esasy mazmunyny we gönükdirilmesini kesgitleýär. Çaganyň ýerine ýetirýän rollary ulularyňkydan hil taýdan tapawutlanýar we bu ýagdaýy iki tarap hem doly aňlaýar. Jahylyň iş-durmuşynyň çylyşyrymlaşmagy bilen sosial rollaryň we höwesleriň diňe bir mukdar ösüşi bolman, eýsem özbaşdaklygyň we jogapkärçiligiň ýokary derejeleri bilen utgaşýan hil özgermeleri döreýär. Jahyl 16 ýaşda pasport alýar, 18 ýaşda saýlaw we nikalaşmak (muňa käbir ýurtlarda 16 ýaşda rugsat edilýär) hukugyna eýe bolýar. Jahyl eden jenaýaty üçin jogapkär adama öwrülýär. Köpler bu ýaşda eýýäm zähmet işine başlaýar, hemmeler hünär saýlamak barada oýlanýar we ş. m. Maddy jähtden uly synp okuwçysy ata-enäniň eklenjinde bolýar. Bir tarapdan, mekdepde her ädimde onuň uly adamdygy ýatladylýar, başga bir tarapdan bolsa, ondan hemişe gulak asmaklyk talap edilýär. Bu ýagdaý mekdepden daşda hem bolýar, bu ulgamda diňe bir 16 ýaşlylary däl, eýsem 20 ýaşlylary-da uly hasaplamaýarlar. Eýelenýän ornuň (bir tarapdan, uly hasaplanylyp, beýleki tarapdan, hasaplanylmazlygy) we jahyla bildirilýän talaplaryň nämälimligi ösýän şahsyýetiň psihologiýasynda özboluşly şöhlelenýär.

Hünär saýlamak, zähmete we jemgyýetçilik işine taýýarlyk, nikalaşmaga we öz maşgalaňy döretmäge taýýarlyk jahyllyk ýaşynyň

möhüm wezipeleridir. Bu özara baglanyşykly wezipeleri amala aşyrmaklyk we olaryň amal ediliş möhleti jahyl ýigidiň işiniň aýratynlyklaryna baglydyr. Ählisi okuwçylardan ybarat bolýan ýetginjeklerden tapawutlylykda,16-18 ýaşly jahyllaryň bir bölegi ýörite orta hünärmen okuw mekdepleriniň talyplary hem bolup bilýärler. Jahyllaryň käbirleri okuwy öndürijilikli zähmet bilen utgaşdyrýarlar. Bu aýry-başgalyklar olaryň psihologiýasynda özboluşly şöhlelenme tapýandygy üçin olary terbiýeçileriň nazarlamagy zerurdyr.

**Akyl işiniň aýratynlyklary.** Adamyň umumy akyl ukyplary adatça 15-16 ýaşa çenli kemala gelýändigi üçin bu döwürde olaryň ösüşi edil çagalykdaky ýaly çalt bolmaýar. Ýöne olar kämilleşmegini dowam edýär. Çylşyrymly intellektual operasiýalary ösleşdirmek we düşünje ulgamynyň baýlaşmagy jahyllaryň we gyzlaryň akyl işine has durnukly we döredijilikli häsiýet berýär we bu babatda ony ulularyň işine golaýlaşdyrýar. Ýörite ukyplar, aýratyn-da, çalt ösýär. Bu ýagdaý höwesleriň gönükdirilmesiniň köpdürliliginiň ösmeginde jahylyň akyl işiniň gurluşyny kiçi ýaşlylara seredende, has çylşyrymly we özboluşly edýär. Bar bolan maglumatlara görä, oglanlarda akyl ukyplarynyň ýöriteleşmegi gyzlara seredende, has aýdyň ýüze çykýar. Ukyplaryň we höwesleriň ýöriteleşmegi beýleki indiwidual aýratynlyklary hem has aýdyň we amaly jähtden ähmiýetli edýär. Bulary hem-de ýokary synplylary hünäre taýýarlamak zerurlygyny nazarda tutup, uly synplarda okadylyşy indiwiduallaşdyrmagy güýçlendirmek arkaly okuwçylaryň özbaşdaklygyny ýokarlandyrmaly we umumy bilim berýän mekdebiň çäginde käbir ýörite dersleriň özleşdirilmegine mümkinçilik döretmeli (fakultatiw dersler, gurnak işi, ýöriteleşdirilen mekdepler). Bu mesele 12 ýyllyk orta bilime geçilmegi bilen girizilýän dersler mynasybetli köp derejede çözüldi. Ýöne ýörite ukyplaryň kemala getirilişiniň öz gezeginde okadylyşyň häsiýeti we gönükdirilmesi bilen kesgitlenýändigi nazarlanylmalydyr. Jahyllyk şahsyýetiň ýetişmeginiň we kemala gelmeginiň tamamlaýjy tapgyrydyr. Jyns kemallanmasy bilen bagly organizmde we daşky sypatda uly özgermeler, eýelenýän ornuň nämälimligi (indi çaga däl, ýöne entek uly hem däl), iş-durmuşyň çylşyrymlaşmagy we öz hereketleriňi talap-garaşmasyna laýyklamaly adamlaryň köpelmegi, jahyllyk ýaşynda gymmatlyga ugrukma işini düýpli işjeňleşdirýär. Isle, öz hususy

sypatlaryňa akyl ýetirmek, isle-de, täze bilim-düşünjeleri özleşdirmek, ulular we deň-duşlar bilen gatnaşyk bolsun, bularyň ählisinde jahyl olary bahalandyrmak barada aladalanýar we öz hususy özüni alyp barşyny aňly döredilen ýa-da özleşdirilen kriterileriň – şertleriň we kadalaryň esasynda guramaga çalyşýar. Bu, ilkinji nobatda, öz-özüňi aňlaýşyň ösüşinde ýüze çykýar.

## VI. 2. Öz-özüňi aňlaýşyň ösüşi

Öz-özüňi aňlaýyş çylşyrymly psihologik gurluş bolup: birinjiden, öz-özüňeligi aňlamagy, ikinjiden, öz «meniňi» işjeň başlangyç hökmünde aňlamagy, üçünjiden, öz psihiki häsiýetleriňi we sypatlaryňy, dördünjiden, sosial-ahlak özüňi bahalandyryşyň bellibir ulgamyny aňlamagy özünde jemleýär. Bu elementleriň ählisi funksional (hereketleniş) we genetiki (gelip çykyş) jähtden biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Ýöne olar birwagtda kemala gelmeýär. Ten-beden gurluşyň özüňe degişlidigini aňlamagyň başlangyç alamatlary eýýäm bäbekde ýüze çykýar; ol daşky predmetler bilen we öz hususy bedeniň döredýän duýmalaryny tapawutlandyryp başlaýar. «Meni» aňlamak, takmynan, üç ýaşda, haçanda çaga at çalyşmalaryny dogry ulanyp başlanda döreýär. Öz psihiki häsiýetleriňi we sypatlaryňy aňlamak we öz-özüňi bahalandyryş ýetginjeklik we jahyllyk ýaşynda uly ähmiýete eýe bolýar. Bu düzüjileriň ählisi özara bagly bolansoň, olaryň biriniň baýlaşmagy tutuş ulgamy özgerdýär.

**Öz hususy bedeniň keşbi.** Eýýäm, özüni ykrar etdirmek joşguny bilen ýaşaýan ýetginjekde özüniň hususy «menine» we onuň häsiýetlerine güýçli höwes döreýär. Ol öz fiziki keşbini we öz bedenini düýpgöter täzeçe kabul edip başlaýar. Bu işjeň höwes irki jahyllykda hem saklanýar. Özüniň günübirin özgerýän daşky keşbini endigan öwrenmekde jahyl oglanlar we gyzlar bu babatda güýçli ynjalyksyzlyk duýýarlar. Olaryň köpüsi öz keşbini özgertmäge meýilli bolýar. Jahyl üçin deň-duşlarynyň arasynda abraý we meşhurlyk gazanmaga mümkinçilik berýän sypatlar has ähmiýetli bolýar. Köpsanly jahyl oglanlary we gyzlary boýunyň pesligi, dolmuşlyk, ýüzdäki düwürtikler we ş. m. ynjalyksyzlandyrýar. Beden gurluşy giň kemallanýan oglanlar has-da agyr duýgulary başdan ge-

çirýärler; ikinji derejeli jyns alamatlarynyň (sakgal-murtuň çykmagy, eginleriň ulalmagy, sesiň ýognalmagy we ş. m.) döremeginiň gijikmegi diňe bir deň-duşlaryň arasynda abraýy peseltmän, eýsem şahsy kembahalyk duýgusyny döredýär. Şeýle duýgular, adatça gizlinlikde saklanylýar. Öz hususy bedeniň keşbi jahyllygyň öz-özüni aňlaýşynyň, ulularyň çaklaýşyndan has möhüm düzüjisidir. Kadaly ösüşiň ähli düzüjilerini we görnüşlerini bilmezlik köpler üçin hakyky «normanyň tragediýasyna» öwrülýär.

**Şahsy sypatlary aňlamak we özüňi bahalandyrmak.** Kiçi ýaşly çagalaryň öz-özüni aňlaýşy we öz-özüni bahalandyryşy, adatça ata-enelerinden we beýleki abraýly ululardan alýan bahasyny gaýtadan dikeldýär. Ýöne çaga ulaldygyça onuň özüni alyp barşy daşky bahadan öz-özüňi bahalandyryşa tarap özgerýär. Ýöne öz sypatlaryňy, aýratyn-da, batyrgaýlyk, gaýduwsyzlyk ýa-da özdiýenlilik ýaly çylşyrymly ahlak-psihologik sypatlary aňlamaklyk eýýäm emosional bahalandyryşy we deňeşdirmäni özünde jemleýär (öz akylyňy ýa-da owadanlygyňy diňe özüňi kimdir biri bilen deňeşdirip bahalandyrmak mümkin).

Edil ýetginjek ýaly, jahyl özüniň kimdigini, nämä durýandygyny, nämä ukyplydygyny bilmek isleýär. Öz-özüňi bahalandyryşyň iki usuly bardyr. Olaryň biri öz üstünlige ymtylyş derejäňi gazanylan netije bilen baglanyşdyrmak görnüşinde bolýar («eger-de men kyn ýagdaýda yza çekilmedik bolsam, diýmek, men gorkak däl; eger men kyn ýumşa ýapyşyp, onuň hötdesinden gelen bolsam, diýmek, men ukyply»). Ýöne jahyllyk durmuş tejribesiniň çäkliligi şeýle barlagy kynlaşdyrýar. Howply garagolluk, kelle göçgünlik ýaly ulularyň nukdaýnazaryndan ýerliksiz hereketler beýlekileriň gözüniň öňünde tapawutlanmak, meşhurlyk gazanmak meýli bilen däl-de, öz töwekgelçiligiňi, batyrlygyňy barlamak niýetinde amala aşyrylýar.

Öz-özüňi bahalandyryşyň ikinji ýoly sosial bäsleşme, özüň barada daşdakylaryň pikirlerini biri-birine baglanyşdyrmakdyr. Eýýäm ýetginjek daşyndakylaryň özi baradaky pikirlerine örän duýgur bolýar we olaryň berýän diňe bir bölekleýin bahalarynyň däl-de, eýsem bahalandyryş kriterileriniň-de (şertleriniň) aýry-başgalygyna göz ýetirýär. Synpdaşlaryň nukdaýnazaryndan gaýduwsyzlyk hasaplanylýan hereketi mugallym ýalan ýoldaşlyk atlandyrýar. Bu ýagdaý ýene-de bir

gezek özbaşdak oýlanmalary ähtibar saýlamak, barlamak zerurlygyny döredýär.

Öz hususy «meniň» keşbi, mälim bolşy ýaly, çylşyrymly we köpmazmunlydyr. Bu ýerde hakyky «men» (meniň şu pursatda özümi nähili görýänligim), dinamiki «men» (özümiň nähili bolmaga çalyşmagym), ideal «men» (öz ahlak düzgünlerimiň nukdaýyndan bolmaly durkum), fantastiki «men» (ähli zat mümkin bolanda bolmaga ymtylýan keşbim) hem-de «meniň» başga-da birnäçe göz öňüne getirilýän nusgalary. Hatda kämil şahsyýetiň-de öz-özüni aňlaýşy gapma-garşylyklardan azat bolman, ähli özüňi bahalandyrmalary takyk däldir. Jahyllykda ýagdaý has-da çylşyrymlydyr. Kähalatlarda jahyl öz-özüni synlamanyň we öz pikir dünýäsine üns gönükdirmäniň esasynda özüne akyl ýetirmäge synanyşýar. Refleksiýanyň ösüşi, özüňe ýokary höwes irki jahyllyga, umuman, mahsusdyr. Bu içgin gündelik ýöretmelerde (oglanlara seredeňde, gyzlarda has ir we ýygy), çeper edebiýatyň gahrymanlaryny özüňe «ölçegli deňemekde» (eger-de ýetginjek özüni gahrymanlaryň hereketleri bilen birleşdirýän bolsa, jahyl olaryň motiwleri we dugulary bilen birleşdirýär) we beýleki adamlaryň içki dünýäsine höwesiň artmagynda ýüze çykýar.

Käbir psihologlar jahyl refleksiýasynda adamyň üzňelikde bolmak, hakyky dünýäden arzuw-hyýallar dünýäsine geçmek howpuny «görüp», ony oňyn däl bahalandyrmaga ýykgyn edýärler. 15 ýaşlylaryň içki dünýäsi daşyndan näçe aladasyz görünýän-de bolsa, ol örän çylşyrymly we näzikdir. Psihiki saglygyň kadalary olarda ulularyňkydan başgarakdyr. Oglanlarda we gyzlarda umumy galagoplulygyň derejesi kiçi ýaşlylara seredeňde has ýokarydyr. Şahsyýetiň bozulmagy – depersonalizasiýa we psihiki kesekileşmek hadysasyny pubertat ýaşynda görmek bolýar. Çagalyk bilen hoşlaşmak çagalaryň bir böleginde haýsydyr bir zadyň ýitirilmegi, öz hususy «meniň» hakyky dälligi, ýekesireme, düşnüksizlik we ş. m. görnüşinde syzylýar.

Ýöne bu zatlara aşa ähmiýet bermek zerur däldir. Jahyllygyň kynçylyklary bu, ilkinji nobatda, boýuň kadaly ösüşiniň kynçylygydyr. Ýöne ol ösýän şahsyýet tarapyndan üstünlikli ýeňlip geçilýär we üstesine-de, onuň agyr geçirilmesi hemme jahyllara häsiýetli bolmaýar. Umuman alnanda, jahyllyk bagtly ýaş. Durnukly egoizm we öz içki dünýäňe öwrülmek howpy diňe özünde newrotizmiň alamat-

lary bolanlarda ýa-da mundan ozalky ösüşiň oňaýsyzlyklary sebäpli (özüňi pes hormatlamak, beýleki adamlar bilen gatnaşygyň seýrekligi), bu sökküllere ýykgyn edýänlerde bolýar. Tejribeli mugallym şeýle çagalary oňaýly we amatly aragatnaşyga goşmak arkaly, olara netijeli kömek edip bilýär. Ýöne olara islendik basyş we ýaşaýyş-durmuşyna gödek gatyşmaklyk diňe goşmaça psihologik şikes döredýär. Sagdyn ahlak gurşawda, agzybir synp kollektiwiniň şertlerinde terbiýelenýän jahyl oglanlarda we gyzlarda psihologik öz-özünelik we refleksiýa aragatnaşyga hiç hili päsgel bermän, eýsem onuň çuňlaşmagyna we onuň saýlanylma häsiýetiniň ösmegine ýardam edýär.

Özüňi seljermäni öz pikiriňe maksatsyz gümra bolmak bilen gatyşdyrmaly däldir. Özüňi gaýtalanmaz şahsyýet hökmünde açmaklyk, bu şahsyýetiň bütin ömründe ýaşamaly bolýan sosial dünýäni açmak bilen aýrylmaz baglydyr. Jahyllyk refleksiýasy, bir tarapdan, öz hususy «meniňi» aňlamak («Men kim? Men nähili? Meniň ukyplarym nähili? Men nämäniň esasynda özüme hormat goýup bilerin?»), beýleki tarapdan, özüňiň dünýädäki ornuňy aňlamak («Meniň durmuş idealym nämeden ybarat? Meniň dostlarym we duşmanlarym kim? Men kim bolmak isleýärin? Meniň özüm we daşky dünýä oňat bolar ýaly men näme etmeli?»). Eýýäm ýetginjek ilkinji özüne gönükdirilen sowallary goýýar (hemişe aňlanylan häsiýetde bolmasa-da). Ikinjiden, has umumy dünýägaraýyş görnüşdäki sowallary jahyl goýýar; öz-özüňi seljerme onda sosial-ahlak özüňi kesgitlemäniň elementine öwrülýär. Bu özüňi seljerme, jahylyň aglaba durmuş meýilnamalary ýaly, köplenç, hyýaly häsiýetdedir. Ýöne hut özüňi seljermä islegiň bolmagy ösen şahsyýetiň zerur sypaty we öz-özüňi maksada gönükdirilmeli terbiýelemäge taýýarlykdyr. L.N.Tolstoýyň «Ýaşlyk» powesti onuň öz gündelikleri bilen deňeşdirilende, awtoryň hemişe özünden kanagatlanmazlyk, öz öňünde goýýan kyn, kähalatlara çaga häsiýetli wezipeleriniň hötdesinden gelip bilmezlik ýaly, başdan geçirmeleri bilen utgaşýan içki galagoply dünýäsine biygtyýar duýgudaşlyk döreýär. Ýöne bu öz-özüňi seljermäniň çuňlugy şahsyýetiň çylşyrymlylygyny şöhlelendirýär, özüňe ýokary talaplaryň bildirilmegi bolsa geljekki gazanmalaryň esasy şertleriniň biri bolýar.

Jahyllyk refleksiýasynyň çuňlugy we hyjuwlylygy köpsanly sosial (sosial gelip çykyş we gurşaw, bilim derejesi), indiwidual-tipo-

logik (introwersiýanyň we ekstrawersiýanyň derejesi) we terjimehal (maşgala terbiýesiniň şertleri, deň-duşlar bilen gatnaşygy, okamagyň häsiýeti) faktorlara bagly bolup, olaryň özara utgaşmasy entek ýeterlik öwrenilen däldir. Eger-de jahyllaryň bir bölegi ýekelige ýykgyn edýän bolsa, beýlekileri, tersine, ýekelikde bolmakdan gaçýar, gysga wagt hem ýeke galyp bilmeýär; bu ýagdaý aragatnaşygyň olar üçin öz hususy meselelerinden gaçmaga serişde bolup hyzmat edýändigi (elbetde, aňlanylmaýan häsiýetde) barada pikir döredýär. Bu meseleler refleksiýanyň ýetmezçiligi zerarly jahyl tarapyndan ýeterlik derejede aňlanylmaýar. Jahyllaryň esasy köplügi haýsydyr orta zolakda bolýar. Terbiýeçi bu aýry-başgalyklary bilmeli we nazarda tutmalydyr.

**Özüňi hormatlamak we onuň funksiýalary.** Binýady köp derejede jahyllykda tutulýan şahsyýetiň möhüm sypaty bolan özüňi hormatlama, özüňi jemlenen häsiýetde bahalandyrmak, özüňi şahsyýet hökmünde kabul etmegiň ýa-da kabul etmezligiň derejesidir. Ýokary özüňi hormatlama başgalara göwnüýetmezçiligi ýa-da özüňe tankydy garaýşyň ýoklugyny aňlatmaýar. Ol adamyň özüni beýlekilerden erbet ýa-da pes saýmazlygyny, onuň özüne oňyn gatnaşykda bolýandygyny aňladýar. Özüňi pes hormatlama, tersine, özüňden hemişe kanagatlanmazlygy, özüňi ýekirmegi, öz güýjüňe ynanmazlygy aňladýar.

Uzakwagtlaýyn üstünlikler ýa-da şowsuzlyklar ýokarlandyryp ýa-da peseldip bilýän hem bolsa, özüňi hormatlamanyň şol bir şahsyýete mahsus derejesi bölekleýin özüňi bahalandyrmadan otnositel durnuklydyr. Ata-enäniň baryp irki çagalykdaky gatnaşygy, deň-duşlaryň arasyndaky orny we ş. m. ýaly faktorlar özüňi hormatlamanyň kemala gelmegine täsir edýär. Jahyllykda öňki gymmatlyklaryň üzül-kesil özgerýändigi we öz şahsy sypatlaryňy täzeçe aňlamak bilen baglylykda öz hususy şahsyýetiň baradaky düşünje gaýtadan seredilmä sezewar edilýär. Jahyllar ýokarlandyrylan, hakyky däl daknyşyk etmeleri öňe sürýär, öz ukyplaryna, kollektiwde eýeleýän ornuna we ş. m. aşa baha bermäge ýykgynlyk edýär. Şeýle ýerliksiz özüňe göwnüýetijilik, köplenç, ulularyň-da (deň-duşlaryň hem) gaharyny getirýär, konfliktleri we göwnügeçijiligi döredýär. Diňe köpsanly ýalňyşma-düzedilmeleriň esasynda ýaş ýigit öz hakyky mümkinçiliklerine göz ýetirýär (adatça, mekdebi tamamlanlaryndan soňra).

Özüňe göwnüýetijilik näçe ýakymsyz bolsa-da, psihologik jähtden özüňi pes hormatlama has howpludyr. Ol adamyň özi baradaky düşünjesini gapma-garşylykly we durnuksyz edýär. Özüni hormatlamasy pes jahyl oglanlar we gyzlar aragatnaşykda kynçylyk çekýärler we haýsydyr bir ýalan bahanany öňlerine tutup, daşyndakylardan gaça durmaga çalyşýarlar. Şeýle ýalan orundan hereket etmeklik içki dartgynlylygy ýokarlandyrýar. Şeýle adamlar tankyda, gülkä, käýinje, daşyndakylaryň özi barada näme pikir edýändigine adatdan daşary ynjalyksyzlanýarlar. Adamyň özüne hormaty näçe pes bolsa, ol şonça ähtimallykda ýekelikden ezýet çekýär. Özüňi pes hormatlama şahsyýetiň sosial üstünlige ymtylyşyny peseldýär, ony ýaryş häsiýetli işlerden çetde durmaga meýillendirýär. Şeýle adamlar öz güýjüne ynanmaýanlygy üçin goýlan maksada ýetmekden, köplenç, ýüz öwürýärler. Bu bolsa öz gezeginde olaryň pes özüni bahalandyryşyny berkidýär.

Özüňi pes hormatlama ýygralyk däldir. Eger-de mugallym okuwçylaryň haýsydyr birinde özüňi pes hormatlamanyň alamatlaryny görse, ol bu howply hadysany togtatmaga, jahyl özüniň sosial we adamçylyk gymmatlylygyna anyk delil alar ýaly ýagdaý döretmäge çalyşmalydyr. Bu babatda möhüm pedagogik usullaryň biri uly synply okuwçyny kiçi ýaşlylara kömekçi hökmünde berkidip, oňa öz işiniň jemgyýetçilik ähmiýetini duýmaga mümkinçilik döretmekdir.

## VI. 3. Aragatnaşyk we emosional durmuş

Jahyl öz-özüňi kesgitlemek meselesini ýekelikde däl-de, ata-eneler, deň-duşlar bilen aragatnaşygynda, olaryň goldamagynda çözýär.

**Awtonomiýa we ata-eneler bilen özara gatnaşyga ymtylma.** Baryp ýetginjek özünde oýanýan ululyk duýgusynyň esasynda ulularyň her ädimde öz üstünde goragly atalap durmalaryndan ýüz öwrüp, ata-ene bilen gatnaşygyny özgerdip, deňlik esasynda guramaga çalyşýar. Bu ýörelge jahyllyk döwründe hem dowam edýär. Eýsem gazanylýan awtonomiýanyň takyk derejesi we tebigaty nämeden ybarat? Jahyllyga hemişe hemmelere garşy durýan we nesilleriň konfliktini döredýän hadysa görnüşinde seredýän birtaraplaýyn taglymatlar bu ýaşyň sosial-psihologik derňewine oňyn däl täsirini ýetir-

di. Hakykat-da bolsa, atalaryň we çagalaryň özara gatnaşygy, jemgyýetçilik özgermeleriniň depgini we häsiýeti, maşgalanyň gurluşy, tertip-düzgüni goldamagyň häsiýeti hem-de usuly we ş. m. ýaly sosial şertleriň tutuş toplumyna bagly bolýar. Terbiýäniň kemala getirilýän şahsyýetiň hususy ymtylmalaryna ýol bermeýän awtoritar ulgamy, hakykatdan-da, konfliktleri döredýär; şeýle oňyn däl hadysalar demokratik terbiýede ýeňlip geçilýär. Ýöne jahyllyk döwründe çaganyň ata-ene bilen özara gatnaşygynda bolup geçýän düýpli özgermelere göz ýumýan bilermenler hem mamla däldir.

Häzirki zaman psihologiýasy özüňi alyp baryş awtonomiýany (jahylyň şahsy özüne dahylly meseleleri özbaşdak çözmäge islegi we hukugy), emosional awtonomiýany (ata-eneden garaşsyz saýlanylýan hususy sulh almaklyga bolan isleg we hukuk), ahlak we gymmatlyk awtonomiýany (öz hususy garaýyşlaryňa isleg we hukuk) tapawutlandyrmak bilen ösýän ýaşlaryň awtonomiýasy baradaky sowaly takyk goýýar.

Ilki bilen ýetginjekler boş wagtlary ulgamynda, bellibir çäklerde, özüňi alyp baryş awtonomiýasyny gazanýarlar. Meselem, şäher okuwçylarynyň köpüsi boş wagtyny mekdepden we öýden daşda geçirmäge höwes bildirýärler. Oba mekdebiniň şäher mekdebine seredende, peýdaly zähmet bilen utgaşýan medeniýetli wagt geçirmegiň merkezi bolmaga mümkinçiligi köpdür; bu babatda teatrlar, klublar, nowçalar öýi we ş. m. şäher mekdebine üstýetiriji we onuň bilen bäsleşikde bolýarlar. Çagalar boş wagtyny ulular bilen däl-de, deň-duşlary bilen geçirmegi halaýar.

Emosional awtonomiýa uly kynçylyklar bilen utgaşýar. Jahyllar özlerinde bolup geçýän özgermeleri ata-eneleriň aňşyrmaýandygyny, syzýan duýgularyndan bihabar bolýandygyny öz ýanyndan belleýärler. Ýokary synplynyň içki dünýäsiniň ata-ene üçin ebedilik ýapylmagy üçin ulularyň sähelçe salyhatsyz gatnaşygy ýeterlikdir. «Saňa kim gowy düşünýär?» diýen sowala jogap berenlerinde jahyllaryň we gyzlaryň aglaba bölegi dostlaryny we deň-duşlaryny ileri tutýarlar. Eger-de ýetginjeklik ýaşy tertip-düzgün babatda kynçylyk döredýän bolsa, jahyllyk ýaşy çagalaryň ata-eneden kesekileşmegini döredýän köpsanly emosional meseleler bilen utgaşýar. Bu döwürde ata bilen özara gatnaşyk has çylşyrymlaşýar. Watan we daşary ýurtly

psihologlaryň derňewleriniň görkezişine görä, bu ýaşda ene çagalara ata seredende, has ýakyn bolmagynda galýar. Ýöne ata-eneler bilen gatnaşyklaryndaky sowuklyk we olardan gizlin saklanýan zatlaryň döremegi, olaryň biri-birine gatnaşygynyň kesilýändigini aňlatmaýar. Jahyl çykan çagalaryň içki pynhan dünýäsine zor salmazdan, iki tarap üçin hem zerur we emosional ýakymlylygy hem-de özara düşünmegi saklamaklyk ata-enäniň duýgurlygyna we salyhatlylygyna bagly bolýar.

Irki jahyllyk döwründe ahlak özüňi aňlaýyş döreýär. Hut şu döwre hem ahlagyň konwensial atlandyrylýan täze derejesine geçilmeklik häsiýetlidir (Л.Колберг). *Belli psiholog Ž.Piaženiň pikiriçe, häzirki zaman jahyl oglanlary we gyzlary relýatiwistik (otnositel, çendan) atlandyrylýan ahlak pozisiýasynda (ornunda) bolýarlar. **Bu pozisiýada ahlak meselelerine has pähimli we çuňňur garaýyş bolup, ol «hakykat absolýut häsiýetli däl, ol mümkingadar köpsanly adamlara peýda getirýän görnüşde bolmaly» mazmundaky pikir ýöretmede jemlenýär.

Ahlak gönükdirilmeleri we gymmatlyk ugrukmalary ulgamynda jahyllar özüniň awtonomiýa hukugyny daşyndakylaryň ykrar etmegini işjeň talap edýärler. Kähalatlarda özüniň originallyga – gaýtalanmazlyga dalaş etmegini berkitmek üçin adatdan daşary gapma-garşylykly garaýyşlar aýdylýar. Ýöne, hakykatda, ata-enäniň täsiri bu ýerde aýgytlaýjy bolmagynda galýar. Moda, sulh, wagty geçirmek ýaly ýüzleý meselelerde nesilleriň arasyndaky tapawut örän göze ilginç bolýar. Käbir terbiýeçileriň jalbaryň giňligini, saçyň uzynlygyny ýa-da tansyň ritmini administratiw dolandyrjak bolmagy hiç kime ähmiýeti bolmadyk agzalalyklary döredýär. Ýöne syýasy garaýyşlar, dünýägaraýyş, hünär saýlamak ýaly saldamly meselelerde ata-enäniň at-abraýy dostlardyr deň-duşlaryňkydan has täsirli bolýar. Halkymyzyň özeni durmuş wezipeleriniň umumylygy uly nesliň öňdebaryjy däp-ýörelgelerini ösüp gelýän ýaş nesle geçirmegi ýeňilleşdirýär.

**Kollektiwiň bähbidine ugrukma (kollektiwizm) we toparlaýyn durmuş.** Irki jahyllyk diňe bir öz-özüňi seljerme ýaşy däl, eýsem iň bir «kollektiwleýin» ýaşdyr. Kiçi ýaşly ýetginjege kollektiwiň durmuşyna gatnaşmak, beýlekiler bilen bile bolmak ýeterlik bolýar.

---

* *Немов Р. С.* Психология: В 3 кн., Кн. 2. – М., 2000, с. 236.

** *Обухова Л. Ф.* Концепция Жана Пиаже: за и против. – М., 1981, с.158.

Uly synply okuwçy üçin deň-duşlar tarapyndan kabul edilmeklik, özüniň topara gerekdigini duýmak, onda bellibir at-abraý, hormat gazanmak has möhümdir. Kollektiwde pes at-abraý, adatça, galagoplulygyň ýokary derejesi bilen baglanyşykly bolýar; deň-duşlarynyň hormatyny gazanyp bilmeýän jahyllarda öz şahsyýetini özgertmek islegi başgalara seredende has işjeňdir.

Sosiometrik barlaglaryň görkezişine görä, synplarda kem-kemden bellibir polýarlaşma (gyraklaýyn orunlar) bolup geçýär: bir tarapdan, has adyganlar («ýyldyzlar»), başga bir tarapdan, has pes saýlaw alýanlar ýüze çykýar. Üstesine-de, bu status, aýratyn-da, meşhur dällik, örän durnukly bolýar we synpdan synpa geçýär. Bu ýaryş, bäsleşik pursadyny güýçlendirýär we birnäçe psihologik meseleleri döredýär. Bu babatda rowaçlykda bolýan jahyllarda hem meseleler ýüze çykýar. Käbirleriniň meşhurlygy salyhatsyz, meselem, synpyň wäşisi, rollara esaslanýan bolup, bu ýagdaý ýokary synplarda olaryň hut özünde özüňden göwnüň geçmek duýgusyny döredýär we özüniň şahsyýetine laýyk däl häsiýetde kabul edilip başlaýar. Eýsem, özüňi ýoldaşlaryň garaşmalary «basmarlaýarka» öňki roly nähili özgertmeli? Beýleki rolda öňki ýaly öwrendikli meşhurlygy gazanyp biljekmi? Hut şu sebäpden hem jahyllykda öz topar statusyň bilen kanagatlanmazlyk we öz-özüňi bahalandyrmagyň nätakyklygy ýygy-ýygydan duş gelýän hadysadyr.

Uly synply okuwçynyň aragatnaşygynyň çäginiň giňelmegi we iş-durmuşynyň çylşyrymlaşmagy, onuň agza bolýan ýa-da öz gymmatlyk ugrukmalaryny we öz-özüni bahalandyryşyny (referent toparlar) baglanyşdyrýan kollektiwleriniň sanynyň artmagyna getirýär. Bu, birinjiden, guramaçylykly mekdep kollektiwleri (synp, ýaşlar guramasy), ikinjiden, guramaçylykly, ýöne mekdepden daşdaky kollektiwler (sport jemgyýetleri, klublar, nowçalar öýündäki gurnaklar), üçünjiden, şahsyýetara gatnaşyklarynyň prosesinde döreýän resmi däl, tötänleýin toparlardyr. Toparlaryň diňe köplüginiň özi şahsyýetiň öňünde bularyň haýsy birine degişli bolmagyň ähmiýetliligi barada sowal goýmak bilen bellibir rollaýyn konfliktleri döredip bilýär (meselem, eger-de sport jemgyýetine we mekdebe degişli borç-wezipeleri saýlamaly bolsa). Dürli toparlaryň talaplary biri-birine çapraz gelýän bolsa, ýagdaý has-da çylşyrymlaşýar.

Terbiýeçilik işinde tötänleýin köçe toparlarynyň we ülpetler üýşmeleňiniň täsirlerini nazarlamak örän möhümdir. Käbir pedagoglara bulara göz ýummaklyk ýa-da olary tötänleýin hadysa hasaplamak meýli bolýar. Bu zyýanly ýalňyşmadyr.

Mekdep ösüp gelýän nesliň ähli ýaşaýyş-durmuşyny öz içine alyp bilmeýär. Şonuň üçin ýaşlar guramalarynyň syýasy, sport, medeni ýaly görnüşleriniň işi onuň üstüni ýetirýär. Ýöne aragatnaşygyň bu guramaçylykly görnüşleri ýaşlaryň tötänleýin, resmi däl toparlara bolan islegini togtadyp bilmeýär (mekdepde döreýän dostluk toparlary ýa-da howly, köçe birleşmeleri). Guramaçylykly synp kollektiwlerinden tapawutlylykda, tötänleýin toparlar, adatça, dürli ýaşdaky ýaşlary özünde jemleýän we öz sosial düzümi boýunça garyşyk bolýar (oňa diňe okuwçylar däl-de, başgalar hem gatnaşýar). Düzüminiň giňligi we ulularyň üznüksiz çäklendiriji gözegçiliginiň ýoklugy, şeýle toparlaryň ähmiýetini jahylyň gözüniň öňünde ýokarlandyrýar. Eger-de ýetginjeklerde tötänleýin toparlar mekdep içindäki kollektiwleriň özboluşly üstüni dolduryp, iki toparyň-da liderleri şol bir çagalar bolýan bolsa, uly synplarda ýagdaý özgerýär. Jahylyň köçe toparyndaky at-abraýy onuň mekdep synpyndaky statusyna, köplenç, çaprazlykda bolýar.

Şeýle gapma-garşylyk düýpli pedagogik mesele döredýär. Köçe toparlaryny ulgamlaşdyrýan gymmatlyklar kähalatlarda sosial jähtden sagdyn bolmaýar, liderçilik bolsa terbiýeli çagalara degişli bolmaýar. Şeýle toparlaryň jenaýatçylykly birleşmelere öwrülýän wagtlary-da seýrek bolmaýar. Şeýle ýagdaýda jahyl ýaşyna mahsus konformlaýyn özüňi alyp baryş (biygtyýar ýagdaýda başga biriniň erkdir pikirine tabyn bolmak) oňyn däl rol oýnaýar. Ululardan garaşsyz durmuşa ymtylýan jahyl deň-duşlarynyň toparyndan daýanç we goldaw agtarýar. Ýöne ol öz içki dünýäsinde entek özbaşdak bolmansoň gapdal psihologik täsirlere çalt yrylýar. Topara degişlilik duýgusy jahyl üçin toparda kabul edilen gymmatlyklaryň mazmunyndan has ähmiýetli bolýar. Ol özüniň şeýle degişliligini goramaga hemişe taýýar bolýar. «Ähli oglanlar (ähli gyzlar) şeýle edýärler» mazmundaky delil onuň üçin islendik hereketi oňlamaga esasdyr. «Ähli» diýmek jahylyň öz hususy toparyny ýa-da onuň öýkünýän deň-duşlaryny aňladýar.

Tötänleýin toparlary we olaryň alamatlaryny (özboluşly sözleýiş (žargon), özüňi alyp baryş nusgasy, estetiki sulh, moda) ýok etmä-

ge synanyşyk, adatça netije bermeýär. Üstesine, aragatnaşygyň bu görnüşiniň (bozgaklar topary göz öňünde tutulmaýar) ugurtapyjylygy we gaýduwsyzlygy terbiýelemekde oňyn sosial funksiýasyny ýerine ýetirýändigini hem inkär etmek bolmaýar.

Tötänleýinligiň oňyn däl täsiriniň öňüni almak üçin guramaçylykly kollektiwleriň işine hyjuwly işjeňlik we özbaşdaklyk bermek zerurdyr. Bu babatda mekdebiň ýaşlar guramasy hem öz täsirli goşandyny ýetirip biler.

**Dostluk**. Jahyllyk döwründe kollektiwleýin iş-durmuşyň ähmiýetiniň ýokarlanmagy bilen bir hatarda, indiwidual içgin dostluga isleg üzül-kesil güýçlenýär. Baryp Ž.Russo aladaly gurşawda terbiýelenen ýaş adamda ilkinji döreýän duýgy söýgi däl-de, dostlukdyr diýip ýazýar. L.N.Tolstoý özüniň hususy terjimehaly görnüşinde ýazan «Çagalyk. Ýetginjeklik. Jahyllyk» trilogiýasyndaky baş gahrymanyň dostlugyny ýaşlygy jahyllykdan aýry-başgalaýan simwoliki çäk hasaplaýar.

Dosty işjeň agtarmaklyk eýýäm ýetginjeklik ýaşynda başlaýar. Ýöne jahyllyk dostlugy has durnukly we çuňdur. Kiçi ýaşly ýetginjegi dosty bilen, esasan, umumy höwesleri we bilelikdäki işi baglanyşdyrýar we bu dostluk beýlekiler üçin ýapyk bolýar. Jahyllyk dostlugy içginligi, emosional ýürekdeşligi, dogruçyllygy birinji orunda goýýar. Öz-özüňi aňlaýşyň ösüşi we oňa mahsus bolan gapma-garşylyk jahylda «içiňi dökmeklige», öz duýgularyňy paýlaşmaga güýçli isleg döredýär. Şonuň üçin dosta öz hususy alter ego (beýleki «men») görnüşinde düşünilýär.

Elbetde, dostluk barada jahyl düşünjesi we onuň içginliginiň real derejesi dürli adamlarda meňzeş däldir. Gyzlarda, olaryň ir jyns kemallanmasy bilen baglylykda, içgin dostluga bolan isleg oglanlardan öň döreýär. Eger-de, ýaşlary deňeçer oglanlarda we gyzlarda dostlugyň idealy deňeşdirilse, gyzlarda dostluga bildirilýän talaplar oglanlaryňkydan ýokary bolýar. Has uly ýaşlarda şeýle tapawut ýok diýen ýalydyr. Indiwidual aýratynlyklar hem örän uludyr. Olaryň bir topary ýeke-täk jübüt dostlugy ykrar edip, hakyky dostuň diňe bir bolýandygyny nygtaýar. Başga birlerinde iki we ondan köp dost bolýar. Bir ýagdaýda dostlugyň öňüsyrasynda oňa aňlanylan we hyjuwly isleg döreýär; bu isleg ýekelik duýgusynyň we emosional ýürekdeşligiň

ýetmezçiligi esasynda ýüze çykýar. Başga bir ýagdaýda çuňňur dostluk çagalyk ýoldaşlygyndan kem-kemden we endigan kemala gelýär. Ýöne her bir ýagdaýda onuň gymmaty örän ýokarydyr.

Dostluk ilkinji özbaşdak saýlanylýan şahsy bagry badaşma hökmünde bellibir derejede söýgi ýaly ýürek birleşdirilmesiniň hem öňüsyra ýagdaýy bolup bilýär; dostlugyň ýokary emosional häsiýeti hem şunuň bilen baglydyr. Bu babatda A.I.Gerseniň pikiri üns bererlikdir: «Men näme üçin birinji söýginiň ýada salynmasynyň ýaşlyk dostlugynyň hakyda getirilmesinden ileri tutulýandygyna düşünmeýärin. Birinji söýgi jyns aýry-başgalygyny unudýanlygy üçin şeýle näzik we hyjuwlydyr. Jahyllaryň arasyndaky dostluk öz mazmunynda söýginiň howruny we onuň tutuş häsiýetini özünde saklaýar; edil söýgüdäki ýaly söz bilen öz duýgularyňa galtaşmakdan gorky, edil şonuň ýaly özüňe ynamsyzlyk, ýersiz wepalylyk, edil şonuň ýaly aýralygyň ezýet beriji küýsegi we edil şonuň ýaly ýeke-täklige gabançly meýil».*

Käbir günbatar alymlary häzirki zaman jahyllarynyň we gyzlarynyň söýgüsi baradaky maglumatlary geçmişdäki romantiki dostlugyň mysallary bilen deňeşdirip, biziň döwrümizdäki ýaşlarda çuňňur dostlukly gatnaşyklaryň has ýüzleý toparlaýyn ülpetlik bilen çalyşýandygyny belleýärler. Şeýle pikiriň düýpli esasy ýokdur. Birinjiden, şahsyýetara gatnaşyklary hiç wagt birmeňzeş bolan däldir. Dostlukly ysnyşmanyň çuňlugy we içginligi şahsyýetiň refleksiw ukybynyň derejesine (bu bolsa bilim dereje bilen baglydyr) we onuň emosional durmuşynyň aýratynlyklaryna hem baglydyr. Şonuň üçin öňki döwrüň jemgyýetiň ýokary gatlagyndan bolan intelligent jahyllarynyň dostlugy baradaky maglumatlary häzirki ýaşlaryň köpçülikleýin pikir sowalnamasy esasynda alnan maglumatlar bilen deňeşdirilmesini ylmy subutnama hasaplamak bolmaz. Ikinjiden, adamlaryň duýgularynyň garyplaşýandygyna şikaýat etmek örän gadymydyr (baryp Aristotel: «Hakyky dostlar indi ýok!» diýip belläpdi) we bu duýgularyň sosial gymmatlylygyna şaýatlyk edýär. Üçünjiden, jahyllaryň toparlaýyn durmuşy we dostluk dürli psihologik funksiýalary ýerine ýetirýär we biri-birini çalşyryp bilmeýär.

Jahyllyga ylalaşyklyk däl-de, barlyşyksyzlyk mahsusdyr. Oňa öz-özüňelikde bolmak, özüňi açmaklyga teşnelik häsiýetlidir. Ýöne

---

* *Герцен А. И.* Былое и думы. Соч., т. 4. – М., 1956, с. 82

adam entek özüni amaly işde tapýança onuň özi baradaky düşünjesi bellibir derejede ýaýraň we durnuksyz bolýar. Hut şonuň üçin jahyllar özlerini «kesekiniň» rollaryny oýnamak, bilgeşleýin ýa-da bilmezlikden, özüňi inkär etmek arkaly barlamaga ýykgyn edýärler. Jahyl ahyryna çenli dogruçyl bolmak isleýär, düşünmeklige işjeň çalyşýar (bu babatda çeper eserlerde häli-şindi duş gelýän: «Bagt – bu, haçanda, saňa düşünilende bolýar» diýen pikir häsiýetlidir), özüniň içki dünýäsini aňladyp bilmeýändiginden ezýet çekýär. Özüňe ynanmazlyk, öz gezeginde, aragatnaşykda «özüňi ýitirmek», gülkünç görünmek gorkusyny döredýär.

Duýgulary, arzuwlary, ideallary, özüň barada gürlemegi öwrenmegi baglanyşdyrmaga mümkinçilik berýän içgin dostluk uly ähmiýete eýedir. Häziki zaman jahyllary uly gürlemekden we lälikligiň ýüze çykmalaryndan çekinýär. Olaryň dostluk aragatnaşygy kähalatlarda nygtalma häsiýetde real we gönümel bolýar. Ýöne bu synlaýjyny aldawa salmaly däldir. Adamlaryň aragatnaşygynda kommunikasiýanyň obýektiw many-mazmuny bilen onuň emosional ähmiýetiniň arasynda göni garaşlylyk hemişe ýokdur. Iki onunjy synplynyň ýeke-täk diýen ýaly ümlüklerden durýan telefon gürrüňi daşyndan diňleýän ululara bimany, ýürege düşgünç görünýär; ýöne ulular bu söhbetde esasy zadyň logiki mazmun däl-de, emosional-duýgy bolup durýandygyny aňşyrmaýarlar. Şonuň üçin synpdaş dostlaryň sözleýşiniň esasy manysy söz we sözlemlerde däl-de, birek-birege duýgynyň inçe öwüşginlerini ýetirilýän äheňlerde, säginmelerde beýan edilýär.

15-16 ýaşly jahyl oglanlar we gyzlar dostlugy ynsan gatnaşyklarynyň iň möhümi hasaplaýar. Jahyl dostlugynyň ýokary emosionallygy ony bellibir derejede göwün ýüwürtmä golaýlaşdyrýar. Jahyl diňe bir özüni dostlukda ideallaşdyrman, eýsem dostlugy özünde ideallaşdyrýar. Onuň dosty barada düşünjesi, köplenç, özüniň real «menine» seredende, ideal «menine» golaýdyr. Sulhy alýan adamlarynyň keşbi başga bolsa-da jahylyň gözüne özüne meňzeş bolup görünýär. Dostluga bildirilýän talaplar örän ýokary bolansoň, real özara gatnaşyklar ýeterlik derejede ýakyn däl ýaly görünýär. Güýçli emosional köňül berilmä mätäç jahyl, ony döredýän adamyň real häsiýetlerini kähalatda görmeýär. Kähalatlarda deň-duş ýa-da uly ýaşly bilen birtaraplaýyn gyzyklanmalar dostluk hökmünde kabul edilýär.

Dostda agtarylýan alter ego (beýleki «men») öz hususy «meniň» aňlanylmaýan isleglerini şöhlelendirýär. Biri dostda, esasan, öz «menine» ykrarnama agtarýar; beýleki adam onuň üçin özüniň keşbini görüp bilýän aýnanyň ornunda bolýar. (Birek-birege ýürek açmak häsiýetdäki gürrüňlerde taraplaryň her biri üçin garşydaşyny diňläninden öz duýgulary barada aýtmak has gyzykly görünýär). Ikinji biri, tersine, dosty bilen özüni birleşdirýär we özüni unudyjylykly diýen ýaly onuň duýgulary bilen ýaşap başlaýar. Üçünji biri dosta öýkünmek we psihologik goranyş we ş. m. üçin nusga agtarýar. Dosty saýlamaklyk we onuň bilen özara gatnaşygyň häsiýeti hut şeýle aňlanylmaýan psihologik isleglere bagly bolýar.

Ýokary synplylar, köplenç, edil ähli beýleki ýaşdaky adamlar ýaly öz jynsyndan bolan deň-duşlary bilen dostlaşmagy halaýar. Ýaş tapawudy bir-iki ýaşdan ýokary bolmaýar. Ýöne köpsanly jahyllarda, aýratyn-da, gyzlarda uly ýaşlylar bilen dostlaşmaga isleg bolýar. Jahyl oglanlaryň we gyzlaryň köpüsi kiçi ýaşly çagalar bilen işleşmekden uly kanagatlanma alýarlar. Ýöne kiçiler bilen gatnaşyklar goşmaça häsiýetde bolup, ol deň-duşlar bilen dostlugyň ornuny tutup bilmeýär. Eger-de jahyl oglan ýa-da gyz kadaly umumy ösüşde ýakyn dosty diňe özünden kiçi ýetginjeklerden saýlaýan bolsa, şeýle saýlaw, köplenç, mejbury we deň-duşlar bilen aragatnaşygyň kynçylyklarynyň öwezini dolýan häsiýetde bolýar. Munuň sebäbi ýygralyk, ýokary derejelere daknyşyk etmek ýa-da başga bir zat bolup bilýär. Jahyl oglanlaryň we gyzlaryň dostlugynyň aratapawudy entek ýeterlik öwrenilen däldir. Aýallar dostlaşmaga ukypsyz bolýar diýen gadymdan gelýän düşünje psihologik derňewlerde tassyklanan däldir. Ýöne gyzlaryň çendenaşa duýgurlygy, olaryň inçe psihologik öwüşginlere ähmiýet bermäge ýykgynlygy we beýlekiler durnukly gatnaşyklary saklamagy kynlaşdyrýan bolmagy hem ähtimaldyr; bu babatda, esasy zatlarda özara düşünişmeklik bilen çäklenilýän erkekleriň «gödek» dostlugynyň durnukly boljakdygy tebigydyr.

**Söýgi we jynslaryň özara gatnaşyklary.** Ýetginjeklik ýaşynda çäklendirilen oglanlar bilen gyzlaryň arasyndaky özara gatnaşyklar irki jahyllykda düýpli işjeňleşýär. Ýoldaşlyk gatnaşyklarynyň çygry giňeýär; bir jynsdan durýan toparlar bilen bir hatarda garyşyk toparlar peýda bolýar. Jahyllarda, aýratyn-da, gyzlarda garyşyk dostluga

isleg güýçlenýär. V – VII synplarda ýygy-ýygydan ýüze çykýan çaga söýgüsi bilen bir hatarda (gözleriňi sataşdyrmak, hat alyşmak, sulhuňy aýtmak, kähalatlarda posa alyşmak), 15-16 ýaşly ýetginjeklerde ilkinji hakyky söýgä we çuň duýga isleg döreýär. Ýokary synplaryň birinde ähli okuwçylaryň söýüşýändigi, beýlekisinde şeýle gatnaşygyň ýekejesiniň-de ýoklugy meseläniň düýplüligini peseltmeýär. Jynslaryň özara gatnaşyklary terbiýäniň esasy meseleleriniň birine öwrülýär. Bu gatnaşyklaryň oglan we gyzyň biri-birine yhlasly gatnaşygy ýa-da has giň ýoldaşlyk we şahsy özara hereketler görnüşde bolmagy mundan ozalky terbiýä we kollektiwiň ahlak klimatyna bagly bolýar.

Türkmen jemgyýetiniň erkekleriň we aýallaryň deňhukuklylygy düzgünine esaslanýan ruhy klimaty, olaryň bile okadylmagy, zähmet we jemgyýetçilik işi dogry sosial-ahlak ugrukmany kemala getirmegi ýeňilleşdirýär. Ýöne şeýle amatly şertlerde hem irki jahyllykda jynslaryň aragatnaşygy bellibir psihologik kynçylyklar bilen utgaşýar. Ilkinji nobatda, irki çagalykdan gaýdýan jyns rollarynyň tapawutlandyrylmasy öz täsirini ýetirýär. Ähli ýaşlardaky oglanlar we gyzlar dürli oýunlary oýnamaga göwünjeň bolýarlar we oýunda ýoldaş hökmünde öz jynsynyň wekilini saýlaýar. Oglanlar her daýym özleriniň «artykmaçlygyny» duýdurmaga ýykgyn edýär (olarda bu gatnaşyk köp derejede ulularyň: «Sen erkek ahyryn! Erkek özüni şeýle alyp baryp bilermi?» ýaly ynandyrmalary esasynda döreýär). «Harmandäli gyz» bu gün hiç kimde çekinmeklik döretmeýär. Ýygra, «ejem ogly» oglan ulularda-da, deň-duşlarda-da nägilelik döredýär. Deň-duşlary tarapyndan ret edilen gyz oglanlar bilen dostlaşyp bu ýetmeziniň öwezini dolup bilýär. Jahyl üçin bu mümkin däldir; diňe öz jynsyndan bolan deň-duşlar onuň «erkekligini» ykrar edip bilýär.

Çuňňur aragatnaşykda bolmak we özara düşünişmek mümkinçiligi psihologik we jynslaryň umumy kemallanmagyndaky aýry-başgalyklar sebäpli hem kynlaşýar. Ýetginjek synplarynda gyzlar öz ýaşytdaş – oglanlaryndan diňe bir fiziki däl, eýsem akyl jähtden hem bellibir derejede öňde bolýar. Ýokary synplarda bu tapawut aradan aýrylyp, ýöne oňa derek ýörite ukyplardaky we höweslerdäki durnukly jyns aýry-başgalygy ýüze çykýar. Eger-de oglanlarda predmet we tehniki höwesler agdyklyk etse, gyzlary içki dünýäniň meseleleri we adamlaryň özara gatnaşyklary gyzyklandyrýar. Deň-duşlary bilen gatnaşyklarynda olara

özara hereketleriň emosional tarapy has ähmiýetli bolýar; şol bir wagtda düzümi öz jynsyňdan bolan topara goşulmak islegi oglanlarda has güýçli bolup, gyzlarda bu isleg 15 ýaşdan soňra peselýär.

Jyns kemallanmasy ähli jahyllyk duýgularyna we höweslerine, köplenç, aňlanylmaýan, jyns öwüşginini berýär. Mesele diňe «fiziologik isleglerde» däldir. Kämil jyns söýgüsi duýgy (erotiki) meýliň we çuňňur şahsy aragatnaşykda bolmaga we söýýäniň bilen birleşmäge islegiň sazlaşykly bitewüligidir. Ýöne bu iki meýil bir wagtda döremeýär. Gyzlar fiziologik jähtden ir kemallanýan-da bolsa, olarda hoşamaýlyga, emosional duýgudaşlyga isleg fiziki ýakynlyga islegden has güýçlüdir. Oglanlarda, köplenç tersine, duýgy-erotiki meýiller ir döreýär. Ruhy içginlikde bolmak islegi oglanlarda gyzlardan gijräk ýüze çykýar we ilki öz jynsyndan bolan, durmuş gatnaşyklarynyň umumylygy birleşdirýän dostuna gönükdirilýär. Hut şu ýagdaý hem jahyl aňynyň ikimazmunlylygyny döredýär. Bir tarapdan, jahylyň aňy özboluşly ýaýraň erotizmden doly bolýar; käwagt jyns fantaziýalary hyýaly ýa-da real obrazda şahslaşýar; bu obraz başga ynsan sypatlary bolmadyk diňe jyns obýekti hökmünde kabul edilýär. Başga bir tarapdan, jahyla, özünde inçe duýgulary döredýän gyza örän çekinjeň we päk gatnaşyk mahsusdyr.

Eksperimental barlaglaryň görkezişine görä, 15-18 ýaşly jahyllar we gyzlar biri-birleri bilen gatnaşyklarynda psihologik kynçylyklar, galagoplulyk we dartgynlyk syzýan hem bolsalar, jahyllarda bu dartgynlyk gyzlardan has ýokary bolýar. Gyzlaryň özlerini has ynamly duýmagy, bellibir derejede olaryň has ir kemallanmagy bilen bagly bolmagy-da ahmaldyr. Köp medeniýetlerde gyza söýgiňi bildirmekde, esasan, oglanyň ugurtapyjy bolmagy kabul edilendigi üçin, jahyl kynçylyk çekýär, bu ýagdaýda özüni nähili alyp barmalydygyny bilmeýär.

Jyns kemallanmasynyň has irki döwürlere süýşmegi mekdep «romanlarynyň» sanynyň tebigy köpelmegini we salyhatlylyk derejesiniň ýokarlanmagyny döredip, şonuň bilen baglylykda mugallymyň pedagogik ussatlygyna ýokarlandyrylan talaplary bildirýär. Lukmançylyk-gigiýenik jyns sowatlylygy ýokarlandyrmak bilen bir hatarda hertaraplaýyn ahlak terbiýesi zerurdyr; şeýle terbiýe gadagan edilmelere we jyns meselelerini göýä ýok ýaly, ünssüz galdyrmaklyga syrykdyrylyp bilinmez.

Meşhur pedagog A.S.Makarenko öz döwründe ynsan «söýgüsiniň ýönekeý zoologik jyns meýilleriniň jümmüşinden getirilip çykarylyp bilinmejegini» ýazýar: «Söýüşilýän» söýginiň güýjüni diňe jyns öwüşginsiz ynsan sulhunyň tejribesinden tapmak bolar. Ýaş ýigit, eger-de öz ata-enesini, ýoldaşlaryny, dostlaryny söýmedik bolsa, ol hiç haçan öz gelinligini we aýalyny söýüp bilmez. Şeýle jyns öwüşginsiz söýgüniň zolagy näçe giň bolsa, jyns söýgüsi şonça-da zyba bolýar».*

Täze psihologik barlaglar bu pikiri doly tassyklaýar. Adamyň özüne bolan gatnaşygy bilen onuň beýleki adamlara bolan gatnaşygynyň arasynda bellibir baglylygyň bardygy öňden mälimdir. Ösen öz-özüni aňlaýşy we özüne ýokary hormaty bolan adamyň dostlugy öz-özüni «ret» edýän adamyňkydan has durnuklydyr. Şeýle baglylyk jyns gatnaşyklary ulgamyna hem häsiýetlidir: özüne hormaty ýokary adamdan tapawutlylykda, özüni ýeterlik hormatlamaýan adam aýala köplenç, diňe jyns obýekti görnüşdäki gatnaşykda bolýar. Köptaraplaýyn ynsan gatnaşyklaryna we özara düşünişmäge ukyplylyk bagtly söýginiň we maşgala durmuşynyň möhüm binýat şertidir. Duýgulary terbiýelemegiň möhümligi ýaşlary zähmete taýýarlamak wezipesinden pes däldir.

## VI. 4. Jemgyýetçilik işjeňligi we dünýägaraýşyň kemala gelmegi

**Höwesler we ruhy islegler.** Häzirki zaman jahyllaryny we gyzlaryny olaryň XX asyryň 30-40-njy ýyllardaky deň-duşlary bilen deňeşdireniňde ýaşlaryň umumy medeni derejesiniň, intellektual höwesleriniň köptaraplaýynlygynyň ýokarlanandygyny görmek bolýar. Teleýaýlym, radio, kino, internet, ylmy-populýar neşirler mynasybetli ýokary synplylara ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlary gelip gowuşýar. Psihologik derňewiň maglumatlary oňat ýetişýän ýokary synplylaryň ylmyň, tehnikanyň, medeniýetiň we sportuň iň täze gazanmalaryndan habarlylygynyň mugallymyňkydan pes däldigini, aýry-aýry ýagdaýlarda bolsa öz halypalarynyňkydan üsserligini görkezýär. Bu, umuman, tebigy ýagdaýdyr: ylmy-tehniki rewolýusiýanyň eýýamynda her bir indiki nesil özünden öňdäkiden has bi-

* *Макаренко А. С.* Книга для родителей. – Соч., т. IV., с. 246.

limli bolmalydyr. Ýaşlarda uly ýaşlylara seredeňde boş wagty geçirmegiň hem has manyly gurluşy bardyr. Ýokary synplylaryň köpüsi ylym, ýurduň syýasy, medeni durmuşy we halkara gatnaşyklary, sport, sungat bilen işjeň gyzyklanýarlar. Kitap okamak, kinofilmlere we telegepleşiklere seretmek, sporta gatnaşmak, syýahat we beýleki köpsanly pişeler olaryň höwes bilen meşgullanýan zatlarydyr. Jahyllaryň fizika, matematika, himiýa we beýleki derslerden olimpiadalara köpçülikleýin gatnaşmagy olaryň ylma bolan höwesiniň işjeň, döredijilikli häsiýetdedigini görkezýär. Jahyl oglanlar we gyzlar ylmy dünýägaraýşy döretmek üçin aýratyn ähmiýetli bolan sosial meseleler (jemgyýeti öwreniş, filosofiýa) bilen hem gyzyklanýarlar.

Ýöne jahyllyk döwrüni birtaraplaýyn ideallaşdyrmak hem nädogrudyr. Bu ugurda ýaşuly nesli ynjalyksyzlandyrýan birnäçe meseleler hem bardyr. Henize çenli şäherde we obada, dürli sosial gurşawda terbiýelenýän jahyl oglanlaryň we gyzlaryň höwesleriniň ösüş derejesinde bellibir aratapawut saklanýar. Jemgyýet we döwlet bu deňsizligi aradan aýyrmak ýa-da kemeltmek üçin ähli tagallalary edýär. Ýöne meseläniň gutarnykly çözülişi wagt talap edýär. Mekdebiň, aýratyn-da, şäher mekdebiniň medeni-terbiýeçilik işiniň merkezi roly bellibir derejede peselýär. Mugallymyň öz orny-da çylşyrymlaşdy. Bir wagtlar ol obada iň bir sowatly, onda-da ýeke-täk sowatly adam bolup, diňe mugallym ady oňa uly at-abraý berýärdi. Bu günki günde ol beýleki hünärleriň adamlary ýaly özüne zerur bolan at-abraýy özüniň şahsy sypatlary bilen gazanmaly we saklamaly bolýar. Munuň ýeňil iş däldigi öz-özünden düşnüklidir.

Kähalatlarda häzirki zaman ýaşlarynyň höwesleriniň ýoňsuz giňligi, onuň ýüzleýlige, ähli zada ýokardan seretmeklige ýykgynlygy, özüň özbaşdak tapmaga derek taýýar bilim-düşünjeleri özleşdirmek endigine getirmek howpy barada gürrüň edilýär. Ýöne bu köp derejede okatmagyň usullaryna we häsiýetine baglydyr. Ýokary synply jahyllar, adatça, okatmagyň işjeň we özbaşdak görnüşlerini ileri tutýar we mekdep bu islegi kanagatlandyrmalydyr.

Pikirlenmäniň «tehnikiligi» we ynsanperwer medeniýete, edebiýata, sungata kembaha garamaklyga ýykgynlylyk hem oýlandyrýar. Bu hadysanyň günübirin öňüni almak zerurdyr. Ýörite guramaçylykly gidiş bolaýmasa muzeýlere öz islegiňe baryp görmegiň seýrekligi, saz

ulgamynda onuň klassiki görnüşinden soňky döredilenlerini ileri tutmak we beýlekiler agzalan meseleleriň üstüni ýetirýär.

Bu meseleler ýaş aýratynlygy däl-de, sosial meselelerdir. Bilimiň derejesindäki we maşgala şertlerindäki aratapawutlar ýaş aýratynlygyndan has agramlydyr.

**Gymmatlyk ugrukmalary we jemgyýetçilik işjeňligi.** Irki jahyllyk sosial işjeňligiň has depginli ösýän döwrüdir.

Garaşsyz ýurdumyzyň jahyl oglanlary we gyzlary içki we halkara durmuşyň wakalary bilen diňe bir gyzyklanman, eýsem hut özleri täze jemgyýeti gurmagyň işjeň gatnaşyjylary bolmaga çalyşýarlar. Ýöne okaýan ýaşlaryň ulularyň zähmet durmuşyna real gatnaşmak möçberi çäklidir. Maglumatlardan görnüşine görä 1906-njy ýylda doglan adamlaryň 16 ýaşa çenlileriň üçden biri işleýän bolup, 20 ýaşa çenli ähli jahyllar diýen ýaly zähmet durmuşyna başlapdyr. Olaryň şu döwürdäki ýaşytdaşlarynyň köp bölegi entek okaýar. Bu häzirki zaman ýaşlarynyň artykmaçlygy we ýyl geldikçe sowatly adamlary talap edýän jemgyýet üçin obýektiw zerurlykdyr. Ýöne bu ýagdaý, şol bir wagtyň özünde, sosial kämilligiň giç kemala gelýändigini aňladýar.

Ululygyň kriterileriniň – şertleriniň köpdürlüliginde, olaryň hatarynda bilim almagy tamamlamak, özbaşdak zähmet işiniň başlanmagy, ata-enelerden maddy garaşsyzlyk, raýat kämilligi, goşunda gulluk etmek, nika baglaşmak, ilkinji çaganyň bolmagy ýaly şertler durýar. Bu wakalaryň bir wagtda döremeýändigi üçin adam özüni birbada däl-de, kem-kemden uly hökmünde duýýar. Ýöne görkezilen şertleriň arasynda iň wajyby zähmet işiniň başlanmagydyr.

Okuw işleriniň ýüklemeleriniň ýetikliginde, uly synplylar onuň bilen çäklenmän, elýeter zähmet işine ymtylýarlar we onuň amaly peýdasy bilen bir hatarda özüňi ykrar etdirmek ähmiýetini duýýarlar. Tomusky oba hojalyk işleri, ekspedisiýalara we gurluşyga, jemgyýetçilik düzgünininiň gözegçiligine gatnaşmak, garrylara we kiçi ýaşly okuwçylara howandarlyk we beýlekiler jahyllaryň we gyzlaryň zähmet işine goşulmagynyň gutarnykly bolmadyk görüşleridir. Türkmen gyzlarynyň esasy köplüginiň ir döwürden keşde çekmek, tikin tikmek ýaly hünärleri ulularyň derejesinde başarmagy bu babatda aýratyn bir hadysadyr. Başga bir tarapdan, ýetginjekdir jahyl oglanlaryň bellibir

bölegininň kompýuter tehnologiýasyny ýokary derejede özleşdirip, ulularyň aýry-aýry işlerininň maksatnama düzmek, çyzgy, çylşyrymly hasaplamalary geçirmek ýaly ugurlarynda kömekçi bolmagy hem ýaşlaryň sosial kämilligine oňyn täsir edýän şertleriň biri bolýandygy hem ýörite bellenilmelidir. Bu hatarda ýaşuly nesliň zähmet we uruş gahrymançylygy däplerini öwrenmeklige hem möhüm rol degişlidir.

Uly synplylaryň jemgyýetçilik işjeňligininň öz psihologik aýratynlyklary bardyr. Jahyllyk ýaşyna mahsus romantizm, hyjuwlylyk ýaşlary has kyn işlere ýapyşmaga meýillendirýär; kiçi zatda ulynyň bölegini görmegi olar, gapdal kömeksiz başarmaýarlar. Ýöne uly jemgyýetçilik başlangyçlar öz miwesini bada-bat däl-de, diňe uzak wagtyň geçmeginde berýär. Jahyla bolsa öz zähmetininň miwesini görmek, duýmak hökmany bolýar. Eger-de şeýle netijeler bolmasa, çalt dörän hyjuwlylyk çalt hem ýitýär we biperwaýlyk, göwünsizlik bilen çalyşýar. Şonuň üçin A. S. Makarenkonyň durmuş hakykatynda barlagdan geçen golaý we alys maksatlary (perspektiwalary) sazlaşykly utgaşdyrmak ideýasyny nazarlamak örän möhümdir.

Romantizm we ideallyga ymtylma ýaşlary güýç, gaýduwsyzlyk, gahrymançylyk talap edýän islendik başlangyçlara döwtalap edýär. Bu ýokary ahlak ideallary, janaýamazlykly zähmete döwtalaplylygy, hyýanata garşy durmaga taýýarlygy terbiýelemäge oňaýly mümkinçilik döredýär. Ýöne adaty dällige ymtylma kähalatlarda sosial jähtden zyýanly ugurlar boýunça gidýär (kellegöçgünlilik, öz batyrlygyňy we originallygyňy görkezmek üçin oňyn däl özüňi alyp barşy serişde hökmünde ulanmaklyk). Galyberse-de, jahyl maksimalizmi, ýokarlandyrylan bahalandyryş we daknyşyk, köplenç, barlyga dogry, akyly dury düşünmäge päsgel berýär. Jahyl kähalatlarda uzak wagtlap ýetginjeklik gönümelliginden, takatsyzlygyndan, ýüzugralygyndan saplanyp bilmeýär. Ýokary synplylaryň käbirinde ýokary tankydylygyň özboluşly sypatlary ýüze çykýar; olar dünýä göýä, gapdaldan seredýän orunda bolup, özlerininň hut şol şertleriň netijesidigini unudýarlar. Şeýle jahyllar öz ünsüni, ilkinji nobatda, özlerini kanagatlandyrmaýan, ideallaryna laýyk gelmeýän zatlara gönükdirýärler. Hakykatyň diňe bir ýetmezçilikleri görmekde däl-de, olaryň düzedilmegi üçin göreşmekde bolýandygyny jahylyň ynanjyna öwürmek mugallymlaryň wezipesidir.

Kähalatlarda mekdepdäki dörän käbir şertler şeýle gatnaşygyň döremegine ýardam edýär. Eger-de ýaşlar bilen guralýan terbiýeçilik çäreleri diňe mekdebiň içindäki işler bilen çäklenýän bolsa, ol özüniň möçberliligini, özüne çekijiligini ýitirýär. Üstesine-de, ulular ýaşlaryň bu ugurdaky özbaşdak işine elýeter kömek bermäge derek, olaryň öňüni gallap, diňe ýönekeý ýumuşlary ynanmakda çäklenýän bolsalar, bu iş garaşylýan netijäni bermeýär. Jemgyýetçilik işi bellibir derejede özbaşdak bolmasa, ol ýaşlar üçin ähmiýetini ýitirýär, birmazmunly hereketleriň toplumyna öwrülýär. Bu ýerde ýene-de bir meselä üns çekmeklik zerurdyr. Mekdepdäki jemgyýetçilik işleriň esasy guramaçylary ýerine ýetirijileri adatça gyzlar bolýar. Gyzlar oglanlara seredende has işjeň we tertipli bolýandygy üçin mugallymlara olar bilen işleşmek ýeňil bolýar. Ýöne bu ýagdaý mekdep içindäki guralýan işlerden geljekki jahyl liderleri çetleşdirýär we olaryň tötänleýin toparlar bilen baglanyşygyny berkidýär.

Jahyllaryň we gyzlaryň uly adama öwrülmeginiň emeli gijikdirilmegi olaryň çaga ornuny, işe biperwaýlygyny we jogapkärçiliksiz gatnaşygyny döredýär. Öz başarjak işini ulularyň bitirmegine öwrenen jahyllar zerur wagtda öz üstüne jogapkärçilik almaga ukypsyz bolýar. Kähalatlarda şeýle ýerliksiz goraglylyga ýaşlaryň düýpli garşylyk görkezmesi döräp, ol düzgün bozulmalar, ýaşlaryň jenaýatçylyky hereketleri görnüşine eýe bolup bilýär.

Ýaşlarda şahsyýetiň öz-özüni terbiýelemegi we hususy işi bolmasa olarda işjeň durmuş ornuny kemala getirmek kyndyr ýa-da mümkin däldir.

**Dünýägaraýşyň kemala gelmegi.** Irki jahyllyk dünýägaraýşy kemala getirmegiň aýgytlaýjy ýaşydyr. Elbetde, dünýägaraýşyň binýady has ir, çagalyk döwürde tutulýar. Bu bellibir ahlak endikleri, gönükdirilmeleri, sulh almagy (almazlygy) amaly jähetde özleşdirmekden başlanyp, soň-soňlar aňlanylýar we özüňi alyp barşyň degişli kadalary we düzgünleri görnüşinde paýhasa ornaşdyrylýar. Ýöne diňe şahsyýetiň ösüşiniň ýokary derejelerinde onda bu düzgünleri bellibir bitewi ulgama birleşdirmek islegi döreýär; şeýle ulgamlaýynlyk daşky dünýä diňe düşünmek däl, eýsem ony bahalandyrmaga we oňa öz gatnaşygyňy kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şeýle dünýägaraýyş agtarmalary kähalatlarda daşky dünýäniň ýa-da öz hususy özüňi

alyp barşyň haýsydyr bir taraplarynyň gymmatlyklaryny başgaça bahalandyrmak bilen utgaşýar.

Dünýägaraýşyň kemala gelmeginiň ilkinji görkezijisi dünýäniň gurluşynyň has umumy düzgünlerine, tebigatyň we ynsan durmuşynyň ählumumy kanunlaryna akyl ýetiriş höwesiniň ösmegidir. Bu kähalatlarda ýöne «pelsepä ýüz urmak» görnüşinde bolsa-da, onuň aňyrsynda ýokary synplylaryň şu wagta çenli toplan bölekleýin maglumatlaryny we faktlaryny jemlemäge bolan binýady islegi durýar. Jemgyýeti öwreniş sapaklary, fakultatiw meşgullanmalary ýa-da filosofiýa gurnaklary şeýle ulgamlaşdyrmany düýpli ýeňilleşdirip bilýär.

Dünýägaraýşy döretmek akyl ýetiriş işjeňligine syrykdyrylmaýar. Köplenç, adam üçin durmuşyň maksady sowalynyň töwereginde jemlenýän özeni sosial-ahlak meseleleri çözmeklik bu tutumda merkezi orunda bolýar. Bu sowal adatça ählumumy formulanyň talaby görnüşinde umumy häsiýetde aňladylýar. Ýöne hakykatda jahyl biologik we sosial ewolýusiýanyň umumy gönükdirilmesi baradaky sowala jogap agtarman, öz hususy durmuşyny nädip jemgyýet ähmiýetli mazmun bilen doldurmaga gözükdirme gözleýär. Hut şonuň üçin durmuşyň manysy hakyndaky sowal şeýle içginlik we emosional ähmiýte eýe bolýar we oňa taýýar jogap ýokdur.

**Durmuş meýilnamalary we hünär saýlamak.** Umumy dünýägaraýyş agtarmalary sowa – abstrakt derejeden anyk durmuş giňişligine geçirilýär we durmuş meýilnamalarynda takyklanýar. Ýetginjeklerde durmuş meýilnamalary örän ýaýraň we entek arzuwdan üzňeleşmedik bolýar. Ýetginjek diňe hyýalynda özüni dürli rollarda göz öňüne getirip, olaryň özüne çekijiligini kesgitlese-de, özi üçin gutarnykly bir zat saýlamaga töwekgelçilik etmeýär we köplenç, niýetlän zadyna ýetmek üçin aladalanmaýar. Jahyl näçe uly boldugyça, saýlaw etmeklik onuň üçin işjeň zerurlyga öwrülýär. Köpsanly hyýaly, fantastik ýa-da abstrakt (sowa) mümkinçiliklerden kem-kemden birnäçe has real we oňaýly görnüşleri peýda bolýar; jahyl olaryň arasyndan saýlamak ýumşunyň öňünde durýar.

Durmuş meýilnamasy giň düşünjedir. Ol jahylyň tutuş şahsy öz-özüni kesgitlemek ulgamyny öz içine alýar (ahlak keşbi, durmuş stili, üstünlige ymtylyş derejesi, iş-meşgullanmalarynyň görnüşleri we ş. m.). Ilki-ilkiler köp zatlar diňe umumy häsiýetde göz öňüne ge-

tirilýär. Ýokary synplylar üçin iň möhüm, gaýragoýulmasyz we kyn mesele hünär saýlamakdyr. Psihologik jähtden geljege gönükdirilen we durmuşyň tamamlanmadyk tapgyrlaryndan pikirinde «böküp geçýän» jahylyň (esasan-da, 11-12-nji synplylar) içki dünýäsinde mekdepden bizar bolmaklyk döreýär; mekdep durmuşy onuň üçin wagtlaýyn, hakyky däl, başga bir has baý mazmunly we hakyky durmuşyň öňüsyrasy ýaly görünýär; bu durmuş ony birbada özüne maýyl edýär we az-kem howatyrlandyrýar. Geljekki durmuşyň mazmunynyň, ilkinji nobatda, özüniň hünäri dogry saýlap bilmegine baglylygyna ol düşünýär. Jahyl näçe ýeňilkelle we biagyry bolup görünse-de, hünär saýlamak onuň esasy we hemişelik aladasy bolýar.

Jahyl hünäri diňe bir zat bilen meşgullanmak üçin däl-de, özüniň durmuş ykbaly, öz ukyplaryny dolulygyna we ýokary derejede amala aşyryp biljek iş ulgamy hökmünde saýlaýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 33-nji maddasy diňe bir zähmete hukugy däl-de, eýsem hünäri, işiň görnüşini ukybyňa we höwesiňe, hünär taýýarlygyňa, bilimiňe laýyklykda we jemgyýetçilik isleglerini nazarlap saýlamagy kepillendirýär. * Ýöne jahyl entek özüni gyzyklandyrýan hünäriň real häsiýetlerini, onuň işgäre bildirýän talaplaryny we öz hususy mümkinçiliklerini doly bilmeýär. Bu ýerden birnäçe sosial we psihologik häsiýetli gapma-garşylyklar ýüze çykýar. Jahyl oglanlar we gyzlar ol ýa-da beýleki hünärleriň özüne çekijiliginiň sebäbi baradaky sosiologik anketalara jogap berenlerinde birinji orunda zähmetiň döredijilikli häsiýetini, ikinji ýerde hünäriň jemgyýetçilik ähmiýetini we üçünji ýerde aýlyk hakynyň möçberini goýýarlar. Ýöne olaryň hünäriň «döredijilikli häsiýeti» hasaplaýany, hakykatda, hünäriň jemgyýetçilik pikirindäki öňki at-abraýyny şöhlelendirýär. Meselem, köpsanly jahyl oglanlara we gyzlara häsiýetli bolan hyzmat ediş ulgamynyň hünärlerine göwnüýetmezçilikli gatnaşygy käbir uly adamlaryň şeýle garaýşyny gaýtalaýar. Umumy orta bilim berýän mekdebiň uçurymlarynyň köp bölegi ýokary okuw mekdebine girmäge, umuman, «intellektual» hünärlere göwünjeň bolýar. Ýöne ýurda diňe alymlar we inženerler däl, eýsem ýokary hünärli işçiler, ussat maldarlar, traktorçy-mehanizatorlar hem gerekdir. Üstesine-de, ikinji topar hünärmenler birinjiden has zerurdyr. Hünäriň gaýtalanmazlygy

* Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A., 2016.

onuň köpçülikleýin häsiýetine ters gatnaşykda durýar we bu ýagdaý hünäriň abraý derejesine öz täsirini ýetirýär.

Hakykatdan üzňe, ýokarlandyrylan islegler gutulgysyz ýagdaýda lapykeçlige getirýär. Oýlanyşykly guralan hünäre ugrukdyryş işi bilen bir hatarda, ýokary synplylary jemgyýet ähmiýetli zähmete goşmagyň uly terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Jahyl oglanlar we gyzlar terbiýäniň işjeň däl obýekti däl-de, öz hususy durmuşyny işjeň guraýan döredijilikli adamlardyr. Olar ulularyň durmuşyna onuň ähli şatlygy we şowsuzlyklary bilen goşulmagy prosesinde uly adam hökmünde kemala gelýärler. Nesilleriň dowamaty ýaşlary jemgyýetiň şu günki günde ýüzbe-ýüz bolýan anyk meselelerine goşmak, durmuşyň meseleleriniň köpugurlylygyny we köpmazmunlylygyny açyp görkezmek oňa psihologik taýýarlygy döretmek bilen şertlendirilýär. Jahyllyk, geçen nesilleriň bilim-düşünjelerini we tejribesini ösüp gelýän nesle geçirýän ulularyň kömegine we olaryň ýolbaşçylykly gözükdirmelerine hemişe mätäçdir. Terbiýäniň netijeliligi onuň näderejede jahyllygyň aýratynlyklaryny nazarlap, onuň ymtylmalaryna we işjeňligine daýanyp bilmegine baglydyr.

# VII BAP
# OKATMAGYŇ PSIHOLOGIÝASY

## VII. 1. Öwretmegiň mazmuny we görnüşleri

**Öwretmek barada umumy düşünje.** Çaganyň özüni alyp barşynyň we işiniň ýaş ösüşindäki ähli özgermeleri, esasan, öwretmäniň netijesidir.

Eýsem, öwretmek prosesiniň mazmuny nämeden ybarat we ol nämä esaslanýar? Birnäçe mysallara ýüzleneliň. Okuwçy gaýtgynlaryň (deňiz, umman suwunyň daşgyndan soňra yzyna dolanyşy) näme üçin bolýandygyny bilenok. Oňa düşündirdiler. Soňra ol bu materialy okuw kitaby boýunça gaýtalady we ony indi bilýär. Şeýle ýagdaýda okuwçy degişli materialy öwrendi diýilýär. Adam welosiped sürüp bilenokdy, türgenleşdi we indi ony başarýar. Ol öwrendi. Talyp birinji ýylda differensial deňlemäni çözüp bilmeýärdi, üçünji ýylda bolsa çözýär. Ol differensial deňlemeleri çözmegiň usullaryny öwrendi. Diýmek, öwrenmek bellibir maksada ýetmäge mümkinçilik berýän daşky (fiziki) we içki (psihiki) işi hem-de özüňi alyp barşy özboluşly özgertmäni nazarlaýar. Başgaça aýdanyňda, öwrenmeklik daşky we içki işi (ýa-da özüňi alyp barşy) maksadalaýyk özgertmekde ýüze çykýar.

Ýöne işiň we özüňi alyp barşyň islendik özgermesi (hatda iň bir maksadalaýyk görnüşi-de) öwrenmeklik däldir. Meselem, garaňky jaýa giren adam ilki hiç zady saýgarmaýar. Kem-kemden garaňkylyk dargaýan ýaly bolýar we adam predmetleriň konturlaryny seljerip başlaýar. Bu gözüň duýgurlygynyň awtomatik ýokarlanmagy mynasybetli bolýar we görüş (garaňkyda) adaptasiýasynyň hadysasyna degişlidir. Gözüň işiniň şeýle özgermesine öwrenmeklik diýip bolmaýar. Adam görüş adaptasiýasyny öwrenmeýär. Ol görüş ulgamynyň dogabitdi fiziologik häsiýetidir.

Diýmek, işiň ýa-da özüňi alyp barşyň maksadalaýyk özgermesiniň öwrenmeklik häsiýetine eýe bolmagy üçin ol bedeniň haýsydyr bir dogabitdi häsiýeti boýunça däl-de, öňüsyra bellibir iş arkaly döredilmelidir. Bedeniň ýadawlyk, şikes, daşky mehaniki, himiki täsirler arkaly döredilýän özgermeleri we fiziologik kemallanma öwrenmeklige degişli däldir. Işiň we özüňi alyp barşyň geldi-geçer häsiýetli

özgermelerinde hem öwrenmeklik ýokdur. Ýeke gezek oky nyşana degene ol ezber atmany öwrendi diýilmeýär.

Şeýlelikde, öwrenmeklik – bu işiň we özüňi alyp barşyň bedeniň dogabitdi fiziologik reaksiýalary arkaly gös-göni döredilmeýän, öňüsyra iş mynasybetli ýüze çykýan durnukly maksadalaýyk özgerdilmesidir.

Şeýle umumy görnüşde düşünilýän öwrenmeklik haýwanlarda hem bardyr. Ýöne işiň şeýle durnukly özgermeginiň haýwanlardaky we adamlardaky umumylygy bilen bir hatarda, olaryň hil taýdan aýry-başga häsiýetnamalary bardyr. Meselem, daşky dünýäniň predmetleri adamy we iti birmeňzeş gurşap bilýär. Ýöne olar gurşawy düýpgöter başgaça şöhlelendirýär. Adamda bu prosese jemleme, abstragirleme, predmetleriň sebäp, maksat, gymmatlyk we beýleki gatnaşyklaryny ýüze çykarmak ýaly hadysalar gatnaşýar. Itde bu zatlar ýok; adamdan tapawutlylykda ol daşky dünýäni şöhlelendirmegiň aýratyn görnüşlerini talap edýän we şol bir wagtda olary kemala getirýän jemgyýetçilik zähmet işi bilen meşgul bolmaýar. Şonuň üçin adam we haýwan şol bir predmetleri dürli hili we olarda dürli zatlary şöhlelendirýär; şunuň netijesinde olaryň özüni alyp barşynyň we işiniň öwrenmek proseslerindäki özgermesi dürli görnüşdedir.

Mälim bolşy ýaly, haýwanlar öz-özüni alyp baryşlarynda predmetleriň diňe käbir fiziki gatnaşyklaryny ýüze çykarmagy we nazarlamagy, ýagny olaryň döredýän duýmalarynyň meňzeşligini we tapawudyny öwrenýärler. Adam bolsa öz işinde diňe bir fiziki däl, eýsem predmetleriň logiki gatnaşyklaryny (meselem, bölegiň umumylyga gatnaşygy, takyklygyň abstraktlyga, görnüşiň uruga, posylkanyň (deslapky esasyň) netijä gatnaşygy), şeýle-de funksional gatnaşyklary (meselem, maksadyň we serişdäniň, sebäbiň we netijäniň, hiliň we mukdaryň, hereketiň we netijäniň gatnaşyklaryny) ýüze çykarýar we nazarlaýar. Predmetleriň logiki we funksional gatnaşyklary duýmalarda gös-göni şöhlelendirilip bilinmeýär. Adamzat olaryň şöhlelendirilmegi üçin şöhlelenmäniň haýwanlarda bolmadyk aýratyn görnüşini, düşünjeleri esaslandyrypdyr. Düşünjeleri berkitmek üçin adamlarda belgileriň ýörite ulgamy bolan dil, ýagny sözler we olaryň sözlemlerdäki baglanyşyklary bardyr.

Dil düşünjeleri aňlatmagyň serişdesi hökmünde adamy duýma tejribesine, aýry-aýry duýma üsti kabul edilýän zatlara baglylykdan

boşadýar we öwrenmekde predmetleriň umumy baglanyşyklaryny we gatnaşyklaryny nazarlamaga mümkinçilik berýär. Düşünjeler we sözler aýratyn adam tarapyndan däl-de, tutuş jemgyýet tarapyndan döredilýär (elbetde, aýry-aýry adamlaryň döredijilik prosesinde). Şonuň üçin sözde belgilenýän düşünjeleri öwrenmeklik, adamyň ähli adamzat tarapyndan onuň taryhy ösüşiniň gidişinde toplan bilim-düşünjelerini özleşdirmegidir.

Eýsem, adam predmetleriň duýmalarda gös-göni berilmedik baglanyşyklaryny we gatnaşyklaryny nähili ýüze çykarýar? Şeýle baglanyşyklara adam amalyýetiň, işiň we nazary pikir ýöretmäniň kömegi bilen akyl ýetirýär. Predmetler bilen hereketlerinde adam olaryň gizlin düýpli gatnaşyklaryny açýar. Adam bellibir hereketleri diňe predmetler bilen däl, eýsem hut öz göz öňüne getirmeleriniň we düşünjeleriniň mazmunynyň üstünde hem amala aşyryp bilýär. Şeýle ideal hereketler akyl ýa-da pikir hereketleri atlandyrylýar. Predmet hereketlerden ideal, göz öňüne getirme we düşünjeler bilen hereketlere geçmeklik pikirlenme arkaly amala aşyrylýar. Ol mydama bellibir ýumuşlary çözmäge gönükdirilendir.

Şeýlelikde, adamyň düşünjeleri we olar bilen amala aşyrylýan akyl hereketlerini özleşdirmek prosesi onuň pikirlenmäni öwrenmegini talap edýär.

Adamyň ähli pikirlenme işiniň (akyl ýa-da intellektual) ahyrky maksady önümçiligiň we jemgyýetçilik durmuşynyň öňde goýýan dürli amaly we nazary ýumuşlaryny üstünlikli çözmekdir. Munuň üçin, göz öňüne getirmeler we düşünjeler bilen amala aşyrylan hereketlerdäki ideal çözülişleri takyk predmetler bilen real ýumuşlarda amal ediljek hereketlere ornaşdyrmak zerurdyr. Başgaça aýdylanda, munuň üçin bilim-düşünjeleri amaly ýumuşlaryň çözülişine girizmeli, ýagny başarnyklary özleşdirmelidir.

Şeýlelikde, doly mazmunly intellektual öwrenmeklik başarnyklary öwrenmek bilen doldurylýar. Öwrenmeklik adamda dürli derejelerde geçýän köpbasgançakly prosesdir. Bir dereje sensor (duýma) we motor (hereket) öwrenmegi özünde jemleýär. Sensor öwrenilişde kabul edişiň obrazlaryny tapawutlandyrmak hem-de tanamak we akyl ýetirmek prosesleri kemala gelýär. Motor öwrenilişde gymyldylary saýlamak we degişli programmalara birleşdirmek, olaryň differensirlenişi, jemlenilişi we ulgamlaşdyrylyşy bolup geçýär. Olaryň sintezi bolan sensomotor

öwreniliş, kabul edişiň obrazlarynyň we göz öňüne getirmäniň gözegçiliginde geçýän hereket programmalarynyň kemala gelşini üpjün edýär. Öwrenmegiň bu görnüşleriniň netijeleri sensor, motor we sensomotor başarnyklary we endikleri görnüşinde ýüze çykýar.

Öwrenmegiň kognitiw (akyl ýetiriş) derejesinde adamda işiň predmetleriniň düýpli häsiýetlerini we baglanyşyklaryny ýüze çykarmak, seljermek, seçmek, jemlemek we berkitmek hem-de bu häsiýetleri we baglanyşyklary ulanmak boýunça maksadalaýyk hereketler kemala gelýär.

Öwrenmek syn etmäniň, gönükmeleri aňlamanyň we öz gözegçiligiň esasynda amala aşyrylyp, ol aňly goýlan maksatlar we ýumuşlar arkaly dolandyrylýar. Bir tarapdan, kognitiw derejede ýumuşlaryň degişli synpyny öwrenmek üçin zerur bolan takyk bilim-düşünjeleri we amaly hereketleri öwrenmeklik (bu ýagdaýda göz öňüne getirmeler we amaly başarnyklar kemala gelýär), ikinji tarapdan bolsa, jemleýji nazary bilim-düşünjeleri we akyl hereketlerini (bu ýagdaýda düşünjeler we pikirlenme kemala gelýär) öwrenmek bolup geçýär.

Öwrenmegiň sanalan derejeleri we görnüşleri bellibir şertlilikde ýüze çykarylandyr. Adamyň öwrenmeginiň gidişinde olar, hakykatda, biri-birine aralaşýan we özara baglanyşykly häsiýetdedir. Ýöne olaryň her birine bellibir aýratynlyklar mahsusdyr. Üstesine-de, bu derejeler öwrenmegiň genetiki basgançaklary hökmünde ýüze çykýar. Ýöne öňüsyra derejeler ýitip gitmeýär hem-de öz ähmiýetini ýitirmeýär, olar diňe orunlaryny özgerdýär we öwrenmegiň indiki derejesine tabyn bolup, onuň gurluşyna goşulyp başlaýar. Meselem, kognitiw öwrenilişiň iň ýokary derejelerinde (ýokary matematika öwrenilende) oňa takyk bilim-düşünjeleri özleşdirmek we täze amaly hereketleri özleşdirmek hem-de kabul edişiň täze obrazlaryny kemala getirmek (figuralaryň, grafikleriň, belgileriň) we motor (hereket) differensirlenmesi (formulalary ýazmak, egremleri çyzmak) girýär.

## VII. 2. Okatmagyň psihologiýasy

Öwrenmek, başga bir tarapdan, özakymlaýyn, adamyň beýleki adamlar we daşky dünýä bilen aragatnaşygynda we özara hereketinde bolup bilýär. Meselem, adam bellibir maglumatlary we bilim-düşünjeleri kitaplardan, žurnallardan, radio we telegepleşiklerden, inter-

netden, beýleki adamlaryň gürrüňinden, öz hususy durmuş synlamalaryndan we ş. m. alyp bilýär. Işiň dürli görnüşlerine gatnaşyp, dürli predmetler, apparatlar we abzallar bilen iş salyşmakda tejribe toplap, adam bellibir başarnyklary we endikleri özakymlaýyn özleşdirip bilýär. Meselem, synanyşmak, öýkünmek, daşyndakylaryň maslahaty we instruksiýany okamak esasynda adam surat almak, magnitofon bilen işlemek, lyžada typmak, elektroenjamlary rejelemek we ş. m. boýunça başarnyklary we endikleri edinip bilýär. Hut şeýle usulda, köp derejede özakymlaýyn häsiýetde çaga hereketleriň sazlaşyklylygyny we özüňi alyp barşyň köp endiklerini özleşdirýär.

Ýöne bilim-düşünjeleriň we başarnyklaryň şeýle özakymlaýyn özleşdirilişi bilen bir hatarda, öwrenmeklik köp ýagdaýlarda ýörite guralan şertlerde maksada gönükdirilen proses görnüşinde amala aşyrylýar. Öwrenmekligiň şeýle maksada gönükdirilen guralyşy okatmak atlandyrylýar. Onuň iň bir giňden ýaýran görnüşi mekdep okuwydyr. Ýöne ol köpsanly beýleki edaralarda, meselem, çagalar bagynda olara surat, saz, öz-özüňe hyzmat etmegiň endikleri we ş. m. ýörite öwredilende amala aşyrylýar. Okatmagyň elementleri maşgala terbiýesinde (ululary arasynda özüňi dogry alyp barmaklyk çaga ýörite öwredilýär), hem-de adamlaryň beýleki özara hereketlerinde bolýar.

**Okatmak hakynda düşünje.** Adatça, okatmak adama bellibir bilim-düşünjeleri, başarnyklary we endikleri geçirmek mazmunynda häsiýetlendirilýär. Göräýmäge, bu ýerde islendik okadylyşyň situasiýasy (ýagdaýy) görkezilen ýaly. Hakykatdan-da, okatmakdan öň adamda hiç hili bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler ýok. Olar okatmakdan soňra döreýär. Eýsem olar nireden alynýar? Ol bu bilim-düşünjeleri we endikleri bilýän mugallymdan alnyp, ol bolsa okuwça geçirýär. Şeýle geçiriliş prosesi okatmakdyr. Ýöne bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler, şeýle-de göz öňüne getirmeler, düşünjeler elden-ele, bir kelleden başga bir kellä geçirip bolýan fiziki predmetler däldir. Bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler adamyň psihikasyndaky bellibir prosesleriň görnüşleri we netijeleridir. Diýmek, olar adamyň kellesinde diňe onuň hususy işiniň netijesinde döräp bilýär. Olar kimdir birinden ýöne «alynman», okuwçynyň özüniň psihiki işjeňliginiň netijesinde döremelidir. Eger-de okuwçynyň tarapyndan garşylyklaýyn işjeňlik bolmasa, onda hiç-hili

bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler ýüze çykmaýar. Bu ýagdaý her pedagoga öz şahsy tejribesinden mälim bolup, okuwçylarda garşylyklaýyn işjeňligiň ýoklugy «ünssüzlik», «ýaltalyk», «ukypsyzlyk» ýaly sözler bilen aňladylýar.

Şeýlelikde, «mugallym-okuwçy» gatnaşygyny «geçiriji-kabul ediji» gatnaşygyna syrykdyrmak bolmaýar. Onda okatmak prosesine gatnaşýanlaryň ikisinde-de işjeňligiň hem özara täsiriň bolmagy zerurdyr. Okatmak – bu ahyrky netijesinde okuwçyda bellibir bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler kemala gelýän okadýan bilen okaýanyň arasyndaky işjeň özara hereketdir.

Okadýanyň edýän täsiri okaýanyň işjeňligini meýillendirýär we deslapdan goýlan maksada ýetmek bilen bu işjeňligi dolandyrýar. Şonuň üçin okatmagy okuwçynyň daşky we içki işjeňligini meýillendirmek (stimulirlemek) we bu işjeňligi dolandyrmak hökmünde hem göz öňüne getirmek mümkindir. Okadýan okaýanyň işjeňligi üçin zerur şertleri döredýär, ony gönükdirýär, gözegçilik edýär, onuň üçin gerek bolan serişdeleri we maglumatlary miýesserleýär. Ýöne adamda bilim-düşünjeleriň, başarnyklaryň we endikleriň kemala gelşi diňe onuň hususy işjeňliginiň netijesinde amala aşyrylýar.

Eýsem, maksadalaýyk bilim-düşünjeleri, başarnyklary we endikleri kemala getirmek üçin okuwçynyň haýsy işjeňligini döretmeli we ony nähili gönükdirmeli? Okatmagyň ýokary netije bermegi üçin ol nähili guralmaly? Bu sowallara jogap aşakdaky esasy meseläniň nähili çözülýändigine bagly bolýar: okuwçynyň haýsy içki we daşky işjeňligi onuň bilim-düşünjelerinde, başarnyklarynda we endiklerinde şöhlelenýär we olary döredýär?

**Işugra öwrenmek we maksada gönükdirilmeli öwrenmek.** Şeýlelikde, okuwçyny haýsy işjeňlige ýa-da işi öwrenmeklige getirýär? Derňewleriň görkezişine görä, meselem, irki çaganyň predmetleri tutmagy we olary manipulirlemegi, emedeklemegi hem-de ýöremegi oňa hereketleriň sazlaşygyny (koordinasiýasyny) we daşky dünýäde oriýentirlenmegi öwredýär, ony zatlaryň häsiýetleri bilen tanyşdyrýar, kabul edişi kemala getirýär. Zatlary amaly ulanmak we sözleýiş daşky zatlaryň çaga üçin niýetlenişini, olaryň funksiýalaryny we olar bilen iş salyşmagyň usullaryny ýüze çykarýar we amal edýär. Daşyndakylar bilen aragatnaşykda bolmak, okamak we köpçülik-

leýin habar beriş serişdeleri (radio, teleýaýlym) adamy ömrüniň bütin dowamynda täze maglumatlar, bilim-düşünjeler, başarnyklar we endikler, pikirlenmäniň usullary, özüňi alyp barşyň görnüşleri, amaly we sözleýiş hereketleriniň ulgamlary bilen baýlaşdyrýar.

Işiň we özüňi alyp barşyň bu görnüşleriniň esasy aýratynlygy olarda jemgyýetçilik tejribäni özleşdirmek işiň we özüňi alyp barşyň hut özüniň gös-göni maksatlary bilen gabat gelmeýänligidir. Meselem, çaga zatlary manipulirläninde we oýnanynda haýsydyr bir zady öwrenmek üçin etmeýär. Ol haçanda ilkinji ädimleri ädende we sözleri aýtmaga synanyşanda onuň hereketini ýöremegi we gürlemegi öwrenmek maksady gönükdirilmeýär. Bu ýagdaýda onuň hereketleri zatlary barlamak we öz ulanyşyňa goşmak, daşyndakylara täsir etmek ýaly gös-göni islegleri kanagatlandyrmaga gönükdirilen bolýar. Başga bir ýagdaýlarda, meselem, stanogy dolandyrýan adamyň gös-göni maksady talap edilýän hil görkezijide bellibir önümi almak bolýar. Bu ýagdaýda onda önümçilik endikleriniň kämilleşmegi işiň parallel netijesi görnüşinde bolýar.

Maksady başga bolan işiň gidişinde öwrenmeklik işugra öwrenmek atlandyrylýar. Onuň real hadysadygyna gündelik durmuş şaýatlyk edýär. Onuň aýratynlyklary psihologlaryň köpsanly tejribelerinde öwrenilendir. Meselem, eksperimentleriň birinde okuwçylara ýüzünde şekiller bolan kartoçkalary toparlara birleşdirmek teklip edilýär. Her kartoçkada san belgisi bolýar. Tejribäniň bir nusgasynda kartoçkalary ýüzündäki şekilleriň meňzeşligi boýunça, beýlekisinde bolsa kartoçkalardaky sanlar ösýän hatary emele getirýän ýagdaýda toparlamak tabşyrylýar. Haýsydyr bir zady ýat tutmak talap edilmeýär. Ýumuşlar tamamlanan soň, garaşylmadyk ýagdaýda, synag edilýänlerden ähli predmetleriň atlaryny we sanlary ýatda gaýtadan dikeltmeklik soralýar. Netijeler şeýle bolýar: birinji ýagdaýda suratlar oňat, sanlar bolsa erbet ýada ornaşdyrylýar, ikinji ýagdaýda sanlar oňat gaýtadan dikeldilip, predmetleriň atlary erbet hakyda getirilýär. Şeýle we şuňa meňzeş eksperimentleriň netijeleri aşakdaky pikirlerde çugdamlanýar: 1) öwrenmeklik (häzirki ýagdaýda ýada ornaşdyrmak) öwrenýäniň öňünde öwrenmeklik ýörite ýumuş (nämedir bir zady ýat tutmak) görnüşinde ýok bolanda hem amala aşyrylýar; 2) adamyň işjeň işi bilen bagly, bu iş üçin gerek zat, işiň gönükdirilýän we onuň kömegi bilen amal edilýän zat oňat öwrenilýär (ýada ornaşdyrylýar).

Bu zatlardan okatmagyň amalyýeti üçin möhüm pikir jemlemeler gelip çykýar. Meselem, ösümlikleriň degişli alamatlaryny ýada ornaşdyrmaga mejbur edip we soňra olary aýry-aýry görnüşleriň mysalynda görkezip, çagalara ösümlikleriň ulgamlaýynlygyny öwretmek mümkin. Bu örän kyn usul. Ýöne, okuwçylara sprawoçnik we dürli ösümlikleri berip, sprawoçnikden peýdalanmak arkaly her bir ösümligiň degişli bolýan maşgalasyny we otrýadyny kesgitlemegi tabşyrmak hem bolar. Bu ýagdaýda okuwçylar degişli bilim-düşünjeleri işiň prosesinde, ýat tutmaklyga ýörite maksat goýulmasyz özleşdirýärler.

Şeýle tejribelerden we synlamalardan ugur alýan psihologlaryň we pedagoglaryň birnäçesi işugra, ýörite maksat goýulmasyz öwrenmekligi okatmagyň iň oňat görnüşi hasaplaýarlar. Hünärmenler onuň tebigylygyny nygtaýarlar. Bu ideýanyň tarapdarlary şeýle okadylyşda adamyň emeli esaslandyrylan maglumatlar bilen däl-de, real durmuş, real ýumuşlar we zatlar bilen iş salyşýandygyny belleýärler. Öwrenmeklige motiwler we meýiller daşdan görkezilmän, adamyň hut özünden döreýär. Okuwçynyň psihikasynyň özi zerur maglumatlary we hereketleri saýlamagy we berkitmegi mugallym tarapyndan hiç bir mejbur edilmesiz amala aşyrýar. Okuwçynyň öwrenmeklige ýokary taýýarlygy, onuň ýokary okuw işjeňligi, ýokary okuw netijeleri şunuň bilen baglydyr.

Şeýle garaýşyň pedagogika täsiri «erkin terbiýelemegiň» dürli taglymatlarynda ýüze çykdy (Žan Žak Russo, L.N.Tolstoý, K.N.Wentsel, Ellen Keý). Bularyň umumylygy okatmagy özbaşdak we aýratyn iş hökmünde inkär edip, beýleki işleriň goşmaça netijeleri görnüşinde bolýan özleşdirme bilen çalşyrmagyndadyr. Ýöne şeýle usul bilen ähli zatlary, onda-da jemgyýetiň adamyň durmuşa we zähmete taýýarlygy üçin nazarlaýan möhletinde öwrenmek mümkinmi? Bu sowala jogap agtarmakda köpsanly derňewleri geçiren psihologlar aşakdaky netijelere gelipdirler: 1) işugra we ýörite maksat goýulmasyz öwrenmekligiň netijeliligi köp ýagdaýlarda maksatlaýyn we ýörite guralyşdaky öwrenmekden pesdir; 2) diňe okuwçynyň özbaşdak işiniň üsti bilen amala aşyrylýan ýörite maksat goýulmasyz öwrenmeklik has köp wagt talap edýär (sebäbi okuwçylar bu ýagdaýda özlerine gerek maglumatlary özleri ýüze çykarmaly, pikire ornaşdyrmaly we toplamaly bolýar); 3) şeýle öwrenmeklikde adam diňe özüniň islegleri, höwesleri, pur-

satlaýyn ýumuşlary bilen gös-göni bagly zatlary ýüze çykarmakda we özleşdirmekde çäklenip, galan ähli zatlar onuň duşundan geçýär.

Soňky ýagdaý görkezilen taglymatlaryň netijeliligini bahalandyrmakda esasydyr. Adamyň tebigy öwrenýän zatlary onuň şahsyýetiniň indiwidual aýratynlyklary, onuň gös-göni islegleri we zerurlyklary bilen kesgitlenýär. Şonuň üçin şeýle öwrenmekligiň netijeleri bölekleýin we ulgamlaşdyrylmadyk bolýar. Olar bölek-büçek maglumatlar, başarnyklar we endikler görnüşinde bolýar. Adamyň «tebigy» işjeňliginiň üsti bilen diňe işugra öwrenmekligiň esasynda oňa düşünjeleriň ulgamyny geçirmek mümkin däldigi düşnüklidir. Munuň üçin esasy maksady hut öwrenmeklik bolýan aýratyn iş zerurdyr. Adamyň şeýle göni maksady öwrenmekligi bolýan özboluşly işi okamak atlandyrylýar.

**Okamak iş hökmünde.** Diýmek, okamak haçanda adamyň hereketleri bellibir bilim-düşünjeleri, başarnyklary we endikleri, özüňi alyp barşyň görnüşlerini we işi özleşdirmegi aňlanylan maksat boýunça dolandyrylanda ýüze çykýar. Okamak adamyň işiniň özboluşly görnüşi hökmünde diňe onuň psihikasynyň ösüşiniň ýokary derejesinde, haçanda ol öz hereketlerini aňlanylan maksat arkaly dolandyran ýagdaýynda mümkin bolýar. Bu ukyp özüňi alyp barşyň we işiň ozalky görnüşleriniň – oýunlar, sözüsti aragatnaşyk, amaly hereketleriň esasynda kemala gelýär we takmynan, dört-bäş ýaşa golaý ýüze çykýar.

Eýsem, okamak işi nämeden ybarat? Muňa has ýönekeý jogap bermek hem mümkin. Islendik iş bu amaly ýa-da sözleýiş häsiýetindäki birnäçe fiziki hereketleriň toplumydyr. Diýmek, okamak hem adamyň dürli hereketleri ýerine ýetirmegi arkaly amala aşyrylýar: gymyldylar, ýazuw, sözleýiş we ş. m. Ýöne durmuşy synlamalaryň we ýörite tejribeleriň görkezişine görä, daşky, has takygy, hereket işjeňligi öwrenmekligiň hökmany şerti däldir. Bir ýagdaýlarda ol, hakykatdan-da, möhüm rol oýnaýar (meselem, ýazuwyň, sözleýşiň, ýüzmegiň, surat çekmegiň, maşyny dolandyrmagyň hereket endiklerini özleşdirmekde); başga bir ýagdaýlarda onuň aýratyn ähmiýeti bolmaýar (meselem, sözleri ýa-da teksti ýada ornaşdyrmakda, matematiki ýumuşlary çözmekde, predmetleri tanamakda we tapawutlandyrmakda).

Eger-de okamak iş bolýan bolsa, ol daşky we synlanylýan görnüşsiz amala aşyrylyp bilermi? Derňewleriň görkezişine görä amaly

işden başga-da adam aýratyn gnostiki (grekçeden «gnozis» – bilim-düşünje) işi hem ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Onuň maksady daşky dünýä akyl ýetirmekdir. Gnostiki iş amaly iş ýaly predmetleýin we daşky bolup bilýär (meselem, birleşdirmek we dargatmak (maşynyň hereketlendirijisini), agram çekmek, ölçemek, predmetleriň ornuny olaryň häsiýetlerini öwrenmek üçin özara üýtgetmek). Bu perseptiw iş (meselem, seretmek, diňlemek, synlamak) ýa-da simwolik iş (şekillendirmek, belgilemek, aýtmak) hem bolup bilýär.

Gnostiki iş amaly işden tapawutlylykda içki ýa-da iň bolmanda synlanylmaýan görnüşde hem bolýar. Meselem, kabul ediş, köplenç, predmetleriň şekilini kemala getirmegi üpjün edýän daşdan synlanylmaýan perseptiw hereketleriň kömegi bilen amala aşyrylýar. Ýada ornaşdyrmak prosesi ýörite mnemiki hereketler (meselem, materialyň pikirde guralyşy, onda many oriýentirleri we baglanyşyklary ýüze çykarmak, pikirüsti shemalaşdyrmak we gaýtalamak) arkaly ýerine ýetirilýär. Ýörite ylmy derňewleriň görkezişine görä, pikirlenmäniň has ösen görnüşleri adamyň «öz ýanyndan» ýerine ýetirýän aýratyn akyl hereketleriniň üsti bilen amala aşyrylýar (meselem, analiziň we sinteziň hereketi, meňzetmek we tapawutlandyrmak, abstragirlemek we jemlemek).

Okamak prosesinde işleriň bu görnüşleri adatça biri-birine aralaşan bolýar. Meselem, ösümlikleriň görnüşlere bölünişini öwrenýän okuwçy olara seredýär (perseptiw iş), gülüň esasy böleklerini aýyrýar (predmet işi), görýänini beýan edýär (simwolik ýa-da sözleýiş işi), suratyny çekýär (predmet we perseptiw işi), olary atlandyrýar (sözleýiş işi) we ş. m. dürli ýagdaýlarda işiň bu görnüşleriniň utgaşmasy dürlüdir. Meselem, fizika degişli düşünjeler predmet we perseptiw işiň esasynda özleşdirilýär, taryhyň düşünjeleri bolsa sözleýiş we perseptiw işiň esasynda kemala gelýär. Ýöne bu ýagdaýlaryň ählisinde okamak, köplenç, içki görnüşe eýe bolýan işjeň gnostiki işde ýüze çykýar.

Köpsanly psihologlaryň işlerinde (L.S.Wygotskiý, A.N.Leontýew, P.Ý.Galperin, Ž.Piaže we beýlekiler) içki işiň interiorizasiýa prosesinde daşky işden döreýändigi bellenilýär; interiorizasiýa mynasybetli predmet hereketleri adamyň aňynda we pikirlenmesinde şöhlelenýärler. Meselem, böleklere bölmek, dargatmak, zatlary biri-birinden aýyrmak ýaly predmet hereketleri degişli ýumuşlar işle-

nende «pikirdäki» hereket bilen çalşyrylýar (zady onuň şekiliniň esasynda ýa-da ol baradaky düşünje esasynda böleklere dargatmak). Bu predmet hereketiň interiorizasiýa prosesinde pikir seljermesi hereketine öwrülmegidir. Ideal jähetde gidýän şeýle pikir (akyl) hereketleriniň ulgamy içki işdir. Interiorizasiýanyň esasy serişdesi sözdür. Ol adama hereketi predmetiň özünden «goparyp almaga» we ony predmet barada şekiller we düşünjeler bilen amal edilýän herekete öwürmäge mümkinçilik berýär.

Entek predmet we oňa laýyk hereket barada adamyň aňynda şekiller, düşünjeler kemala gelmänkä, okamak üçin daşky gnostiki iş hökmanydyr. Eger-de okuwçyda täze bilim-düşünjeleri ýa-da başarnyklary özleşdirmek üçin zerur şekiller, düşünjeler we hereketler eýýäm bar bolsa, öwrenmek üçin içki gnostiki iş ýeterlikdir.

Okuw işiniň häsiýeti baradaky sowal çözülende, ilkinji nobatda, täze materialyň özleşdirilişiniň haýsy bilim-düşünjeleri we başarnyklary talap edýändigi seljerilmelidir. Eger-de okuwçy entek bellibir şekiller, düşünjeleri we hereketleri özleşdirmedik bolsa, onda okamagy predmet gnostiki işden başlamak oňaýlydyr. Okuwçy öz eli bilen degişli hereketleri amala aşyrmalydyr. Soňra ýüze çykaryp we sözüň kömegi bilen berkidip, okuwçy olaryň ýerine ýetirilişini ideal (içki) jähte geçirmelidir. Eger-de okuwçy deslapky düşünjeleriň we hereketleriň zerur toplumyny özleşdiren bolsa, onda okamak gös-göni içki gnostiki işden başlanylyp bilner. Bu ýagdaýda okuwça degişli sözleri teklip etmek mümkindir; sebäbi ol sözleriň nämäni aňladýandygyny we olara haýsy hereketleriň zerurdygyny eýýäm bilýär. Habar bermek we görkezmek usuly arkaly amala aşyrylýan adaty okatmaklyk şuňa esaslanýar. Oňa diňlemek, ýazgyny okamak, synlamak ýaly okadylyş usullary laýykdyr.

**Okuw situasiýalarynyň tipleri.** Islendik iş bellibir motiwler bilen döredilýär we bellibir şertlerde geçýär. Diýmek, okamagyň döremegi üçin indiwidi gnostiki maksada – bellibir bilim-düşünjeleri we başarnyklary özleşdirmäge gönükdirýän motiwleriň bolmagy zerurdyr. Şeýle motiwler daşky we içki görnüşde bolup bilýär. Daşky motiwlere sylag we temmi, gorky we talap, toparyň basyşy, geljekki oňaýlyklara garaşmak we ş. m. ýaly meýillendirijiler degişlidir. Olaryň ählisi okamagyň gös-göni maksadyna degişlilikde daşky-

dyr. Bilim-düşünjeler we başarnyklar bu ýagdaýlarda başga bir esasy maksatlara (ýakymsyz ýagdaýdan gaçmak, jemgyýetçilik ýa-da şahsy üstünlikleri gazanmak, özüňe göwnüýetijiligiňi kanagatlandyrmak) ýetmek üçin serişde bolup hyzmat edýär.

Esasy maksat – okamaklyk şeýle ýagdaýlarda ähmiýetsiz, hatda özünden daşlaşdyryjy häsiýetde bolup bilýär. Okamak şeýle ýagdaýda bellibir derejede mejbury bolýar we başga bir maksadyň ýetilmeginiň ýolunda päsgelçilik ýaly kabul edilýär. Şeýle situasiýa gapma-garşylykly göreşýän güýçler häsiýetlidir. Ol öz esasy mazmunynda konfliktli bolýandygy üçin uly psihiki dartgynlyk bilen baglydyr; indiwidiň içki güýjüni işjeňleşdirmegini we kähalatlarda onuň öz-özi bilen göreşmegini talap edýär. Konflikt has ýitileşende «ýagdaýdan çykmaklyga» ýykgynlyk döräp bilýär (ýüz öwürmek, kynçylyklardan sowulmak ýa-da newroz). Şeýle ýagdaýda ol okuwy taşlaýar ýa-da düzgünleri bozup başlaýar, biperwaýlyga ýüz urýar. Okuw situasiýasynyň şunuň ýaly gurluşy mekdep amalyýetinde seýrek däldir.

Adamy okamaklyga şahsy maksady ýaly gönükdirýän meýiller içki motiwlerdir. Bilim-düşünjeleriň hut özüne höwes, bilesigelijilik, medeni derejäni ýokarlandyrmaga ymtylma munuň mysallarydyr. Şeýle motiwi bolan okuw situasiýalarynyň içki konflikti bolmaýar. Bular hem, elbetde, okamakda duşýan kynçylyklary ýeňip geçmek bilen baglydyr we erkli güýç sarp etmegi talap edýär. Ýöne şeýle güýç döretme öz-özüň bilen göreşmeklige däl-de, daşky päsgelçilikleri ýeňip geçmäge gönükdirilendir. Şeýle situasiýalar pedagogik nukdaýdan has amatlydyr. Olary döretmek pedagogyň möhüm wezipesidir. Ol okuwçynyň özüni alyp barşyny ýöne bir dolandyrmagy däl-de, ony terbiýelemegi, onuň maksatlaryny, höweslerini we ideallaryny kemala getirmegi talap edýär.

**Okuw işiniň motiwasiýasy.** Haýsydyr bir zat, situasiýa ýa-da hereket, haçanda, adamyň bellibir işjeňliginiň çeşmeleri bilen bagly bolanda işiň motiwine öwrülýär. Bu çeşmeleri üç esasy kategoriýa bölmek bolar.

1. *Içki çeşmeler*. Olar adamyň islegleri bilen kesgitlenýär we bedeniň organiki isleglerini ýüze çykarýan häsiýetde dogabitdi görnüşde bolup bilýär; başga bir tarapdan, olar jemgyýet tarapyndan kemala getirilýän sosial islegleri häsiýetlendirýän gazanylan häsiýetde bolýar.

Dogabitdi isleglerin̈ arasynda okamagy stimulirlemekde işjeňlige bolan isleg we maglumata bolan isleg aýratyn ähmiýete eýedir. Meselem, çaga ýaşaýşynyň ilkinji günlerinden başlap üznüksiz işjeňlik ýagdaýynda bolýar: ýylgyrýar, gymyldaýar, elini we aýaklaryny hereketlendirýär, ylgaýar, gürleşýär, yzygider sowallar berýär. Hereketleriň özi oňa lezzet berýär. Adamyň maglumata bolan islegi haçanda synag edilýänleri bellibir möhletde daşky dünýäniň täsirinden gabawlyk ýagdaýynda saklamak tejribesinde (adam, meselem, garaňky ses geçirmeýän otaga ýerleşdirilýär) has aýdyň ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda düýpli intellektual, emosional we erk bozulmalary ýüze çykýar: özüňi alyp barşy deňagramlykda saklap bilmezlik, ýürek gysma, gahar, biperwaýlyk (apatiýa), erkli hereketlere ukybyň ýitmegi, kähalatlarda, hatda yzygider pikirlenmäniň dargamagy, gallýusinasiýa (göze görünmek). Ýaşaýyş şertlerinde işjeňligiň we maglumatyň ýetmezçiligi (kähalatlarda bolsa olaryň artyklygy) adamda ýadawlyk we ýürek gysmak atlandyrylýan oňyn däl ýagdaýlary döredýär.

Jemgyýetçilik esasda kemala getirilýän isleglerin̈ arasynda okuw işini meýillendirmek (stimulirlemek) üçin gnostiki islegler we oňyn sosial islegler aýratyn ähmiýetlidir. Olara bilim-düşünjelere isleg, jemgyýete peýda getirmäge ymtylma, jemgyýet ähmiýetli gazanmalara ymtylma we ş. m. degişlidir.

2. *Daşky çeşmeler*. Olar adamyň ýaşaýyş-durmuşynyň jemgyýetçilik şertleri bilen kesgitlenýär. Şeýle çeşmelere talaplar, garaşmalar we mümkinçilikler degişlidir.

Talaplar adama işiň we özüňi alyp barşyň bellibir görnüşlerini teklip edýär. Meselem, ene-atalar çagadan çemçe bilen iýmegi, oturgyçda oturmagy, «sag bol» diýmegi talap edýär. Mekdep okuwçydan wagtynda gelmegi, mugallymyň aýdýanyny diňlemegi, onuň ýumuşlaryny ýerine ýetirmegi talap edýär. Jemgyýet indiwidden öz-özüni alyp barşynda adamlaryň aragatnaşygynyň bellibir ahlak kadalaryny we görnüşlerini berjaý etmegi, bellibir işi amal etmegi talap edýär.

Garaşmalar jemgyýetiň adama gatnaşygyny häsiýetlendirýär; şeýle gatnaşyk şol bir indiwid üçin haýsy özüňi alyp baryş sypatlarynyň we işiň haýsy görnüşleriniň kadalydygyny jemgyýetiň çaklamagy bilen baglydyr. Meselem, bir ýaşly çaganyň ýöräp başlamagyny daşyndaky adamlar kadaly hasaplaýar, ony körpeden garaşýarlar we

şoňa laýyklykda hem gatnaşykda bolýarlar. Talaplardan tapawutlylykda, garaşmalar işi amala aşyrmagyň umumy atmosferasyny döredýär we kähalatlarda buýrukdan hem güýçli stimulirleýär (meýillendirýär).

Mümkinçilikler bellibir işiň adamyň gurşawynda bar bolan obýektiw şertleridir. Meselem, oňat öý okalgasy şeýle mümkinçiligi berýändigi üçin adamy okamaga gönükdirýär. Psihologik seljermäniň görkezişine görä adamyň özüni alyp barşy köp derejede obýektiw mümkinçiliklere baglydyr (aýratyn-da, onuň şahsyýeti we esasy gymmatlyklary entek kemala gelmedik bolsa). Meselem, çaganyň eline tötänleýin düşen geometriýa kitaby onuň matematika ymtylmasyny kesgitläp bilýär.

3. *Şahsy çeşmeler*. Olar adamyň şahsy höwesleri, ymtylmalary, gönükdirilmeleri, ynançlary we dünýägaraýşy, onuň özi barada düşünjeleri, jemgyýete gatnaşygy bilen kesgitlenýär. Işjeňligiň bu çeşmeleri gymmatlyklar diýlip atlandyrylýar. Şeýle gymmatlyklar öz-özüňi kämilleşdirmek, özüňi ykrar etdirmek we özüňi ýüze çykarmak, islegleriňi kanagatlandyrmak, durmuş ideallary we nusgalar bolup bilýär.

Işiň sanalan çeşmelerini dürli utgaşmalarda we özgermelerde her bir adamyň işinde görmek bolýar. Ýöne olaryň döredýän işi hemişe okuw görnüşinde bolmaýar. Munuň üçin indiwidiň islegleri we meýilleri, gurşawyň oňa talaplary, garaşmalary we berýän mümkinçilikleri hem-de gymmatlyklary we gönükdirilmeleri, başgaça aýdanyňda, onuň özüni alyp barşynyň içki, daşky we şahsy stimullary okamagyň haýsydyr bir (netije, maksat, proses) ýa-da ähli tarapy bilen baglanyşmalydyr. Şeýle ýagdaýda okamagyň bu taraplary degişli işe meýillendirýän motiwlere öwrülýär. Bu proses motiwirlemek atlandyrylýar. Onuň nähili gazanylýandygy okamagyň haýsy tarapynyň motiw hökmünde öňe sürülýändigine we onuň işiň haýsy çeşmeleri bilen baglanyşdyrylýandygyna baglydyr. Meselem, eger-de işiň motiwi hökmünde okamagyň netijesi öňe sürlüp, meýillendirme üçin işiň içki çeşmelerine ýüzlenilýän bolsa, onda motiwirleme okuw üstünliklerini sylaglama, jemgyýetçilik makullanmasy, geljekki iş üçin ähmiýeti we ş. m. baglanyşdyrmak arkaly gazanylýar.

Daşky stimullary ulanmak talap, ynam bildirmek, laýyk mümkinçilikleri teklip etmek görnüşinde bolýar. Okamagyň netijelerini in-

diwidiň öz-özüni bahalandyryşy bilen baglanyşdyrmaklyk (öwgi) bu netijeleri şahsy motiwirlemegiň mysalydyr.

Motiwirlemäniň mümkingadar tärleriniň we utgaşmalarynyň köpdürlüligi edil durmuşyň özi, adamyň işini kesgitleýän meýiller ýaly giň we möçberlidir.

**Okatmagyň gurluşy.** Okamak bellibir hereketlerden durýar. Bu hereketler okadylýanyň pedagogik täsirleriň giňişliginde bolýan ýagdaýyna, ýagny onuň pedagogik situasiýada nähili funksiýany ýerine ýetirýändigine bagly bolýar. Şeýle funksiýalaryň aşakdaky görnüşleri bolup bilýär: 1) daşdan teklip edilýän maglumaty işjeň däl kabul etmek we özleşdirmek, 2) maglumaty özbaşdak agtarmak, ýüze çykarmak we ulanmak, 3) maglumatyň daşdan guralan gönükdirilmeli agtarylyşy, ýüze çykarylyşy we ulanylyşy.

Birinji ýagdaýda okuwçy diňe pedagogyň kemala getiriji täsirleriniň obýekti hökmünde seredilýär. Bu ýagdaýda öwretmekligiň esasynda okadylýana taýýar maglumaty habar bermek we okuw hereketlerini talap etmeklik durýar. Ikinji ýagdaýda okuwçy öz hususy höwesleriniň we maksatlarynyň täsirinde kemala gelýän subýekt görnüşinde seredilýär. Şeýle öwrenmekligiň esasynda okuwçynyň öz isleglerine we gymmatlyklaryna laýyk maglumatlary we hereketleri agtarmagy we saýlamagy durýar. Üçünji ýagdaýda okuwçy pedagogik täsiriň obýekti we akyl ýetiriş işiniň subýekti görnüşinde bolýar. Pedagog özüňi alyp barşyň daşky çeşmelerini (talaplar, garaşmalar, mümkinçilikler) bu çeşmeler okuwçynyň zerur isleglerini we gymmatlyklaryny kemala getirer ýaly görnüşde guraýar; islegdir gymmatlyklar bolsa okuwçynyň zerur maglumaty işjeň agtarmasyny we ulanmagyny kesgitleýär. Şeýle okatmagyň esasynda indiwidiň maglumatlary we hereketleri saýlamak we ulanmak boýunça işiniň çeşmeleriniň gönükdirilmesi durýar.

**Okuw we öwrediji hereketleriň görnüşleri.** Görkezilen üç funksiýa laýyklykda okuw hereketleriniň üç esasy görnüşleri bardyr. Okatmagyň birinji nusgasynda okaýana taýýar bilim-düşünjeler we başarnyklar teklip edilýär. Okamak bu nusgada öýkünmek, sözme-söz ýa-da aňly kabul ediş we gaýtalamak, taýýar nusgalar we düzgünler boýunça türgenleşmek we gönükme işlemek görnüşinde bolýar. Okatmagyň ikinji nusgasy tebigy öz-özüň öwrenmek häsiýetdedir.

Okamak bu ýerde sowallary we ýumuşlary saýlamak, maglumaty we umumy düzgünleri agtarmak, görmek we aňlamak, döredijilikli iş ýaly hereketlerden durýar. Okatmagyň ahyrky, üçünji nusgasy okuwçynyň gönükdirilýän akyl ýetiriş işjeňliginiň bolmagyny nazarlaýar. Okamak bu nusgada goýlan ýumuşlary çözmek we netijeleri bahalandyrmak, synanyşmak we ýalňyşmak, tejribe geçirmek, düşünjeleri saýlamak we ulanmak we ş. m. ýaly hereketlerden jemlenýär.

Bu okadylyş hereketleriniň her birine okuwçynyň işini dolandyrmagyň öz usullary, öz konsepsiýalary we okatmagyň usullary häsiýetlidir. Meselem, taýýar bilim-düşünjeleri we başarnyklary teklip etmek okatmagyň konsepsiýasynda sapak bermek görnüşinde bolýar. Oňa şeýle usullar häsiýetlidir: habar bermek, düşündirmek, teklip etmek, görkezmek. Tebigy öz-özüň öwrenmek okatmagyň konsepsiýasynda stimulýasiýa görnüşinde şöhlelenýär. Onuň häsiýetli usullary: höwesiň oýanmagy, geňgalyjylyk, bilesigelijilik. Okadylyş hereketleriniň ahyrky görnüşi akyl ýetiriş işjeňligini gönükdirmek atlandyrylylyp, ol okatmagyň konsepsiýasyny ýolbaşçylyk etmek görnüşinde ýüze çykarýar. Onuň tipiki usullary – meseleleri we ýumuşlary goýmak, ara alyp maslahatlaşmak we çekişme, bilelikde meýilleşdirmek we ş. m.

## VII. 3. Okatmak prosesine täsir edýän faktorlar

Okuw situasiýalarynyň, okatmagyň konsepsiýalarynyň, okuw we okatmak hereketleriniň görnüşleriniň, motiwleriniň we okuw çeşmeleriniň köpdürlüligine bir umumylyk mahsusdyr. Olaryň wezipesi okuwçynyň erk-yhlasyny haýsydyr bir zady öwrenmäge gönükdirmekdir. Eger-de okuw maksadyna gönükdirilen erkli ymtylma bolmasa, okamak hem ýokdur. Islendik maksada gönükdirilen okalyşyň şeýle uniwersal – ählumumy düzüjisi öwrenişli özleşdirilme atlandyrylýar.

**Özleşdirilmäniň içki faktorlary. Üns we gönükdirilme.** Öwrenişli özleşdirilmäniň birinji şertini şeýle kesgitlemek mümkin: bilmeli we özleşdirilmeli zat daşky we içki dünýäniň kabul edilýän taraplarynyň ählisinden bölünip ýüze çykarylmalydyr. Synlamakda çäklenmän görmeli, diňlemekde saklanman eşitmeli. Mugallymyň görkezýän zady we sözleýşi, onuň görkezmeleri we talaplary okuwça gelip gowuşýan ähli

maglumatlaryň diňe bir bölegidir. Şonuň bilen bir wagtda gaýry «sesdir gohlarynyň» akymy hem gelýär. Bular beýleki okuwçylaryň özüni alyp barşy we mugallymyň daşky keşbi, äpişgäniň aňyrsyndaky şahada oturan guş, diwaryň aňyrsyndaky ädim ädilmeler we beýleki köpsanly synp otagynyň kiçi dünýäsinde bolup geçýän üznüksiz wakalardyr. «Içden» olara garşylyklaýyn häsiýetde okuwçynyň ýada salmalary, garaşmalary, galagopluklary we pikir ýöretmeleri gidýär. Psihologik eksperimentiň görkezişine görä, adam birwagtda obýektleriň çäkli sanyny kabul edip bilýär (takmynan 5 – 9). Başga ähli zatlar aýyl-saýyl däl ýerligi (fony) emele getirýär ýa-da asla aňlanylmaýar.

Predmetler adamyň işiniň içki çeşmeleri bolan maglumata isleg, durmuş zerurlyklary, jemgyýetçilik höwesleri bilen bagly bolýanlygy üçin aňyň işjeňligini döredip bilýär (haýsydyr bir zada işjeň üns görnüşinde). Şahsyýetiň bellibir maglumatlary saýlamakda, gaýtadan işlemekde we ulanmakda ýüze çykýan ýagdaýyny psihologlar gönükdirilme (ustanowka) atlandyrýarlar. Eksperimentler we synlamalar indiwidiň gönükdirilmeleriniň okuw işinde uly rolunyň bardygyny görkezýär. Meselem, iki talyp topary materialy birmeňzeş usulda we gaýtalamagyň şol bir möçberinde özleşdirýärler. Bir topara barlaga çenli materialy gaýtalamak mümkinçiliginiň bolmajagy duýdurylýar. Beýleki topara bolsa barlagyň öň ýanynda ýumşy gaýtalamak mümkinçiliginiň boljakdygy aýdylýar. Soňra iki topar hem duýdansyz barlanylýar. Materialy gaýtalamaga bil baglan talyplar ony köp derejede erbet ýada ornaşdyrypdyrlar. Olaryň materialy gutarnykly özleşdirmäge gönükdirilmesi bolmandyr.

Gönükdirilmäniň, ýada ornaşdyrmanyň möhletini, berkligini we häsiýetini kesgitleýändigi derňewlerde ýüze çykarylypdyr. «Synaga çenli» gönükdirilmede okamaklykda bilim-düşünjeler diňe synag otagyndan çykylýança saklanýar. Golaýlaşdyrylan gönükdirilmede okamaklyk golaý bilim-düşünjeleri berýär. Özleşdirmek gönükdirilmesi bolmadyk kabul ediliş asla hiç hili bilim-düşünjeleri bermeýär.

Şeýlelikde, okamaga üns we gönükdirilme okuwçylaryň psihiki we amaly işiniň netije gazanmaga, maksada ýa-da okamak prosesine gönükdirilmesiniň daşky ýüze çykmasydyr. Şeýle gönükdirilme okamagyň bu esasy taraplarynyň indiwidiň işiniň içki, daşky we şahsy determinantlary (sebäp döredijileri) bilen baglanyşdyrmak arkaly gazanylýar.

**Özleşdirmäniň daşky faktorlary. Okuw materialynyň mazmuny we formasy.** Okamagyň netijeleri diňe bir subýektiw (okuwçynyň predmete gatnaşygy) däl, eýsem obýektiw faktorlar (özleşdirilýän materialyň öz häsiýetleri) bilen kesgitlenýär. Psihologlar we pedagoglar okamagyň bu tarapyny öwrenmek boýunça köpsanly derňewler geçirdiler we uly möçberde anyk we tejribe maglumatlaryny topladylar. Olaryň seljermeleri okuw materialynyň onuň özleşdirilmegine täsir edýän esasy häsiýetlerini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Okuw materialynyň ilkinji şeýle häsiýeti onuň mazmunydyr. Özleşdirmäniň predmeti anyk maglumatlar, düşünjeler, başarnyklar ýa-da endikler bolup bilýär. Okatmagyň usuly we häsiýeti materialyň haýsy görnüşiniň özleşdirmäniň predmeti bolýandygyna bagly bolýar.

Okuw materialynyň ikinji häsiýeti onuň formasydyr. Haçanda okatmak real predmetlerde ýa-da işiň görnüşlerinde amala aşyrylanda ol durmuşy formada bolýar; eger-de, okatmak ýörite esaslandyrylan we shemalaşdyrylan okuw obýektlerinde we ýumuşlarda geçirilende ol didaktiki formada bolýar. Forma predmetleýin, obrazlaýyn, söleýiş we simwoliki bolup bilýär. Okuw materialyny okuwça ýetirmegiň bu görnüşleriniň her biri bellibir maglumatlary geçirmegiň özboluşly dili bolýar. Saýlanylýan diliň netijeliligi iki faktora baglydyr: 1) diliň özleşdirilýän materialyň häsiýetine laýyk gelmegi, 2) okuwçylaryň bu dili özleşdirmek derejesi we onuň okuwçylaryň pikirlenmesine laýyklygy.

Tejribäniň görkezişine görä, talyplar, ýetginjekler we hatda ýedi-sekiz ýaşly çagalar köplük taglymatynyň käbir düşünjelerini özleşdirmäge ukyply bolýarlar. Ýöne munuň üçin bu düşünjeleri çagalara predmet-hereket görnüşinde (predmetleriň we hereketleriň dilinde), ýetginjeklere matematiki material bilen geçirilýän takyk operasiýalar görnüşinde (obrazlaryň we operasiýalaryň dilinde), talyplara bolsa degişli maglumatlary sözleýiş we simwoliki formada bermek ýeterlik bolýar.

Okuw materialynyň üçünji häsiýeti onuň kynlygy bolup, ol özleşdirilişiň netijeliligine, onuň çaltlygyna we dogrulygyna täsir edýär. Materialyň kynlygy ýa-da aňsatlygy diýlende, adatça bir materialy okuwçylaryň çalt we az ýalňyş bilen özleşdirýändigi, beýlekini bolsa haýal we köpsanly ýalňyşlar bilen özleşdirýändigi göz öňünde

tutulýar. Derňewleriň görkezişine görä, meselem, sözleriň we sözlemleriň özleşdirilişiniň kynlygy olaryň manysyna däl-de, olaryň haýsy ýerlikde – kontekstde bolýandygyna bagly bolýar. Meselem, «Ol äpişgäniň ýanyna bardy we köçä seretdi. Ol ýerde adamlar we maşynlar gidip barýardy. Giçlik wagtydy». «Ol howdanyň ýanyna bardy we özüne seretdi. Daşarda adamlar bir ýerden başga ýere geçýärdiler we maşynlar öwrüm edýärdi, güýçli ses gelýärdi» – görnüşdäki iki tekstiň birinjisi ýeňil ýada ornaşdyrylýar. Munuň sebäbi birinji tekstde nobatdaky sözleriň we sözlemleriň köp derejede öňünden çaklanylýandygy, ikinjide bolsa mundan beýläk nämäniň boljagyny bilmegiň kyndygy bilen düşündirilýär.

Hut şu sebäbe görä, tanyş sözlerden düzülen-de bolsa, manysyz teksti ýada ornaşdyrmak has-da kyn bolýar: «Bardy, adamlar, agşam, gitdiler, boldy, köçe, ol, ugradylar, seretdi, ýerde». Sözleri bogunlara bölsek, ýagdaý ondan-da kynlaşýar: «Go, ku, rä, ço, ji, sö, ....» we ş. m. Her bir nobatdaky sözüň çaklanylmasynyň kynlyk derejesiniň we şeýle näbelliligiň sanynyň artdygyça özleşdirme şonça-da kynlaşýar. Aşakdaky sanlaryň hataryny mehaniki ýat beklemek üçin birnäçe gezek gaýtalamaly bolýar: 13, 19, 25, 31, 37, 43, 49, 55, 61, 67. Ýöne bu hatarda her bir indiki san öňündäkiden 6 birlik köpdügi, hataryň 13-den başlanýandygy we 10 elementden durýandygy nazarlanylsa, ol bada-bat özleşdirilýär. Her bir indiki sany öňünden aýtmak üçin şu maglumatlaryň ýeterlikdigi netijeli ýada ornaşdyrmanyň sebäbi bolýar.

Indiki elementiň bölekleýin ýa-da doly öňden bilinmegi özleşdirilýän materialdaky kanunalaýyklygyň bardygy bilen döredilýär. Bu kanunalaýyklyklar adamyň durmuş tejribesinde, onuň bilim-başarnygynda we düşünjelerinde şöhlelenip bilýär. Olar meselem, setiriň ritm, möçber, rifma ýaly elementlerini saýlamakda bolýan formal çäklendirijiler bilen bagly bolup bilýär. Goşgularyň ýeňil ýada ornaşdyrylýandygy hut şu mehanizm sebäpli bolýandygy ähtimaldyr. Şu mynasybetli täze okuw materialynyň özleşdirilmeginiň kynlygy, başga sebäpler bilen bir hatarda, onuň okuwçyda bar bolan tejribe, bilim-düşünjeler we başarnyklar bilen baglanyşygynyň bolýandygyna baglydyr. Şeýle baglanyşyklaryň köp ýa-da azlygy materialyň özleşdirilişiniň ýeňilligini ýa-da kynlygyny kesgitleýär.

Okuw materialynyň özleşdirilişe täsir edýän dördünji häsiýeti onuň ähmiýeti we möhümligidir. Öwrenilýän maglumatlar öz-özünelikde ýa-da indiki materialy özleşdirmek üçin ähmiýetli bolup bilýär. Ol çagalaryň soň-soňlar çözmeli boljak ýumuşlary üçin hem möhüm bolup bilýär. Galyberse-de, olar özüňi alyp barşy ýa-da şahsyýetiň içki sypatlaryny kemala getirmekde ähmiýetlidir. Şeýlelikde, «ähmiýet» düşünjesi bilim-düşünje, peýda, gymmatlyk kategoriýalaryny öz içine alýar. Käbir materialyň ähmiýeti gnostiki (akyl ýetiriş), amaly (işewür), etiki (ahlak), estetiki (çeper), sosial (jemgyýetçilik), terbiýe (pedagogik) häsiýetli bolup bilýär.

Okuw materialynyň diňe obýektiw ähmiýeti üstünlikli özleşdiriliş üçin ýeterlik däldir. Şonuň üçin ol okuwçynyň hut özi üçin ähmiýetli, ýagny material okuwçynyň isleglerine we höweslerine laýyk bolmalydyr.

Materialyň ähmiýetliligi bilen ýakyndan bagly onuň bäşinji häsiýeti – materialyň aňlanylanlylygydyr. Synlamalaryň we eksperimentleriň görkezişine görä, aňlanylan material çalt we az sanly ýalňyşlar bilen özleşdirilýär we uzakwagtlaýyn we doly saklanýar. Eýsem «aňlanylanlyk» näme? Meselem, matematika okuw kitabyndan aşakdaky kesgitleme düşnüklimi: «Eger-de erkin halkanyň ýarymhalkasy bolan *A* şol bir wagtda çep we sag ideal bolýan bolsa, onda bu halkanyň ikitaraplaýyn idealy atlandyrylýarmy»? Elbetde, bu okyjynyň bilim-düşünjesine baglydyr. Eger-de ol toparlar taglymatyny bilýän ýa-da iň bolmanda ondaky «halka», «ýarymhalka», «çep we sag ideal» düşünjeleriniň nämäni aňladýandygyna düşünýän bolsa, onda bu aýtgy onuň üçin aňlanylan bolýar. Garşylykly ýagdaýda, kesgitlemäniň manysy düşnüksiz bolýar.

Şeýlelikde, materialyň aňlanylanlygy özleşdirişiň subýektinden garaşsyz, onuň üzňe sypaty däldir. Aňlanylanlyk okuwçyda okuw materialynyň elementlerine düşünmäge we olaryň arasyndaky baglanyşygy ýüze çykarmaga zerur düşünjeleriň we hereketleriň bardygyna bagly bolýar. Mundan başga-da, aňlanylanlygyň dürli derejeleri bolup bilýär: «haýsydyr bir zat pylan diýlip atlandyrylýar» ýaly sudur görnüşdäki düşünilişden, ähli alnan maglumatlary aýdyň gaýtadan dikeltmeklige çenli. Aňlanylanlygyň özi we onuň derejesi täze okuw materialy bilen okuwçynyň bilimleriniň, düşünjeleriniň, başarnyklarynyň arasyndaky düýpli baglanyşyga bagly bolýar.

Okuw materialynyň altynjy häsiýeti onuň gurluşy – strukturasydyr. Bu häsiýet mundan ozalky bilen ýakyndan baglydyr. Aňlanylanlyk täzäniň öňki bilen baglanyşyklary boýunça kesgitlenýär. Materialyň strukturasy – bu materialda şeýle baglanyşyklaryň nähili esaslandyrylýanlygydyr. Meselem, köplük matematiki operasiýasyny aňlamaklyk goşmak operasiýasyna düşünmeklige we ony amal etmek başarnygyna esaslanýar. Köpeltmek operasiýasy birmeňzeş sanlary köp gezek goşmaklyk görnüşinde aňlanylýar (3 x 4 = 3+3+3+3). Täze operasiýanyň (köpeltmegiň) belli operasiýa (goşmak) bilen baglanyşygyny dürli hili girizmek mümkin. Ilki köp gezekleýin goşmak mysallaryndan başlap, soňra köpeltmek düşünjesine eltmek mümkin. Köpeltmek operasiýasyny kesgitlemekden başlap, soňra onuň nähili köp gezekleýin goşmaga syrykdyrylyşyny görkezmek mümkin. Birinji ýol okuw materialynyň induktiw strukturasyny, ikinji bolsa deduktiw strukturasyny berýär. Bu materialyň formal ýa-da logiki strukturasydyr. Ol düşünjeler ulgamynyň hereketleniş usulynda ýüze çykýar (tabyn etmek we utgaşykly tabyn etmek, hatardan aýyrmak we üstüni ýetirmek).

Baglanyşyklar diňe bir düşünjeleriň arasynda däl-de, eýsem predmetleriň, obrazlaryň ýa-da hadysalaryň arasynda olaryň, meselem, meňzeşligi we aýry-başgalygy, golaýlygy we uzaklygy, sebäbi we netijesi boýunça hem esaslandyrylyp bilinýär. Bu fiziki, psihologik we beýleki gatnaşyklar boýunça baglanyşyklar materialyň mazmun ýa-da semantik strukturasyny häsiýetlendirýär. Galyberse-de, baglanyşyklar bellibir diliň düzgüni, onuň bellibir utgaşmalarynyň esasynda döredilip bilinýär. Jedwel tablisasy, meselem, şeýle özleşdirilýär. Bu materialyň sintaktik strukturasy bolýar.

Özleşdirmek boýunça geçirilen tejribeler okuw materialynyň bir strukturasynyň beýlekiden düýpli artykmaçlygynyň bolmaýandygyny görkezýär. Ýöne şol derňewler islendik materialyň strukturalaýynlygy, ýagny onuň bölekleriniň logiki, semantik we sintaktik baglanyşyklary ýokarlandygyça onuň özleşdirilişiniň ýeňilleşýändigini ýüze çykarmaga mümkinçilik berdi. Materialda täze bilen könäniň şeýle baglanyşyklary näçe köp bolsa, her bir indiki bölegiň öňki bilen baglanyşygy şonça-da ykjam, özleşdirilmesi aňsat bolýar. Yzygiderliligiň we ulgamlaýynlygyň okatmagyň esasy düzgünleriniň biri

bolýandygy tötänleýin däldir. Tejribeleriň görkezişine görä, aýry-aýry ýüze çykarylan baglanyşyklar näderejede çylşyrymly, köp gatnaşyklary ýa-da bölekleri özünde jemleýän bolsa, olar şonça-da aňsat özleşdirilýär. Köpsanly matematiki teoremalary, subut edilmeleri we usullary özleşdirmekdäki kynçylyklar hut şunuň bilen düşündirilýär. Kynçylyklar, haçanda, baglanyşyklar aýdyň ýüze çykarylman, takyk we beýan ediji materialda göze ilmän galýan ýagdaýynda hem döreýär. Materialyň bölekleriniň ýerleşdirilişi hem uly rol oýnaýar. Meselem, gyraky elementler, başlangyç we soňkular ortadakydan ilki we durnukly özleşdirilýär.

Okuw materialynyň özleşdirilişine täsir edýän ýedinji faktor onuň göwrümi, oňa goşulýan aýry-aýry elementleriň sanydyr. Manysyz materialda özleşdirilýän elementleriň sanyny kesgitlemek kyn däldir. Eger-de manysyz bogunlar özleşdirilýän bolsa, materialyň göwrümi şeýle bogunlaryň sanydyr (ýöne, olaryň ählisinde harplaryň ýa-da sesleriň sany birmeňzeş bolsa). Sanlar özleşdirilende göwrüm sandaky sifrleriň sany ýa-da sanlaryň mukdarydyr (eger-de olaryň ählisinde sifrleriň sany birmeňzeş bolsa). Materialyň manyly özleşdirilişinde, haçanda, ol pikirde gaýtadan işlenende, onuň göwrümini kesgitlemek çylşyrymlydyr. Ol okuwçylaryň tejribesine we bilim-düşünjesine laýylykda kadalaşdyrylýar we guralýar. Özleşdirilýän materialdan ikinji derejeliler aýrylýar, many daýanç nokatlary ýüze çykarylýar, uly bitewi bölekler olaryň jemleýji atlandyrylyşy bilen çalşyrylýar. Şonuň üçin okuw materialynyň göwrümini ölçemek entek ýeterlik däldir sebäbi, okuwçylar okuw kitabynda ýazylany däl-de, teksti pikirde gaýtadan işlemegiň netijesinde alynýan zady we bu netijeleriň öz tejribesiniň adalgasynda aňladylyşyny özleşdirýärler. Ol her kimde özboluşly bolýar. Aňlanylan okuw materialyny diňe gytaklaýyn, özleşdirilmesi talap edilýän täze düşünjeleriň we hereketleriň sany boýunça ölçemek bolar. Ony materialda esaslandyrylýan baglanyşyklaryň ýa-da onuň özünde saklaýan pikir ýöretmeleriniň sany arkaly kesgitlemek mümkindir.

Okuw materialyny özleşdirmäge täsir edýän ýene-de bir faktor hökmünde materialyň emosional aýratynlygy bellenilmelidir. Muňa materialyň özüne çekijiligi, onuň okuwçylarda bellibir duýgulary döredip bilmek ukyby degişlidir. Derňewleriň görkezişine görä, güýçli oňyn

duýgulary döredýän material duýgy öwüşgini bitarap we ýürege düşgünç materialdan ýeňil özleşdirilýär. Oňyn däl emosiýalar (ýigrenç, gorky, sulh almazlyk, gahar) bilen bagly material kähalatlarda erbet, ýöne kähalatlarda duýgy öwüşgini bitarap materialdan oňat özleşdirilýär. Bu ýerde köp zat duýgularyň gönükdirilmesine bagly bolýar.

**Özleşdirilmäniň guralyşy.** Eger-de okuw materialy esasy posylka, içki gönükdirilme bolsa onuň şerti bolýan bolsa, onda gaýtalamak we gönükme işlemek özleşdirmäniň esasy serişdeleri bolýar; bular özleşdirilýän materialy we hereketleri paýhasa ornaşdyrmak, berkitmek üçin zerurdyr. Emma köpsanly tejribeleriň we synlamalaryň görkezişine görä, köp gezek gaýtalamaklyk, öz-özünelikde öwrenmegi ýa-da bilim-düşünjeleriň we hereketleriň berkidilmegini üpjün edip bilmezligi-de mümkindir. Şol bir hereketleri köp gezek gaýtalamaklyk, eger-de okuwçylar hereketleriň netijesi – dogrulygy ýa-da nädogrulygy barada maglumat almasa, öz-özünden olary kämilleşdirmeýär. Diýmek, gaýtalamak diňe ornaşdyrmak üçin däl-de, bilim-düşünjeleri we hereketleri takyklamaga we kämilleşdirmäge zerurdyr; başgaça aýdanyňda, ol ýetilen netijeleri barlamagyň we düzetmegiň serişdesidir. Gaýtalamak mundan başga-da, täze-täze baglanyşyklary okuw materialynyň elementleriniň öz arasynda we okuwçylaryň tejribesiniň arasynda ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Özleşdirmäni döredýän işjeň gaýtalamaklyk bu diňe köp gezek kabul etmek, okamak ýa-da hereket däldir. Işjeň gaýtalamakda her bir täze kabul edişde ýa-da gaýtadan dikeltmede okuwçylar psihologik jähtden bellibir derejede özgeren, täze material bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar; material indi mundan ozalky pikirüsti işlenilmeler, öň mälim bolmadyk baglanyşyklaryň ýüze çykarylmasy bilen baýlaşan bolýar.

**Okatmakda yza dolanýan baglanyşyk.** Öwrenmegiň gidişi yza dolanýan baglanyşyk, ýagny pursatlaýyn netijelere üznüksiz ýa-da döwürleýin gözegçilik we nazarlamak esasynda dolandyrylýar. Okatmakda şeýle gözegçiligiň esasy serişdesi okuwçylaryň jogaplary we hereketleri, olaryň dogrulyk derejesi, ýalňyşlaryň sany bolýar. Okuw işini dolandyrmagyň netijeliligi köp derejede onuň usullaryna we formalaryna baglydyr: 1) okuwçylaryň dogry jogaplary we hereketleri agtarmagy, 2) goýberilýän ýalňyşlar barada habar, 3) bu ýalňyşlary düzetmek, 4) mugallymyň ýalňyşlara reaksiýa döredişi.

Okatmagyň nazaryýetiniň we amalyýetiniň seljermesiniň görkezişine görä, jogap agtarmaklyk özbaşdak konstruirlemek (jogabyň okuwçynyň özi tarapyndan döredilmegi) ýa-da alternatiw saýlaw (teklip edilýän birnäçe taýýar jogaplardan okuwçynyň bir dogry jogaby saýlamagy) görnüşlerinde amala aşyrylyp bilinýär.

Ýalňyşlary görkezmek göni habar bermek (goýberilen ýalňyşlary görkezmek) ýa-da gytaklaýyn ýüze çykarmak (okuwçynyň öz jogabyny dogry jogap bilen deňeşdirip ýalňyşyny ýüze çykarmagy) häsiýetde bolup bilýär.

Ýalňyşlaryň düzedilişi pursatlaýyn düzediliş (dogry jogaby bada-bat habar bermek), jemleýji düzediliş (diňe ýumşuň ähli sowallaryna jogap berleninden soňra dogry jogaplary teklip etmek), ýaňzytmak (ýalňyşa düşünmäge we ony düzetmäge kömek edýän goşmaça maglumatlary we görkezmeleri habar bermek), agtaryş (ýalňyş barada habar alnandan soňra dogry jogaby özbaşdak gözlemek) arkaly amala aşyrylyp bilinýär.

Öwrenmegiň gidişini dolandyrmagyň düzgünleriniň arasynda uniwersal we iň kämil hasaplanylýany ýokdur. Olaryň biri didaktiki ýumuşlaryň bir görnüşi, beýlekileri başga görnüşleri çözülende has netijelidir. Bu ýerden okatmak prosesini programmirlemekde we dolandyrmakda bu düzgünleri netijeli utgaşdyrmak meselesi gelip çykýar.

## VII. 4. Endikleri öwretmek

Gymyldylar we hereketler adamda aňlanylan ýa-da aňlanylmadyk görnüşlerde amala aşyrylýar. Adatça, hereketleriň ahyrky maksatlary hem-de olaryň umumy häsiýeti aňlanylýar. Bir tarapdan, ahyr netijede aňlanylýan maksat bilen döredilýändigi we dolandyrylýandygy üçin adamyň hiç bir hereketi soňuna çenli awtomatlaşan (ýagny, aňdan çykarylan) bolmaýar. Başga bir tarapdan, adamyň ähli diýen ýaly hereketi endikler mynasybetli bölekleýin awtomatlaşan bolup, köp derejede aňyň gatnaşmazlygynda amala aşyrylýar. Adam hiç wagt dolandyrmanyň, ýerine ýetirmäniň we gözegçiligiň ähli elementlerini ahyryna çenli aňlamaýar (islendik işiň doly mazmunly ýerine ýetirilmegini ýeňilleşdirýändigi sebäpli awtomatlaşma möhüm ähmiýete

eýedir). Hereketleriň aýry-aýry taraplarynyň awtomatlaşmagy olaryň gurluşyny özgerdýär we kämilleşdirýär.

Endikler hereketleriň maksadyna we şertlerine däl-de, hereketleri ýerine ýetirmegiň tärlerine degişlidir. Awtomatlaşma aňy motor, sensor we intellektual operasiýalaryň amala aşyrylyşynyň üstünden gözegçilik etmekden boşadýar. Adamyň hereketi şu operasiýalardan durýar. Bu babatda hereketiň ýerine ýetirilişi awtomatlaşan bolýar. Ýöne aňyň giňişliginde maksat galýar we öňdäki orna geçýär; hereket we onuň geçýän şertleri hem-de onuň netijeleri maksatlaryň bähbidine gönükdirilen we maksada tabynlykda bolýar. Bu nukdaýnazardan hereketiň ýerine ýetirilişi tutuşlygyna has aňlanylan häsiýete eýe bolýar.

Hereketiň haýsy taraplarynyň bölekleýin awtomatlaşmagyna baglylykda endikleriň dürli görnüşleri tapawutlandyrylýar. Bir tarapdan, sensor endikleri bolup bilýär. Olara mysal hökmünde: okamakda harplaryň formalaryny tapawutlandyrmak, sözleýşi diňlemekde fonemalary tapawutlandyrmak, aralygy we hereketiň çaltlygyny göz çeninde kesgitlemek (sürüjilerde, uçarmanlarda) we beýlekileri görkezmek bolar. Muskul hereketleri awtomatlaşanda hereket (ýa-da motor) endikleri döreýär (şrifte seretmän kompýuterde hat ýazmak, klawişlere seretmezden pianinoda oýnamak, motosikl ýa-da welosiped sürmek). Hereketleriň iki görnüşi utgaşanda, haçanda, hereket gymyldylary görüş (ýa-da eşidiş) gözegçiliginde amala aşyrylanda sensomotor endikler döreýär (ýazuw, surat çekmek, awtomobili dolandyrmak, byçgyda kesmek). Akyl işine degişlilikde intellektual endikler bardyr (hasaplamak endigi, abzalyň görkezýän zatlaryny okamak). Has giňişleýin alnanda, ýumuşlaryň bellibir görnüşlerini işlemek endigi, ýagny logiki pikirlenme endigi hakynda aýtmak bolar.

Endikleriň döremeginiň esasynda synag synanyşyklary we seçgi durýar. Gaýtalanýan amaly synanyşyklar bolmasa, endikleriň kemala gelmegi mümkin däldir.

Adamda hereketiň ýerine ýetirilmegi ol ýa-da beýleki görnüşde aň arkaly dolandyrylýar. Amaly synanyşyklar bellibir hereketleri gaýtadan dikeltmegiň aňly synanyşyklary görnüşinde geçýär. Netijelere gözegçilik, şertleri bahalandyrmak, hereketlere düzediş bermek hem bellibir derejede aňlanylandyr. Hatda ýönekeý öýkünme hem ol ýa-da beýleki derejede özleşdirilýän hereketleriň nusgasyny aňly synlamak-

lyga daýanýar. Iň esasy zat, hereketleriň tärlerini saýlamak we dolandyrmak maksadynyň aňlanylmagyna we olaryň mazmunyny göz öňüne getirmeklige baglydyr.

Psihologlar we pedagoglar okatmagyň işjeň usullaryny yzygider öwrenýärler. Bu usullara böleklere bölünen görkeziliş we endigan instruktirleme, ýörite instruktiw kartoçkalary we trenažerleri ulanmak we ş. m. degişlidir. Eksperimentleriň şaýatlyk etmegine görä, okuwçyny talap edilýän hereketleriň formasy, herekete gözegçiligiň duýma oriýentirleri we ony meýilleşdirmegiň tärleri bilen deslapdan tanyşdyrmaklyk, hereketleri özleşdirmegi we degişli endikleriň kemala gelşini düýpli çaltlandyrýar. Haçanda, hereketleriň ýerine ýetirilişi sensor we intellektual hereketleriň we olara gözegçilik etmegiň daşky serişdeleri arkaly dolandyrylanda netijeler has-da gowy bolýar.

Bu ýagdaýda degişli maglumaty okuwçynyň hususy sözleýşine geçirmek möhümdir. Bu ýerde şeýle usullar has ähmiýetlidir: ýumşy, onuň ýerine ýetiriliş tärlerini we meýilnamasyny «seslendirmek»; ýalňyşlary, olaryň sebäplerini we düzediş usullaryny sözüsti seljermek; ýerine ýetirilýän hereketler, saýlanylýan oriýentirler we çözülişler barada güýçli sesde öz-özüňe hasabat bermek; hereketleriň usullaryny sesli we ýazmaça esaslandyrmak we ş. m. bu maksatlar üçin sözleýiş däl diller (meselem, hereketiň shemalary, oriýentirler kartasy, formulalar we pikir ýöretmäniň shemalary, hereketleriň we operasiýalaryň yzygiderliliginiň grafikleri, herekete ýa-da onuň netijesine gözegçiligiň etalonlar tablisalary) ulanylyp bilinýär.

**Endikleriň kemala getiriliş prosesi.** Umumy psihologiýa dersinden belli bolşy ýaly, endik adamda aňly awtomatlaşdyrylýan hereket görnüşinde döreýär. Endik aňy hereketiň tärleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilikden boşadýar we ony hereketiň maksatlaryna we şertlerine geçirýär.

Okuwçynyň psihiki we amaly işiniň gurluşy gönükme çözende we özi üçin täze bolan hereketi gaýtadan ýerine ýetirende üýtgewsiz galmaýar. Ilkinji synanyşyklarda okuwçy özi üçin täze bolan hereketiň öňünde durýar. Kem-kemden degişli operasiýalar ýa-da hereketi ýerine ýetirmegiň tärleri çalt we oňat amala aşyrylyp başlanýar. Soňky synanyşyklarda bu tärler gönükmeden gönükmä onçakly köp özgermeýär. Tärleriň ulnylyşy köp derejede awtomatlaşýar, aňyň gö-

zegçiliginden boşaýar; bu bolsa hereketiň çaltlygyny erkli dolandyrmaga, olary özgerýän ýumuşlara uýgunlaşdyrmaga, täze situasiýalara we obýektlere geçirmäge mümkinçilik berýär.

**Endikleri öwretmegiň ýollary.** Endikleri öwretmegiň iki esasy ýoly tapawutlandyrylýar. Eger-de esas hökmünde sensor (duýma) tapawutlandyrylmasy goýulýan bolsa, onda esasy zat hereketiň oriýentirlerini öwretmek we olaryň kabul edilişini awtomatlaşdyrmakdyr. Meselem, okamagy öwretmekde her bir harpyň beýlekilerden tapawutlanýan elementlerini ýüze çykarmalydyr; bu, aýratyn-da, meňzeş ( «n» we «ň» – biriniň depesinde guýruk bar, beýlekisinde ýok; «o» we «ö» – ö-niň üstünde nokat bar we ş. m.). Bu ýerde esasy gönükmeler tapawutlandyrma gönükmeleri bolmalydyr. Meselem, gezekleşýän sesleri ýüze çykarmak, degişli harplary bolan teksti okamak.

Eger-de esas hökmünde motor (hereket) tapawutlandyrylmasyny döretmeklik goýulýan bolsa, onda esasy zat şu obýekt bilen (ýa-da ýumuş bilen) bagly hereketiň ähli elementlerini endigan işlemek bolýar; şeýlelikde, hereketi öwretmek prosesinde onuň ýerine ýetirilişiniň awtomatlaşmagy ýüze çykýar; bu ýagdaýda şol bir okamagy öwretmek başgaça guralmalydyr: birbada birnäçe harpy (sözleri, formulalary, ýumuşlary, sanlary) girizmek we deňeşdirmek maslahat berilmän, bir gezekde diňe birini girizip, ony dogry reaksiýa (köp gezek atlandyrmak) bilen endigan baglanyşdyrmak we doly öwrenilenden soňra indikä geçmek teklip edilýär.

Okatmagyň guralyşyna talaplar hem dürli bolýar. Eger-de baglanyşygy döretmeklik berkitmä esaslanan bolsa, çözülýän ýumuşlara höwes döretmek, olaryň möhümligini we peýdalydygyny düşündirmek, endigi özleşdirmäge aňly gönükdirilmäni kemala getirmek zerurdyr. Eger-de şert sylag hasaplanýan bolsa, ýetilen netijeler barada yzygider maglumat we dogry herekerleriň höweslendirilmegi talap edilýär.

Gönükmeleriň özüniň guralyşy olaryň esasynda öwredilişiň haýsy görnüşiniň ýatýandygyna bagly bolýar. Eger-de esasy zat sensor tapawutlandyrma we berkitme bolsa, gönükmeler aňlanylan mazmunly ýumuşlara esaslanýan toplumlaýyn häsiýetde bolmalydyr. Bitin sözlerde okamagy, aňlanylan tekstlerde ýazuwy öwretmek hut şeýle guralýar (ilki harplarda, soňra tekstlerde). Şeýle ýagdaýda

zähmet endiklerini öwretmeklik peýdaly zatlary ýasamak prosesinde amala aşyrylýar.

Eger-de esasy zat motor (hereket) tapawutlandyrma we sylag bolsa, onda formal obýektlerde amal edilýän analitik häsiýetli gönükmeler peýdalydyr. Okamak şeýle ýagdaýda manysyz bogunlarda we ses utgaşmalarynda öwredilýär we diňe şondan soňra sözlere geçilýär. Ýazuw öwretmeklik tegelejiklerden we çyzyjaklardan, zähmet hereketlerini öwretmek aýry-aýry tärleri özleşdirmekden başlanýar (igäniň hereketi, çaklaň tagtany kesmek).

Özleşdirilýän endikleriň doza bölünmegi, kynlygy we göwrümi hem öwretmäniň deslapky nazaryýeti, meselem, gaýtalamanyň roly baradaky sowaly çözmek bilen baglydyr. Eger-de gaýtalamanyň manysy «ornaşdyrmakda» görülýän bolsa, onda okuwçynyň goýberýän ýalňyşlary paýhasda «peçatlanýan» («möhürlenýän») hasaplanylýar. Şonuň üçin ýalňyşlaryň mümkingadar öňüni almak zerurdyr. Bu ýagdaýda okuwça elýeter ýumuşlary girizmek, çylşyrymly materialy böleklere bölmek, täze materiala örän seresap we kem-kemleýin geçmeklik teklip edilýär. Bu nazaryýetiň şygary: «Ýalňyşlar okamagy kynlaşdyrýar, ýalňyşlaryň öňüni alyň!» Eger-de gaýtalamanyň manysy dürli hereketleri synag etmekde görülýän bolsa, onda bu nukdaýnazardan goýberilýän ýalňyşlar dogry hereketleri agtarmaga we ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär diýen netije gelip çykýar. Bu ugruň şygary: «Ýalňyşlarda öwrenilýär, ýalňyşlardan gorkmaň!» bu okatmagy elýeter, ýöne kyn ýumuşlarda alyp barmagy talap edýär.

Şeýlelikde, endikleri netijeli öwretmegiň esaslarynyň iki nazaryýeti bardyr. Olaryň biri duýma oriýentirlerine daýanmagy talap edýär. Gönükmeler bu nazaryýete laýyklykda özgerdilýän toplumlaýyn mazmunly ýumuşlarda amala aşyrylmalydyr. Olaryň çözülmegi maksadyň bilinmegine ýardam edýär. Dogry hereketleri agtarmak we synag etmek, goýberilen ýalňyşlary seljermek we olary aradan aýyrmak bu nazaryýeti amal etmegiň esasy ýoludyr. Şeýle usuly sintetik atlandyrmak bolar. Beýleki nazaryýet hereket aktlaryna (bitirmelerine) daýanmagy talap edýär. Bu nazaryýete laýyklykda, gönükmeler standart elementlerde, formal ýumuşlarda amala aşyrylmalydyr. Netijäni bilmeklik we oňa ýetilende kanagatlanmaklyk şeýle ýumuşlary çözmäge ýardam edýär. Dogry hereketleriň element-

lerini berkitmek we olary kem-kemden bitewi hereketde birleşdirmek şeýle gönükmeleri çözmegiň ýoly hasaplanylýar. Bu usuly analitik atlandyrmak bolar.

Bu nazaryýetleriň her biri pedagogik taglymatda we mekdep amalyýetinde giňden ulanylýar. Meselem, birinji nazaryýet mekdeplerde sintetik häsiýetli mazmunlaýyn usul görnüşinde hereket edýär (okamakda tutuş sözler usuly, daşary ýurt dilleri okadylanda kontekstleýin (ýerligi bolan usul)). Önümçilik okadylyşynda ol predmetleýin ulgam görnüşinde bolýar. Ikinji nazaryýet elementleýin formal analitik usulda şöhlelendirilendir (okamak öwredilende harplary jemlemek usuly, daşary ýurt dilleri öwrenilende sözlük usuly we ş. m.). Önümçilik okadylyşynda ol operasiýa ulgamy görnüşinde bolýar.

Psihologlar we pedagoglar seredilen nazaryýetleriň öňe sürýän faktorlaryny endigan öwrendiler. Meselem, hereketleriň oriýentirlerini özleşdirmegiň we gymyldylary elementleýin işlemegiň roly barlandy, maksatlary we netijeleri bilmegiň täsiri anyklanyldy. Derňew geçirenler gönükdirilmeleriň we «sylaglaryň» ähmiýetini bahalandyrdylar, aňsat we kyn ýumuşlaryň, bölekleýin we bitewi, formal we mazmunly gönükmeleriň netijeliligini deňeşdirdiler. Ýörite okadylyşy ýalňyşlaryň öňüni almagyň, şeýle-de olary seljermegiň esasynda geçirdiler.

Bu faktorlaryň her biriniň ol ýa-da beýleki görnüşde endikleriň kemala gelmegine ýardam edýändigi anyklanyldy. Ýöne seredilen çemeleşmeleriň haýsy biriniň «oňatlygyna» jogap bermek kyndyr. Analitik çemeleşmede iş ilki çalt we ýeňil gidýär, endikler özüniň ýokary aýdyňlygy, dogrulygy we berkligi bilen tapawutlanýar. Ýöne soňra aýry-aýry elementler bitewi hereketlere birleşdirilende kynçylyklar döreýär. Öwrenmeklik haýallaýar, kemala getirilen endikler bolsa kähalatlarda şablon we çeýe däl görnüşde bolýar. Sintetik usulda, tersine, ilki iş adatça haýal we kynlyk bilen gidýär, köp ýalňyşlar goýberilýär, hereketler «sap däl» ýerine ýetirilýär. Ýöne öwrediliş soňra çaltlaşýar, kemala getirilen endikler özüniň çeýeligi bilen tapawutlanýar we dürli şertlere ýeňil uýgunlaşýar.

Bu derňewleriň netijeleri seredilen usullaryň haýsydyr birini ileri tutmaga esas bermeýär. Hereketiň mazmuny, okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklary, mugallymyň şahsyýeti ýaly beýleki faktorlaryň täsir edişi usullaryň tapawudyndan has güýçli bolýar.

## VII. 5. Okatmak prosesinde bilimleriň we düşünjeleriň kemala getirilişi

Kemala getirilen endikleriň başga şertlere geçirilmegi meselesi (gysgaça aýdylanda geçirmeklik) pedagogik psihologiýanyň merkezi meseleleriniň biridir. Özleşdirilen hereketleri täze ýumuşlara geçirmeklik, başgaça aýdylanda, işiň täze görnüşlerini az ýalňyşly we çalt özleşdirmekdir. Adamyň özleşdirilen hereketleri dogry ulanyp bilýän obýektleriniň ulgamy näçe giň bolsa, onuň bar bolan endikleriň esasynda çözüp bilýän ýumuşlarynyň toplumy şonça-da möçberlidir. Ýönekeýleşdirilip aýdylanda, adamda hereketleri geçirmek näçe giň we takyk bolsa, ol şonça-da köp öwrenen, okamagynyň netijeleri şonça-da öndürijilikli bolýar we olar şonça-da oňa gündelik işinde netijeli kömek edýär.

**Bilimleri kemala getirmegiň esaslary.** Hereketleri täze obýektlere, şertlere we ýumuşlara dogry we üstünlikli geçirmek, daşky dünýäniň häsiýetlerini şöhlelendirýän, adamzadyň amaly we akyl ýetiriş işi üçin ähmiýetli bolan bilimlere köp derejede baglydyr. Degişli bilim-düşünjeleri kemala getirmek we özleşdirmek adamyň täze obýektler, situasiýalar, ýumuşlar bilen ýüzbe-ýüz bolanda ýüze çykýan maksadalaýyk we netijeli işine taýýarlygy döredýär.

Bilimleriň kemala getirilişinde işiň dürli görnüşleriniň roly dürli-dürlüdir. Meselem, predmet işi (manipulirlemek we predmeti bir ýerden başga ýere geçirmek) zatlar we hadysalar öz häsiýetlerini «görkezmegi» üçin zerur bolýan bolsa, perseptiw (kabul ediş we synlama) iş bu häsiýetleriň adamyň kabul edişinde we göz öňüne getirmelerinde şöhlelenmegi üçin gerekdir; pikirlenme (analiz we sintez) bu häsiýetleri deňeşdirmek we olardan umumylygy ýüze çykarmak üçin, sözleýiş (belgilemek we atlandyrmak) bu umumy häsiýetleri predmetlerden abstragirläp we synpyň (görnüşiň, otrýadyň) sypatlary hökmünde jemläp, berkitmek. Bu ýerden bilimleri öwretmegiň birnäçe elementleri gelip çykýar.

1. Bir synpyň dürli predmetlerini ýa-da hadysalaryny okuwçylara görkezmek (ýa-da olaryň özleriniň ýüze çykarmagy). Şeýle ýagdaýda predmetler düýpli sypatlaryndan başga ähli alamatlary boýunça tapawutlanýan görnüşde (bölekleýän usul) ýa-da tersine,

düýpli sypatlaryndan başga ähli alamatlary boýunça meňzeş bolýan (garşy goýujy usul) görnüşinde saýlanylyp alynýar. Meselem, bölekleýän usulda «süýdemdirijiler» düşünjesini daşky taýdan dürli bolan it, kit we uçýan syçan obýektlere, garşy goýujy usulda bolsa daşyndan meňzeş obýektler bolan kite we balyga degişlilikde girizmek mümkin.

2. Okuwçylaryň bu predmetleri ýa-da hadysalary synlamagy we olaryň dürli taraplaryny we häsiýetlerini, hereketlerini ýüze çykarmagy. Meselem, ýokarda getirilen obýektler üçin olaryň gurluşyny, ýaşaýyş keşbini, köpelişini we ş. m. ýüze çykarmak.

3. Ýüze çykarylan häsiýetleri deňeşdirmek, baglanyşdyrmak we biri-birine garşy goýmak. Seredilen ähli obýektlere umumy bolan häsiýetleri ýüze çykarmak we birleşdirmek (sintez) ýa-da tersine, bir toparyň obýektlerini beýleki toparyň ähli obýektlerinden tapawutlandyrýan häsiýetleri ýüze çykarmak. Bölekleýän usul ulanylanda getirilen mysalda bular şeýle sypatlar bolýar: ähli süýdemdirijiler janly dogurýanlar, ýylyganlylar, öýkenden dem alýanlar, süýt mäzleri, skelet ýülügi, kelle beýnisi bolýanlar. Biri-birine garşy goýulýan usulda – janly dogurýanlar işbil taşlaýanlar bilen, ýylyganlylar sowukganlylar bilen deňeşdirilýär.

4. Ýüze çykarylan häsiýetleri adalgada («süýdemdirijiler») berkitmek arkaly abstragirlemek.

5. Adalgany ýüze çykarylan sypatlary bar bolan dürli obýektlere ulanmak arkaly düşünjäni jemlemek (meselem, synlanylýan ýa-da öwrenilýän haýwanlaryň dürli gönüşleriniň arasyndan süýdemdirijileri akyl ýetiriş gönükmesi arkaly ýüze çykarmak).

Bilimleriň beýan edilen kemala getiriliş ýolunyň işjeň däl bolmagy hökman däldir. Synlamanyň obýektlerini bir ýagdaýlarda mugallym görkezip biler. Başga bir ýagdaýlarda olary okuwçylaryň özleri edebiýaty öwrenenlerinde, özleri eksperiment geçirenlerinde, ekskursiýalarda, ekspedisiýalarda derňewlerde agtaryp, ýüze çykaryp ýa-da döredip bilýär. Edil şonuň ýaly-da analiz, sintez, baglanyşdyrmak, abstragirlemek we jemlemek mugallymyň özi, mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylar tarapyndan amala aşrylyp bilinýär; galyberse-de, ol problema situasiýalarynda okuwçylaryň özbaşdak akyl ýetiriş işiniň netijesi bolup bilýär.

Deslapky obýektleriň ýeke-täk, takyk predmetler bolmagy hökman däldir. Meselem, ýokarda getirilen mysallarda okuwçylar bir kiti ýa-da iti deňeşdirmän, umuman, kitleri we itleri deňeşdirip, obýektleriň düşünjelerde aňladylan synplary bilen iş salyşýarlar. Deslapky obýektler asla predmet bolman, abstrakt düşünjeler hem bolup bilýär. Meselem, dürli görnüşli morfemalary biri-birine baglanyşdyryp, okuwçylar has ýokary abstrakt häsiýetde bolan «grammatik mazmun» düşünje derejesine galyp bilýärler. Okatmakda esasy zat deslapky obýektleriň takyklyk derejesi däl-de, täze bilim-düşünjäniň deslapky obýektleriň häsiýetlerini jemlemek arkaly gazanylýan ahyrky önüm bolýanlygydyr.

Psihologik derňewler bu prosesiň köpsanly möhüm sypatlaryny we mehanizmlerini ýüze çykardy.

Birinjiden, maglumatlaryň gaýtadan işlenilmegi predmetleriň ýa-da hadysalaryň kabul edilişinden soňra däl-de, kabul edişiň öz gidişinde başlanýar. Görlüp oturylsa, kabul ediş bir obýektleri saýlap, beýlekileri göýä görmeýän ýaly bolýar. Mundan beýläkki pikirüsti işlemeklik (deňeşdirmek, jemlemek) köp derejede adamyň obýektlerde nämäni görýändigine bagly bolýar. Şeýle saýlanylyp alynma üç esasy faktora garaşlydyr: 1) obýektiň öz gurluşy (haýsy sypatlar onda has aýdyň ýüze çykýar), 2) şahsy tejribä (haýsy sypatlar has tanyş), 3) okadylyş usuly (haýsy sypatlary mugallym nygtaýar ýa-da okuwçy belleýär). Meselem, ýyrtyjy haýwanlar öwrenilende okuwçynyň gözüne haýwanyň «hyrsyz tumşugy» ilmegi mümkin. Şunuň esasynda ol ýyrtyjylara «hyrsyz» alaňňyrdy degişli edip, ýöne oňa «owadan» tilkini we pişigi goşmaýar. Kabul ediş bu ýerde düýpli däl sypatlary ýüze çykarýar. Netijede, ýalňyş jemleme we nätakyk düşünje döreýär.

Bilim-düşünjeleriň döremegine getirýän kabul edilen zadyň gaýtadan işlenilmegi hemişe aňlanylan we ýaýraň häsiýetde bolmaýar. Çaky, adaty düşünjeleriň kemala gelşi we çagalar tarapyndan ulanylyşy şeýle görnüşde bolýar. Ýöne ululary köp bölegi hem, meselem, özleriniň «stol», «akyl», «haýwan» we ş. m. sözleri haýsy many-mazmunyň esasynda ulanýandygyna hasabat berip bilmezlikleri mümkindir.

Galyberse-de, bilim-düşünje hemişe degişli sözi özleşdirmek ýa-da ulanmak bilen bagly däldir. Meselem, çagalar kähalatlarda

predmetleri ýa-da kartinkalary dogry klassifikasiýa bölüp bilýärler: naharlanmak üçin gurallary (çemçeleri, çarşaklary) we instrumentleri (çekiç, byçgy) ýa-da haýwanlaryň we ösümlikleriň şekillerini aýratyn toparlara birleşdirmek. Ýöne şeýle ýagdaýda çagalar zatlaryň toparyny söz bilen belgiläp bilmeýär we öz klassifikasiýasynyň esasyny sözde düşündirmegi başarmaýar. Çaklanyşyna görä, jemlemek entek bu ýerde aýdyň göz öňüne getirmeleriň derejesinde bolýar. Göz öňüne getirmeler, bir tarapdan, degişli obýektleriň düýpli alamatlaryny ýüze çykaryp, başga bir tarapdan bolsa, tötänleýin, goşmaça, bölekleýin sypatlaryny berkidip bilýär. Diýmek, islendik jemleýji bilimler düşünjeleriň düşünje häsiýeti bolmaýar.

Derňewleriň şaýatlyk edişine görä, deslapky düşünjeleriň häsiýeti kemala gelýän düşünjeleriň mazmunyna düýpli täsir edýär. Meselem, beýikligi üçburçlugyň içinde görmäge öwrendikli bolan okuwçy ony kütek burçly üçburçlyklarda ýüze çykarmakda kynçylyk çekýär; kwadratlaryň aratapawudyny $a^2 - b^2$ görnüşde göz öňüne getirip, ol ony $x^4y^2 - z^8$ aňlatmada görmeýär we ş. m. Başga bir tarapdan, degişli sözi dogry ulanmaklyk hem düşünjäniň kemala gelendigini aňlatmaýar. Söz obýektleriň düýpli sypatlary barada düşünje däl-de, köplenç, degişli aýdyň göz öňüne getirmeleriň diňe belgilenmesi bolýar.

Okuw materialynyň aýratynlyklary degişli bilimleriň (analiziň we sinteziň, abstragirlemäniň we jemlemäniň) döremegi üçin zerur predmet, perseptiw we akyl işiniň tärlerini kesgitleýär. Diýmek, dogry bilimleri we düşünjeleri kemala getirmek üçin okuwçylara akyl işiniň hut özüniň tärlerini ýörite öwretmeli bolýar; bu tärler mynasybetli öwrenilýän predmetleriň we hadysalaryň düýpli sypatlary ýüze çykarylýar, bölünip alynýar we birleşdirilýär.

Psihologlar okuwçylarda matematiki, grammatik, geografik we beýleki düşünjeleriň kemala getiriliş proseslerini endigan derňediler. Degişli bilimleri kemala getirmek üçin zerur bolan akyl işiniň tärleri we bu tärleri öwretmegiň usullary esaslandyryldy. Şeýle-de, okatmak prosesinde bilimleri kemala getirmegiň tapgyrlary kesgitlenildi. Ilki-ilkiler okuwçylaryň göz öňüne getirmeleri we düşünjeleri diffuziýa – ýaýraň häsiýetde bolýar; olary ulanmakda çaga özüniň daýanýan sypatlaryny aňlamaýar. Soňra käbir ýygy-ýygydan duşýan, göze ilýän sypatlar ýüze çykarylýar we aňlanylýar. Ýöne entek düýpli

we düýpli däl sypatlaryň arasyndaky tapawut aňlanylmaýar. Has soňra düýpli sypatlar ýüze çykarylýar we aňlanylýar. Tamamlaýjy tapgyrda düşünje köpsanly dürli obýektler bilen baglanyşdyrylýar, oňa bu obýektleriň mümkin bolan görnüşleri we takyk aýratynlyklary goşulýar. Bilim çuňlaşýar we jemlenýär.

Bilermenler dürli ýaşly çagalarda «janly» düşünjesiniň kemala gelşini endigan derňediler. Çagalar ilki bu sözi haýsydyr bir sypatlary aňly ýüze çykarmazdan, ýagny diffuz (ýaýraň), göz öňüne getirmä daýanyp ulanýarlar («Näme üçin janly?» – «Ol daýza»). Soňra olar birnäçe sypatlary aňlaýarlar: «dem alýar», «hereket edýär» («Awtoulag janly, hereket edýär»; «Gurjak janly däl, ol dem almaýar»). Bu ýerde düýpli we düýpli däl sypatlar bir hatarda goýulýar. Olaryň özara tabynlygy we logiki baglanyşdyrylmasy ýok («Awtoulag hem dem almaýar»). Mundan soňra birnäçe düýpli sypatlar ýüze çykarylýar («Näme islese, şony hem edýär», «Iýýär»). Ahyrynda «janly» biologik düşünje kemala gelip, ýaşaýşyň dürli görnüşleri bilen tanyşmaklykda çuňlaşýar.

Beýan edilen kanunalaýyklyk düşünjäniň hökmany ýagdaýda takyk, bölekleýin, zatlary we hadysalary synlamakdan başlanýandygyny aňlatmaýar. Mekdep okadylyşynda düşünjeleriň döreýşi, tersine, umumylykdan, sözlerden başlanýar. Ýöne bu ýagdaýda hem şol bir tapgyrlar göze ilýär. Sözüň mazmuny ilki diffuz (ýaýraň) häsiýetli, «differensirlenmedik umumylyk», «boş abstraksiýa» görnüşinde bolýar («kemakyl – bu garyp», «beg – bu baý adam»). Iş ýüzünde okuwçylar, köplenç, obýektleriň we hadysalaryň, hakykatdan-da, düýpli sypatlaryny hem-de mugallymyň nygtaýan zadyny ýüze çykarmaýar. Munuň sebäpleriniň biri okuwçylaryň özleri üçin möhüm we zerur görünýän, özleri üçin ähmiýetli zatlara üns berýändigi bilen baglydyr.

Diýmek, zatlaryň (hadysalaryň) sypatlaryny ýüze çykarmak we kemala getirmek prosesiniň özi işiň gönükdirilmesi, onuň motiwleri we maksatlary, adamyň tejribesi, onuň gymmatlyklary, bilim-düşünjeleri, dünýä gatnaşygy we ş. m. bilen baglydyr. Şeýle ýagdaýda haýsydyr bir sypaty düýpli sypat hökmünde ýüze çykarmak üçin synlama we birnäçe dürli obýektleri deňeşdirmek hökman däldir. Şol sypatyň okuwçy üçin ähmiýetli bolmagy zerurdyr. Şonda okuwçylar ony özü-

niň duşan hatda ýeke-täk predmetinde (hadysada) hem ýüze çykarýar. Munuň haýsy sypat boljakdygy şu adam üçin haýsy zadyň ähmiýetlidigine bagly bolýar. Meselem, deňeşdirmek, umumy sypatlary ýüze çykarmak we «pişik» düşünjesini döretmek üçin çaga köpsanly dürli pişikleri görmek zerur bolmaýar. Oňa bir pişigi görkezip: «Bu pişik» diýilse, çaga olaryň uly, kiçi, gara, ak görnüşleriniň ählisini ýalňyşmazdan «pişik» atlandyrýar. Üstesine-de, ýolbars, gaplaň we towşan, kähalatlarda bolsa, ýaka tutulan tüýli deri onuň üçin «pişik» bolýar. Ýöne çaga üçin ähmiýetli sypatlar, hakykatda, (jemgyýetiň sözleýiş amalyýetinde) bu adalgada atlandyrylýan düşünjeler bilen gabat gelmezligi mümkindir.

Meselem, ýokardaky ýagdaýda çaga «pişigiň» düýpli sypaty hökmünde, çak etmäni, haýsydyr ýumşak we hüžžerýän zady ýüze çykaran bolmaly. Bu ýerde ony ulular düzedip başlaýar: «Ýok, bu pişik däl. Bu ýaka». Başgaça aýdylanda, «pişik» sözüniň ulanylyşy bir predmetlere (pişiklere) degişlilikde ulanylanda («Dogry, sen akylly!») diýlip berkidilýär, beýlekilere degişlilkde bolsa («Ýok, bu pişik däl») diýlip togtadylýar.

Bu ýerden, dogry düşünjeleriň kemala gelşi olary ulanmaga synanyşygyň üsti bilen gidýär we bu synanyşyklaryň netijeleri bilen dolandyrylýar mazmunly pikir gelip çykýar.

Tejribeleriň görkezişine görä, beýan edilen prosesler dürli adamlarda iki sany dürli ýol bilen amala aşyrylýar. Birinji ýoly takyk-amaly atlandyrmak bolar. Okuwçylar dogry jogap alynýança dürli obýektleri dürli hili baglanyşdyrýar. Bu ýagdaýda olar adatça, klassifikasiýalaşdyrmagyň (görnüşlere bölmegiň) esasyny aňlanylan görnüşde ýüze çykarman, gös-göni kabul edişe daýanýar we ol ýa-da beýleki predmetler we hadysalar «biri-birine haýsydyr bir alamat boýunça meňzeş» diýen ýaly aýyl-saýyl däl duýgyny gollanýar. Ikinji ýoly abstarkt-logiki atlandyrmak bolar. Bu ýagdaýda okuwçylar, köplenç, synag toparlamany asla etmän, klassifikasiýanyň düzgünlerini logiki seljermäniň üsti bilen amala aşyrmaga synanyşýarlar.

Diýmek, düşünjeler duýma-amaly we ideal, pikirlenme işiniň esasynda kemala getirilip bilinýär. Düşünjeleriň kemala gelşi obýektleriň ol ýa-da beýleki sypatlarynyň ähmiýetliligi dogrusynda çakla-

malary öňe sürmek we barlamagyň üsti bilen gidýär. Barlama hereketleri predmetleriň ýüze çykarylan sypatlary arkaly dolandyrylýar. Birinji ýagdaýda çaklamalar predmetleriň özi bilen edilýän amaly hereketleriň üsti bilen barlanylýar, sypatlar bolsa intuitiw, aňlanylmaýan häsiýetde ýüze çykarylýar. Bu ýerde kabul ediş seljermäni-analizi dolandyrýan ýaly bolýar. Ikinji ýagdaýda barlanylma sypatlaryň üstünden geçirilýän ideal hereketler arkaly amala aşyrylýar; bu sypatlar aňlanylan häsiýetde, pikir çaklamasynyň esasynda ýüze çykarylýar. Bu ýerde logiki seljerme kabul edişi dolandyrýar.

Okatmagyň amalyýetinde düşünjeleri kemala getirmegiň iki ýoly hem hereket edýär. Olaryň haýsy biriniň gowulygy ýumuşlaryň häsiýetine, okuwçynyň tejribesine we bilimine, galyberse-de, onuň psihiki işiniň tipine bagly bolýar. Meselem, ýumuşlary çözmekde (geometrik figuralary klassifikasiýalaşdyrmak boýunça) kiçi mekdep ýaşlylarda takyk-amaly ýol, talyplarda bolsa abstrakt-logiki ýol agdyklyk edýär.

**Ylmy düşünjeleri kemala getirmegiň usullary.** Düşünjeleri kemala getirmek akyl ýetiriş ýumuşlaryny çözmäge gönükdirilen işjeň häsiýetli işdir. Bu iş meseleleri goýmagy we çözmegi, çaklamalary esaslandyrmagy we barlamagy özünde jemleýär.

Göz öňüne getirmelerden we durmuşy düşünjelerden tapawutlylykda, ylmy düşünjeler predmetleriň gös-göni göze ilýän duýma häsiýetlerini däl-de, olaryň umumy we düýpli obýektiw gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Ylmy düşünjeleriň mazmuny diňe olaryň ulgamynda, olaryň gatnaşyklarynyň üsti bilen açylýar, bu gatnaşyklar bolsa zatlaryň we hadysalaryň obýektiw baglanyşyklaryny şöhlelendirýär. Bu baglanyşyklar gös-göni kabul edişde däl-de, işiň prosesinde ýüze çykarylýar. Diýmek, ylmy düşünjäniň çeşmesi duýma tejribesiniň özi däl-de, hereket bolup, ol predmetleri özgertmek arkaly olarda täze gatnaşyklary we häsiýetleri ýüze çykarýar. Bir ýagdaýlarda olar predmetleriň degişli funksiýalary ýerine ýetirmegi üçin ähmiýetli bolup, beýleki ýagdaýlarda bu funksiýalar üçin ähmiýetsizdir.

Meselem, eger-de köpelmek funksiýasyny alsak, onda süýdemdirijiler üçin çagalaryny öz süýdi bilen iýmitlendirmek düýpli ähmiýete eýedir. Giňişlikde hereketlenmek funksiýasy üçin aýaklar zerurdyr. Degişlilikde, süýdemdirijileriň häsiýeti bolan süýt mäzleri

we dört aýak, görkezilen funksiýalar üçin düýpli alamatlardyr. Emma tüý örtüginiň bolmagy bu nukdaýnazardan düýpli sypat däldir. Diýmek, häsiýetiň düýplüligi onuň haýsy nukdaýnazardan seredilýändigine baglydyr.

Funksiýalary ýerine ýetirmek üçin zerur häsiýetler funksional atlandyrylýar. Ylmy düşünjeler zatlaryň we hadysalaryň funksional häsiýetlerini ýüze çykarýar we berkidýär.

Täze düşünjeleriň döremegi üçin olaryň täze zatlary ýüze çykarmak bilen bagly bolmagy hökman däldir. Ol şol bir zatlar bilen haýsydyr bir täze funksiýany ýerine ýetirmek üçin düýpli bolan häsiýetleri ýüze çykarmak bilen baglydyr (ýa-da, tersine, täze zatlar bilen «köne» funksiýalary ýerine ýetirmek üçin). Diýmek, täze düşünjeler zatlaryň we hadysalaryň ýüze çykarylan funksiýalaryny berkidýär.

Şeýlelikde, ylmy düşünjeler ýöne bir tejribeden getirilip çykarylman, goýlan ýumşa laýyklykda döredilýär. Bu ýagdaýda eýýäm bar bolan düşünjeler obýektleriň täze klassifikasiýalaryny, ýumuşlaryň täze çözüliş usullaryny döretmek üçin täze nukdaýnazardan ulanylýar. Düşünjeleriň şeýle dörediliş ýolunyň bardygyna ylmyň taryhy şaýatlyk edýär.

Wagtal-wagtal ylymda, öwrülişik pursatlar – punktlar hökmünde täze düşünjeler döreýär we bilimleriň bellibir ugrunda toplanan ähli faktlara täzeçe garamaga mümkinçilik berýär. Şeýle düşünjeler bilimiň bu ugruny özgerdýär, öň aýry-başga we özbaşdak görünýän faktlary we düşünjeleri guraýar we birleşdirýär. Meselem, «inersiýa», «energiýa», «differensirlemek», «integral» düşünjeleri şeýle «gazanylmalaryň» hataryndadyr.

Her bir okuwçy görkezilen düşünjeleri özleşdirende, şol ýoly geçýär we olary dürli ýumuşlary çözmek üçin ulanýar. Derňewleriň görkezişine görä, düşünjeleriň şeýle döredilişi birnäçe ýollar bilen amala aşyrylyp bilinýär.

1. Guralyşyň ýokary derejesine geçilmegi mynasybetli, munda öňki özbaşdak toplumlar has uly bitewüligiň böleklerine öwrülýär ýa-da tersine (meselem, «süýdemdirijiler», «guşlar», «süýrenijiler» düşünjelerinden «oňurgalylar» düşünjesine geçmek). Bu birleşdirmek we jemlemek prosesleri bilen gabat gelýär. Dargatmak ýa-da takyklamak bulara ters proseslerdir.

2. Guralyşyň düzgünininiň özgermegi görnüşinde, munda koordinasiýa (şu toplumyň içindäki elementleriň utgaşmagy) olaryň subordinasiýasy (tabynlygy) bilen çalyşýar ýa-da tersine. Meselem, okuwçy üçin ilki-ilkiler bitewi we drob sanlar – deňhukukly, sanlar – özbaşdak görnüşde bolýar (koordinasiýa), «rasional sanlar» düşünjesiniň girizilmegi bilen bitewi sanlar droblaryň bölekleýin görnüşine öwrülip, has umumy düşünje «drob sanlaryna» tabyn (subordinasiýa), görnüşi düşünjä öwrülýär. Şeýle proses sentrirlemek, oňa ters proses desentrirlemek atlandyrylýar.

3. Peresentrirlemäniň üsti bilen, ýagny düýpli element hökmünde ikinji derejeli bolan elementleri öňe sürmek we tersine. Meselem, «kongruent üçburçluklar» düşünjesinden «meňzeş üçburçluklar» düşünjesine geçilende, taraplaryň ölçegi ikinji derejeli orna geçip, degişli burçlaryň ululygy birleşdirmäniň esasy sypaty bolýar.

**Düşünjeleriň kemala geliş şertleri.** Düşünjeleriň kemala gelşiniň birnäçe şertleri bardyr.

1. Şahsyýetiň we motiwasiýanyň aýratynlyklary. Düşünjeleriň kemala gelşi bellibir maksat boýunça dolandyrylýar we degişli motiwleriň täsirinde döreýär. Düşünjede şöhlelendirilýän obýektleriň funksiýalary okuwçyny höweslendirmeli, ýumşy çözmek üçin zerur bolmalydyr. Şonda okuwçynyň kabul edişi we pikirlenmesi obýektlerde degişli funksiýalary agtaryp we ýüze çykaryp başlaýar. Diýmek, düşünjeleri öwretmek ýumuşlary goýmak arkaly amala aşyrylmalydyr; bu ýumuşlar özüniň çözülmegi üçin şu düşünjeleriň döredilmegini we ulanylmagyny talap edýär.

2. Netijeleri barlamak bilen utgaşýan ýörite gönükdirilmeli ymtylyş, agtaryş we köptapgyrlaýyn synanyşyklar. Şeýle agtaryşlar obýektleriň täze gatnaşyklarynyň we häsiýetleriniň aňlanylmagyna getirýär; agtaryş tä bu gatnaşyklaryň we häsiýetleriň şu tipli ýumuşlary çözmek üçin düýpli görnüşleri ýüze çykarylýança dowam edýär. Ýumşuň çözülişiniň gidişiniň her bir indiki ädiminde deslapky elementleriň täze gatnaşyklary ýüze çykarylýar. Şunuň esasynda olaryň täze düşünilişi we şol bir elementler täze düşünjelere baglanyşdyrylýar. Şeýle täze düşünjeler ýumuşlary çözmegiň serişdesine öwrülýär. Meselem, dürli geometrik ýumuşlarda şol bir kesim dürli düşünjelere baglanyşdyrylyp bilinýär (bissektrisa, mediana,

beýiklik); şeýle baglanyşdyrylma düşünjäniň haýsy gatnaşyklarynyň üçburçlugyň beýleki elementlerine ýumuşlary çözmekde aýgytlaýjy bolýandygyna baglydyr.

3. Degişli bilimleriň we başarnyklaryň bolmagy. Düşünjeleri öwretmezden öň okuwçylar obýektleriň öwrenilýän düşünjeleriniň daýanýan häsiýetleri, gatnaşyklary we funksiýalary bilen tanyşdyrylmalydyr. Meselem, süýdemdirijileriň süýt mäzleri alamaty, haçanda, janly gurluşyň köpelmek we iýmitlenmek ýaly umumy funksiýalary bilnende düşnükli bolýar. Gürrüňiň aýry-aýry takyk haýwanlar barada däl-de, ähli janly gurluşyň zerur häsiýetleri dogrusyndalygy nazarlanylmalydyr.

Bu babatda birnäçe psihologlar we pedagoglar okatmagy has umumy düşünjelerden, ýagny öwrenilýän ugruň umumy häsiýetlerinden başlamagy oňaýly hasaplaýarlar. Şonuň üçin häzirki döwürde matematikany mekdepde öwrenmegi san düşünjesinden we sanlar bilen bitirilýän arifmetik hereketlerden däl-de, has umumy düşünjelerden başlamagy teklip edýärler: köplükler, köplükleriň gatnaşyklary, köplükler bilen bitirilýän operasiýalar. Soňky döwürlerde bu usul pedagogik psihologiýada üstünlikli synag edilýär. Toplanan eksperimental material düşünjeleri şeýle öwretmegiň mümkindigini, üstesine-de, hatda başlangyç okadylyşyň deslapky tapgyrlaryndan başlap çagalara elýeterdigini görkezýär.

4. Pikir ýumşunyň mazmunynyň deslapky seljerilmesi we onuň mümkingadar çözülişini bahalandyrmak. Haçanda okuwçy düşünjäniň nämä zerurdygyny, haýsy ýumuşlary çözmäge mümkinçilik berýändigini, barlygyň haýsy ugruna degişlidigini aňlanda, düşünje çalt we dogry çözülýär.

5. Pikirlenmäniň gönükdirilmesi. Kähalatlarda okuwçylarda dogry düşünjeleriň döremegi üçin diňe isleg, erjellik we bilimler ýeterlik bolmaýar. Munuň üçin pikirlenmäniň obýektiň degişli funksiýalaryna we häsiýetlerine gönükdirilmegi zerurdyr. Meselem, okuwçynyň pikirlenmesi sözleriň diňe manysyna – sözlemiň agzalaryna gönükdirilen bolsa, onda ol sözlemiň eýesinde diňe semantik funksiýany ýüze çykarýar («hereket edýän predmeti belgileýär»). Şunuň ýaly ýagdaýda, «Kitap çagalar tarapyndan okalýar» sözleminde okuwçylar «çagalar tarapyndan» sözi eýe hasaplasa ýalňyş bolýar (okuwçylara çagalar kitabyň üstünden haýsydyr bir hereketi edýän ýaly görünýär).

**Mazmunlaryň özleşdirilişi.** Ýokarda predmetleriň we hadysalaryň düýpli gatnaşyklaryny şöhlelendirýän täze düşünjeleri döretmäge mümkinçilik berýän birnäçe tärlere seredildi. Bu düýpli gatnaşyklar degişli düşünjeleriň mazmunyny döredýär. Eýsem okuwçylar şeýle mazmunlary nähili ýüze çykarýar we özleşdirýär? Durmuşy düşünjeleriň kemala geliş prosesinden tapawutlykda, ylmy düşünjeleriň ählisi diýen ýaly toplumy we olaryň mazmunlary adamyň özi döretmeýär, ol ony mekdebiň, kitaplaryň we maglumatyň beýleki çeşmeleriniň üsti bilen jemgyýetden taýýar görnüşde alýar. Şeýlelikde, ylmy düşünjeleriň kemala getirilişiniň esasy ýoly okatmak, okadylyşda bolsa onuň mazmunydyr. Okatmak prosesinde okuwçynyň alýan bilimleri, onuň çözýän ýumuşlary hem-de okuwçynyň obýektleriň düşünjelerde şöhlelendirilýän ähmiýetli we düýpli taraplaryny ýüze çykarýan amaly, perseptiw we akyl hereketleriniň häsiýeti düşünjeleriň we mazmunyny we formasyny kesgitleýän hadysalardyr.

**Düşünjeleriň kemala getirilişini dolandyrmak.** Pedagog üçin diňe okuwçylaryň düşünjeleri özleşdirmegine ýardam etmek däl-de, bu prosesi işjeň dolandyrmak möhümdir.

Dogry düşünjeleriň kemala getiriliş prosesini dolandyrmak üçin mugallymyň, birinjiden, okuwçylar bilen bilelikde obýektleriň düýpli häsiýetlerini ýüze çykarmagy, ikinjiden, bellibir ýumuşlary çözmek üçin olaryň ähmiýetini görkezmegi zerurdyr. Düýpli häsiýetleri ýüze çykarmak iki ýol bilen amala aşyrylýar: zerur häsiýetleri shemalaryň we simwollaryň kömegi bilen bada-bat şekillendirmek gönüşinde bolýan maksadagönükdirilmeli modelleşdirmäniň esasynda ýa-da teklip edilýän materialy bellibir häsiýetler ýüze çykar ýaly özgertmek we gezekleşdirmek görnüşinde bolýan özgertme esasynda gazanylýar. Kemala getirilişiň okuwçy üçin ähmiýeti ýüze çykarylan düýpli häsiýetleri ýumuşlary çözmekde ulanmak boýunça döredilýär. Bu häsiýetler onuň üçin maksadalaýyk hereketiň oriýentiri hökmünde zerurdyr.

Mugallym okuwçylara obýektleriň düýpli häsiýetlerini görkezmelidir; görkeziliş şeýle häsiýetleri ýüze çykaryp ýa-da düşünjeleriň kemala getiriliş prosesinde gaýtadan dikeldip bolýan hereketleri teklip etmek arkaly amala aşyrylýar.

Bu iki ýol bilen gazanylyp bilinýär. Birinjide hereketleriň oriýentirleri aýry-aýry takyk nusgalarda esaslandyrylýar we

özleşdirilýär. Bu ýol aşakdaky mazmunlary görkezýän shemalary döretmekden başlanýar: 1) obýektiň haýsy häsiýetlerini we haýsy yzygiderlikde ýüze çykarmaly; 2) ol ýa-da beýleki häsiýetleriň barlygynda haýsy hereketleri ýerine ýetirmeli; 3) bu hereketler nähili netijeleri berip biler; 4) ol ýa-da beýleki netije alnanda obýekti haýsy düşünje bilen baglanyşdyrmaly. Bu shemany dürli takyk obýektlere (nusgalara) degişlilikde ulanmaklyk okuwçylarda degişli düşünjeleriň kemala gelmegine getirýär. Ikinji ýolda obýekt hökmünde okuwça takyk nusgalar däl-de, predmetleriň (hadysalaryň) öwrenilýän synpynyň (toparynyň) umumy düzgünleri we gurluşy berilýär. Bu ýagdaýda okuwçynyň özi umumy düzgünlerden ugur alyp, takyk obýektler bilen bitirilýän hereketleriň oriýentirlerini ýüze çykarýar.

## VII. 6. Pikirlenmäni öwretmek

Düşünjeler zatlaryň we olaryň gatnaşyklarynyň gurluş we funksional häsiýetlerini şöhlelendirýär. Düşünjeler mynasybetli pikirlenmede täze obýektler bilen bitirilýän hereketleriň we hereketleriň geçirilişiniň netijelerini öňden görmek, amaly synanyşmak we ýalňyşmak usuly ulanmazdan, täze situasiýadaky hereketleri maksadalaýyk dolandyrmak mümkindir.

**Pikirlenmäniň görnüşleri.** Pikirlenme bu barlygy jemlenen we aralaşdyrylan görnüşde şöhlelendirmekdir. Pikirlenme zatlaryň özi bilen bitirilýän amaly hereketleri olaryň obrazlarynda we düşünjelerinde bitirilýän ideal hereketler bilen çalyşýandygy üçin aralaşdyrylan häsiýetdäki şöhlelenmedir. Ol zatlaryň häsiýetleri we gatnaşyklary baradaky bilim-düşünjelere daýanyp, amaly ýumuşlary ideal (nazary) işiň üsti bilen çözmäge mümkinçilik berýär. Pikirlenme ilki bilen bu gatnaşyklary esaslandyrýar we ýüze çykarýar. Meselem, «üçburçluk» düşünjesini özleşdirmek we dogry ulanmak diýmek, ýumuşlary çözmek üçin bu düşünje bilen aňladylýan figuralaryň häsiýetlerini bilmek we ulanmak diýmekdir (ýapyklygy, üç tarapy, üç burçy we ş. m.).

Pikirlenmäniň kömegi bilen barlygyň dürli taraplary şöhlelendirilip we ulanylyp bilinýär. Bu obýektleriň kabul edişde berlen gatnaşyklary bolup biler (meselem, «golaý – uzak», «az – köp», «meňzeş

– meňzeş däl» gatnaşyklary). Pikirlenme bu ýagdaýda kabul edişiň gurluşyny özgerdýär we ýumşuň çözülmegine getirýär.

Meselem, bir tejribede ýaşajyk gyzjagaza şeýle ýumuş berilýär, ýagny kagyzdan kesilen parallelogramyň meýdanyny kesgitlemeli. Gyzjagaz dörtburçlugyň meýdanynyň nähili kesgitlenýändigini bilýär (biri-birine baglanyşýan iki tarapyň uzynlygyny köpeltmek). Ol ýumşy şeýle çözýär.



Ilki: «Muny nähili çözmelidigini bilemok» diýýär. Bir minut dyman soň, parallelogramyň şekiliniň ştrihlenen çep tarapyny görkezýär: «Bu şu ýerde gowy däl ...». Soňra, sag tarapyny görkezip: «Bu ýerde hem gowy däl» diýýär. Özüne ynamsyz ýagdaýda: «Men ýumşy düzedip bilerdim ...». Birdenkä: «Gaýçyny almak bolýarmy? Ol ýerde ýerliksiz zat hut şu ýerde gerek. Şeýdilse laýyk bor». Synag edilýän gyz gaýçyny alýar we parallelogramy wertikallaýyn kesip, çep gyrany sag gyra goýýar.



Ýumuş dogry çözülýär. Eger-de bu çözüliş geometrik we algebraik düşünjelere geçirilse, ol parallelogramyň meýdanynyň onuň esasyny beýikligine köpeltmeklige deňdigini aňladýar. Ýöne çaga entek bu düşünjeleri bilmeýär. Şonuň üçin ýumşy çözende düşünjelere ýüzlenmän, figuranyň formasyny özgertmek, görüş strukturasyny üýtgedip gurmak ýoly bilen gidýär; başgaça aýdanyňda obrazlaýyn pikirlenmäni ulanýar.

Pikirlenme zatlaryň funksional häsiýetlerine hem daýanýar. Bir ýagdaýda şeýle häsiýetler adama diňe öz şahsy tejribesinden mälim bolup, ol kähalatlarda käbir ýumuşlaryň çözülişini çäklendirýär.

Muňa şeýle psihologik eksperiment mysal bolup biler. Tereziniň bir okarasyna şem goýlup, ol çeküw daşjagazy bilen deňagramlaşdyrylýar. Synag edilýäne daşjagazlary aýyrman we goşman we şemi kesmän deňagramlygy bozmak teklip edilýär. Ýumşy çözmek üçin şemi ýakmaly, şonda stearin ýanmakdan ýeňleýär we deňagramlyk bozulýar. Ýöne synag edilýänleriň köpüsi ýumşuň hötdesinden gelip bilmeýär. Olar üçin «şem» düşünjesi bilen diňe ýagtylyk bermek funksiýasy baglanyşykly bolýar. Olaryň pikirçe, bu funksiýanyň goýlan ýumşa hiç hili dahyly bolmaýar: ýumuş başga häsiýeti – agramy özgertmegi talap edýär, ahbetin. Synag edilýänler situasiýany özgertmegiň zerur ýollaryny tapmandygy sebäpli ýumuş çözülmän galýar.

Bu ýagdaýda gündelik tejribe adamyň durmuşy pikirlenmesine zatlarda zerur özgertmeleri geçirmäge päsgel berýär.

Ýöne pikirlenme, ilkinji nobatda, ylym tarapyndan esaslandyrylan köpdürli obýektiw funksiýalar we kanunalaýyklyklar baradaky düşünjäni şöhlelendirýär. Şeýle düşünjeler adamzadyň akyl ýetiriş tejribesine esaslanýar we ylmy pikrlenmäniň serişdesi bolup hyzmat edýär.

Pikirlenme predmetleriň iş üçin düýpli bolan hem bölekleýin hem-de umumy häsiýetlerini we gatnaşyklaryny ulanýar. Soňky häsiýetlere, meselem, sebäp we netije, maksat we serişde, obýekt we onuň sypatlary, bölek we bitewülik gatnaşyklary degişlidir. Özünde şeýle umumy häsiýetler we gatnaşyklar berkidilýän düşünjeler kategoriýalar atlandyrylýar. Olar ähli adamzadyň tutuş amaly tejribesine esaslanýar we adamzadyň dünýä gatnaşygyny häsiýetlendirýär. Kategoriýalar adamyň pikirlenmesi üçin adatdan daşary ähmiýetlidir; sebäbi kategoriýalaryň esasynda predmetleriň iň bir bölekleýin häsiýetleriniň we gatnaşyklarynyň forma, ululyk, sebäp, funksiýa we ş. m. ýaly umumy häsiýetnamalar boýunça baglanyşdyrylmasy we ulgamlaşdyrylmasy amala aşyrylýar.

Ýumşuň çözülişinde pikirlenme düşünjeleriň hut özüniň gatnaşyklaryna hem daýanýar (meselem, urugyň we görnüşiň, subýektiň we predikatyň, inkär etmäniň we tassyklamanyň, birleşdirmäniň

we dargatmanyň, bölekleýinligiň we umumylygyň, abstarktlygyň we takyklygyň gatnaşyklary). Gatnaşyklaryň kanunalaýyklyklaryna we düşünjeleriň baglanyşyklaryna oriýentirlenýän pikirlenme logiki pikirlenme diýlip atlandyrylýar.

**Pikirlenmäniň dürli görnüşleriniň kemala getiriliş şertleri.** Hut şu pedagogik situasiýada pikirlenmäniň haýsy görnüşiniň kemala gelýändigi aşakdaky faktorlara baglydyr: okuwçylaryň ýüzbe-ýüz bolýan materialynyň häsiýeti, onuň çözýän ýumşunyň tipi, okuwçylaryň ýaşyna we ösüş derejesine, okatmagyň usulyna.

Materiala düşünmeklik bu zatlaryň we hadysalaryň biri-biri bilen we okuwçyda eýýäm bar bolan tejribe we bilim-düşünjeler bilen baglanyşygyny ýüze çykarmak diýmekdir. Pikir etmeklik – bu baglanyşyklary bellibir ýumuşlary çözmek üçin ulanmakdyr. Şeýle baglanyşyklar dürli görnüşde bolup bilýär. Bir materialda olar, esasan, logiki häsiýetde bolup, onda faktlaryň haýsydyr biri düşünjeleriň hut özleriniň arasyndaky gatnaşyklary seljermek arkaly beýlekiden getirilip çykarylýar (bu logikanyň düzgüni boýunça nazary getirilip çykarylmadyr: muny, meselem, matematiki teoremalar subut edilende görmek bolýar). Şeýle maglumatlar zerur maglumatlar atlandyrylýar.

Başga bir materialda baglanyşyklar faktlary synlamakda alnan bellibir ylmy kanuny aňladýan funksional häsiýetde bolýar (meselem, Boýl-Mariottanyň kanunyny ulanmak arkaly fizikadan ýumuşlary çözmek). Şeýle maglumatlar determinirlenen (sebäpli döredilen) maglumatlar atlandyrylýar.

Käbir ýagdaýlarda baglanyşyklar ylmy kanuny däl-de, amalyýetde duşýan haýsydyr bir faktlaryň durnukly utgaşmasyny aňladyp bilýär (meselem, düşüm goşulmalary, orfografik düzgünler). Şeýle maglumatlar düzgünelaýyk maglumatlar atlandyrylýar. Galyberse-de, kähalatlarda maglumatlaryň arasyndaky baglanşyklar tötänleýin görnüşde, diňe şu materialda bolýar (meselem, şygyrda setirleriň utgaşmasy).

Eger-de pikirlenme barlygy takyk şöhlelendirýän bolsa, onda ol diňe özüniň deslapky maglumatlarynda bar bolan hakyky baglanyşyklara daýanyp bilýär. Zerur maglumatlar logiki pikirlenmäniň, determinirlenen maglumatlar ylmy (bu ýagdaýda ylmy pikirlenme hökmany ýagdaýda logiki hem bolýar), düzgünelaýyk maglumatlar amaly

pikirlenmäniň, tötänleýin maglumatlar bolsa obrazlaýyn pikirlenmäniň hereketlenmegine mümkinçilik döredýär.

Islendik pikirlenmäni islendik materialda kemala getirmek mümkin däldir. Okuw materialynda baglanyşyklaryň haýsy görnüşiniň agdyklyk edýändigine baglylykda onuň pikirlenmäniň ol ýa-da beýleki görnüşini öwretmäge berýän mümkinçiligi-de özgerýär. Ýönekeýleşdirilip aýdylanda, matematiki ylymlarda zerur häsiýetli baglanyşyklar agdyklyk edýär, tebigy ylymlarda (aýratyn-da, fiziki-himiki) determinirlenen tipli, düzgünelaýyk baglanyşyklar lingwistik, filologik, biologiýanyň we geografiýanyň käbir bölümlerinde, zähmet we amaly işiň köp görnüşlerinde, tötänleýin baglanyşyklar bolsa (has takyklananda indiwidual-ýeke, gaýtalanmaz) sungat eserlerinde we çeper edebiýatda agdyklyk edýär. Galyberse-de, islendik düşünjeleýin pikirlenmäniň zerur esasy bolýan kategorial gatnaşyklar filosofik ylymlarda aýgytlaýjy bolýar. Şeýle golaýlaşdyrylan klassifikasiýa (görnüşlere bölünmä) laýyklykda dürli okuw dersleriniň pikirlenmäniň agzalan görnüşleriniň her birini öwretmäge mümkinçiligi kesgitlenilýär.

Eger-de birinji faktor – maglumatlaryň häsiýeti pikirlenmäniň bellibir tipine hereketlenmäge diňe mümkinçilik döredýän bolsa, ikinji faktor – ýumşuň häsiýeti bu barada zerurlyk döredýär. Her bir ýumuş özüniň çözülmegi üçin deslapky maglumatlaryň arasyndaky baglanyşyklaryny ýüze çykarmagy we ulanmagy talap edýär. Meselem, matematikada subut edilmä degişli ýumuşlar zerur maglumatlaryň logiki baglanyşyklaryny ýüze çykarmagy we ulanmagy talap edýär. Ululyklary kesgitlemäge degişli ýumuşlar (meselem, basseýn näçe sagatdan dolýar), esasan, funksional baglanyşyklaryň ýüze çykarylmagyna daýanýar, deňlemeleri çözmek bolsa (meselem, x2+2x =8), kähalatlarda diňe düzgünelaýyk özgertmeleri talap edýär. Galyberse-de, şol bir matematikada obrazlaýyn pikirlenmäni talap edýän ýumuşlar az däldir (gurmak ýumuşlary).

Şeýlelikde, ýumşuň hut özi pikirlenmäni deslapky maglumatlaryň baglanyşyklarynyň ol ýa-da beýleki tipine daýanmaga mejbur edýär we çözülişde pikirlenmäniň haýsy tipiniň amala aşyrylýandygyny kesgitleýär. Ýumşuň häsiýetini özgerdip, okuwça şol bir materialyň dürli taraplaryny öwrüp, onda pikirlenmäniň dürli tiplerini terbiýeläp bolýar.

Üçünji faktor – okuwçylaryň ýaşy we ösüş derejesidir. Pikirlenme üçin absolýut ýaş çarçuwalaryny esaslandyrmak kyndyr. Şol bir adamda onuň ol ýa-da beýleki ugurdaky bilim-düşünjelerine we degişli pikirlenmäniň amalyýýetine baglylykda, pikirlenmäniň dürli derejeleri we tipleri bir wagtda bolup bilýär. Ýöne, umuman, ýaş ulaldygyça pikirlenmäniň ösüşi obrazlaýyn-amaly tipden ylmy we nazary tipe geçmeklik häsiýetinde bolýar.

Dördünji faktor – okatmagyň usuly, pikirlenmäniň ulanýan gatnaşyklaryny esaslandyrmagyň usulydyr. Seljermeleriň görkezişine görä, okatmagyň üç esasy usuly bardyr.

1. Zerur gatnaşyklar okuwça umumy düzgünler, formulalar, ýörelgeler ýa-da algoritmler görnüşinde öňünden habar berilýär. Bu düzgünleri öwretmegiň ýoludyr.

2. Okuwçylaryň özleri maglumatlary pikirde öwürýän we olar bilen işleýän prosesinde düýpli gatnaşyklary ýüze çykarýarlar. Bu mysallarda öwretmek ýoludyr.

3. Okuwçylara okatmagyň tärleri we zatlaryň hem-de hadysalaryň zerur gatnaşyklaryny ýüze çykarmaga kömek edýän sypatlary tapmaklyk öwredilýär. Şeýle ýagdaýda, eger-de okuwçy pikirlenme işiniň zerur usullary bilen ýaraglandyrylsa, maglumatlaryň düýpli gatnaşyklaryny özi ýüze çykarýar. Bu pikirlenmäniň usullaryny öwretmek ýoludyr.

Psihologlar okatmagyň bu usullarynyň netijeliligini deňeşdirdiler. Derňewleriň jemleri düzgünleri öwretmegiň düşünjeleri özleşdirmekde, umuman, gowy netije berýändigini görkezdi. Ýada ornaşdyrmak üçin mysallarda okatmak netijeli bolýar. Usullary öwretmeklik bolsa akyl endiklerini bir ýagdaýdan beýlekä geçirmäge kömek edýär. Başgaça aýdylanda, ol okuwçylaryň pikirlenmesini has netijeli ösdürýär. Diýmek, eger-de okatmak ýumuşlary netijeli çözmegi maksat edinýän bolsa, ol görkezilen usullaryň ählisini özünde jemlemelidir.

**Pikirlenmäniň operasional gurluşlary we olary kemala getirmegiň şertleri.** Ýokarda barlygyň pikirlenmede şöhlelendirilýän gatnaşyklary seredildi. Ýöne pikirlenme bu gatnaşyklary hereketleriň kömegi bilen ýüze çykarýar we ulanýar. Şeýle hereketleriň ulgamy pikirlenmäniň operasional gurluşlaryny düzýär.

Bu gurluşlaryň pikirlenmäniň kemala getirilýän okatmak usulyna baglylygy pedagogik psihologiýa üçin aýgytlaýjydyr. Meselem, ýokardaky birinji usulda pikirlenme habar bermegiň, ýada ornaşdyrmagyň we taýýar umumy düzgünleri (formulalar, düzgünler) ulanmagyň üsti bilen kemala getirilýär. Bu ýagdaýda pikirlenme operasiýalarynyň esasy hökmünde köp derejede umumy düzgüniň we olary ulanyp bolýan obýektleriň (situasiýalaryň) baglanyşygy hyzmat edýär. Şeýle häsiýetdäki baglanyşyklar tipiki ýumuşlar çözülende, umuman, ol ýa-da beýleki formulalar ýa-da düzgünler (matematiki, logiki) takyk ýagdaýlara degişlilikde ulanylanda möhüm rol oýnaýar.

Pikirlenmäniň operasional gurluşlaryny kemala getirmegiň ikinji usuly – pikirlenmäniň daýanýan gatnaşyklaryny özleşdirmekdir. Bu usulda obýektleriň häsiýetlerini we gatnaşyklaryny olar bilen amal edilýän işiň prosesinde okuwçylaryň özleri ýüze çykarýar, soňra bolsa olaryň kömegi bilen ýumuşlary çözýär. Bu ýerde obýektleriň düýpli häsiýetlerini we gatnaşyklaryny ýüze çykarýan pikirlenmäniň operasiýalary ilkinji orna geçýär. Şeýle operasiýalara meňzeşligi esaslandyrma, tapawutlandyrma, analiz, sintez degişlidir.

Analiziň we sinteziň (hem-de tapawutlandyrmanyň we meňzeşligi esaslandyrmanyň) netijeleri abstragirleme, jemleme, takyklama we tipikleşdirme prosesleriniň kömegi bilen düşünjelerde berkidilýär. Bu prosesler mynasybetli barlygyň häsiýetleri we gatnaşyklary analiz, sintez, tapawutlandyrma, meňzeşligi esaslandyrma operasiýalarynyň netijesinde obýektlerden aýrylýar we düşünjelerde berkidilýär (abstragirleme, jemleme) ýa-da tersine, bellibir obýektlere ýöňkelýär, olarda ornaşýar (takyklama we tipikleşdirme).

Pikirlenmäniň operasional gurluşlaryny kemala getirmek bu ýagdaýda, obýektleriň, göz öňüne getirmeleriň we düşünjeleriň üstünde geçirilýän beýan edilen pikirlenme operasiýalaryny we hereketleri dogry ýerine ýetirmek başarnygyny özleşdirmeklige syrykdyrylýar. Bu nukdaýnazardan pikirlenmäni öwretmek, adama agzalan operasiýalary we prosesleri obýektleriň we ýumuşlaryň degişli synplarynda nähili amala aşyrmalydygyny öwretmekdir.

Analizi we sintezi, abstragirlemäni, jemlemäni ýerine ýetirmegiň takyk usullary akyl işiniň tärleri atlandyrylýar. Olary derňemeklik, okuw materialynyň we çözülýän ýumuşlaryň häsiýetine baglylykda

tärleriň özgerýändigini görkezdi. Meselem, botanikada we matematikada obýektleri seljermegiň tärleri tapawutlydyr. Botanikada olar ösümligiň funksional böleklerine (ýaprak, kök, gül), olaryň gurluşyna we formasyna daýanýan bolsa, matematikada hasaplama, ululyklaryň deňeşdirilmesine, düzgünleşdirilmä we ş. m. daýanýar. Şeýlelikde, pikirlenmäni öwretmeklik hemişe kesgitli mazmunly materialda amala aşyrylýar hem-de okuwçylary akyl işiniň takyk tärlerini okatmaklyga syrykdyrylýar; şeýle tärler şu materialyň häsiýetlerini ýüze çykarmak we olary okuw ýa-da amaly ýumuşlary çözmekde ulanmak üçin zerurdyr.

**Pikirlenmäni öwretmegiň ýollary.** Pedagogik psihologiýa adamyň pikilenmesiniň iş prosesinde kemala gelýändiginden ugur alýar. Şonuň üçin okuw amalyýetiniň öňünde okuwçylara akyl işiniň hut öz tärlerini öwretmek wezipesi goýulýar. Şunuň bilen baglyklykda, okamak bu birbada bilim-düşünjeleri toplamak hem olar bilen işlemegiň tärlerini özleşdirmek prosesidir.

Tärleri özleşdirmek, birinjiden, okuwçylaryň olar bilen tanyşmagy, ikinjiden, dürli materiallarda akyl işiniň degişli tärlerini ulanmak – gönükme, üçünjiden, tärleri täze ýumuşlar işlenende peýdalanmak – geçiriliş arkaly amala aşyrylýar.

Şeýlelikde, akyl işiniň tärlerini kemala getirmegiň ýoly şeýle tertipde bolýar: täriň mazmunyny özleşdirmek – ony özbaşdak ulanmak – täze situasiýalara geçirmek.

Täriň öz häsiýetine we okatmagyň usulyna baglylykda akyl işiniň tärlerini özleşdirmegiň ýollary dürli bolup bilýär. Tär, meselem, taýýar görnüşde mugallymdan kabul edilip ýa-da okuwçylar tarapyndan özbaşdak agtarylyp bilinýär. Bu agtaryş, synanyşmak we ýalňyşmagyň üsti bilen kem-kemden ilerleýän ýa-da bada-bat «işiň düýp manysyny tutmak» görnüşinde bolup bilýär. Täriň ösüşi diňe bir görnüşli material we ýumuş üçin ulanylýan çäkli görnüşden, ýumuşlaryň dürli görnüşlerinde ulanylyp bilinýän has giň görnüşe, takyk ornaşdyrmadan (real obýekt bilen işlemek) abstraktlyga (sowa häsiýetler we gatnaşyklar bilen işlemek) we ş. m. gönükdirilip bilinýär.

**Döredijilikli pikirlenmäni kemala getirmek.** Adam amaly we nazary işde dürli ýumuşlar ýa-da faktlar bilen ýüzbe-ýüz bolup, olar üçin onuň pikirlenmesinde laýyk usullar we düşünjeler ýok bolýar.

Kähalatlarda adamyň ýüzbe-ýüz bolýan ýumuşlary adamzada öňden tanyş usullar arkaly çözülip bilinmeýär.

Entek çözülmedik ýumuşlary adama çözmäge mümkinçilik berýän akyl ýetiriş hadysalary döredijilikli pikirlenme atlandyrylýar. Onuň formalary we operasional gurluşlary barada entek bilinýän zat azdyr. «Ýagtylanma», «ylhamlanma» ýaly sözler döredijilikli pikirlenmäniň deslapky tapgyrda, entek adamda ýok bolandygy sebäpli, düşünje we logiki operasiýa görnüşinde geçip bilmeýän ýagdaýyny häsiýetlendirýär. Bu sözler mundan başga-da döredijilikli pikirlenmäniň netijesiniň diňe mälim göz öňüne getirmeler, düşünjeler we operasiýalar bolman, eýsem täze obrazlary, mazmunlary we ýumuşlaryň çözüliş usullaryny döretmek bolýandygyny aňladýar; bu dörediliş barlygyň täze häsiýetlerini ýüze çykarýar ýa-da ony özgertmegiň täze usullaryny berýär. Şeýlelikde, döredijilikli pikirlenme köp derejede döredijilikli hyýal bilen ýakynlaşýar we hatda onuň bilen sepleşýär.

Şablonlygyň (täzeçilligiň ýoklugy) bolmazlygy, barlygy onuň diňe bir öwrendikli düşünjelerde we göz öňüne getirmelerde berkidilen çäginde däl-de, tutuşlygyna onuň ähli gatnaşyklarynda öz içine almak başarnygynyň bolmagy döredijilikli pikirlenme üçin esasydyr. Bir ulgamyň häsiýetlerini dolulygyna ýüze çykarmak üçin oňa degişli ähli faktlary bilmeli bolýar. Olary öz içine alýan pikirlenmäniň düşünjeleriniň we usullarynyň nätakyklygyny ýüze çykarmak üçin bu düşünjeleri we usullary özleşdirmelidir. Bu döredijilikli pikirlenmede bilim-düşünjeleriň we başarnyklaryň rolunyň iňňän uludygyny görkezýär.

Entek düşünjede ornaşyp bilmeýän faktlar we hadysalar, her näme-de bolsa, aň tarapyndan şöhlelendirilýär, munuň psihologik mehanizmi hyýal bolup bilýär. Ol logikanyň çarçuwasy bilen çäklenmeýänligi sebäpli islendik, iňňän adaty däl, fantastik utgaşmalary, birleşdirilmeleri we zatlar baradaky göz öňüne getirmeleriň özgermelerini döredip bilýär. Fantaziýasyz döredijilik ýokdur.

Döredijilikli pikirlenmäni öwretmeklik maksatlary we häsiýeti boýunça düşünjede ornaşýan, logiki pikirlenmäni öwretmek bilen gabat gelmeýär. Pikirlenmäniň soňky görnüşiniň esasy wezipesi okuwçylaryň duşýan ähli faktlaryny tanyş düşünjelere, ähli ýumuşlary bolsa tanyş çözüliş usullaryna syrykdyrmakdyr. Döredijilikli pikirlenmäni öwretmeklik, tersine, ähli özleşdirilýän düşünjeleri we

usullary tankyda we bahalandyrma sezewar etmegi talap edýär. Ol adama özleşdirilýän düşünjeleriň we usullaryň çäkliligini, olaryň ulgamlaýynlygyny we real barlyk bilen deňeşdirilende doly däldigini görmegi öwretmelidir. Döredijilikli pikirlenme adama real faktlar bilen olar hakyndaky göz öňüne getirmeleriň tapawudyny görmegi öwretmelidir.

Döredijilikli pikirlenme adamy öwrendikli, «sagdyn pähimiň» çäginde galýan garaýyşlaryň, pikirlenme usullarynyň çarçuwasyndan batyrgaý çykmaga gözükdirmelidir. Şol bir wagtda ol täze döredilişleri bahalandyrmakda seresaplylygy we tankydylygy öwretmelidir. Ol adama ynanjy däl-de, subutnamalary, tassyklamagy däl-de, hakykaty, arkaýynçylygy däl-de, aladaçyllygy, tamamlanyşy däl-de, ýoluň başlangyjyny öwretmelidir. Gysgaldylanda, döredijilikli pikirlenme adama faktlary olar baradaky taýýar göz öňüne getirmelere seplemän, bu göz öňüne getirmeleri faktlar bilen barlamagy, düşünmäge oňaýly emeli dünýäni oýlaman, real dünýäni düşündirmäge ýaramly düşünilişi döretmegi öwretmelidir.

Psihologiýa ylmy döredijilikli pikirlenmäni kemala getirýän ýollary öwrenmegiň başlangyç tapgyrlarynda bolýar.

**Dogry pikirlenmäniň ösüşi barada.** Pikirlenme düşünjeleýin däl ýa-da logiki däl häsiýete diňe özüniň mazmuny zerarly eýe bolmaýar. Pikirlenme bu işiň görnüşidir. Şonuň üçin ol diňe bir daşky çeşmeler (ýumuş we obýektiw maglumatlar) boýunça däl, eýsem içki, şahsy çeşmeler bolan meýil we gönükdirilme görnüşindäki islegler bilen kesgitlenýär. Pikirlenmäniň adamyň şunuň ýaly motiwasion ulgamy arkaly döredilenligi bellibir oňaýsyzlyklar bilen baglydyr. Içki meýiller dogry pikirlenmä päsgel bolup bilýär. Meselem, olar reallyga laýyk göz öňüne getirmeleri we düşünjeleri däl-de, adamyň reallyga gatnaşygyny şöhlelendirýän göz öňüne getirmeleri döredip bilýärler (höwes, arzuw). Pikirlenmäniň dogrulygynyň şeýle özgermesi egosentrizm atlandyrylýar. Derejesi pesräk-de bolsa, şuňa meňzeş hadysa pikirlenmäniň tankydylygynyň ýoklugynda ýüze çykýar; adam özünde döreýän (ýa-da özüne teklip edilýän) islendik düşündirişi we çözülişi ony barlamaga islegsiz kabul edýär.

Pikirlenmäniň gidişine adamyň gönükdirilmeleri-de düýpli täsir edýär. Olar pikirlenmäniň rigidligini ýa-da şablonlygyny (dörediji-

liksiz birsydyrgynlygyny) döredip bilýär: bellibir düşünje ýa-da çözüliş öwrendikli, göwün ýüwürtmeli garaşmalara ýa-da barlyga gatnaşyklara laýyk gelýändigi esasynda ulanylýar.

Bu ýagdaýlaryň ählisinde pikirlenme özüniň esasy wezipesini – barlygy dogry şöhlelendirmegi we onda oriýentirlenmegi berjaý etmegi bes edýär.

Galyberse-de, kategoriýalary ulanmak başarnygynyň ýoklugynda pikirlenmäniň sinkretizmi atlandyrylýan hadysa ýüze çykýar. Pikirlenme ýaýraň, nätakyk häsiýete eýe bolup, düýpli mazmuny ýüze çykaryp bilmeýär. Daşky hadysalaryň we olaryň häsiýetleriniň ýüze çykarylyşy, birleşdirilmesi we klassifikasiýa bölünmegi kategoriýalar (bölekleýinlik, bitewülik, hil, mukdar, sebäp, netije, forma, mazmun) boýunça däl-de, tötänleýin duýgy täsirleri, syzylmalary boýunça amala aşyrylýar. Bu ýagdaýda, meselem, çaga bir topara (düşünje) pişigi we sakgaly («tüýleklik» sypaty boýunça) birleşdirýär, adamy çekip, gözüni we agzyny aýratyn, kelläniň gapdalynda ýerleşdirýär.

Derňewleriň görkezişine görä, şeýle ýetmezçilikler ol ýa-da beýleki görnüşde çagalarda duş gelýär (kähalatlarda ulularda hem). Olar çaganyň özüni öz pikirlerinden we göz öňüne getirmelerinden ýeterlik derejede aýryp bilmeýändigi, pikirleriň we göz öňüne getirmeleriň özüni bolsa reallykdan aýry-başgalap bilmeýändigi bilen bagly bolýar; başga bir tarapdan, bu ýerde çaganyň düşünjelerde berkidilen pikirlenme prosesleri, bilimleri we logiki kategoriýalary ýeterlik özleşdirip bilmeýändigi hem rol oýnaýar. Pikirlenmäni öwretmeklik ýetmezçilikleri ýeňip geçmegi, obýektiwligi, tankydylygy, logikalaýynlygy, pikirlenmäniň çeýeligini, onuň barlyga laýyklygyny kemala getirmegi nazarlaýar.

## VII. 7. Başarnyklary öwretmek

Umumy psihologiýa kursundan mälim bolşy ýaly, adamyň özünde bar bolan maglumatlary, bilimleri ýa-da düşünjeleri zatlaryň düýpli häsiýetlerini ýüze çykarmakda hem-de nazary we amaly ýumuşlary üstünlikli çözmekde ulanmak ukyby başarnyklar atlandyrylýar.

Özleşdirilen düşünjeleri takyk ýumuşlaryň çözülişinde ulanmak okuwçylara, köplenç, kyn bolýar. Okuwçy kähalatlarda ikinji dere-

jeli, düýpli däl detallardan sowlup, özünde bar bolan düşünjelerde berkidilen umumy häsiýeti ýüze çykarmagy başarmaýar. Şeýle ýagdaýda düşünjeler işiň we akyl ýetirişiň serişdesine öwrülmeýär. Olar hereketsiz toplum görnüşinde ýatýar, amalyýet bilen baglanyşmaýar, başarnyklaryň esasy bolup bilmeýär.

Bilimler zatlaryň dürli jähetde düýpli we dürli maksatlar üçin ähmiýetli bolan häsiýetlerini ýüze çykarýar. Bilimleriň hereketleriň (başarnyklaryň) dogry saýlanylyşynyň esasy bolmaklygy üçin: 1) zatlar hut şu bilimlerde şöhlelendirilen häsiýetleri özünde jemlemelidir, 2) bu häsiýetler hereketiň öňünde duran maksatlar üçin düýpli bolmalydyr, 3) bu hereketler obýekti maksada ýetmek üçin zerur bolan görnüşde özgertmelidir.

Aýdaly, şu jisimiň göwrümini kesgitlemek ýumşy goýulýar. Ony çözmek üçin, ilkinji nobatda, bu jisimiň geometrik jisimleriň haýsy synpyna degişlidigini anyklamaly, şeýle jisimleriň göwrüminiň nähili hasaplanýandygyny kesgitlemeli, nähili ölçegleri geçirmelidigini ýada salmaly, zerur ölçegleri geçirmeli we ahyrda zerur hasaplaýyş operasiýalaryny geçirmeli. Şeýlelikde, bilimleri ulanmak ýene-de birnäçe maglumatlary we operasiýalary özleşdirmegi talap edýär. Birinjiden, predmetiň «ideal obýektleriň» haýsy synpyna degişlidigini görkezýän sensor (duýma) sypatlary bilmek zerur. Edil hereketleriň dolandyrylyşyndaky ýaly, bu duýma sypatlary oriýentirleriň roluny oýnaýar. Ýöne, eger-de endikde şeýle oriýentirler amaly işiň dolandyryjysy ornunda bolýan bolsa, göwrümiň ölçelişinde olar akyl işiniň dolandyryjysy rolunda bolýar. Diýmek, onuň operasiýalaryny özleşdirmek zerur bolýar. Galyberse-de, maksadyň ýetilmegi üçin predmetde nähili özgertmeler geçirmelidigini bilmeli, ýagny predmetiň häsiýetlerini ýumuşlaryň çözüliş usullary bilen baglanyşdyrmagy başarmaly. Şeýle-de, predmeti özgertmegiň usullaryny özleşdirmeli.

**Başarnyklaryň kemala getirilişiniň şertleri.** Ýumşuň tipini anyklamak, onda onuň çözülişi üçin düýpli bolan häsiýetleri we gatnaşyklary ýüze çykarmak başarnyklaryň möhüm elementidir. Meselem, şeýle ýumuş: «Ýüzüň bir ýarym üçden bir bölegi nämä deňdigini sesli (ýazuw üsti däl) çözüň» – hatda ulular üçin hem kyn bolýar. ýöne, bir ýarymyň $\frac{3}{2}$ bolýandygyna göz ýetirilse, ýumuş şol bada çözülýär:

$$\frac{3}{2}\cdot\frac{1}{3}=\frac{1}{2};\quad \frac{1}{2}\cdot 100=50.$$

Psihologlar başarnyklaryň kemala gelmegine ýardam ýa-da päsgel berýän birnäçe faktorlary ýüze çykardylar. Deslapky maglumatlarda ýumuş üçin düýpli bolan gatnaşyklaryň aýdyň ýüze çykarylmagy ýa-da gizlenilmegi şeýle faktorlaryň biri bolýandygy esaslandyryldy. Meselem, şeýle ýumuş teklip edilýär: «Biri-beýlekisinden 200 km aralykdaky iki otly *A* nokatdan we *B* nokatdan bir wagtda bir-birine tarap çykdy. Birinjisi sagatda 70 km, ikinjisi 85 km tizlikde gidýär. Olaryň arasynda sagatda 80 km tizlik bilen garlawaç uçýar. Ol *A* nokatdan otly ugran wagty uçýar we *B* nokatdan çykan otla tarap uçýar. Ikinji otla uçup baryp, ol yzyna birinji otla tarap uçýar we ş. m. Ol 1 sagadyň dowamynda näçe ýol geçýär?» Köplenç ýagdaýda okuwçy birinji otlynyň garlawajyň *B* nokatdan çykan otla uçup ýetýänçä näçe ýol geçýändigini hasaplap başlaýar. Soňra otlularyň arasynda näçe kilometr galýandygyny we ş. m. bilmäge çalyşýar. Ýöne ýumuş hiç hili hasaplamasyz çözülýär. Garlawajyň tizligi 80 km/sag. Diýmek, ol bir sagatda 80 km aralygy uçýar. Bu ýerde çözülişiň kynlaşmagy ýeke-täk düýpli gatnaşygyň öňüni çözülişe ähmiýeti bolmadyk köpsanly maglumatlaryň (otlularyň tizligi we ş. m.) örtýändigi bilen bagly bolýar.

Zerur gatnaşyklary ýüze çykarmaga täsir edýän başga bir faktor adamyň gönükdirilmesidir. Zerur gatnaşyklary ýüze çykarmaga päsgel berýän gönükdirilmä mysal hökmünde şeýle ýumşy almak bolar: «Dört nokat berlen; bu dört nokadyň üstünden galamy kagyzdan aýyrman we galam ýene-de başlangyç nokada dolanar ýaly üç göni çyzyk geçirmeli». Synag edilýänler birnäçe synanyşyklar edýärler:



Bu synanyşyklaryň hiç biri netije bermeýär; ýöne çözüliş ýönekeý bolýar:



Synag edilýänler şeýle ýagdaýda göýä, nokatlar bilen çäklenýän meýdanyň çäginden çykmak bolmaýar diýen çaklamadan ugur alýarlar. Ýöne şeýle talap ýumşuň şertinde ýok bolsa-da, ol synag edilýäniň hususy gönükdirilmesi boýunça onuň özi tarapyndan girizilýär.

Ýumuş üçin düýpli gatnaşyklary aňşyrmagyň möhüm faktory situasiýanyň aýry-aýry elementlerini däl-de, ony tutuşlygyna kabul etmekdir. Mysal hökmünde alty ýaşly Gaussyň şeýle ýumşy çözüşini görkezmek bolar: «1-den 100-e çenli natural hataryň ähli sanlarynyň jemini tapmaly». Başga okuwçylar ýumşy sanlary yzygider goşmak arkaly çözýärkä (1+2 = 3; 3+3 = 6; 6+4 = 10; 10+5 = 15 we ş. m.), Gauss umumy kanunalaýyklygy ýüze çykarýar: orta degişlilikde islendik simmetrik sanlaryň jemi 101-e deň (1+100 =101; 2+99 = 101; 3+98 = 101 we ş. m.). Bu ýerden şeýle çözüliş ýüze çykýar: (101 · 100) : 2 = 5050.

Adamyň öňki tejribesi hem güýçli täsir edýär. Eger-de onda predmetiň şu ýumuş üçin ähmiýetli bolmadyk gatnaşyklary düýpli häsiýete eýe bolsa, şeýle tejribe çözülişe päsgel berýär (bu ýagdaýy biz şem we çeküw daşy bilen goýlan tejribede görüpdik). Düzüminde ýumuş üçin zerur gatnaşyklar we operasiýalar ulanylan tejribe onuň çözülişini ýeňledýär, oňyn geçirilmäni döredýär.

Galyberse-de, umumy düzgünleri bilmeklik zerur gatnaşyklary ýüze çykarmagy ýeňilleşdirýär. Bu faktorlardan ugur alyp, psihologlar ýumşuň zerur gatnaşyklaryny anyklamagy ýeňledýän birnäçe tärleri esaslandyrdylar.

1. Çözülişiň düzgünlerini düşündirmek. Matematiki we fiziki ýumuşlaryň dürli synplarynyň çözülişiniň, grammatiki seljermäniň tipiki shemalary muňa mysal bolup hyzmat edýär.

2. Ýumuş üçin düýpli bolan maglumatlary we gatnaşyklary (şol ýumşy seljermek) aýdyň ýüze çykarmak ýa-da nygtamak. Bu ýumşy maksadalaýyk aňlatmak, nämä üns bermelidigne mugallymyň ýörite görkezmeleri we ýaňzytmalary (gözükdirmeler) arkaly gazanylyp bi-

linýär. Bular okuwça deslapky gatnaşyklary has sap görnüşde kabul etmäge mümkinçilik berýän kömekçi serişdelerdir.

3. Ýumşy nämäni kesgitlemelidigi nukdaýdan seljermek. Şeýle seljerme, köplenç, çözüliş üçin düýpli bolan gatnaşyklary we maglumatlary ýüze çykarmaga mümkinçilik döredýär.

**Başarnyklaryň kemala getirilişi.** Ýumuş çözmekde pikirlenme işi obýekti özgertmek, onda düşünjelerde berkidilen täze-täze häsiýetleri ýüze çykarmak bilen baglydyr. Bu proses analiz – sintez, abstragirleme – jemleme operasiýalary boýunça hereketlenýär we tä obýektiň şol ýumşy çözmek üçin düýpli tarapy ýüze çykarylýança dowam edýär. Şeýle ýagdaýda her bir ädim obýektiň täze taraplaryny açyp, pikirlenmäni ilerledýär, onuň indiki ädimini kesgitleýär. Obýektiň täze taraplary täze düşünjelerde şöhlelendirilýändigi üçin pikirlenme ýumşy köp tapgyrlaýyn özgerdişli beýan etmek görnüşinde geçýär. Meselem, şem we çeküw daşlary bilen bagly ýumuş: «Agramlary bozular ýaly ýagdaýa getirmeli» görnüşdäki aňladylyşdan, «Tereziniň okarajyklaryndaky predmetleriň agramy özgerer ýaly ediň» mazmuna geçmek esasynda çözülýär.

Geometrik ýumşuň özgerdilişli beýan edilişine mysal: «Dörtburçluk berlip (ABCD), taraplarynyň ortasy göni çyzyklaryň kesimleri arkaly özara birleşdirilen (surata seret). Alnan figuranyň parallelogramdygyny subut etmeli». Synag edilýänleriň biri ýumşy şeýle çözýär: «Diýmek, gapma-garşylykly taraplaryň deň we paralleldigini subut etmeli» (ýumşuň parallelogramyň kesgitlemesine esaslanýan birinji özgerdişli beýan edilişi).

«Üçburçluklaryň deňdigini subut edeliň: KAL üçburçlugyň we NCM üçburçlugyň, KDN üçburçlugyň we LBM üçburçlugyň» (KN we LM, KL we NM taraplaryň agtarylýan deňligini subut etmäge gönükdirilen ikinji özgerdilişli beýan edilme bu kesimleriň täze baglanyşyklara girizilmegine esaslanýar). Soňra synag edilýän şeýle çaklamanyň nädogrudygyna göz ýetirýär.



Bu ýerde her bir täze özgerdilişli beýan edilme öňki tapgyryň analiziniň we sinteziniň netijesi bolýar we obýektiň düýpli häsiýetleri şöhlelenýän düşünjelerde aňladylýar. Şonuň üçin täze beýan edilmeden obýekt barada täze maglumatlar döräp, ol pikirlenmäni ilerledýär. Meselem, S.L.Rubinşteýniň we okuwçylarynyň derňewleriniň görkezişine görä, pikirlenme prosesinde analiz we sintez mynasybetli obýekt täze-täze baglanyşyklara goşulýar we şonuň üçin täze-täze sypatlarda ýüze çykyp, olar täze düşünjelerde berkidilýär. Şeýlelikde, obýektden göýä täze mazmun «susulýar», ol her gezekde başga tarapyna «öwrülýär», onda täze-täze häsiýetler ýüze çykarylýar.

Başarnyklaryň kemala getirilişi bu nukdaýnazardan, ilkinji nobatda, bilimleriň yzygider çuňlaşmagynyň önümi görnüşinde bolýar. Başarnyklar öwrenilýän obýektleriň dürli taraplary we häsiýetleri baradaky düşünjeleri özleşdirmegiň esasynda kemala gelýär. Başarnyklary kemala getirmegiň esasy ýoly okuwçylara obýektde dürli taraplary görmegi, oňa dürli düşünjeleri ulanmagy, düşünjelerde bu obýektiň dürli gatnaşyklaryny beýan etmegi öwretmekdir. Okuwçylara analiz üsti sintez arkaly obýekti özgertmegi öwretmelidir. Ulanylýan özgertmeler haýsy gatnaşyklaryň we garaşlylyklaryň esaslandyrylmagynyň talap edilýändigine baglydyr. Şeýle özgertmeleriň shemasy ýumşy çözmegiň meýilnamasydyr.

Başarnyklary öwretmek dürli ýollar boýunça amala aşyrylyp bilinýär. Olaryň birinde okuwça zerur bilimler habar berlip, soňra onuň öňünde olary ulanmak üçin ýumuşlar goýulýar. Okuwçy synanyşyk we ýalňyşlar esasynda işiň degişli oriýentirlerini we tärlerini ýüze çykarmak arkaly çözülişi özi agtarýar. Bu ýol kähalatlarda problemalaýyn okatmak atlandyrylýar. Başga bir ýolda okuwça ýumşuň tipini we onuň çözülişine talap edilýän operasiýalary birmazmunly ýüze çykaryp bolýan sypatlary öwredýärler. Galyberse-de, bu ugurdaky üçünji ýolda okuwça bilimleri ulanmaga zerur akyl işiniň hut özi öwredilýär. Bu ýagdaýda pedagog okuwçyny diňe bir sypatlary we operasiýalary saýlamagyň oriýentirleri bilen tanyş etmän, eýsem okuwçynyň alnan maglumatlary ýumuşlaryň çözülişi üçin ulanmak işini guraýar. Okatmagyň meseleleri, şol sanda okuwçylarda pikirlenmäni kemala getirmek meselesi psihologlar we pedagoglar tarapyndan depginli işlenýär. Şonuň üçin amalyýetçi mugallymlaryň bu prosesleriň eýýäm ýüze çykarylan kanunalaýyklyklaryna daýanyp, täze ylmy maglumatlar esasynda öz psihologik düşünjelerini takyklamagy möhümdir.

# VIII BAP
# TERBIÝÄNIŇ PSIHOLOGIÝASY

## VIII. 1. Terbiýäniň psihologik meseleleri şahsyýeti maksada gönükdirilmeli kemala getirmek hökmünde

**Terbiýäniň psihologiýasy barada umumy düşünje.** Terbiýe islendik jemgyýetiň esasy funksiýasyny düzýär. Garaşsyz ýurtda oňa mynasyp, ösen dünýägaraýyşly, ýokary ahlak sypatly, barlyga döredijilikli gatnaşykly şahsyýeti terbiýelemek milli döwletiň berkararlygynyň baş şertine öwrülýär.

Bu ýumşy çözmeklik häzirki zaman psihologik-pedagogik bilim-düşünjeler ulgamynda esaslandyrylan ylmy düzgünleriň esasynda amala aşyrylýar we olaryň üznüksiz nazary ösüşini göz öňünde tutýar.

Terbiýäniň psihologiýasynyň öwrenýän möhüm meseleleriniň hatarynda şahsyýetiň ontogenezde kemala gelşiniň esasy çeşmelerini, kanunalaýyklyklaryny, tapgyrlaryny, şertlerini, mehanizmlerini we aýratynlyklaryny ýüze çykarmak wezipeleri durýar. Bu sowallar işiň, aňyň we ösýän şahsyýetiň düýpli meseleleriniň ösüşi bilen baglanyşyklykda işlenilýär. Bu babatda derňew alyp barýanlary birnäçe wezipeleriň çözülişi gyzyklandyrýar.

1. Şahsyýeti işjeň maksada gönükdirilmeli kemala getirmek mümkinmi? Bu ýerde bilermenleriň dünýägaraýyş ugrukmasy has aýdyň aýry-başgalanýar; ilkinji nobatda, şahsyýetiň döreýşinde we ösüşinde sosial we biologik başlangyçlaryň utgaşmasyny esaslandyrmakda alymyň eýeleýän nazary ornuny aýdyňlaşdyrmak möhüm bolýar.

2. Şahsyýetiň ahlak ulgamyny kemala getirmegiň kanunalaýyklyklary we mehanizmleri hem-de bu prosese işjeň täsir etmegiň mümkinçiligi we mehanizmleri nähili? Bu meseleleri çözmekde watan psihologiýasy ösýän şahsyýetiň kemala getirilişinde gurşaw we nesil-genetiki faktorlaryň, adamyň öz hususy işjeňliginiň, milliligiň we umumadamzat gymmatlyklarynyň toplumlaýyn täsiriniň aýgytlaýjy roluny ykrar etmekden ugur alýar.

3. Şahsyýetiň kemala geliş prosesine ulgamlaýyn täsiri we guramagyň düzgünleri we şertleri nähili? Bu babatda psihologiýa yl-

mynyň psihiki ösüşi döwürleşdirmek we her bir döwre mahsus bolan işiň esasy tipleri baradaky düzgüni aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

4. Terbiýe prosesiniň şahsyýetiň psihologik özgerdilmesi üçin giň mümkinçilikleri üpjün edýän guralyşynyň has oňaýly görnüşleri, şertleri we serişdeleri nämeden ybarat? Olar biziň jemgyýetimiziň şertlerinde terbiýäniň esasyny düzýän, şahsyýetde jemgyýet ähmiýetli işdir bitirmelere gönükdirilmäni kemala getirmek maksady boýunça kesgitlenýär.

Terbiýäniň psihologiýasy pedagogik prosesiň maksada gönükdirilmeli guralýan şertlerinde adamy şahsyýet hökmünde kemala getirmegiň psihologik kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Terbiýäniň psihologiýasy terbiýäni pedagoglaryň (sözüň giň manysynda) we terbiýelenýänleriň özara täsirinde, terbiýelenýänleriň özleriniň özara hereketlerinde amala aşyrylýan proses hökmünde seredýär; terbiýelenýänler bu prosesde terbiýäniň diňe bir obýekti däl-de, işjeň subýekti hökmünde bolýarlar.

Terbiýäniň psihologiýasy şahsyýetiň erk-ahlak ulgamyny, ahlak aňyny, ahlak göz öňüne getirmelerini, düşünjelerini, düzgünlerini, ynançlaryny, hereketleriň ahlak esaslaryny, ahlak duýgularyny, endiklerini we onuň beýleki adamlara, jemgyýete gatnaşygyny häsiýetlendirýän özüňi alyp baryş usullaryny kemala getirmegiň psihologik mehanizmlerini açýar; bu bolsa öz gezeginde, ösýän adamyň şahsyýetini «proýektirlemegiň» umumy kanunlaryny, terbiýe işini häzirki zaman çagalygynyň dürli tapgyrlarynda guramagyň düzgünlerini, şertlerini we özboluşlylygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Terbiýe şertlerinde okuwçylaryň psihiki işiniň kanunalaýyklyklaryny, olaryň öz-özüni terbiýelemeginiň psihologik esaslaryny ýüze çykarmakda, terbiýäniň psihologiýasy maksada gönükdirilmeli terbiýäniň şahsyýetiň sypatlarynyň kemala gelşine täsiriniň mehanizmlerini öwrenýär.

Terbiýäniň psihologiýasy psihologik aýratynlyklaryň bir görnüşleriniň togtamagyny, özgerişini we täze gurluşlaryň döreýşini we ösüşini derňeýär. Çagada täze psihologik mümkinçilikleriň döremegine oriýentirlenmek, terbiýe prosesini çaganyň psihiki ösüşiniň diňe yzyna eýermekden, ony ösüşiň öňünden gidýän häsiýetde maksada gönükdirilmeli guramaga we dolandyrmaga mümkinçilik berýär.

Şahsyýeti ontogenezde maksada gönükdirilmeli kemala getirmegiň kanunlaryny esaslandyrmak çagalary terbiýelemegiň ylmy esaslaryny döretmegi üpjün edýär we şonuň bilen bilelikde, psihologik taglymatyň ösüşiniň binýadyny düzýär. Terbiýäniň psihologiýasynyň esasy guramaçylyk nazaryýeti, psihologik bilim-düşünjeleriň aýratyn ugry hökmünde, şahsyýeti ontogenezde işjeň maksada gönükdirilmeli kemala getirmegiň mümkinçiligi düzgünidir. Bu düzgün psihologiýa ylmynyň şahsyýetiň kemala gelmeginde jemgyýetiň täsiriniň we genotipiň (nesil üsti gurluşlaryň) ornunyň ähmiýetine, ýagny bu prosesde sosial we biologik gurluşlaryň utgaşmasyna çemeleşmesi boýunça kesgitlenýär.

Şahsyýetiň kemala gelmek şertleri, biologik we sosial gurluşlaryň utgaşmasy meselesi şahsyýete düşünmekde aýgytlaýjydyr.

Bu meseläniň kesgitleýji ähmiýeti sosial şertleriň aýgytlaýjy roluny ykrar etmegiň jemgyýetiň şahsyýetiň ösüşine işjeň täsir etmek mümkinçiligini aňladýandygy, köptaraplaýyn ösüşe päsgel berýän sosial sebäpleri aradan aýyrmaga gözükdirýändigi bilen düşündirilýär. Adamyň biologik gurluşynyň kesgitleýji roluny ykrar etmeklik bolsa, şahsyýeti kemala getirmekde jemgyýetiň diňe adamdaky haýwanlara mahsus başlangyjy ýumşatmakda çäklenýändigi barada pikir jemlemesine getirýär.

**Terbiýe prosesiniň psihologik strategiýalary.** Terbiýäniň guralyşynyň psihologik jähtinde, bellibir şertlilikde, iki strategiýany ýüze çykarmak mümkin. Olary dinamiki strategiýa (D) we mazmun strategiýasy (M) atlandyrmak mümkin.* D-strategiýa terbiýäniň deslapky tapgyrynda obýektiw berlen, otnositel durnukly we takyk ýüze çykýan hadysa hökmünde terbiýe prosesiniň funksional-dinamiki häsiýetnamalarynyň öňe çykýandygyndan ugur alýar. Başgaça aýdylanda, şahsyýeti kemala getirmegiň gidişine real täsir etmegiň mümkinçilikleriniň, serişdeleriniň häsiýetnamasy göz öňünde tutulýar: terbiýelenýäniň şahsyýetiniň aýratynlyklary, terbiýeçiniň real mümkinçilikleri (onuň hünär derejesi, maksatnamalaryň we maddy-tehniki serişdeleriň netijeliligi we ş. m.). Bu strategiýanyň manysy ilki berlen obýektiw mümkinçiliklerden ugur alyp, kem-kemden maz-

* *Асеев В. Г.* Единство содержательной и динамической сторон личности в воспитательном процессе // Психология формирования и развития личности. – М., 1981.

17. Sargyt № 820

mun tarapy kesgitlemäge, terbiýäniň maksatlaryndan, wezipelerinden hakyky ähmiýetli görnüşlerini tapmaga geçmegi aňladýar.

Ähmiýetlilik düşünjesi bu ýerde, bir tarapdan, maksatdyr wezipeleriň amal etmäge elýeterliligini, terbiýelenýäniň we terbiýeçiniň mümkinçiliklerine laýyklygyny aňladýar; ähmiýetlilik, ikinji tarapdan, saýlanan maksatlaryň stimulirleýji, meýillendiriji häsiýetleri bilen kesgitlenýär. D-strategiýanyň düzgüni nukdaýdan çenden kyn we çenden aňsat ýumuşlary saýlamaklyk maslahat berilmeýär, çünki olaryň ikisi-de terbiýelenýände höwes döretmeýär, onuň işjeňligini herekete getirmeýär. Bu funksiýany ýumuşlaryň kynlygynyň diňe optimal derejesi ýerine ýetirýär we ähmiýetliligiň ýokarky iki şertine laýyk gelýär.

Diýmek, D-strategiýanyň düzgüni funksional-dinamiki mümkinçilikleri obýektiw berlen, berkidilen hasaplaýar; bu ýagdaýda terbiýeçiniň işjeňligi terbiýelenýäne bildirilýän maksatlary we ýumuşlary taktiki jähtden özgerdip, agzalan mümkinçiliklere uýgunlaşdyrmak başarnygyna syrykdyrylýar.

Bu babatda M-strategiýanyň düzgüni, tersine, terbiýäniň maksatlaryny, ýumuşlaryny obýektiw berlen, berkidilen hadysa hökmünde kabul edýär (meselem, şahsyýetiň sypatlaryny kemala getirmek); terbiýeçiniň taktiki wezipesi bolsa şahsyýetiň funksional mümkinçiliklerinden berlen maksatlara laýyklaryny işjeňleşdirýän, laýyk dällerini togtadýan terbiýe serişdelerini saýlamakda jemlenýär.

D-strategiýa adamlaryň biri-birlerinden tapawutlanýandygy üçin aýry-başga çemeleşmäni talap edýändiginden ugur alýar. Indiwidual aýratynlyklar nazarlanylyp guralýan terbiýe täsiriniň tapawutlandyrylyşy näçe ýokary bolsa, netijelilik şonça-da oňat.

M-strategiýa, tersine, şahsyýete sosial we fiziki dünýäden bildirilýän obýektiw talaplary ony kemala getirmegiň esasy pursady hökmünde kabul etmekden ugur alýar. Ähli terbiýelenýänler özleriniň indiwidual aýratynlyklaryna we mümkinçiliklerine garamazdan, bu zerur talaplary (ahlak kadalaryny, okuw maksatnamalaryny we ş. m.) bilmeli we netijeli ýerine ýetirmegi öwrenmeli.

Bu talaplaryň we terbiýäniň degişli maksatlarynyň öňünde ähli adamlar «deňhukukly», «birmeňzeşdir». Olaryň özüni alyp barşy we kemala getirilişiň tapgyrlary obýektiw netijäniň hemmeler üçin bir bolan kriterisi-şerti boýunça bahalandyrylmalydyr: bu netije näderejede

terbiýäniň goýlan maksadyna laýyk gelýär, oňa golaýlaşýar. Her bir adamyň bu netijä ýetmeginiň takyk ýoly, sosial kadalaryň amal edilişiniň takyk mehanizmleri indiwidual – aýry-başga we deslapky indiwidual aýratynlyklara laýyk bolup biler. Ýöne bu esasy däldir; indiwidual aýratynlyklar taktiki jähtden nazarlanylýar, ýöne strategiýanyň esasynda netije görkezijisiniň aýgytly orny durýar. Bu ýerde özüňi alyp barşyň prosesi, içki mehanizmi däl-de, daşky netije wajypdyr.

Bu ýagdaýda terbiýäniň wezipesi adama funksional mobilizlenmäniň, erki işjeňleşdirmegiň durmuşda talap ediljek derejesine ýetmegi öwretmekdir. Adam daşky we içki kynçylyklaryň hötdesinden gelmeli, özüniň içki motiwlerini we daşky prosesleri dolandyrmalydyr.

Dinamiki strategiýa laýyklykda şahsyýet daşky şertleriň «önümi» hökmünde seredilýär; adamda terbiýäniň obýekti hökmünde saýlanýan taraplar şahsyýetiň erkine onçakly bagly däl, onuň bellibir derejede psihologik jogapkärçilik çekmeýän gurluşy görnüşinde kabul edilýär: bu häsiýetler şahsyýetiň erkiniň däl-de, ondan garaşsyz daşky şertleriň netijesi hasaplanylýar.

Şeýle diýildigi şahsyýetiň işjeň däl – passiw gurluşdygyny, «daşky şertleriň pidasydygyny» aňlatmaýar. Bu diňe şeýle strategiýanyň nukdaýnazaryndan **terbiýäniň predmeti hökmünde şahsyýetiň özerkli özgerdip, erkli dolandyryp** bilmejek gurluşynyň saýlanýandygyny aňladýar. Şahsyýetiň öz-özüni dolandyryşynyň, mümkinçilikleriniň çägindäki zatlar diňe talap bildirmek arkaly dolandyrylyp, ol terbiýäniň predmetinden aýrylyp, dolandyryşyň (sözüň giň manysynda) ulgamyna geçýär. Dolandyryşyň öňünde bolsa şahsyýeti özgertmek wezipesi durmaýar; onuň öňünde şahsyýetiň gurluşyndan ýolbaşça (bu hem sözüň giň manysynda) zerur mazmuny işjeňleşdirmek wezipesi goýulýar. Bu ýerden şahsyýete täsir etmegiň esasy görnüşiniň oňa göni talaplary bildirmek däl-de, durmuşyň özünden, onuň adaty iş-gatnaşyklaryndan gelýän obýektiw täsirleriň ulgamyny guramak bolmalydygy pikiri gelip çykýar.

Hut şu strategiýanyň nukdaýyndan adamy zähmetde we aragatnaşykda terbiýelemegiň mehanizmleriniň ähmiýeti barada aýdylýar. Terbiýeçi zähmet we beýleki işleriň görnüşlerini guraýar we bu işiň aýratyn häsiýetleri mynasybetli şahsyýetiň nazarlanylýan özgermesi ýüze çykýar.

Elbetde, terbiýeçi bu strategiýada hem şahsyýeti kemala getiriş maksadyny goýýar, ýöne ol bu maksady terbiýelenýäne däl-de, esasan, özüne gönükdirýär. Strategik nukdaýdan ol maksat goýýar, ýöne taktiki nukdaýdan, terbiýelenýäniň göni öňünde maksady oňa elýeter bolar ýaly özgerdýär.

Haýsy ýagdaýlarda adamy berkidilen, berlen maksatlara uýgunlaşdyryp, özgertmeli we tersine, haýsy ýagdaýlarda maksatlary özgerdip, olary adamyň mümkinçiliklerine, potensialyna uýgunlaşdyrmaly? Dinamiki tarapy mazmun tarapa ýa-da mazmun tarapy dinamiki tarapa uýgunlaşdyrmalymy?

Dinamiki strategiýada terbiýeçi terbiýelenýäniň gizlin mümkinçiliklerine bil baglamaýar, oňa hereketleri, olaryň netijeleri üçin jogapkärçilik ýöňkemezlige ýykgyn edýär. Ol jogapkärçiligi öz üstüne alýar, kemala getirmek prosesini özi guraýar we terbiýäniň şowsuzlygy ýa-da rowaçlygy üçin «günäni» we «hyzmaty» obýektiw şertler bilen deň paýlaşýar. Terbiýelenýäne kemala getirilişiň subýekti däl-de, obýekti hökmünde seredilýär; ol ähli täsirleri öz paýhasyndan «geçirýär», ýöne hut şu pursatda ol terbiýeçiniň nazarlaýan zadynyň diňe bir bölegine düşünýär we «kabul edýär», «özüniňkä» öwürýär. Terbiýelenýän näderejede terbiýäniň maksadyny diňe bir kabul edýän, «bilýän» däl, eýsem ony duýýan we herekete getirýän orunda terbiýäniň subýektine öwrülip, öz-özüni terbiýelemäge geçdigiçe, ol terbiýäniň we işiň obýekti bolmagyny bes edýär. Şu strategiýanyň nukdaýyndan, kemala getirilişiň subýektine öwrülen şahsyýet, terbiýe prosesiniň ahyrky nokady, maksady bolýar we şunuň bilen hem terbiýeçiniň işi tamamlanýar (elbetde, psihologik nukdaýnazardan).

Başga bir tarapdan, mazmun strategiýasynyň logikasyndan şahsyýete subýekt hökmünde, «öz-özüniň netijesi» görnüşinde seredilmelidir. Subýektden gaýdýan ähli hereketler, gatnaşyklar şahsyýetiň özüne bagly, özerkli saýlawynyň netijesi, olaryň ählisi üçin şahsyýet jogapkär hasaplanylýar. Biz hut şonuň üçin hem gündelik durmuşda şahsyýetiň işjeňligine, aňly-düşünjeliligine bil baglaýarys. Mazmun strategiýasy jähtde talaplar şahsyýete (terbiýeçiniň özüne hem) obýektiw durkunda, jemgyýetiň goýşy görnüşinde bildirilýär. Terbiýeçi (sözüň giň manysynda) bu ýagdaýda diňe işiň tehniki detallarynda, instrumental pursatlarynda kömek edip bilýär; ahlak we beýleki talaplary saýlamak, kabul etmek terbiýelenýäniň öz boýnuna ýüklenýär. Bu strategiýanyň logikasynda

ýeke-täk maksadalaýyk we çuňňur pedagogika real işiň terbiýe ýa-da didaktiki modelleri däl-de, real durmuşyň pedagogikasydyr.

Ylmy esaslandyrylmaly terbiýe psihologiýasy indiwidiň psihikasynyň biologik we sosial faktorlaryň çylşyrymly özara täsirinde ösýändigi, olaryň arasynda adamyň jemgyýetçilik ýaşaýyş-durmuşynyň takyk-taryhy şertleriniň, onuň beýleki adamlar bilen aragatnaşygynyň aýgytlaýjy bolýandygy garaýşyndan ugur alýar. Başgaça aýdylanda, adamyň şahsyýet hökmünde kemala gelşi jemgyýetçilik gatnaşyklary arkaly kesgitlenýär we bu gatnaşyklaryň şertlerinde şahsyýetiň işiniň, onuň jemgyýetiň beýleki agzalary bilen özara täsiriniň nähili guralýandygyna bagly bolýar.

Ylmy psihologiýanyň nukdaýnazaryndan, şahsyýet özüniň ýaşaýan medeniýetiniň bir tokga bölegi ýa-da adamyň özleşdiren sosial rollarynyň toplumy däldir. Başga bir tarapdan, ol nesil-genetiki programmirlenen, biologik taýdan kesgitlenýän gurluş hem däldir. Soňky garaýyş islenilse-islenilmese adamyň tebigatyna hiç hili özgerişler döredip bolmaýan gurluş hökmündäki garaýşy döredýär. Bu pikiriň hakykata laýyk dälligi öz-özünden düşnüklidir. Bu babatda käbir meşhur psihologlaryň hem adamda tebigy başlangyja aýgytlaýjy orun bermegi düşnüksizdir. Mysal görnüşinde Ž. Piažäniň döreden psihiki ösüşiň taglymatyny getirmek ýerliklidir. J. Bruneriň redaksiýasynda çykan kitapda Piažäniň garaýşy şeýle häsiýetlendirilýär: «Onuň (Piažäniň) nukdaýnazaryndan akylyň kemallanmagy biologik döredilen hadysa ýaly görünýär ...Piaže daşky gurşawyň täsiriniň bellibir rol oýnaýandygyny aýdýan-da bolsa, bu forma üçin edilýän ýaly görünýär».*

Ylmy psihologiýa şahsyýetiň ösüşinde tebigylygyň we sosiallygyň çylşyrymly dialektikasyny ýüze çykarýar. Bu nukdaýnazardan, adamlar ýaşaýyş şertleriniň we terbiýäniň önümidir. Indiwidde kemala gelýän ähli ukyplar düzümi we hili boýunça ýaşaýyş-durmuşyň gidişinde döreýän hadysalar bolup, olar adamyň beýleki adamlar bilen aragatnaşygy we taryhy tejribäni özleşdirmegi bilen kesgitlenýär. Diňe sosial gurşawda, maksada gönükdirilen terbiýäniň prosesinde adamyň özüni alyp barşynyň sosial programmasy döreýär, adam şahsyýet hökmünde kemala gelýär.

---

* Исследование развития познавательной деятельности. Под. ред. Дж. Брунера, Р.Оливер и П.Гринфилд. – М., 1971, с. 272-273.

**Adamyň şahsyýeti we onuň kemala gelşiniň aýratynlyklary.** Dürli taryhy eýýamlarda şahsyýet düşünjesine dürli many-mazmun ýöňkelipdir. Ylmy psihologiýa, ýokarda bellenilişi ýaly, şahsyýetiň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täsirinde, nesil-biologik binýadynda döreýän gurluşdygy dogrusyndaky pikirden ugur alýar. Ýöne, adamyň nesil-biologik binýadynyň, hatda ýokary derejede ösen haýwanlaryňky bilen nerw işiniň prosesleriniň geçiş mehanizmleri bolaýmasa, onuň mazmun jähtden hiç hili diýen ýaly umumylygy ýokdur. Haýwanat dünýäsiniň iýmek üçin ýaşaýandygy, adamyň bolsa iş-döredilş üçin iýýändigi baradaky hakykaty olaryň arasyndaky aýry-başgalygy aýyl-saýyl etmekde aýgytlaýjydyr. Başga bir tarapdan, jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň özi adamlaryň işiniň netijesidir. Bilelikdäki işde beýleki adamlar bilen aragatnaşykda bolmaklyk şahsyýetiň kemala gelşiniň binýadydyr. Islegleriniň çeşmesi hökmünde daşky gurşawa garaşlylykda bolýan-da bolsa, adam şol bir wagtda maksada gönükdirilen işiň prosesinde oňa işjeň täsir edýär, ony aňly özgerdýär we özi özgerýär. Adamyň aňly-düşünjeli işi onuň şahsyýetini we psihiki aýratynlyklaryny kemala getirmegiň esasydyr.

Şahsyýet tebigy indiwidiň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamynda işiň, aragatnaşygyň we akyl ýetirişiň esasynda özünde döredýän aýratyn sypatydyr. Kemala gelen şahsyýet durnukly garaýyşlary we ynançlary, ahlak talaplary we bahalandyryşy, aňly goýlan maksatlary, öz hereketlerini, işini dolandyrmak başarnygy bolan adamdyr.

Şahsyýetiň bitewi gurluşynyň ýadrosy onuň işiniň motiwasiýa ulgamy bolup, ol motiwleriň aşaky we ýokary derejeleriniň iýerarhiki – biri-birine tabyn çylşyrymly gurluşyny özünde jemleýär. Ýokary jemlenijilik we durnuklylyk häsiýeti bilen tapawutlanýan ýokary derejeli motiwler şahsyýeti jemgyýetden üzňeleşdirmän, şahsyýetiň höweslerini jemgyýetiň höwesleri bilen bitewüleşdirýär, ösüşiň sazlaşygyny döredýär, şahsyýetiň kemala gelendigininiň görkezijisi bolýar. Şonuň üçin jemgyýetçilik gönükdirilmeli gatnaşyklary döredýän durnukly psihiki häsiýetleri, jemgyýetçilik ähmiýetli zähmete psihologik taýýarlygy, jemgyýetçilik işjeňligi bolan şahsyýeti kemala getirmek örän möhümdir.

Şahsyýete adamyň dürli psihiki häsiýetleriniň, onuň islegleriniň we höwesleriniň, gylygynyň, ukyplarynyň we ş. m. ýönekeý toplumy

hökmünde düşünmek bolmaz. Şahsyýet bu bitewi ulgam, özara baglanyşykly psihologik hadysalaryň aýrylmaz birligidir. Şahsyýetiň ähli sypatlarynyň aýrylmaz baglanyşygy her bir sypatyň mazmunynyň, gurluşynyň we ýüze çykyşynyň beýleki sypatlardan garaşlylygyny döredýär. Meselem, şahsyýetiň iş-gatnaşygyny bahalandyrmagyň we ol barada pikir aýtmagyň ýitiligi, eger-de öz niýet tarapynda ýokary ahlak düzgünleri, dogruçyllyk, borç duýgusy, ýoldaşlaryň hakynda aladalanmak bilen bagly bolsa, onuň mazmuny bir görnüşde bolýar. Ýöne eger-de onuň esasynda jemgyýetçilik ähmiýetli maksatlary gazanmaga ymtylma däl-de, içki egoizm, beýlekilerden ýokarda bolmak, kollektiwde aýratyn orny eýelemäge ymtylma ýatýan bolsa, ol düýpgöter başga mazmuna eýe bolýar. Şeýlelikde, şahsyýetiň islendik sypatlary we häsiýetleri haýsy ahlak gatnaşyklarynyň ulgamynda kemala gelýändigine we haýsy ruhy gymmatlyklaryň (jemgyýetçilik ýa-da şahsy, egoistik) ýetilmegine gönükdirilenligine baglylykda dürli häsiýete eýe bolýar.

Beýleki adamlara, özüňe, jemgyýetiň durmuşyna, işlerine bolan gatnaşyklarda şahsyýetiň ahlak häsiýetnamasy, adamyň dünýägaraýşy, ymtylmalary, ynançlary ýüze çykýar. Şonuň üçin şahsyýetiň ahlak ulgamyny kemala getirmek terbiýäniň özenidir.

Şahsyýetiň döremegi ösüşin irki tapgyrlaryndan sazlaşykly kemallanma ýetýänçä uzakwagtlaýyn, çylşyrymly, köpugurly prosesdir. Terbiýe psihologiýasy hemişe ösüşde bolýan, hil jähtden özgerýän hadysa bolan çaga bilen iş salyşýar; onuň şahsyýetiniň psihologik aýratynlyklary we işi, islegleri, motiwleri we gatnaşyklary dürli ýaş tapgyrlarynda dürlüdir.

Aýry-aýry ýaş döwürleriň özboluşlylygyny nazarlamak terbiýe prosesini guramagyň zerur şertidir. Ýöne nazarlamaklyk terbiýe işiniň mazmunyny we formasyny bellibir ýaşdaky çagalaryň psihiki ösüşiniň derejesine uýgunlaşdyrmagy aňlatmaýar. Çaganyň şahsyýetiniň häzirki ösüş tapgyrynda diňe başlangyç ýagdaýynda bolýan, ýöne mazmunly geljegini wada berýän sypatlarynyň kemala getirilişini üpjün etmek bilen ösüşiň geljegini-perspektiwasyny göz öňüne tutmak möhümdir. Hut şeýle ýagdaýda şahsyýeti proýektirlemek prosesi guralýar; bu proses şahsyýetiň ahlak ulgamynyň kemala gelşine täsir edýän köpsanly indiwidual isleglerini nazarlamagy talap edýär.

## VIII. 2. Terbiýäniň psihologiýasy adamyň ösüşiniň psihologiýasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde

**Iş we aragatnaşyk adamyň şahsyýet hökmünde kemala gelmeginiň esasy hökmünde.** Çaganyň ösüşiniň, onuň şahsyýetiniň döreýşiniň çeşmelerine we şertlerine düşünmezden, terbiýäniň psihologik mehanizmlerini ýüze çykarmak mümkin däldir. Adamyň sosial gurluş hökmünde ýaşaýşynyň, ösüşiniň, isleginiň amala aşyrylyşynyň, başgaça aýdylanda, adamyň şahsyýet hökmünde ösüşiniň kesgitleýji şerti ynsanyň köptaraplaýyn işi ýa-da işleriniň toplumy hem-de aragatnaşyk ulgamydyr. Işiň we aragatnaşygyň ösüşi, çylşyrymlaşmagy çaganyň psihikasynyň ösüşini kesgitleýär. Şonuň üçin terbiýeçilik ýumuşlarynyň çözülişi adamyň işiniň, beýlekiler bilen aragatnaşygynyň özara tabynlygynyň, olaryň dinamikasynyň psihologik kanunalaýyklyklaryna esaslanmalydyr. Terbiýeçilik täsirleriniň ulgamy guralanda işiň we aragatnaşygyň dürli görnüşleriniň häsiýeti we aýratynlyklary, olaryň ähmiýeti, möçberi we mazmuny nazarlanylmalydyr. Sebäbi hut işiň we aragatnaşygyň ösüş prosesinde, olaryň giňelmeginde we çylşyrymlaşmagynda şahsyýetiň döreýşiniň binýady bolan jemgyýetçilik gatnaşyklary kemala gelýär.

Watan psihologiýasynda şahsyýet we iş – aragatnaşyk içki tarapdan bagly gurluş hasaplanylýar. Adamyň işiniň we goşulýan aragatnaşyk ulgamynyň ösüşi olaryň dürli görnüşlerini döredip, olar öz gezeginde birleşýär we özara tabynlyk häsiýetine eýe bolýar. Bu ýagdaýda işiň meýillendirijileri bolan motiwleriň iýerarhiýasy – biri-birine tabynlygy döreýär. Motiwleriň mazmuny, erklilik, aňlanylanlyk derejesi boýunça dürli – ilkinji we ikinji, göni we aralaşdyrylan görnüşde meýillendiriji we ş. m. görnüşleri bolýar. Işiň we aragatnaşygyň öz ösüşinde döreýän bitewi, özara baglanyşykly motiwleriniň ulgamy şahsyýetiň psihologik esasyny düzýär. Şeýle bitewüligiň we özara baglylygyň derejesi, adamyň işiň dürli görnüşleri esasynda dünýä bilen gatnaşyklarynyň giňligi şahsyýetiň ösüşiniň deslapky parametrleri bolup hyzmat edýär. Kähalatlarda birmeňzeş motiwleriň özüňi alyp barşyň dürli nusgalarynda amal edilýändigi, dürli motiwleriň bolsa birmeňzeş daşky ýüze çykyş formasynyň bolýandygy mälimdir. Meselem, jemgyýetçilik işine basdaşlyk, ýoldaşlaryň arasynda

birinji bolmak meýlinde gatnaşmaklyk, okuwçynyň kollektiwe peýda getirmeklige ymtylmasyna birmazmunly däldir. Basdaşlyk, jemgyýetçilik işiniň mazmunyna laýyk bolan içki motiw däl-de, daşky motiwdir. Çaganyň gollanýan motiwine baglylykda şahsyýetiň dürli sypatlary kemala gelýär: ýokardaky birinji ýagdaýda *indiwidualizm* (birinji bolmaga ymtylmada) , ikinjide bolsa *kollektiwizm* (kollektiwe peýda getirmäge ymtylyş) döreýär. Özüňi alyp baryş adatça bir däl-de, mazmuny we gurluşy boýunça dürli motiwler arkaly meýillendirilip, olaryň arasynda esasy we oňa tabyn görnüşleri bolýar. Esasy motiwleriň çalyşmagy, has ýokary ahlak motiwleriniň kemala gelmegi şahsyýetiň motiwasiýa ulgamynyň ösüşini häsiýetlendirýär. Motiwleriň utgaşmasynyň, olaryň iýerarhiýasynyň zerur özgermesi işiň we aragatnaşygyň maksada gönükdirilmeli guralyşy arkaly üpjün edilýär.

Islendik işiň özboluşlylygy ony düzýän hereketleriň netijeleriniň käbir şertlerde olaryň motiwlerinden has hörpli bolmagy bilen baglydyr. Meselem, çaga ilki-ilkiler öý işini diňe oýnamaga wagt galdyrmak üçin öz wagtynda ýerine ýetirip bilýär. Ýöne onuň okuwçy hökmündäki abraýyny ýokarlandyrýan oňyn bahalar yzygider alnanda, ol öý işlerini gowy baha almak üçin ýerine ýetirip başlaýar. Sapaga taýýarlanmak hereketi başga motiwe eýe bolýar.

Çagalar ýeke galan garrylara kömek bermeklige bu işiň ululary̆ň jemgyýetçilik pikirinde uly abraýyna maýyl bolmak boýunça goşulýarlar. Ýöne şeýle jemgyýetçilik ähmiýetli işiň gidişinde okuwçylar onuň ähmiýetini aňlaýar, «zerurlygyny» aýdyň syzýar we indi beýleki adamlara peýda getirmek isleginde hereket edýär. Bu ýagdaýda hem işiň motiwleri özgerýär. Bu ýerde hereketleriň ösüşiniň umumy psihologik mehanizmi bolan motiwleriň maksada süýşmegi (A.N.Leontýew), olaryň iýerarhiýasynyň özgermegi we täze motiwleriň, işiň täze görnüşleriniň döremegi hadysasy ýüze çykýar.

Her bir aýratyn ýagdaýda hereketleriň dinamikasy bellibir kesgitli motiwleriň özgermeginde ýüze çykýar. Meselem, mekdebe çenli ýaşly çaganyň oýun işinde oýun hereketleri (oýnuň mazmuny we guralyşy çylşyrymlaşýar) hem-de birnäçe psihiki funksiýalar (kabul edişiň, ýadyň, erkiň we ş. m. ösüş derejesi ýokarlanýar) kämilleşýär. Birnäçe oýunlary geçirmek üçin çagalara adamlaryň gatnaşyklarynyň

häsiýetleri we aýratynlyklary, tebigatyň hadysalary we ş. m. bilen ýörite tanyşmaklyk zerur bolýar. Şeýle tanyşlyk ilkibaşda hereketiň oýnuň ýagdaýy bilen motiwirlenen takyk maksady görnüşinde bolýar. Ýöne kem-kemden, uly mekdep ýaşlylarda şeýle akyl ýetiriş işjeňliginiň netijeleriniň ähmiýeti bu hereketi döredýän oýun motiwlerinden ýokarlanýar we çaga oýun ýagdaýyna dahylsyz, gurşaw baradaky maglumatlar bilen öz-özünelikde gyzyklanyp başlaýar. Motiwiň maksada süýşmeginiň ýüze çykmagy bilen «tanyşmaklyk» hereketi başga häsiýete eýe bolýar.

Hemişe aňlanylan häsiýetde bolmaýan we ymtylmalar, duýgular, meýiller görnüşinde ýüze çykyp bilýän motiwlerden tapawutlylykda, işiň maksady onuň hökmany aňlanylan düzüjisidir. Maksat işiň «agramyny» has işjeň çekýär. Şonuň üçin terbiýäniň ýaýraň ulgamy guralanda maksadyň hereketleriň ýerine ýetirilişine, başarnyklaryň we endikleriň kemala gelşine edýän täsiriniň häsiýeti we derejesi hökman nazarlanylmalydyr. Bu çagalarda ol ýa-da beýleki işe, goşulýan aragatnaşygyna gatnaşyklaryň kemala gelmegine ýol açýar. Mälim bolşy ýaly, her bir iş we aragatnaşyk umumy maksatdan bölünýän birnäçe takyk maksatlaryň ýetilmegini göz öňünde tutýar. Haçanda, şeýle umumy maksadyň roluny aňlanylan motiw ýerine ýetirýän bolsa, ol motiw-maksada öwrülýär. Esasy motiwleriň durnukly gurluşynyň ulgamy okuwçynyň şahsyýetiniň gönükdirilmesini häsiýetlendirýär (L.I.Božowiç).

Motiwlerde adamyň ol ýa-da beýleki islegleri «maddylaşýar», predmet ornaşmasyny tapýar. Şahsyýetiň ösüşi öz mazmunynda ýokary ruhy islegler agdyklyk edýän iýerarhik (özara tabyn) motiwasiýa-isleg gurluşynyň kemala getirilmegini nazarlaýar.

Isleglerïň ösüşi, olaryň sosial-psihologik häsiýetnamasy hakyndaky sowal çagalaryň terbiýesiniň psihologiýasy üçin örän ähmiýetlidir. Ýaş tapgyrlarynyň yzygider çalyşmagy bilen bilelikde çaganyň jemgyýetdäki orny düýpli özgerýär. Bu tutumda çaganyň işiniň we goşulýan gatnaşyklarynyň çylşyrymlaşmagy onuň isleglerininiň-de özgermegine, olaryň täze görnüşleriniň döremegine hem-de çygrynyň giňelmegine getirýär. Täze eýýamyň şahsyýetini kemala getirmek wezipesi isleglerïň we iş-gatnaşyklaryň baglanyşygyny aýdyň ýüze çykarmagy talap edýär. Şeýle baglanyşyk iki ugurlaýyn bolup, olaryň

biri *isleg – iş – isleg,* beýlekisi bolsa *iş – isleg – iş* görnüşinde häsiýetlendirilýär. Bir tarapdan, çagada dörän islegler onuň işinde mazmun we gurluş jähtden baýlaşýar we isleglериň has ösen görnüşlerini döredýär; ikinji tarapdan, işe ýörite isleg esasynda däl-de, haýsydyr bir daşky sebäp boýunça goşulan çagada iş gatnaşyklarynyň täsirinde täze islegler ýa-da öňden bar bolan isleglerиň has mazmunly görnüşleri döreýär. Täze dörän ýa-da mazmun-gurluş taýdan baýlaşan islegler bolsa, öz gezeginde işiň ýokary maksatdyr motiwli görnüşiniň döremegini şertlendirýär we ş. m.

**Işiň esasy tiplerini guramak çaganyň şahsyýetiniň kemala gelşine maksada gönükdirilmeli täsir etmegiň serişdesi hökmünde.** Mekdep ýaşly okuwçylar işiň we töweregindäkiler bilen aragatnaşygyň köpugurly, köpmazmunly tiplerine gatnaşýarlar. Ýöne çaganyň real durmuşy işiň we deň-duşlar, ulular bilen aragatnaşygynyň diňe aýry-aýry görnüşleriniň sanawyndan has baý bolýar we olaryň dürli ýaş tapgyrlarynda dürli-dürli bolan ulgamlaryny döredýär. Bu ulgamlaryň her biri dürli işdir gatnaşyklaryň diňe takyk bir düzümi boýunça däl-de, çaganyň şu ýaş tapgyrynda beýleki adamlara, tutuş barlyga gatnaşygy üçin aýgytlaýjy esasy işiniň bolmagy bilen häsiýetlendirilýär.

Esasy iş kesgitli sypatlary özünde jemleýär. Bu işiň formasynda we onuň içinde işiň täze görnüşleri aýry-başgalanýar (meselem, okamak oýun işinde döreýär); esasy işde bölekleýin psihiki hadysalar kemala gelýär ýa-da özgerýär (oýunda hyýal, okamakda sowa (abstrakt) pikirlenme kemala gelýär ýa-da mazmun-forma jähtden özgerýär); çaganyň ösüşiniň her bir döwründäki esasy psihologik özgermeler bu işe bagly bolýar (meselem, mekdebe çenli ýaşly çaga oýunda esasy jemgyýetçilik funksiýalary we adamlaryň özüni alyp baryş kadalaryny özleşdirýär).

Esasy işiň ösüşi çaganyň şahsyýetiniň ösüşiniň şu tapgyrynda psihiki hadysalarda we psihologik aýratynlyklarynda aýgytlaýjy özgermeleri döredýär. Şonuň üçin esasy işiň ýörite guralmagy, çaganyň şahsyýetine gönükdirilmeli täsir etmegiň, onda şu işiň gidişinde isleglериň, motiwleriň we maksatlaryň talap edilýän iýerarhiýasyny (özara tabynlygyny) kemala getirmegiň esasy şerti hökmünde çykyş edýär.

Işiň dürli ýaş tapgyrlarynda başga-başga funksiýalary we dürli terbiýe ähmiýeti bolan esasy tipleriniň kanunalaýyk çalyşmasyny

öwrenmeklik, psihologlara häzirki zaman çagasynyň psihiki ösüşini döwürleşdirmäge mümkinçilik berdi. Şeýle döwürleşdirme çagany terbiýlemegiň bitewi prosesiniň psihologik esasy bolup hyzmat edýär. Şu mynasybetli çaganyň işini we aragatnaşygyny öwrenmegiň esasynda, bir tarapdan, işiň dinamikasyny, onuň esasy tipleriniň çalyşmasyny ýüze çykarmaga mümkinçilik döredi; ikinji tarapdan bolsa, daşdan guralan işiň motiwleriniň degişli iýerarhik baglanyşyklarynyň kemala getirilişine, maksadyň emele geliş prosesiniň ösüşine täsiriniň mehanizmlerini we ýollaryny gönükdirilmeli agtarmaga mümkinçilik döredi. Şahsyýeti maksadalaýyk kemala getirmek üçin işiň her bir esasy tipini özgertmegiň, gaýtadan guramagyň ýollaryny kesgitlemek wezipesi real ýumşa öwrüldi.

Çagalygyň döwürlerini häsiýetlendirýän esasy işiň tipleriniň we degişli psihologik täzeden döremeleriň nusgalary häzirki döwürde bellibir derejede anyklanylandyr. Meselem, mekdebe çenli ýaş döwründe esasy iş oýundyr. Oýun, birinjiden, çaganyň ulularyň durmuşynyň umumy, binýady häsiýetlerine, olaryň sosial funksiýalaryna we gatnaşyklaryna oriýentirlenmegi – ugrukmasy ýüze çykýan işdir. Ikinjiden, oýun işiniň esasynda çagada hyýal we simwoliki funksiýa kemala gelýär.

Kiçi mekdep ýaş döwründe okuw esasy işe öwrülýär. Okuw işi bilimleriň degişli ugurlarynda ylmy düşünjeleri özleşdirmek bilen bagly bolup, onda çagalarda barlygy nazary formada şöhlelendirmeklige ugrukmanyň esaslary kemala gelýär. Okuw işi maksadalaýyk kemala getirilende alty-ýedi ýaşly çagalarda psihiki hadysalaryň erkliligi, hereketiň içki – psihiki jähti we öz hususy hereketleriňi gidýän wagtynda aňlamak – refleksiýa aňyň möhüm aýratynlyklary hökmünde döreýär.

Ýetginjeklik ýaşyna geçilende esasy işiň tipi ýene-de özgerýär. Okuw işi özüniň derwaýyslygyny we ähmiýetini saklap, öz psihologik rolunda ýetginjegiň toplumlaýyn jemgyýete peýdaly işiniň diňe bölekleýin görnüşiniň biri görnüşinde ýüze çykýar. Bu döwürde işiň esasy tipi – özüniň ähli görnüşlerindäki ýaýraň jemgyýete peýdaly iş bolýar. Onuň görnüşleri okuw, zähmet, jemgyýetçilik –guramaçylyk, çeperçilik, sport işleridir. Işiň bu görnüşleri kiçi mekdep ýaşynda hem bar bolup, ýöne onda ýeterlik ýaýraňlykda we ulgamlaýynlykda bolmaýar. Ýetginjeklik ýaşynda çaga hökmany ýagdaýda işiň okuw,

zähmet, jemgyýetçilik – guramaçylyk, çeperçilik, sport we beýleki görnüşleri bilen meşgul bolmaly bolýar.

Onuň bu işleriň birinden beýlekisine erkin geçmäge mümkinçiligi bolýar (elbetde, mekdep durmuşynyň degişli guralyşynda, bellibir meýilnama boýunça). Günüň tertibi, okuw we okuwdan daşgary sapaklaryň bölünişi, zähmet, sungat, sport we jemgyýetçilik işi bilen meşgullanmak ş. m. işleriň ählisiniň aýratyn guralyşy bolýar.

Jemgyýete peýdaly iş ýetginjeklik ýaşynyň esasy psihologik aýratynlyklaryna laýykdyr: çagalaryň aragatnaşygyň dürli görnüşleriniň başarnygyny ele almagy, ony dürli durmuş ýagdaýlarynda we işiň görnüşlerinde döreýän ýumuşlara laýyklykda guramagy we amal etmegi başarmak. Ýetginjeklerde aragatnaşygyň ösen ulgamyny gurmak, olarda beýleki adamlara, gurşawa aňly gatnaşygy kemala getirmegiň esasy bolup hyzmat edýär. Aragatnaşygyň ösen ulgamy ýetginjegiň aňly-düşünjeliliginiň kemala gelýän giňişligidir.

Okuw işiniň aýratyn bir görnüşi uly mekdep ýaşlynyň esasy işi bolýar. Bu iş, bir tarapdan, derňewiň elementlerini özünde jemleýän bolsa, ikinji bir tarapdan, hünäre ugrukma gönükdirilmesini alýar. Bu ýaşyň möhüm psihologik täzeligi okuwçynyň öz hususy durmuş meýilnamalaryny döretmegi, olary amal etmegiň serişdelerini agtarmagy, ahlak ideallaryny esaslandyrmak başarnygy bolup, bu bolsa öz-özüňi aňlaýşyň ösüşine şaýatlyk edýär.

Döreýişleriň bu umumy durkunda çaganyň psihikasynyň ösüşiniň özboluşly kanunalaýyklyklary bolýar. Umuman, işiň esasy tipleriniň ählisi iki topara bölünýär. Birinji topara çagalaryň adamlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň wezipelerini, motiwlerini we kadalaryny özleşdirýän esasy işleri degişlidir. Bu işler takyk mazmuny boýunça tapawutlanýan-da bolsa, olar özüniň esasy mazmunynda mekdebe çenli ýaşlylaryň we ýetginjekleriň adamyň işiniň, ýaşaýşynyň umumy manysyna yzygider çuňlaşmagynyň görnüşleri, formalarydyr. Bu ýerde çagalaryň, esasan, isleg-motiwasiýa ulgamy ösýär. Ikinji topara maddy we ruhy medeniýetiň obýektleri bilen edilýän hereketleriň jemgyýetçilik döredilen usullaryny özleşdirmek boýunça guralýan işler girýär. Bu ýerde okuwçylaryň, esasan, intellektual, akyl ýetiriş ukyplary, operasional-tehniki mümkinçilikleri kemala gelýär. Şeýlelikde, islegleriň we işiň motiwleriniň işjeň ösýän döwürleri akyl ýe-

tiriş ukyplarynyň depginli ösýän döwürleri bilen kanunalaýyklykda çalyşýar.

Çaganyň psihiki ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny, işiň esasy tipleriniň aýratynlyklaryny, olaryň okuwçynyň işiniň beýleki görnüşleri bilen arabaglanyşygyny nazarlamak, terbiýe prosesini düýpli kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Işjeň, özbaşdak, ýokary intellektual we döredijilik mümkinçilikleri bolan şahsyýeti kemala getirmeklige gönükdirilme almak, pedagog-terbiýeçiniň öňünde okuw-terbiýeçilik işiniň mazmunyny we guralyş usullaryny psihologiýada alnan maglumatlaryň esasynda guramak wezipesini goýýar. Işiň esasy tipini ýörite guramak çaganyň şahsyýetine maksada gönükdirilmeli täsir etmegiň, bu işiň prosesinde onda islegleriň we motiwleriň talap edilýän iýerarhiýasyny (özara tabynlygyny) kemala getirmegiň esasy şerti hökmünde çykyş edýär. Bir ýaş döwründen beýleki, has uly döwre geçilende, çagalaryň biri-birleri bilen we çagalaryň ulular bilen gatnaşyklarynyň ulgamy hem-de umumy ýagdaýy özgermelidir. Bitewi gurluş hökmünde mekdep okadylyşynyň guralyş formalary we usullary, okuwçylaryň hukuk we borçlarynyň häsiýetleri hem-de mugallymlaryň we çagalaryň gatnaşyklary boýunça aýyl-saýyl zwenolara bölünmelidir. Ähli zwenolarda okatmagyň we terbiýäniň mazmunynyň birliginde, her bir zweno okuwçylaryň intellektual we sosial kämilliginiň aýdyň göze ilýän derejesi bolmalydyr: terbiýeçilik we okuw işiniň esasy elementlerinde, zähmetiň jemgyýetçilik formalarynda, kollektiwleriň özbaşdak guralyş formalarynda, öz-özüňi dolandyryşyň häsiýetinde we okuwçylaryň mekdebiň jemgyýetçilik işleriniň meýilleşdirilişine gatnaşdyrylmagynda, hatda eşiginde we ş. m.

Guramaçylykly terbiýe prosesiniň netijesinde ösýän adamda mundan beýläkki işjeň önümçilik we raýat işi üçin zerur bolan we onuň dünýägaraýşynyň we ahlaklygynyň psihologik esasyny düzýän birnäçe sypatlar döreýär we berkeýär. Bu sypatlar degişli isleglerde we ukyplarda, ilkinji nobatda, çaganyň zähmete bolan isleginde we ukybynda ýüze çykýar. Bu hatarda, ösen ahlak kadalarynyň we ideallarynyň esasynda kollektiwde aragatnaşygy guramak islegi we ukyby, durmuş meselelerini pähimli we başarjaň çözmek islegi we ukyby we ş. m. bolýar. Öň bellenilişi ýaly, isleg diňe işde amal edilýär. Şonuň

üçin terbiýäniň maksada gönükdirilmeli guralyş ulgamy işiň esasy tiplerini şahsyýetiň kemala gelşine has netijeli täsir edýän görnüşde guramaklygy talap edýär.

Her bir ýaş döwrüne bellibir esasy işiň mahsus bolýanlygy, işiň beýleki görnüşleriniň ýoklugyny aňlatmaýar. Meselem, mekdebe çenli ýaşlynyň esasy işi oýun bolsa-da, onda zähmetiň elementleri we okuwyň elementleri hem bolýar. Ýöne, zähmet, okuw däl-de, esasan, oýun mekdebe çenli ýaş döwründe psihologik täzelikleriň tipini kesgitleýär. Şol bir wagtda, oýun işi mekdep ýaşlarynda hem bolsa-da, ol indi esasy iş däldir. Şeýlelikde, esasy, baş işi ýüze çykarmak bilen psihologlar çaganyň köptaraplaýyn işiniň beýleki görnüşleriniň ähmiýetini we roluny asla inkär etmeýär. Çagany köptaraplaýyn işe çekmek bilen çagalygyň ol ýa-da beýleki döwürlerine häsiýetli bolan, psihiki ösüşiň derejesine, her bir ýaşyň täzeliklerine jogap berýän işiň esasy tiplerini ulanmak zerurdyr. Bu täzelikler yzygider berkidilmeli, ösdürilmelidir.

**Okuwçylaryň jemgyýete ähmiýetli işiniň psihologik jäheti, şahsyýeti kemala getirmegiň netijeli şerti we serişdesi hökmünde.** Her bir ýaş döwrüne häsiýetli esasy işi kemala getirmek näçe möhüm bolsa-da, okuwçynyň jemgyýete peýdaly işini guramak aýratyn ähmiýete eýedir. Ol ösýän adamyň şahsyýetini kemala getirmegiň şert we serişdesidir. Hut şeýle işde şahsyýetiň motiwasiýa-isleg ulgamyny we ahlak gönükdirilmesini kemala getirmegiň möhüm mehanizmleri ýaýraň görnüşde ýüze çykýar.

Bu işiň ady eýýäm onuň predmetini we jemgyýete peýdaly bolan motiwini görkezýär. Peýda bu ýerde dar manyda, ýöne ulanmaga gatnaşyk görnüşinde däl-de, beýleki adamlar barada alada, diňe «golaýdakylar» däl-de, «alysdakylara», tutuş jemgyýete gönükdirilen görnüşde düşünilmelidir.

Jemgyýete peýdaly işiň maksady diňe maddy baýlygy döretmek däl-de, adamlaryň aragatnaşygyny «öndürmek», adamlaryň özüni alyp barşynyň ahlak hereketlendirijilerini ösdürmek, hertaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmekdir. Ýurduň, döwletiň özbaşdaklygynyň, garaşsyzlygynyň alynmagy jemgyýete peýdaly zähmeti jemgyýetiň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň aýrylmaz düzüjisine öwürýär. Garaşsyz jemgyýetiň düzgünleri adamyň jemgyýet üçin näme edýän-

digini we nähili edýändigini şahsyýeti bahalandyrmagyň esasy kriterisine, şertine öwürýär. Bu düzgün garaşsyz jemgyýetde onuň agzalarynyň psihologiýasynyň özgermegi, zähmete täze gatnaşygyň döremegi bilen baglydyr. Hut şunuň ýaly jemgyýete peýdaly zähmet oňa gatnaşýanlarda işiň täze motiwlerini we maksatlaryny kemala getirmegiň şertidir. Adamyň nämäniň bähbidine zähmet çekýändiginde düýpli aýry-başgalyk bardyr. K. Marks: «Haçanda, adam diňe özi üçin zähmet çekýän bolsa, ol meşhur alym, beýik akyldar, zehinli şahyr bolup biler; ýöne ol hiç wagt hakyky kämil we beýik adam bolup bilmez» diýip ýazýar.*

Okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işiniň möhüm sypaty, özboluşlylygy onuň çagalaryň giň özara gatnaşyklaryny döredip, olary aragatnaşygyň dürli görnüşlerine (şol sanda ulular dünýäsi bilen) çykarýanlygyndadyr. Bu ulgamda işiň bahalandrylyş normalary-kadalary döredilýär. Jemgyýete peýdaly işiň mazmuny we formasy onuň gatnaşyjylarynyň şahsy we jemgyýetçilik zähmetiniň birligine düşünmegine getirýär. Bu işiň gidişinde okuwçynyň öňünde zähmetiň bähbit aralmaýan tarapy açylýar, oňa jemgyýetçilik baha berilýär. Bu bolsa çagalarda islendik jemgyýete zerur zähmete gatnaşmak ymtylmasynyň kemala gelmegine ýardam edýär.

Jemgyýete peýdaly iş şahsyýetiň ahlak sypatlarynyň işjeň ösmeginiň möhüm şerti, jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň tejribesini toplamagyň çeşmesidir. Şol bir wagtda bu işiň gidişinde berkleşýän ahlak sypatlary jemgyýete peýdaly işiň ýaýbaňlanmagyny üpjün edýär. Işiň ulgamynda aragatnaşygyň dürli görnüşleri döreýär we okuwçy olary özleşdirýär. Şeýle özara baglanyşykly proses çagalar kollektiwiniň döreýşini we ösüşini üpjün edýär, kollektiwiň, jemgyýetiň işi üçin çagalaryň jogapkärçiligini döredýär. Jemgyýete peýdaly işiň gidişinde çaga diňe öz bähbidiňe gönükdirilmede ýaşamagyň ýerliksizdigini, köpüň aladasynda bolmagyň hem özünde hem-de gurşawdakylarda kanagatlanma döredýändigini aňlaýar.

Adamda beýik jemgyýetçilik maksatlara gönükdirilmäni, ideýa ynançlylygy, zähmete döredijilikli gatnaşygy terbiýelemek çagalaryň

* *Маркс К.* Размышления юноши при выборе профессии. // Маркс К., Энгельс Ф. Из ранних произведений. – М.,1956, с. 5.

jemgyýete peýdaly işini esaslandyrmak boýunça ýörite pedagogik işi guramaklygy nazarlaýar.

Okuwçylarda jemgyýete peýdaly zähmete, islendik zerur bitirmelere işjeň gatnaşmaga ymtylmalary kemala getirmegiň aýratyn ähmiýeti jemgyýetimiziň binýady häzirki zaman ýaşlary bolup durýan öndüriji güýçleriň ösdürilmegine bildirýän esasy talaplary bilen baglydyr. Bu iş garaşsyz ýurdumyzda jemgyýetçilik gatnaşyklaryna aňly-düşünjeli gatnaşyjynyň şahsyýetini kemala getirmegiň möhüm serişdesidir.

Jemgyýete peýdaly iş, işiň aýratyn görnüşidir. Ony ýerine ýetirmegiň netijesinde çaganyň psihikasynda hil taýdan özgermeler ýüze çykýar.

Jemgyýete peýdaly işiň ösüş ýoly aýratyndyr. Çaganyň ýaşyna baglylykda onuň häsiýeti, möçberi, roly we çagalaryň şahsyýetiniň kemala gelşine täsiriniň derejesi özgerýär.

Jemgyýete peýdaly işe goşmaklyga taýýarlyk eýýäm mekdebe çenli çagalykda kemala gelýär, haçanda çaganyň hatda ýönekeý zähmet işiniň ýörite guralmagy, onuň jemgyýete peýdaly gönükdirilmesi «men özüm üçin» häsiýetli gatnaşygy «meniň özüm hemmeler bilen, hemmeler üçin» görnüşindäki gatnaşyga öwürýär. Kiçi mekdep ýaşlyda jemgyýete peýdaly iş hökmany we jemgyýet tarapyndan bahalandyrylýan okuw işiniň prosesinde hem-de dürli görnüşdäki şeflik işinde, çeper döredijilikde, durmuş zähmetinde we ş. m. ösýär. Öz ýoldaşlary we ulular bilen gatnaşyklary guramaga, sosial barlygyň dürli taraplary bilen tanyşmaga ymtylýan ýetginjeklik ýaşynda jemgyýete peýdaly işiň has ösen derejesini kemala getirmäge şertler döreýär. Jemgyýete peýdaly iş çaga üçin «ösüşiň golaý zolagyny» açyp, şol bir wagtda bu ösüşiň şerti bolýandygy sebäpli ýetginjeklik ýaşynda işiň esasy tipine öwrülýär. Ol ýetginjegi jemgyýet bilen hil taýdan täze gatnaşyklara goşýar, çaganyň jemgyýetçilik mazmunyny döredýär.

Okuwçynyň jemgyýete peýdaly işi «çaga – uly adam» ulgamynda amala aşyrylýar we ösýän şahsyýetiň adamyň işiniň wezipelerine we motiwlerine oriýentirlenmeginiň görnüşi bolýar.

Pedagogik edebiýatda jemgyýete peýdaly işiň gurluşyny kesgitlemäge köp synanyşyklar edildi. Işiň psihologik seljermesi onuň

18. Sargyt № 820

düzüminde aşakdaky birlikleri tapawutlandyrýar: 1) bellibir islege laýyk motiw bilen meýillendirilýän aýratyn iş; 2) aňlanylan maksat bilen gönükdirilýän hereket; 3) hereketiň amala aşyrylyş şertleri bilen baglanyşdyrylýan operasiýalar. Okuwçynyň jemgyýete peýdaly işi çagalary bu işiň jemgyýetdäki ýokary görnüşlerine taýýarlamagyň serişdesi we şertidir. Çagalary terbiýelemek ulgamynyň psihologik-pedagogik hadysasy hökmünde ol has doly ösüşe ýetginjeklik ýaşynda eýe bolup, şahsyýetiň psihiki proseslerini we häsiýetlerini kemala getirmek üçin oňaýly şertler döredýär. Şonuň üçin bu ýörite guralýan işiň özboluşlylygyny hut ýetginjeklik ýaşa degişlilikde esaslandyrmak maksadalaýykdyr.

Ýetginjegiň jemgyýete peýdaly işinde birnäçe düzüm bölekleri ýüze çykarmak mümkindir.

1. Aragatnaşygyň situasiýasy (ýagdaýy) özüňi jemgyýete birleşdirme hökmünde (hut şunuň özi ýetginjegiň işiniň ähli görnüşlerine – zähmet, çeper, okuw, sport, guramaçylyk we ş. m. jemgyýete peýdaly häsiýet berýär); şeýle birleşme zähmetiň jemgyýetçilik ähmiýetini aňlamak, beýleki adamlaryň öňünde jogapkärligiňi duýmak, olaryň ykrar etmegine ymtylmak, has giň aragatnaşyga çykmak üçin özüňi görkezmek bilen bagly motiwler boýunça meýillendirilýän işiň kollektiwleýin görnüşlerinde has işjeň gidýär.

2. Diňe şu kollektiwiň däl, eýsem has giň manyda düşünilýän jemgyýetiň peýdasyna gönükdirilen jemgyýet ähmiýetli hereketler; bu hereketleriň mazmuny, olaryň möhüm jemgyýetçilik maksatlary we jemgyýetçilik bahalandyrylyşy çagada «men jemgyýet üçin» formulada aňladylýan gatnaşyklary ösdürýär. Beýleki adamlaryň hoşniýetliginiň haýryna bitirilýän jemgyýete bähbitli işleriň üsti bilen çagada özüňi jemgyýetde aňlamak, däl-de, özüňi jemgyýet üçin aňlamaklyk terbiýelenýär.

3. Işiň terbiýeçilik mümkinçiliklerini amala aşyrýan we çagalaryň giň gatnaşyklaryny üpjün edýän jemgyýete peýdaly işi çagalar kollektiwiniň şertlerinde ýerine ýetirmek.

Jemgyýete peýdaly işde, aýratyn-da, ýetginjegiň jemgyýetiň agzasy hökmündäki ösüşe ýykgynlygy ýüze çykýandygy üçin bu iş ýetginjeklik eýýamyna ýokary derejede mahsusdyr. Üstesine-de, jemgyýete peýdaly işiň ideýa manysy «ösüşiň golaý zolagy» bilen bagly-

dyr; bu iş çagalaryň uly möçberlere, jemgyýete gönükdirilýän esasy isleglerini kanagatlandyrýar.

Öň bellenilişi ýaly, gürrüň ýetginjek-okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işiň dürli görnüşlerine özakymlaýyn (stihiýalaýyn) gatnaşmagy barada däl-de, bu işiň ulgamyny ýörite guramak baradadyr; şeýle ulgamlaýynlyk ony (mazmuny we amal ediliş usuly boýunça) döredijilikli, özbaşdak işe, adamyň zähmetiniň ählumumy görnüşi bolan ruhy önümçilige öwürýär. Şeýle ýörite guralýan iş diňe jemgyýete däl, şahsyýetiň kemala gelmegi üçin peýdalydyr.

Psihologlaryň derňewleriniň görkezişine görä, şeýle işi guramaklyk jemgyýetçilik bahalandyrylyşy bolan takyk ýumuşlaryň üsti bilen okuwçyny giň jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ulgamyna has doly girizmäge mümkinçilik berýär. Okuwçylaryň öňünde iki-üç adam bilen däl-de, jemgyýet bilen aragatnaşykda bolmak mümkinçiligi açylýar. Işde çaganyň döredijilik mümkinçilikleri synagdan geçýär. Şonuň üçin jemgyýete peýdaly işi guramagyň wezipesi okuwçyny dürli çylşyrymlylykda, dürli ähmiýeti bolan işiň dürli görnüşlerine yzygider goşmakda çäklenmeýär; esasy zat, jemgyýetçilik işi guramagyň aýratynlyklaryna, maksatlaryna, wezipelerine we düzgünlerine düşünmegi kemala getirmek, oňa bolan gatnaşygy, ondaky gatnaşyklary terbiýelemekdir. Çagalaryň jemgyýete peýdaly işe dürli ýaş tapgyrlarynda dürli gatnaşygy nazarlanylmalydyr.

Kiçi mekdep ýaşly çagalarda jemgyýete peýdaly işleriň ählisine oňyn gatnaşyk bolýar. Ýetginjeklik ýaşynyň dowamynda gatnaşyklaryň kem-kemden has saýlanylma häsiýete eýe bolýan tapawutlandyrylmasy gidýär. Uly ýetginjekde maksady synp, hatda mekdep kollektiwiniň çäginden daşa çykýan jemgyýet ähmiýetli işlere oňyn gatnaşygy agdyklyk edýär.

Çagalaryň we ulularyň özara gatnaşyklar ulgamyny hil taýdan özgertmegi nazarlaýan giň jemgyýete peýdaly işi maksadalaýyk guramaklyk, terbiýeçilik täsiriniň giň mümkinçiliklerini üpjün edýär, çaganyň jemgyýet ähmiýetli işlere oňyn gatnaşygyny kemala getirýär, çagalara entek mekdep okuwy ýyllarynda jemgyýete peýdaly agzalaryň ornuny eýelemäge mümkinçilik berýär.

Jemgyýete peýdaly iş okuwçylaryň ulularyň arasynda döreýän gatnaşyklary özleşdirmeginiň görnüşidir. Bu işe goşulmaklyk ösýän

şahsyýetiň ulular tarapyndan özüniň kämilliginiň, ekabyrlygynyň, deňliginiň ykrar edilmegine bolan islegini kanagatlandyrýar. Okuwçy ornunda, ulularyň eklenjinde bolýan çaga jemgyýet ähmiýetli we jemgyýet tarapyndan bahalandyrylýan işe gatnaşmakda özüni jemgyýetiň agzasy hökmünde duýýar.

Ýörite guralýan jemgyýete peýdaly işiň psihologik ähmiýeti okuwçynyň, has takygy ýetginjegiň bu işe gatnaşyp, jemgyýetiň işlerine hakyky goşulmagy, jemgyýetde bellibir orun eýelemegi, özüniň täze sosial pozisiýasyny ykrar etdirmegi bilen baglydyr. Jemgyýete peýdaly işe goşulmakda çagalar öz ähmiýetine, jemgyýete peýdalylygyna anyk göz ýetirýär; jemgyýet bolsa olary özüniň ähli beýleki adamlara deň, hakyky agzalary hökmünde, uly parametrde bahalandyrýar. Şol bir wagtda, iş prosesinde döreýän täze gatnaşyklar okuwçylaryň özüni alyp barşyna, şahsyýetiniň sypatlaryna ýokary talaplary bildirmek bilen olara saldamly borçlary ýükleýär.

Şeýlelikde, ýörite guralýan jemgyýete peýdaly iş özboluşly iş bolup, onuň üsti bilen çaganyň jemgyýetde, ulularyň we deň-duşlarynyň arasyndaky orny kesgitlenilýär, bu onuň sosial ornuny kemala getirmek boýunça işdir. Jemgyýete peýdaly işiň mazmuny çagalaryň aragatnaşygynyň has täsirli görnüşlerini, olaryň ulularyň jemgyýetinde bolýan gatnaşyklaryny modelirlemek (nusgalaşdyrmak) mümkinçiligini, jemgyýet tarapyndan bu işe gatnaşygy, işiň ähmiýetiniň ykrar edilmegini döretmek bilen çaganyň şahsyýetiniň işjeň kemala gelmegini üpjün edýär.

Okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işiniň dürli görnüşleriniň aýratyn terbiýeçilik ähmiýeti bolup, şahsyýetiň ol ýa-da beýleki ahlak sypatlarynyň kemala gelşine dürli täsir edýär. Bu işleriň ählisiniň maksatlary bitewi bolsa-da, olaryň jemgyýetçilik potensialy tapawutly, jemgyýetiň olary bahalandyryşy-da birmeňzeş däldir. Jemgyýete peýdaly işleriň dürli görnüşleriniň diňe bitewi ulgamdaky utgaşmasy, özara täsiri çagalaryň isleglerini ýeterlik derejede kanagatlandyrýan özara gatnaşyklary, özara garaşlylyklary döredýär we olaryň şahsyýetiniň kemala gelmegine täsir edýär.

Okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işiniň bitewi ulgamyny döretmek birnäçe möhüm düzgünleriň berjaý edilmegini talap edýär.

Ilkinji nobatda, jemgyýete peýdaly işiň hil häsiýetli önüminiň bu işi bitirmek başarnygy bilen däl-de, jemgyýetçilik bahalandyrylyşy bilen baglanyşygynyň bolmagy zerurdyr. Işjeň okuwçylaryň ýa-da hatda okuwçylar köpçüliginiň-de bu işe goşulmagynyň diňe özi däl-de, jemgyýetçilik işleriniň ulgamyna ähli okuwçylaryň, esasan-da, ýetginjekleriň ählumumy we hemişelik goşulmagy möhümdir. Şeýle goşulyşyň maksada gönükdirilenligi: 1) jemgyýete peýdaly işleriň ähli görnüşlerine çuňňur jemgyýetçilik-aňyýet häsiýetini berýär; bu okuwçylarda jemgyýetiň öňündäki jogapkärçiligi we borjy aňlamagy kemala getirýär; 2) okuwçylary işiň gyzykly hem-de gyzyksyz görnüşlerine, ýöne jemgyýete peýdaly işiň zerur görnüşine ählumumy çekmekligi göz öňünde tutýar.

Jemgyýete peýdaly işiň ulgamlaýyn häsiýeti işleriň meýilleşdirilenligini, perspektiwaly üstýetirijiligini, jemgyýet üçin möhüm, elýeter we pedagogik maksadalaýyk obýektleriň oýlanyşykly saýlawyny, işiň tertibiniň pähimli guralyşyny we ş. m. aňladýar.

Jemgyýete peýdaly işiň dürli görnüşleriniň giňden guralyşy çagalary ähli işleriň özbaşdak dolandyrylyşyna, meýilleşdirilişine, taýýarlanylyşyna, hasaba alnyşyna we amala aşyrylyşyna gözegçilige çekmegi nazarlaýar.

Çagalaryň jemgyýet ähmiýetli işleriň ulgamyna goşulmagynyň birinji tapgyrynda höweslendirmek düzgüni aýratyn ähmiýetlidir. Jemgyýetçilik işiniň aýry-aýry görnüşlerinde höweslendirme guramaçylygyň çagalaryň hut özleriniň başlangyçlaryny, döredijiligini talap edýän dürli tärleri arkaly gazanylýar. Bu haçanda okuwçylar özleriniň bitirýän işleriniň uly jemgyýetçilik ähmiýetini, olaryň ählihalk işi bilen baglanyşygyna düşünende mümkin bolýar. Iş bilen höweslendirilen okuwçylar kollektiwleýin aladalaryň toplumyna çekilýär, bu bolsa olara kollektiwde öz ornuny tapmaga, daşyndakylaryň hormatyny gazanmaga, özüniň hukuklarynyň we potensial mümkinçilikleriniň ykrar edilmegine bolan islegini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär. Işlerdäki we çaganyň özüni alyp barşyndaky oňyn pursatlaryň depginini «ýokarlandyrmak» möhüm ähmiýetli bolup, öz gezeginde özüňi alyp barşyň oňyn däl pursatlarynyň «öçmeginiň» depgini-de şoňa bagly bolýar. Oňyn tejribe gyzykly işleriň we aladalaryň üznüksiz çylşyrymlaşdyrylmagynda, bu işlere ähli çagalaryň gatnaş-

dyrylmagynda we olara hakyky ynamyň we hormatyň bolmagynda ösýär. Okuwçylary jemgyýete peýdaly işiň ulgamyna işjeň depginde goşmaklyk hemmeleriň mobilizlenmegini, jogapkärçiligi we ýokary göterilişi döredýär. Çylşyrymly, dürli görnüşli işiň oýlanyşykly depgini we ritmi çagany döredilen ulgama işjeň goşýar we ýetginjekler uzak bolmadyk möhletde (7-10 aý) eýýäm köptaraplaýyn, depginli iş bolmasa oňup bilmeýärler. Okuwçy gyzykly işleriň we aladalaryň köplüginiň erkin saýlawa mümkinçilik berilýändigi üçin ol işiň dartgynly depgininiň ýörite döredilendigini aňlamaýar. Öň kemala gelen gatnaşyklaryň togtamagy we hil taýdan täze gatnaşyklaryň kemala gelmegi okuwçyny jemgyýete peýdaly işiň ýörite guralan ulgamyna goşmakda ýüze çykýar. Bu çagalarda bilniksiz ýagdaýda amala aşýar we olar gatnaşyklardaky özgermeleri subýektiw jähetde isleg hökmünde kabul edýär.

Ýörite guralýan jemgyýete peýdaly iş özara garaşlylyk we jogapkärçilik gatnaşyklarynyň döredilmegini we ýaýbaňlanmagyny üpjün edýär. Haçanda jemgyýete peýdaly iş özbaşdak ýerine ýetirilýän häsiýete eýe bolanda, haçanda çagalarda ýerine ýetiriji hökmünde däl-de, jogapkär işgär hökmünde içki pozisiýa kemala gelende ulgam güýçli depginde çylşyrymlaşýar; bu ýagdaýda işiň maksady her gatnaşyjynyň işiniň motiwine öwrülýär.

Jemgyýete peýdaly işiň giň görnüşini kemala getirmek şertleriniň hatarynda aşakdakylar aýratyn ähmiýete eýe bolýar: 1) dürli ýaşdaky çagalaryň umumy ýumşy ýerine ýetirmegi; 2) ony çözmegiň şahsy ähmiýetiniň bolmagy; 3) her bir çaganyň deňhukukly, başlangyçly – döredijilik pozisiýasynyň üpjün edilmegi; 4) bilelikdäki işiň üznüksizligini we çylşyrymlaşmagyny üpjün etmek arkaly onuň diňe bir çagalar kollektiwine däl, has giň gurşawa, tutuş jemgyýete ähmiýetli bolmagyny gazanmak; 5) bilelikdäki işi onuň jemgyýet ähmiýeti we degişli jemgyýetçilik bahalandyrylyşy öň orunda bolar ýaly nusgalaşdyrmak.

Psihologlaryň alan maglumatlarynyň görkezişine görä, jemgyýete peýdaly işiň maksada gönükdirilen ulgamy okuwçylaryň öz deň-duşlary we ulular bilen giňişleýin gatnaşyklaryny üpjün etmek bilen ösýän adamyň şahsyýetini işjeň kemala getirmäge şertler döredýär.

## VIII. 3. Çagalar kollektiwiniň psihologik aýratynlyklary we şahsyýetiň jemgyýet ähmiýetli sypatlaryny kemala getirmegiň şerti hökmünde

**Çagalar kollektiwi we onuň terbiýeçilik mümkinçilikleri.** Terbiýäniň esasy wezipesi diňe bir bar bolan tejribäni çagalaryň dürli derejelerine laýyk görnüşde geçirmek däl-de, ösüp gelýän nesli jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täze, has ýokary derejelerine gönükdirilmede taýýarlamakdyr. Çagalar kollektiwi adamyň bitewi şahsyýetini kemala getirmegiň möhüm şerti we serişdesi, terbiýäniň aňyýet, ahlak, zähmet, estetiki we beýleki taraplarynyň möhüm döredijisidir. Oňa umumy we özboluşly häsiýetde bolan sypatlar mahsusdyr.

Psihologik nukdaýnazardan kollektiwiň çaganyň jemgyýetçilik baglanyşyklarynyň kemala gelýän, onuň psihiki ösüşiniň amala aşýan jemgyýetçilik gurluş bolmagy möhümdir. Çaga kollektiwi islendik kollektiwe mahsus sosial gurşaw häsiýeti, terbiýäniň şerti we ş. m. alamatlary özünde jemleýän hem bolsa, biz bu kollektiwde eýýäm kemala gelen şahsyýetler bilen däl-de, kemala gelýän şahsyýetler bilen iş salyşýarys. Onuň aýratyn terbiýeçilik funksiýalary hut şu özboluşlylyk bilen şertlendirilýär.

Çagalar topara birleşdirende, olaryň gatnaşyklary guralanda maksatlaryň ulular tarapyndan nazarlanan gönükdirilme häsiýeti çaga kollektiwiniň özboluşly aýratynlygydyr. Ösýän adamlary birleşdirýän çaga kollektiwi bu babatda terbiýe funksiýasyny amala aşyrmagyň möhüm şerti we serişdesidir. Jemgyýetiň has işjeň we maksadagönükdirilmeli täsiriniň şerti bolýan çaga kollektiwiniň özi, düzümindäki agzalaryna degişlilikde terbiýeçilik funksiýany ýerine ýetirýär.

Çagalar kollektiwiniň guralyşynda ulularyň goýýan ýumuşlary bilen çagalaryň öz aragatnaşyndaky isleginiň utgaşmasy möhümdir. Çagalary jemgyýet ähmiýetli ýumuşlaryň çözülişine işjeň goşmak bilen kollektiw şahsyýetiň ösmegi üçin giň mümkinçilikleri açýan aragatnaşygyň köp görnüşleriniň ýaýbaňlanmagyny üpjün edýär. Bu ýagdaýda çagalaryň kollektiwi diňe daşky maksadalaýyk hökmünde kabul etmezligi psihologik jähtden örän wajypdyr. Kollektiwiň terbiýeçilik funksiýasy çagalaryň gözüniň öňünde onuň jemgyýete peý-

daly funksiýasyndan ikinji orna geçmelidir. Şeýle bolmasa onuň terbiýeçilik täsiri güýjüni ýitirýär.

Jemgyýetiň maddy we ruhy medeniýetini döretmek we saklamak bilen bagly amaly ýumuşlary çözýän ulularyň kollektiwinden tapawutlylykda, çaga kollektiwi real önümçilik gatnaşyklary bilen gös-göni iş salyşmaýar. Ýöne jemgyýetiň möhüm terbiýe wezipeleriniň biri bolan ösüp gelýän nesli geljegiň öndüriji güýji hökmünde taýýarlamakda hut çagalar kollektiwi çagalarda aragatnaşygyň esasy görnüşlerini we jemgyýetçilik zähmetine taýýarlygy kemala getirmäge mümkinçilik berýär.

Ulular tarapyndan guralýan çagalaryň birleşmesi bolýan çagalar kollektiwiniň sosial-psihologik aýratynlygy onuň jemgyýetiň häzirki görnüşine mahsus gatnaşyklary modelirlemäge – nusgalaşdyrmaga mümkinçilik berýänligidir. Şonuň üçin çagalaryň kollektiwiň içindäki özara gatnaşyklarynyň amalyýetiniň ähmiýeti olaryň şahsyýetini kemala getirmekde aýgytlaýjydyr.

Çaga kollektiwi jemgyýetde aýratyn sosial gurşaw bolup, onda çagalaryň ähli gatnaşyklary diňe bir kemala gelmän, eýsem ösýär we hil taýdan özgerýär. Terbiýäniň esasy wezipeleriniň biri bu gatnaşyklary dogry esaslandyrmak hem guramakdyr. Çaganyň aýratyn çeýeligi kollektiwiň oňa işjeň täsir etmegine mümkinçilik döredýär. Kollektiw okuwçynyň şahsyýetiniň durnukly ahlak sypatlaryny has işjeň maksada gönükdirilmeli kemala getirmek üçin şertdir. Çaganyň öňki nesilleriň tejribesini, toplan bilim-düşünjelerini özleşdirmegi özüniň geçiş şerti we mehanizmi boýunça indiwidual tejribäniň kemala gelşinden tapawutly özboluşly prosesdir. Bu proses çaganyň daşyndakylar bilen aragatnaşygynda, ulularyň ösýän adamy terbiýelemek, ony şahsyýet hökmünde kemala getirmek üçin döreden gatnaşyklarynda hereketlenýän işinde amala aşýar.

Çagalaryň ähli gatnaşyklary işleriň köpugurlaýyn ulgamynda kemala gelýär we bu ulgamda hem ýüze çykýar. Çagalar dürli birleşmelerde bilelikdäki işiň dürli görnüşlerine goşulýarlar. Ýöne bu birleşmeleriň çagalaryň özara gatnaşyklaryna psihologik täsir etmek mümkinçiligi birmeňzeş däldir.

Psihologlar we pedagoglar jemgyýet tarapyndan esaslandyrylan dürli guramaçylyk we ösüş derejesinde bolýan çaga toparlarynyň topar-assosiasiýa, topar-kooperasiýa görnüşlerini we çaga kollektiwi-

ni tapawutlandyrýarlar. Şahsyýeti terbiýelemek boýunça jemgyýetiň wezipelerini çagalaryň islendik tötänleýin toparlary ýerine ýetirip bilmeýär. Bu wezipäni diňe toparyň ösüşiniň iň ýokary derejesi bolan kemala getirilen, ösen çaga kollektiwi çözýär we bu kollektiw şol bir wagtda çagalaryň aragatnaşyga bolan islegini kanagatlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Ösen çaga kollektiwi diňe çaganyň psihikasynyň ösüşiniň bellibir ýaş tapgyrlarynda kemala gelýän işiň görnüşleriniň binýadynda zerur we mümkin bolýar. Ösen we hakyky çaga kollektiwine bilelikdäki işiň jemgyýetiň bähbidine gönükdirilen maksatlarynyň we sagdyn motiwleriniň birligi häsiýetli bolýar. Şeýle-de oňa ähli agzalaryň ýokary derejedäki erkin işi, kollektiwleýin özara gatnaşyklaryň ýokary derejesi we ýaýraňlygy mahsusdyr. Ösen kollektiwe çaganyň aragatnaşygynyň giň ulgamy, onuň beýleki adama serişde hökmünde däl-de, maksat hökmündäki aýratyn gatnaşygy häsiýetli bolýar. Şeýle kollektiwi kemala getirmeklik uzakwagtlaýyn proses bolup, ol işiň we çagalaryň gatnaşyklarynyň hil taýdan özgerdilmegine esaslanýar. I – II synp okuwçylarynyň arasyndaky gatnaşyklar adatça, çagalaryň kollektiwleýin işini guraýan, jemgyýetçilik tabşyryklaryny paýlaýan pedagoglar tarapyndan esaslandyrylýar. III – IV synpa golaý çagada ýoldaşlarynyň arasynda bellibir orun eýelemek islegi döreýär we şunuň bilen baglylykda, terbiýäniň şerti we serişdesi hökmünde çaga kollektiwiniň döreýşi ýüze çykýar. Ýetginjeklik ýaşyndaky çagalara özerkli işi, ýaýraň özara gatnaşyklary bolan kollektiwiň guralyşy häsiýetli bolýar. Munuň döreýşi bu döwre çenli çaganyň sosial pozisiýasynyň hil taýdan özgermegi, onuň beýleki adamlar bilen gatnaşygynyň üýtgemegi, gatnaşyklary dürli ýagdaýlara laýyklykda guramak we dolandyrmak başarnygynyň döremegi, öz hereketlerini beýleki adamlaryň pozisiýasyny nazarlamakda bahalandyrmak we gönükdirmek ukybynyň döremegi bilen baglydyr. 10 – 16 ýaşly okuwçynyň bu aýratynlyklary özüňi ykrar etdirmek islegi bilen birleşip, ony jemgyýete peýdaly işiň dürli görnüşleriniň içindäki köpsanly aragatnaşyga has duýgur edýär. Şeýle işiň amal edilmegi jemgyýet bilen gatnaşyklaryň hil jähtden täze ulgamyna goşulýan ýetginjegiň esasy psihologik aýratynlyklaryna laýyk gelýär. Kollektiwiň ösüşiniň psihologik şerti bolup hyzmat edýän ýetginjekleriň özlerini ykrar etdirmek hadysasy şu işiň içinde döreýär.

Görnüşi ýaly, ösen çaga kollektiwi öz-özünden döremeýär. Onuň döreýşi eýýäm kiçi mekdep ýaşynda başlanyp, köki bolsa has irki ýaşlara uzaýar.

Çaga kollektiwiniň ösüş derejesi çagalaryň özara gatnaşyklarynyň häsiýeti we ösüş derejesi bilen kesgitlenýär. Çagalaryň işiniň maksada gönükdirilmeli guralmagy olaryň özara gatnaşyklar ulgamynyň esasyny düzýär.

Okuwçy adatça, dürli görnüşdäki birmeňzeş ýaşly (meselem, okuw kollektiwi), dürli ýaşly (sport, çeper, jemgyýetçilik-guramaçylyk), hemişelik, wagtlaýyn we beýleki kollektiwleriň düzümine goşulýar. Terbiýeçilik işi dogry guralanda, çaganyň şahsyýet hökmünde kemala gelmegi üçin işiň jemgyýete peýdaly görnüşlerini guramak bilen meşgul bolýan jemgyýetçilik-guramaçylyk häsiýetli kollektiwleriň ähmiýeti uludyr. Bu kollektiwleriň ählisinde çaga beýleki çagalar we ulular bilen bellibir gatnaşyklara goşulýar, bellibir orun eýeleýär, öz şahsyýetini kemala getirýän we düzedýän bellibir talaplaryň ulgamynda bolýar.

Çaga kollektiwi okuwçylaryň ýaşaýyş-durmuşynyň esasy ulgamy bolýandygy üçin onuň guralyşynda aşakdaky talaplar nazarlanylmalydyr: çagalaryň kollektiwleýin işi birinjiden, özerkli iş häsiýetine eýe bolmalydyr, başgaça aýdylanda, çagalar üçin ýakymly bolan maksady her bir okuwçynyň işjeňligini ugrukdyrýan motiwlere öwrülmelidir. Ikinjiden, işiň guralyşy kollektiwiň her bir agzasyna döredijilikli, deňhukukly pozisiýany (orny) üpjün edip, bu pozisiýanyň ösüşi, özgermegi üçin mümkinçilik döretmelidir. Hemişe çylşyrymlaşýan bilelikdäki iş çagalaryň hereket edýän ilkinji kollektiwi üçin, soňra tutuş mekdep, etrap we ş. m. üçin amal edilmelidir. Üçünjiden, okuwçylaryň bilelikdäki işi her bir okuwçynyň hereketiniň netijesi umumy netijäni gazanmagyň zerur bölegi bolar ýaly görnüşde guralmalydyr. Kollektiwleýin işiň şeýle guralyşy çagalarda arkalaşyk, jogapkärçilik, ýoldaşyň ýardamyny syzmak duýgusyny, kömege mähetdelligi döredýär, jemgyýetçilik pikirini kemala getirýär.

Çaga kollektiwiniň terbiýeçilik mümkinçilikleri aşakdakylar boýunça kesgitlenýär: 1) çagalaryň işiniň mazmuny; 2) bitewülik hökmünde bu kollektiwiň näderejede işiň subýekti (ýerine ýetirijisi) bolýandygy we 3) iş prosesinde guralýan ähli gatnaşyklaryň ulgamy.

Kollektiwiň ähli agzalara aladaly gatnaşygy, her bir çaga oňaýly orny döredýän gurluşyny kemala getirmek aýratyn ähmiýetlidir.

Çaga kollektiwi terbiýäniň diňe bir obýekti däl-de, eýsem onuň subýektidir. Her bir çaga bu kollektiwiň agzasy bolup, okuwçynyň kollektiwleýin işiň maksatlaryny saýlamaga, olary amal etmäge, jemgyýetçilik pikiri döretmäge gatnaşmagy zerurdyr. Çaga kollektiwiniň şahsyýete terbiýeçilik täsiri çagany bellibir ýowuz talaplara mejbur edýän şahsyýete basyş etmegi boýunça däl-de, çagalary olaryň döredijilik işjeňliginiň, özbaşdaklygynyň hertaraplaýyn açylmagyna meýillendirmegi bilen kesgitlenýär. Özbaşdaklygyň, ugurtapyjylygyň, her bir çaganyň indiwiduallygynyň ösmegi üçin şert döretmeklik şahsyýetiň ahlak ulgamynyň baýlygyny açmagy, onuň ahlak-erk sypatlaryny kemala getirmegi üpjün edýär.

Islendik progressiw jemgyýetiň şahsyýetiniň jemleýji sypaty bolan kollektiwizmi kemala getirmeklik aýratyn möhüm pedagogik wezipedir.

**Jemgyýetçilik gönükdirilmeli kollektiw agzasyny kemala getirmek.** Çaga kollektiwinde şahsyýetiň kollektiwiň aladasyna gönükdirilen sypatlaryny kemala getirmek möhüm psihologik meseledir.

Kollektiwizm şahsyýetiň öz takyk işindäki wajyp gatnaşyklarynyň biri bolup, ol jemgyýet ähmiýetli işe döredijilikli gatnaşykdyr. Şeýle gatnaşyk diňe bir öz toparyň jemgyýetçilik işine däl-de, umuman, il bähbitli işe gönükdirilendir. Hut şeýle gatnaşykda umumy iş özi üçin islege öwrülen şahsyýet goruny – potensialyny ýüze çykarýar. Şeýle islegi ýapyk toparda, adaty işlere gatnaşykda kemala getirmek mümkin däldir, sebäbi şahsyýetiň hertaraplaýyn ösüşi jemgyýetiň giň maksatlaryna gönükdirilmesinde üpjün edilýär. Bu jemgyýetiň esasy düzüjisi bolsa kollektiwdir.

Derňewleriň görkezişine görä, çaganyň goşalaýyn ahlagynyň (öz kollektiwiniň içinde ýoldaşlyk, özara kömek, jogapkärçilik gatnaşyklaryny ýüze çykaryp, öz kollektiwinden daşarda, köplenç, bu sypatlary ýüze çykarmaýar) düýpli sebäpleriniň biri onuň isleg-maksadynyň, esasan, öz toparynyň çäginde galýandygy bilen bagly bolýar.

Synp kollektiwini kemala getirmek çagalarda öz kollektiwine we kollektiwiň içinde şahsyýetara gatnaşyklaryny döretmäge ýardam edýär. Ýöne hatda iş gatnaşyklary boýunça birek-birege garaşlylyk,

umumy jogapkärçilik öz-özünelikde kollektiwi düzýän aýry-aýry çagalaryň şahsyýetiniň kollektiwistik sypatlaryna barabar däldir. Kähalatlarda okuwçylar ýaryşa goşulyp, öz synpynyň (komandasynyň, toparynyň) her edip, hesip edip, hatda beýleki kollektiwleriň, kähalatda bolsa umumy işiň bähbidiniň gaýry tutulmagynyň hasabyna ýeňiş gazanmaga ymtylýarlar. Şeýle ýagdaý, haçanda, hakyky kollektiw entek kemala getirilmänkä, umumy iş üçin jogapkärçilik işjeň döredilmänkä, ýaryş birinji bolmaklyk motiwleri bilen meýillendirilýän wagtynda bolýar. Bu motiwler toparlaýyn egoizm häsiýetde bolýar we kollektiwizmiň kemala gelmegine ýardam etmeýär. Kollektiwizm «öz» kollektiwiňde çäklenýän işlere esaslanyp bilmeýär, sebäbi kollektiwist bolmaklyk diňe öz kollektiwiňe janköýer bolmakdan has giň hadysadyr. Kollektiwizmde esasy zat işe jemgyýetçilik ugrukma, umumy işe döredijilikli gatnaşykda bolmakdyr. Şonuň üçin kollektiwizmi diňe öz kollektiwiňe gatnaşyklarda terbiýeläp bolmaýar.

Şahsyýetiň hakyky kollektiwistik sypatlaryny kemala getirmek aýratyn bir kollektiwiň işlerinden we maksatlaryndan bellibir derejede sowulmagy, bu işdir maksatlaryň jemgyýeti döredýän kollektiwleriň has giň wezipeleri bilen baglanyşygyny aňlamagy nazarlaýar. Diňe şu ýolda okuwçylarda umumy iş üçin şahsy jogapkärçilik kemala gelýär. Şunuň bilen baglylykda, ýörite guralan jemgyýete peýdaly işiň binýadynda kollektiwara gatnaşyklaryň ulgamyny döretmek gaýragoýulmasyz ýumşa öwrülýär.

Çagalary hemişelik we wagtlaýyn kollektiw birleşmelerinde guralýan dürli işlere goşmaklyk uly ähmiýete eýedir. Şeýle birleşmeler köptaraplaýyn bitewi kollektiwi döredýär we okuwçylaryň şahsy höweslerine goşmaça gymmatlyk döretmek bilen, olary jemgyýet ähmiýetli ýumuşlaryň çözülişine ugrukdyrýar, çagalaryň dürli gatnaşyklarynyň ösüşini şertlendirýär. Meselem, kollektiwara baglanyşyklary berkitmekde wagtlaýyn birleşmeleri (ýeke galan garrylara, oba hojalyk işlerine kömek we ş. m. üçin döredilýän) maksada gönükdirilmeli döretmeklige möhüm orun degişlidir.

Bu ýagdaýda çagalaryň işi uly bolmadyk toparlarda guralýar we olara gysgawagtlaýyn işler tabşyrylýar. Bu birleşmeleriň psihologik roly her bir çaganyň has işjeň orny eýelemäge mümkinçilik almagy, çagalaryň özerkli işiniň ösmegine giň we real şertleriň döremegi

üçin situasiýanyň – ýagdaýyň ýüze çykýanlygy bilen baglydyr. Az sanly agzasy bolan birleşmäniň çäginde guralýan işiň prosesinde her bir okuwçy özüni şahsyýet hökmünde aýan edip, öz höweslerine golaý, umumy maksadyň we özüniň ymtylýan şahsy üstünliginiň ýetilmegine aladalanýan çagalaryň goldawyny we ykrar edilmegini alyp bilýär. Hut şeýle şertlerde çaga topardaky özara gatnaşyklary ähli ýoldaşlary we özi üçin şahsy ähmiýeti bolan hadysa hökmünde aňlaýar.

Dürli wagtlaýyn we hemişelik, köp agzaly we az sanly birleşmelere goşulmak bilen çaga olaryň birinde bilelikde okaýar, beýlekisinde zähmet çekýär, üçünjisinde surat çekýär, aýdym aýdýar, dördünjisinde syýahata gidýär we ş. m. we olarda bellibir orun eýeleýär hem her birinde aýratyn rol oýnaýar. Şeýle birleşmeleriň köp gatlaklaýyn gurluşynda her bir çaga özüni kanagatlandyrýan orny tapyp bilýär. Şonuň üçin çaga kollektiwi guralanda onuň haýsydyr bir bölekleýin ýumuşlarda çäklenmeginiň öňüni alyp, giň jemgyýetçilik maksatlaryna çykmagy üçin aladalanylmalydyr.

Çagalaryň ýetginjek ýaşdakylarynyň şahsyýetiniň kollektiwistik sypatlarynyň kemala gelşiniň şertlerini ýüze çykarmaklyga bagyşlanan derňewleriň maglumatlary üns bererlikdir.

1. Birnäçe çaga kollektiwleriniň ýetginjekleri öz birleşmeleriniň çägindäki iş bilen meşgul bolupdyrlar. Bu işiň aýdyň jemgyýete peýdaly maksatlary bolup, bu maksatlaryň ýetilmegi sylaglanylypdyr (meselem, araçäk berkitmesini görmäge mümkinçilik döretmek). Çagalaryň bellibir bölegi, adatça mekdep durmyşynda bolşy ýaly, gurnaklaryň, sport bölümçeleriniň, otrýadlaryň, brigadalaryň we ş. m. işine eksperimentatoryň olaryň guramaçylygyna ýörite goşulmazlygynda gatnaşypdyrlar.

2. Başga bir ýagdaýlarda ähli okuwçylar birbada dürli kollektiwlere – synpa, otrýada, kluba, bölümçä (seksiýa), brigada ýörite gatnaşdyrylypdyr. Her bir kollektiwiň işiniň öz jemgyýet ähmiýetli maksady bolsa-da, synp kollektiwi üsserlik ýagdaýynda bolupdyr.

3. Çagalary üçünji ýagdaýda maksady diňe öz kollektiwiniň çäginde saklanman, has giň jemgyýet ähmiýetli işi bolan ýörite guralan dürli görnüşdäki kollektiwleriň ulgamyna çekipdirler. Ähli kollektiwleriň jemgyýet ähmiýetli ýumuşlary çözmek boýunça köpugurly işiniň maksatlarynyň özara tabynlygy üpjün edilipdir.

Soňra synag edilýän üç hataryň ählisiniň öňünde jemgyýetçilik potensialy boýunça has ýokary manyly, şäher, ýurt üçin ähmiýetli ýumuş goýlupdyr. Ýöne bu ýumşy çözmeklik takyk kollektiwiň işinden ünsi sowup, oňa mekdep içindäki ýaryşda bal toplamaga päsgel beripdir.

Görlüp oturylsa, alyp barýan işi umumy ýumşy çözmegi talap edýän köpugurly kollektiwiň ulgamyna girýän çagalar şäher, ýurt ähmiýetli işlerde has ýokary erjellik, ugurtapyjylyk, jogapkärçilik görkezipdirler; işi jemgyýet ähmiýetli bolsa-da, maksatlary öz kollektiwinden daşa çykmaýan ýetginjekleriň bu babatda degişli görkezijileri pes bolupdyr.

Şeýle-de uzak wagtlaýyn, köpugurlaýyn kollektiwde umumy işiň bähbidine gönükdirilmede hereket edýän çagalara has durnukly kollektiwistik sypatlar mahsus bolupdyr. Jemgyýet üçin amal edilýän işiň olar üçin has ähmiýetliligi bu işiň jemgyýetde öz ornuňy kesgitlemäge, öz-özüňi aňlaýşy kemala getirmäge berýän mümkinçiligi bilen bagly bolýar.

Çaga kollektiwini okuwçynyň şahsyýetiniň ahlak ulgamyny kemala getirmäge şert hökmünde guramagyň birnäçe ähmiýetli görnüşleri bardyr.

1. Her bir çaganyň ukyplaryny nazarlamak, onuň kollektiwleýin birleşmeleriň her birindäki ornuny kesgitlemek esasynda çagalary ýörite guralan dürli kollektiwlere hökmany ýagdaýda goşmak (okuw, zähmet, jemgyýetçilik-guramaçylyk, çeper, sport, hemişelik, möwsümleýin, wagtlaýyn, bir we dürli ýaşly çagalary birikdirýän, agzasy köp we az kollektiwler).

2. Bu kollektiwleýin birleşmeleriň gözegçilikli baglanyşygyny olaryň işiniň mazmun tarapy, onuň jemgyýetçilik gönükdirilmesiniň möçberi we derejesi özara döredijilikde bolmagyny nazarlap üpjün etmek; şeýle üpjünçilik olaryň işiniň jemgyýet ähmiýetli maksatlaryny tutuş köpugurlaýyn kollektiwiň umumy ýumşuny çözmäge tabyn etmegiň ýerliginde amala aşyrylýar.

3. Kiçi birleşmeleri özara garaşlylyklary döredýän, okuwçyny öz takyk kollektiwiniň çäginden daşa çykmaga ugrukdyrýan, çagalara ýakyn ýoldaşlarynyň dar çygrynda galmaga ýol bermeýän uly birleşmelere (birmeňzeş ýaşlylary dürli ýaşlylara) yzygider goşmak.

4. Her bir okuwçynyň şahsy jogapkärçilik çekmegini we birnäçe birleşmelerde ähmiýetli at-abraý gazanmagyny üpjün etmek üçin şeýle kollektiwleýin baglanyşyklary maksada gönükdirilmeli guramak we olara yzygider düzediş girizmek.

Şahsyýetiň kollektiwistik tipini kemala getirmek çaga kollektiwiniň köpjähtleýin ulgamyny guramagy talap edýär, şeýle köpjähtleýinligiň synplaryň, toparlaryň, gurnaklaryň we ş. m. guramaçylyksyz toplumy däl-de, hakykatdan-da, ulgam bolmagy zerurdyr. Her bir çagany hut şeýle ýörite esaslandyrylýan köpjähtleýin kollektiwiň ulgamynda guralýan jemgyýete peýdaly işe gönükdirilmegi goşmak möhümdir; şeýle goşulmaklyk maksatlaryň iýerarhiýasyny (özara tabynlygyny) oýlanyşykly guramagyň, her bir takyk kollektiwiň maksatlarynyň bitewi jemgyýet ähmiýetli ýumuşlaryň çözülişine tabynlygynyň ýerliginde geçýär.

## VIII. 4. Terbiýelemesi kyn çagalaryň özüni alyp barşyny düzetmegiň psihologik meseleleri

Jemgyýetiň ahlak kadalaryna we talaplaryna laýyk gelmeýän özüňi alyp baryş assosial – jemgyýetçilige laýyk däl adalgada atlandyrylýar. Çagalaryň beýni patologiýasy bilen baglanyşyklykda döreýän anomal – kadasyz özüňi alyp barşyndan tapawutlylykda assosial özüňi alyp baryş sosial sebäp boýunça kemala gelýär, oňyn däl kiçi gurşawyň, maşgaladaky kadasyz özara gatnaşyklaryň, maşgala we mekdep terbiýesiniň ýetmezçilikleriniň, ýalňyşlarynyň esasynda döreýär.

Ylmy psihologiýa şahsyýetiň ahlak ulgamynyň kemala gelşiniň aýratynlyklaryny çuň öwrenmegiň esasynda assosial özüňi alyp barşyň ne düzüminiň, ne-de özboluşly sypatynyň «dogabitdi mehanizmler» arkaly döredilmeýändigini ynandyryjy subut etdi. «Kyn» çagalar pedagogik gözegçilikden daşda galan çagalardyr. Olaryň şahsyýetiniň ahlak kadasyzlygy pedagogik ýalňyşlaryň netijesidir (gürrüň nerw ulgamy bozulan, akyl taýdan yza galan çagalar barada däl-de, psihiki we fiziki jähtden sagdyn çagalar baradadyr). «Kyn» çaganyň aýratynlygy onuň sosial pozisiýasynyň üýtgeýän, onuň netijesinde işiň gönükdirilmesiniň we jemgyýetiň çaga gatnaşygynyň

özgerýän döwri bolan ýetginjeklikde has aýdyň ýüze çykýar. Psihiki ösüşin bu tapgyrynyň çylşyrymlylygy, bir tarapdan, onuň çagalygyň tipiki eýýamy bolýandygy bilen baglydyr. Başga bir tarapdan, biz ululara mahsus durmuşyň bosagasynda durýan, özbaşdaklyga, özüni ykrar etdirmäge, hukuklarynyň we potensial (heniz herekete gelmedik) mümkinçilikleriniň ulular tarapyndan ykrar edilmegini gazanmaga ymtylýan ösýän adamy görýäris. «Kyn» ýetginjegiň şahsyýetiniň gurluşynyň çylşyrymlylygy durmuşyň täsiri, gatnaşyklaryň häsiýeti bilen bagly bolýar.

Psihologik-pedagogik amalyýetde «kyn» adalgasy bilen şahsyýeti düzedilişi talap edýän çagalaryň giň topary atlandyrylýar.

Muňa ululatyň talaplaryna, maslahatyna garşylyk görkezýän gulagasmazak, ynjyk, keçjal çagalar degişlidir. Şeýle gyşarmalaryň sebäbini anyklamak, çaga birbada talabedijilik bilen onuň isleglerine we höweslerine ünslülik hem-de ony işiň kollektiwleýin görnüşlerine goşmaklyk, ynjyklygyň, keçjallygyň, gulak asmazlygyň öňüni almagyň we ýeňip geçmegiň esasy ýoludyr.

Çagalaryň bellibir bölegi özleriniň ýüzugralygy, tertipsizligi, gödekligi bilen tapawutlanýar. Şeýle çagalara indiwidual çemeleşmek, ilkinji nobatda, olaryň tertipsizliginiň gözbaşyny kesgitlemek zerurdyr. Şeýle çagalar bilen işlemeklik olaryň işjeňligini, başlangyçlaryny maksadagönükdirilmeli guramagy, mertebesini, bellibir özbaşdaklyga hukugyny hormatlamagy nazarlaýar.

Özüni alyp barşy zähmet çekmeklige höwesiň we endigiň ýoklugy, başgaça aýdylanda, ýaltalyk ýaly aýratynlyklary özünde jemleýän çagalar aýratyn bir topary düzýär. Terbiýeçiniň şeýle çaganyň ymtylmalarynyň, iş bitirmelere çalyşmalarynyň suduryny aňşyrmagy we onda zähmet çekmeklige islegi oýarmagy, dürli işlerde şatlyk tapmagy öwretmegi möhümdir.

Özlerine oňyn däl sypat ýalançylyk mahsus bolan çagalar hem bolýar. Bu ýetmezçiligiň garşysyna göreşilende çaganyň fantaziýa ýüz urmagy (mekdebe çenli ýaşla, kiçi mekdep ýaşla mahsus) we hakykaty aňly ýoýmagy tapawutlandyrylmalydyr. Ýalançylyk temmi almakdan gorkynyň, oňyn däl hereketi gizlemäge ymtylyşyň we özüňi ykrar etdirmek, daşdakylaryň ünsüni çekmek isleginiň netijesi bolup bilýär. Ýalançylyk çagalaryň ýoldaşlyk düşünjesine özbolușly

düşünmegi bilen baglylykda, synpdaşyň etmişini gizlemegiň serişdesi hökmünde hem ulynylyp bilinýär. Terbiýeçiniň çaga ýalançylygynyň hakyky sebäbini anyklamagy, dogruçyllyk, ynançlylyk, özara hormat we talabedijilik ýörelgesini döretmegi, salyhatlylyk bilen ýalançylygyň ähli gözgynylygyny, onuň gorkaklyk, ýüz görmeklik bilen arabaglanyşygyny açyp görkezmegi möhümdir.

Haýsydyr bir möhüm islegiň uzakwagtlaýyn kanagatlandyrylmazlygy sebäpli, çagalaryň bir böleginde özüňi alyp barşyň affektiw görnüşi ýüze çykýar. Olara badyhowalyk, agressiwlik, kellegöçgünlik ýa-da öýkelemek, çalt göwne almak häsiýetli bolýar. Netijede, çaganyň üstünlige ymtylyş derejesi bilen (özüňi çendan ýokary bahalandyrmaga ýa-da tersine, özüňe ynamyň bolmazlygyna esaslanýan) onuň kollektiwdäki hakyky ornunyň arasynda özboluşly konflikt döreýär. Affektiw duýgularyň we özüňi alyp barşyň affektiw görnüşleriniň uzak wagtlaýyn saklanmagy çagalaryň beýleki adamlara, özüne, işe özboluşly gatnaşyklarynyň döremegine getirýär. Içki konflikti çözmek we çagalarda affektiw özüňi alyp barşyň ösmeginiň öňüni almak üçin degişli pedagogik çäreleriň öz wagtynda görülmegi zerurdyr.

«Kyn» çagalar bilen işlemeklik oýlanyşykly indiwidual çemeleşmäni esaslandyrmagy talap edýär. Şeýle çemeleşme aşakdakylary nazarlaýar: 1) çaga ünsli, hoşniýetli gatnaşykda bolmak; 2) onuň oňyn sypatlaryna daýanmak; 3) onuň ahlak güýjüne, potensial mümkinçiliklerine ynanmak.

Pedagogik jähtden özbaşyna goýberilen çagalar – hukuk bozujy ýetginjekler bilen terbiýe işini guramak has çylşyrymlydyr. Bu ýetginjeklere, esasan, impulsiw – ýüzugra özüňi alyp baryş, şahsyýetiň gurluşynyň bozulmagy, aýdyň ýüze çykýan jemgyýete garşy islegler (şol sanda bu ýaşa mahsus bolmadyk), zat edinmeklige gönükdirilen «göni» meýilleriň adatdan daşary güýjemegi, aragatnaşyga bolan islegiň bozuk gönükdirilmesi häsiýetlidir; bu asyl durkundan sowlan isleglerdir gönükdirilmeler ýetginjekde dostluk, ýoldaşlyk, borç, mertebe barada nädogry düşünjeleriň döremegine getirýär. Hukuk bozujy ýetginjeklerde ruhy, akyl ýetiriş, estetiki islegler bozulan bolýar. Okuwa höwes gaçýar. Derňewleriň görkezişine görä, şol bir wagtda hukuk bozujy ýetginjekleriň intellektual mümkinçilikleri bolýar we olary ýörite guralan köpjähtleýin işiň ulgamyna maksadagönükdiril-

meli goşmaklyk intellektual yza galaklygy we işjeň dälligi (passiwligi) aradan aýyrmaga mümkinçilik berýär.

«Kyn» çagalaryň hereketleriniň köp bölegi olaryň ululyga daknyşyk etmeginiň, öz hukuklaryna nädogry düşünmeginiň, ulularyň ykrar etmegine ymtylmasynyň netijesi bolýar.

Şahsyýetiň ahlak bozulmasyna getirýän konflikt ýagdaýy maşgala terbiýesiniň ýetmezçiligi bilen hem bagly bolup bilýär.

Maşgala terbiýesiniň ýetmezçiligi diňe käbir ugrukmalary döredýär, olary gönükdirmek, düzetmek, ähmiýetsizlendirmek mekdebiň borjudyr. Gynansak-da, haçanda mugallymlar diňe gadagan etmek pedagogikasyna (ylgamak gadagan, goh etmek gadagan we ş. m.) daýananda bu ýetmezçilikler kähalatlarda güýjeýär. Ýönekeýleşdirilip düşünilýän tertip-düzgün çagalary mejbury däl we şüweleňli işlemek mümkinçiliginden mahrum edýär. Ikinji ýyla galdyrylan hukuk bozujy ýetginjekleriň täze synpyň okuwçylary bilen dostlaşmaýandygy hem mugallymlar bilen konfliktli gatnaşyklaryň çuňlaşmagyny döredip bilýär. Çagalara häsiýetli bolan ýoldaşlary bilen aragatnaşykda bolmaga, özbaşdaklyga, ulularyň hormatyna mynasyp bolmaga ymtylma garamazdan, «kyn» çagalar eýýäm III – IV synpa golaý öz deň-duşlarynyň kollektiwinden daşda bolýarlar. Synpda bellibir orny eýelemäge ymtylyp, şeýle çagalar gödeklige, güýç görkezmegiň ýalan awtoritetine (at-abraýyna) ýüz urýarlar. Mekdebiň çäginden daş-da özi ýaly ýetginjekler bilen arany sazlap, olar mekdebe hem käbir «köçe» toparlarynda kabul edilen özüňi alyp barşyň jemgyýete garşy görnüşlerini geçirmekçi bolýarlar.

Şeýle birleşmede çaganyň ýagdaýy örän agyr, «howly gahrymanlarynyň» täsirinde bolýar; ýaşy boýunça uly, at-abraýy şübheli şeýle ýetginjekler öz «awtoriteti» bilen täsir edip (adatça gorkuzyp), çagalary topara birleşdirýär. Ýöne, her näme-de bolsa, çagalar şeýle toparda kemala gelen ýalan ýoldaşlyk gatnaşygynyň we ş. m. çäginde haýsydyr bir goraglylygy duýýar. Bularyň ählisi ösýän adamyň öz-özüni aňlamaga, özüni ykrar etdirmäge, aragatnaşykda bolmaga bolan tebigy islegleriniň anomal – sagdyn däl gönükdirilmesini döredýär.

Çaganyň özüniň jemgyýet üçin zerurlygyny, ähmiýetini, mümkinçiliklerini aňlaýan kadaly gatnaşyklardan çetleşmegi, çagada kollektiwe, jemgyýete onuň agzalarynyň işine, ilkinji nobatda,

jemgyýete peýdaly işe degişlilikde garşylykly orunda bolmagyna getirýär. Şonuň üçin «kyn» okuwçynyň şahsyýetiniň kadaly ahlak sypatlaryny kemala getirmäge gönükdirilen terbiýe çäreleri guramagyň ilkinji tapgyrlarynyň biri ulularyň talap edijiligi bilen utgaşýan hoşniýetli gatnaşyk ýagdaýyny döretmekdir. Ýöne bu ýerde esasy zat, çagalaryň öz gatnaşyklaryny köpjähtleýin iş prosesinde kemala getirmekdir. Ähli çagalary maksadagönükdirilmeli guralan işiň dürli görnüşlerine goşmaklyk aýratyn ähmiýetlidir. Üstesine-de, bu prosesde çagalaryň we ulularyň özara gatnaşyklarynyň, çagalaryň biri-birine, zähmete gatnaşyklarynyň has giňişleýin ýüze çykýan ulgamy bolýan jemgyýete peýdaly zähmetiň guralyşyna daýanmak zerurdyr. Derňewleriň görkezişine görä, «kyn» ýetginjekleriň köpüsi zähmetiň özbaşdaklygy görkezip, kollektiwde bellibir orun eýeläp bolýan görnüşlerine oňyn gatnaşykda bolýarlar.

Ýörite guralan köpjähtleýin işiň ulgamyna goşulmagyň aýratynlyklary dürli çagalarda dürlüdir. Olaryň ýoldaşlary we pedagoglar bilen gatnaşyklary özboluşly bolup, terbiýä «garşylygy-da» özboluşlydyr. Terbiýe işiniň tärleriniň tipologiýasyny esaslandyrmaga ýardam edýänligi üçin «kyn» okuwçylary, aýratyn-da, ýetginjekleri tipikleşdirmek möhümdir. Ylmy psihologiýada «kyn» çagalary görnüşlere bölmegiň esaslandyrylan nusgalary bardyr. Olaryň biri, meselem, çagalaryň özüni alyp barşynyň tipine, jemgyýete peýdaly işiň ulgamyna goşulyşyna laýyklykda esaslandyrylandyr; bu esaslandyrmada olaryň şahsyýetiniň ahlak ulgamy baradaky ähli maglumatlar göz öňünde tutulýar.

Birinji topary oňyn däl – jemgyýetçilik, anomal, ahlaksyz, ýönekeý islegleriň durnukly toplumy, aç-açan jemgyýete garşy garaýyşlaryň ulgamy, gatnaşyklaryň, bahalandyrmalaryň bozulan görnüşlerini häsiýetlendirýär. Bu toparyň çagalarynda ýoldaşlyk, batyrgaýlyk düşünjeleri ýoýlan, utanç duýgusy örän gowşan bolýar. Olar rehimsiz, gödek we agressiw. Egoizm, beýlekileriň duýgularyna biparhlyk, edilýän jenaýatçylygyň aňlanylanlygy, zähmetsöýerligiň ýoklugy we wagty keýpihonlukda geçirmäge, kesekiden eklenmäge ýykgynlylyk we beýlekiler bu toparyň häsiýetli aýratynlyklarydyr.

Ikinji topary islegleri bozulan, aşaky derejeli islegleriň kanagatlandyrylmagyna aşa ähmiýet berýän okuwçylar düzýär. Çagalar ahlaksyz islegleriň durnukly toplumy bolan we gatnaşyklary aç-açan jemgyýe-

te garşy gönükdirilmeli kämillik ýaşyna ýetmedik hukuk bozujylara öýkünmäge ymtylýarlar. Bu toparyň çagalarynda indiwidualizmiň güýçli derejesi bolup, olar beýlekilerden üsserlik orunda bolmaga, kiçilere ýowuz daramaga çalyşýarlar. Düzgüni wagtal-wagtal bozýarlar.

Üçünji topara bozulan we oňyn islegleriň, gatnaşyklaryň, höwesleriň, garaýyşlaryň arasyndaky konflikt häsiýetli bolýar. Bu toparyň çagalary özleriniň edýän hukuk bozmalarynyň oňyn däldigini aňlaýarlar. Ýöne çagalarda bar bolan ahlak garaýyşlar ynanja öwrülmedik bolýar we lezzete egoistik kowalaşmaklyk ýa-da lezzete oňaýly ýagdaýa garşy durup bilmezlik, jemgyýete garşy hereketleri döredýär we ahlaksyz özüňi alyp barşyň tejribesiniň toplanmagyna getirýär.

Dördünji topary islegleri az derejede bozulan okuwçylar düzýär. Çagalara öz güýjüňe ynanmazlyk, erkli ýoldaşlaryň öňünde ýaýaplamaklyk häsiýetli bolýar.

Bäşinji topara hukuk bozmak ýoluna tötänleýin düşen okuwçylar girýär. Olar erksiz we gapdal täsire tabyn bolýarlar.

«Kyn» çagalaryň şeýle tipologiýasy diňe bir terbiýeçilik täsirleriniň ulgamyny düzetmäge mümkinçilik bermän, eýsem ýiti, konfliktli ýagdaýda bolýan her bir çaga indiwidual çemeleşmäge ýol açýar. Bu ýagdaýda «kyn» okuwçylary dürli jemgyýete peýdaly işe çekmek boýunça işiň ulgamy möhümdir. Şeýle işiň guralyşynda çagalaryň aýratynlyklary nazarlanylýar, ol köpjähtleýin kollektiwiň şahalandyrylan ulgamynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Hut şeýle maksadagönükdirilmeli guralan ulgam kem-kemden çagalaryň assosial – jemgyýet gönükdirilmesi bolmadyk özüni alyp barşyny aradan aýyrýar we diňe bir «kyn» okuwçylara mahsus oňyn däl häsiýetleri togtatman, eýsem olarda şahsyýetiň durnukly ahlak-erk sypatlarynyň kemala gelmegini üpjün edýär. «Kyn» çagalaryň jemgyýete peýdaly işiniň esasy mazmunynyň, düzgünleriniň we guralyş usullarynyň «kadaly» hasaplanylýan çagalaryňka meňzeşligi üns bererlikdir.

## VIII. 5. Şahsyýetiň ahlak ulgamyny kemala getirmegiň psihologik esaslary

**Ahlak aňyny we özüňi alyp barşy kemala getirmegiň birligi.** Şahsyýet adamyň aňyň we özüňi alyp barşyň jemgyýetçilik

görnüşlerini özleşdirmegi esasynda kemala gelýär. Ahlak aňy bu ynsan aňynda adamlaryň özara gatnaşyklarynyň, olaryň jemgyýetçilik işe, jemgyýete gatnaşyklarynyň şöhlelenmegidir.

Çaga özi üçin täze ýagdaýlarda döreýän özüňi alyp baryş usullaryny saýlamakda ugrukma hökmünde ahlak göz öňüne getirmeleriň uly möçberi, bilim-düşünjeleriniň ätiýajy zerurdyr. Ýöne, ahlak düşünjelerini özleşdirmeklik ahlak aňynyň döremeginde we ösüşinde uly rol oýnaýan-da bolsa, olar öz-özünelikde ahlak özüňi alyp barşy kemala getirmegi üpjün etmeýär. Psihologik derňewleriň we pedagogik amalyýetiň görkezişine görä, çagalar ahlak kadalaryny oňat bilseler-de, olaryň özüni alyp baryş hereketlerinde bu kadalara eýermeýän wagtlary hem seýrek bolmaýar. Şonuň üçin terbiýe prosesi sözüsti täsire syrykdyrylmaýar: görşümiz ýaly, okuwçylaryň işini guramak örän möhümdir. Söz näçe ähmiýetli bolsa-da (şahsy tejribäni giňeldýän, okuwçyny özüniň gatnaşyp bilmedik taryhy gahrymançylyklaryna maglumat üsti dahylly edýän düşünjeler, ideýalar, obrazlar), okuwçylary terbiýelemegiň werbal (dilüsti) usullary olaryň jemgyýete peýda getirýän takyk işinden üsser bolmaly däldir.

Ahlak bilimleri, düşünjeleri ynanja öwürmeklik, olary özüňi alyp barşyň motiwlerinde we degişli ahlak endiklerinde berkitmegi talap edýär. Özüňi nähili alyp barmagy aňlamak bilen öwrendikli özüňi alyp barşyň arasynda aýry-başgalyk bolýar. Olaryň arasynda «kiçijik çeşme» bolup, ony tejribe bilen doldurmak zerurdyr. Okuwçy ahlak tejribäni özüňi alyp baryşda endik etmegiň, ýagny mugallymlar tarapyndan guralýan hereketleri, çagalaryň dürli durmuş ýagdaýlaryndaky özüňi alyp baryş nusgalaryny gaýtalamagyň üsti bilen özleşdirýär. Özüňi alyp barşyň bu tejribesini, çagalaryň amaly işini olaryň emosiýa-duýgulary bilen baglanyşdyrmak möhümdir. Emosiýalar ynsanperwerlik, watansöýüjilik, borç, jogapkärçilik, ýoldaşlyk, mertebelilik, ynsaplylyk we ş. m. ýaly ahlak duýgularynyň kemala gelmegine oňyn täsir edýär. Ahlak duýgularyny terbiýelemek, şeýle-de ahlak ynançlaryny kemala getirmek, okuwçylaryň olary iş prosesinde özleşdirmegi we syzmagy bilen baglydyr. Bitirilen ahlak hereketden iň bolmanda bir gezek kanagatlanma alan çaga bu duýgyny ýene-de syzmaga ymtylýar. Çagalaryň ahlak düşünjeleriň esasynda amala aşyrylýan we ahlak emosiýalary bilen aralaşdyrylan işini maksada-

gönükdirilmeli guramak ahlak özüňi alyp barşy kemala getirmegiň esasyny düzýär. Ahlak özüňi alyp baryş bu jemgyýetçilik döredilişli, ahlak kadalarydyr düzgünleri arkaly kemala getirilýän we dolandyrylýan gatnaşyklardyr. Hut ahlak özüňi alyp barşyň ulgamy okuwçynyň jemgyýetçilik işjeňliginiň ösüşini kesgitleýär.

Çaganyň beýleki adamlara, jemgyýete gatnaşyklaryny ýüze çykarýan özüňi alyp baryş birligi aýgytly hereketdir. Ýönekeý hereketden tapawutlylykda, özüňi alyp barşyň elementi bolan, ahlak motiwleri arkaly meýillendirilýän aýgytly hereketde adamyň şahsyýeti, onuň sypatlary we islegleri ýüze çykýar.

Zähmete endik, ýoldaşlyk kömegini bermek we şahsyýetiň ahlak sypatlarynyň ösüşinde ýardam edýän beýleki köpsanly endikler terbiýelenmese, ahlak özüňi alyp barşy kemala getirmek mümkin däldir. Yzygider gaýtalanýan hereketleriň prosesinde, ilki ululara öýkünmek esasynda, soňra olaryň talaplarynyň we kollektiwiň jemgyýetçilik pikiriniň täsirinde kemala gelýän ahlak endikleri şahsyýetiň isleglerine öwrülýär.

Şahsyýetiň ahlak ulgamy (aňyň, özüňi alyp barşyň, duýgularyň we endikleriň birligi) terbiýäniň ýörite guralan ulgamynda has üstünlikli kemala gelýär; bu ýagdaýda okuwçylaryň diňe bir ahlak sowatlylygy we amaly işi utgaşman, eýsem bu işde çagalaryň bir-birleri, kollektiw, jemgyýet bilen ahlak gatnaşyklary ýörite proýektirlenýär (taslanýar), koordinirlenýär. Bu şertlerde çagalar diňe bir ahlak düzgünleriniň we kadalarynyň toplumyny özleşdirmek bilen çäklenmeýär. Olar işjeň bitirmeleriň prosesinde, özara garaşly we jogapkärli kollektiwleýin baglanyşyklaryň ulgamynda hereketleriň motiwlerine, ahlak ynançlara öwrülýän ahlak özüňi alyp barşyň şahsy tejribesini, ahlak endiklerini toplaýar. Öz gezeginde, çagalaryň jemgyýetçilik özüni alyp barşy we özara gatnaşyklary, ahlak sowatlylyk bilen bir hatarda, olaryň ahlak aňyny kemala getirmegiň esasyny düzýär. Çagalar ahlak talaplary aňlamagyň gidişinde öz döredýän hususy ahlak ideallaryny özüňi alyp barşyň motiwlerine öwürýär, ýetilen derejeden öz tejribesine gaýtadan göz aýlaýar we ony jemleýär. Ahlak gymmatlyklary aňlamak we ulgamlaşdyrmak eýýäm ýetginjeklik ýaşyna häsiýetli bolýar. Uly synpdakylara bolsa ahlak ynançlaryň, durmuş maksatlarynyň we umytly geljegiň (perspektiwanyň) durnukly ulgamy mahsusdyr.

**Terbiýäniň psihologik mehanizmleri.** Ösýän adamyň şahsyýetiniň kemala getirilişini dolandyrmak hökmünde, terbiýe aýratyn mehanizmleri özünde jemleýär. Olary derňemek terbiýäniň psihologiýasynyň möhüm wezipesidir.

Jemgyýetiň her bir taryhy tapgyrynda terbiýäniň öňünde bellibir maksatlary goýýandygy mälimdir. Garaşsyz jemgyýetiň adamy şahsyýet hökmünde terbiýelemek boýunça esaslandyrýan terbiýe nusgasy, idealy adamda giň dünýägaraýşy, aňyýet kämilligini we hakyky ahlaklylygy kemala getirmegiň möhüm gözükdirijisi bolup hyzmat edýär. Hut jemgyýetiň şahsyýete bildirýän talaplaryny özünde jemleýän ideal, ahlak nusgasyna laýyklykda terbiýe prosesiniň maksadagönükdirilmeli guralyşy amala aşyrylýar.

Eýsem, ýokary ahlak sypatlarynyň kemala getirilişi nähili amala aşyrylýar?

Umumy görnüşde bu adamlaryň jemgyýetiň maksatlary bilen kesgitlenýän amaly işinde amala aşrylýar. Işde jemgyýetiň nusgalary, onuň ideallary kemala gelýär.

Bilermenler baryp XIX asyrda «ilkinji ideallar» adalgasyny esaslandyryp, onuň bilen çaganyň sosiallaşmanyň başlangyç tapgyrlarynda özleşdirýän dogruçyllyk, adalatlylyk, duýgudaşlyk, ynsan mertebesi ýaly sypatlaryny atlandyrdylar. Adamzadyň köp asyrlyk sosial amalyýetinden dörän bu ahlak başlangyçlar ahlaklygyň ýokary görnüşleriniň kemala gelşiniň zerur esasydyr.

Biziň jemgyýetimiziň ýokary ahlak ideallary, jemgyýetiň ösmegi bilen onuň ahlak talaplarynyň ýokarlanýandygynyň, ideallarynyň çylşyrymlaşýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Psihiki ösüşiň esasy aýratynlygy bu ösüşiň netijesiniň çaganyň töweregindäki jemgyýetçilik gurşawda onuň ösüşi entek başlanmanka özboluşly «ideal görnüşde» (L.S.Wygotskiý) barlygydyr. Dürli görnüşde bolýan jemgyýetçilik nusgalary, durmuş, zähmet, adamalaryň özüni alyp baryş ideallary (çeper eserleriň gahrymanlary, meşhur serkerdeler, söweşijiler, zähmetkeşler, häzirki döwrüň gahrymanlary, şol sanda çagany gurşaýan aýry-aýry adamlar), çagalaryň ösüş prosesine diňe düzediş bermän, eýsem onuň çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ýöne, terbiýe prosesini guramak üçin diňe jemgyýetçilik jähtden gymmatly nusganyň bolmagy ýeterlik däldir. Terbiýäniň

jemgyýetiň talaplaryndan gelip çykýan we çaganyň psihiki ösüşiniň dürli ýaş tapgyrlarynyň aýratynlyklaryny, kanunalaýyklyklaryny nazarlaýan maksatlaryny takyklamalydyr. Meselem, ýoldaşlyk, özara kömek, adalatlylyk, ýaly ahlak sypatlar baradaky düşünjeleri kiçi mekdep ýaşly çaga sapakda we ahlak söhbetleriniň prosesinde alýar. Ýöne, jemgyýetiň bu ahlak kadalary we gymmatlyklary çagalaryň özüni alyp barşynyň hakyky dolandyryjysyna öwrülmegi üçin olary okuwçylaryň özara gatnaşyklaryny dürli ýagdaýlarda gözükdirýän takyk düzgünlere öwürmelidir. Bular, ilkinji nobatda, jogapkärçilikleriň, tabşyryklaryň paýlanylmagy, ýoldaşlaryňa kömek bermek we ş.m. bagly ýagdaýlardyr. Ahlak özüňi alyp barşyň düzgünleri daşky talaplar görnüşinde ilki ululardan, soňra bolsa çagalaryň özünden gaýdýan görnüşde olaryň özara gatnaşyklarynyň kadalaryny döredýär.

Derňewleriň netijeleriniň görkezişine görä, jemgyýetde hereketlenýän ahlak nusgalaryny şahsyýetiň ahlak ulgamyny kemala getirmegiň möhüm meýillendiriji güýji hökmünde özleşdirmek örän çylşyrymly proses bolup, ol çagalaryň köpjähtleýin işinde amala aşýar we birnäçe tapgyrlary geçýär. Meselem, kiçi mekdep ýaşlylaryň bölekleýin we durnuksyz ideallary kem-kemden ýetginjeklerde we uly synplylarda ýokary jemleýjilik we durnuklylyk häsiýetine eýe bolýar. Ýetginjeklik we jahyllyk ýaşyndaky ýakyn ideallar kähalatlarda alys nusgalary «edinmegiň» serişdesine öwrülýär, özüňi ideal nusgalar bilen deňeşdirmäge, olara aňly-düşünjeli eýermäge ymtylyş kemala gelýär. Psihologlar tarapyndan jemgyýetçilik gurşawyň täsirlerini aralaşdyryjy şahsyýetiň sypatlarynyň ulgamy hökmünde düşünilýän «içki pozisiýanyň» (L.I.Božowiç), «içki gurşawyň» ähmiýeti ýokarlanýar. Eger-de çaganyň ösüşi ilkibaşda, esasan, ýakyn sosial gurşawyň talaplary bilen gönükdirilýän bolsa, soň-soňlar çaga özleşdirilen jemgyýetçilik talaplaryň, jemgyýetçilik nusgalaryň esasynda daşky dünýä we özüne hususy talaplaryny esaslandyrýar. Bu talaplar ösüşiň çeşmesine we stimulyna öwrülip, onuň gatnaşyklaryny, özüni alyp barşyny kesgitleýär. Ulularyň, jemgyýetiň «öz-özünelik» talaplary ilki okuwçy üçin daşky häsiýetde bolup, ahyrda içki, öz-özüňe talap görnüşe eýe bolýar.

Öň bellenilişi ýaly, çaganyň şahsyýeti iş prosesinde, ilkinji nobatda, her bir ýaş tapgyryna mahsus işiň esasy tiplerinde kemala

gelýär. Ideallara, jemgyýetiň nusgalaryna gatnaşygyň kemala gelşi çagalaryň işiniň hut şu görnüşlerinde bolup geçýär. Ahlak kadalar, aýgytly hereketleriň (postupoklaryň) ugrukdyryjy esasy diňe şol işlerde «işleýär». Üstesine-de, aýgytly hereket, özüňi alyp barşyň birligi hökmünde hemişe beýleki adama (edil adaty hereketiň zada gönükdirilişi ýaly), kollektiwe, jemgyýete gönükdirilendir. Jemgyýetçilik talaplarynyň çaganyň şahsy ynançlaryna öwrüliş mehanizmi bolan interiorizasiýa prosesi, Ž.Piažäniň, L.S.Wygotskiniň we beýlekileriň işinde häsiýetlendirilendir. Okuwçyny mazmunynda köpjähtleýin gatnaşyklary saklaýan ýörite guralan işe goşmaklyk jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň formalaryny berkidýär, onda ahlak nusgalara laýyklykda hereket etmek islegini kemala getirýär; bu nusgalar işe ugrukdyryjy we çagalaryň özara gatnaşyklaryny dolandyryjy motiwler hökmünde bolýarlar. Bu babatda belli psiholog A.N.Leontýewiň çagada «diňe düşünilýän» we «real täsir edýän» motiwleriň dogry utgaşdyrylmalydygy baradaky pikiri hem ähmýetlidir.*

Çaganyň işiniň motiwleriniň takyklygy barada aladalaryň hem okuwçynyň işiniň şowly netijeliligini gazanmaga ymtylma bilen üsti ýetirilmelidir. Meselem, çaga jemgyýetiň uly agzalarynyň möhüm we jogapkärli durmuşynyň bardygyna düşünýär. Ýöne diňe jemgyýete ähmiýetli işe goşmaklyk bu «düşünilýän motiwleri» «real hereket edýän» motiwlere öwürýär. «Hereket edýän» ahlak motiwlerini döretmeklik, çagalaryň özerkli işini we dürli jemgyýet ähmiýetli işleri meýilleşdirmekde, amal etmekde we netijelerini seljermekde çaga işjeň orun eýelemegine mümkinçilik döredýän görnüşde guramagy talap edýär.

Bu babatda okuwçylaryň jemgyýetçilik-guramaçylyk işi uly ähmiýete eýedir. Jemgyýetçilik ähmiýetli işiň tölegsiz zähmet ýaly şahsyýetiň ahlak ulgamyny kemala getirmek üçin gös-göni «açyk» görnüşlerinden tapawutlylykda, jemgyýetçilik-guramaçylyk işiň psihologiýa üçin aýratyn ähmiýeti bardyr. Ol çaganyň kemala gelýän şahsyýeti üçin «men we jemgyýet», «men we beýleki adamlar» ulgamynda işjeňleşen, ýitileşen situasiýany – ýagdaýy döredýär. Ol, bir tarapdan, işiň jemgyýet üçin ýerine ýetirilmegini nazarlasa, ikinji tarapdan, okuwçyny onuň üstünlige, özüni görkezmeklige ymtylyşy,

* *Леонтьев А.Н.* Деятельность. Сознание. Личность. – М., 1975, с. 210.

bellibir derejede kanagatlandyrylýan orunda goýýar. Situasiýanyň işjeňleşen, ýitileşenliginiň manysy bu ýerde işiň hemmeler üçin bolýandygy, hususy «meniň» möçberlenýändigi bilen baglydyr. Hut şonuň üçin diňe jemgyýetçilik işlerine däl, beýleki adamlara gatnaşyk has göze ilýän häsiýetde bolýar.

Psihologiýada adamyň umumy işe dogry gatnaşygyny kemala getirmegiň bu umumy işde adamlaryň arasynda dogry gatnaşyklary kemala getirmekden bellibir derejede ýeňildigi görkezilendir. Şonuň üçin esasy wezipe diňe bir çagalaryň jemgyýetçilik-guramaçylyk işe gatnaşygynyň häsiýetini ýüze çykarmakdan çäklenmän, bu esasy gatnaşyklary döretmegi, olary modelirlemegi öz içine alýar. Çaganyň gatnaşyklaryny modelirlemek, onuň işjeň durmuş pozisiýasyny kemala getirmeklik jemgyýetçilik talaplary jemgyýetçilik nusga, ideala, özüňi alyp baryş nusgasyna öwürmekde aýratyn ähmiýetlidir. Şeýle öwrülişiň möhüm psihologik mehanizmleriniň biri öýkünmekdir. Beýleki bir mehanizmi çagalar kollektiwiniň köp görnüşli işiniň guralyşynyň prosesinde özüňi alyp baryş kadalaryny maksadagönükdirilmeli girizmek we olaryň amal edilişine gözegçilik etmekdir. Düzgün jemgyýetçilik nusgasy hökmünde düşünilip, düzgünleriň resmiligi däl-de, olaryň çaganyň nusgany özleşdirmäge hususy meýilleriniň ösüşi bilen aýrylmaz baglanyşygy möhümdir. Bu bolsa özleşdirmek üçin işjeň hereketleri talap edär. Okuwçy bu hereketlere laýyk bolan guramaçylyk we gözegçilik serişdeleri bilen ýaraglanan bolmaly. Şeýle serişdeler bolmasa, dürli görnüşdäki sözüsti haýyşnamalar, ýatlatmalar, talaplar, hatda olar çaga tarapyndan kabul edilip, ol olaryň adalatlydygyna düşünen-de bolsa, garaşylýan netijäni bermeýär. Gözegçiligi guramaklyk materialyň maksadagönükdirilmeli guralmagyny, gözegçiligiň punktlaryny ýüze çykarmagy, barlagyň tertibini we yzygiderliligini bellemegi, nusgalary, etalonlary we gözegçiligiň kriterilerini-şertlerini teklip etmegi, etalonlary we kriterileri ulanmagyň tertibini görkezmegi nazarlaýar.

**Terbiýäniň tärleriniň psihologik manysy.** Şeýle tärleriň psihologik manysy, ilkinji nobatda, bu işde çaganyň terbiýe täsiriniň diňe obýekti däl-de, onuň subýekti, köpjähtleýin gatnaşyklaryň işjeň gatnaşyjysy bolýandygy garaýyşdan ugur almaly bolýandygy bilen baglydyr. Şeýle çemeleşme, birinjiden, dürli ýaşdaky çagalaryň ösüşiniň

psihologik aýratynlyklaryny, olaryň indiwidual sypatlaryny nazarlamagy, ikinjiden, okuwçynyň goşulan çaga kollektiwiniň aýratynlyklaryny, kollektiwleýin işiniň häsiýetini we mazmunyny we üçünjiden, terbiýeçilik prosesiniň takyk şertlerini göz öňünde tutmagy talap edýär. Dürli ýaşdaky okuwçylaryň psihologik aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak pedagoglaryň we okuwçylaryň bitewi kollektiwini döretmäge, terbiýeçilik prosesiniň maksada gönükdirilmeli guralyşynda terbiýelenýänleriň we terbiýeçileriň biri-birine garşy durmagyny ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Ulularyň ikinji synply çaga we altynjy synply ýetginjege hem-de onunjy synply jahyla nädogry bildirýän talaplary netijede çagalaryň degişli böleginiň gulak asmazlygyna, keçjallygyna getirýär. Çagalaryň psihologik aýratynlyklaryny pes derejede nazarlamak bolsa, olarda terbiýe çärelerine içki garşylygy döredýär. Şeýle nazarlanma pedagoglaryň okuwçylaryň özüni alyp barşynyň hakyky motiwlerine düşünmezlikde, ünsi olaryň daşky hereketlerine gönükdirmekde çäklenmeginde ýüze çykýar. Bu hadysany käbir psihologlar «many päsgelçiligi – barýeri» atlandyrýarlar; şeýle päsgelçilik haçanda ulularyň talaplary, hatda adalatly bolsa-da, hakyky mana eýe bolup bilmän, çaga onda başga many görýän ýagdaýynda ýüze çykýar. Çaga bu talaplara özüçe düşünýär we ony özüçe düşündirýär. Munuň sebäbi okuwça ulularyň berýän bahasynyň we onuň şahsyýetini, işini, hereketlerini özüniň bahalandyryşynyň gabat gelmeýändigi bilen bagly bolýar.

Pedagog öz işinde, aýratyn-da, ýetginjeklik ýaşdakylarda, ýaranjaňlygy, «gutulmak üçin» ýalançylygy ýigrenýän çaga bilen iş salyşýar. Ol özüni iň bir ujypsyz zatda aldan adama hiç jähtden ynanmaýar. Bu ýöne bir ýaş aýratynlygy däl-de, jemgyýetçilik terbiýesiniň möhüm gazanmasydyr.

Çagalar öz mugallymlaryny dykgatly synlaýarlar. Kiçi mekdep ýaşly olara okatmak we hoşgylaw bolmak ýaly takyk talaplary bildirýär. Ýetginjek talaby has sowa-abstrakt häsiýetde goýýar: gowy adamlary terbiýelemek we çagalary söýmek. Uly synp okuwçysyny mugallymyň öz dersinden başçykaryjylygy we okuwçylara öz bilim-düşünjelerini geçirip bilmegi, ýagny pedagogik zähmetiň esaslary gyzyklandyrýar.

Pedagogyň çagalar bilen kadaly özara gatnaşyklary guramagy köp derejede okuwçylaryň işini, özüni alyp barşyny bahalandyrmagyň, höweslendirme we temmi bermegiň dogry usullaryna köp derejede bagly bolýar. Ahlak hereketini höweslendirmek çaganyň özüni alyp barşynyň gowy taraplaryny berkitmäge kömek edýär, beýleki çagalaryň öýkünmegi üçin görelde bolýar. Ýöne, şeýle hereketleriň ýygy-ýygydan höweslendirilmegi badyhowalyk, ulumsylyk, öz güýç-goruň, mümkinçilikleriň barada ýokary pikirde bolmak ýaly oňyn däl sypatlary döredip bilýär. Göni we yzygider öwgi okuwçyda ýoldaşlaryna, beýleki adamlara, jemgyýetiň bähbidine gönükdirilen iş-hereketleriniň özünden däl-de, sylag almakdan kanagat almaga ýykgynlylygy döredýär. Bu ýerde işiň motiwi kem-kemden oňyn däl gönükdirilme alýar. Meselem, ulanylmaýan kagyzlary (makulatura) ýygnaýan, garrylara kömek edýän kiçi mekdep ýaşly okuwçy bu işi öz ynanjy we islegi boýunça däl-de, minnetdarlyk almak üçin edýär; «keseki» mama kömek bermegiň göze ilýändigini we höweslendirmä mynasyp bolýandygyny aňşyrýan şeýle çaga kömek üçin öz mamasyny däl-de, özge garryny saýlaýar. Öz mamasyna kömekleşmegi ol jemgyýete peýdaly iş hasaplamaýar.

Şol bir wagtda makullanylma, oňyn baha çagalarda täze hyjuw, öz-özüňi kämilleşdirmäge ymtylma döredýär. Ýöne makullanylma, höweslendirme diňe aýry-aýry işe degişlilikde berilmeli däldir. Meselem, kähalatlarda okuwçylar diňe oňat okuwy üçin höweslendirilip, olaryň jemgyýete peýdaly iş, sport, dürli döredijilik işler ugrundaky üstünlikleri ünssüz galdyrylýar.

Gurşawdakylaryň, ilkinji nobatda, ulularyň bahasy hem-de öz hususy işiniň netijelerini bahalandyrmagyň binýadynda çagalarda öz-özüňi bahalandyrma döräp, ol uly ýetginjeklerde we jahyllarda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Öz-özüňi bahalandyrma şahsyýetiň kemala gelşiniň möhüm faktory, çaganyň özüni alyp barşynyň dolandyryjysydyr. Öz-özüňi bahalandyrmanyň ösýän şahsyýetde takyk, çaganyň bellibir ýumuşlary çözmek ukybyna esaslanýan bolmagy zerurdyr. Şeýle öz-özüňi bahalandyrma öz güýjüňi we mümkinçilikleriňi tankydy bahalandyrmaga, öz-özüňi terbiýelemegi guramaga ýardam edýär.

Okuwçynyň özünde şahsyýetiň ahlak häsiýetlerini kemala getirmek, öz hereketleriňe zerur düzedişler girizmek mazmunda bolýan

öz-özüňi terbiýelemek işi pedagoglar tarapyndan göni we çaga kollektiwiniň üsti bilen guralmalydyr. Okuwçylarda öz güýjüňe we mümkinçilikleriňe ynanmagyň ösüşini gönükdirýän öz-özüňi terbiýelemek işi mekdep terbiýesi ulgamynyň möhüm düzüm bölegidir. Öz real mümkinçilikleriňi aşa ýa-da kemter bahalandyrmaklyk okuwçyda nätakyk öz-özüňi bahalandyrmany döredip, ol bolsa ahlaklygyň ösüşine päsgel berýär.

Pedagogyň okuwçynyň üstünlige ymtylyş derejesini kemala getirýän, özüni alyp barşyna düzediş girizýän öz-özüni bahalandyrmasynyň häsiýetinden ugur almagy zerurdyr. Şeýle ymtylyşyň nätakyklygy ýetginjekde we uly synp okuwçysynda özüňi ykrar etdirmek, durmuşda, jemgyýetde öz ornuňy tapmak, sosial pozisiýaňy berkitmek ýaly möhüm islegiň kanagatlandyrylmazlygyna getirýär. Bu islegiň kanagatlandyrylmagy bolsa gurşawdaky ýoldaşlaryň we ulularyň degişli gatnaşygy, olaryň okuwçynyň potensial güýçlerini, onuň şahsy sypatlaryny bahalandyrmagy arkaly üpjün edilýär. Şonuň üçin çaga degişlilikde dürli ýazgaryş, temmi çärelerini ulanmaklyk aýratyn pedagogik salyhatlygy (takty) talap edýär. Hiç hili, hatda iň bir güýçli temmi çäreleri-de adamlaryň şahsy mertebesini peseltmeli däldir. Hiç bir temmi, şonuň ýaly-da höweslendirme eger-de obýektiw däl, çaganyň şahsyýetine hormat bilen utgaşmaýan, çaga kollektiwiniň jemgyýetçilik pikirinde goldanylmaýan bolsa, ol garaşylýan netijäni bermeýär. Ýöne şeýle ýagdaýda çaganyň ahlak hereketi ahlaksyz hereketi etmekden gorkmak meýlinde amal etmegine ýol berilmeli däldir. Okuwçynyň özüni alyp barşynyň kollektiwiň özüni alyp barşy we onuň jemgyýetçilik pikiri bilen sazlaşyklylygy gazanylmalydyr.

Çagalaryň özüni alyp barşyny maksadagönükdirilmeli guralan terbiýe ulgamy arkaly kemala getirmek we düzetmek boýunça hemişelik işi temmi bilen çalşyrmaklyk pedagogik şowa körlükdir.

Terbiýeçilik işiniň netijeliliginiň kriterisi – şerti çagalaryň özüni alyp barşynyň amalyýetidir. Bu amalyýeti bahalandyrmakda kesgitleýji zat çäreleri geçirmek, olaryň häsiýeti, hatda okuwçylaryň olara gatnaşmagy hem däl-de, anyk işde döreýän gatnaşyklardyr. Şonuň üçin terbiýeçilik täsir ediş usullarynyň ulgamynda merkezi orun çagalarda biziň jemgyýetimiziň ahlak kadalaryna laýyk köpdürli gatnaşyklaryny döredýän köpugurly işi gurmaklyga degişlidir. Elbetde,

okuwçynyň şahsyýetini real kemala getirmeklik terbiýeçilik täsiriniň göni we aralaşdyrylan dürli usullarynyň ulgamy arkaly amala aşyrylýar. Olaryň arasynda indiwidual (ýekebara) we kollektiwleýin ahlak söhbetleri, leksiýalar, çekişmeler, görüjiler we okaýanlar konferensiýalary ýaly ahlak gözükdirme tärleri we beýleki usullar esasy orun tutýar; bular okuwçyda ahlak sowallaryny goýmak we çözmek, olar barada öz pikiriňi aýtmak, ýoldaşlaryň ahlak pikir ýöretmeleri bilen gyzyklanmak we ş. m. ýaly meýilleri döredýär. Ýöne şahsyýetiň ahlak sypatlarynyň kemala gelmegine jemgyýete peýdaly işiň dürli görnüşlerini guramagyň psihologik täsiri has ýokarydyr. Şonuň üçin jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň görnüşlerini öwretmek, ahlak endiklerini döretmek we ş. m. usullary aýratyn ünslüligi talap edýär.

Çagalary ahlak özüňi alyp barşa endik etdirýän, jemgyýetçilik işjeňligini, jogapkärçiligi we okuwçynyň şahsyýetiniň beýleki möhüm sypatlaryny kemala getirmek üçin hereketleriň gaýtalanmagyny üpjün edýän ýörite pedagogik situasiýalary guramak maksadalaýykdyr. Olaryň hatarynda okuwçylarda jemgyýete islendik zerur işe gatnaşmaga ahlak taýýarlygyny terbiýelemek aýratyn orun eýeleýär. Halkyň zähmetine işjeň gatnaşmaga ymtylma, adamlara peýda getirmek islegine, zähmetsöýerlige daýanmak bilen hünäri aňly-düşünjeli saýlamagy, saýlawyň netijesi üçin öz öňüňde, jemgyýetiň öňünde jogapkärçiligi döretmegi nazarlaýar.

Eýýäm mekdebe çenli ýaş döwründe çagada işiň ol ýa-da beýleki görnüşine ymtylma döräp, çaganyň oýnunda ösýär. Kiçi mekdep ýaşla ulularyň işiniň daşky tarapyna gönükdirilen çaga meýilleri häsiýetlidir. Ýetginjek hemişe özüni haýsydyr bir rolda göz öňüne getirip, geljekki hünär işi barada arzuw edýär. Uly synpyň okuwçylary ol ýa-da beýleki hünäri saýlamak bilen çäklenmän, durmuş meýilnamalaryny nazarlaýar, özüniň zähmetdäki, sosial durmuş prosesindäki ornuny real kesgitleýär. Hünäre ugrukdyrma boýunça işiň maksadagönükdirilmeli guralyşy pedagoglardan hünärleri wagyz etmek, olaryň roly we ähmiýeti barada maglumat bermek bilen çäklenmän, okuwçylaryň jemgyýete peýdaly zähmetini işjeň guramagy talap edýär.

Terbiýe prosesini guramakda pedagoglar dürli mekdep ýaşly çagalara tapawutlandyryşly çemeleşmäge ymtylýar. Ýokarda görkezilişi ýaly, çaganyň psihiki ösüşiniň her bir ýaş tapgyry çaganyň şahsyýe-

tiniň kemala gelşiniň esasyny düzýän esasy iş bilen baglydyr. Esasy işiň mazmunynyň özgermegi çaganyň ösüşiniň sosial-taryhy şertlerine garaşlydyr. Çagalaryň psihologik aýratynlyklarynyň hut özüniň özgerýänligi bilen baglylykda, umumy manyda düşünilýän çaganyň däl-de, biziň garaşsyz ýurdumyzda ýaşaýan häzirki zaman çagasynyň psihiki ösüşiniň kanunalaýyklyklary nazarlanylmalydyr. Başga bir tarapdan, häzirki zaman çagalygynyň ýaş tapgyrlaryna häsiýetli bolan esasy işleriň mazmunyny bilmek möhümdir. Çagalaryň terbiýe ulgamyny esaslandyrmakda okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işini kemala getirmegiň aýratynlygyny we çaga kollektiwiniň üsti bilen bu işiň terbiýeçilik täsirini guramagyň ýollaryny bilmek aýratyn ähmiýetlidir.

# IX BAP
# MUGALLYMYŇ PSIHOLOGIÝASY

«Mugallymçylyk käriniň at-abraýyny we mertebesini hemişe belentde götermek, şol bir wagtda-da, mugallymlarda öz hünär ussatlygyny we bilim derejesini ýokarlandyrmaga bolan uly islegi we höwesi döretmek biziň borjumyzdyr» diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow belleýär.*

Mugallymyň psihologiýasy özüniň alyp barýan pedagogik işinde ýüze çykýar, kemala gelýär we özgerýär. Pedagogik iş bu jemgyýetiň uly agzalarynyň işi bolup, onuň hünär maksady ösüp gelýän nesli terbiýelemekdir. Oňa guramaçylygyň özboluşly formasy, mazmun we alnyp baryş usullary mahsusdyr.

Pedagogik işiň düzüjileri hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar: işiň maksady (jemgyýetiň agzasyny terbiýelemek); işiň subýekti (mugallym), işiň obýekti (okuwçy); hereketleriň we operasiýalaryň toplumy hökmünde işiň özi (aýry-aýry bilim beriş, okadylyş, ösdüriş we terbiýeleýiş täsirleri); işiň serişdesi (mekdepde terbiýäniň we okatmagyň formalary we görnüşleri); işiň şertleri (umumy şertler – ösüp gelýän nesle jemgyýetiň ünsi, ählumumy hökmany orta bilim we ş. m. we bölekleýin şertler – mekdepde okuw-terbiýeçilik prosesiň maddy üpjünçiligi, pedagogik kollektiwiň jebislilik derejesi, başçykaryjylykly ýolbaşçylygyň, kömegiň bolmagy we ş. m.); işiň netijesi (okuwçynyň şahsyýetiniň kemala getirilen häsiýetleri we sypatlary).

Pedagogik iş pedagogika ylmynyň dürli pudaklarynyň derňew obýektidir. Meselem, didaktika pedagogik işiň düzüm bölegi hökmünde okatmagyň umumy kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Bölekleýin usullar takyk dersleri okatmagyň has netijeli tärlerini esaslandyrýar. Terbiýe taglymaty mugallymyň okuwça terbiýeçilik täsiriniň düzgünlerini we kanunalaýyklyklaryny ýüze çykarýar. Mekdebi öwreniş mugallymyň zähmetiniň guralyşyny öwrenýär.

Eýsem pedagogik işiň hususy psihologik jäheti nämeden ybarat?

Pedagogik işiň psihologiýasy mugallymyň zähmetiniň psihologik kanunalaýyklyklaryny we mugallymyň jemgyýetiň goýýan maksatlaryny we pedagogik işiň ulgamyny nähili kabul edýändigini,

---

* *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A., 2014, 103 s.

özgerdýändigini hem-de amal edýändigini, takyk şertlere baglylykda öz işiniň wezipeleriniň, formalarynyň we usullarynyň derwaýyslygyny aňlaýandygyny öwrenýän psihologik ylmyň pudagy hökmünde kesgitlemek bolar.

Pedagogik işiň mazmuny we formasy, ilkinji nobatda, jemgyýetde mugallymyň orny we jemgyýetiň mugallyma bildirýän talaplary ýaly sosial faktorlar, soňra bolsa: mugallymy gurşaýan adamlaryň onuň şahsyýetine we işine degişlilikde sosial garaşmalary, pedagogik işiň ulgamynda onuň öz garaşmalary we gönükdirilmeleri mazmundaky sosial-psihologik faktorlar bilen kesgitlenýär.

## IX. 1. Mugallymyň şahsyýetine we işine degişlilikde jemgyýetiň talaplary we sosial garaşmalary

Mugallymyň jemgyýetdäki orny we hyzmaty. Adatça «mugallym» düşünjesi halypa, sapak berýän mazmunda kesgitlenilip, onuň okuwçynyň sosial tejribäni özleşdirmegine we amal etmegine ýolbaşçylyk etmek hem-de adamzadyň toplan bilim-düşünjelerini geçirmek ýaly iki funksiýasy nygtalýar. Mugallymyň bu iki funksiýasy adamzat taryhynyň bütin dowamynda aýgytlaýjy bolupdyr (mugallymyň ornunda hereket eden orta asyr monahlaryna we dünýewi pedagoglaryna). Jemgyýetiň ösmegi we onuň ýaş nesli terbiýelemek ulgamyna bildirýän takyk maksatlary we wezipeleri bilen baglylykda halypalyk we okatmak funksiýalarynyň mazmuny özgeripdir.

Türkmen mugallymynyň orny we funksiýalary garaşsyz jemgyýetiň ösüp gelýän nesle terbiýe bermek işine we okuw-terbiýeçilik işiniň esasy zwenosy bolan umumy orta bilim berýän mekdebe berýän taýsyz ähmiýeti bilen kesgitlenýär. Hormatly Prezidentimiziň adalatly belleýşi ýaly, «Mugallymlarymyzyň döredijilik zähmeti biziň üstünliklerimiziň gözbaşydyr».*

Mekdep bu ösüp gelýän nesli terbiýelemegi amala aşyrýan esasy döwlet okuw-terbiýeçilik edarasydyr. Mekdebiň öňünde jemgyýet tarapyndan kesgitlenýän takyk wezipeler durýar: okuwçylary bilim, başarnyk we endikleriň ulgamy bilen ýaraglandyrmak, olarda milli dünýägaraýşy we ahlaklylygy, jemgyýetçilik özüňi alyp barşyň belli-

* *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A., 2014, 116 s.

bir endiklerini kemala getirmek. Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetiň okuwa bildirýän talaplary ýokarlanýar. Bu çagalary jemgyýetdäki durmuş üçin taýýarlamagyň talaplarynyň ýokarlanmagy bilen baglydyr. Täze adamy, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmek, garaşsyz jemgyýetiň durmuş keşbini kämilleşdirmek ýaly maksatnamalaýyn wezipeleri çözmekde mekdebe möhüm orun degişlidir.

Okuwçylary terbiýelemek prosesinde mekdep mekdepden daşary täsirleriň düýpli bäsleşigi bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Bu ýagdaý çagalaryň awtonomiýasynyň artýandygy, olaryň bir wagtda goşulýan toparlarynyň we kollektiwleriniň köpsanlylygy, şäher şertlerinde çaganyň bellibir derejede «anonim» (ady-soly bilinmeýän) ýaşamak mümkinçiligi, jemgyýetiň ýaş nesli terbiýelemek bilen meşgul bolýan institutlarynyň köpelmegi bilen düşündirilýär. Ýöne hiç bir sosial institut okuw-terbiýeçilik işini okatmagyň we terbiýäniň döwlet Maksatnamasy esasynda ulgamlaşdyrylan häsiýetde guramak ukyby boýunça mekdep bilen bäsleşip bilmeýär. Bu ýerde aýgytlaýjy orun mugallyma degişlidir.

Häzirki zaman mekdebinde mugallym birnäçe funksiýalary ýerine ýetirýär. Mugallym synpda okuw işini guraýjydyr. Ol okuwçylar üçin sapak wagtynda, goşmaça sapaklarda we maslahatlarda (konsultasiýalarda), şeýle-de okuw prosesiniň çäginden daşda hem bilimleriň çeşmesidir. Mugallymlaryň aglaba köpüsi synp ýolbaşçysynyň roluny, terbiýeçilik prosesiniň guramaçysy funksiýasyny ýerine ýetirýär. Okuwçylaryň şahsyýetara gatnaşyklaryny guramak, çaga kollektiwiniň sosial-psihologik mehanizmlerini ulanmak zerurlygy bilen ýüzbe-ýüz bolýandygy üçin häzirki zaman mugallymy şol bir wagtda sosial psiholog bolmalydyr. Pedagogik kollektiwiň agzasy hökmünde mugallym mekdep kollektiwiniň işini guramaga gatnaşýar, ders mugallymlarynyň we synp ýolbaşçylarynyň usuly birleşmelerinde işleýär, mekdebiň partiýa, kärdeşler arkalaşygy guramalarynyň jemgyýetçilik tabşyryklaryny ýerine ýetirýär. Galyberse-de, her bir mugallym okuwçylaryň ata-eneleriniň we jemgyýetçiligiň öňünde leksiýalar, söhbetler geçirmek bilen pedagogik we jemgyýetçilik-syýasy bilimleriň wagyzçysydyr. Jemgyýetiň mugallymyň şahsyýetine bildirýän talaplarynyň hertaraplaýynlygy şeýle köpmazmunly funksiýalaryň ýerliginde düşnükli bolýar.

**Mugallyma bildirilýän talaplar.** Pedagogik iş adamyň zähmetiniň iň bir çylşyrymly ugrudyr. Mugallymyň çözmeli ýumuşlaryndan, onuň jemgyýet üçin möhüm funksiýalaryndan we işiniň çylşyrymlylygyndan ugur alyp, jemgyýet mugallymyň şahsy we hünärmen sypatlaryna ýokary talaplar bildirýär. Mugallymyň şahsy sypatlarynyň has möhümleri aşakdakylardyr:

– ýokary derejede ösen sosial jogapkärçilik duýgusy;

– sypaýylyk, intellektual kämillik we ahlak päkligi, başgaça aýdylanda, jemgyýetiň çagalara ornaşdyrmakçy bolýan ahlak idealyna laýyklygy; özüňe erk etmek, durnuklylyk;

Jemgyýetiň mugallymyň hünär häsiýetnamasyna bildirýän esasy talaplaryny aşakdaky görnüşde kesgitlemek mümkin:

– garaşsyz jemgyýetiň baş ideologiýasyny özleşdirmek;

– umumy giň bilimlilik, bilimleriň dürli ugurlaryndan başçykaryjylyk;

– ýaş aýratynlygy, pedagogik we sosial psihologiýany, pedagogikany, ýaş fiziologiýasyny, mekdep gigiýenasyny çuňňur bilmek;

– okadýan dersini, degişli ylymdaky täze gazanmalary we ösüş ugurlaryny düýpli bilmek;

– okatmagyň we terbiýäniň usulyny ele almak;

– işe söýgi, öz gyzyklanmalaryňy çagalara geçirip bilmek;

– işe döredijilikli gatnaşykda bolmak;

– çagalary tanamak, olaryň içki dünýäsine düşünmek, pedagogik optimizm (ruhubelentlik);

– pedagogik tehnikany (logikany, sözleýşi, aragatnaşygyň aňladyjy serişdelerini) we pedagogik salyhatlylygy (takty) özleşdirmek;

– bilimleri we pedagogik ussatlygy hemişe kämilleşdirmek;

Çagalara söýgi mugallymyň möhüm şahsy we hünärmen sypatydyr, onsuz netijeli pedagogik işi guramak mümkin däldir.

Her bir mugallym bu talaplara ýokary derejede laýyk bolmaga ymtylmalydyr.

Pedagogik işiň prosesinde mugallym, bir tarapdan, çagalary terbiýelemek we jemgyýetiň gönükdirýän maksatlaryny, terbiýäniň mazmunyny, esasy usullaryny we formalaryny amal etmek boýunça jemgyýet tarapyndan hukuklandyrylan adam hökmünde hereket

edýär. Özüniň bu rolunda ol terbiýäniň ynsanperwer, jemgyýetiň esasy ideologiýasyna laýyk we netijeli bolmagyny köp derejede gazanýar. Türkmen jemgyýetinde ýokary jebisligi, agzybirligi, maksadaokgunlygy şertlendirýän terbiýe ulgamynyň bolmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Başga bir tarapdan, mugallym pedagogik işde indiwiduallyk hökmünde çykyş edýär (onuň bu häsiýetnamasy onuň çäkli hünärmen häsiýetnamasyndan has möçberlidir). Indiwiduallygyny ýüze çykarmakda mugallymyň jemgyýetiň özünden garaşýan ýokary derejesinde hemişe bolmazlygy-da mümkindir. Şunuň bilen baglylykda, geljekki mugallymlary özleriniň çylşyrymly funksiýalaryny amal etmegine psihologik-pedagogik taýýarlamak meselesi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

**Mugallyma degişlilikde sosial garaşmalar.** Tutuş jemgyýetiň bildirýän talaplary bilen bir hatarda, mugallym öz işinde ýakyn gurşawyň: mekdebiň administrasiýasynyň, kärdeşleriniň, okuwçylaryň, olaryň ata-eneleriniň özüne gönükdirýän garaşmalaryny nazarlamaly bolýar. Mugallymyň öz işinden özüniň nämä garaşýandygy hem ähmiýetlidir. Bu garaşmalar özüniň esasy mazmynynda jemgyýetiň mugallyma bildirýän talaplary bilen gabatlaşýan hem bolsa, olaryň öz aýratynlyklary bolýar we biri-birine ähli jähtde laýyk gelmeýär. Meselem, olar käbir halatlarda, hatda bilim beriş organlarynyň işgärlerinde we mekdebiň administrasiaýasynda gabat gelmän bilýär. Derňewleriň görkezişine görä, etrap bilim bölüminiň müdirleri (EBB) we mekdep müdirleri mugallymyň aýry-aýry sypatlarynyň ähmiýetini başgaça kesgitleýärler. EBB-niň müdirleri mugallymdan, ilkinji nobatda, onuň dersi we ony okatmagyň usulyny bilmegine garaşsalar, mekdep müdirleri bu häsiýetnamany diňe üçünji orunda goýýarlar. Şol bir wagtda EBB-niň müdirleri mugallymyň okuwçylar, olaryň ata-eneleri, kärdeşleri bilen aragatnaşykda bolmak başarnygyna onçakly ähmiýet bermeýän bolsa, mekdep müdirleri bu başarnygy mugallyma bildirilýän talaplaryň hatarynda birinji orunda goýýarlar.

Sosial garaşmalar aýratyn indiwidiň aňyna we özüni alyp barşyna bagly däldir (takyk mekdep müdirine ýa-da EBB-niň müdirine). Onuň göterijisi tutuşlygyna bellibir sosial topardyr (bu, elbetde, her bir takyk indiwidiň öz toparynyň sosial garaşmalaryna

täsir etmeýändigini aňlatmaýar). Sosial garaşmalar mugallyma degişlilikde ony gurşaýan adamlaryň dürli toparlarynda köpsanly faktorlaryň täsirinde döredýär. Tutuş jemgyýetiň talaplary bilen kesgitlenilip, sosial garaşmalar şähere ýa-da oba, halkyň dürli hünär we ýaş gatlaklaryna mahsus medeni däpleriň elementlerini özünde saklaýar. Sosial garaşmalarda kähalatlarda, käbir adatlar we oňyn däl düşünjeler şöhlelenip bilýär. Sosial garaşmalar şahssyzdyr: olar takyk mugallyma däl-de, bu orny eýeleýän islendik adama, umuman, mugallyma gönükdirilýär. Şonuň üçin olar ulgamlaýyn we jemleýji häsiýetdedir.

Meselem, okuwçylaryň ata-eneleri takyk mugallymyň iş stažyna we ýaşyna garaşsyz, mugallymlardan terbiýede we okatmakda ussatlyga garaşýarlar. Okuwçylar mugallymlary sypatlaryň üç topary boýunça häsiýetlendirýärler: aragatnaşyk bilen bagly sypatlar (mugallym rehimli, adalatly, dogruçyl, çagalary söýýän bolmaly); daşky keşbiň we özüňi alyp barşyň durkunyň sypatlary (duýgur, talapkär); okatmak prosesi bilen bagly sypatlar (öz dersiňi bilmek, ony düşündirmegi başarmak).

Aýry-aýry toparlaryň sosial garaşmalary olary mugallymlaryň bahalandyryşy bilen gabat gelmän bilýär. Meselem, birnäçe pedagogik kollektiwlerde geçirilen ýörite derňewler pedagoglaryň mugallymyň etalon (nusga) keşbi baradaky düşünjeleriniň kärdeşleriniň «ideal» diýip bahalandyrýan mugallymlary bilen gabat gelmeýändigini görkezdi. Az sanly gabatlaşmalar diýäýmeseň, synag edilýänleriň hiç birinde etalon bilen kärdeşleriň «ideala» golaý hasaplanýan mugallymynyň hakyky kriterisiniň arasynda ähmiýetli baglanyşyk bolmandyr.

Terbiýe prosesiniň netijeliligine bildirilýän talaplaryň ýokarlandygyça, mugallymyň şahsyýetine we işine gönükdirilýän sosial garaşmalar hem artýar. Mugallymdan onuň terbiýede şäherleşme (urbanizasiýa), akselerasiýa hadysalary bilen baglylykda ýüze çykýan kynçylyklary ýeňip geçmegine garaşylýar.

Jemgyýetiň talaplary, dürli sosial garaşmalar, pedagogyň indiwiduallygy, onuň bu talaplara jogap bermäge subýektiw taýýarlygy öz bitewüliginde takyk mugallymyň pedagogik işiniň nämeden emele gelýändigini kesgitleýär.

## IX. 2. Mugallym pedagogik işiň subýekti hökmünde

**Mugallym okuwçylaryň durmuşyny we okuw işini guraýjy hökmünde.** Okatmagyň we terbiýäniň maksatlaryndan we wezipelerinden gelip çykýan okuwçylaryň okuw işiniň mazmuny, dersler boýunça okuw meýilnamasy, maksatnamasy we umumy orta bilim berýän mekdepdäki terbiýäniň mazmuny arkaly kesgitlenýär. Okuw we terbiýeçilik işiniň esasy ugurlary, ony guramagyň formalary we usullary barada pedagogika dersinde berilýär. Pedagogik psihologiýa mugallymyň okuwçynyň okuw işiniň guralyşynyň mazmunyny we formasyny saýlaýşynyň psihologik jähtini, onuň guralyş prosesinde mugallymyň rolunyň psihologik manysyny seljerýär.

Takyk synpda okuw we okuwdan daşary işi guramagyň mazmunyny, formasyny saýlamak bilen mugallym, birinjiden, olaryň terbiýäniň maksadyna ýetmäge näderejede kömek edýändigini nazarlamalydyr. Ikinjiden, kollektiwiň durmuşynyň mazmunynyň, pedagogik nukdaýnazardan näderejede okuwçylara öz isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýändigini anyklamalydyr. Bu ýerde okuwçylarda diňe bir dürli sosial gymmatly islegleri kemala getirmek möhüm bolman, okuwçylarda eýýäm bar, akyl ýetirişe, üstünlige, aragatnaşyga gönükdirilen sosial gymmatly islegler göz öňünde tutulmalydyr; şeýle islegleri ulanmaly we kollektiwiň okuw we terbiýe işinde bu islegleriň amal edilmegi üçin mümkinçilikleri döredip, olaryň esasynda beýleki birnäçe islegler kemala getirilmelidir. Okuwçylaryň barybir özünde bar bolan islegleri amal etjekdigi görnüp durka, bu islegleriň jemgyýete ähmiýetsiz formalarda kanagatlandyrylmagynyň öňi alynmalydyr. Üçünjiden, kollektiwiň işiniň okuwçylara özleri üçin möhüm bolan meseleleri (meselem, öz-özüňi aňlamak, öz ornuňy kesgitlemek, özüňi ykrar etdirmek we ş. m.) çözmäge mümkinçilik döretmegi zerurdyr. Dördünjiden, kollektiwiň işiniň guralyşynyň okuwçylar üçin näderejede sosial jähtden ýakymlydygy seljerilmelidir. Şeýle ýakymlylygy döretmegiň pedagogik jähtden oňaýly usullarynyň biri-de, jemgyýete peýdaly meseleleriň çözülişini ýaşlaryň hyjuwlaryna laýyk gelýän işleriň amal edilişi bilen utgaşdyrmakdyr.

Okuwçylaryň okuw we okuwdan daşary işi terbiýe jähtden haçanda onuň guralyşynyň formasynyň psihologik manysy birleşdiriji

häsiýete eýe bolanda netijeli bolýar; başgaça aýdylanda, işiň amal edilmegi üçin kollektiwiň agzalarynyň tagallalaryny birleşdirmegi talap edýär.

Okuwçylaryň iş-durmuşynyň terbiýe jähtden netijeliligini gazanmagyň ýene-de bir şerti kollektiwdäki işiň sosial-ugrukdyryjy häsiýetiniň bolmagydyr. Bu iş okuwçylaryň dünýäni kabul edişini giňeldip, olaryň sosial barlygyň dürli taraplaryna, ynsan gatnaşyklaryna akyl ýetirmegine we iň esasysy, okuwçylara dünýäde öz ornuny kesgitlemäge ýardam etmelidir. Şeýle kesgitleniliş hem hünär jähtden, hem-de şu günki we geljekki durmuşyň indiwidual stilini kemala getirmek nukdaýdan esaslandyrylmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, okuw we okuwdan daşary işiň mazmunynyň problemalaýyn, degişli ýaşdaky şahsyýetiniň döreýiş aýratynlygyndan gelip çykýan sowallar bilen doldurylan bolmagy zerurdyr. Bu iş dünýägaraýyş meselelerini goýmaly, olaryň ýüze çykmagyny gazanmaly, okuwçylaryň olary çözmegine ýardam etmelidir. Okuwçylaryň aragatnaşygynda çekişmeli pursatlar aýratyn rol oýnaýandygy üçin olary mümkingadar okuw we okuwdan daşary prosesde, mugallymlaryň okuwçylar bilen resmi däl özara gatnaşygynda hem döretmeli we ulanmalydyr.

Bu, haçanda, okuwçylaryň kollektiwiniň ähli durmuşy maglumat (informasiýa) jähtden doly bolanda mümkindir. Okuw-terbiýeçilik işini okuwçylaryň gözýetiminde sosial-syýasy, ylmy-tehniki, filosofik – etiki we beýleki häsiýetdäki maglumatlaryň köpsanly ulgamy bolar ýaly görnüşde guramak zerurdyr. Okuwçylaryň aragatnaşygy maksimal derejede «maglumat beriji» we minimal derejede «maglumat gohy» görnüşinde bolmalydyr.

Kollektiwiň işiniň netijeliliginiň möhüm psihologik şerti onuň işleriniň, aýratyn-da, esasy işleriniň jemgyýet gönükdirilmeli bolmagydyr. Bu şert haçanda mugallym çagalaryň durmuşyny, synp kollektiwiniň işini okuwçylarda işjeň durmuş ornuny, raýat sypatlaryny terbiýelemäge gönükdirip guranda has üstünlikli amala aşyrylýar.

Okuwçylaryň jemgyýete peýdaly işini guramakda olara indiwidual we toparlaýyn tabşyryklaryň berilmegi has ähmiýetlidir. Ýetginjeklik we jahyllyk ýaşynyň psihologik aýratynlyklaryny nazarlap, olara kollektiwleýin tabşyryklary bermek maksadalaýykdyr. Kollektiwleýin tabşyrygyň täsirli görnüşleriniň biri dürli görnüşdäki mekdep

muzeýlerini döretmek işidir. Üstesine-de, şeýle tabşyryklary ýerine ýetirmek köpsanly kollektiwleýin we indiwidual tabşyryklary (materiallary toplamak, muzeýi bezemek we ş. m.) hem-de okuwçylaryň özbaşdaklygynyň ýüze çykmagyny göz öňünde tutýar.

Okuwçylaryň özerkli işiniň ösmegi, kollektiwiň işiniň netijeliliginiň zerur psihologik şertleriniň biri hökmünde mugallymdan öz-özüni dolandyryş organlaryna üns bermek, özüniň ýolbaşçylygyny okuwçylarda özbaşdaklygy, jogapkärçiligi kemala getirmek, öz funksiýalaryny netijeli ýerine ýetirmek başarnyklaryny talap edýär.

Islendik iş guralanda resmi topar bolan synpyň içindäki resmi däl, özara sulhy alyşýan, dostlaşýan okuwçylaryň toparlary hem nazarlanylmalydyr. Mugallym bu toparlary birleşdirip, olaryň aýratynlyklaryny, gönükdirilmelerini, höweslerini, başarnyklaryny we ş. m. ulanmalydyr. Işi guramakda we amal etmekde funksiýalaryň paýlanylyşynda bu aýratynlyklaryň nazarlanylmagy işiň netijeliligini köp derejede ýokarlandyrýar. Meselem, kollektiwleýin gönükdirilmesi bolan, synpda at-abraýdan peýdalanýan çagalar bellibir çäräni taýýarlamaga we amala aşyrmaga ýolbaşçylygy öz üstüne alýar. Haýsydyr bir özboluşly höwesleri bolan topar tutuş kollektiw üçin belli işiň başlangyjyny goýujysy we guramaçysy bolup bilýär.

Okuwçylaryň topar içindäki şahsyýetara gatnaşyklaryny nazarlamak bilen mugallym iki maksady gazanýar: topar agzalaryny kollektiwleýin durmuşa goşýar we toparyň hut öz durmuşyna täsir edýär. A.S.Makarenko bu ýagdaýyň kollektiwiň iş-durmuşyny guramakdaky roluna uly ähmiýet berýär. Ol öňki terbiýelemesi kyn, hukuk bozujy ýetginjeklerden guraýan kollektiwlerinde çagalaryň dostlukly we dartgynly özara gatnaşyklaryny, gylyk-häsiýetlerini, ymtylmalaryny we çetde durmaga ýykgynlyklaryny nazarlamak bilen sagdyn kollektiwi döretmegi başarypdyr.

Özleriniň özara dostlukda bolýan çagalarynyň toparyna daýanyp, okuwçylar guramaçylyk funksiýalaryny has netijeli guraýarlar we islendik işi diňe bir bu toparyň çäginde däl, eýsem onuň çäginden daşda hem amal edip bilýärler.

Mugallymyň okuwçylaryň okuw we okuwdan daşary işini guramagyň mazmunyny we formasyny seçmeginiň psihologik jähtiniň esasy pursatlary şulardan ybaratdyr.

Indi okuwçylaryň durmuşyny we işini guramak prosesinde mugallymyň rolunyň psihologik manysyna seredeliň. Okuwçylary okuw we okuwdan daşary prosesde guramakda mugallym olar bilen hemişe özara täsirde bolýar. Mugallym okuwçylar bilen aragatnaşygynda diňe bir sosial funksiýalary göteriji däl-de, pedagogik işiň düzüm bölegi bolýan takyk şahsyýet hökmünde çykyş edýär. Onuň okuwçylar bilen aragatnaşygy terbiýe prosesini dolandyrmagyň özboluşly kanaly görnüşinde bolup, onuň iki esasy funksiýasy bardyr: maglumat – informasiýa we birleşdiriji – öwez dolma. Maglumat bu ýerde iki ugur boýunça gidýär: dolandyryşyň subýektinden (mugallymdan) dolandyryşyň obýektine (okuwçylara) we tersine – obýektden subýekte. Göni şahsyýetara gatnaşykda mugallym terbiýelenýänler, tutuş kollektiw, ondaky içki prosesler we ş. m. barada dürli maglumatlary alýar. Öz gezeginde, mugallym aragatnaşyk prosesinde öz terbiýeleýän çagalaryna maksadagönükdirilen we okuwçylara ýüzugra ýüzlenmeleriniň ýerligi görnüşdäki köpsanly maglumatlary geçirýär.

Aragatnaşygyň üsti bilen mugallym okuwçynyň şahsyýeti barada aýratyn ähmiýetli maglumaty alýar. Göni aragatnaşyk şahsyýeti dürli şertlerde we ýüze çykmalarynda öwrenmäge mümkinçilik berýär. Ol şahsyýetiň diňe bir has aýdyň göze ilýän daşky hereket nusgalaryny däl, eýsem ownuk, sudur alamatlaryny-da ýüze çykamaga mümkinçilik berýär. Soňkular şahsyýete düşünmek üçin örän ähmiýetli bolan içki prosesleriň ýüze çykyş alamatlary bolup bilýär.

Aragatnaşygyň maglumat tarapy mugallyma kollektiwdäki ýa-da aýry-aýry okuwçylardaky haýsydyr bir hadysany ösüşde öwrenmek, bolup geçýän hadysalaryň sebäp-netije baglanyşyklaryny ýüze çykarmak, olaryň döreýşini, hereketlenişini we ösüşini yzarlamak zerur bolanda hem ähmiýetlidir. Ýöne aragatnaşygyň kanalynda hiç bir manysyz «maglumat gohlary» hem bolup bilýär. Habaryň maglumat berip bilijiligi, ilkinji nobatda, mugallym bilen okuwçylaryň arasyndaky emele gelen gatnaşyklara baglydyr. Mugallymyň şahsyýeti hem uly rol oýnaýar.

Şol bir hadysany dürli adamlaryň dürli hili görşi şahsyýetiň öňki tejribesine bagly bolýar; bu tejribäniň üç ugruny bellemek ýerliklidir: 1) umuman, durmuş tejribesi, 2) pedagogik işiň tejribesi we 3) takyk kollektiw, takyk okuwçylar bilen aragatnaşyk tejribesi.

Alnan maglumatyň kabul edilişi we bahalandyrylyşy, onuň hakykata laýyklygy, bir tarapdan, mugallymyň aragatnaşyk tejribesine (onuň baýlygyna we ulgamlaşdyrylyş derejesine), onuň şahsy sypatlaryna baglydyr. Başga bir tarapdan, pedagogik iş adamy özüniň ýüzbe-ýüz bolýan hadysalaryny seljermek we jemlemek tejribesi bilen baýlaşdyrýar. Bu onuň garşydaşynyň ýagdaýyna dogry düşünmek ukybyny ýokarlandyrýar. Galyberse-de, (bu, aýratyn-da, pedagogik işde ýüze çykýar) mugallymyň okuwçylar bilen gündelik aragatnaşykda bolmagy onuň dürli ýagdaýlarda çagalaryň hereketleriniň çuň manysyny we hakyky motiwasiýasyny aňşyrmagyna getirýär. Bu babatda S.L.Rubinşteýn şeýle belleýär: «Gündelik durmuşda adamlar bilen aragatnaşykda bolanymyzda biz olaryň özüni alyp barşyndan ugrukma alýarys; biz ony göýä «okaýarys», ýagny onuň daşky alamatlarynyň manysyny ýüze çykarýarys we şeýle usulda alynýan tekstiň mazmunyny öz içki psihologik jähti bolan kontekstde (ýerlikde) açýarys. Gurşawdakylar bilen aragatnaşyk prosesinde bizde olaryň özüni alyp barşyna bellibir derejede awtomatik häsiýetde hereketlenýän psihologik podtekst döreýänligi üçin şeýle «okalyş» ýüzugra geçýär».*

Terbiýäni dolandyrmagyň kanaly hökmünde seredilýän mugallymyň okuwçylar bilen aragatnaşygy birleşdiriji – öwez dolma funksiýasyny hem ýerine ýetirýär. Mälim bolşy ýaly, terbiýe diskret (kesimleýin, sep-sep häsiýetli) hadysadyr. Okuwçynyň goşulýan dürli kollektiwleriniň, oňa degişlilikde terbiýe funksiýasyny ýerine ýetirýän ulularyň, oňa täsir edýän daşky barlygyň köpsanly faktorlarynyň arasynda kesgitli we esaslandyrylan baglanyşyk ýokdur. Her bir okuwça täsirleriň toplumy gönükdirilen bolup, olar diňe pes özara sazlaşyklykda bolmak bilen çäklenmän, eýsem olaryň biri beýlekisine bellibir gapma-garşylykda hem bolup bilýär. Şeýle şertlerde mugallymyň okuwçylar bilen aragatnaşykda bolmagy ol ýa-da beýleki derejede ähli täsirleri birleşdirýär (integrirleýär), bu hatarda ýetmeýän bölekleriň öwezini dolýar, gapma-garşylykly elementlere düzediş girizýär. Terbiýelenýänlere edýän dürli täsirleriň häsiýeti barada mugallymyň habarlylygyna, onuň birleşdirmä (integrirlemä), öwez dolma we düzedişe gönükdirilmesiniň bolmagyna, mugallymyň şahsy

---

* *Рубинштейн С. Л.* Принципы и пути развития психологии. – М., 1959. с. 180.

sypatlaryna, onuň okuwçylar bilen gatnaşyklarynyň we pedagogik ussatlygynyň häsiýetine baglylykda, aragatnaşygyň terbiýäniň dolandyryş kanaly hökmündäki netijeliligi ýokary ýa-da pes bolup biler. Aragatnaşygyň dolandyryşyň kanaly hökmündäki bu funksiýasynyň amala aşyrylyşy: takyk iş – aragatnaşyk – kollektiwdäki gatnaşyklar ulgamynyň çäginde geçýär.

Aragatnaşyk dolandyryşyň kanaly hökmünde mugallymlaryň okuwçylary goşýan işiniň «öňünden» gelýär: aragatnaşygyň üsti bilen işi guramak boýunça görkezme (instruksiýa) berilýär we onuň amala aşyrylyş prosesinde gatnaşyklaryň kadalary girizilýär. Dolandyryş kanaly hökmünde aragatnaşyk okuwçylaryň işini «ugradýar»: aragatnaşygyň üsti bilen mugallym onuň guralyşyny we amal ediliş usulyny düzedýär, okuwçylaryň aýry-aýry toparlarynyň, tutuş kollektiwiň tagallalaryny utgaşdyrýar, işe gatnaşýanlaryň arasynda döreýän gatnaşyklara düzediş girizýär. Galyberse-de, aragatnaşyk dolandyryşyň kanaly hökmünde işiň «yzyndan» gidýär. Bu haçanda işiň netijesi jemlenende, aýry-aýry okuwçylaryň oňa gatnaşyşy bahalandyrylanda, işiň gidiş prosesinde gatnaşyklar seljerilende ýüze çykýar. Şeýle-de, işi we gatnaşyklary dolandyran kadalar seljerilýär we bahalandyrylýar hem-de goşmaça kadalar esaslandyrylýar.

**Mugallymyň we okuwçylaryň özara gatnaşyklary.** Mugallymlaryň okuwçylar bilen özara gatnaşyklary ulularyň terbiýeçilik täsiriniň esasy ýollarynyň biridir. Mugallym, okuwçyny okuw işinde, mekdepde görýändigi, onuň ýoldaşlaryny, dostlaryny bilýändigi üçin, umuman, şeýle özara gatnaşyklary guramaga we goldamaga taýýar bolýar. Bu bir tarapdan, aragatnaşyk üçin uly material berýär. Başga bir tarapdan bolsa, mugallym okuwçy bilen aragatnaşykda onuň durmuşynyň köp taraplaryny nazarlap, okuwça täsir edip bilýär, oňa gündelik durmuşda döreýän meseleleri çözmäge kömek edýär. Bu meseleleriň köpüsi okuw, şahsyýetara gatnaşyklar, jemgyýetçilik işi bilen baglanyşyklykda döreýändigi üçin mugallym beýleki adamlara seredende, olar bilen has tanyş we bu meseleleriň çözülişine degerli kömek edip bilýär.

Ýöne real amalyýetde mugallymyň okuwçylar bilen özara gatnaşyklary hemişe maksadalaýyk bolmaýar. Bu köp derejede ol ýa-da beýleki mugallymyň ýolbaşçylyk stiline (usulyna), ýagny terbiýeçi-

niň okuwçy bilen özara hereket funksiýalaryny amal edişiniň häsiýetli äheňine we usulyna bagly bolýar. Bar bolan derňewleriň esasynda, mugallymyň okuwçylara ýolbaşçylyk edişiniň stiliniň aşakdaky görnüşlerini häsiýetlendirmek bolar.

Ýolbaşçylygyň awtokratik (bir adamyň erkine tabyn) stilinde mugallym synpyň işjeň (aktiw) agzalaryna daýanmazdan, kollektiwi ýekelikde dolandyrýar. Okuwçylara haýsydyr bir meseleleri çözmäge rugsat beýle-de dursun, olara öz pikirlerini aýtmaga, tankydy bellik etmäge, başlangyçlary öňe sürmäge hem mümkinçilik berilmeýär. Mugallym okuwçylara yzygider talaplar goýup, olaryň amal edilişini ýiti gözegçilikde saklaýar.

Awtoritar (bir adamyň dolandyryşynyň aýgytlylygy) stile awtokratik stiliň esasy sypatlary mahsusdyr. Ýöne bu ýerde okuwçylara kollektiwiň durmuşynyň özlerine dahylly meseleleri, sowallary maslahatlaşylanda oňa gatnaşmaga rugsat edilýär. Barybyr çözüliş barada ahyr netijede mugallym öz gönükdirilmesine laýyklykda karara gelýär.

Ýolbaşçylygyň demokratik stilinde mugallym kollektiwe daýanýar, okuwçylaryň özbaşdaklygyny höweslendirýär. Okuwçylar kollektiwiň durmuşynyň meselelerini ara alyp maslahatlaşýar we bellibir karara gelýär. Ýöne gutarnykly çözgüdi mugallym esaslandyrýar ýa-da okuwçylaryň çözgüdini makullamakda çäklenýär. Mugallym okuwçylaryň tankydy belliklerine sabyrlylyk döredýär, olara hem-de okuwçylaryň şahsy meselelerine düşünmäge ymtylýar. Kollektiwiň işini guramakda «deň adamlaryň arasynda birinji» orny eýelemäge çalyşýar.

Ýolbaşçylygyň goşulmazlyk stilinde mugallym okuwçylaryň iş-durmuşyna mümkingadar gatyşmazlyga çalyşýar, borç-wezipesini resmi (formal) amal etmek we administrasiýanyň görkezmelerini berjaý etmekde çäklenip, ýolbaşçylykdan doly diýen ýaly çetleşýär.

Yzygiderliligi ýok stilde mugallym daşky şertlere ýa-da öz emosional-duýgy ýagdaýyna baglylykda ýolbaşçylygyň ýokardaky stilleriniň birini saýlaýar; bu bolsa bulaşyklyga getirýär we mugallymyň okuwçylar bilen özara gatnaşyklar ulgamyny pursatlaýyn hadysa öwürýär.

Ýolbaşçylygyň stili mugallymyň okuwçylar bilen özaragatnaşyklaryň ähli ulgamyna öz täsirini ýetirýär: mugallymyň okuwçylary nähili kabul edýändigine, onuň okuwçylar bilen konfliktleriniň ýy-

gylygyna, çaga kollektiwindäki psihologik klimata we ş. m. Ol, esasan-da, dürli mugallymlaryň okuwçylar bilen aragatnaşygynyň depginine has aýdyň täsir edýär. Geçirilen derňewler, bellibir şertlilikde okuwçylar bilen aragatnaşygynyň depgini boýunça mugallymlaryň dört toparyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Birinji topara çagalar bilen hemişe aragatnaşykda bolýan mugallymlary goşmak mümkin. Bu aragatnaşyk mugallymyň gündelik halypaçylyk wezipeleriniň çäginden has alyslara uzaýar we özüniň ýokary derejeli depgini we ynançlylygy bilen tapawutlanýar. Şeýle mugallymlar seýrek däldir. Olara ýolbaşçylygyň demokratik stili häsiýetli bolýar.

Ikinji topary okuwçylara hormatly gatnaşykda bolýan, olaryň ynanjyndan we hormatyndan peýdalanýan mugallymlar düzýär. Dürli sebäplere görä mugallymlaryň çagalar bilen aragatnaşygy okuw prosesinden daşarda yzygider häsiýetde bolmaýar. Ýöne haçanda, durmuşynda ol ýa-da beýleki kynçylyklar döräp, olary özi sazlap bilmeýän okuwçy şu mugallymyň ýanyna gidýär we aragatnaşyk iň bir aç-açanlyk we ynançly derejede geçýär. Bu toparda hem ýolbaşçylygyň demokratik stili bolan mugallymlar agdyklyk edýär, ýöne az sanly awtoritar stilliler hem bolýar.

Üçünji topara okuwçylar bilen ýakyn aragatnaşykda bolmaga işjeň ymtylýan, ýöne ony gazanyp bilmeýän mugallymlary goşmak mümkin. Bu dürli sebäplere görä bolup bilýär. Birinde muňa wagtyň ýetmezçiligi, beýlekilerde okuwçylaryň olar bilen ynançly aragatnaşyga goşulmak meýliniň ýoklugy sebäp bolýar; bu mugallymlar çagalar bilen aragatnaşygynda ýa-ha diýdimzoryň ornundan hereket etmäge ýykgynlylyk edýär ýa-da özlerine ynanylan syry saklap bilmeýär, ýa-da olary çagalaryň sulhy almaýar. Bu mugallymlaryň arasynda ýolbaşçylygyň awtoritar stili agdyklyk edýän-de bolsa, yzygiderligi ýok we demokratik stiller hem bolýar.

Dördünji toparda okuwçylar bilen aragatnaşygy işewür sowallaryň dar çarçuwasynda çäklenýän mugallymlar goşulýar. Bular, esasan, özlerinde ýolbaşçylygyň awtokratik we goşulmazlyk stilleri bolan mugallymlardyr.

Mugallymlaryň okuwçylar bilen özara gatnaşygy başga bir tarapdan, mugallymlaryň okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny, has takygy,

ýetginjeklere we ýokary synplylara mahsus ululyga ymtylmany nä-derejede nazarlaýandygyna hem baglydyr. Ýetginjeklere we jahyllara özüniň ululygyny mugallymlara ykrar etdirtmek, köplenç, kyn bolýar (aýratyn-da, ýolbaşçylygyň demokratik stili mahsus dällere). Bu bolsa özara ynançly gatnaşyklary döretmekde päsgelçilik döredýär. Eksperimental derňewleriň görkezişine görä, orta we ýokary synplaryň okuwçylarynda ata-eneler we özleriniň haýsydyr bir tarapdan garaşly bolýan uly adamlary bilen aragatnaşykda bolanlarynda olarda gala-goplulygyň derejesi ýokarlanýar (ýagny, ilkinji nobatda, mugallymlar bilen aragatnaşygynda).

Mugallymlardan öz ululygynyň ykrar edilmegini alyp bilmedik okuwçylaryň bir bölegi olar bilen aragatnaşygynda özleriniň hakyky durkuny gizleýärler. Kähalatlarda çagalar mugallymlar bilen olaryň garaşýan, olara ýarajak görnüşde özüni alyp barmaga ymtylýarlar. Şeýlelikde, uýgunlaşmaga ymtylyş we ikiýüzlülik döreýär. Okuwçylaryň beýleki bir topary ulular bilen gatnaşyklarynyň öz şahsyýetiniň haýsydyr bir sypatlaryny we taraplaryny gizlemäge kömek edýän stilini özleşdirýär, «wäşiniň», «nalajedeýin çaganyň» we ş. m. ornuna geçýärler. Bu mugallymyň okuwça täsirini kynlaşdyrýar, okuwçyny tolgundyrýan sowallary çözmäge kömek etmek mümkinçiliginden mahrum edýär.

Okuwçylaryň pikiriçe, mugallymlar bilen gatnaşyklary ynanmazlyk, düşünmezlik, adalatsyzlyk, çydamsyzlyk, gowşak ýa-da ýowuz talabedijilik, gepini gögertjek bolmaklyk, salyhatsyzlyk (taktyň ýoklugy), sözüň we işiň arasyndaky gapma-garşylyk, ýalançylyk, sapak bermekdäki kemçilikler bozýar.

Okuwçylaryň mugallymlar bilen ynançly özara gatnaşyklarynyň döremeginiň hökmany psihologik şerti terbiýeçiniň okuwçynyň şahsyýetini hormatlamagydyr. Şeýle bolmasa, okuwçylaryň we mugallymlaryň arasynda köpsanly konfliktler döreýär. Mugallymlaryň köpüsinde okuwçylar bilen konflikt bolýar (hatda başlangyç synplarda), ýöne agzalalyklar, esasan, ýolbaşçylygyň awtokratik, awtoritar ýa-da yzygiderliligi ýok stilleri bolan mugallymlarda ýüze çykýar. Dokuzynjy we onunjy synp okuwçylaryň köpüsi mugallymlar bilen wagtal-wagtal konfliktlere goşulýan hem bolsa, tutuşlygyna alnanda, uly synplarda konfliktler ýetginjeklik ýaşa seredende azdyr. Olaryň

mazmun esasy-da özgerýär. IV – VIII synplarda konfliktler, esasan, okuwçylaryň mugallymyň tertip-düzgün we okuw talaplaryny ýerine ýetirmeýändigi sebäpli ýüze çykýar. Uly synplarda bolsa mugallymyň we okuwçynyň gymmatlyk ugrukmalarynyň, özüňi alyp barşyň kadaly nusgasy barada garaýyşlarynyň gabat gelmezligi sebäpli döreýär.

Konfliktleriň geçiş formalarynda hem özboluşlylyk bolýar. Başlangyç synplarda olar adatça mugallymyň okuwçydan nägileligi görnüşde ýüze çykýar. Ýetginjeklerde mugallymlar bilen açyk çaknyşmalar hem seýrek bolmaýar. Uly synplarda konflikt okuwçynyň gizlin kanagatlanmazlyk ýagdaýy, mugallymyň hereketleri ýa-da nukdaýnazary bilen ýiti ylalaşmazlygy görnüşinde bolup bilýär.

Elbetde, mugallymlar bilen konfliktler okuwçylaryň emosional özüni duýşunda, ahyr netijede bolsa olaryň şahsyýetiniň tutuş kemala getiriliş prosesinde oňyn däl täsir ýetirýär. Derňewleriň görkezişine görä, okuwçylaryň emosional özüni duýşy, umuman, mugallymyň ýolbaşçylyk stiline bagly bolýar. Bu, ilkinji nobatda, mugallymyň okuwça degişlilikde gönükdirilmesi bilen baglydyr. Meselem, awtoritar stilli mugallymlar okuwçylarda kollektiwizm, başlangyçlara ymtylma, özbaşdaklyk ýaly sypatlaryny ýeterlik bahalandyrmaýar we okuwçylary, köplenç, ýalta, ýüzugra –impulsiw, guramaçylyksyz we ş. m. hasaplaýar. Ýolbaşçylygyň demokratik stili bolan mugallymlar öz okuwçylaryna dürli we indiwiduallaşdyrylan häsiýetnamalary berýärler. Şonuň üçin ýolbaşçylygyň demokratik stili bolan mugallymyň synplarynda asuda kanagatlanma we şatlyk ýagdaýy höküm sürýär. Tersine, awtoritar stilli mugallymlar okuwçylara basmarlaýan häsiýetde täsir edýär, yzygiderliligi ýok stili bolan mugallymlaryň ýolbaşçylyk edýän okuwçylary bolsa gahar we gazap duýguly ýagdaýda gezýär. Bu maglumatlar okuwçylarda dürli emosional tejribäni döredip, dürli ýolbaşçylyk stili bolan mugallymlar okuwçylaryň gylyk-häsiýet sypatlarynyň kemala gelşine dürli-dürli täsir edýändigini görkezýär.

Mugallymyň ýolbaşçylyk stili dürli subýektiw we obýektiw faktorlaryň täsirinde kemala elýär. Subýektiw faktor hökmünde bu ýerde mugallymyň şahsyýetiniň gylyk-häsiýet aýratynlylaryna (temperament, erkiň sypatlary, emosionallyk, takatlylyk we ş. m.) we umumy

medeniýetiň giňligi, üstünlige ymtylyş derejesi, öz-özüňi aňlaýşyň aýratynlyklary, özüňi hormatlamagyň derejesi, sosial gönükdirilmeler ýaly görkezijilere düşünmek mümkin. Obýektiw faktorlara mekdebiň administrasiýasynyň ýolbaşçylyk stili, mugallymlar kollektiwindäki özara gatnaşyklaryň häsiýeti we beýlekiler degişlidir.

**Mugallymyň hünär uýgunlaşmasy.** Mugallymyň hünär uýgunlaşmasy diýlip, mekdebe işe gelen ýaş pedagogda, pedagogik okuw mekdebiniň uçurymynda bolup geçýän pedagogik işiň real şertlerine öwrenişmek we uýgunlaşmak prosesine düşünilýär.

Mugallymyň hünär uýgunlaşmagy şahsyýet bilen bagly bolmadyk obýektiw we subýektiw häsiýetli köpsanly şertlere baglydyr. Hünär uýgunlaşmasynyň netijeliligine täsir edýän obýektiw faktorlaryň iň esasylaryna ýaş hünärmeniň gelip düşen pedagogik kollektiwiniň atmosferasy, mekdebiň maddy binýady degişlidir. Ilkinji ýyllarda okuw ýüküniň möçberi, sapaklara taýynlanmagyň sany, kärdeşleriň sapaklaryna gatnaşmak mümkinçiligini kesgitleýändigi üçin sapaklaryň düzüliş tertibi möhüm ähmiýete eýedir. Mugallymyň saglyk, maşgala ýagdaýy, jaý üpjünçiligi hem bu hatarda durýar.

Mugallymyň hünär uýgunlaşmagynyň subýektiw faktorlarynyň arasynda, ilkinji nobatda, şahsyýet üçin hünäriň subýektiw ýaramlylygy agzalmalydyr. Ol näçe ýokary bolsa, uýgunlaşma şonça-da çalt we üstünlikli gidýär. Ýaş pedagogyň salyhatlylyk, özüne we beýlekilere talabedijiligi, okuwçylar bilen ýakynlygy gazanmak, işe döredijilikli çemeleşmek we beýleki hünärmen sypatlarynyň bolmagy hem uly ähmiýete eýedir.

Mugallymyň hünär uýgunlaşmagynyň netijeliligi köp derejede onuň özüniň näderejede bu prosesiň işjeň subýekti bolýandygyna, näderejede gündelik mugallymçylyk işinde öz-özüni kämilleşdirmäge ymtylýandygyna baglydyr. Netijeli hünär ugrukmasyna diňe bir agzalan sypatlaryň doly kemala gelmezligi däl, eýsem işe başlaýan mugallymda döreýän käbir stereotipler hem päsgel berýär; bu stereotipleriň bir görnüşi ýaş mugallymyň öz mekdep çagalygyndan galan bolsa, beýlekileri ilkinji şowsuzlyklaryň ýa-da şol ýaşaýyş gurşawynda mugallyma degişlilikde nädogry sosial garaşmalaryň täsirinde döräp bilýär.

## IX. 3. Mugallymyň öz-özüni kämilleşdirmeginiň psihologik meseleleri

**Pedagogik ukyplar.** Pedagogik ukyplar şahsyýetiň mugallymyň rolunda çagalary okatmakda we terbiýelemekde ýokary netijeleri gazanmagynyň şerti bolýan psihologik aýratynlyklarydyr.

Hormatly Prezidentimiz şeýle belleýär: «Özüňi kämilleşdirmek üçin diňe ýadawsyz zähmet çekmelidir, öz bilimiňi yzygiderli artdyrmalydyr, hünär derejäňi we ussatlygyňy kämilleşdirmelidir, täze usullary özleşdirmelidir, öňdebaryjy tejribäni goldanmalydyr hem-de ýaýratmalydyr, zähmet çekýän kärhanaňda, edaraňda, daýhan birleşigiňde tutuş döwletiň üstünligi barada alada etmelidir».*

Mälim bolşy ýaly, şahsyýetiň ol ýa-da beýleki ýörite ukyplarynyň gurluşyny döredýän häsiýetleriniň we aýratynlylarynyň arasynda bir topary esasy, beýlekileri bolsa kömekçi orunda bolýar. Pedagogik ukyplarda şahsyýetiň kommunikatiw, ilkinji nobatda, perseptiw – kabul ediş ulgamyna (olaryň iň möhümi synlaýjylykdyr) degişli häsiýetleri aýgytlaýjy rol oýnaýar. Ol mugallyma okuwçynyň psihologiýasyny, onuň degişli pursatdaky anyk psihiki ýagdaýyny dogry kabul etmäge, synp kollektiwiniň ýagdaýyny, umuman, şu pursatdaky pedagogik situasiýada takyk bahalandyrmaga mümkinçilik berýär. Empatiýa taýýarlygy, ýagny okuwçylaryň psihiki ýagdaýyna düşünmek we oňa duýgudaşlyk etmegi mugallymyň şahsyýetiniň kommunikatiw häsiýetleriniň düzüm bölegi hasaplamak bolar. Munuň zerur şerti çagalary söýmekdir. Galyberse-de, mugallymyň şahsyýetiniň kommunikatiw häsiýetleriniň üçünji düzüm bölegi sosial özara herekete isleg bolup, ol bilimleri geçirmäge, çagalar bilen aragatanşykda bolmaga, çaga kollektiwiniň durmuşyny we işini oýlanyşykly guramaga ymtylmada ýüze çykýar. Sosial özara herekete bolan islegi üstünlikli amal etmek mugallymda pedagogik taktyň – salyhatlylygyň bolmagyna baglydyr.

Indi şahsyýetiň pedagogik ukyplaryň gurluşyna girýän birnäçe kömekçi häsiýetlerine we aýratynlyklaryna seredeliň. Bu, ilkinji nobatda, akylyň sypatlarydyr: ýiti söz aýdyp bilmeklik, tankydylyk, yzygiderlilik we birnäçe beýleki sypatlardyr. Mugallymyň sözleýşi-de ähmiýetlidir:

---

* *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A., 2014, 39 s.

21. Sargyt № 820

oratorlyk-suhangöýlik ukyplaryň, sözleýşiň leksik baýlygynyň bolmagy we ş. m. Daşky özüňi alyp barşyň artistliligi-de (işjeň hyýal, fantaziýany döretmegi başarmak), pedagogik işiň üstünliginde esasy rol oýnaýar.

Pedagogik ukyplar diňe bir pedagogik işiň netijeliliginiň şerti bolman, köp derejede mugallymyň üstünlikli işiniň netijesidir. Pedagogik ukyplar mugallymyň psihologik häsiýetleriniň, gatnaşyklarynyň we hereketleriniň umumy gurluşynda ýüze çykýar, kemala gelýär we ösýär. Tejribäniň we ýörite derňewleriň görkezişine görä, pedagogik ukyplary maksadagönükdirilmeli kemala getirmek we ösdürmek mugallymyň özüne elýeterdir. Meselem, şahsyýetiň perseptiw häsiýetleriniň möhüm elementi bolan synlaýjylyk pedagogik tejribäni edinmek prosesinde we mugallymyň özüniň ýörite tagallalarynyň netijesinde ösýär we kämilleşýär. Ol özüniň sosial-psihologik synlaýjylygyny ösdürip bilýär, başgaça aýdylanda, okuwçylarda gylygyň dürli sypatlaryny we ymtylmalaryny diňe bir syzman, eýsem olaryň ýüze çykyşynyň sebäplerine-de akyl ýetirýär. Hut şunuň ýaly--da, şahsyýetiň pedagogik ukyplarynyň gurluşyna girýän sözi ýerlikli ulanmak, hyýal we fantaziýa ýaly köpsanly kömekçi häsiýetler hem maksadokgunly kemala getirilip bilinýär.

**Pedagogik başarnyklar.** Mälim bolşy ýaly, «başarnyk» adalgasy bilen subýektde bar bolan bilim-düşünjeler we endikler arkaly işi maksadalaýyk guramaga zerur psihiki we amaly hereketleriň çylşyrymly ulgamynyň özleşdirilmegi aňladylýar. Şundan ugur alyp, esasy pedagogik başarnyklara aşakdakylary degişli etmek bolar: 1) mugallymyň özüne mälim bolan bilim-düşünjeleri, çözülişiň wariantlaryny, okatmagyň we terbiýäniň tärlerini okuw-terbiýeçilik işiniň takyk şertleriniň özboluşlylygyna laýyklykda özgerdip, täze pedagogik situasiýanyň şertlerine geçirmek başarnygy; 2) mugallyma eýýäm mälim ideýalaryň, bilimleriň, endikleriň kombinasiýasyndan – özara utgaşmalaryndan her bir pedagogik situasiýa üçin täze çözülişi tapmak başarnygy; 3) pedagogik bilimleriň we ideýalaryň täze elementlerini döretmek we takyk pedagogik situasiýany çözmek üçin täze tärleri konstruirlemek.

Umuman, häzirki zaman pedagogik psihologiýada mekdep mugallymynyň aşakdaky başarnyklarynyň ýokary derejede bolmalydygy nygtalýar:

Ýörite başarnygy – ýeterlik derejede öz hünäri boýunça meşgullanmaga ukyply bolmak we hünär taýýarlygyny yzygiderli kämilleşdirmekligi meýilleşdirmek;

Sosial başarnygy – bilelikdäki (köpçülikleýin, toparlaýyn) hünär işi bilen meşgullanmaga ukyply bolmak, ylalaşyp işleşmek we kabul edilen hünär gatnaşyklarynyň ýollaryny peýdalanmak;

Bilim başarnygy – bilim bermek işinde hünäri boýunça bilimleri, başarnyklary, endikleri, öňdengörüjiligi özleşdirmeklige gyzyklanmak, pedagogikanyň we psihologiýanyň esaslaryny ulanyp bilmegi başarmak.

Tehniki başarnygy – bilim bermek işinde okatmagyň innowasion tehnologiýalaryndan, döwrebap okuw-tehniki serişdelerinden giňişleýin we netijeli peýdalanyp bilmek.

Pedagogik işiň prosesinde mugallym her biri özboluşly çemeleşmäni we çözülişi talap edýän situasiýalar bilen iş salyşýar. Hatda okuwdan daşary işe seredende, ýokary derejede programmirlenen we standartlaşdyrylan okuw işinde hem ony okatmakda mugallym standart däl, täze çözgütleri tapmak situasiýalary bilen iş salyşmaly bolýar. Munuň sebäbi her bir aýratyn synpda, her bir aýratyn okuwça we tutuş kollektiwe degişlilikde mugallymyň sapak bermegiň we okatmagyň özboluşly usullaryny we tärlerini ulanmaly bolýandygy bilen baglydyr. Başgaça aýdylanda, okuw-terbiýeçilik prosesiniň her bir takyk situasiýasynda mugallym özünde bar bolan ähli bilimleri we endikleri, ähli pedagogik we sosial tejribäni hut şu ýagdaýda oňaýly hereketleriň tärlerini saýlamak we amal etmek üçin ulanylyşa girizmegi başarmalydyr (şeýle giriziliş aňlanylan we aňlanylmaýan häsiýetde bolýar).

Mugallym agzalan umumy pedagogik başarnyklardan başga-da, has bölekleýin, ýöne ähmiýeti olardan pes bolmadyk başarnyklary-da özleşdirmeli bolýar; soňkular, üstesine-de, umumy pedagogik başarnyklary ulanmagyň netijeliligine örän seýrek ýagdaýda şert bolýar. Gürrüň, ilkinji nobatda, mugallymyň öz okuwçylaryny, çagalaryň arasyndaky we özüniň çagalar bilen özara gatnaşyklaryny her bir pursatda bolşy ýaly takyk kabul etmek we görmek başarnygyny hemişe kämilleşdirmek barada gidýär; ýönekeýleşdirilende, mugallym okuw-terbiýeçilik prosesinde bolup geçýän zatlary ýüzugra kabul etmegi başarmaly. Bu

aňsat düşmeýär. Bu pedagogyň okuwçylara degişlilikde daşky orunda bolýandygy, ol ýa-da beýleki derejede olardan, hut özi guraýan hem bolsa, olaryň durmuşyndan we işinden bellibir derejede üzňeligi bilen baglydyr. Şonuň üçin pedagog aňlanylýan ýa-da aňlanylmaýan häsiýetde, görýän zatlaryna özüniň sosial ösüşiniň prosesinde kabul eden normatiw pikir ýöretmelerini ornaşdyrmaly bolýar. Bu bolsa öz gezeginde pedagogda bar bolan kadalaryň we düşünjeleriň ýerliginde mugallym üçin täze hadysalaryň köneçe düşündiriş almagyna getirip bilýär. Üstesine-de, ýüze çykan sowala jogap agtarýan mugallymda ähmiýetli fakty elden gidermezlik üçin oňaýly bolan gönükdirilme (ustanowka) döreýär. Ýöne hut şeýle gönükdirilme hem aýry-aýry ýagdaýlarda özüňe oňaýlylyga ýykgynlyga getirip, görlen zady öz garaşmalaryňa laýyk düşündirmäge mejbur edip bilýär.

Pedagogik iş prosesinde mugallymyň döreýän meseleleri görmek we aňlamak başarnygy möhümdir. Meselem, yzly-yzyna alynýan «ikilikleriň» arkasynda dürli sebäpler bolup bilýär: sap usulyýet häsiýetdäki sebäp – mugallym okuwçylara bildirilýän talaplary olaryň taýýarlyk derejesine laýyklamaýar; terbiýeçilik häsiýetdäki – synpda sapaga taýýarlanmak «modadan çykdy»; psihologik – okuwçylarda mugallyma oňyn däl gatnaşyk döräp, okuwçylar ony mugallymyň dersini erbet okamak görnüşinde ýüze çykarýar. Bu meseleleriň her biri mugallym tarapyndan görlen ýagdaýynda özboluşly çözülişi talap edýär. Eger-de mugallym meseläni görmegi başarmasa, «ikilikleriň» sanyna gözi düşende ony okuwçylaryň ýaltalygy we başyna gidenligi bilen düşündirip bilýär we onuň bu babatda nazarlaýan çäreleri netije bermeýär.

Pedagogik başarnyklar pedagogik okuw mekdepleriniň okatmak prosesinde we mugallymyň ähli pedagogik işiniň prosesinde kemala gelýär we kämilleşýär. Bu prosesiň netijeliligi köp derejede mugallymyň özünde agzalan başarnyklary kemala getirmäge maksatly gönükdirilmesiniň bolmagyna baglydyr.

**Pedagogik salyhatlylygyň (taktyň) psihologik esaslary.** Pedagogik salyhatlylyk bu mugallymyň özüne degişlilikde ýaşlaryň halypasy hökmündäki garaşmalary takyk kabul etmeginiň esasynda guralýan özüni alyp baryş nusgasydyr. Bu pedagogda çen bilmeklik duýgusynyň barlygynda we okuwçylar, olaryň ata-eneleri we kärdeşleri bilen dogry gatnaşyklary gurap we goldap bilmek başarny-

gynda ýüze çykýar. Pedagogik salyhatlylygyň psihologik esaslary hökmünde stereotipleriň (durnukly düşünjeleriň) toplumuny, sosial gönükdirilmeleri (haýsydyr bir zada ýa-da kimdir birine degişli görnüşde kabul etmäge, bahalandyrmaga we hereket etmäge taýýarlygyň içki psihologik ýagdaýy) we mugallymyň adamlar bilen aragatnaşyk ulgamyndaky özüni alyp barşyny kesgitleýän şahsy sypatlaryny görkezmek bolar. Ýöne bu düzüjiler hemişelik berlen we üýtgewsiz däldir. Olar mugallymyň ähli durmuşynyň we işiniň prosesinde döreýär we köplenç, gutarnykly häsiýetde bolmaýar; başgaça aýdylanda, mugallym ýokary derejedäki pedagogik salyhatlylygy özleşdirmäge, okuwçylar bilen özara gatnaşyklaryny kämilleşdirmäge ymtylmasynda bu elementleriň ol ýa-da beýleki görnüşlerini özgertmek mümkinçiligini özünde saklaýar.

Mugallymyň pedagogik salyhatlylygynyň ýüze çykyşynyň mazmunyny we formasyny kesgitleýän sosial gönükdirilmeleriň birnäçe görnüşlerine seredeliň. Mugallym we okuwçylar obýektiw häsiýetde dürli nesilleriň wekilleridir. Her bir täze nesil mundan öňki nesle seredende täze şertlerde durmuşa gadam urýar. Nesilden-nesle okuwçylaryň özleri-de özgerýär. Şunuň netijesinde her bir täze nesil ata-babalaryň mirasyny şol durkunda däl-de, işjeň häsiýetde özleşdirýär. Özleşdirme göýä uly nesil bilen hemişelik dialogda gidýär. Mugallymyň özüniň okuwçylar bilen gatnaşyklarynyň dialog bolmalydygyna düşünmegi möhümdir. Gynanylsa-da, okuwçylar kähalatlarda pedagoga gulak assalar-da, ony diňlemeýärler. Mugallym okuwçylar bilen dialog aragatnaşygynda könäniň ideýa mirasynyň ebedilik gymmatyny nygtamalydyr. Dialog, haçanda, mugallymda okuwçylar bilen gatnaşyklarynda özara ynançlylyga gönükdirilmesi bolanda netijelidir. Şeýle gönükdirilmäni tejribe amalyýetinde amala aşyrmak çylşyrymly, emma mümkin işdir. Elbetde, uly adama çaga gurşawyna goşulmaklyk örän kyndyr. Ýöne, eger-de mugallymyň çagalar bilen özara ynançly we dostlukly gatnaşyklary ýola goýlanda, pedagog oňa köp derejede golaýlaşyp bilýär. Netijede, olar bilen ruhy aragatnaşykda bolmaga mümkinçilik döreýär. Bu mümkinçiligiň reallygy çagalarda uly adam bilen dostlaşmaga işjeň islegiň bardygy bilen şertlendirilýär.

Mugallymyň okuwçylar bilen özara gatnaşygynda bir-birine ynam, haçanda, takyk we anyk orny eýeleýän ýagdaýynda mümkin

bolýar. Gürrüň daşky orun – pozisiýa barada däl-de, pedagogyň çaga kollektiwindäki içki orny hakyndadyr. Şeýle içki orun haçanda mugallym çagalaryň ýokarda agzalan ulular bilen aragatnaşyga bolan isleginiň esasynda olaryň gatnaşyklar ulgamyna girmek başardan ýagdaýynda döreýär. Bu ýagdaýda ol çagalar gurşawynda bolup geçýän, daşky synlama elýeter bolmadyk hadysalary öwrenmäge mümkinçilik alýar. Ol çagalaryň öz öňlerinde durýan ýumuşlaryň çözülişine çekip bilýär. Bu mugallymyň çagalar bilen söhbetlerinde olar bilen durmuşyň dürli wakalaryny seljermeginde, bolup geçýän zatlara olaryň garaýşyny, gurşawdakylary bahalandyryşyny anyklamagynda ýüze çykýar. Özara ynançly gatnaşyklar ýola goýlan mugallymyň ýanyna çagalar durmuşyň kyn pursatlarynda maslahata gelýär, olar bilen şatlygyny paýlaşýar. Galyberse-de, özara ynançly gatnaşyklar mugallyma çagalary başga ýagdaýda görüp bolmaýan dürli situasiýalarda görmäge mümkinçilik berýär. Meselem, çagalar bilen olaryň özüni alyp barşy mekdep şertlerinden tapawutly stereotipler arkaly dolandyrylýan ýagdaýlarda aragatnaşykda bolmak has ähmiýetlidir. Şeýle ýagdaýlarda mugallym okuwçylar bilen aragatnaşygyň haýsydyr bir resmi däl situasiýasyna goşulanda, her gezekde özüniň hususy özüni alyp barşynyň ugruny kesgitlemelidir.

Mugallymyň okuwçylary hemişe öwrenmäge we takyk kabul etmäge gönükdirilmesi möhümdir: olaryň gylyk-häsiýetini, deň-duşlary we ulular bilen gatnaşyklaryny, dürli wakalara, meselelere gatnaşyklaryny we ş. m. Mugallym okuwçylary näçe oňat tanasa, onuň çagalar bilen gatnaşyklarynda salyhatly bolmaga mümkinçiligi şonça-da ýokary bolýar. Ýöne öz okuwçylary barada mümkingadar köp zatlary bilmäge çalyşmak bilen bir hatarda, mugallym degişli pursatda özüne niýetlenilmedik zady eşitmezligi başarmalydyr: ýa-da eşitmeklik salyhatly däl zady, ýa-da eşitseň oňa bada-bat jogap bermeli, emma näme diýjegiň aýdyň däl aýtgyny gowusy «eşitmezlikdir». Mugallym okuwçylar bilen aragatnaşygy üznüksiz gykylyga we ownuk bahana aramaklyga öwürmezlige çalyşmalydyr. Galyberse-de, kähalatlarda haýsydyr bir zada «düşünmezlik» peýdalydyr. Bularyň ählisi okuwçylar bilen konfliktleriň öňüni almaga we olaryň arasyndaky agzalalyklara salyhatly gatyşmaga kömek edýär. Soňky has möhüm we çylşyrymlydyr. At-abraýly pedagoglar (W.A.Suhomlinskiý, A.S.Makarenko) mugallymyň çagalaryň arasynda döreýän gap-

ma-garşylyklara, aýratyn-da, uly mekdep ýaşlaryňka örän seresap gatyşmalydygyny belleýärler. Olaryň görkezişine görä, mugallymyň gatyşmak zerurlygy örän çakli gapma-garşylyklar ulgamynda ähli konfliktleri we gapma-garşylyklary kollektiwde seretmäge çykarmak hökman däldir. Pedagogik salyhatlylygyň meselelerini çözmäge kömek edýän ussat pedagoglaryň bu pikiri mugallymyň gönükdirilmesine öwrülmelidir.

Mugallym işinde okuwçylara okuw-terbiýeçilik dürli talaplary bildirýär we esaslandyrýar. Bu talaplaryň netijeliliginiň möhüm şerti mugallymyň maksadalaýyklyk düzgünini berjaý etmäge gönükdirilmesidir. Pedagogik talaplaryň aňly we resmi däl ýerine ýetirilmegi üçin talaplaryň predmeti dogrusynda mugallymda we okuwçylarda meňzeş ugrukma bolmalydyr. Okuwçylar eger-de talaplary ýa-ha akyl ýetiriş nukdaýdan gyzykly, ýa-da işe peýdaly, ýa-da emosional dartgynlygy aýyrmak jähtden zerur hasaplamasa, talaplaryň kollektiwleýin iş üçin netijeliligi bolmaýar. Haçanda, mugallym hemişe özüne: näme üçin?, näme sebäpli?, nämä zerur? («Şuny etmek nämä gerek?»; «Okuwçy näme üçin şeýle hereket etdi?») sowallary berende, şeýle gönükdirilmeleri amala aşyrmak ýeňil bolýar.

Okuwçylar bilen gatnaşyklar ulgamyndaky käbir möhüm sosial gönükdirilmeler şulardan ybarat. Mugallymda şeýle gönükdirilmeleriň bolmagy onuň pedagogik salyhatlylygyna taýýarlyk we ony berjaý etmäge şertdir.

Indi mugallymyň okuwçylar bilen gatnaşyklar ulgamynda ýüze çykýan käbir stereotiplere seredeliň. Pikirlenmäni, emosiýalary we ş. m. tygşytlaýandygy üçin stereotipler, umuman, pedagogik işde, şol sanda okuwçylar bilen özara gatnaşyklar ulgamynda oňyn ähmiýetli bolup bilýär. Şonuň üçin mugallyma köp ýagdaýlarda awtomatlaşan diýen ýaly jogap reaksiýalaryny döretmäge ýardam edýän stereotipleriň degişli ulgamynyň bolmagy zerurdyr. Şeýle stereotiplere, ilkinji nobatda, okuwçylar bilen hoşgylawlyk, okuwçynyň şahsyýetine iň ýokary kanuny talabedijiligiň, terbiýeleýänleriniň hiç biriniň erbet, geljegi umytsyz däldigine ynanç bilen utgaşmagy we ş. m. degişlidir.

Stereotipler oňyn däl häsiýetde bolup bilýär. Mugallymlaryň iş-durmuşynda ýygy duş gelýän, oňa okuwçylar bilen özara gatnaşygyny sazlamaga päsgel berýän stereotip – okuwçylar bilen özüňi kärdeşler ýa-da beýleki adamlar bilen ýaly däl-de, düýpgöter başga-

ça alyp barmaly diýen ynançdyr. Meselem, sapakda gülküli ýagdaý döränDe gülkä goşulyp, ony aradan aýyrmaga derek, käbir mugallym oňa «mugallym» ornundan, ýol bermesiz hadysa hökmünde garaýar we ýagdaýy emeli kynlaşdyrýar. Ýa-da käbir kärdeşleriniň okuwçylara salyhatsyz gatnaşygyny ykrar etmäge derek mugallym bu meselede diňe okuwçylaryň günäkär bolup biljekdiginden ugur alýar.

Aýry-aýry okuwçylar bilen stereotip gatnaşykda bolmaklyk hem mugallyma päsgel berýär. Mugallymyň ol ýa-da beýleki çaga berýän bahasy (oňyn ýa-da oňyn däl) durnukly görnüşe geçip, onuň bu okuwça degişlilikde ähli hereketlerini kesgitleýär. Mugallym okuwçynyň daşky gurşawyň täsirinde ol ýa-da beýleki tarapa özgerýändigini görmäge ukypsyz bolýar. Şonuň netijesinde pedagog okuwçynyň öňki bahalandyrylyşa laýyk gelmeýän hereketlerini öňünden görüp bilmeýär. Stereotipleri ýeňip geçmek üçin mugallym okuwçynyň özgerýän durmuşyny, onuň şahsyýetiniň ösüşiniň perspektiwasyny, islendik ýaşdaky her bir okuwçynyň içki dünýäsinde haýsydyr bir tamamlanmadyk we tamamlanmajak gurluşyň bardygyny seljermezden, hiç bir bahalandyryşyň, hatda onuň oňyn görnüşiniň hakyky we adalatly bolup bilmejekdigine düşünmelidir.

Mugallyma okuwçylaryň ýaş aýratynlyklary baradaky stereotip düşünjeleri hem päsgel berip bilýär. Mugallym okuwçy her ýaşda diňe şeýle bolmaly we özüni diňe şeýle alyp barmaly diýen pikirden ugur alyp, kähalatlarda okuwçylaryň köpsanly indiwidual aýratynlyklaryny kadadan çykma hasaplaýar we olary «bolmaly» görnüşe getirmäge ymtylýar. Bu düşünjäniň nädogrudygy öz-özünden düşnüklidir: her bir täze nesilde şahsyýetleriň dürli-dürlüdigi, okuwçylaryň biri-birine meňzeş däldigi, her biriniň unikal gaýtalanmazlygy ýokarlanýar. Stereotipiň başga bir görnüşi hem duşýar: mugallym ýaş aýratynlyklaryny inkär edýär we haýsydyr bir oňyn däl sypatlaryň şu ýaşda adatylygyny unudyp, öz okuwçysynyň uly adam ýaly özüni alyp barmagyny gazanmaga ymtylýar. Bu ýüze çykmalaryň köpüsi soňrak öz-özünden, mugallymyň gatyşmazlygynda ýitip gidýär.

Pedagogik situasiýalaryň çalt özgerýän şertlerinde mugallym çalt oriýentirlenmeli, dörän ýagdaýy dogry bahalandyrmaly we zerur terbiýeçilik ähmiýeti bolan dogry çözülişe gelmelidir. Bu haçanda mugallym çagalaryň hereketlerini diňe bir dogry kabul etmek we bahalandyrmak, olary döreden sebäpleri görmek bilen çäklenmän, eýsem

özünde gylygyň özüňi saklap bilmek, sowukganlylyk, çydamlylyk, duýgurlyk ýaly sypatlaryny ösdüren halatynda mümkin bolýar. Bu pedagogik salyhatlylygy berjaý etmegiň hökmany şertidir.

**Mugallymyň öz-özüni sowatlandyryşy.** Häzirki zaman jemgyýetinde öz-özüňi sowatlandyryş, bir tarapdan, işde üstünligiň, beýleki tarapdan, şahsyýetiň intellektual garyplaşmazlygynyň kepillendiriji şertine öwrülýär.

Pedagogik işiň düýpli özboluşlylygyna görä, psihologik nukdaýnazardan mugallymyň öz-özüni sowatlandyrmak bilen hemişe meşgul bolmagy zerurdyr. Mugallymlar: 1) esasy wezipesi hakykaty habar bermekde jemlenýän mugallym, kähalatlarda maglumaty onlarça ýyl mundan ozal kemala gelen öz garaýyşlaryna laýyklykda geçirýär; 2) maglumat toplamaga okuwçylar bilen deňeşdirilende wagt çäkliligi ýagdaýynda bolýar; 3) öz ýaşytdaş kärdeşleriniň çäkli topary bilen mazmuny, köplenç, hünär temasyndan daşa çykmaýan aragatnaşykda bolýar. Netijede, mugallymdaky dünýäniň keşbi özgerýän reallyklara laýyk gelmeýär we onuň okuwçylarynyň kabul edýän dünýäsiniň keşbi bilen düýpli aýry-başgalanýar. Şonuň üçin öz-özüňi sowatlandyrmaga iki hili düşünmelidir: bir tarapdan, hünär we umumymedeniýet maglumatyň hemişe üstüni ýetirmek, başga bir tarapdan, indiwidual sosial tejribäni iň bir giň jähtde hemişe täzelemek.

Bu zerurlygyň mugallym tarapyndan aňlanylmagy onda takyk öz-özüňi bahalandyrmanyň bolmagyny nazarlaýar. Mugallymyň obýektiw pozisiýasy onda ähli zady bilýänlik ynanjynyň döremegine ýykgynlylygy döredýär; hemişe öwredijiniň ornunda bolýan mugallyma öz-özüne: «Men muny entek öwrenmeli» diýmäge ýeterlik gaýduwsyzlyk gerek bolýar. Şol bir wagtda şeýle düşünmeklik mugallym üçin hökmanydyr. Onuň öz-özüňi sowatlandyrmanyň hususy at-abraý ösdürmegiň ýoludygyna düşünmegi zerurdyr (çagalar adaty, gurak mugallymlary halamaýar). Gürrüň mugallymyň özünde şahsyýetiň adaty däl, ýagny standart dälligi, originallygy, çagalary geň galdyryp bilmek başarnygy ösdürmegi dogrusynda gidýär. Ýöne bu ýerde çeni bilmek duýgusy aýratyn ähmiýetlidir. Ähli ýerde we ähli zatda adamlary her edip, hesip edip geň galdyrmaga ymtylmaklyk mugallymyň düýpli pedagogik şowsuzlyklara uçramagyna sebäp bolup bilýär. Ýöne okuwçylaryň öňünde üstünlige parhsyzlyk pedagogik nalajedeýinlige getirip bilýär. Üstünlige diňe bilimleriň hemişe

häzirki zaman derejesinde bolýan, durmuşyň täze başlangyçlaryny duýýan mugallym ýetip bilýär.

Mugallymlar adatça, öz-özüňi sowatlandyrmanyň zerurlygyna düşünýärler we ony üstünlikli amal edýärler. Bu ýagdaýda hususy motiwler pedagogik işde mugallymyň öňünde döreýän meseleleriň aňlanylmagy netijesinde kemala gelýär. Köplenç, okuwçylary ylmyň soňky gazananlaryna laýyklykda okatmak we terbiýelemek höwesi, öz ussatlygyňy kämilleşdirmek islegi, öz işiňe jogapkärçilik ýaly motiwler kemala gelýär. Şeýlelikde, mugallymda öz-özüňi sowatlandyryş programmasynyň döreýşini pedagogik işiň ideal modeli bilen ol barada subýektiw düşünjeleriň arasynda gabat gelmezligi aňlamak we modeli amal etmäge öz taýýarlygyny bahalandyrmagyň netijesi hökmünde göz öňüne getirmek mümkin.

Öz-özüňi sowatlandyryş programmasy jemgyýetçilik-syýasy bilim-düşünjeleri kämilleşdirmegi, dürli ylymlaryň iň ýokary gazanmalary bilen tanyşmagy, edebiýat we estetiki düşünjeleriň baýlaşmagy, medeni durmuşyň täze ugurlary we hadysalary bilen tanyşmagy öz içine alýar. Öz okadýan dersiň boýunça bilimleriň üstüni dolmak we degişli ylmyň iň täze maglumatlary bilen tanyşmak, pedagogik, psihologik we usuly bilimleriň we endikleriň ösüşi aýratyn orun eýeleýär. Bu haçanda çykýan täze edebiýat bilen tanyş bolnanda we döwürleýin neşirler yzygider okalanda mümkin bolýar.

Mugallymyň öz-özüni sowatlandyrmagynyň mazmuny we formasy köp şertlere baglydyr: ýaşa, iş stažyna, ýaşaýan ýerine, okadýan derse, indiwidual höweslere we gyzyklanmalara, mugallymyň iş salyşýan okuwçylarynyň ýaşyna we taýýarlyk derejesine, pedagogik kollektiwiň atmosferasyna we ş. m. Mugallymyň öz-özüni sowatlandyrmagy pedagogik işiň netijeliliginiň zerur şertidir. Belli pedagoglaryň belleýşi ýaly, mugallym entek okaýarka ýaşaýar, okamagyny togtatsa, onda mugallymçylyk tamamlanýar.

## IX. 4. Pedagogik kollektiw mugallymyň zähmetiniň netijeliliginiň şerti hökmünde

**Pedagogik kollektiw.** Meşhur pedagog A.S.Makarenko: «... eger-de mugallymlaryň kollektiwi bolmasa, çaga kollektiwini terbiýeläp boljagyny men göz öňüne getirip bilmeýärin» diýip, ýaz-

ýar.[*] Mekdep pedagoglarynyň kollektiwi bellibir wezipeleri, işiniň programmasy, «önüm goýberiş» meýilnamasy bolan hakyky zähmet kollektiwi häsiýetindedir. Ol her bir kollektiw ýaly, okuwçylary terbiýelemek funksiýasyny ýerine ýetirmek üçin döredilen biziň jemgyýetimiziň öýjügidir. Oňa jemgyýete häsiýetli bolan esasy gatnaşyklar, atmosfera, jemgyýetde kabul edilen ynsan gymmatlyklarynyň kesgitleýji ulgamy mahsusdyr. Mugallymlaryň netijeli kollektiwiniň möhüm sypaty ondaky pedagogik garaýyşlaryň birligidir.

Mugallymlar kollektiwiniň işiň we şahsyýetara gatnaşyklaryň mazmuny bilen kesgitlenýän guramaçylyk gurluşy – strukturasy bardyr. Struktura kollektiwiň agzalarynyň özara garaşly, özara gözegçilikli gatnaşyklaryny kesgitleýär. Bu strukturanyň çäginde pedagogik geňeş, predmet mugallymlarynyň we synp ýolbaşçylarynyň usuly birleşmeleri, mekdebiň administrasiýasy hereket edýär. Kollektiwi jebisleşdirmekde mekdebiň jemgyýetçilik guramalarynyň aýratyn roly bardyr.

Pedagogik kollektiwde zähmet paýlanyşygy we işiň prosesindäki kooperasiýa bardyr. Pedagogik zähmet: bir synpda işleýän dürli ders mugallymlarynyň, sol bir dersi dürli synplarda okadýan mugallymlaryň, bir synpda işleýän mugallymlaryň we onuň synp ýolbaşçysynyň, dürli gurnaklara, seksiýalara, fakultatiwlere, jemgyýetlere, okuwçylaryň toparlaryna ýolbaşçylyk edýän pedagoglaryň, mekdebiň terbiýeçilik işinde bellibir ugra jogap berýän pedagoglaryň we ş. m. arasynda paýlanandyr.

Pedagogik kollektiwiň üstünlikli işi mugallymlaryň zähmetiniň oňat ýola goýlan kooperasiýasyna baglydyr. Gürrüň, ilkinji nobatda, usuly birleşmäniň çäginde bir dersiň mugallymlarynyň arasyndaky kooperasiýa barada bolup, ol tejribe alyşmaga, okuwçylar bilen ders boýunça usuly işde we sapakdan daşary işde biri-biriniň üstüni doldurmak we özara çalyşmaklykda bolmagy ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Bir synpda işleýän dürli ders mugallymlarynyň kooperasiýasy hem möhümdir. Ol okuwçylara ýumuşlaryň çendenaşa köp ýüklenmeginiň öňüni almaga, okuwçylaryň okuw taýýarlyk derejesine, terbiýesine we beýleki faktorlara baglylykda özara ylalaşykly differensirlenen (okuwçylaryň aýry-aýry toparlaryna) we indiwidual çemeleşmäni (aýratyn okuwçylara) esaslandyrmaga mümkinçilik berýär. Parallel

---

[*] *Макаренко А.С.* Некоторые выводы из педагогического опыта. – Соч., т. V, с. 231.

synplaryň synp ýolbaşçylarynyň we bir ýaş derejesindäki synplaryň arasyndaky kooperasiýa örän peýdalydyr. Ol terbiýe işini guramak üçin synp ýolbaşçylarynyň indiwidual mümkinçiliklerini oňat ulanmaga kömek edýär, aýry-aýry synplarda basdaşlygyň we egoizmiň öňüni alýar, dürli kollektiwleriň ýakynlaşmagy üçin şert döredýär.

Zähmetiň paýlanmagy we kooperasiýa mugallymlardan arkalaşyk endigini, ilkinji nobatda, şu pursatda ýa-da häzirki wagt kesiminde kärdeşleri bilen birleşdirýän işde özüniň ünsüni jemlemegi, zerur maglumaty bilelikde tapmak başarnygyny, meseleleri maslahatlaşmagy, kärdeşiňi diňlemegi, onuň garaýşyna düşünmegi, ony kabul etmegi, üstüni ýetirmegi ýa-da subutnamaly ret etmegi talap edýär. Şunuň ýaly we köpsanly beýleki işewür arkalaşygyň başarnyklaryny we endiklerini mugallym pedagogik kollektiwde özleşdirýär.

**Mugallymlaryň özara gatnaşyklary we pedagogik kollektiwiň psihologik klimaty.** Mugallymlaryň pedagogik kollektiwdäki özara gatnaşyklary olaryň işiniň we şahsyýetara gatnaşyklarynyň mazmuny bilen kesgitlenýär. Bilelikdäki işiň we aragatnaşygyň prosesinde kollektiwde gatnaşyklaryň birnäçe ulgamlary emele gelýär; olary umumy görnüşde şeýle göz öňüne getirmek mümkin.

Işi guramak we amala aşyrmak boýunça mugallymlaryň arasynda döreýän gatnaşyklary şertli ýagdaýda resmi (ýa-da formallaşdyrylan) gatnaşyklar atlandyrmak bolar. Olar ähli mugallymlary ol ýa-da beýleki derejede özara baglanyşdyrýan işewür gatnaşyklar we administrasiýa we mugallymlaryň, mugallymlar bilen aýry-aýry bölümleriň ýolbaşçylarynyň we olaryň işiň bu ugrundaky kärdeşleriniň arasyndaky we ş. m. dolandyryş gatnaşyklarydyr.

Mundan başga-da pedagogik kollektiwde resmi däl gatnaşyklaryň iki ulgamy döreýär (formal däl ýa-da formallaşdyrylmadyk atlandyrylýan). Olaryň birinjisi tutuş pedagogik kollektiwi öz içine alýan şahsyýetara ahlak-psihologik gatnaşyklaryň umumy ulgamydyr. Ikinjisi aýry-aýry mugallymlaryň arasyndaky özara sulh almaklyga esaslanýan saýlawly gatnaşyklardyr. Gatnaşyklaryň iki ulgamy hem mugallymlaryň işiniň we ony guramak we amal etmek prosesindäki özara gatnaşyklaryň aýgytlaýjy täsirinde döreýär.

Çaga kollektiwini terbiýeleýji hökmünde pedagogik kollektiwiň netijeliligi onuň gymmatlyk ugrukmasynyň birligine baglydyr. Muňa kollektiwiň agzalarynyň okuwçylara, terbiýeçiligiň maksadyna de-

gişlilikdäki gönükdirilmeleri, okuwçylara täsir etmegiň usullary, okuwçylar bilen özara gatnaşyklaryň stili we ş. m. girýär. Eger-de bu sowallarda birlik bolmasa, kollektiwde dürli bozulmalar (mugallymlaryň arasynda konfliktler, gabanjaňlyk, göriplik, konserwatizm – köne ýörelgeden saplanmazlyk) ýüze çykyp, okuw-terbiýeçilik prosesiniň netijeliligini peseldýär we mugallymlarda oňyn däl duýgulary döredýär. Bu ýerde pedagogik kollektiwiň psihologik klimaty uly rol oýnaýar. Şeýle klimat gymmatlyk ugrukmasynyň birliginiň we şahsyýetara gatnaşyklarynyň iň bir ähmiýetli ýüze çykmasydyr. Mekdepde mugallymlaryň duýgy-emosional ýagdaýy, onuň pedagogik kollektiwde doly güýjünde işlemäge ymtylmasy köp derejede şeýle klimata baglydyr. Klimat şeýle-de her bir mugallymyň döredijilik işjeňligini kesgitleýär. Oňyn klimat kollektiwde zähmet şatlygynyň, ruhubelentligiň, aragatnaşyk şatlygynyň, ynanjyň, goldaw duýmagyň, goraglylyk duýgusynyň, şähdaçyklygyň we onuň agzalarynda beýleki emosional ýagdaýlaryň bolmagyny nazarlaýar.

Pedagogik kollektiwiň klimaty birnäçe şertlere baglydyr. Pedagogik kollektiwiň jemgyýetiň esasy birligi bolýandygy onuň esasylarynyň biridir. Klimata mekdep administrasiýasynyň pedagogik kollektiwe ýolbaşçylyk stili, jemgyýetçilik guramalarynyň işi täsir edýär. Mekdep binasynyň taýýarlanylanlygy, okuw-terbiýeçilik prosesiniň maddy üpjünçiligi we ş. m. ýaly zähmet şertleri-de uly ähmiýete eýedir. Kollektiwiň agzalary bolýan mugallymlaryň biri-birlerine sosial-psihologik gabat gelmegine hem köp zat baglydyr. Şeýle gabat gelmeklik hökmünde her bir pedagogda özara üstýetirijiligi, özara kömegi, özüňe tankydy garaýşy we kärdeşlere takatlylygy üpjün edýän şahsy aýratynlyklaryň bolmagy düşünilýär.

Pedagogik kollektiwiň klimaty mekdebiň administrasiýasy we jemgyýetçilik guramalary we ahyr netijede her bir mugallym tarapyndan amal edilýän degişli sosial-psihologik gönükdirilmeler bilen baglydyr.

Ideýa esasda jebisleşen, özüni diňe bir umumy maksat we işiň bir ulgamy däl, eýsem ýoldaşlyk, dostluk, özara hormat we özara sulh almak birleşdirýän, pedagogik kollektiw okuwçylar tarapyndan diňe bir topar däl, hakyky kollektiw hökmünde kabul edilýär we okuwçylar kollektiwi üçin ahlak nusgasyna, çaga kollektiwiniň täsirli terbiýeçisine öwrülýär.

# ADALGALARYŇ SÖZLÜGI

**Abstragirleme** – barlygyň häsiýetleriniň we gatnaşyklarynyň analiz, sintez, tapawutlandyrma, meňzeşligi esaslandyrma operasiýalarynyň netijesinde obýektlerden aýrylmagy we düşünjelerde berkidilmegi.

**Akselerasiýa** (*lat.* çaltlanma) – bedeniň ösüş prosesinde soňky döwürlerde ýüze çykýan jyns kämilliginiň has ir döremegi.

**Assimilýasiýa** (Ž.Piažäniň taglymatynda) – başarnyklary we endikleri düýpli özgertmezden, täze şertlerde ulanmak.

**Assosiasiýa** – psihiki hadysalaryň biri-birleri bilen baglanyşdyrylmagy bolup, onda adamyň aňynda bu hadysalaryň biriniň peýda bolmagy, kanunalaýyklykda beýlekiniň peýda bolmagyny döredýär.

**Atawizm** – ösýän bedeniň gadymy ata-babalardan nesilüsti alnan, öň möhüm uýgunlaşma roluny ýerine ýetirip, ony soňra ýitiren haýsydyr bir sypatlary ýüze çykarmagy.

**Awtonom sözleýiş** (çaganyňky) – «özüň üçin» sözleýiş. Sözleriniň kesgitli dälligi we köpmazmunlylygy bilen tapawutlanýar: sözleriň manysy durnuksyz we üýtgeýji baglanyşyklaryň üsti bilen dürli predmetleri birleşdirip, ýagdaýdan ýagdaýa özgerýär.

**Awtoritarlyk** (*lat.* doly häkimiýet, buýruk berme) – köre-kör, pikirlenmesiz tabynlygyň talaplarynyň ulgamy. Adalgany haýsydyr bir adamyň, guramanyň, garaýyşlar ulgamynyň hyzmatlary mynasybetli umumy ykrar edilen täsirini aňladýan **awtoritet** (*lat.* mertebe, güýç, häkimiýet) bilen gatyşdyrmaly däldir.

**Aýgytly hereket** (поступок) – adamyň ynançlaryň, gymmatlyklaryň ýa-da ahlak kadalaryň esasynda amal eden aňly hereketi.

**Belgi** – barlygy simwoliki görnüşde görkezýän haýsydyr bir şertli şekillendirme, alamatlandyrma.

**Berkitme** – bedende dörän islegi kanagatlandyrmaga, onuň döredýän içki dartgynlygyny aýyrmaga ýa-da peseltmäge ukyply täsir, höweslendirme.

**Biogenetik kanun** – indiwidiň ösüşiniň işjeň fiziologik, psihologik we özüňi alyp baryş proseslerinde we tapgyrlarynda haýsydyr bir biologik görnüşiň filogenetiki ösüşine häsiýetli bolan hadysalaryň hemişe, yzygider gaýtadan dikeldilmegi.

**Depersonalizasiýa** (*lat.* şahsyýeti aýyrmak) – hususy «men» bilen bagly şahsyýetiň dargamagy, duýgularyň ýitirilmegi.

**Desentrirleme** (pikirlenmä degişlilikde) – has umumy düşünjäni girizmek bilen deslapky bitewüligi bölekleýinlige öwürmek.

**Egoizm** – adamyň gylygynyň beýleki adamlaryň isleg-höwesini nazarlamazdan, öz şahsy rowaçlygyna ymtylmasynda ýüze çykýan oňyn däl sypaty.

**Egosentriki sözleýiş** – mekdebe çenli ýaşly çaganyň predmet oýnuna utgaşyklykda gidýän özboluşly, bölekleýin sözleýşi. E.s. formasy boýunça kommunikatiw, öz funksiýasy boýunça bolsa indiwidualdyr, ol aýdyň-hereket pikirlenmesine hyzmat edýär we öz gurluşy boýunça içki sözleýşi ýada salýar.

**Egosentrizm** (*lat.* men+merkez) – adamyň ünsüniň we pikirlenmesiniň daşky wakalardan sowlup, diňe özünde jemlenmegi; indiwidualizmiň (diňe özüňi bilmegiň) we egoizmiň gyraklaşan görnüşleridir.

**Ekizler usuly** – nesli birmeňzeş (gomozigot ekizler) we dürli (geterozigot ekizler) bolan çagalaryň psihologik aýratynlyklaryny we ösüşini deňeşdirmeli öwrenmek usuly. E.u. adamyň psihologik aýratynlyklarynyň we özüni alyp barşynyň aýratynlyklarynyň genotipik ýa-da gurşaw arkaly döredilýändigi sowalyny ylmy jähtden çözmek üçin ulanylýar.

**Ekstirpasiýa** (*lat.* köki bilen aýyrýaryn) – haýsydyr bir organy ýa-da onuň bölegini aýyrmak (kesip).

**Ekstremal** (*lat.* gyraky) – gyraky, örän özboluşly, adaty däl.

**Empatiýa** – adamyň beýleki adamlara duýgudaşlyk etmek, olaryň ýagdaýyna düşünmek, olara goldan gelen kömegi bermek ukyby.

**Endik** – öwredilme netijesinde döreýän we awtomatik häsiýetde amala aşyrylýan, bellibir kesgitli netijä getirýän hereket.

**Endokrin** (*grek.* içe+bölünip çykýan) **mäzleri** (fiziol.) – öz döredýän maddalaryny (garmon) göni gana ýa-da limfa bölüp çykarýan içki mäzler.

**Esasy iş** – çaganyň şu ýaşaýyş döwründe onuň psihiki ösüşine aýgytlaýjy ýardam edýän we ösüşi hereketlendirýän iş.

**Esasy aragatnaşyk** – häzirki ýaş döwründe adamyň töwerekdäkiler bilen aragatnaşykda bolmagynyň aýgytlaýjy tipi bolup, onuň täsirinde şahsyýetiň esasy sypatlary kemala gelýär.

**Ewolýusion ösüş** – ýaş ösüşleri döwürlerinde, onuň krizisleriniň aralygynda (seret: ýaş ösüşi we ösüşiň ewolýusion taglymaty) ça-

ganyň psihologiýasynda we özüni alyp barşynda bolup geçýän haýal we durnukly özgerme.

**Eýdetiki ýat** – adamyň synlan zadynyň görüş şekillerini onçakly kynçylyksyz, aýdyň, takyk we inçe öwüşginlerde gaýtadan dikeltmek bilen bagly görüş ýadynyň görnüşidir.

**Filogenez** (*grek*. urug, tire, nesil+gelip çykyş) – şol bir tipli bedeniň taryhy (urugy) ösüşi. Psihologiýada bu düşünje psihikanyň öz gelip çykyşy boýunça adamyň ewolýusiýasy we adamzat medeniýeti bilen bagly bolan ögzermelerini aňladýar. Indiwidual ösüş – ontogenez we taryhy ösüş – filogenez janly tebigatyň ösüşiniň bitewi prosesiniň biri-birini döredýän aýrylmaz taraplarydyr.

**Formal ýa-da logiki struktura**–materialda baglanyşyklaryň induktiw ýa-da deduktiw ugrukmada esaslandyrylmagy.

**Funksional** – 1. psihiki gurluşyň genetiki (gelip çykyş) jähtinden tapawutlylykda onuň funksional, hereketleniş tarapy; 2. funksional gatnaşyklar: meselem, maksadyň we serişdäniň, sebäbiň we netijäniň, hiliň we mukdaryň, hereketiň we netijäniň gatnaşyklary; edil logiki gatnaşyklar ýaly, predmetleriň funksional gatnaşyklary-da duýmalarda gös-göni şöhlelendirilip bilinmeýär. Adamzat olaryň şöhlelendirilmegi üçin şöhlelenmäniň haýwanlarda bolmadyk aýratyn görnüşini, düşünjeleri esaslandyrýar; 3. tebigy ylymlaryň käbirinde, meselem, botanikada ösümligiň funksional bölekleri hökmünde ýaprak, kök, gül we ş. m. görkezilýär.

**Genezis** (*grek*. döremek, gelip çykmak, ösüş) – haýsydyr bir predmetiň, hadysanyň ýüze çykyş pursadyny we kanunalaýyk ösüş prosesini şöhlelendirýän düşünje.

**Genotip** – adamyň öz öten-geçenlerinden, şol sanda ata-enesinden nesilüsti alan genleriniň ýa-da haýsydyr bir alamatlarynyň toplumy.

**Geştalt bejeriliş** – geştaltpsihologiýanyň taglymatyna esaslanýan adama psihoterapewtik täsir etmegiň usullarynyň toplumy. G. b.-niň esasy düzgüni adamyň özüni, beýleki adamlary we galan ähli dünýäni şertsiz, bolşy ýaly kabul etmek düzgünidir; häzirki durky doly kämil, özgertme we gowulandyrma talap etmeýän görnüşde kabul etmek we bahalandyrmak.

**Geterozigot ekizler** – dürli gen toplumy bolan we dürli düwünçek öýjüklerinden dörän ekizler jübüti.

**Gipertireoz** – galkan şekilli mäziň işjeňliginiň ýokarlanmagy.

**Gnostiki** (*grek.* bilim-düşünje) – daşky dünýä akyl ýetirmäge gönükdirilen iş.

**Gomozigot ekizler** – birmeňzeş gen toplumy we bir düwünçek öýjüklerinden dörän ekizler.

**Goranyş mehanizmleri** – adamyň özüni psihologik şikeslerden we ýakymsyz duýgulardan goramak üçin we şol bir wagtda öz «menini» bitewülikde saklamaga ymtylmada ulanýan aňlanylmaýan düzgünleri aňladýan psihoanalitik düşünje.

**Garmonlar** (*grek.* oýatmak, meýillendirmek) – biologik işjeň maddalar, içki mäzleriň işiniň önümi.

**Gumoral** (*lat.* öl, çyg) (fiziol.) – bedeniň nemleri (gan, limfa) bilen bagly.

**Deduktiw usul** – umumylykdan bölekleýinlige ugrukmada pikir ýöretme.

**Durmuş perspektiwasy** – ýetilmesi şu pursatda bar bolan daşky we içki mümkinçilikleriň çäginde entek elýeter bolmadyk, mazmuny we gurluşy boýunça golaý we alys geljegi nazarlaýan maksatlaryň toplumy.

**Egosentrizm** (pikirlenmäniň oňyn däl sypaty hökmünde) – pikirlenmäniň içki meýilleriň täsirinde reallyga laýyk göz öňüne getirmeleri we düşünjeleri däl-de, adamyň reallyga subýektiw gatnaşygyny şöhlelendirýän göz öňüne getirmeleri döretmegi.

**Hereket aktlary** – hereket bitirmeleri (sözleýiş bitirmelerinden tapawutlylykda).

**Içki pozisiýa** (orun) – häzirki ýaşaýyş döwründe işiň esasy mazmunyny we gönükdirilmesini kesgitleýän, adamyň işjeň islegleri bilen ýakyndan bagly sosial gönükdirilmeleriň ulgamy.

**Içki sözleýiş** – sözleýşiň aňlanylmaýan, aýratyn özboluşly, awtomatik hereketlenýän görnüşi bolup, adam ony söz-logiki ýumuşlary çözmek boýunça pikir ýöretmesinde ulanýar. I. s. daşky sözleýişden döreýär we seslendirilýän ýa-da ýazylýan sözde ýüze çykmaýan pikirdir.

**Identifikasiýa** – sözme-söz meňzetmeklik. Ýaş ösüşiniň psihologiýasynda I. çaganyň psihologiýasyny we özüni alyp barşyny beýleki adamlara meňzetmek prosesi ýa-da netijesi. I.-niň netijesin-

22. Sargyt № 820

de çaga özüni meňzedýän adamlarynyň özüni alyp barşynyň häsiýetlerini we formalaryny kabul edýär.

**Implikasiýa** (*lat.* ýakyn baglanyşdyrýaryn) – «eger ... onda» baglaýja laýyklykda iki aýtgydan logiki baglanyşygyň üsti bilen haýsydyr bir çylşyrymly aýtgyny emele getirýän logiki operasiýa.

**Imprinting** – haýsydyr bir özüňi alyp baryş formasynyň ýörite öwredilmesiz, doglan pursadyndan taýýar görnüşde özleşdirilmegi we hereketlenip başlanmagy; I. degişli özüňi alyp barşyň kemallanmagynyň we hereketlenmeginiň genetiki programmada kodlaşdyrylan haýsydyr bir stimulynyň göni täsirinde ýüze çykýar.

**Induktiw usul** – bölekleýinlikden umumylyga gönükdirilmede pikir ýöretme.

**Inisiasiýa** (*lat.* gizlinligi amala aşyrmak) – ýaş adamy uly adamlaryň hataryna goşmak däp-dessury.

**Infantilizm** (*lat.* çaga mahsus) – uly adamda çaga ýaşyna mahsus ösüşdäki fiziki sypatlaryň we psihiki keşbiň saklanmagynda ýüze çykýan togtamaklyk.

**Insaýt** – ýagtylanma, aňşyrma. Adamyň çözülişiň üstünde uzak wagt we şowsuz köp kelle döwen meselesini özi üçin duýdansyz ýagdaýda çözmegi.

**Interiorizasiýa** – daşky fiziki işiň içki psihiki işe öwrülmek hadysasy.

**Iýerarhiýa** (*grek.* mukaddes+häkimiýet) – yzygider özara tabynlykda bolýan elementleriň ulgamy (meselem, düşünjeleriň, motiwleriň iýerarhiýasy).

**Janlanma kompleksi** – iki-üç ýaşly çaganyň öz golaýyndaky adama şatlyk we umumy hereket işjeňliginiň ýokarlanmagy görnüşinde ýüze çykýan emosional jähtden oňyn sensomotor reaksiýasy.

**Jyns-rol identifikasiýasy** – çaganyň öz jynsyndan we beýleki jynsdan bolan adamyň psihologik aýratynlyklaryny we özüni alyp barşynyň aýratynlyklaryny özleşdirmeginiň prosesi we netijesi.

**Katalizator** – işjeňleşdiriji, çaltlandyryjy.

**Kognisiýa** – gurşawa, özüňe ýa-da öz-özüňi alyp barşyňa degişlilikdäki bilim-düşünje, pikir ýa-da ynanç.

**Konfabulasiýa** (*lat.* ýaňrama) – fantastik mazmunly, ýiti keşp häsiýetli ýalan hakyda getirme.

**Logiki pikirlenme** – gatnaşyklaryň kanunalaýyklyklaryna we düşünjeleriň baglanyşyklaryna oriýentirlenýän pikirlenme.

**Manipulýasiýa** (*frans.*) – adatça predmetiň nämä niýetlenendigini nazarlamazdan eliň (ýa-da iki eliň) onuň bilen bagly ýönekeý hereketi.

**Manipulýatiw** – predmeti el bilen eýläk-beýläk öwürmek, süýşürmek, eplemek, ony beýleki predmet bilen birleşdirmek we ş.m. häsiýetli hereketler.

**Mnemonika** (*grek.* ýada ornaşdyrmak sungaty) – emeli assosiasiýalary döretmegiň kömegi bilen ýada ornaşdyrmagy üpjün edýän tärleriň toplumy.

**Motiw** – 1. adamyň özüni alyp barşynyň, onuň hereketleriniňdurnukly içki psihologik sebäbi; 2. öz predmet ornaşmasyny alan isleg, meýil.

**Motiwasiýa** – adamyň özüni alyp barşynyň gönükdirilmesini, guramaçylygyny, işjeňligini we durnuklylygyny kesgitleýän, ony fiziologik we psihologik dolandyrmagyň dinamiki prosesi.

**Nazary pikirlenme** – adamyň düşünjelere daýanýan, özünde nazary bilimleri saklaýan we öz netijelerinde şonuň ýaly bilimleri döredýän pikirlenmesiniň görnüşi.

**Negatiwizm** (*lat.* inkär etme) (çagalar psihologiýasynda) – çaganyň daşyndaky adamlaryň täsirlerine ýerliksiz garşylyk görkezmegi. N.-iň işjeň däl – passiw (keçjallyk) – çaganyň özüne teklip edilýän hereketi ýerine ýetirmezligi – we işjeň (hususy N.) – çaganyň talap edilýäne garşylykly hereket etmegi – görnüşleri tapawutlandyrylýar.

**Ontogenez** (*grek.* gelip çykyş) – bedeniň ýumurtganyň tohumlandyrylan tapgyryndan indiwidual ýaşaýşyň tamamlanmagyna çenli aralykdaky ösüşi. Psihologiýada we pedagogikada – çaganyň terbiýäniň we okatmagyň özboluşly şertlerinde amala aşyrylýan fiziki we psihiki ösüşi.

**Operant özleşdiriş** – bedeniň şol bir stimula ýa-da situasiýa köpsanly dürli reaksiýalary spontan (ýüzugra) döretmeginiň we şonuň yzysüre reaksiýalaryň diňe netijelilik üçin şowlularyny berkitmegiň hasabyna döredilýän öwredilişiň görnüşi.

**Operasiýa** (Ž.Piažäniň taglymatynda) – adamyň öwrülijilik häsiýeti bolan amaly ýa-da akyl hereketi; şeýle hereketi hem göni

hem-de yza dolanýan usulda, onuň deslapky ýagdaýyna dolanyp ýa-da alnan netijäni gaýtadan döretmek görnüşinde ýerine ýetirip bolýar.

**Oriýentirlenmek** – ugur almak, gözükmek.

**Ösüşiň ähtimallyk taglymaty** – adamyň psihiki ösüşini her bir tapgyrda faktorlaryň tötänleýin utgaşmasy bilen kesgitlenýändigini we onuň mundan ozalky tapgyrda ýetilen derejä baglylygyny ykrar edýän taglymat.

**Ösüşiň golaý** (potensial) **zolagy** – çagada bar bolan we gurşawdaky adamlar tarapyndan uly bolmadyk kömek ýa-da ýaňzytma esasynda onuň ösüşi üçin ýüze çykarylyp we ulanyp bolýan real mümkinçilikler.

**Ösüşiň faktorlary** – çaganyň psihiki we özüni alyp baryş ösüşini kesgitleýän faktorlaryň ulgamy. Ö.f. okatmagyň we terbiýäniň mazmunyny, mugallymlaryň we terbiýeçileriň pedagogik taýýarlygyny, okatmagyň we terbiýäniň usullaryny we serişdelerini hem-de çaganyň psihologik ösüşini kesgitleýän köpsanly beýleki faktorlardan durýar.

**Ösüşiň hereketlendiriji güýçleri** – ulularyň çagalary okatmakda we terbiýelemekde goýýan maksatlary we çagalaryň öz-özüni kämilleşdirmek boýunça hususy islegleri.

**Ösüşiň senzitiwlik döwri** – adamyň ýaşaýyş-durmuşynda psihologik häsiýetleri we özüňi alyp barşyň görnüşlerini kemala getirmek üçin has amatly şertleri döredýän döwri.

**Ösüşiň sosial situasiýasy** – adamyň psihologik we özüni alyp baryş ösüşiniň amala aşýan sosial şertleri.

**Öwretmegiň analitik usuly** – dogry hereketleriň elementlerini berkitmek we olary kem-kemden bitewi hereketde birleşdirmek (okamak öwredilende harplary jemlemek usuly, daşary ýurt dilleri öwrenilende sözlük usuly we ş. m.).

**Öwretmegiň sintetik usuly** – dogry hereketleri agtarmak we synag etmek, goýberilen ýalňyşlary seljermek we olary aradan aýyrmak (okamakda tutuş sözler usuly, daşary ýurt dilleri okadylanda kontekstleýin (ýerligi bolan) usul.

**Özüňe kembaha garamak kompleksi** – adamda haýsydyr bir ähmiýetli psihologik ýa-da fiziologik häsiýetleriň hakyky ýoklugy ýa-da ýok hasaplanýandygy bilen baglylykda döreýän uzakwagtlaýyn ýakymsyz duýgy, oňyn däl emosional syzylmalaryň ulgamy;

bu duýgular degişli oňyn däl psihologik simptomlar (alamatlar) bilen utgaşýar: özüňi pes bahalandyrmak, üstünlige ymtylyşyň pes derejesi, ýokary galagoplulyk we şowsuzlykdan gaçmak motiwi.

**Öz-özüňi işjeňleşdirmek taglymaty** – ösýän şahsyýete öz-özüňi işjeňleşdirmä ymtylma mahsusdygyny ykrar edýän şahsyýetiň ynsanperwer taglymaty; bu hadysa şol bir wagtda şahsy kämilleşmäniň hem ýokary derejesi hasaplanýar.

**Öz-özüňi işjeňleşdirme** – adamyň özünde bar bolan üşükleri we ukyplary ulanmagynyň, ýokary derejede ösdürmeginiň prosesi we netijesi, olary amaly işlerde amala aşyrmagy. Ö.ö.i. şol bir wagtda şahsyýetiň hemişe özüni kämilleşdirmäge ymtylmasydyr.

**Peresentrirleme** – düýpli element hökmünde ikinji derejeli bolan elementleri öňe sürmek we tersine.

**Personifikasiýa** (*lat.* şahsyýet+bitirmek) – jansyz predmeti ýa-da sowa düşünjäni adamyň keşbinde göz öňüne getirmek.

**Piažäniň fenomeni** – ilkinji gezek Ž.Piaže tarapyndan orta mekdebe çenli ýaşlylarda ýüze çykarylan, çaganyň intellektiniň ösüşi bilen bagly psihologik hadysa. P. f. agzalan ýaşdaky çagalaryň predmetleriň ölçelýän parametrleri (mukdar, göwrüm we beýlekiler) bilen bagly abstrakt häsiýetnamalary baradaky nädogry pikir ýöretmelerinde ýüze çykýar. P. f. şu ýaşdaky çagalaryň operasiýalary ýerine ýetirmäge ukypsyzlygy, predmetleriň formalarynyň ýa-da biri-birine degişlilikde özara ýerleşmesiniň özgermeginde maddalaryň mukdarynyň we sanynyň saklanmak kanunyna düşünmeýändigi bilen düşündirilýär.

**Pikirlenmäniň sinkretizmi** – şol bir düşünje bilen kesgitlenýän predmetleri we hadysalary dürli, logiki yzygiderligi bolmadyk alamatlary boýunça görnüşlere bölmekde ýüze çykýan adamyň logiki jähtden ösmedik pikirlenmesiniň häsiýetnamasy.

**Posylka** – haýsydyr bir pikir ýöretmäniň, çözülişiň deslapky maglumat esasy.

**Predmet oýny** – çaganyň adamzadyň maddy we medeni medeniýetiniň predmetlerini göni niýetlenilişi boýunça ulanmak boýunça guraýan oýny.

**Predmet işi** – adamyň maddy we medeni medeniýetiň real predmetleri bilen olaryň funksional, medeni şertlendirilen niýetlenişine tabyn amaly hereketleri. P.i. adamyň maddy we medeni medeniýetiň

predmetlerini adamlaryň ulanyş usullaryny özleşdirmegine we ynsan ukyplarynyň, başarnyklarynyň we endikleriniň ösmegine niýetlenendir.

**Professiografiýa** – hünäri adama bildirilýän talaplaryň nukdaýnazaryndan beýan etmek. P.-niň netijesinde professiogramma düzülýär. P.-niň esasynda hünäre ýaramlylygy kesgitlemäge we hünäre seçgini amala aşyrmaga synanyşyk edilýär.

**Pubertat** (*lat*. jyns kämilligi) döwür – ikinji derejeli jyns alamatlarynyň ýüze çykmagy häsiýetli bolan jyns kemallanmagynyň döwri. Jyns kämilligi döreýän döwürde ýetginjeklerde somatiki (beden) we psihiki häsiýetli çuň özgermeler ýüze çykýar.

**Psihoanaliz** – awstriýaly psiholog-psihiatr Z.Freýd tarapyndan döredilen adamyň psihologiýasyny öwrenmek we oňa akyl ýetirmek usuly baradaky taglymat. P. düýş görmäni we beýleki aňlanylmaýan psihiki hadysalary düşündirmek ideýalaryny we tärlerini (proseduralaryny), şeýle-de, dürli psihiki sökülleri diagnostika etmek we psihologik usullar bilen bejermek usullaryny özünde jemleýär. Bularyň ählisi Z.Freýdiň nazaryýetine esaslanýar.

**Psihologik maslahat** – adamlary aladalandyrýan meseleleri, şeýle-de olaryň özüni we daşyndakylar bilen gatnaşyklaryny deslap öwrenmegiň esasynda olara maslahat we teklip görnüşinde amaly psihologik kömek bermek.

**Psihoterapiýa** – adamlara täsir etmegiň psihologiýanyň we medisinanyň araçägindäki nazary düşünjeler we amaly usullar çygry. P. nähoş adamlary bejermek maksady bilen olara psihologik täsir serişdelerini ulanmagyň beýanyny, öwrenilişini we düzgünlerini özünde jemleýär.

**Referent şahsyýet** – beýleki bir adam üçin öýkünmäniň nusgasy hökmünde aýratyn ähmiýetli we gymmatly adam. R.ş. beýleki adam üçin esasy gymmatlyklaryň, özüňi alyp barşyň kadalaryň we düzgünleriň, pikir ýöretmeleriň we hereketleriň çeşmesi bolup hyzmat edýär.

**Refleksiýa** – adamyň birbada işläp, pikirlenip, şol bir wagtda hem özüniň nähili işleýändigini, pikirlenýändigini aňlamagy; aňlanylýan niýete we işiň şertine laýyklygy nukdaýdan öz pikir ýöretmeleriňi we hereketleriňi obýektiw seljermek.

**Refleksiw pikirlenme** – okuwçynyň ünsüniň, seljermesiniň we bahalandyrmasynyň predmetiniň onuň hususy intellektual operasiýalarynyň bolmagy.

**Rewolýusion ösüş** – 1. adamyň psihikasynyň we özüni alyp barşynyň onuň bir ýaşdan beýlekä geçmeginde ýüze çykýan çalt we çuň özgermegi. 2. Adamyň psihikasynyň we özüni alyp barşynyň genotipe däl-de, gurşawyň täsirine baglylygyny ykrar edýän taglymatyň esasy düşünjesi; bu taglymatyň düşündirişinde, gurşawyň täsiri adamyň, hatda deslapky düwünçeginde hem bolmadyk gurluşy emele getirýär we adamyň psihologiýasynda we özüni alyp barşynda rewolýusiýa döredýär.

**Rezerw** – entek herekete gelmedik, girizilmedik mümkinçilikler.

**Rigidlik** (pikirlenmä degişlilikde) – çeýeligiň gapma-garşylygy, özgerişsiz, döredijiliksiz birsydyrgynlylyk; bellibir düşünjäniň ýa-da çözülişiň öwrendikli, göwün ýüwürtmeli garaşmalara ýa-da barlyga gatnaşyklara laýyk gelýändigi esasynda ulanylmagy.

**Rollaýyn oýun** – gatnaşyjylary özara paýlaşýan we öz üstlerine dürli sosial rollary: enäniň, atanyň, terbiýeçiniň, lukmanyň, çaganyň, okuwçynyň we ş. m. alýan we ýerine ýetirýän bilelikdäki toparlaýyn oýny.

**Semantik struktura (gurluş)** – predmetleriň, şekilleriň ýa-da hadysalaryň arasynda olaryň, meselem, meňzeşligi we aýry-başgalygy, golaýlygy we uzaklygy, sebäbi we netijesi boýunça baglanyşyklaryň döredilmegi.

**Sentrirleme** – bölekleýin düşünjeleri girizmek bilen has uly möçberli umumylygy almak.

**Senzitiw** (*orta lat*. duýgur) **ýaş** – psihikanyň haýsydyr bir tarapynyň (ýat, pikirlenme we ş. m.) has netijeli ösmegi hem-de okatmak we terbiýe üçin ýokary mümkinçilikleriň ýaşy.

**Seriýalaşdyrma** (Ž.Piažäniň taglymatynda) – predmetleri haýsydyr bir alamaty, meselem, uzynlygy, beýikligi, reňki, agramy, göwrümi we ş. m. boýunça ýerbe-ýer etmek, kadalaşdyrmak.

**Shema** (Ž.Piažäniň taglymatynda) – organizmiň daşky gurşawyň şertlerine uýgunlaşmak usullaryndaky hereketleriň we operasiýalaryň tipiki we gaýtalanýan yzygiderligi. Dürli durmuş ýagdaýlarynda adamyň pikirlenmesiniň we özüni alyp barşynyň guralyşyny dolandyrýan içki intellektual psihologik gurluş – struktura.

**Simwol** (belgi) – belginiň onuň barlygyň şöhlelendirýän zolagyna degişli edilýän obýekt, göz öňüne getirme, ynanç, pikir we duýgy bilen assosirlenmegi (baglanyşdyrylmagy).

**Simwoliki oýun** – öz guralyşynda reallyk simwollar, belgiler görnüşinde gaýtadan dikeldilýän, oýun hereketleri bolsa abstrakt simwoliki formada ýerine ýetirilýän oýnuň görnüşi.

**Sinkretizm** (pikirlenmä degişlilikde) – 1. haýsydyr bir hadysanyň (pikirlenmäniň sinkretizmi) deslapky, ösmedik ýagdaýyny häsiýetlendirýän bitewülik, böleklere dargamazlyk; 2.daşky hadysalaryň we olaryň häsiýetleriniň ýüze çykarylyşynyň, birleşdirilmesiniň we klassifikasiýa bölünmeginiň kategoriýalar (bölekleýinlik, bitewülik, hil, mukdar, sebäp, netije, forma, mazmun) boýunça däl-de, tötänleýin duýgy täsirleri, syzylmalary boýunça amala aşyrylmagy.

**Sintaktik struktura** (gurluş) – baglanyşyklayň bellibir diliň düzgüni, onuň bellibir utgaşmalarynyň esasynda döredilmegi.

**Situasion ösüş** – çaganyň psihikasynda we özüni alyp barşynda situasion (pursatlaýyn) sosial faktorlaryň täsirinde döreýän we berkidilme talap edýän çalt, durnuklylygy pes özgerme.

**Somatiki** (*grek.* beden) – psihika bilen däl-de, bedeniň agzalary we funksiýalary bilen bagly hadysalary kesgitlemek üçin ulanylýar.

**Sosial gönükdirilme (ustanowka)** – adamyň beýleki adamlara, sosial wakalara we özi üçin ähmiýetli bolan köpsanly beýleki zatlara gatnaşygy. S.g. şeýle gatnaşygyň kognitiw (obýekt barada bilim-düşünje), emosional (obýektiň döredýän duýgulary) we özüňi alyp baryş (obýektiň döredýän hereketleri) ýaly düzüjileri özünde jemleýär.

**Sosial orun (pozisiýa)** – adamyň zähmetiň jemgyýetçilik paýlanylyşynda we sosial gurluşlardaky, toparlardaky we guramalardaky özara tabynlykda eýeleýän orny.

**Sosial-psihologik türgenleşik** – adamlary psihologik häsiýetli haýsydyr bir meselelerden gutarmaga niýetlenen, olara toparlaýyn psihologik düzediş (seret: psihologik düzediş) ýa-da psihoterapewtik (seret: psihoterapiýa) täsir etmegiň taglymaty we amalyýeti, özüňi alyp barşy düzetmek ýa-da saglyk ýagdaýyny gowulandyrmak.

**Sosiallaşma** – çaganyň psihologik intellektual we şahsy ösüşiniň gidişinde sosial tejribäni özleşdirmeginiň prosesi we netijesi; okatmagyň we terbiýäniň täsirinde onuň psihiki funksiýalarynyň özgermegi,

sosial-ahlak gymmatlyklary, özüňi alyp barşyň kadalaryny we düzgünlerini özleşdirmegi, dünýägaraýşyň kemala gelmegi.

**Spontanlyk** (*lat.* özerklilik) – öz-özünden, özerklilikde döremeklik.

**Stimulirleme** – höweslendirme, işjeňlige ugrukdyrma.

**Synag we ýalňyşlar usuly** – öwredilişiň görnüşi bolup, onda başarnyklar we endikler olar bilen bagly hereketleri köp gezek gaýtalamak we goýberilýän ýalňyşlary kem-kemden aradan aýyrmak netijesinde döredilýär.

**Sýužet oýny** – çaganyň adamlaryň real durmuşynyň wakalaryndan, hekaýalardan, ertekilerden alnan sýužetleri – ýordumlary gaýtadan dikeldýän oýny.

**Şowsuzlykdan gaçmak motiwi** – adamyň islendik situasiýada, aýratyn-da, onuň işiniň netijeleri beýleki adamlar tarapyndan kabul edilýän we bahalandyrylýan ýagdaýynda şowsuzlykdan gutulmaga ymtylmasy.

**Tipikleşdirme** – barlygyň häsiýetleriniň we gatnaşyklarynyň analiz, sintez, tapawutlandyrma, meňzeşligi esaslandyrma operasiýalarynyň netijesinde obýektlere ýöňkelmegi we onda ornaşdyrylmagy.

**Üstünlige ymtylma derejesi** – adamyň öz ukyplaryny we mümkinçiliklerini bahalandyrmak esasynda işiň ol ýa-da beýleki görnüşinde we aragatnaşygyň ol ýa-da beýleki ulgamynda ýetmäge bil baglaýan gazanmasydyr.

**Üstünlige ýetmek motiwi** – adamyň işiň dürli görnüşlerinde, aýratyn-da, beýleki adamlar bilen ýaryşmak ýagdaýynda üstünlik gazanmaga bolan islegi. Ü.ý.m. şahsyýetiň durnukly motiwasiýa sypatydyr.

**Yrylma** – bir adamyň beýlekä aňlanylmaýan täsir etmegi netijesinde, onuň psihologiýasynda we özüni alyp barşynda bellibir özgermeleriň döremegi.

**Ýaş ösüşiniň krizisi** – depressiw ýagdaýlar, özüňden kanagatlanmazlyk hem-de çözülmesi kyn içki (şahsy) we daşky (şahsyýetara) meseleler bilen utgaşýan adamyň psihiki ösüşindäki saklanma, togtama.

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – A., 2007.

2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – A., 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. – A., 2011.

4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. – A., 2012.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – A., 2014.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet guşy. Roman. – A., 2013.

7. *Basarow B*. Umumy psihologiýa. – A., 2010.

8. *Basarow B.* Psihologiýa we pedagogika. – A., 2011.

9. *Basarow B.* Şahsyýetiň psihologiýasy. – A., 2015.

10. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A., 2016.

11. *Абрамова Г.С.* Возрастная психология: Уч. пособие. – М., 2000.

12. *Асеев В.Г.* Возрастная психология. Уч. пособие. – Иркутск, 1989.

13. *Божович Л. И.* Личность и ее формирование в детском возрасте. – М., 1968.

14. *Гиппенрейтер Ю. Б.* Введение в психологию. – М., 1988.

15. *Волков Б.С.* Психология юности и молодости. – М., 2006.

16. *Выготский Л.С.* Собрание сочинений в 6-ти т. Т. 4. Вопросы детской (возрастной) психологии. – М., 1984.

17. *Гамезо М.В., Петрова Е.А., Орлова Л.М.* Возрастная и педагогическая психология. – М., 2003.

18. *Дружинина В.Н.* Психология. – Питер, 2003.

19. *Макаренко А.С.* Соч. т. II. – М., 1951.

20. *Макаренко А.С.* Соч. т. IV. – М., 1951.

21. *Макаренко А.С.* Соч. т. V. – М., 1958.

22. *Массен П., Конгер Дж., Каган Дж., Гивитц Дж.* Развитие личности в среднем возрасте // Психология зрелости и старения. – М., 1997.

23. *Мухина В.С.* Возрастная психология. Феноменология развития. – М., 1999.

24. *Немов Р.С.* Психология. В 3 кн. – М., 2000. – Кн. 2: Психология образования.

25. *Петровский А. В.* (Ред.). Возрастная и педагогическая психология. – М., 1979.

26. *Пиаже Ж.* Избр. психол. труды. – М., 1969.

27. *Фресс П., Пиаже Ж.* Экспериментальная психология: Вып. IV – М., 1973.

28. *Шаповаленко И.П.* Возрастная психология II Психология развития и возрастная психология. – М., 2005.

29. *Рубинштейн С.Л.* Основы общей психологии. – Питер, 1999.

30. *Реан А.А.* Психология человека от рождения до смерти. – М., 2002.

31. www.gumer.info

32. www.koob.ru

# MAZMUNY

GIRIŞ ........................................................................................ 7

**I bap. Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň taryhyndan**

I. 1. Ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň predmeti ..... 9

I. 2. Häzirki zaman ýaş aýratynlygy we pedagogik psihologiýanyň gysga häsiýetnamasy .................................. 14

**II bap. Psihiki ösüş we okatmak**

II. 1. Psihiki ösüşiň şertleri ......................................................... 20

II. 2. Okatmak we terbiýe prosesinde çagalaryň psihiki ösüşiniň esasy ugurlary ...................................................... 22

II. 3. Okatmak prosesinde çagalaryň ösüşiniň pedagogik şertleri we kanunalaýyklyklary ................................................... 31

II. 4. Ýaş ösüşini döwürleşdirmek ................................................ 34

**III bap. Mekdebe çenli ýaşyň öňüsyrasy we mekdebe çenli ýaş döwrüniň psihologik aýratynlyklary**

III. 1. Körpelik ýaşynda psihiki ösüşiň taýýarlyklary we aýratynlyklary ........................................................................ 40

III. 2. Irki çagalyk ýaş döwrüniň häsiýetnamasy ........................... 44

III. 3. Mekdebe çenli ýaş döwründe çaganyň psihologik ösüşiniň aýratynlyklary ....................................................................... 54

## IV bap. Kiçi mekdep ýaşynda psihiki ösüş

IV. 1. Çaganyň mekdep durmuşynyň başlangyç döwürleriniň aýratynlyklary .......... 79

IV. 2. Kiçi mekdep ýaşly okuwçynyň okuw işiniň gurluşy .......... 87

IV. 3. Okuw işini kemala getirmek .......... 94

IV. 4. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň zähmet işiniň psihologik aýratynlyklary .......... 97

IV. 5. Kiçi mekdep ýaşynda döreýän psihologik täzelikler .......... 99

IV. 6. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylarda akyl ýetiriş prosesleriniň ösüşi .......... 101

IV. 7. Kiçi mekdep ýaşly okuwçylaryň şahsyýetiniň ösüşi .......... 113

## V bap. Ýetginjegiň psihologik aýratynlyklary

V. 1. Çaganyň ösüşinde ýetginjeklik döwrüniň orny we ähmiýeti .......... 116

V. 2. Ýetginjegiň bedeniniň özgerişi .......... 118

V. 3. Ýetginjeklik döwründäki «çökgünlik» meselesine nazary çemeleşmeler .......... 121

V. 4. Ýetginjeklik ýaşa geçilende şahsyýetde döreýän merkezi psihologik täzelik .......... 124

V. 5. Ýetginjegiň we ulynyň özara gatnaşygy .......... 127

V. 6. Uly adama öwrülmek tutumynyň ösüşinde we durmuş gymmatlyklarynyň kemala getirilişinde esasy ugurlar .......... 134

V. 7. Ýetginjegiň ýoldaşlary bilen aragatnaşygy .......... 145

V. 8. Ýetginjegiň okuw işi .......... 156

V. 9. Ýetginjeklik ýaşynda öz-özüňi aňlamagyň ösüşi .......... 165

## VI bap. Irki jahyllyk döwrüniň psihologiýasy

VI. 1. Jahyllyk sosial-psihologik hadysa hökmünde .................... 171

VI. 2. Öz-özüňi aňlaýşyň ösüşi .................................................. 175

VI. 3. Aragatnaşyk we emosional durmuş .................................... 180

VI. 4. Jemgyýetçilik işjeňligi we dünýägaraýşyň
kemala gelmegi ................................................................ 191

## VII bap. Okatmagyň psihologiýasy

VII. 1. Öwretmegiň mazmuny we görnüşleri ............................... 199

VII. 2. Okatmagyň psihologiýasy ................................................ 202

VII. 3. Okatmak prosesine täsir edýän faktorlar ........................... 214

VII. 4. Endikleri öwretmek ........................................................ 222

VII. 5. Okatmak prosesinde bilimleriň we düşünjeleriň
kemala getirilişi ............................................................. 228

VII. 6. Pikirlenmäni öwretmek .................................................... 239

VII. 7. Başarnyklary öwretmek ................................................... 249

## VIII bap. Terbiýäniň psihologiýasy

VIII. 1. Terbiýäniň psihologik meseleleri şahsyýeti maksada
gönükdirilmeli kemala getirmek hökmünde ..................... 255

VIII. 2. Terbiýäniň psihologiýasy adamyň ösüşiniň
psihologiýasynyň aýrylmaz bölegi hökmünde ................ 264

VIII. 3. Çagalar kollektiwiniň psihologik aýratynlyklary we
şahsyýetiň jemgyýet ähmiýetli sypatlaryny kemala
getirmegiň şerti hökmünde .............................................. 279

VIII. 4. Terbiýelemesi kyn çagalaryň özüni alyp
barşyny düzetmegiň psihologik meseleleri ...................... 287

VIII. 5. Şahsyýetiň ahlak ulgamyny kemala getirmegiň psihologik esaslary ........ 292

## IX bap. Mugallymyň psihologiýasy

IX. 1. Mugallymyň şahsyýetine we işine degişlilikde jemgyýetiň talaplary we sosial garaşmalary ........ 305

IX. 2. Mugallym pedagogik işiň subýekti hökmünde ........ 310

IX. 3. Mugallymyň öz-özüni kämilleşdirmeginiň psihologik meseleleri ........ 321

IX. 4. Pedagogik kollektiw mugallymyň zähmetiniň netijeliliginiň şerti hökmünde ........ 330

Adalgalaryň sözlügi ........ 334

Peýdalanylan edebiýatlar ........ 346

**Baýram Basarow**

# PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝA

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *G. Joraýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *M. Ataberdiýewa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Şyhyýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 08.12.2017. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 22,0. Şertli reňkli ottiski 88,25.
Çap listi 22,0. Hasap-neşir listi 21,23.
Sargyt № 820. Sany 3800.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.